Gollanma© Kitaphana
www.gollanma.com

MÄMMET SEÝIDOW

# Kesearkaç



MÄMMET SEÝIDOW

# KESEARKAÇ

www.gollanma.com

Gollanma© Kitaphana

Görnükli şahyrymyz, zehinli ýazyjy Mämmet Seýidow bu romanynda Köpetdagyň eteginde ýaşan türkmenleriň Russiýa meýletin (mejbury) birikmezinden öňki ýagdaýlaryny, gelmişeklere garşy alyp baran söweşlerini suratlandyrýar.

***Resenzent:*** filologiýa ylymlarynyň kandidaty Ş. Gandymow

## SARMAN ATA

Muny maňa Sarman ata gürrüň beripdi. Ol ýaşy ýetmişden geçen, tegelek ýüzli, süňklek adamdy. Onuň başynda könelip haýy giden gaba telpegi, egninde köneje mele mytgaldan penjegi bolardy. Bilini bolsa ýüp bilen guşardy.

Onuň ýanyp duran sowady bolmasa-da, özi aýtmyşlaýyn, özüne ýeterlik bilimi bolupdyr. Ol baryp-ha ilkinji mekdep açylan ýyllary gatnap, dördünji klasy gutarypdyr, başlangyç bilim alypdyr. Şondan soň hiç ýerde okamasa-da, gazet-žurnallary, eline ilen kitaplary sypdyrman okapdyr. Onuň hat ýazyşy büdür-südür, betgelşik bolsa-da okamaga hiç kimden pes däl ekeni.

— Kitap, gazet meniň üçin iň gowy gürrüňdeşlerim bolupdy — diýip, Sarman atanyň aýdany meniň ýadymda. Çowdur ussanyň şägirdi bolup işleýärkä, “Zöhre – Tahyryň” täze elipbiýde, şol wagtky atlandyryşlary ýaly, jeditçe göçürilen kitaby onuň eline düşüpdir. Ine, şolam Sarmana meşhurlyk getiripdir. Sarman ony sesli, onda-da uly labyz bilen okar ekeni. Ol haýsy öýde “Zöhre – Tahyry” okasa, şol öýe ähli goňşy-golam ýygnanar ekeni. Üstesine-de, onuň sesi ýaşka hasam owazly bolupdyr. Onsoňam näme, ol

mahallar häzirki ýaly radio, telewizor ýok. Teatryň, kinonyň adynam eşitmändirler.

Negada bir gezek böküşip aşyr atyşýan lezginler geler ekeni. Olaram tüýdük çalyp, şonuň owazyna aşyr ataýmasalar, ýere oklanýan pullary arkan gaýşyp, dodaklary bilen alaýmasalar, ýa bir fokus görkezäýmeseler, repertuarlary onçakly baý bolmandyr. Toýdan başga wagtlar bagşam aýdym aýdyp ýörmeýän ekeni. Käwagtlar goşgy okaýan şahyrlar geler ekeni. Olaram kä öz goşgularyny, kä özgeleriň goşgularyny ýatdan okar ekenler. Şeýdip oba hezil berip gider ekenler. Sarman ata Magtymgulynyň, Seýdiniň, Zeliliniň goşgularyny, “Leýli – Mejnun”, “Şasenem – Garyp”, “Saýatly – Hemra” ýaly dessanlaryň parçalaryny ilki şolardan eşidipdir.

Bu zatlar hasap guşy ýaly seýrek bolupdyr. Şonuň üçinem obada “Zöhre – Tahyr” okarsyň-da, heý, adam üýşmezmi? Uzynly gün ýer depip, ýer sürüp, orak orup, kätmen urup, halys surnugan adamlar ýagyş ýaganda suwlaryň oý ýere syrygyp ýygnanyşy ýaly, ýadawlygyna garaman, kitap okalýan ýere ýygnanypdyrlar.

— Sarman şu gün kitap okajak, özem pylanylarda — diýen söz toý çakylygy ýaly obany gezer eken. Onsoň şol pylanylar tapdygyndan nahar edipdir. Onsoň orta ýassyk oklanyp, şol ýerik Sarmany geçirer ekenler. Ol bolsa ýeňini çermäp, kitabyň gatyny açypdyr.

Ýaş ýigidiň owazy içerde ýaňlandygyça diňleýjileriň göz öňüne şazada gyz Zöhre lowurdap çykarmyş. Wepat bolan weziriň ogly

Tahyr onuň töwereginde peýda bolar eken. Garaçomak, Babahan, olaryň nökerleri agyp gelýän gara gaýa bolup, diňleýjileriň üstüne abanar ekeni. Diňleýjileriň birnäçesi aglaýanyny duýdurmajak bolup, gözi awuşaýan şekilli gözlerini owkalasa, ýene biri dyňzap gelen gözýaşlaryny bahana bilen süpüripdir. Ýüzlerine seretseň gözleriniň owasy dym-gyzyl bolup duranmyş. Başga birnäçeleri bolsa ony gizläbem durmaz ekeni. Olar gözýaşlaryny ýa-ha göz-görtele süpürer eken, ýa-da ýaňaklaryndan syrykdyrar oturar ekenler.

Sarman ata käte şähti açylan wagty, bälçiklige salyp:

— Meni öýeren, öýli-işikli eden “Zöhre – Tahyrdyr” — diýerdi. Onuň aýdýanlarynyň jany ýogam däl ekeni. Ýetim Sarman Çowdur ussalarda ýaşaýarka, olaryň goňşularynyň gyzy bolupdyr. Adyna Oguldursun diýer ekenler. Diýmek, bu waka Sarman atanyň aýaly (ýatan ýeri ýagty bolsun) Oguldursun ejäniň entek gyz wagty bolmaly.

Egni köneje serindi çabytly, goşa örüm saçy guşaklygyna ýeten Oguldursun, oba adamlary aýtmyşlaýyn aý ýaly owadan gyz bolupdyr. Gojanyň özüni gürletseň-ä:

— Peri diýýäniňiz, hüýr gyz diýýäniňiz şol ertekilerdäki dälmi? Olardan-a saçynyň agaran wagtam owadandyr — diýip, çyna berimsiz gürlärdi. Ine, şol owadan gyz kitap okalşykda galmaz ekeni. Soňabaka, Sarmanyň öýdedigini, onda-da ýeke özüdigini bilse, her hili bahana bilen Çowdur ussalara geler ekeni. Her gezek gelende bir zat getiripdir.

— Sarman, şu jamyň düýbi deşilipdir. Şu gulpuň açary ýitipdir. Şuňa açar ýasap bersene — diýer ekeni.

Sarman gyz ýüregini ilki duýmasa-da, Oguldursunyň ýumuşlaryny höwes bilen ýerine ýetirer ekeni. Ine, şeýdip kem-kemden öwrenişýärler. Gözler birek-birege habar gatyp ugraýar. Şol günleriň birinde gyz:

— Aý oglan, kitap okap bersene — diýip, haýyş edýär. "Aý oglan?". Bu sözi gyzlar hemişe ýigitlere aýdyp ýörmeýärler. Bu sözi aýdanda gyzyň sesiniň öňküden birhili üýtgändigini, onda birhili mähir bardygyny ýaş ýigidiň ýüregi duýupdyr.

Sarmanyň keýpi guş bolup uçupdyr. Ýigit oňa höwes bilen "Zöhre – Tahyrdan" parçalar okap beripdir.

*"Şükür indi ýar mekany göründi,*

*Gözüm düşdi sonam gezen ýerlere".*

Sarman kitapdaky goşgulary şeýle bir okapdyr welin, ol öz ýanyndan özüni al-asmana çykyp, saýrap duran torgaý däldirin öýtmändir. Günüň guşluga golaýlan wagty hol ýokarda irginsiz jibirdeýän torgaýmykam öýdüpdir.

— Şol torgaýlaram ýöne ýere saýraýan däldirler. Şolaram bir zadyň yşgyna düşüp saýraýandyrlar — diýip, Sarman ata aýdardy.

Bir günem Oguldursuna kitap okap berip, däli-porhan bolup otyrka, bularyň üstüne Çowdur ussa gelipdir. Ussa gapydan girenden, gyz tarsa turupdyr. Ýigidiň sesi tapba kesilipdir. Içerde mesenäniň güwläp duran suwy sowlana dönüpdir. Siňek uçsa sesi eşidiljek diýilýän ümsümlik döräpdir.

— Tüweleme, tüweleme. Okaber — diýip, Çowdur ussa elindäki gamçysyny duldaky çüýden ildiripdir.

Şondan soň kän wagt geçmänkä, şol wagtky Oba şurasynyň başlygy Çowdur ussanyň kömegi bilen ýaşlar goş birikdiripdirler.

— Hawa, biziň söýüşmegimize kömek eden zat, ine, şol kitapdy — diýip, Sarman ata aýdardy. Şoňa-da özgelerden öňürti özi ynanardy.

Kinosyz, teatrsyz şo döwürleriň ýene bir güýmenjesi bolupdyr. Ýöne ol diňe ýaşlaryň, çagalaryň güýmenjesi ekeni. Her obada aýaldan, erkekden ertekä, rowaýata ökde adamlar bolupdyr. Sarman atanyň aýdyşyna görä, onuň çaga wagtlary obalarynda Üzümgül eje diýen bir garry aýal bar ekeni. Onuň pil sapy ýaly sazagy palta bilen bölmäge ýa-da hol ilerki ýapdan bir bedre suw getirinäýmäge güýji ýetmese-de, ertekä welin ökde bolupdyr. Rowaýata, ertekä gezek gelende suwly guýy ýaly bir zat ekeni.

Guýylaryň ýagdaýyna gumlular beletdir. Guýynyň suwuny gowalap-gowalap çekersiň. Uly sürini suwa ýakarsyň. Indi-hä şunda suw galan däldir-ow diýersiň. Soňurrak görseň, ýene jürňüldäp ýatandyr.

Gara gandymdan düýrläp, towlanyp goýlan çäwlügi gurat bolsa bolany. Suwy gutarsa-da sähelçe wagtdan ýene dolar. Üzümgül ejäniňem ertekileri şonuň ýaly ekeni. Indi-hä şunuň aýdara zady galan däldir diýersiň welin, ertesi heniz eşidilmedik, täze ertekä başlar ekeni.

— Eger şo diýilýäni Şährizada bolan bolsa, onda Üzümgül ejäniň ýaşlygydyr — diýip, Sarman ata janygyp aýdýar.

Iňrik garalýar, öýlerde çyra ýakylýar. Obanyň çagalary bolsa ýuwaş-ýuwaşdan Üzümgül ejelere eňer ekeni. Üzümgül ejäniň iki ogly bolupdyr. Ikisi hem çagaly-çugaly bolansoň öýlerini aýrypdyrlar. Şol bir howluda ýanaşyk goşa tamda ýaşar ekenler. Şol goja tamyň öňündäki alty ganat gara öýde Üzümgül ejäniň bir özi ýaşar ekeni. Şol alty ganat diýilýän ortaça öý her agşam obanyň çagalaryndan hyryn-dykyn dolar ekeni.

Onuň her agşam diýilmeginiň sebäbi bar. Gündiz erteki otarmak uly günämiş. Munuňam asly adamlary gündiz işden goýmazlyk üçin diýlen bolsa gerek. Çagalar diýjeksiň welin, ol döwürde gündizine çagalaryňam özüne işleri ýetik bolupdyr.

Çagalaryň oýna eli degmändir. Olar okuwdan çykyp, ululara kömekleşipdirler. Orak orupdyrlar, harman döwüpdirler. Pagta ýygypdyrlar. Olardan başga-da her kimiň gapysynda çallyk geçi diýen ýaly hususy maly bolupdyr. Olara seretmek çagalaryň boýnuna düşüpdir. Hiç kimiň gündizine oturyp erteki diňlemäge wagty ýok ekem. Ertekiçiler bolsa şo zatlary göz öňünde tutup “Gündiz erteki otarmak günä” diýipdirler. Özem dogry aýdypdyrlar. Ine, şonuň üçinem şol garaja öýüň dagdandan ýasalan, ýarsyp ugran gabsalary agşamlaryna dek durmaz ekeni. Ol garşy açylyp, çagalaryň biri salam berer ekeni. Üzümgül eje bolsa:

— Äleýik salam, geleweri köşegim. Ýer tapan ýeriňden geçiber — diýip, egrip oturan iginden ünsüni sowman aýdar ekeni.

Üzümgül eje oduň howruna lakyrdap gaýnan kündügini tutaç bilen tutup alardy-da, daşy çeňklenen hum çäýnegine demläp, moýly käsesine elini ýetirip, çaýy üç gezek gaýtarardy-da, “Bir bar ekeni, bir ýok ekeni” diýibem durman:

— Gadym döwürde bir adam bolanmyşyn. Adyna pylany diýer ekenler — diýip, gürrüň berip başlar ekeni. Çagalar bolsa durşuna gulaga öwrülip diňläpdirler. Öýde Üzümgül ejäniň birsydyrgyn sesinden başga käwagt bir oduň şatyrdysy eşidiläýmese, dagy ses çykmaz ekeni.

— “Müň bir gijäniň” türkmençe çykan kitabyny okap görüpdim. Şährizada gaty gürrüňçil aýal bolupdyr. Ýöne welin Üzümgül eje-de şondan pes oturar öýdemok — diýip, Sarman ata henizem oňa mahabat berip ýör.

Üzümgül eje çagalara döwli-döwsüz ertekileriň, rowaýatlaryň telim dürlüsini aýdyp beripdir. Şolaryň içinden Üzümgül ejäniň Ahal atly ýigit hakynda, onuň Dorbedewi hakynda aýdan hekaýaty Sarman atanyň has oňat ýadynda galypdyr. Ol maňa şeýle hekaýaty gürrüň berdi. Ol, ine, şeýleräkdi.

## MERTLIK

Bu wakanyň başlanan wagty türkmenleriň arzuw edip ýören luw ýylynyň bahar aýlarydy. Tebigat däli-porhandy. Meýdanlary görmäge göz gerekdi. Gataňňurlaryň, çopantelpekleriň jyrk-sary gülleri, gögerçiniň gursagyna çalymdaş jümjümeler, ýere keteni

ýazylan ýaly gülälekler alys meýdanlary tutup ýatyrdy. Dik asmana galan torgaý ganatlaryny gybyrdadyp: “Heýjan elek, heýjan elek, bahar geldi, bahar geldi, hezillik, hezillik, hezillik...” diýip, yzyny üzmän jibirdeýärdi.

Baharyň bu gözelliklerine syn edip barýan atlynyň hem ony alyp barýan dor bedewiňem keýpi kökdi. Ýigit ýuwaşja hiňlenip aýdym aýdýardy. Bu aýdymyň ýalňyz diňleýjisi dor bedew, öz ýaşlygyny ýatlap, hyrçyny dişläp, başyny ýaýkap: “Wah, näsini aýdýarsyň” diýip ahmyr çekýän gojalar ýaly başyny iki-baka bulap, hol öňdäki egne ýetmäge howlugýardy. Onuň aýaklary dokma daragy deýin irginsiz ursa-da güpürdisi eşidilmeýärdi. Ýer durşuna otdy. Toýnaklaryň basyp geçen ýerindäki otlar ýuwaşlyk bilen başlaryny göterip yzy gizleýärdi.

Ýigidiň başynda ak telpegi, egninde ezýaka köýnegi bardy. Ol gyralary owadan jäheklenen, iki syýyň ýartmajyndan ýokarsy mawy begresden gyýylyp, dogaçyr düzülen çäkmen geýipdi. Bilini göwşüllän ýaşyl tirme guşak bilen guşapdy. Aýagyndaky kamys ýaly ak dolagyň üstünden geýen seçekli gyzylbaş çarygy oňa biçak gowy gelişýärdi. Çep tarapynda sallanyp duran egri gylyjy bolsa ony haýbatly görkezýärdi.

Nä döwür, nä zamana. Ýanyň ýaragsyz obadan saýlanybererligi ýokdy. Ýolda-yzda sümsünip ýören galtamanlara duşaýmagyň ahmaldy. Olar ýaz çykaly bäri hasam köpelipdirler. “Ol obadan pylanyny daňyp, atyny äkidipdirler. Pylan obadan pylany degirmenden gelýärkä, galtamanlar duşup, düýesini üstüniň müşdegi

bilen elinden alypdyrlar” diýen habar obada häli-şindi eşidilip durdy. Ýigit şonuň üçin gylyjyny göterip çykypdy.

Ol işşekçer jahyl wagty galtamanlara duşup görüpdi. Şol ýyllar obanyň meşhur seýsi Hojaly agadan onuň seýisçilik hünärini öwrenýän wagtydy. Özem onuň çapyksuwarydy.

Güýz aýlarydy. Könegala obasynda uly toýda atlara goýuljak uly baýrakdan olar tamakindiler. Uly baýrak diýilýän köplenç bir düýe, ýa-da boýy iki gulaç, ini gulaç ýarym teke halysy bolýar. Ony aňsatlyk bilen beräýmezler. Ilde-de bedew bar, ilde-de seýis bar. Ol baýraklary almak üçin seýisçilik sungatyndan bilýän zadyň baryny orta goýmalydy.

Şol taýýarlyk görülýän günleriň birinde Hojaly seýis:

— Ahal, aý, Ahal! Gel, köşek, atlan. Gorguny bilen sürüp git. Hol Ýalaňaç baýryň aňyrsyndan aýla-da, gaýdanyňda ýüzin salyp gaýt — diýip, ony ata mündürdi-de, jylawy eline tutdurdy.

Ýalaňaç baýyr. Näme üçin oňa Ýalaňaç baýyr diýdilerkä? Her bahar onuň gerşi gök begres bilen örtülýär. Onuň oty beýleki baýyrlaryňkydan pes däl. Güýzüne bolsa saralyp, gyrkmak üçin çökerilen guba düýä meňzeýär. Şunuň ýaly, ady öz bolşuna bap gelmeýän başga-da zatlar bar. Ine, Garamergeniň atyna Küýki diýilýär. Ýogsa olam beýleki atlar ýaly, ýöne näme üçin oňa şeýle at goýlupdyr. Kim bilýär?! Taý wagty küýki ýaly bolup görnen bolmagam mümkin. Biri: “Munyň küýki-le” diýse, il-gün onsoň şol ady goýaýýar. Ýeri, Şorguýa näme diýersiň?! Onuň bal ýaly süýji suwy bar. Ýöne näme üçindir, oňa “Şor” diýen at dakylypdyr.

Ahal şol zatlaryň pikirini edip barşyna, Ýalaňaç baýra ýetenini duýman galdy. Gün giç öýle diýilýän çäge ýetipdi. Ol Burjuly gaýanyň gerşinden sallanyp ugrapdy. Ahal baýra çykyp aňryk aşyp ugrady welin, gündogar tarapdan bäş-alty atly ýüzin salyp gaýtdy. Çapyksuwar ýetginjek birden tisgindi. Depesinden şaglap inen sowuk gan bütin süňňüni gowşadyp giden ýaly boldy. Ýöne ol aljyramady.

Ahal atyň başyny yza öwrende, ara otuz gulaçdan uzak däldi. Ol gamçysyny galdyranyndan, at towşan turan ýaly öňe okduryldy. Şol atyň ady Tarlaňdy. Bu ady oňa bilip dakypdyrlar. Ol Şorguýam däl, Ýalaňaç baýram däl. Tarlaň ýola düşüp gulaklaryny ýapyransoň, tarlaňdan pes gidenokdy, edil sapana salnyp atylan daş ýaly dazyrdap barýardy.

Kowup gelýänler onuň yzyndan ýetip bolmajakdygyny basym aňdylar. Olar ata gamçyny näçe çalsalar-da ara golaýlaşmakdan-a geçen, gaýtam barha sozulýardy. Şonda-da atlylar onuň yzyndan galmandylar. Sebäbi gaçyp barýanda atyna umyt bolşy ýaly, kowup gelýänlerde-de: “Ýa at büdürär, ýa-da üstündäki oturyp bilmän atdan agar” diýen ýaly inçejik tama bardy. Üstündäki eýerden agansoň bolsa at uzaga gitmez. Köplenç atlaryň häsiýeti şeýleräk. Ony atyň üstünde oturanam, kowup gelýänlerem bilýärdiler.

Dazyrdap gelýän at obanyň çetinden girensoň kowguçylar inçejik umytlaryndan el üzmeli boldular. Tarlaňy garşylan itleriň sesi kowýanlara atlarynyň jylawyny çekdirdi. Kowgy yzyna öwrüldi. Indi olaryň özlerine gaçyp gutulmak gerekdi.

“Obanyň alkymynda ýol urýan galtamanlar bar”. Bu habary eşiden dessine obanyň ýigitleri atlandylar. Olar Ahaly ýanlaryna alyp, Garamergeniň serdarlygynda Ýalaňaç baýra tarap at salyp gitdiler.

Ýaňky aždarha deý kowalap gelýän atlylaryň garasy görünäýse nädersiň. Garamergeniň nökerleri Ýalaňaç baýryň daşyndan birki gezek aýlandylar. Kä ýerde at toýnaklarynyň yzy görnäýmese, başga zat olaryň gözüne ilmedi. Onsoň ýigitler derek tapman, oba dolanyp geldiler.

Bu Ahalyň galtamanlar bilen ilki duşuşygydy. Ol soňam bir gezek duşuşypdy. Ýene ol soňky duşuşygy ýatlap ýetişmänkä, Dorbedew keýerilip, öňdäki belentlige çykdy. Aňyrky oýda otlap, garnyny otaryp, güneşläp ýatan otuz çemesi keýik güsürdäp ördi. Olar hem edil Dorbedewiň edişi ýaly ilki bir gulaklaryny keýertdiler-de ümdüzine tutduryp gaçdylar. Baharyň bu ajaýyp howasyna keýpi daş ýarýan ýigit atyň jylawyny gaçyp barýan keýiklere tarap öwürdi. Ýyndamlygy şahyrlaryň goşgusynda telim gezek wasp edilen iki sany gudratyň — bedew at bilen boz jereniň arasynda çekeleşik başlandy. Başga wagtlar bolan bolsa, olaryň toýnaklaryndan çykýan tozan dik asmaga galardy. Häzir bolsa ne tozan bardy, ne-de çaň.

At öňe okdurylanyndan Ahal ak telpeginiň sakagyny eňeginden geçirdi. Gylyjyny gynyndan sogurdy. Onuň öňe uzalan elindäki jöwher gylyç günüň şöhlesine ýyldyrym çakan ýaly bolup lowurdady. Keýikler pesinden, ýüz gulaç ara daşlykdan gaçypdylar. Ýöne welin at bilen olaryň arasy barha ýygrylýardy.

Ahal öňem bir gezek at bilen kowalap keýik awlapdy. Bu waka gyşyň başlarynda, Hangaçan düzlüginde bolupdy. Ahalyň aýagynyň astyndaky şo mahal hem şu dor bedewdi. Ol wagt bular bäş atlydy. Ýüz elli hada ara daşlykdan gaçan keýikler dabyrdaşyp gelýän bäş atla zygam etdirer ýaly däldi. Ýöne beýleki bedewlerden derrew öňe saýlanan Dorbedew arany ýygryp ugrady. Olar müň hada çemesi ara daşlyga kowalaşyp gitdiler. Ahyry Dorbedew keýikleriň birini demine dartyp aldy. Ahalyň gylyjyndan läş bolan keýigi ýigitler derrew şakgaladylar. Ömür boýuna bir gapdaly çarwaçylyk bilen gün görüp ýören ýigitleriň ýanynda onuň manysy barmy? Bir keýigi şakgalamak üçin olara bir käse çaý içesi salym gerek boldy.

Olaryň biri ýylgyn çybyklaryndan çiş ýasady. Başga biri çöpleme çöpledi. Beýleki biri çakmagyny şyrkyldadyp gowa düşüren uçgunyny üfläp tutaşdyrdy. Ot güwläp ýandy. Iki sany ullakan kesegiň arasyna üýşürilen közüň üstünde çybyklara düzülen dogramçalar jyzyrdap, işdäňi açyjy ys ýaýratdy.

Häzirem at bilen keýikleriň arasy ýygryldygyça şol şaranyň hoştap ysy Ahalyň burnuny gaşap, kükedip giden ýaly boldy. Onuň bir enaýyja şorja tagamyna agzy garagurt atylan ýaly suwardy. Onuň gözüne indi aralygy on gulaçdan köp bolmadyk iň yzdan haýdap barýan keýikden başga hiç zat görünmeýärdi. At şeýle bir çapýardy welin, göýä ýer onuň daşyndan pyrlanýan ýalydy.

Ine şol "Geçä jan gaýgy, gassaba ýag" diýilýän zat. Keýik gaçýar, onuň dagy alajy ýok. Ol janyny gutarmaly. At kowýar. Ol onuň yzyndan ýetmeli. Ol eýesiniň islegi. Eýesiniň islegini berjaý etmek

wepadar bedewler üçinem, itler üçinem ýazylmadyk kanun. Ýeri, atyň üstünde oturan eli gylyçly adama näme gerek? Bu çöllerde gaça-gaça gany kakan keýigiň garalyp giden bir dogramça etimi? Möjeklerem keýikleri edil şunuň ýaly hasyrdyklap kowalaýarlar. Adamyň möjekden tapawudy barmy? Hawa, bar. Möjekler aç. Olar bir zat iýmeli. Olaryň süreninde aç çagajyklary çyňsaşyp galdy. Ene möjek bir lukma tapman sürenine neneň gaýdyp barsyn. Adamlaryň ýagdaýy başga. Eklenji başga ýerden. Olaryň güni şu keýigiň bir çümmük etine galmandyr. Ahalyň dor bedewi keýigiň yzyndan haý diýmän ýeter. Otly gylyç janawaryň bigünä başyndan iner. Ahal hezil edip şorja şara iýer. Şonuň bilen Ahala Isgender Zülkarnaýynyňky ýaly şah çykmasa-da, bir keýik welin dünýäde ýaşamaz. Onuň eýlenen hamy ojak başyndaky bir bölejik kilimiň ýerini tutar.

Arlap gelýän Dorbedew keýigiň yzyndan ýetdi. Keýik aljyrady, büdredi, ýene turdy. Sap atyp, ters tarapa gaçdy. Ýöne kowgy ony sypdyrarly däldi. Janawar birden togalanyp gitdi. Hasyr-husur turdy. Jan ajygyna çommalyp oturdy. Keýikleriň beýle oturýanyny Ahal eşitmändem, görmendem. Onuň aman dileýän gözleri gorkudan ýaňa delmirip, özüniň jelladyna seredýärdi. Onuň gözünden aşak syrygan bir düwme ýaşy görmek üçin oňa siňňin seretmelidi. Ol aglaýardy. Tebigatyň bir ajaýyp synasy aglaýardy.

Al howada ezraýyl ýaly bolup galgaýan jöwher gylyç häzir parlap iner. Bu aljyrap oturan keýik läş bolup ýere ýazylar. Onuň gany şarlap akar. Eger şu gaçha-kowlukdan soňam onda gan diýlen zat

galan bolsa. Gylyç inäýmeli bolanda: “Saklan!” diýen çirkin ses çykdy. Ahalyň eli şo durşuna doňup galdy. Dorbedew keýigiň duşundan dazyrdap geçip gitdi.

Ýigit atyň başyny çekdi. Töweregine garandy. Onuň gözüne hiç kim ilmedi. Diňe gaçyp barýan keýikler gözýetimde bir alaňa ýarmaşypdylar. Kowgy gapdalyndan geçip gidensoň özüni dürsän keýigem turup, ökjäni göteripdi. Olam beýlekileriň yzyndan haýdap barşyna, mele ýüňüň mäşirigi ýaly alaňdan aňryk togalanyp gitdi.

Dünýä şeýle imi-salalykdy. Töwerekde adam garasy-ha beýlede dursun, uçup ýören guşam görnenokdy. Onda ýaňky “Saklan!” diýen ses näme? Ol ony eşitdi ahyry. Dur entek. Ol Iner aganyň, Iner golagyň sesidi. Obanyň ýaşulusy Iner golagyň bu sesi onuň gulagyna diňe menzilleriň däl, iki sany keserip ýatan ýylyňam üstünden aşyp gelipdi.

Ahalyň göz öňüne öten ýyl däl, öňňil bolan bir waka gelip geçdi. Özem şu günlerden irräk, ala-bahar diýilýän günlerdi. Obanyň çilik oýnap, goh turzup ýören çagalary gaýralygyna seredip heşerlendiler. Soňra şol tarapa som-saýak ylgaşdylar. Obanyň itleri çagalardanam beter hasyrdap eňdiler.

Çagalaryň jagyl-juguly kesilmese-de, itleriň sesi welin basym ýatdy. Olar eýýäm guýruklaryny bulaýlaşyp, käbiri toýdan paý ýetmedik ýaly torsarylyşyp gelýärdiler. Olar hezil edip, jabjynyp üýrjekdiler. Atyň guýrugyndan aslyşjakdylar, habyrdap hasanaklajakdylar. Arman, atyň üstündäki şu obanyň adamsy Garamergen bolup çykdy.

Itleriň deregine çagalar onuň gapdalyndan ylgaşyp ala-goh bolup gelýärdiler. Garamergen bir keýigi atyň öňüne kese basypdyr. Keýigiň aýaklary, maňlaýyny gylyç çapan kellesi atlynyň dyzlarynyň ýanyn-da şalkyldap ýatyrdy.

"Garamergen keýik awlapdyr" diýen söze erkek adamlaryň birnäçesi: "Ol-a bolaýypdyr", "Häý, berekella! Haý, Şallyň ogly, aw ganly!", "Bu gün onda keýikli palaw iýmek bar-da" diýşip, içki duýgularyny daşlaryna çykardylar. Aýallaryň içindenem: "Haý, berekella, tüweleme" diýenleri boldy. Iner golak welin agras ardyndy-da, ýüzüni turşartdy. "Oňarmansyň" diýip, güňleç seslendi. Garamergen ony özüçe ýordy. "Awdan galan awçynyň gözi gidýär, gabanýar" diýip düşündi.

Bir çäýnek çaý içer salym geçip-geçmänkä, Iner golagyň, şol meşhur awçynyň bu awa näme üçin pisindiniň oturmandygy aýan boldy. Obanyň içine soňky ýaýran habar goja awçydan başgasyny tisgindirdi, gozgalaňa saldy. "Wah, ol-a bolmandyr-ow" diýip, olar başlaryny ýaýkadylar, ahmyr bilen dişlerini gysdylar. Diňe Iner golak şo ýagdaýy öňünden bilen ýaly, şoňa garaşan ýaly öňki durkuny üýtgetmedi. Yrymçy ýaşulular başlaryny ýaýkap: "Bu yrymyňa gowy däl, Garam, sen indi aw etmäňi goý, ýogsa bir zadyň üstünden bararsyň. Bu saňa duýduryşdyr" diýdiler. Adamlary şeýle gozgalaňa salan zat – awlanan keýigiň içinden çykan owlagydy. Keýigiň etini garyplara paýladylar. Şonda Iner golak:

— Keýik diýilýän zady ýazyna awlamak düzüw däl. Olaryň haýsy teke, haýsy geçi, haýsynyň bogaz, haýsynyň ýozdugyny uzak aralykdan bilip bolanok — diýip, hemmeler eşider ýaly edip aýtdy.

Ahalyň gulagyna ilen ses, gylyjy keýigiň depesinden indermekden saklan ses Iner golagyň, halypa awçynyň şol sesidi.

Ýigit öz-özünden utandy. Nädip ol goja awçynyň, bütin obanyň gulak asýan ýaşulusynyň şol sargydyny unudaýdyka? Şo pikirlere gümra bolup barýan Ahalyň ýene bir zat ýadyna düşdi. Ol kellesi şarpyldap agyrýan ýaly sag elini maňlaýyna goýup, ýüzüni eýmenç turşutdy. Onuň ýadyna düşen zat gylyç Garamergeniň awlan keýigininiň çat maňlaýyndan, iki şahynyň arasyndan degipdi. “Keýik maňa garap oturdy. Gylyç inen bolsa onuňam çat maňlaýyndan inmelidi. Diýmek, bu keýigem bogaz bolmaly. Şu ýerde-de Iner golagyň ýene bir sözi ýadyna düýňdi. “Bogaz keýikler gaty ylgap bilmeýärler. Beýlekilerden yza galýarlar. Atly awça köplenç bogaz keýikler aw bolýarlar.” Ahal şu sözleri ýatlap: “Meniňem Hudaý diýen ýerim bar-ow” diýip oýlandy. Şol agyr oýlaryň astynda ýigit ýene bir depä çykanyny duýman galdy.

Gerşe çykan Dorbedew gulaklaryny ýapyryp kişňedi. Bu ýagdaý eýesine ýaramady. Onuň depesinden inen sowuklyk bütin endamyny tikenekletdi. Howp ony köp garaşdyrmady. Öňden bir ýerden başga bir at Dorbedewe jogap berdi. Onuň yz ýany bilen sekiz atly garşydaky belentlige dabyrdap çykdy. Ahal atyň başyny yzyna öwürmekçi boldy. Ýeri öwräýeniňde-de sekiz atlynyň öňünden gaçyp gutularmyň? Biraz öňräk duşan bolsa, atyň başyny

öwräýmegem, olardan derrew araňy açaýmagam bolardy. Bu wagt welin mümkin däl. Sebäbi onuň aty ýadaw, keýik kowalap sojatdy. Duşmanlaryň welin atlaram, özlerem daýaw görünýär. Dorbedewine näçe göwni ýetse-de, Ahal häzir atynyň başyny yza öwürmegi makul bilmedi. Gaçyp yzyňdan ýetdireniňden, dikleşip ölen gowy.

Sekiz atly sekiz ýerden gylyçlaryny şagyrdadyp sogurdylar. Ahalam şolaryň edenini gaýtalady. Olar atlaryny ýuwaşja öňe sürüp ugrady. Ahalam şeýle etdi. Ol tarapdan sekiz, bu tarapdan bir atly, iki duşman bir-biriniň üstüne abanyp ugrady.

Bular Maşadyň hany Ryzaguly hanyň entäp ýören nökerleridi. Ahal olary eşiginden tanady. Eýran bilen Kesearkaç türkmenleriniň arasynda uruş ýokdy. Ýöne alamançylyk, talaňçylyk dowam edýärdi. Hanyň nökerleri gelip, Kesearkaçda güýjüniň ýeten ýerini çapyp gidýärdi. Obalary talap, çarwalaryň malyny sürýärdiler. Ýigitleri, gyzlary ýesir edip äkidýärdiler. Olary gul edip, gyrnak edip, Tähran ýaly Isfihan (Yspyhan) ýaly uly şäherlerde satýardylar. Kesearkajyň türkmenlerem olardan pes oturmaýadylar. Eýran obalaryny çapawullap, gul-gyrnak getirýärdiler. Olary Kesearkajyň özünde, Hywadyr Ürgenç ýaly şäherlere äkidip satýardylar. Şally baýyň çolugy Naryz kürt bäş ýaşy dolmanka, attorba salnyp getirilipdi. Baý ony Hywa bazaryna satmaga barýanlardan iki tokly berip alypdy. Oba adamlary Şally baýa:

— Bäş ýaşly çaga seniň nämäňe gerek? Gul gerek bolsa, işletjek bolsaň, halha ulularam satylýar — diýipdiler. Ýöne welin köp zatlary başyndan geçiren Şally baýyň öz hasaby bardy.

— Ulularyny alsaň gaçjak bolar. Çaga onuň ýaly zady bilmeýär. Häzir-ä “elek getir, soky getir” diýen ýaly ýumuşlary öwrener, ulalansoňam wepaly gul bolar.

Bäş ýaşly gul ilki geleninde, ýürek gyýyjy zaryn aglaýardy. Şally baý ony maşgalanyň arasyna getirmän, at ýatagynyň gapdalyndaky köneje tama salypdy. Agşamlaryna gul şonda ýatardy. Daňdana çenli diýen ýaly aglardy. Onuň agysy ýüregiňi dilip barýardy. Adamlar-a däl, onuň sesine itlerem çydaman, şol köneje tamyň daşyndan çyňsap aýlanýardy. Şol köne kepbe bilen golaý goňşuda ýaşaýan oba adamlarynyň uzynly gije uklap bilmän, gözlerini pökgerdip ertire çykýan wagtlary bolýardy.

Şally baý diýilýän adam eýmenmedigini sylamaýardy. Bu obada onuň eýmenýän adamsy hem diňe Iner awçydy. Halys degnasyna deglen oba adamlary awça ýüz tutupdylar. Ony Şally baý bilen gürleşmäge yrypdylar.

Iner awçy howla gireninden hywa donuny ýasgynjak atynyp, Şally baý onuň öňünden çykypdy. Baý oba adamlarynyň awça ýüz tutup, ony yrandyklaryny ozal eşiden bolara çemeli. Ol Ineri gürlemäge goýman:

— Gelseň, hoş gelipsiň, guluň ýerini tapdym. Ony guma, çopanlaryň ýanyna iberjek. Goý, entek ýüregi düşüşýänçä şol ýerde bolubersin — diýip, ondan öňürdipdi. Edil aýdyşy ýaly, şol gün öýlänler Naryz gul guma, çopanlaryň ýanyna ugrapdy.

Ahal gylyjyny sogranda, şo zatlary göz öňünden geçiripdi. Ol öňünde duran duşmanlardan rehim ýokdugyny bilýärdi. “Günäliniň

oduna bigünä ýanar” diýilýän, megerem, şu bolsa gerek. Alamançylyk, talaňçylyk edýän adamlar başga adamlar. Şolaryň kösti gelip, Ahal ýaly öz gününe gezip ýörenlere-de ýetýär. Ýöne welin häzir ol zatlary degşirip oturmagyň geregi ýok. Şu wagt edilmeli iş elleri ýalaňaç gylyçly abanyp gelýän sekiz atlynyň öňünde durmalydy. Bu aňsat iş däldi. Ahal özüniň diri galmajagyny bilýärdi. “Ýöne diri ele düşmejek bolmaly. Olardanam iň bolmanda birini aljak bolmaly. Men olara diri gerekdirin. Öli maly satybam bolmaz, işledibem. Men olara hökman diri gerekdirin”.

Şo zatlary pikir edip duran Ahalyň garşydaşlarynyň arasyndaky üýtgeşikligi görende gözleri tegelendi. Bu näme boldugy? Duşmanlaryň ýedisi at başyny çekdi. Gylyçlaryny gynlaryna saldylar. Duran ýerlerinde sanjylan ýaly brlup durlar. Atlylaryň diňe biri gylyjyny ýygnaman ilerläp gelýär.

Bu Ahalyň ýekme-ýek söweşe çagyryldygydy. Ahal düşünip, atyny onuň üstüne sürüp ugrady. Birdenem aýak çekdi-de:

— Barat pälwan? — diýip, sesli aýdanyny duýman galdy.

Häzir onuň garşysynda eli gylyçly gelýän külli Horasany baglan uly pälwandy. Kesearkaçda-da, Maru-Şahu-jahanda-da, Buhara, Horezmin ýaly ýerlerde-de ady belli Barat pälwandy. Ahal ony ozalam bir gezek görüpdi.

Nişapurda Eýranyň uly baýy toý edipdi. Şol toýa Kesearkajyňam bagşy-sazandalary, mergenleri, pälwanlary, bedew atlary gatnaşypdy. Ahal şo wagt Hojaly seýsiň çapyksuwarydy. Ol seýis bilen şol toýa Tarlaňy alyp barypdy. Nişapur baýynyň goýan

baýraklaryndan on gulaç pereň parçasy bilen bir guba arwana alyp gaýdypdylar.

Şol toýda-da eýle-beýle pälwanlary sowup, gezegi Barat pälwana beripdiler. Eýranyň uly pälwany üçin baýrak goýdular. Birinji baýrak üçin lur taýpasyndan bolan bir ýaş pälwan çykdy. Adamlar onuň Barat pälwan bilen tutluşardan ejizdigini, güýç synanyşardan asgyndygyny, onuň ýeňiljekdigini görenlerinde aňdylar. Olaryň göreşi uzaga çekmedi. Geçse bir jüňňül suw içesi salym geçendir-dä, Barat pälwan bir silkenden soň lur pälwany üstüni kakyp ýerinden turdy.

— Barat pälwana goýlan ikinji baýrak teke halysy. Milti bolan pälwan orta çyksyn. Gulaly pälwan, Ybadylla pälwan, eşitmedik diýmäň! — diýip, toýuň jarçysy döwre gurap duran märekäniň öňünden aýlandy. Adamlar "Oňa kim çykarka?" diýip garaşdylar, Jarçynyň birinji çakylygyna-da, ikinji çakylygyna-da hiç kim ses bermedi.

Märekäniň öňünde ýeke öýliň horazy ýaly, gollaryny gowaldyp, gabaryp ýören Barat pälwany göreniňde, biliňi guşap orta çykmak üçin gözsüz batyrlyk gerekdi. "Barat pälwan pylan ýerde göreşende pylan pälwanyň goluny döwüpdir, pylan pälwany seňseledipdir" diýen ýaly sözleri Ahal ozalam telim gezek eşidipdi.

Jarçy üçünji gezek:

— Pälwanlar, gorkýan bolsaňyz, onda baýrak Barat Pälwana berilýär — diýip gygyrdy. Şondan soň kyrk ýaş çemesindäki, belki kyrkdanam köpräkdir, daýaw kürt pälwany orta çykdy. Oňa Huşnaf

pälwan diýýärdiler. Huşnaf Koý. Onuň çermelen gollary, açyk döşi durşuna çöpür bolup durdy. Onuň bürgüdiň çüňki ýaly ortasy örküçli, ujy egrelip duran burny, gatyşan gür gara gaşlary, gulaklarynyň içinden çykyp duran çogdam gyly ony hasam hyrsyz görkezýärdi.

Bularyň göreşi uzaga çekdi. Kä ol badak saldy, kä beýleki içden çilşirdi. Märekäniň ortasynda süsüşýän öküz ýaly omadaklaşyp telim gezek ters aýlandylar. Olar märekä kä golaýlaşýardylar, kä daşlaşýardylar.

Pälwanlaryň ikisi-de süllümbaý ezildi. Iň soňunda Barat pälwan Huşnafy ýykdy. Ýöne gaty kynlyk bilen ýykdy, göreş tamam bolandan soňam Barat pälwan özüni dürsäp bilmedi. Kimdir biri onuň eline göwşüllän tüýnükli ýaglygy tutdurdy. Barat pälwan onuň bilen yzly-yzyna derini çaldy.

Üçünji baýrak üçin pälwan çagyrmadylar. Diňe jarçynyň özi orta çykyp:

— Barat pälwan bilen göreşmek üçin teke-türkmenleriň meşhur pälwany Garadolan. ýörite gelipdir. Häzir oňa tomaşa ediň. Baýraklary bir gyr at — diýdi.

Garadolan pälwanyň adyny Ahal köp eşidipdi. Ýöne ol Kesearkaçdan bolsa-da entek özüni görmändi. Barat pälwany ilkinji gezek görşi ýaly, ony hem ilkinji gezek görýärdi.

Märekäniň öňüne bili salpyrak guşalan ýaşyl tirme guşakly, inçesagt, daýanykly garaýagyz pyýada çykdy. Ahal öz ýanyndan: “Ine, bu tüýs adyna mynasyp ekeni” diýip pikir etdi. Ol daglarda

bitýän garadolan diýen agaja beletdi. Ony telim gezek çalyp, pil sapy, palta sapy ýasapdy. Ýöne ol pälwanyň adynyň Garadolan däldigini, düýpden başgadygyny, keşbini şol agaja meňzedip, Garadolan adynyň soň dakylandygyny bilenokdy.

Märekäniň çak edişi ýaly bularyňam göreşi uzaga çekdi, olar, çep aýaklaryny öňe atyp, sag aýaklaryny gaça saklap, köp aýlandylar. Kä ol, kä beýleki duýdansyz hüjüm edip, aýaklar tapyrdap gidýärdi. Barat pälwan Garadolany näçe gezek dyzyna göterdi. Ol ony aýlap ýere çalmakçydy. Ýöne garşydaşy beýle etmäge maý bermeýärdi. Ol iki aýagynam ýerden göterip, Barat pälwanyň gursagynda düwlen ýaly bolup durdy. Ony agdarmak üçin öňürti özüň güwläp gaýtmalydy. Ýere golaýladan dessine ol ýene aýagyny ýere direjekdi, özüňem gabyrdadyp basjakdy. Bu emel göreşde goranmak üçin esasy emelleriň biridi. Şonuň üçin Barat pälwan şo göterişine telim gezek aýlasa-da, ýere uraýyp bilmedi. Ony goýbermäge mejbur boldy, ýene çekeleşdiler.

Baradyň güýçlüdigi görnüp durdy. Ýöne Garadolan emele ökdedi, çeýedi. Märekäniň öňki gykylygy, öňki şowhunydy. “Garadolan çilşir!”, “Barat ýanbaşla!”

Iller öňe omzasa, öňe omzap, yza çekilse yza çekilip, Ahal Garadolan üçin Hudaýy çagyrýardy. Ol hudaýýoluna bir petir çöregem aýdypdy. Ýöne onuň ähli dilegi biderek boldy. Uzak çekeleşikden soň ýadadymy, hüşgärligi elden berdimi, garaz, Barat pälwan bir silkende Garadolanyň dyzy ýere degdi. Göreşiň kanuny

şeýle. Tötänden dyzyň ýere degse, ol ýeňildigiňdi. Şeýdip, özi üçin goýlan baýragyň üçüsinem Barat pälwanyň özi aldy.

Ine, şol pälwan serçäniň üstüne eňen gyrgy ýaly bolup, Ahalyň üstüne gelýärdi.

Bu nädip beýle bolduka?! Il-günüň hormatlap, apalap ýören pälwany şu derejä, ýol urmak, garakçylyk etmek derejesine nädip ýetip bildikä?

Ahal başga bir zady bilmese-de, Barat pälwanyň durmuşynda bir üýtgeşikligiň, onda-da gaty ullakan üýtgeşikligiň bolanyny aňdy. Pälwan öňki pälwana meňzänokdy. Horlanypdyr, garalypdyr, inçelipdir. Tanar ýaly bolmandyr.

Atlar taýak ýeter aralykdan bir-birine tarap güpürdeşip gaýtdylar. Olar orta ýolda duşanlarynda, gylyçlar bir gezek şakyrt etmäge ýetişdiler. Atlar bir-biriniň duşundan geçip gitdiler. Ahal Iner golagyň, öwredişi ýaly aty çaltlyk bilen yza öwrüp, Barat pälwanyň ýeňsesinden urup biljekdi. “Uruş diýilýän zat emelden ybaratdyr. Emel bilmeseň urşup bilmersiň, urşup bilmeseň biziň döwrümizde ýaşabam bilmersiň”. Ine, bu ses Iner golagyň sesidi. Ýöne bular ýaly ýekme-ýek söweşde bu emeli ulanmak bolmaýar. Ol karamdy, namartlykdy. Bardy-geldi gylyjy elinden gaçaýsa, ýa at büdräp ýykylaýsa, beýleki tarapy oňa gylyjyny almaga, atyna münüp, özüni dürsemäge maý bermelidi. Ine, bu ýekme-ýek söweşiň ýazylmadyk kanunydy, mertlikdi.

Yza öwrülip, bir-birine täzeden okdurylan atlar bu gezekki duşuşykda geçip gitmediler. Olaryň ikisem çarpaýa galdy. Gylyçlar şakyrt, şakyrt edip seslendi.

Pälwan horlananam, inçelenem bolsa, entek onuň golunda güýç bardygyny Ahal derrew aňdy. Ýigidi iň gynandyrýan zat şu söweşde ortalyk ýokdy. Ýa ol Ahaly öldürmeli, ýa-da Ahal ony. Muňa ýekme-ýek söweşiň kanuny diýerler. Edil göreşdäki ýaly. Göreşde-de ýa ýykylmaly, ýa-da ýykmaly. Çar düşeniň hasap edilmeýär. Baýrak ýekeje. Baýraga goýlan düýäni ýa-da halyny ikä bölüp bolmaýar. Bu ýerde-de şonuň ýaly. Baýraga bir ömür goýlupdyr. Ony söweşýänleriň haýsam bolsa biri almaly.

Şakyrt, şakyrt, şakyrt... Gylyçlar dynman şakyrdaýar. Her gezek çaknyşanda uçgun syçraýar. Töwerekdäkiler: “Barat! Barat!!” diýip gaty sesleri bilen gygyrýardylar. “Ahal!! Ahal!!” diýip, oňa gop berýän ýekeje sesem ýokdy. Çarpaýa galan atlar bir-birine agyz salýardylar. Şakyrt, şakyrt...

Birden tätänlik boldy. Barat pälwanyň aty büdräp alkymyny ýere berdi. Özi zyňlyp honda düşdi. Gylyjyny gaçyrdy. Atyň aýagy syçanyň kürümine giden bolara çemeli.

Ahal atyň başyny beýläk sowdy. Tötänden ýykylan adamy urmak bolmaýar. Oňa ýerinden turmaga, gylyjyny almaga, ata münmäge, özüni dürsemäge maý bermeli. Ýogsa namartlyk bolar.

Birden üstüne gaýa ýykylana döndi. Nämäň-nämedigini seljermäge ýetişmedi. Zordan özüni dürsände, eýýäm iki elem daňylgy.

Ýedi atlynyň ýeri ýerden üstüne eňenini duýman galypdy. Ol eýýäm atyna atlanana Barat pälwana ýigrenç bilen seredýärdi. Ahaly aldadylar, gapyl basdylar.

“Maňa bir zat bolaýsa, ýerli-ýerden eňiň” diýip, Barat öňünden tabşyran bolmaga çemeli. Adam ejizlände gaty ejizlär ekeni. Pälwan Ahalyň gözüne şeýle bir ownuk, gyl ýaly zat üçin uly galmagal turuzýan jinnekçi adamlar ýaly bolup göründi. Özi üçin ýörite üç baýrak goýlan, arassa göreşde ýykyp, şol baýraklaryň üçüsinem almagy başaran, märekäniň elinde göterip oklap gapan şol pälwanynyň şeýle ejizlänini, ownanyny, namartlanyny görmegiň özem uly jezady.

Barat pälwan bärsine bakanda, olaryň göreçleri çakyşdy. Pälwan eli daňylgy bulanyp ýatan ýigidiň ýüregindäkini onuň gözünden okady. “Hä, sen maňa ownuk diýýärmiň, namart, ejiz diýýärmiň asyl!..”

Pälwan atdan agdy. Bilindäki gamasyny sogrup alyp, burjulap duran çytyk ýüzi bilen Ahala tarap ugrady. “Namart, ejiz” diýen pikiriňi ýene bir gaýtala” diýýän äheňde onuň üstüne abandy. Soň egildi-de, daňlan elleriň ýüpüni kesişdirip taşlady.

Ahal daňynyň derdinden awuşan goşaryny owkalaşdyryp, dik oturdy. Barat pälwan Ahalyň gylyjyny alyp, atyň öňüne kese basan serbazyň ýanyna bardy. Sesini çykarman, gylyjy alyp, ony Ahalyň ýanyna oklap goýberdi. Dorbedewi tutaklap gelýän nökeriň elindäki jylawy aldy. Ony eýeriň gaşyna ildirip, bedewiň buduna kakyp goýberdi.

Bu ýagdaýy synlap duran atlylar geň galyp, soragly nazar bilen bir-birlerine seretdiler-de, duran-duran ýerlerinden ata gamçy çaldylar. Pälwanyň aty olaryň ugruna bir imrindi. Ýöne üstüniň boşdugyny, eýesiniň şu ýerdedigini aňyp, olaryň yzyna düşmedi. Atlylar bolsa hälki gaçan keýikler ýaly dabyrdaşyp ilerki belentlikden aňryk aşyp gitdiler.

## IKIÇÄK

Belentlikden aşyp giden atlylaryň yzyndan gabagyny galdyryp sereden Barat pälwan atyna tarap ýöneljek ýaly etdi-de, ýene öňki pikirinden el çekdi. Henizem goşarlaryny sypalap oturan Ahalyň ýanynda saklandy. Gylyjyny sypyryp, gök otlaryň üstüne oklap goýberdi. Şo duran ýerinde aşak çöküp gyşardy. Güneşlemek isleýän ýaly uza-boýuna arkan ýatyp, gylyjyny kellesiniň aşagyna çekdi. Giň deňizde gaýyp ýören ýelkenler ýaly bölek-bölek ak bulutly asmana seredip ýatdy.

Her ýerde-her ýerde ýuwlup serlen eşiklere meňzeş şol bölek-büçek bulutlar göräýmäge gymyldamaýan ýaly bolsalar-da siňe sereden Barat pälwan olaryň çalaja yraň atýandygyny, gündogara tarap usul bilen süýşýändigini aňdy.

Pälwan sesini çykarman esli ýatdy-da, birdenem şol ýatyşyny üýtgetmän:

— Adyň näme? — diýdi.

Barat ýuwaşja gepländirin öýtse-de, ýigit üçin onuň sesi sanaç kakylan ýaly bolup eşidildi. Şeýle-de bolsa, Ahal ýuwaşja gepläp jogap gaýtardy.

— Ahal.

Barat pälwan dikeldi. Gürrüňdeşiniň ýüzüne seretdi. Soňra Ahalyň otlap ýören atyna tarap ümledi.

— Olam Dorbedewmi?

Ahal gabaklaryny giňden gerip, oňa seretdi. Ýigidiň tegelenen goýun gözlerinde "Sen nireden bilýäň?" diýen sorag bardy. Pälwan onuň gözündäki soragy aňdy. Ýöne oňa jogap bermän, sözüni dowam etdi.

— Çöregiň bitin ekeni — diýip, ol atlylaryň aşyp giden gerşine tarap ümledi.

— Bilen bolsalar olary saklamak maňa başartmazdy.

— Näme, olar meniň üçin ýörite gelipmidiler?

— Şeýle amatly ýerde duşjagyňy bilseler, Hywa, Ürgenje-de giderler — diýip, pälwan şol öňki ýuwaş sesi bilen aýtdy. — Horasanda seniň bilen Dorbedewiň adyny eşitmedik ýokdur.

Barat pälwanyň bu sözleri başda Ahalyň gözlerinde peýda bolan soraga jogapdy.

Ahal bilen Dorbedewiň adyny Kesearkaja-da, Horasana-da, Horezmine-de dolduran bir ýagdaý bolupdy.

Durun etraplarynda Arkajyň uly baýy toý edipdi. Şol toýa Maşadyň hany Ryzaguly han özüniň külli Horasanda öňüne at geçirmedik Rabat diýen bedewini iberipdi. "Rabat gadymy Rüstem

Zalyň münen Rahş atly bedewiniň neslindenmiş” diýilýärdi. Ol çynmy, ýalanmy, ony bilýän ýok. Diňe bir zat aýandy. Rabat ýaryşa girip, Horasanda entek baýrak sypdyrmandy.

Her uly toýuň endik bolup galan bir ýagdaýy bar. Atly bedew, atly pälwan, atly mergen üçin ýörite baýrak goýulýar. Şo toýda-da Ryzaguly hanyň Rabaty üçin yzy köşekli ak maýa goýlupdy.

— Rabat bilen ýaryşjak bedewler orta çyksyn! — diýip, jarçy üç gezek gygyrdy. Orta çykan atlar Rabatyň özi bilen dört bedew boldy. Olaryň biri Maru-Şahu-jahan etraplaryndan gelen bedewdi. Ahalyň seýis gözleri ol aty içgin synlady. Ol at ady-owazasy şu etraplara gelip ýeten Çaşgyn seýsiň elinden çykan atdy. Ata söz diýer ýaly däldi. Onuň töweregine garanyp, başyny bulap barşy awa garanýan Garyçgaýa meňzeýärdi. Ýöne onuň aýaklaryny basyşyndan bir keminiň bardygyny Ahalyň seýis gözleri sypdyrman aňdy.

— Şu atyň bir kemçiligi-hä bar — diýip, ýanynda duran Hojaly seýse ýuwaşlyk bilen aýtdy. Hojaly seýis Dorbedewiň seýsi däldi. Ýöne öz şägirdiniň aty niçik seýislänini bilmek üçin şo toýa Ahal bilen gidipdi.

— Meniň göwnüme bolmasa, ol daňdan çapylmadyk ýaly — diýip, halypa seýis aýtdy.

Soň Çaşgynyň özi bilen gürleşenlerinde, özüniň ýaramandygyny, çapyksuwaryňam daňdan aty gezdirmelidigini unudyp, uklap galandygyny aýtdy. “Ýogsa at-a at jan eken” diýip, Ahal başyny ýaýkady.

Rabadyň gapdalyndan goýberiljek üçünji at hywaly seýis Hoşmädiňkidi. Ol seýsiň atyna-da, özüne-de Hojaly bilen Ahal beletdi. Olar oňa uly baha berenokdylar. Öz etrapynda iň ýyndam hasap edilýän at Kesearkaja gelip entek ozmandy. Hojaly seýsiň aýtmagyna görä Hoşmädiň halypasy gaty uly seýis. Arman ýöne Hoşmät onuň yzyny alyp göterip bilmändir.

Dorbedewi ugratmazdan öňürti Ahal çapyksuwaryň gulagyna:

— Aty Aly Aşrafydan daşrak saklajak bolgun — diýip, tabşyrdy. Rabadyň çapyksuwary Aly Aşrafynyň galyberjegini bilse, karam edýänligini Ahal ön telim gezek eşidipdi.

Atlar pellehanadan towşan turan ýaly bolup gaýtdylar. Adamlar gozgalaň tapyp ugrady. Wagyrdy barha köpelýärdi. Üýn alyşmak kyndy.

Orta ýoldan mazaly geçensoň, Rabat bilen Çaşgyn (Çaşgynyň atynyň adam Çaşgyndy) deň gelýärdiler. Dorbedew olardan doga bagy yzdady. Adamlar bir-biriniň egnini basyp, atylan peýkam ýaly, ýüzin salyp gelýän atlylara seredýärdiler. Birdenem garaşylmadyk zat ýüze çykdy. Çaşgyn ýoldan syçrap çykdy. Şol çykyşyna-da gaýdyp ýaryşa girmedi. Çaşgynyň çapyk-suwarynyň aýtmagyna görä Aly Aşrafy atyň ýüzüne gamçy çalypdyr. Çapyşykdan soň gykylyk dik asmana galdy. Çaşgynyň tarapdarlaryndan gylyja, hanjara ýapyşanlaram boldy. Aly Aşrafynyň garnyny şol ýerde silkip gidiberjek ýigitlerem bardy. Ýöne toý eýesi ara düşüp:

— Adamlar, garyndaşlar, gaýrat ediň! Toýy bir bulamaweriň — diýip, iki elini gursagynda goýup ýalbardy. Hanjarlar, gylyçlar ýene-de gyna girdi. Ýöne at çapyşygyny şonuň bilen sowdular.

Çaşgyn tazygyp çykansoň, esasy göreş Dorbedew bilen Rabadyň arasynda gitdi. Dorbedew soňky ýüz gulaç aralyga çenli bir kaddyny saklady. Diňe pellehana alkymlanda, öňe ümzük atyp, Rabatdan ozup geçdi.

Ine, şol ýaryş Dorbedewiň dabarasyny Eýrana, Turana ýaýradypdy.

— Ryzaguly han Dorbedewi getirip berene ýüz tümen baýrak goýdy — diýip, Barat pälwan sözüni dowam etdi.

Ýüz tümen diýilýän az pul däl. Arwanalaryň, inerleriň bahasy bäş-alty tümenden ýokary däl. Ýüz tümene ýylky sürüsinden on ýabyny, Dorbedewiň özi ýaly atlardan bäş aty alyp bolýar.

Bu zatlary pikirinde aýlan Ahal ýolan otunyň baldagyndan tutup, pyrlap oturyşyna:

— Arzanladypdyr-la. Ol maňa ýüz elli tümen hödürläpdi — diýip, başyny galdyrman aýtdy.

Şol pajygaly çapyşygyň bolanyna bir aý çemesi wagt bolupdy. Şol günleriň birinde iki atly Ahalyň öýüniň işigine gelip atdan agdy. Gapa çykan Ahal bilen olar ellerini uzadyp görüşdiler. Egni han sowgadyna çalymdaş haltaly iki adam doly horjuny göterip, Ahalyň yzy bilen öýe girdi. Bir gözi sary kişmişden, hurmadan, beýleki gözi Eýranyň pürçükli kempudyndan, künjüli halwasyndan doldurylan

horjuny Ahalyň eline berdiler. Öý eýesi horjuny uly geň galma bilen kabul etdi. Ony beýleki öýe eltip, Aksona uzatdy. Onuň:

— Bu nämäniň alamaty? — diýip, gözleri bilen beren soragyna:

— Men näbileýin — diýen äheňde eginlerini ýygryp jogap berdi.

Ýaşulular söz aýtmaga gelen sawçylara meňzeýärdi. Ony diýseňem Ahalyň ýetişen gyzy-ha beýlede dursun, aslynda gyz maşgala ýokdy. Onuň diňe ylgap ýören on ýaşly ogly Salyr bardy. Näme-de bolsa Ahal olara sorag bermedi. Olaryň özleriniň gürrüň açaryna garaşdy.

Gelen adamlar Ryzaguly hany öwdüler. Onuň jomartlygyny, batyrlygyny, il serdary bir adamdygyny magtadylar. Ahala köp salam aýdanyny ýatladylar.

Gürrüň ýuwaş-ýuwaşdan Dorbedewe syrykdy.

— Ryzaguly han siziň atyňyz üçin 150 tümen hödürleýär — diýip, gelenleriň biri aýtdy.

— Eli açyk adam-da, göwni giden zada lomaý eçiläýýär — diýip beýleki goldady.

Ahal bu bahany eşidip begener, ýerinden towsup turar öýtdüler. Ol gaty uly baha. Iň baý öýüň gyzynyň galyňyndanam ýokary. Ýöne Ahal oňa begenmedem, gynanmadam, ýylgyrmadam, asyl ýerindenem gozganmady.

Myhmanlara söwüş edildi, nahar çekildi. Giç öýlänler olar turmakçy boldular, öz sözleriniň jogabyna garaşdylar.

— Ryzaguly hanyň döwleti yrylmasyn. Dorbedewe beren uly bahasy üçin taňryýalkasyn. Ýöne ol at meňki däl. Ol Kesearkajyňky.

Ol Kesearkajyň abraýy. Bir iliň abraýyny, guwanjyny satyp goýbermäge meniň hakym, ygtyýarym ýok — diýip, Ahal jogap berdi. Oňa:

— Dorbedew bolmasa gyr bedew eken-dä. Başgasyny alarsyň, seýislärsiň. Seniň-ä, näme, eliňden gelýär — diýip, myhmanlaryň biri aýtdy.

— Ýüz elli tümen ýöne zat däl. Gelen döwleti sypdyrma, samsyk bolma — diýip, beýlekisi janykdy. Ahal samsyk bolanyny kem görmedi.

— Ýüz elli tümene seniň özüňi razy edip alýar. Ogurlap almak bilen satyn almagyň arasynda elli tümen däl, ýer bilen gök ýaly tapawut bar — diýip, Barat pälwan penjeläp alan otuny gapdala tarap zyňyp goýberdi.

— Ryzaguly han üçin onuň näme tapawudy bar? — diýip, Ahal seslendi.

— Sen batyr ýigit, gowy zat. Ýöne tekepbirem ekeniň — diýip, Barat pälwan onuň öňki soragyna jogap bermän aýtdy. — Şol tekepbirligiň welin gowy däl.

Ahal sesini çykarman, oňa gözleri bilen sorag berdi. Barat dowam etdi.

— Sen aýt, ýaňy sekiz adam bilen bir özüň urşarmydyň?

Ahal esli mahal dymyp durdy. Soňra öz-özüne diýýän ýaly:

— “Bilse pişik öňi-soňy öljegin.

Yza dönüp gaplaň bilen garpyşar” — diýdi.

— “Ýol tapmasa müň duşmandan gaçara.

Gerçek ýigit jöwher gylyja ýapyşar" — diýip, pälwan gürrüňdeşiniň Saadydan başlan bendini tamamlady. Soňra:

— Seniň gaçara ýoluň kändi — diýip, Dorbedewe ümledi. Dorbedew bolsa ululary gürrüňine gulak asman, hol beýlede ýazyň paşyrdap duran ter otlaryndan güýürdedip ýördi. Kämahalam eýäm howlukmaýarmyka diýýän ýaly, otuny güýürdedip durşuna bärsine garanýardy.

— Size duşmazymyň öň ýanynda keýik kowalap, aty daljykdyraýdym. Siziň atlaryňyz bolsa daýaw.

— Onda-da Dorbedew Dorbedewdir. Bu görünýän atlara zygam etdirmez — diýip, Barat pälwan indiki aýtjak sözüni oýlanýan ýaly, böwrüne diň salyp dymdy. Soňra başyny galdyrdy-da:

— Garaz, meşhur seýsiň, akylly-başly adamyň şeýle ýeňilkellelik edip, özüni oda urmagy geň zat — diýip, sözüniň üstüne goşdy.

— Dünýäde geň zat köpelipdir. Menem bir meşhur pälwany tanaýardym — diýip, Ahal sözüniň yzyny ýetirmän goýdy. Olam ýol urýan garakçy bolupdyr — diýip, pälwan onuň sözüniň yzyna sugşurdy. Ahal sesini çykarmady. Pälwan tarapa diňe soragly nazaryny aýlap goýdy.

— Ol uzyn taryh — diýip, Barat pälwan uludan bir demini aldy. Soňra ýeňsesini gylyjyň üstünde goýup, asmana seredip, sesini-üýnüni çykarman ýatdy.

Barat pälwanyň kakasy Aly Muhammet Şahrudy öz şäherlerinde — Şahrudda kiçijik dükanyň eýesidi. Ol dükanda halwa, hurma, sary kişmiş ýaly azyk harytlary bilen birlikde mata-marlak, çäýnek-käse,

okara-çemçe diýen ýaly harytlary satardy. Ol öz satýan harytlaryny ondan-mundan gelýän täjirlerden, söwdagärlerden alýardy. Onuň dükanynda belli harytlar däl-de, säwlikde duşan harytlaram satylardy.

Uzynly gün aýak üstünde Aly Muhammediň halys sütüni süýnerdi. Hysyr-pysyr bilen agşama zordan ýetýän wagtlaram az bolmazdy. “Ynha haý diýmän, oglum Barat ýetişer. Arkamdan dirär. Kömekçi bolar” diýip, öz-özüne göwünlik berýärdi.

Ogly ýetişdi, öýli-işikli boldy. Ýöne ol atasyna kömekçi bolmady. Ol söwdagärlige däl-de, pälwanlyga ýykgyn etdi. Barat göreşi çagalykdan söýdi. Onuň gowy görýän zady özi ýalylar bilen göreş tutmakdy. Beýik Saadynyň bir pälwan hakyndaky hekaýatyny garrylardan eşidipdi. Şahyryň aýdyşyna görä, bir uly pälwan göreşleriň 360 emelini bilýär ekeni. Ol şägirtlerine şol emelleriň 359-syny öwredip, birini özi üçin saklar ekeni.

Şol pälwandan ak pata alan şägirtleriň biri patyşanyň ýanynda:

— Ol meniň halypam bolýar. Ýogsa ony ýyksa bolar — diýip uly gürlänmiş. Patyşa-da oňa:

— Göreşde ataňam bolsa ýykmalydyr. Sen şony ýykyp bilseň, men seni köşk pälwany edip alaýyn — diýipdir. Ussady çagyranmyşlar. Garry halypa bilen ýaş şägirdiň tutluşygy başlanmyş. Göreş uzaga çekýär. Pälwanlar bir-birinden peslär ýaly däl. Halys bolmajagyny bilen halypa şol özüne goýan emelini salyp, şägirdini agdaranmyş. Soňundan onuň ýüzüne seredip:

— Özüniň nyşana boljagyny göz öňünde tutman, ýaý atmagy öwredýän mergen akmakdyr — diýip ajy ýylgyranmyş.

Barat pälwan olar ýaly halypa tälimini almandy.

Ol öz-özünden pälwan bolup gitdi. Emelleriň köpüsini göreşýänlere seredip öwrendi. Käbirlerini özi oýlap tapdy.

Baradyň at-owazasy derrew il içine ýaýrady. Uly toýlardan baýrak getirip ugrady. Käbir toýlarda bolsa oňa ýörite baýrak goýdular. Pälwanyň kakasy Aly Muhammet:

— Oglum, göreş bilen çaga ekläp bolmaz. Senem bir hünär al. Iň gowusy dükany ýöretmäni öwren — diýip gulagyna guýardy. Kakasynyň aýdyşy ýaly uly toýlar, onda-da uly pälwanlaryň gatnaşmaly toýlary gaty seýrek bolýar. Ýylda birem bolanok diýen ýaly. kiçi toýlara, garyp adamlaryň toýlaryna baryp alan bir çebşiň ýa-da bir ýaglygyň bilen bäş çagany ekläp bolmaz. Ýaşlaram indi gidişýär. Täze nesil, täze pälwanlar ýetişýär. Olaryň elinden baýragy häzir alaýsaňam. soňurrak aldyrjak däller. Barat pälwanlykdan el göterip, kakasynyň ýanyna dükana geçýär. Ol entek dükanyň abyny-tabyny almanka-da, iki bela olaryň gerşinden inýär. Garahassaçylyk ýyly şol ýowuz kesele ýatyp, pälwanyň kakasy ölýär. Ikinji betbagtlygam Aly Muhammediň ýyly dolmanka, bularyň başyndan inýär.

Günleriň birinde Şahrudyň baýy Nowruzalynyň öýüne şalaryň şasy myhmançylyga gelýär. Ol myhmançylyga baranynda ýany bilen wezir-wekillerinden başga-da üç-dört ýüz serbazam alyp barýar. Olary iýdirmeli-içirmeli, gaýdanlarynda tapdygyňdan gymmatbaha

sowgat bermeli. Şonuň üçin şany hiç kim myhmançylyga çagyrmaýar. Myhman barjak ýerini şanyň özi kesgitläp, özi aýdýar.

Nowruzaly baý obanyň atly adamlaryny çagyryp, şanyň nökerlerini myhmanlamak hakda maslahatlaşýarlar. Şanyň serbazlaryna gaýtawul bermeli däldigini, çykan çykdajylaryny soňundan özüniň tölejekdigini aýdýar.

Myhmançylygyň bellenen güni gün guşluga galyberende deprek kakyp, saz çalyp, ala-zenzele bolup, myhmanlar Şahrudyň köçesinden girýärler. Her hili gülkünç eşikleri geýen wäşiler, myhmanlaryň öňüne düşüp böküşýärler, aşyr atýarlar. Her hili oýunlar edýärler. Bütin şäher daşary çykyp, myhmanlara seredýärler. Wezir-wekilleriň yzyna düşüp gelýän serbazlar ýoluň gyrasyndaky baglara, bakjalara hüjüm edip, tapan-tupan zatlaryny ýolup alýarlar. Baran ýerlerini çekirtge sürüsi ýaly boşadyp gidýärler.

Barat pälwanyň öýüne serbazlaryň bäşisi düşýär. Wah, janyň ujy, özge myhmanlar ýaly berlenini iýip oňsa. Maşgalanyň huruşlyk diýip, göz dikip oturan ýekeje toklusyny hasyr-husur pyçakdan geçirýärler. Çişe düzýärler. Olar bu zatlaryň hemmesini öý eýesinden soraman edýärler. Barat pälwan bolsa diňe egnini gysyp oňýar. Ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmeýär. Ýöne seň egniňi gysanyň bilenem bela diýilýän zat geljek bolsa özüne ýol tapýan ekeni.

Myhmanlar, eger myhman diýip bolýan bolsa, öýüň iýer ýaly zadyny iýdiler. Ýöne şoňa-da kanagat etmediler. Başga ýerde

myhman bolanlar gowy sowgat aldylar. Baradyň myhmanlary olary görüp:

— Sen bizi kemsidýäň — diýip, nagaralaryny döwdüler; Pälwan olara höre-köşe etdi, ýalbardy. Olar gulak asman, dükanyň gapysyny palta bilen döwdüler. Içini werham-tarham etdiler. Alan zatlaryny aldylar, almadyklaryny orta üýşürip, dükany otladylar. Ozalam gününi çala aýlaýan maşgala ýeke günüň içinde gedaýa öwrüldi.

— Ol myhmançylyk däl, galtamançylyk bolýar — diýip, Ahal uludan demini alyp aýtdy.

— Haýsy zat galtamançylyk däl. Şanyň ýaşap ýörmeginden başlap, ähli zat galtamançylykdyr — diýip, Barat pälwan ýene arkan gyşaryp, kellesiniň aşagyndaky gylyjy düzetdi.

— Soň näme boldy?

— Soňmy? — diýip, Barat pälwan näme diýjegini bilmeýän ýaly hyrçyny dişläp dymdy.

Myhmanlary ataransoň, Barat pälwan arzyny Nowruzaly baýa aýdýar.

— “Çykdajyňyzy tölärin” diýipdiňiz, agaýy — diýip, onuň beren wadasyny ýatladýar. Nowruzaly baý oňa:

— Sen patyşany myhman alan adamlardan. Indi bir dükany düzedip bilmeseň, men saňa näme diýeýin — diýip, onuň ýüzüne jabjynypdyr. — Senem goňşy obalara bar, islän zadyňy al, gerek zadyňy getir. Gaýtawul berseler, gel meniň ýanyma.

Nowruzaly baý şu sözleri aýdyp, Baradyňam galtaman bolmagyny ündäpdir.

— Baýyň, özi ýalylar şonda çykan çykdajylaryny on esse edip ýerine salandyrlar. Nowruzaly baý Şahrudyň uly hany boldy — diýip, Barat pälwan aýtdy.

Çagalar eklençsiz galypdyr. Barat pälwanyň, Maşatda ýaşaýan bir tanşy bar ekeni. Ine şol:

— Sen Ryzaguly hana serbaz bol. Serbaz bolsaň üç tanap ýer berýärler. Çagalara ýapyşalga bolar — diýipdir. Üç tanap ýere akylly-başly seretseň, çagalaryň ýyl harjyny almak boljak. Hasylyň gowy gelen ýyllary daşyndan az-owlak sataýmagam boljak. Barat pälwan oýlana-oýlana, tanşynyň şu maslahatyny makul bilipdir. Ryzaguly hanam hemme adamyny serbazlyga alanok. Bu ýerde Barat pälwanyň tanşam, ady belli pälwanlygam, şanyň serbazlaryny myhmanlanam kömek etdi. Ine, indem bir ýyl bäri Barat pälwanyň egninde serbazyň sowudy, serbazyň gylyjy.

— Serbazlara serbazlygy üçin bir köpügem hak tölänoklar. Gaýta iýjek-içjegiň öz garnyňa. Eşigiň, at-ýaragyň bahasynam özüň bermeli. Üstesine-de käte onbaşyňa-da sowgatjyk emläp durmaly — diýip, Barat pälwan gürrüňini jemledi.

Ahal şo zatlary öz başyndan geçiren ýaly uludan bir demini aldy.

— Eger beýle bolsa serbazlyga geçmezler.

— Geçmezler — diýip, pälwan Ahalyň soňky sözüni gaýtalady-da, oňa gür gaşlarynyň aşagyndan seretdi. — Agzyny açyp oturan çülpeleri nädip eklejek? Diňe bir eklenjem däl...

Ahalyň soragly gözlerine nazary kaklyşan pälwan sözüni dowam etdi.

— Ýaşajak bolsaň, her ädimiňe pul gerek. Öňüňden çykan serbaz bir bahana bilen seni urýar. Bahana gytmy? Ol ýana seredýäň, bu ýana seredýäň diýip yrsaraýar. Urar-da, yzyndanam taýak hakyny talap eder. Puluň ýok bolsa, git-de serbazyň ýerini depip ber, odunyny döwüp ber, hyzmatyny edip üz.

— Eger üzülmän galaýsa?..

— Üzülmän galaýsamy? — diýip, Barat pälwan böwrüne diň saldy. — Onda näme boljagyny bilemok. Entek üzülmän galan ýerini eşidemok.

Pälwan asmana seredip ýatyşyna esli wagt sesini çykarmady. Ahalam dymdy. Hol ýokardan, ak bulutlaryň bäri ýanyndan durnalar toýnuk gurap, geçip barýardylar. Olaryň "gyrruk-gyrruk" diýen sesleri eşidilýärdi.

— Sen ynsan durmuşynyň gürrüňini edýärsiň — diýip, Barat pälwan dik oturdy.

— Şol, uçup barýan durnalardan sorap gör. Şolaryň güni ikimiziňkiden aňsatdyr öýdýärmiň?

Ahal asmana seretdi. Durnalar toýnugyny bozman uçup barýardylar. Olar boýunlaryny öňe uzadyp, ganatlaryny agraslyk bilen kakýardylar. Birdenem aşaklap ugradylar. Gonmaga, otlamaga ýer peýleýän bolmaga çemeli.

— Olaryňky hezille — diýip, Ahal durnalardan gözüni aýyrman aýtdy. Onuň sesinde durnalara, umuman, tebigatyň gözelligine bolan inçe söýgi duýulýardy.

— Olaryňkam hezil däldir. Bürgüt diýer, garaguş diýer, olaryňam öz galtamanlary bardyr. Garaz, aňsat däldir.

— Siz “Ynsyň-jynsyň durmuşy şoňa gurlupdyr” diýjek bolýaňyz. Ýöne welin ol zatlardan ýokarda adalat diýlenem bir zat bolmalydyr-a.

— Adalat! Adalat diýilýän zat näme? Aýdaly, bir awçy towşany duzak gurup tutupdyr. Awçynyň eden işi adalatlylyk däl. Şol towşany tutmaýanda-da ol gününi görüp bilerdi. Ekin eksin, bag oturtsyn, mal edinsin, süýt sagsyn. Aýdaly, şo towşany möjek kowalap barýar. Möjegiňki adalatsyzlyk diýersiň.

— Hawa, diýerin. Möjek güýjüne daýanýar. Galtamançylyk edýär. Üstesine-de, belki, towşanyň çagalary bardyr. Towşany möjek iýse çagalary aç öler.

— Möjegiňem çagalary bolsa näme? Ol towşany tutup bilmese, özem, çagalaram uzynly gije aç galmaly. Bu näme, adalatlylykmy?

Ahal gozgandy. “Hymm” edip ýüzüni aşak saldy. Günäsiniň üstünde tutulan çaga ýaly elindäki çöp bilen ýeri dyrmalady. Barat pälwan hüjümini dowam etdi.

— Aýdaly, kowalaşyp barýanlaryň gapdalyndan bir atly çykyp, gylyjyny syrdy-da, olaryň yzyna düşdi. Awçynyň edýäni telekmi?

— Telek däl. Ejizi goldamak sogapdyr.

— Ejizi goldap, möjegi öldürdi. Möjegiň bolsa sürenindäki körpeje çagalary ajyndan gyryldy. Ýeri, muňa kim günäkär? Hany, adalatlylyk? Şol adamyň gazanan günäsi känmi ýa-da sogaby känmi?

— Diýmek, “Galtamanlarda günä ýok” diýjek bolýaň. Şeýle dälmi?

— Galtamanlaram edil möjekler ýaly, dagy çykalgasy bolmasa olar nätsinler?

Ahal içini hümledip esli oturdy. Penjeleri bilen gökje otlary gyryşdyrdy. Gysymyny dolduryp, eliniň tersi bilen oklap goýberdi. Ýene gyrdy. Ol elleriniň näme edýänini duýanokdy. Eýesiniň tukat ýagdaýyny aňan ýaly Dorbedew otlap duran ýerinden oňa tarap owadan gözlerini aýlady. “Gaýtma niýetiň ýokmy?” diýýän ýaly ýuwaşja hokrandy.

— Mesliginden galtamançylyk edýänem bolsa bardyr — diýip, Barat pälwan ýuwaş ses bilen, böwrüne diň salyp — aýtdy. — Bu görünýän galtamanlaryň köpüsi çykalga tapman galtamançylyk edýärler.

— Sizem şol çykalga tapmaýanlardanmy? — diýip, Ahal oňa sorag berdi.

— Şony diýseňem boljak— diýip, pälwan gamgyn halda gürledi. — Meniň atymy ogurladylar. Täze at aldym. Bahasyny entek tölämok. Puly nireden aljak. Üstesine çagalara-da ojuk-bujuk gerek. Geçen gyşyň gazapdygyny gördüňmi? Çagalar doly gyşy galyň eşiksiz, köwüşsiz geçirdiler.

— Hawa, gyşa gazaply boldy — diýip, Ahal seslendi.

— Ine, biz şo möjegiň gününe düşýäs. Şol towşany iýseg-ä biz galtaman, iýmesegem aç ölmeli.

— Diýmek, galtamançylyk hökman bolaýmaly-da. Onuň ahyry görnenok-da?

— Galtamançylykmy? — diýip, Barat pälwan ýaňsylaýan ýaly edip aýtdy. — Galtamançylygyň ulusyna uruş diýerler. Ýagdaý şeýle bolsa, urşam bolar durar. Durmuşdan bihabar adamlar urşy hanlar, şalar başlaýandyr öýdýärler. Uruş olara gerekdir öýdýärler.

— Dagy näme? Saňa gerekmi? Maňa gerekmi? Halka gerekmi?

— Halka gerek bolmasa-da, serbazlara gerek. Uruş olaryň eklenji. Goşun öňňil Aýystana gitdi. Öten ýyl dynç boldular. Şu ýylam bir tarapa gitmeseler, serbazlaryň özleri gozgalaň turzarlar. Olar goşun serkerdelerini şoňa mejbur edýärler.

— Alamançylyk meselesinde siz-ä türkmenleri ýazgarýaňyz, bizem sizi. Seniň häzirki gürrüň berşiňe görä, alamançylygyň ilki sebäpkäri siz bolaýjak ýaly.

— Towuk ulumy ýa ýumurtga? Ony ikimizem bilemzok.

— Seniň häzirki aýdyşyňdan talaňçylygy ilki başlaýan serbazlar diýen netije gelip çykýar.

— Bar, şeýle eken-dä.

— Şeýle bolsa, biziň alamançylygymyz arymyzy ýerine salmak bolýar.

— Aryňyzymy? Bu goňşyň bilen urşup, ol goňşyňy ursaň, aryň ýerine düşýämi? Serbazlar sizi talap, ýesir alyp gaýdýar. Sizem baryp il-güni talap, ýesir alyp gaýdýarsyňyz. Şeýdip öz aryňyzy naçar gyzdan, gözüni owkalap duran neresse çagadan alýaňyz.

Ahal pälwanyň sözüne jogap bermedi. Agyr pikire gitdi. Onuň gözüniň öňüne pajygaly bir ýagdaý gelip geçdi.

Güýzüň asuda säherleriniň biridi. Agar çäkmenini ýasgynjak atynyp, gapa çykan Ahalyň gulagyna “Alamançylar gelýär” diýen sözler eşidildi. Gara daglaryň arasyny söküp, olja alyp, ýesir alyp gelen atlylar Şally baýyň gapysynda ýük ýazdyrdylar. Ahal dähedem-dessem basyp, olaryň ýanyna bardy. Ýöne şol baranyna henizem ökünip ýör.

Getirilen ýesirleriň arasynda ýaňy öýlenen ýaş ýigit bilen onuň gelni, şol ýigidiň enesi, iki sany — biri gyz, beýleki oglan jigileri bardy. Alamançylar bir öýi boşadyp gaýdypdyrlar. Dulugyndan ak görnen enelerem, gelnem ses edip aglaýardy. Ýaş ýigit bolsa owasyny dym-gyzyl edip, ýer dyrmap otyrdy. Bäş ýaşlyja gyz töweregine geň galmak bilen seredýärdi. Görmäge üýşen çagalaryň käbirine ýylgyrmak bilen seredýärdi.

Ol häzir ejesiniň, hossarlarynyň ýanynda. Ol çaga. Ol entek öz hossarlaryndan waýkyryp-waýkyryp aýra düşmelidigini, ejesiniň köşegini aldyran maýa ýaly bozlap-bozlap, ony iň soňky gezek bagryna basjakdygyny, aç adamyň aşa topulyşy ýaly özüniň ýüzünden-gözünden ogşajakdygyny, güýç bilen aýranlarynda ellerini uzadyp, dünýäni elendirip aglajakdygyny bilenokdy. Bir öýden girip-çykan, sähel büdrese kömege gelen, aglasa diňdiren hossarlarynyň hersiniň bir gapydan çykjakdygyny, bir-birini hiç haçan görüp bilmejekdiklerini bilenokdy.

— Alamançylyk, ar-namys üçin edilýän zat däldir. Ol ar-namysyň arkasyndan edilýän haram baýlykdyr — diýip, gürläp oturan Barat pälwanyň sözleri Ahala düýşde aýdylýan ýaly bolup eşidildi.

Ahal geçen ýene bir wakany ýadyna saldy. Ol şeýle bolupdy. Aksoltan ejäniň ogly bir ýerden gelýärkä, öňünden kürt alamançylary çykyp, tutup alyp gidipdirler. Äkidibem satypdyrlar. Ýaňy ýigit çykyp ugran oglanyň haýsy baýyň guly bolup, hyzmatyny edip ýörenini kim bilýär.

Aksoltan eje uzynly gije çirim etmän aglap geçirdi. Obanyň Garamergen ýaly jalaý ýigitleri garry enä hossar çykyp, ar almaga gidermen boldular. Bu ýagdaýy eşiden oba ýaşululary oňlamadylar. Iner golak başlyklaýyn paýhasly gojalar pikir alyşmak üçin maslahata ýygnandylar. Şol maslahata ýaşlaram, Ahal dagynam çagyrypdylar. Şonda Ahal Iner golagyň pikirini goldapdy. Garamergen oňa:

— Sen gorkýan bolsaň, eneň ýorganyndan çykma-da — diýipdi. Garamergeniň özi ýalylar onuň sözüni alyp göterdiler. Ýerli-ýerden gygyryp, Ahala:

— Beýle namart bolsaň, galyber. Şükür Hudaýa, gitjegem, ary ýerine saljagam tapylar — diýipdiler.

Ahalyňam öz tarapyny çalýan ýaranlary bardy. Olar Garamergeniňkiden köp bolmasa, az däldiler. Ýöne garşydaşlarynyň “gorkak, namart” diýen sözlerinden çekinip, olaryňam köpüsi Garamergeniň tarapyna geçdi. Onda-da: “Bu jany enemiň bukjasynda ýygnap bilmen. Tohumlyk galmak aladam ýok.

Tohumlyk galan galsyn” diýen ýaly janyňa degäýjek sözleri aýdyp geçdiler. Ahal:

— Men şul ömrümiň Aksoltan ejä sähelçejigem bolsa teselli berjegini bilsem, ony gaşymy çytman bagyşlardym. Ýöne başga bir enäniň çagasyny alyp gaýdyp, ony gan agladanym bilen Aksoltan ejäniň ýürek ýarasyna ýardam edip bilerin öýdemok — diýdi.

Garamergeniň tarapyna geçýänlerem köpeldi. Ahalyň özem: “Maňa-da şu jan sizden artyk gerek däl, ýörüň gitseňiz” diýip, tas onuň tarapyna geçipdi. Ýöne onuň özi ynsabyňa, mertebäňe, adamkärçiligiňe kast etmekdigini, Garamergeniň adamkärçiligiň golaýyndan geçmeýän erbet meýilleriniň öňünde baş egmekdigini syzdy. Ol özüni güýç bilen, erjellik bilen masgaraçylygyň girdabyndan saklady.

Ýaşulularyň gelen karary Garamergeniň dyzmaç ýaranlarynyň jylawyndan çekdi, olaryň howalasyny ýatyrdy. Olar alamana gitmegi ýigitlere gadagan etdiler.

Barat pälwanyň soňky gürrüňlerini düýşünde eşidýän ýaly, ýarym-ýalta diňlän, manysyny oňly düýrüp alyp bilmedik Ahal ukudan açylan ýaly boldy. Uludan bir demini aldy. Baharyň howasynyň şeýle mylaýymlygyna garamazdan, onuň maňlaýy kemsiz çygjarypdy. Pälwan özüniň soňky sözlerini Ahalyň oňly diňlemändigini, sojap dem alşyndan, ýüz keşbinden aňdy. Ol bir zat diýjek bolup, sag elini gürrüňdeşiniň dyzynyň üstünde goýdy. Şol arada Ahal:

— Bu alamanlaryň, bu hasratly masgaraçylygyň öňüni alyp bolmazmyka? — diýip seslendi.

— Bolmaz — diýip, Barat pälwan çürt-kesik aýtdy. — Birinji sebäbi, ony patyşa-da islemez, serbazlaram. Olar isläýende-de siz saklanyp bilmersiňiz.

— Ol näme üçin?

— Üçini. Sizde döwlet ýok. Gürleşer ýaly, alamançylygy bile ýazgaryp, bile çäre görer ýaly.

Barat pälwan ýene bir zatlar aýtjak boldy. Ýöne oňa söz diýmäge maý bermedik başga bir ýagdaý boldy. Hol ilerki belentlikden aşyp giden serbazlar ýene-de sadranç ýaly bolup-depäniň üstünden göründiler. Olar Barat pälwandan habar tutmak üçin öwrülen bolsalar gerek. Olar belentlige çykdylar-da, sanjylan ýaly bolup durdular.

Barat pälwanam, Ahalam ýerinden galdy. Ahal uzakda, Mizewe daglarynyň depesinden sallanyp ugran Güne eli bilen maňlaýyny kölegeledip seretdi. Günüň öňüni açan ak bulut, äpet deňizde görünýän sal ýaly bolup, günbatara tarap süýşýärdi.

— Gaýdara wagt bolup ýör öýdýän. Gümür-ýamyr edip, ep-esli oturaýypdyrys — diýip, pälwan seslendi.

Ýaraglaryny, dakynyp, her kim öz atyna tarap ugrady. Ony gören serbazlar atlaryny yza öwrüp, ýene belentlikden aňryk eňip gitdiler.

Şeýle gowy, açyk ýürekli, paýhasly adamdan Ahalyň birden aýrylasy gelmedi. Dorbedewi onuň gapdaly bilen sürüp gitdi. Olar serbazlaryň ýaňky görnen ýerlerine ýetip aýak çekdiler. Ýene-de esli

wagt gürleşip durdular. Olar bir-birine elini uzadyp, at üstünde hoşlaşdylar. Barat pälwanyň aty belentlikden aňryk eňip gitdi. Ahal şol ýerde sanjylan garantga ýaly bolup durdy. Ol Barat pälwanyň yzyndan seredýärdi. Bir käse çaý içerlik salym geçensoň atyny yza öwürdi.

Kürt diýilse ýigrenip, barlyşyksyz duşmany saýyp ýören Ahala Barat pälwanyň ýetiren täsiri uludy. Ol pälwanyň kürt däldigini, onuň milletiniň parsdygyny bilmese-de, bahasyna ýetilmez gowy adamdygyny bilip galdy. Her halkyň öz gowusy, öz hordasy bar.

“Garamergen ýalylary satyp iýdiräýmeli adam ekeni. Şular ýaly adamlar köp bolsa bolmaýarmy?” diýip, öz ýanyndan oýlandy.

Gylyç syryp duşan iki duşman, şeýdip dost boldular. Mähir bilen elleşip hoşlaşdylar. Bu ýagdaýy Iner golak eşiden bolaýsa:

— Bagt diýilýän zat şolardan ybaratdyr — diýip aýdar.

Gök deňiz ýaly gök otly meýdandan Dorbedewi sürüp barýan Ahal şu günki ölümden sypyşyny, gowy adam bilen duşuşygyny öz bagtynyň bir bölegi hasap edýärdi.

## KÖWREÝIKLI GUÝUSYNDA

Ýandakly obasy ýazlaga çykansoň, obanyň ýoz çekenesi Köwreýikli guýynyň töwereginde otarylýardy. Guýy dört tarapy alaňlar bilen gurşalan takyr meýdanyň orta gürpünde ýerleşýärdi. Çopanlaryň goşy çarhynyň utunlary gatan süňk ýaly agaryp görünýän guýudan salan ýoly aralykda ýerleşýär. Guýynyň başynda

endik bolan iner irmän-arman urgan çekýär. Köne çarhlar şakyrdaýar, jygyldaýar. Suwçy ýigidiň hereketlerine tabyn iner, ol “Çüýw!” diýende gidýär, “Gaýt!” diýende yza dönýär. Iner her gidip gelende, suwdan dolup çykýan äpet gowanyň suwy guýynyň başynda goýlan uzyn nowa dökülýärdi.

Goşda öz işi bilen gümra çoluk körpeç ýaly edip galdyrylan sazak, çeti dikip, selin, siňren bilen basyrylan çatmadan her eline bir kündük alyp çykdy.

Meşigiň bir bujagyny çözüp, oda-tüssä garalyp giden kündükleriň ikisinem suwdan doldurdy. Üýşüp ýatan ojar közlerini kesewi bilen eýläk-beýläk dörüp, kündükleri goýdy. Soňra guşluga galyp, günorta syryp ugran güne seretdi.

— Süriňem eňmeli wagty boluberipdir-ow — diýip, öz-özi bilen gürleşdi. Soňra çatma söýelgi taýagyny alyp, süriniň öňünden çykmak üçin günbatarky egne tarap ugrady.

Suwçy goşa nowany suwdan dolduransoň, ineri urgandan çözmän çökeripdir. Iner töweregine ýaltalyk bilen göz aýlap, gäwüş çalyp otyrdy. Suwçynyň özi bolsa guýudan on ädim daşlaşyp, tirsegine direnip gyşaryp ýatyrdy. Agramy batmana ýetýän agyr gowalary sowup alaýmak aňsat iş däl. Soňabaka oňurgalaryň ýazara geliberýär. Suwçynyňam häzir “Süri gelýänçä, bilime bir dynç bereýin” diýip ýatyşydy.

Çoluk egne ýetensoň, uzak garaşdyrman, çopan aňyrdan geldi. Iki bolup mallary suwa bölüp-bölüp goýberdiler. Bir tapgyr goýberip, olaryň öňüni kesýärdiler. Bu guýynyň başynda dyknyşyk döremez

ýaly, suwsuz mallar bir-birini basgylap harlamaz ýaly görülýän çäredi.

Iner ýene urgan çekip, gatnap ugraýar. Utunlar jygyldaýar, çarh şakyrdaýar. Köýnegini balagynyň içine salyp, dyzyna çenli çyzganan suwçy doly gowalary sowup alýardy. Olary nowalara wagşyldadyp guýýardy. Suwsuz mallar nowanyň başynda hümer berip, bir-birini itekleýärdiler. Aralykdan burunlaryny sokup öňe omzaýardylar. Gözleri agyp-dönüp oýnaýan mes çebişler şahlaryna daýanybermekdenem gaýtmaýardylar. Olar goýunlary, toklulary süsüp, urjaşdyryp, özlerine nowa tarap ýol açýardylar.

Suwdan ganan mallar kellelerini silkeläp, dodaklaryndaky damjalary töweregine syçradyp, ýaltalyk bilen öwrülýärdiler. Gaýraky egne tarap ýüzlenýärler. Ýöne uzak gitmän aýak çekýärler, şol duran ýerlerinde güýlünip ýatýardylar.

Suwçynyň yşaraty bilen çopandyr çoluk mallaryň ýene bir tapgyryny suwa goýberýärdiler. Hasanaklaşyp inen dowarlaryň bir bölegi geçensoň galanlarynyň öňüne taýak oklaýarlar. Iki-ýeke sabyrsyz çebişler, sarç işşekler taýak oklanyňa-da, ara düşeniňe-de seretmän, erjellik bilen gaçyp geçýärdiler.

Bir çäýnek çaý içer salymda süriniň iň soňky tapgyry suwa eňdi. Suwdan ganan mallar gaýraky egne çenli aralykda gyzyl-ýaýryt bolup ýaýrap ýatyrdy. Olar düme ekilen gawun-garpyzlara meňzeýärdi. Garrybaý:

— Gulgeldi, hany çaýyň bolsa beriber indi — diýip, gygyryp aýtdy.

— Kündükler gaýnandyr, kaka, häzir demläýerin — diýip, çoluk goşa tarap eňdi.

Gulgeldi Garrybaý çopanyň dört çagadan soň bolan ýalňyz ogludy. Öňki bolan dört gyzyň dördüsem oňly aýaklanmanka, aradan çykdy. Dördünji gyzy Ogulgeregi iki ýaşyna-da ýetmänkä, täjihoraz alyp gidipdi. Ol Garrybaýyň gujagynda demini kynlyk bilen alyp, gözlerini agdaryp, ýüzüni göm-gök edip jan beripdi. Bogazyny hyýgyldadyp her gezek demini zordan alýan çaganyň naýynjar gözleri Garrybaýa seredýärdi. Atanyň göwnüne ýaşajyk çaga ondan delalat isleýän ýalydy. Onuň çaga gözleri “Meni Ezraýyla bermesene, meniň ýaşasym gelýär. Seniň gujagyňda oturasym gelýär. Sen meniň güýçli kakam ahyry” diýip, ýalbarýan ýalydy. “Ejiziň öňünde eliňden hiç bir zat gelmeýänini, öz ejizligiňi duýmak bir ömri ýaşandan agyr ekeni” diýip, Garrybaý gözleriniň ýaşyny süpüripdi. Öňki üç gyzy ölende aglaman, gerşini ýegşerdip çydan Garrybaý bu gezek çydam käsesini elinden gideripdi. Aňyrdan gelýän gözýaşy gözleriniň owasy saklap bilmändi. Garrybaýa agyrdy. Gaýa ýaly adamynyň gözünden ýaş döküp, aglap durşuny görmegem ýeňil däldi.

Şondan soň bir ýyl geçip-geçmänkä, Gulgeldi dünýä inipdi. Garrybaý oňa “Biziň Hudaýdan diläp ýören gulumyz geldi, hyzmatkärimiz geldi” diýip, Gulgeldi adyny goýupdy. Gulgeldi on iki ýaşyna çenli ejesiniň elinde össe-de, esasy terbiýäni kakasyndan alypdy. Maral pahyr aradan çykanyndan soň, ol mydama kakasynyň ýanynda boldy.

Çaga sähel bir zat bolsa, Maral oda-käze düşerdi. Eneler köplenç şeýle-de bolýarlar. Çagalaryna çakdan aşa dözümsizlik edýärler. Olar hasam beter oglan çaga şeýle bolýarlar. Gyz çagalaryny dözümli tutýarlar. Atalar onuň tersine. Gyz çagalaryna dözümsizlik edip, oglan çagalaryny berk tutýarlar. Garrybaýam şo diýilýän atalardandy.

Gyşyň aldajy sowuk günleriniň birinde obanyň çagalaryndan bir topary eşekli oduna gidermen boldular. Ozalam dört çagany elden gideren Maral Gulgeldiniň “Oduna gitjek” diýen sözüni eşidip, ör-gökden geldi.

— Heý, beýle-de bir zat bolarmy? Bu sowukda bir ýerlerde gatap galaýmazmyň? Kakasy, ogluňa bir haýt diý ahyry — diýip, Garrybaýa tutundy. Garrybaý çarygynyň bagyny işip oturyşyna:

— Är çykan ogly gundagda saklap bolmaz — diýip hemleli aýtdy. Ol Gulgeldiniň çagalar bilen çekeleşip, ýolmalaşyp oýnanyny, güýji ýetmejek zatlara ýapyşybermegini gowy görýärdi. Ol gumlarda gezen ýerlerinden Gulgeldä çilik oýnar ýaly ujy egrije taýak getirip berdi. Sözeniň daýaw çybygyny alyp, onuň daşyny birkemsiz arassalady. Ony oda gorsap egdi. Şeýdip Gulgeldä ýaý ýasap berdi. Inçeden syrdam çybyklardan ok ýasady. Ýaş oglan bu zatlaryň hemmesini uly sowgat hökmünde kabul ederdi.

Gulgeldi urşup bir ýerini agyrtsa-da, ýykylyp dyrnagyny döwdürse-de, dyzyny sypjyrdyp aglasa-da, kakasynyň ýanyna gelmezdi. Geläýse-de “Tur, emelsiziň biri” diýip, kowuljagyny bilip durdy. Garrybaý aýalyna:

— Ozal bir adamynyň ogly bar ekeni. Olam gaty ýalta bolupdyr. Ony hülli-hülli edip terbiýeläpdirler. Ol diňe iýip-içip, myşlap ýatmany biler ekeni. Atasy bir gün ogluna diýenini etdirip bilmän, çök düşüp, asmana elini serip: "Eý, Taňrym, men senden ogul diläpdim. Sen maňa atamy iberipsiň" — diýip, nalyş edenmişin — diýerdi. Ol çagany kyn işlerden aýamaly däldigini, ony näçe berk tutsaň, şonça oňat boljagyny aýalynyň gulagyna guýardy. Aýalyna:

— Sen gazma taýagy näme üçin oda sokup gorsaýandyklaryny bilýäňmi? Şeýtseň taýak berk bolýar. Şony unutma. Çaga-da edil şonuň ýalydyr — diýip tabşyrardy.

Garrybaý uzak ýeriň çopançylygyna-da aýaly aradan çykandan soň başlady. Maral pahyr ölensoň, oba oňa boşap galan höwürtgeden ýa-da göçülip gidilen ýurtdan enaýy däldi. Ýüregi gysdy, dünýä daraldy. "Hüw!" diýip çöllere çykyp gidiberesi gelerdi. Ol şonam etdi. Obanyň sagylmaýan ýoz çekenesini bakarman boldy. Şo wagtlar sagylýan mallaryň çopany işden çykypdy. Garrybaýa "Sen şony bak" diýdiler. Ol göwnemedi. "Sagylýan mallary baksaň, her gün oba gelip durmaly boljak. Men iň gowusy biraz salym şo çöllerde bolaýyn" diýdi. Şeýdip Garrybaý üç ýyl mundan ozal ýoz çekenäniň yzyna düşüp ugrady. Özüne çoluk edibem on iki ýaşly ogluny aldy.

Gaýnan kündükleri demlemek üçin goşa tarap eňen Gulgeldi ylgap barşyna, kä ýerde taýagyny ýere sünjüp towsup barýardy. Birsalymdan soň ol:

— Kaka, çaýyň-a taýýar, basyraýynmy? — diýip gygyrdy.

— Bardym häzir — diýip, Garrybaý iki elini arkasyna tutup, goşa tarap mytdyldap ugrady.

Inerini urgandan aýryp, duşaklap, ýaýlanyň ileri çetine goýberen suwçy:

— Ynha indi guşdyrnak çaý bilen salam-helik etse bolar — diýip, iki elini owkalap goşa tarap gadam urdy.

Gapysyna köne kilim tutulan çatmanyň eýeleri bolan şol üç adam şol çatmanyň gapysynda bir-birine degşirilip ýazylan iki sany gülli keçäniň üstünde ýerleşdi. Çopan käseleri çaýdan doldurdy. Olaryň birini: “Janym çaý, janym çaý, içsem seni göwnüm jaý” diýip gapdalynda çöken suwçynyň öňünde goýdy.

— Göwnüň jaý bolsa, Tarhan, biziňem göwnümizi jaý et — diýip, Garrybaý çopan onuň ýüzüne seretmän aýtdy. Tarhan:

— Öňem biri: “Myhman käşgä suw dilese” diýipdir — diýip, ýerinden böküp turdy.

Tarhan şadyýan oglandy. Onda dilewarlygam ýok däldi. Adamlary ýylgyrdaýjak sözleri tapardy. Garrybaý bir gezek ogluny öwdi. Ol:

— Tüweleme, meniň şu oglum gaty akyllydyr. Tüýs kakasyna çeken oguldyr — diýip, ony mahabatlandyrdy. Tarhan çopanyň sözüni alyp göterdi:

— Hawa-la, gaty akylly. Akyly kellesine sygman haçan görseň burnundanjyk dökülip durandyr — diýip, gülmän, ýylgyrman aýtdy. Onuň beýle dilewarlygyna belet Garrybaý loh-loh edip güldi. Çatma

girip, dilli tüýdügini alyp çykan Tarhan iki barmagy bilen tüýdügiň dilini şyrkyldadyp goýberdi. Soňra agzyna salyp bir zowlatdy-da:

— Garrybaý aga, haýsyny çalyp bereýin? — diýip, oňa ýüzlendi. Haýsyny diýip sorasa-da, onuň ullakan gory ýokdy. Onuň ähli bilýäni bäş-alty heňden köp däldi. Haýsy heňleri çaljagyny çopanam bilýärdi, çolugam bilýärdi. Tarhanyň bulardan artyk bilýän zady haýsy heňi haçan çaljagydy.

Garrybaý pylan heň diýmedi. Tarhanam onuň jogabyna garaşyp durman, ilki çemine düşenden başlady.

*“Gök kürtesi tawus guşuň ýelegin,*

*Ýada salyp aklyn alar pelegiň...”*

Dutaryňam, tüýdügiňem birmeňzeş häsiýeti bar. Olar her adama birhili täsir edýär. Her kimiň öz kesmeklän ýarasyny dyrmaýar. Ine, ataly-ogul otyr. Biri ýaşuly nesil. Dünýäniň ajysyny-süýjüsini dadan adam. Tüýdük onuň gözüniň öňüne Garagumuň aňňat-aňňat gollaryny, ýapylardan bozlap inen guba arwanalary, olara näzijek ses bilen jogap berýän köşekleri, torumlary, ala-zenzele bolup gerişden inýän goýunlary, olara garaşyp kökende dyzaýan guzulary, ýalazy ýapyň gerşinde ak sözeni, ondan edilen gazma taýagy, ýene-ýeneleri göz öňüne getirýär. Adamyň ömründe ýatda galýan belli-belli pursatlary bolýar. Sazyň owazy, ine, şol ýatlamalary gozgaýar.

Ine, egni suwkädili çynar ýaly bir gyz guýa tarap gelýär. Guýynyň bu tarapyndan bir ýigit atyny idip gelýär. Ol töweregine ýaltaklap seredenini duýmaýar. Jiňkerip duran göz ýok ýaly. Ýigit gowa ýapyşýar:

— Maral, tut, kädiňi dolduraýyn — diýip, gyza ýüzlenýär. Gyz edil goýun kirpisi ýaly tisginip ýygrylýar. Otlukly gözler gabagynyň aşagyndan töweregine howatyrly seredýär. Şol ýygrylyp durşuna emaý bilen kädisini uzadýar.

Kädisi suwdan dolan gyz çümüp-çykyp ýüzüp ýören sona ýaly galkyjaklap barýar. Ýigit gowadaky galan suwy nowa agdarmagy ýatdan çykaryp, elinde saklap durşuna taňryýalkasyny berip giden gyzdan gözüni aýyrman seredýär. Suwa ýakmaga getirilen atam ýigit bilen ýürekdeş ýaly gyzyň yzyndan tiňkesini dikip dur. Ine, şol Maral diýip ady tutulan gyz-a Gulgeldiniň ejesi, onuň yzyndan nebsewürlik bilen seredip duran ýigidem şu oturan çopandy.

Haýatlarynyň kä ýerde düýbi opurylyp, kä ýerde ýokarsy gädilip giden köneje howluda ýakylýan saryýagyň ysy gelýärdi. Üsti gazanly ojaklarda çerkezmidir, çetimidir, ýenjilýän ýelekli düşekçe ýaly töwerege ak külüni syçradyp ýanýar. Ellerini tirseklerine çenli çermän aýallar gazanlaryň daşynda oda gelen perwanalar ýaly çelpekleri gazana atýar. Bu gün bu howly gelin gaýtarýardy.

Gazanlaryň daşynda gaýmalaşýan ýigitlerem az däl. Olaryň gözi bişip duran çelpekde. Aýallaryň gözüne güýdüşip, gazandaky çelpege penjäni urýarlar. Onsoň asmandan inip, jüýjeleň birini kakyp alan çaýkel ýaly, hanha gaçyp barýar. Olar iki-ýeke geleňsizräk gelinlere çelpek ýapmaga halys maý berenoklar. Ine, şol çelpek syryp gaçan ýigitler Şally baý, Iner awçy, Garrybaý diýen ýaly adamlardy. Gaýtaryljak gelnem şu oturan Gulgeldiniň ejesi Maraldy.

Saz uzak ýaňlandygyça sahna çalşyp, üýtgäp durdy. Ine, düýäni çökerip, sypmaz ýaly dyzarlan ýigit başyny galdyrman ony gyrkýardy. Gyrkylygyň şygyldysyna mele ýüň düýäniň gerşinden taýyp düşýärdi. Ýüpek ýaly mele ýüňi çäkmen edermiň, ýorgana salarmyň, ömür boýy ýapyn, ýassan, bäri-bärde ýapjak gümany bolmaz.

Şo zatlaryň pikirini edip, howlukman işläp duran ýigit gutardym edip başyny göterdi. Edil şo pursatam özüne tarap ýüzin salyp gelýän atlydan heder etmedi. Atlynyň tanyş adamlygyndan başga-da, onuň näme üçin, näme habar bilen haýdap gelýändigini aňdy.

— Gygyryp gel, how — diýip, atla tarap ýönelmekçi boldy. Ýene aýak çekip düýesini turuzmakçy boldy. Düýe art aýaklarynyň üstüne galdy-da, bagyryp ýene çökdi. Onuň entek dyzanagy aýrylmandy. Ýigit atlynyň entek aýdyp ýetişmedik şatlykly habaryndan aljyrapdy. Bizi diňe sowuk habarlar däl, şatlykly, gowy habarlaram aljyradýar. Atly onuň ýanyna gelip jylawy çekdi.

— Gygyrsam, ogluň boldy! Buşluk!

— Taňryýalkasyn, buşlugyňa iňňeden çykma agar çäkmeniň bar.

Şol buşluk diýip gelen Iner awçydy. Oňa taňryýalkasyn beren ýigidem şu oturan Garrybaýdy. Dünýä indi diýlip buşlanan çaga bu gün on alty ýaşy dolmaga köp bolsa iki ýa-da üç aý galan Gulgeldi çolukdy.

Çolugyň göz öňünden geçýän sahnalaram şoňa çalymdaşdy. Ýöne başgady. Ine, bahar paslynyň gülälekleri ýaly al ketenili, gyzyl çog gyzlar topar tutup barýarlar. Ekiniň gyrasyndan girip, gelýän topar

sülgüne diýseň çalymdaş gyzlaryň ýüzi hol ilerki pürs dikilip, ýörite edilen, hiňňillige tarapdy. Olar öňlerinden duýdansyz çykan oglanlary görüp, ürken sülgünler ýaly güsürdäp bir tarapa çekildiler, düýrükdiler. Soňra ýene-de ýollaryny dowam etdiler. Gyzlary ürküzen oglanlaryň biri, ine, şu oturan Gulgeldidi.

Gyzlar bat uçýardylar. Hiňňilligiň daşy gyzan bazara meňzeýärdi. Hiňňillige münen iki gyz heniz bat alyp ýetişmänkä, daşynda duran oglanlaryň biri böküp iki gyzyň arasyna mündi.

Hiňňillik gyz bilen oglanyň arasyny ýakynlaşdyrýan ýalňyz mümkinçilikdi. Başga wagtlar olaryň bile durany görülse-de halanmazdy. Hiňňillikde welin beýle däl. Iki gyzyň aralygyna oglanyň münmegem, oglan bilen gyzyň uçmagam geň görlüp durulmaýar.

Iki gyzyň arasyna münen oglanyň arasyndan başga bir oglan aslyşdy.

— Jan dost, şu gezegem maňa bersene — diýip özelendi. Ine, şol hiňňillikden düşen oglan şu tüýdük çalyp oturan Tarhandy. Onuň ýerine münenem Gulgeldidi.

Tarhan barmaklaryny tüýdügiň deşiklerinde gybyrdadyp şeýle bir çalýardy welin, hol ýokaryk galyp, ganatlaryny gybyrdadyp saýraýan, irginsiz jibirdeýän torgaý ýalydy. Tüýdükçi “Garagözi” çalyp başlanda, Gulgeldiniň gözüniň öňündäki sahna üýtgedi.

Obanyň ortarasynda birtopar oglan çilik oýnap ýör. Batly degen taýagyň zarbyna çiligiň deregini tutýan, çakyry çykan oňurga süňki allowarralara zyňlyp gitdi. Çiligi uran oglan jyrralyp gaçdy. Eşekçi

bolsa onuň yzyndan eňdi, uzaklaşdyrman onuň yzyndan ýetip, taýagy bilen dürtdi.

— Bar, eşegiňi al!

Bu mahal çiligiň bady ýatypdy, saklanypdy. Çilik gymyldamany goýandan soň ýa-da beýleki biriniň taýagy çilige degenden soň, dürteniň peýdasy ýokdy. Üstesine-de taýak gatyrak dürtülen bolmaga çemeli. Dürtülen oglan birden gyzdy. Beýlekiler nämäniň-nämedigine düşünip ýetişmänkäler, ikisi-de hytdyda-mytdy. Oglanlaryň biri aglady. Şol wagt “Häýt!..” diýip, gapdaldan goşulan adam oglanlary aralady.

— Näme aglaýaň? Goý sesiňi — diýip aglaýana käýedi. — Oýunda aglasaň, daýyň başy kel bolarmyş.

Ine, şol çilik oýnap urşanlaryň biri şu tüýdük çalyp oturan Tarhandy. Daýysynyň başy kel bolar öýdüp agysyny goýan oglanam Gulgeldidi. Olaryň arasyna düşen bolsa, şu kündügini käsä sarkyryp oturan Garrybaýdy.

Ataly-ogla geçmişlerini ýatladyp, olary allowarralardan aýlan saz gutardy. Çoluk saçagy getirdi-de orta atdy. Onuň gapdalynda ullakan, gyrasynyň ýasylygy el ýaly çanak goýdy. Üç adam elini ýuwup, çanagyň daşyna egrildiler. Olar çörek dograp başladylar. Gora gömlüp bişirilen ýer petiri entek gatap ýetişmändi. Ol barmaklaryň güýjüne ýeňillik bilen döwlüp dogralýardy. Ine, bir bölejik çörek syçrap honda düşdi. Garrybaý syçran çöregi alyp agzyna atdy-da, kümşüldäp oturyşyna:

— Bu gün, näme, myhman geläýjekmikä? — diýip, her gezek çörek dogranda aýdýan sözüni gaýtalady.

— Näçe gün bäri çörek syçraýar weli, biz-ä gelýän myhman göremzok — diýip, Gulgeldi seslendi.

— Oba huruşlyk gerekdir, basym gelseler gerek — diýip, Garrybaý çopan ýene bir dişlem çöregi agzyna atdy. Ol çörek dogranda hemişe şeýledi. Hem dogrardy, hem iýerdi, eliniň dek durmaýşy ýaly agzam dek durmazdy. Haçan görseň kümşüldäp durandyr. Ol özüniň şol gylygyny aklamak üçin:

— Nahardan öň birki agyz gury çörek iýmek sogapmyşyn — diýerdi.

Iner golak oňa: “Garrybaý öňürti çöregini iýýär, soňundan çorbasyny içäýýär” diýip degerdi.

Çörek dograp bolandan soň, Gulgeldi çanagy tegeläp alyp geldi. Gaýnap duran gazanyň gulaklaryndan tutaç bilen tutup, gazma ojakdan ýokary göterdi. Içindäki çorbany şo durşuna çanaga eňterdi. Ol çanagy gaýtaryp getirende, çanak erňegine çenli doludy. Ýaňy dogralan çöregiň üstüni gara gowurdaklar örtüpdi.

Üç adam ýeňini çermäp, çanagyň başyna geçdi. Garrybaýdan başgasy ýekedyz otyrdy. Diňe çopan aýbogdaşyny gurupdy. Ol eliň aýasy ýaly ýalpakdan uly hywa çemçesiniň uzyn sapyndan tutdy. Çorbanyň o ýanyny, bu ýanyny basyşdyrdy-da suwundan susup alyp owurtlady. Ol özüniň şol hereketini üç gezek gaýtalady-da, çemçäniň sapyny suwça geçirdi. Ilki Tarhan, soňra Gulgeldi çopanyň edişi

ýaly, çorbanyň suwundan üç gezek owurtlady. Tarhan Gulgeldiden iki ýaş uludy.

Garrybaý bürgüdiň penjeleri ýaly ellerini çanaga urdy. Gowurdagyň birini barmaklary bilen sermäp aldy-da, ony ikä bölüp, bir penje dogramany elinde ykjamlady. Soňra pişigiň kellesi ýaly edip, agzyna saldy.

Birsellem hiç kimden ses çykmady. Gödeňsi penjeler dogramany gowzap ugran çanagyň bir böwründe tokgalaýardy. Soňra ony jüýje göteren çaýkel ýaly göterýärdi-de, agyzlara atýardy. Dogramany gapyp alan agyzlarda ol oda düşen gar tokgasy ýaly şobada eräp gidýärdi. Çorba syrygýan syňraklary, barmaklary ýalaýan diliň, dodaklaryň şapbyldysy eşidilýärdi.

Nahary hemmeden soň başlanam, barmaklaryny yhlas bilen ýalap, hemmeden öň gaýra çekilenem çoluk boldy. Onuň yzyndan suwçy gaýra süýşdi. Barmaklaryny ýalady. Garrybaý dogramany penjesine düýrläp durşuna:

— Näme yza çekilýäň? Iý-dä! — diýdi.

— Bereket bersin, köp iýdim, süýji çorba bolupdyr — diýip, suwçy ýagly elini aýagyndaky köneje gyzylbaş çarygyna oýkady.

Garrybaý iň soňuna çenli iýdi. Çanagyň gyralaryna ýelmeşip galanyny elleri bilen syryp aldy. Halys gutaransoň:

— Ýalaşdyr, oglum — diýip, Gulgeldiniň öňüne süýşürdi. Özi bolsa Tarhanyň edişi ýaly barmaklaryny şapladyp-şapladyp ýalandan soň, çarygyna oýkady. Soňra ykjamlanyp, oglunyň çanagy ýalap bolaryna garaşdy. Gulgeldi sag eliniň süýem barmagyny çanagyň

içine yhlas bilen aýlady, ony keýp edip ýalady. Ol gerk-gäbe doýanam bolsa, şeýdip ýalany ähli iýen çorbasyndan süýji ýalydy. Ol şeýle bir arassa ýalady welin, soňundan çanaga suw çaýkap, ýuwup oturmagyň geregi hem ýokdy.

Gulgeldi çanagy beýläk aýrandan soňra, Garrybaý goşawujyny ýokary göterdi. Dogany dodaklaryny müňküldedip içinden töwir okady. Doga gezek gelende, Garrybaýyň hem gory Tarhanyň çalýan heňlerinden köp däldi. Gaýta azdy. Garrybaý garyplyk zerarly Hafizulla işanyň mekdebine gatnap bilmändi. Her anna güni molla bermeli bir saçak çöreg-ä beýlede dursun, ol öz iýjeginem tapanokdy. “Bir garny dok bolsa, bir garny aç” diýilýänlerdendi. Balagynyň uzynlygy dyzyndandy, köýnegi göbegini zordan ýapýardy. Egninde köneje agar çäkmenden kiçeldilip tikilen çäkmeni, aýagynda gyşyna hamçarygy, tomsuna çepegi bolardy. Ol eklenje kömek bolsun diýip, obanyň owlak-guzularyny bakardy. Onuň üçin mekdep, kitap diýilýän zat elýetmez bir zatdy. Garrybaý:

— Bereniňe şükür — diýip, gapdala gyşardy. Çoluk towsup turdy-da, köneje ýassygy kakasyna oklady, köne oýlugy getirip üstüne ýapdy. Soňra boş meşigi göterip, guýa tarap ugrady. Tarhan name işlejegini bilmän, töweregine garandy. Garrybaý çopanyň gök eşeginiň henizem gaňňasynyň aýrylmandygyny, gaňňany aýyrmak hiç kimiň ýadyna düşmändigini görüp oňa ugrady.

Çopan şo ýatyşyna uklajak boldy. Ol ýadawdy. Uzyn gije şöwür çekipdi. Onuň dabanlarynyň aşagy, injikleri bir mylaýym syzlaýardy. Arkan gaýşyp, oňurgalaryna ýazgynlyk berende, ukusy

gelýän ýaly, dynjyny alýan ýaly bolýardy. Gözüni hol günbatarky egne dikip, kä süzüp, kä açyp ýatyrdy. Hemişeler ol şeýdibem uklaýardy. Bu gün welin uklamak nesip etmedi. Ol eýmenç tisginip tirsegine galdy. Görýän zatlarynyň düýşüdigini ýa-da hakykatdygyny biljek bolýan ýaly gözlerini yzly-yzyna gyrpyldatdy. Gany depesinden aşak basan ýaly, birden endamy sowap giden ýaly boldy. Ýüzi eýmenç üýtgedi.

Ýok ol düýş görenokdy. Onuň gören zatlaryny eşegiň gaňňasyny aýryp ýetişmedik Tarhanam, gowa bilen çekip alan suwuny meşige guýjak bolup duran Gulgeldem görüpdi. Edil Garrybaýyň ininiň tikenekleýşi ýaly olaryňam ini tikenekläpdi, depe saçlary düýrügipdi. Onuň gören zatlary hakykatdy.

Tarhan ylgap, çopanyň ýanyna geldi. Ol eýýäm uklandyr öýdüpdi. Ony oýarmakçy, oňa duýdurmakçydy. “Çopan birden gapyl galaýmasyn” daýip ylgapdy. Çopan gapyl däldi. Ol gaşyny çytyp, gündogarky egne seredip, indi gözüni gyrpman, tiňkesini dikip ýatyrdy.

Olaryň üstüne abanan bela atlylardy. Egniň üstüne atlylar çykdylar. Olar on iki atlydy. Özlerem atlaryny bärik howlukman sürüp gaýtdylar.

Gulgeldiniň beren ýalyny iýip, häzirem çopanyň ukusyny goraýan ýaly, onuň hol beýle ýanynda garysyny ýassanyp ýatan Garagöz bilen Goýmat ilki bir kellelerini galdyrdylar, gulaklaryny dikeltdiler. Atlylaryň oýa inip ugranlaryny görensoňlar, seslerini çykarman, şo tarapa hasanaklaşyp gitdiler.

Parslarda “Wepalylygy itden öwren” diýen nakyl bar. Itleriň eldeki bolaly bäri, adamlar bilen dostlaşaly bäri on alty müň ýyl geçipdir diýýärler. Şunça ýylyň dowamynda öz dostlugyny aýap saklaýan itleriň ýalagyna wepalydygy hakynda bir topar rowaýatlar aýdylýardy. Käbir rowaýatlarda itler adamlara garanda has wepaly edilip görkezilýär. Şol rowaýatlaryň käbirini Garrybaý Gulgeldidir Tarhana-da aýdyp beripdi.

Garrybaý itleriň yzyndan seredeninde, güýçli ýeliň ugruna batly togalanyp barýan iki düýp ullakan bozagan ýaly olar honda böküp, hasanaklap barýardylar. Häzir olary hiç bir güýç yzyna gaýtaryp biljek däldi. “Atylan ok daşdan gaýtmaz” diýilýänleridi.

Bu itler Garrybaý bilen indi üç ýyl bäri süriniň yzyna düşüp ýör. Gije diýmän, gündiz diýmän, olary möjekden garawullaýardylar. Özlerem gaty duýgur itler. Şular bolsa süriniň golaýyna möjek geljek gümany ýok. Olar möjek bilen iki gezek garpyşdylar. Her gezegem möjekler zordan gaçyp gutulýardylar. Özlerem ýaralanýardylar, möjeklerem ýaralaýardylar. Goýunlara welin olaryň dişinem degirtmän saklardylar. Öten ýazyň başlarynda iki bolup bir ene möjegi aldylar. Köp sürä barmagyny batyryp, käsinde mallary ýaralap, käsinde ýolma-çekme ogurlap, heniz ele düşmän ýören möjekdi. Garrybaýyň sürüsiniň töwereginde-de birki gezek görnüpdi. Ol itlerdenem Iner golagyň guran gapanlaryndanam sypyp gelýärdi. Ony men diýen itleriň dört-bäş sanysyny alyp yzarlabam gördüler. Ähli möjeklere degişli bir häsiýet bar. Möjekler dynç alanlarynda öz gaçyp gelýän taraplaryna seredip ýatýarlar. Şonuň

üçinem olar yzarlap gelýänleri uzakdan görýär. Görşi ýaly gaçyp gidýär.

Soňky gezek weli oňa sypara maý bolmady. Ýassynlar ýatan süriniň entäk öräýmedik wagty Garagöz bilen Goýmat gozgalaň tapyp ugrady. Olar süriniň yga tarapyna aýlandylar. Olar uzak garaşmadylar. Möjek golaýlan bolara çemeli, ikisi birden hasanaklaşyp gitdiler. Garrybaý eli egri taýakly olaryň yzyndan eňdi. Ol baranda iki it möjegi ara alypdyr. Olaryň biri möjegiň alkymyndan agyz urupdyr. Beýlekisi onuň gulagyny çeýneýär. Garrybaý elindäki gazma taýagy bilen bir inderende, möjegi burup atdy. Onuň oňurgasy ýazan bolsa gerek.

Garrybaý ölen möjegiň hamyny günortan suwa inende, goşa alyp geldi. Itleriňem üsti gyzyl gandy. Halys ýadawdylar. Howa yssy däldi. Şonda-da olar has-has edip, dillerini sallaşyp ýatyrdylar. Garrybaý:

— Gulgeldi, hol ak işşegi soý — diýip, gygyrdy.

Itlere guýruk ýagy bermelidi. Ýogsa olaryň dininiň harap bolaýmagy ahmal. Möjek bilen tutluşan itlere guýruk gapdyrmak öňden gelýän dessurdy. Onsoňam itler ol işşegi gazanypdy. Gaplaň öldürene bir sygyr, möjek öldüreňe bir işşek ata-baba gelýän däpdi.

Bu itleriň birini, Goýmady Garrybaýa öz obasynyň adamlary beripdi. Garagözi bolsa başga bir obadan bir öweç berip alypdy. Ine, şol iki it häzir sapandan sypan daş ýaly bolup atlylara, tarap dazyrdap barýardy. Öňden gelýän at olaryň bolup gelşinden ürküp,

tas ökjäni göteripdi. At oýurganyp ugrandan soň, üstündäki onuň jylawyny çekdi. Ürküp gaçmaga maý bermedi.

Ikinji atlynyň gylyjy günüň şöhlesine ýyldyrym çakan ýaly lowurdap gitdi. Itleriň biri depe saçyňy düýrükdiriji eýmenç waňkyryp, aşyr atdy. Şol ýykylyşyna-da gaýdyp galmady. Beýleki özüni gylyçdan gaça saklap, esli wagt jabjynyp-jabjynyp üýrdi. Onam başga bir gylyç ýere ýazdy. Atlylar hiç bir zat bolmadyk ýaly, olaryň deňinden geçip gaýtdylar.

Itleriň öldürilendigini görüp ýatan Garrybaý ýerinden turdy. Taýagyny alyp, olaryň öňünden çykdy. Ol taýagy endik boýunça alypdy. Bir taýak bilen on gylyjyň garşysyna etjegiň näme? Oňa çopanyň akyly ýetýärdi.

Türkmeniň ozaldan gelýän däbi boýunça aňyrdan gelen adam gelen ýerine, atly adam pyýada, ýaş kiçi adam ýaşula salam bermelidi. Bu ýerde ol däp bozuldy. Garrybaý olara salam berdi. Ýöne gelenleriň salama mätäçligi ýok bolara çemeli. Olar “Waleýkim” diýmegiň ýerine diňe gaşlaryny çytdylar. Atlaryny tabyrdadyp, ýatan süriniň töweregine aýlandylar.

Çagyrylmadyk myhmanlaryň arasyndaky başy düňderilen kersene çalymdaş, ýokarsy tegelenip duran mele telpekli, sary murtly, sary sakgaly müçenek bilen bejerilen gyzyl ýüzli, hyrsyz adam öňe saýlandy. Galtamanbaşynyň şu adamdygyny Garrybaý soraman aňdy. Oňa bir zat aýtjak boldy, ýetişmedi.

— Çopan — diýip, galtamanbaşy ondan öňürdip gürledi: — Maly biziň aýdan ýerimize sürseňiz-ä, size zat degmän goýbereris.

Diýenimizi etmeseňizem ikiňizem ýenjip, eliňizi-aýagyňyzy sarap, şu ýerde taşlap gideris.

Çopan galtamanbaşynyň ýalan sözlemeýändigini duýdy. Ol çopany, çolugy daňyp, sürini alyp giden galtamanlar hakda telim hekaýat eşidipdi. Wagty bilen yzyndan hiç kim barman, çopandyr çolugyň açlykdan horlanandyklaryny, bir-biriniň ýanyna süýşenekläp, daňyny dişleri bilen çözendikleri hakynda gürrüň edýärdiler. Ine, şol eýmençlikleri öz başlaryndan geçirmeli boldular. Şeýdip, indi obanyň göz dikip oturan maly gidibermeli bolarmy? Bulary galtamanlara taladyp, oba nä ýüz bilen barsyn? Näme-de bolsa, gaýtawul bermeli diýip oýlanan çopan taýagyny götermänkä, birden tisginip gitdi. Ony bu niýetinden el çekmäge mejbur eden zat galtamanbaşynyň ýaňky aýdan bir sözi boldy. Ol “ikiňizi” diýdi. Bular üç ahyry. Hany Gulgeldi?

Garrybaý ýalt edip, guýa tarap seretdi. Gulgeldi suw getirmäge gidipdi ahyry. Guýynyň başynda ne Gulgeldi, ne-de başga adam görünýär.

— Ýeri, çopan, sen näme diýersiň? — diýip, sary murtly ýene-de Garrybaýy gyssady.

— Näme göçüň geçip barýamy? Ýa-da “Ogry syrty gowşak” diýen ýaly gorkýaňmy? Günäň üstünde tutularyn öýdýäňmi? Barybir tutularsyň. Bu gün tutulmasaň, erte tutularsyň — diýip, Garrybaý azmly gürledi. Galtamanbaşy oňa jogap bermedi. Ol elindäki gamçy bilen Tarhanyň ýagyrnysyny syrdyryp aldy. Suwçynyň ýüzi eýmenç çytyldy, ynjyly towlandy. Ýöne sesini çykarmady. Onuň egninde

güllüje çit matadan tikilen köýneginiň, üstünden gara mytgaldan çäkmeniniň bardygyna garamazdan gerşiniň ot degen ýaly agyrandygy ýüzünden bellidi. Garrybaý galtamanbaşa gygyrdy:

— Oglana eliňi degirme! Eli ýaragsyz çagany ýenjeniň bilen Rüstem Zal boldugyň däl. Ol seniň gorkaklygyň alamaty. Sen gorkýaň, howlugýaň. Obanyň ýigitleri geler öýdýäň. Olar gelerem.

Galtamanbaşy oňa jogap bermedi. Ol Tarhanyň depesinden gamçyny ikinji gezek inderdi.

— Bar, maly sür! Näme dursuň, haramzada? Ýogsa-da... — diýip gamçysyny bulaýlady-da gaharly gepledi. Soňky gamçynyň awusyna ýegşerilen Tarhan sesini çykarman, Garrybaýa seretdi. Garrybaý sary murtla sögündi-de:

— Nätjek-dä! Sürmeli bolsa sürmeli bor-da — diýip, Tarhanyň ynjyly ýüzündäki soraga jogap berdi. Garrybaý beýle diýmese-de diýmezdi. Ol topulyp elindäki taýagy sary murtlyň depesinden indererdi. Heý, öz eliň bilen iliň-günüň göz dikip oturan malyny galtamanlara berip goýberip bolarmy? Beýdip nä sypatyň bilen oba barjak? Bu mallar Iner golakdan başlap, köýnejigi zordan göbegine ýetýän, şondan aşagy ýalaňaç, ýüzi çyr-çyrşak gum oýnap ýören çagalara çenli ähli obadaşlarynyň indiki rysgaly ahyry. Onam galtamanlara berip goýbermek çopanyň ynsabyna syganok.

Garrybaýyň ýekeje umyt edýän zady bardy. Olam edil iňňe ýiten ýaly gürüm-jürüm bolup ýiten Gulgeldidi. Ol guýa girendir. Diýmek galtamanlar ony görmändirler. Gören bolsalar “ikiňizi” diýmezdi. Her zat ederler, ony guýudan çykarjak bolardylar. Dagy ýagdaýyny

tapmasalar guýyny gömerdiler. Gulgeldi şo ýerde. Biz goly boşadaýsak, ol çykyp gider. Oba habar ýetirer. Ýigitler ýetişer. Şol umyt bilenem çopan “Sürmeli bolsa sürmeli bolar” diýipdi.

Tarhan henizem sesini çykaranokdy. Ol şu ýagdaý başlanan wagty oýa ýatan çopany yralap, “Atlylar gelýär” diýipdi. Şolam iň soňky sözüdi. Şondan soň ýagşydan-ýamandan dilini ýarmandy. Ol häzirem Garrybaýa gözleri bilen sorag berdi. Çopan ona:

— Guýa tarap seretme — diýip, ýuwaşlyk bilen aýtdy. Suwçynyň şol tarapa telim gezek seredeni Garrybaýyň gözüne ilipdi. Çopan ony galtamanlaryň aňaryndan howatyr edýärdi. Şonuň üçin basymrak goldan çykanyny kem görmedi. Ol:

— Sömelip durma-da, maly sür. Ýa-da ýene gamçy iýesiň gelýärmi? Bular başga zada husydam bolsalar, şoňa jomartdyrlar — diýip, suwça tarap gygyrdy. Suwçy kümäniň gapdalynda ýatan täzeje gazma taýagyny aldy.

Bu gazma taýagy edinenine köp wagt geçmändi. Düýn-öňňin hol gaýraky gollaryň birinden inerini alyp gelýärkä, ýalazy ýapyda oturan syrdym uzyn sözene gözi düşüpdi. Onuň düýbüni eli bilen peşäp gazdy. Ol hemme sözenlerden taýak bolmaýanyny, gazma taýaklyk sözeniň gollarda däl-de, ýalazy ýapylarda, ak urpaklaryň gerşinde ösýändigini, şolaryňam arasynda iki-ýeke saýlama sözenlerden bolýandygyny bilýärdi. Düýbüniň ýogynlygy taýaga ylaýykdy. Tarhan onuň ýerini belläp gaýtdy. Soň eliniň boş wagty pil alyp, Gulgeldi bilen ýörite gelip gazypdy. Sözeniň gazylan düýbi bir gulaçdanam geçipdi. Ony pil kynlyk bilen çapdy. Gor ýaly

gyzgyn çägede bekäp ösen sözeniň düýbüni çapmak üçin iki sany işşekçer jahyl süllümbaý derledi. Tarhan ony tejribeli çopanyň edişi ýaly, iki tarapynam pyçak bilen ýonup timarlady. Oda sokup gorsady. Eltutaryň aşak ýanyndan birgaryş ýerini ýonup nagyşlady. Bu çopanlaryň endigidi. Mallaryň çep gulagyndan, sag gulagyndan gädip tagmalaýyşlary ýaly, taýaklaryna-da öz nagyşlaryny çekýärdiler. Mal ýitende ýa-da süri garyşanda mallary şol tagmalaryndan tanaýyşlary ýaly, taýagam öz nagyşlaryndan tanaýarlar.

Tarhan sünnäläp nagyşlan, çagalykdan arzuw eden gazma taýagyny alyp, sürä tarap ugrady. Ýaňy ýatan sürini kynlyk bilen örüzdiler. Peýwagtyna bolanda süri entek ýatmaly. Gün öýleden agandan soň onuň özi örüp ugraýar. Çopanyň etmeli zady onuň yzyna düşübermeli. Onsoň ýassyna çenli gitdigidir. Ýassynlar goýun ýene ýatar. Çopanyň öz bellije goýny bardyr. Goýun çopanyň bir döwüm çöregini iýmek üçin onuň ýanyna geler. Çopan bilindäki ýüpi alyp, ujundaky halkany nançy goýnuň boýnundan geçirer-de, beýleki ujuny öz goşaryna daňar. Daňdan süri örende ýatan goýny dyzap çopany turzar. Çopan ýene süriniň yzyndadyr. Şol ýerden ol süriniň ýüzüni guýa tarap öwrüp ugrar. Edil şu günki edişi ýaly gün guşluga galanda, süri suwa eňer. Giç öýlänlerem örer.

Bu gezek ol kada bozuldy. Goýunlara-da, çopana-da irkilere, dynç alara maý bolmady. Oňa-muňa dabyrdaşýan atlylar ýaňy ýatan goýunlary örüzdiler. Çopan bilen Tarhan sürini sürüp goldan

çykardylar. Dogrusy sürini sürýän atlylardy. Çopan bilen Tarhan olara kömek edýärdiler.

Süri goldan çykanda, Garrybaýyň özem yzyna seredenini duýman galdy. Ony galtamanlaryň biri gördi. Ýöne ol hiç zat aňmady. Olar üçin bu gol iki sany itiň maslygy bilen çopanlaryň çöp çatmasy galan goldy. Garrybaý üçin bolsa ol entek uly umytdy. Oňa guýynyň agzyndan oglunyň kellesi görnüp giden ýaly boldy.

Süri galtamanlaryň görkezen ugruna tarap süýşüp ugrady. Öz wezipelerini ýerine ýetirip, eýelerine wepalydyklaryny subut edip, söweşde wepat bolan itleriň pikirini edip barýan Garrybaý sürini howlukdyrman öz maýdalyna sürüp gitdi.

## INER GOLAK

Barat pälwan bilen hoşlaşyp ýola düşen Ahalyň keýpi kökdi. Kämahal öz ýanyňdan bir adama baha berýäň. Onuň bilen duşuşyp, gürleşeniňde, şol beren bahaň tersine bolup çykýar. Sen oňa duýgur, aýtjak zadyňa ýeke sözüňden düşünip durandyr öýdýäň. Ol “Türkmeni dürtmeseň duýmaz” diýlen ýaly böwrüne hürsekläýmeseň duýmaýan, söz manysyny bilmeýän mahluk bolup çykýar. Sen oňa agrasdyr öýdýäň. Ol bolsa eňegine jaň kakylan ýaly ýaňra, onda-da aýdan sözi ýele sowrulýan arpa gylçygy ýaly sowrulyp duran ýaňra. Sen jomartdyr öýdýäň, ol syňragyndan syryganyny ýalap oturan syrnyh adam bolup çykýar. Garaz, seniň akdyr öýdeniň gara, uzyndyr öýdeniň gysga, süýjüdir öýdeniň ajy

bolup çykýar. Sen öňki pikirleriňden düýpgöter el çekip, ondan dänmeli bolýarsyň. Olaryň gös-göni tersine pikir etmeli bolýarsyň. Olam başaşak ýörän ýaly täsir edýär. Şonuň ýaly bolanda adam gürrüňdeşindenem, özündenem nägile bolýar. Ähli keýpi pozulýar.

Ahalyňky onuň tersine bolup çykdy. Ol Barat pälwan barasynda ýalňyşmandyr. Ol pälwany daşyndan görüp, akylly-paýhasly, mert adamdyr diýip ýördi. Onuň bilen gürrüňdeş bolanyndan soň, özüniň henizem bärden gaýdýandygyny duýup galdy. Şonuň üçinem onuň keýpi göterildi. Üstesine-de bahar howalasy. Şol howala keýpini hasam göterýärdi.

Käte şeýle zadam bolýar. Asmanyň ýüzi agar çäkmen bilen syrylan ýaly, kir-kimir ýok. Diýseň arassa, mawy aýna ýaly owadan. Birdenem uzaklardan nokat ýaly gara bulut görünýär. Ol garalybam baranok, aýrylybam gidenok. Şol arassa, mawy asmanyň görküne ujypsyzja zeperini ýetirip dur. Şonuň ýaly şadyýan, keýpiň kök wagtyň bir ujypsyz ünji kalbyň giň terüniň bir ýerinde döreýär. Ol ulalanogam, aýrylanogam. Teniňe batan gyldyrgan ýaly özüniň şol ujypsyz ünjüsini ýetirip durýar.

Ahalyňam kalbynda şol gyldyrgan ýaly ujypsyz ünji döredi. Olam Barat pälwan bilen alamançylyk, galtamançylyk hakynda eden gürrüňlerinden galan gyldyrgandy. Ahal Eýranyň serbazlarynyň alamançylyk, talaňçylyk edeninde, ony meslikden artykmaç güýçlerini nirä sarp etjeklerini bilmän edýändirler öýderdi. Asyl olaryň gidere ýeri bolmasa, alaman, talaň olaryň ýalňyz eklenji bolsa

nätjek. Diýmek, talaňçylygyň gutarjak wagty ýok. Onuň aňyrsy görünmeýär.

Şeýle seredeniňde talaňçylyklaryň, uruşlaryň bolmagyna hanlar, şalar däl-de serbazlar, nökerler, garamaýak halk sebäpkär ýaly bolup görünýär. Olar öz eklençleri üçin uruş başlamagy hanlardan, şalardan talap edýärler. Ol ýöne seredäýeniňde şeýledi. Aslynda onuň başga sebäpleri bar. Hanlar, şalar olary şeýle etmäge mejbur edýärler. Serbazlaryň iki aýagynam bir gonja sokýardylar. Hak tölenmese, ekere ýeri bolmasa, işläre, ölmez-ödi gazanara ýagdaýy bolmasa dagy adamlar nätsinler?!

Şol pikirleri kellesinde aýlap gelýän Ahal obanyň çetinden girenini duýmady. Hol ýerde çagalar üýşüp ýaý atýarlar, ylgaýarlar, gülüşýärler. Şolaryň birem Salyr bolmaly. Oba çagalarynyň arasynda öz paýynyň bardygynyň buýsanjy Ahala lezzet berýärdi. Çagalaryň biri çep eli bilen ýaýyň bilinden gysymlap, matadan ýarym gulaç ölçäp aljak ýaly, sag eli bilen ok ötürilen kirşi dartyp, gursagynyň deňine getirip çeneýärdi. Ahal ony tanady. Ine, şol oba oglanlarynyň arasyndaky paýy Salyrdy. Ol sag elindäki kirşi goýberdi. Kirişden sypan ok awuna okdurylan elguş ýaly çöpüň başyna ildirilen omaça süňke tarap süýnüp barýardy. Ok nyşana degdimi-degmedimi, ondan Ahalyň habary ýok. Ýöne ýaňky ok atan Salyryň gözleri atla düşdi. Kakasyny tanady. Ol ýaňky atylan peýkam ýaly oglanlaryň arasyndan sogrulyp, Ahala tarap okdurylyp gaýtdy. Onuň gelýänini görüp, Ahal atdan düşdi.

— Kaka, sag-aman geldiňmi? — diýip, Salyr onuň. gujagyna doldy.

— Geldim, oglum. Özüňizem gurgun otyrmysyňyz? — diýip, gop berip ata mündürdi-de atyň jylawyndan tutup, gapdaly bilen ýöräp gitdi.

— Seni Ilaman kakam sorady. Seniň şu gün geljegiňi şondan eşitdim — diýip, Salyr atyň üstünde oturan ýerinden aýtdy.

— Näme üçin soranyny bilmediňmi?

— Ýok, sen özuň “uly adamlara beýle sorag bermeli däldir” diýipdiň ahyry. Ýöne obaň ýaşululary Iner agalara üýşdüler. Şally aga-da, Goňur aga-da, Nurahmet kakamam şolarda. Bir maslahat edýärler öýdýän.

Ahal Iner golaklaryň hataryna göz aýlady. Ol ýerde gybyr-sybyrlygyň bardygyny gördi. Semawarlaryň daşynda Iner aganyň gelinleri pyrlanýardy. Elinde çäýnek göterip öýe giren Ilamanyňkydy. Kädini egip, semawary dolduryp duran Ýolamanyň gelnidi. Jaýyň töwereginde daňlan atlar bäş-on bardy. Nurahmediň ogly Handanyň Sekili, Ilamanyň gyry, Garamergeniň küýküsi...

Ahal atlaryň hemmesini tanaýardy. Şol atlara seredip, Iner golagyň öýünde kimleriň bardygyny aýdyp bolýardy.

At gapa gelensoň Salyr atdan böküp düşdi. Ahal Dorbedewiň jylawyny sypyrdy, onuň deregine uýanyny ildirip, Salyryň eline berdi-de:

— Ata bir suw görkez — diýip, horjuny eline alyp öýe girdi. Salyr guýa tarap towsaklap ylgap barýardy. Dorbedew bolsa ýuwaşja öňňürdikläp, onuň gapdalyndan galanokdy.

Ahal öýe gireninde, Aksona tara dokap otyrdy. Matalda “O ýan geçer dor atym, bu ýan geçer dor atym, aýagynda gyl tanap süýräp geçer dor atym” diýilýän mäki irmän, eýläk-beýläk gatnaýardy, mäki her gezek geçende jark, jark edip darak jarkyldaýardy. Ahalyň içerik girenini görüp:

— Sag-aman geldiňmi? — diýip, Aksona aýaklaryny gozakdan çykardy. Ol Iner aganyň ogly Ilamanyň iki gezek sorap gelenini aýtmakçy bolanda:

— Ony eşitdim. Salyr aýtdy. Barmaly bolsa baraýarys — diýip, Ahal başyndaky ak telpegini silkdi. Ony çep eline geýdirip, sag eli bilen buýralaryny düzedişdirdi. Içinden ýelýyrtan ýaglygy alyp, çalaja çygjaran ýüzüni süpürdi. Ýaglygy ýene telpegiň içine salyp, telpegi geýdi.

— Men olara bir görnüp gaýdaýyn — diýip, daş çykdy-da, guýa tarap seretdi. Salyr guýynyň çarhyny aýlap, gowany çekýärdi. Ýöne çarhyň jygyldysyny Ahal eşidenokdy. Ol eşidilerden ara daşrakdy. Bir eli suw kädili aýal guýynyň başyna bardy. Olaryň näme gürrüň edenini Ahal bilenokdy. Ol diňe Salyryň guýudan gowany çekip alyp, şol aýalyň kädisiniň üstüne egendigini gördi. Ol aýalyň beren taňryýalkasynyny eşidenok, ýöne Ahal ony ýüregi bilen duýdy. Ogluna guwandy, myssa ýylgyrdy.

Ahal Iner golak diýilýän adamyny kakasy ýaly görýärdi.

Abaly serdaryň asly Ýandakly obasyndan däldi. Ol Durun etrapyndan Halçapyk diýilýän adamyň, uly baý bolmasa-da, atly adamynyň ogludy. Onuň Iner awçy bilen tanyşlygy geçen uruşda başlanypdy. Şol wagt Ahal iki ýaşynda ekeni. Onuň kakasy Kesearaçdan ýygnalan jigitlere serdarlyk edipdir. Iner awçy Abaly serdaryň iň ýakyn görýän müňbaşysy eken. Soňra Abaly serdar özüniň ýakyn kömekçisi hem maslahatçysy edip alypdyr. Abaly serdaryň özi uruş gutarmanka, bir dönügiň atan peýkamyndan ölüpdi.

Iner golak ony Ahala şeýle gürrüň beripdi. Abaly serdar goşunyň ol toparyndan beýleki toparyna barýan ekeni. Sazakly gola inenlerinde olaryň öňünden gara ýapynjaly eýran serbazlarynyň eşiginde bir gara atly çykypdyr. Ol şo golda öňden garaşyp duran bolara çemeli. Ol öňden taýýarlap duran ýaýynyň okuny goýberip, atyny ýüzin salyp gidipdir. Ok Abaly serdaryň çep gursagyndan degipdir. Ýigitleriň bir topary gara atlynyň yzyndan eňipdir.

Hasyr-husur atdan agan Iner awçy Abaly serdaryň ýykylmagyna maý bermändir. Ony gujaklap düşüripdir. Ýanyndakylaryň biriniň suw gabynda galan suwy azajyk-azajykdan agzyna damdyrypdyrlar. Gara atlyny tutup, elini-aýagyny daňyp atyň yzyna tirkäp getirenlerinde, Abaly serdar kellesini galdyryp “Ahalyň hossary ýokdur, Iner. Senden başga hossary ýokdur” diýipdir. Iner awçy Ahaly öz ogly ornunda saklamaga, ulalansoň öýermäge, hossar çykmaga söz beripdir. Ölen adama berlen söz mukaddes sözdür. Ol anty-kasamdanam ýokary tutulýar.

Uruş gutaransoň Abaly serdaryň maşgalasyny Iner awçy Ýandakly obasyna göçürip getiripdir. Şu obanyň maşgalasy hökmünde ýer-suw beripdirler. Şeýdibem Iner awçy Ahalyň hossary bolup galypdyr.

Dul galan Halbikä serdaryň yzyny ýitirmän saklamak üçin Iner awçy bütin maşgalasy bilen goltgy beripdir. Onuň hojalygynyň mal-garasynyň dargamazlygyna kömek edipdir. Iner golak Abaly serdar bilen dostlugyny şeýle berjaý edipdir.

Öz kakasyny atan dönügiň kimdigini Ahal soň, eýýäm ýigit çykanyndan soň eşidipdi. Iner aganyň aýtmagyna görä, ol goňşy obadan Abak baýyň Hasar diýilýän ogly ekeni. Ol alamançylyga gidende ele düşenmiş. Şol mahal Kesearkaja garşy uruş bolup, Maşadyň Ryzagulydan öňki hany ony jansyz bolmaga yrypdyr.

Şol zatlary pikir edip barýan Ahal Iner aganyň özüni çagyrmagyny geň görenokdy. Onuň ilkinji çagyryşy, ilkinji gezek ýumuş buýruşy däldi. Ony geň galdyrýan, howsala salýan zat Iner agalaryň öýüniň töwereginde jylawy gaňtarylgy duran atlaryň känligidi. Ol öýe golaýlaberende, gapydan Ilaman çykdy. Ol iki elini uzadyp:

— Ahal kaka, salawmaleýkim — diýip, onuň bilen görüşdi.

Oňa Ahal kaka diýmeginiň sebäbi Ilaman ondan üç ýarym ýaş dagy kiçidi. Abaly serdar aradan çykansoň, uruş uzaga çekmän gutarypdy. Urşuň gutaran ýylam Iner awçyň ekizleri Ilaman bilen Ýolaman dünýä inipdi.

— Bu nämäniň tutumy? — diýip, Ahalyň beren soragyna Ilaman:

— Bu ýerde eglenip durma-da, öýe gir, öýde aýdarlar — diýip, iki eli bilen onuň elini saklap durşuna idip öýe saldy. Gapydan girip:

— Ynha özem geldi — diýip, içerdäkilere ýüzlendi. Içeriniň dymyljyk howasy burnuna uran Ahal özüne sabyrsyzlyk bilen garaşylandygyny öýdäki adamlaryň keşbinden, olaryň hereketlerinden aňdy.

Iner golagyň uly jaýynda on-on bäş adam bardy. Tördäki ýaşulular diýäýmeseň, olaryň köpüsi ýeke dyzynyň üstünde otyrdylar. Olar ýigitlerdi.

— Gelen bolsaň, howwa — diýip, Iner golak bu çakylygyň, bu howsalanyň sebäbini mälim etdi. — Köwreýikli guýusyndaky ýoz çekenäni, howwa, galtamanlar sürüpdirler. Ine, çoluk geldi — diýip, Iner golak burça gysylyp, ýygrylyp oturan Gulgeldini görkezdi-de, sözüni dowam etdi. — Olar on adam, biz ynha, seniň bilen, çolugyň özi bilen sekiz adam jemledik.

— Sekiz adam az däl. Ýöne galtamanlar kimler-kä? — diýip, Ahal soragly nazaryny Gulgeldä tarap aýlady.

— Olar saňa atlaryny, gelen ýerlerini aýdar durarlar öýdýärmiň? — diýip, Garamergen torsarylyp aýtdy. Ol şu çakylyga Ahalyň çagyrylmagyny gysganyp otyrdy. “Ýadap gelýän adama azar bermäliň, özümiz oňararys” diýipdi.

Şu ýedi ýigidiň arasyna Ahaly goşdurmajak bolup, Garamergeniň dyzamagynyň öz sebäbi bardy. Ahalyň bar ýerinde serkerdelik,

ýigitleriň baştutany bolmak oňa ýetjek däldi. Onuň bolsa baştutan bolup gidesi gelýärdi. Goýunlary galtamanlaryň elinden aljagyna ol ynanýardy. Şol eden işiňe daýanyp, toklularyň birini öldürmegem, çölde şagal mesligi etmegem bolar. Ol işi edeniňden soňra, toklyny il-gün saňa bagyşlar.

Çölüň açyk howasy, baharyň maýyllygy, mylaýym öwüsýän şemal. Ojar oduň üstünde jyzyrdaýan çişligiň işdäňi açyjy ysy. Seniň buýrugyňa tabyn bolup duran oglanlar. Olar göwnühoşluk bilen seniň agzyňa çişlik tutup berýärler. Çopanyň kündügini gaýnadyp, käsä ajy gök çaý guýup uzadýarlar. Her owurtlaňda diliňi gaşap gidýän awyternek ýaly gök çaý. Sen bir han adam. Hanlyk bolsa Garamergeniň arzuw edip ýören zady. Goý azajyk bolsun. Azajygam bolsa eşret ahyry. Ýöne welin ynha Ahal gelip gapdaldan sokjaryldy. Iner golak indi ýigitleriň baştutany edin Ahaly bellär. Garamergen bolsa onuň sag goly bolar. Baştutan näme diýse, näme buýursa "Lepbeý aga" diýip ylgamaly. Ynha Ilaman ýaly. Garamergen beýle bolmagy halanok. Onuň "Ýadap gelen Ahala azar bermäliň" diýenem, "Olar saňa adyny aýdarmy?" diýip, torsarylmagam şonuň üçindi. Onuň içki dünýäsinden bihabar Ahal:

— Kimler diýýänim, kürtlermi ýa türkmenlermi diýip soradygym — diýip, ýüzüni Garamergene tarap öwürmän aýtdy. Şu soragy bereninde, Ahalyň göz öňüne gelen zat Barat pälwan bilen onuň ýoldaşlarydy.

— Özi-hä türkmenler. Ýöne bu golaýyň türkmenleri bora çemeli däl — diýip, çoluk öz çaklamasyny mälim etdi.

— Maly nirä sürdüler?

— Ilerik, Eýrana tarap.

— Onda ullakan howsala düşüp durasy işem ýok — diýip, Ahal arkaýyn gürledi. — Olar Şorguýuda düşlemeli, maly suwa ýakmaly bolarlar. Şorguýa bolsa ertir, günortadan bäri barmazlar.

— Olaryň aňyrdan Garçgaýyň üstünden gitmegem mümkin — diýip, Şally baý gürledi.

— Gulgeldiniň gaýdanyndan olaryň habary ýok. Olar arkaýyndyrlar.

— Çolugyň olaryň ýadyna soňrak düşmegem ahmaldyr.

— Ahmaldyr. Ýöne Garrybaý dagy başga gürrüň tapyp, howwa, çolugyň gizlenip galanyny aýtmazlar. Olaryň, howwa, ýalňyz umydy çoluk ahyry — diýip, Iner golak bir eli bilen gujagyndaky ýassygy düzedip oturyşyna aýtdy.

Öňünde goýlan çäýnegiň ajy çaýyny gaýtaryp, Ahal "Howwa" diýip, öz sözüni tassyklap gürleýän şu mähriban adamyny, özüniň uly hossary bolan adamyny, nebsewürlik bilen synlady. Onuň çep eli çigninden ýokdy. Ona Ahalyň ýüregi gyýylyp gitdi. Ahal onuň iki eliniň bar mahalynam bilýärdi. Bir elini aldyryşy hakynda Iner awçynyň özi şeýle gürrüň beripdi.

Kesearkaçda awçy az däldi. Ýöne awçylar hakda gürrüň etseler, ilki Iner awçynyň adyny tutup, gürrüňi şondan başlardylar. Günleriň birinde Iner awçy "Erek daglarynda bakylýan sygyrlara gaplaň azar berýärmiş" diýen habary eşidýär. Bu habar Iner ýaly zandyna guýma awçylary gozgaman, olaryň agzyny suwartman durup-biljek däldi.

Ol habary eşideninden gidermen boldy. Kerwen ussa ýasadan gapanlaryny suwuk torba salyp, eýeriň gaşyndan asdy. Sapy sünnälenip ýasalan, jezwerlenen, tygasy garyş ýarym jöwher pyçagyny gyny bilen biline gysdyrdy. Geçen uruşda göteren gylyjyny egninden asdy-da atlandy.

Gaplaňyň geçýän ýerlerini, suwa inýän güzerini aňtap Iner awçy kän aýlandy. Çopanlardan, çoluklardan sorady. Olar gaplaňyň nirede sygyr atanyny görkezip bilýärdiler. Ýöne ol ýerden gaplaňy taparmyň. Olar aw eden ýerinden gatnap ýören bolsalar bolaýmajakmy? Oýuň suwa inýän çeşmesini, güzerini, heý bolmanda suwa geçýän ýoluny tapsaň başga gep. Gaplaňlar suwa gatnaýan ýoluny, inýän güzerini aňsat üýtgetmeýärler. Şolary tapsaň, Iner awçynyňky ýalam gapan tapsaň, gaplaňyň derisini gerdeniňde sallanyp duran hasap edäýmeli.

Herki zada yhlas gerek. Yhlas akyla, paýhasa, güýje ýarpy diýse bolar. Şol aýdylýan zatlaryň her haýsynyň gapdalyndan yhlasyň bolmagy zerur. Aýdaly güýjüň bar. Ýöne göreşde ýykmak üçin, agyr ýük götermek üçin yhlasam gerek. Kyn ýagdaýdan baş çykarmak üçin akyl-paýhasam, guralam, höwesem bar. Şolaryň daşyndan yhlas gerek. “Yhlas bilen aglasaň sokur gözden ýaş çykar” diýip, ýöne ýere aýdylyp goýberilen zat däl.

Iner awçy yhlas bilen aňtadam, gaplanyň yzyny tapdam. Onda-da ne yz. Gaplaňlaryň bir endigi bar. Olar aw atansoňlar iýenini iýip, galanyny gömüp goýýarlar. Haçan ajyksalar, agtaryp iýip ýörler. Il arasynda “gaplaň eti porsadyp iýermiş” diýen gürrüň bar. Şol gürrüň

gaplaňlaryň şol edehätinden gelip çykan zat bolsa gerek. Iner awçam gaplaňyň “Ajygamda iýerin-dä” diýip, gömüp goýan maslygyna duş geldi. Ol darajyk zawda keserip ýatan iki sany ullakan daşyň arasyndady. Oňa iki tarapyndan ýol bardy. Iki daşyň arasyna ýa gündogarsyndan ýa-da günbatarsyndan girmelidi. Iner awçy gapanlaryny gaplaňyň iki daşyň arasyndan giräýjek ýerlerinde gurdy. Ol indi awyň ganly boljagyna şübhelenmeýärdi. Gapanlaryny häli-şindi barlap durýardy.

Ol çopanlaryň goşundan çykanynda, gün öýle bolupdy.

— Gün gijigiberende gelmesem, howwa, şol görkezen ýerime baraýgyn. Onda gaplaňyň gapana düşdügidir — diýip, ol çoluga tabşyrdy.

Awçy gapanlary guran ýerini çoluga görkezipdi. Onuň: “Baraýgyn” diýip beren tabşyrygynam “Başymdan bela iner-ow, çoluk meni halas etmeli bolar-ow” diýen maksat bilen däldi. Ol ýöne gaplaňyň hamyny almaga kömek gerek bolar öýdüpdi.

Awçy bela injegini, özüniň agyr ýagdaýa düşjegini bilenokdy. Şol bilmezligi bilenem gapanlaryň gurlan ýerine, özüniň duşjak aýylganç ýagdaýyna, agyr emgege tarap ýöräp barýardy.

Awçy özüniň ýörite taýýarlan bukusyna golaý geleninde, gaplaňyň gapana düşendigini gördi, synlady. Onuň bir öň aýagyndan, birem art aýagyndan düşen gapanlar ony sypdyrarly däldi. Onda-da zynjyr bilen daşa baglanan gapanlar gaplaňy duran ýerinde çüýläpdir. Oňa pugta göz ýetiren awçy gylyjyny syryp, daşlaryň aňyrsyndan çykdy. Ony gören gaplaň agzyny hatap ýaly

açyp, dişlerini syrtardyp, arlap, özüniň ezraýylyna towusdy. Duşmanyny ýüzüniň ugruna gabyrdadyp basjakdy. Ýöne gapanlar oňa beýtmäge maý bermediler, towusjak bolup dyzanyndan güýlüp atdylar.

Ýalaw ýaly gylyç gaplaňyň çat maňlaýyndan degdi. Maňlaýy iki bölünen gaplaň duran ýerinde agdaryldy. Aýagyny birki gezek kakdy. Şonuň bilenem gutardy. Awçy gylyjy bilen gaplaňyň o ýanyna bu ýanyna dürtekledi. Janynyň çykandygyna kemsiz gözüni ýetirip, gylyjynyň ganyny onuň derisine süpürdi. Ony gynyna salyp, gapdaldaky daşyň üstünde goýdy. Jöwher pyçagyny alyp, gaplaňy soýmaga başlady. Bu gaplaň üçin oba oňa iň bolmanda bir tüwe, ýa-da bir sygyr berjekdi. Bu uly aw. Onsoňam “Pylan obanyň sürüsine gelýän gaplaňy Iner awçy awlapdyr” diýen sözüň özi nämä degmeýär. Şol pikirleriň astynda maňlaýy çygjardy. Goly bilen derini sylyp goýberdi. Öl içinden “Çoluga irräk gel” diýmeli ekenim” diýip oýlandy.

Ol soýup oturan gaplaňyny ýarpylap barýardy. “Emgek göz bilen gaşyň arasynda” diýleni. Emgek bolsa onuň üstüne edil şo wagt geldi. Töweregine üns bermän işläp oturan awçy serpmeden gaýdan ýaly boldy. Bir wagyrdy gulagyna ildi. Bu gelen bela gaplaňdy. Öňki gaplaňyň ýoldaşydy. Ol munuň şeýledigini daş gaýdan ýaly bolup, üstüne gaplaň özüni oklandan soň bilip galdy.

Gaplaňlaryň jübüt bolup ýaşaýandygyny Iner awçy gözi bilen görmese-de, ol hakda köp gürrüňler eşidipdi. Ýöne şu ýatan gaplaňyň höwrüniň bardygyny hiç kim bilmändi. Çopan, çoluk ol

hakda hiç zat aýtmandy. Üstesine-de ätiýajy elden berdi. Ýogsa onuň bir wagt aradan çykyp giden halypasynyň, baryp otuz ýyl mundan öň aýdan sözi: “Gapan gurup, awlaýanyň gaplaň bolsa, özüňem gapanlaryň arasyndadygyňy unutmagyn. Ätiýajy sähelçejik elden berseň, özüň gapana düşersiň:.. Özüni durnalar ýaly ätiýaçlydyryn öýdüp ýören Iner awçy şu gün seresapsyzlyk edip gapana düşdi.

Gaplaň üstüne zyňanyndan Iner awçy çep elini onuň agzyna tutdurdy. Sag eli bilen jöwher pyçagy işledip ugrady. Jöwher pyçak Iner awçynyň aýtmagyna görä ikinji gezekde gaplaňyň ysgynyny alypdy. Ol ikinji, üçünji... onunjy pyçagy urup, gaplaňy süýndüripdi. Ýöne gaplaňam awçynyň çep elini çeýnäp harap edipdir.

Ahal Iner awçynyň düýäniň üstüne kese daňlyp getirilenini görüpdi. Nurbibi gelnejesiniň ýüzüni penjeläp “Waý!” diýip, ýykylanyny görüpdi. Ol on ýyl mundan öňdi. Iner awçynyň gaplaň bilen dikleşip urşanyny eşidip, onuň batyrlygyna agzyny açypdy. Beýle edermenligi özüniň hiç wagt oňarmajakdygyna gynanypdy. Onda-da ýüregine gyldyrgan batan ýaly bolup gynanypdy. Iner kakasyny bejertmek üçin uzak ýerlere, Maru-Şahu-jahana gidip, tebip getiripdi. Ondan-mundan çagyrylyp getirilen tebipler Iner awçynyň çep goluny çigniniň iki barmak aşak ýanyndan kesip aýrypdylar. Şondan soň ona golak lakamy galypdy.

Ýolbars bilen, gaplaň bilen ýörite dikleşýän pälwanlar bolanmyş diýip, Ahal köp eşidipdi. Olar çep gollaryna köne keçe, garagurum diýen ýaly zatlar bilen sarar ekenler. Ony ýyrtyjynyň agzyna tutduryp, pyçaklaryny işleder ekenler. Ahal ol zatlara ynanybam

duranok, unabam duranok. Ol edermenlik däl, ýerliksiz töwekgellik, ýeňilkellelik hasap edýär. Ahal “Onuň ýaly adamlar Iner golagyň gününe düşseler aljyrar, ýagdaýdan baş alyp çykyp bilmezler, heläk bolarlar” diýen pikire ynanýar.

Ahal ahyr pikirlerden soň ýene häzirki hakyky ýagdaýa gaýdyp geldi. Ony bu ýagdaýa gaýdyp getirenem Iner golagyň sesi boldy.

— Şu gitjek ýigitlere baştutanlyk etmegi, hawa, Nurmuhammet serdar saňa tabşyrsak diýýär. Şeý diýdiň dälmi, hawa — diýip, Iner golak özüniň sag tarapynda çep tirsegini ýassyga ýaplap aýaklaryny ýygryp gyşaran Nurahmet serdara seretdi. Elindäki käsäni ýerde goýan serdar başyny atyp:

— Ras aýdýaň — diýip, onuň sözüni tassyklady. Serdaryň bu tassyklamasy kime ýarasa-da, Garamergene ýaramady, özünden üç ýaş kiçi Ahalyň öňe sürülmegini, özi barka ýigitlere baştutan edip Ahalyň bellenmegini islänokdy. Şonuň üçinem Nurahmet serdaryň tassyklamasy oňa peýkam bolup sanjyldy. Ol sözi içagyryny, ötläni çeken ýaly çekdi. Onuň çytylan maňlaýyny, içiniň burlup gidenini hiç kim aňlamady. Onuň gözünde oky ýokdy. Oky bolsa serdaram, Inerem, Ahalam duran-duran ýerinde çüýlejekdi. Arman oňa güýji ýetenokdy. “Garynjanyňam bilini bilip bogupdyrlar” diýleni-dä.

Garamergen: “Kelläm symyljap dur, içim agyrýar” diýip müň bahana tapyp galasy geldi. Ýöne gurt degende, Goýmada diýilýän nakylyň özüne-de diýiljeginden "çekindi. Onsoňam baştutanlyga, şöhrata ölemen dyzaýanlygynyň sepi açylaryndan gorkdy. Eger şo sep açylaýsa, ýaşulularyňam oňa bolan ynamy gaçjakdy. Şolaryň

ynamy gaçansoň şöhrat üçin atygsap duran arzuwyň bilen hoşlaşaý. Haýsy bir ýumuş bolanda-da baştutan belleýän, seniň abraýyňy, şöhratyňy göterjek ýene şol ýaşulular. Şolar gara diýse garasyň, ak diýse aksyň.

Ine ýaşulularyň arasynda kakasy otyr. Olam şolaryň biri. Oglunyň peýdasyna kelam agyz söz aýdanok. Näme üçin? Edil şolar bilen dilleşen ýaly, ýa bir zat diýmäge golakdan çekinip ýörmükä? Ýa-da oglunyň Ahaldan pesdigine, emelsizdigine olam ynanýarmyka? "Olar öz aralarynda dilleşendirler. Kakamam şolara ynanandyr ýogsam agzy mumlanan ýaly beýdip oturmaz ahyry".

Iner golak gapydan girip, iç işikde ellerini owkalap duran Ilamana seretdi. Onuň gözlerindäki sorag alamatyna düşündi. Gujagyndaky ýassygy aýryp:

— Hä-ä, taýýarmy? Onda adamlaryň elini ýuwduryberiň, hawa — diýdi.

Adamlar daşaryk, açyk howa çykdylar. Ilaman bilen Handanyň hersiniň elinde uzyn jürnükli, ýaýbaň gulply eýran kündügi bardy.

Oglanlar sag eli bilen kündügiň gulpundan, çep elleri bilen jürnüginden tutup, ýaşulularyň eline suw akdyryp başladylar. Ýaşulularyň ellerini ýuwduryp bolansoňlar, Ahalyň eline suw akdyryp başlan Ilaman:

— Ahal kaka, bileje gidýäs — diýip, özüniň gizläp bilmedik begenjini daşyna çykardy.

Ol munuň ýaly ýumuşlara öňem gidipdi. Ýöne galtamanlar, garakçylar bilen entek ýüzbe-ýüz duşup görmändi. Şu gezek

duşaryn, jarka-jarka gylyçlaşaryn diýen umydy bardy. Öz deň-duşlary bilen çagalykdan bäri gylyçlaşyp, türgenleşip ýören Ilaman ilkinji gezek öz güýjüni söweşde synamakçydy.

Maslahata çagyrylan ýigitler nahara garaşman dagadylar. Daň tilki guýruk bolanynda, hol ilerki açyklykda ýygnanmaly etdiler. Nahara diňe ýaşulular galdylar. Ahal bilen Handany Ilaman goýbermedi.

— Meni bir nahary ýeke iýmeli etmäweriň — diýip saklady.

Öýe giren üç çanak palawyň ikisi ýaşulularyň öňünde galdy. Olar bäş adamdylar. Çanaklaryň daşyna egrilen adamlar Aýatylla işanyň bismilla diýerine garaşdylar.

Aýatylla işan Hafizulla işanyň iň uly ogludy. Hafizullanyň mundan kiçem Sadylla, Abdylla atly iki ogly bardy. Sadyllany Maru-Şahu-jahan etrapyna alyp gidipdiler. Şol ýerde oňa ýer-suw berip, ony molla edinip saklaýardylar, Abdyllany Akdaşaýak obasy äkidip, molla edinipdir. Ol Kesearkaçdady. Aýatylla işany şu obada galmaga Iner golagyň özi yrypdy. Oňa obadan dört tanap ýer beripdiler.

Hafizulla işanyň ogullary onuň özi ýaly ýetik ahun däldiler. Özi Hywada Allaguly hanyň medresesini gutarypdy. Hywa “Miskaýi fizilan”, ýagny “alymlar öýi” diýlip ýöne ýere aýdylmaýardy. Onda dünýäniň iň güýçli alymlary, ahunlary, hatamlary jemlenipdi. Hafizullanyň özi şolardan sapak alyp, çykan ahundy.

Onuň ogullary medresäni görmändiler. Olary işanyň özi okadypdy. Ol Hywadan gaýdanynda iki sandyk kitap alyp gaýdypdy. Olaryň arasynda “Kasasyl enbiýa”, “Hoja Ahmet Ýasawy” diýen

ýaly kitaplaram bardy. Hafizulla ogullaryny okadanynda diňe “Epdek” bilen “Rownak” bilen çäklenmedi. Olara “Gurhandan”, “Hadysdan” daşgary şol getiren kitaplaryny “Käfiýanam”, “Şemsiýanam”, “Haşiýanam” okatdy, öwretdi. Şeýdibem ogullaryny mollalaryň, ahunlaryň meýlisine, ylym, kitap hakdaky çekeleşigine goşular ýaly, nämäniň şerigata gelip, nämäniň kowahata sygmaýandygyny aňşyrar ýaly, edipdi. Üstesine-de “aňyrsy ýanar otmuş” diýilýän işanlardan, öwlatlardan iň ýokary gatlak hasap edilýän magtym tiresindendi. Şonuň üçinem Aýatylla obanyň diňe bir mollasy däl, haýyr işi, şer işi seljerip, şerigat bilen ölçäp oturan kazydy. Aýatylla işan:

— Serdar aga, alyberiň — diýip, onuň ýaşyna hormat goýup aýtdy.

Aýatylla Nurahmet serdardan kiçidi. Nurahmet oňa: “Amanmy” diýýärdi.

— Alyň onda, bismilla — diýip, Aýatylla işan sag eliniň ýeňini ýokaryk çermäp, penjäni palawa urdy. Onuň yzyndan ýaş tertibi boýunça Nurahmet serdardan başlap, Ilamana çenli ýeke-ýekeden nahara ellerini uzadyp başladylar.

Naharyň başynda gürläp oturmak gelşiksizlik hasap edilýärdi. Işandanam söz çykmansoň, adamlar sessiz nahar iýýärdiler, hem öz pikirleri bilen gümradylar.

Aýatylla işanyň pikiri hüşür-zekat hakyndady. Şu obada hüşür-zekady iň köp berýän Şally baýdy. Ýöne Aýatylla onuň hüşür-zekat berşine henizem müňkürlik edýärdi. “Gyzyl-kümüş şaýlardan

berilmeli zekat kyrkdan bir bolmaly”. Şally baý ýüzden birinem berýän däldir” diýip, işan şübhelenýärdi. “Onuň gyzyl şaýlary gaty köp bolmaly. Berýän zekady diňe Garamergeniň aýalynyň dakynýan şaý-sepiniň agramyna-da ýetenok. Onuň bilen ýerini, wagtyny tapyp, ol dünýäde soraljak hasap-hesipden, musulmançylygyň bäş şertinden, şol şertleriň biri bolan hüşür-zekatdan gürrüň etmeli. Şu gün şoňa maýam boldy”.

Şally baýyň ol zatlardan habary ýokdy. Onuň pikiri şu ýyl ýazyň aýaklarynda, tomsuň başlarynda Maşadyň, Maru-Şahu-jahanyň, Hywanyň bazarlaryna sürüljek mallar hakdady. Öten ýyl diňe Maşadyň, Maru-Şahu-jahanyň bazarlaryna gidýän sürülere öz mallaryny goşupdy. Bu ýyl Hywa mal sürülende oňa-da goşsam diýen pikiri bardy. Ol mal äkidip satýanlara-da müňkürdi. Olar malyň bahasyny doly berenoklar, gizleýärler. Şally baýyň eşitmişine görä, mal satmaga gidýänler doýup geläýýärmişler. Elbetde, işan aganyň aýdyşy ýaly ogurlyk edenler ol dünýäde dowzahda ýanar. Ýöne ondan Şally baýa düşýän zat ýok. Onda ýanýan biri ýakýan biri.

Şu ýyl Naryz kürti ýa-da Garamergeni Hywa mal sürýän adamlara goşsam diýen pikiri bar. Kesearkajyň köp obalaryndan, haýsam bolsa, bazarlaryň birine iberiljek mallar bir ýere ýygnanýar. Süriniň ýany bilen sürekçilerden başga-da ony satjaklar, ony galtamanlardan gorajaklar, atly-ýaragly jigitler gidýärler. Garamergeni şoňa, Naryz kürti sürekçilere goşsa boljak. Naryz kürt hiç wagt baýyň gepinden çykmajak wepaly gul. Şally baý ony öýerdi. Onuň edil özi ýaly

alamana gidip getirilen kürt gyzyny tapdy. Toý berdi. Beýle dabaraly, beýle uly bolmasa-da, toý tutdy.

Naryz kürti öýermegini Şally baý özüniň adamkärçiligi diýip hasaplaýardy. Aslynda onuň öýerilmegine sebäp bolan zat Şally baýyň gabanjaňlygydy. Baýyň öýünde-de gelin bardy, gyz bardy. Naryz bolsa daýaw, syratly oglan. Ony öýüň golaýynda saklamak ot bilen därini bir ýerde goýan ýaly bir zatdy. Naryz kürtsüz bolsa öý oňup biljek däldi. Odunyňa-da, suwuňa-da, oragyňa, döwegiňe-de şol Naryz kürt ýetişmelidi. Masgaraçylygyň öňünden gaçyp Şally baý oňa ürç edip gelinlik gözläpdem, tapypdam, öýeripdem.

Palawyň üstünde ýatan gapyrgalaryň etinden bir eliniň barmaklary bilen saklap, beýleki barmaklary bilen dörjeläp, bir tokga palawy jemlän, bölek etini şoňa garyp tokgalan Iner golagyň gözüniň öňüne ýaşlyk ýyllary gelip geçýärdi. Gözleri ýanyp turan Iner awçy Abaly serdaryň sag goly, attutary boldy. Onuň ýakyn kömekçisidi. Ol serdaryň: “Iner ýet, Meredaly pälwana aýt, goý, ol duşmanyň sag gapdalyndan gondalaw berip dursun” diýip, at üstünden üzeňňä galyp, gamçysyny uzadyp durşuny görýär.

— Lepbeý, serdarym — diýip, Iner awçy atyň başyny öwürýär. Türresine gamçy degen bedew toýnaklarynyň astyndan gum çägesini düýrmegi bilen zyňyp ak urpakdan aşyp gidýär.

Hawa, Abaly serdar... Ahalyň oňa bir almany iki bölen ýaly meňzeşdigini! Ahalam serdar bolmaga mynasyp ýigit.

Ertir daň entek agaryp-agarmanka atlanarlar. Onuň ýany bilen bolsa öz ogly Ilaman gider. Arman uly oglunyň, Ýolamanyň

ýoklugy. Ony bir ýumuş bilen Akdaşaýak obasyna iberipdi. Ol ertir geler. Bular gidensoňlar geler. Bähbit bolsun. Ilaman gidýär. Şoňa şükür. Ahal edil Abaly serdar ýaly atyn üstünde üzeňňä galar. “Ilaman, ýet, pylan zady pylan et diýer”. Ilaman: “Lepbeý, agasy” diýip, ata gamçy çalar. Iner golak öz içinden: “Ömrüň gaýtalanmasy ine şudur” diýip oýlandy.

Aýatylla işanyň eliniň ýagyny mesisine süpürip, gaýra çekilmegi Iner golagyň pikirleriniň arasyna düşdi.

— Işan aga, çekilme, howwa, baryndan iýip otur — diýip, Iner golak barmaklaryny ýalap aýtdy.

— Iýdim, bereket bersin. Tüweleme, süýjem bişirilipdir — diýip, Aýatylla işan nahary öwdi.

— Palaw diýilýän zady howlukman, köp wagtyň dowamynda iýmelidir — diýip, Şally baý öňe omzady-da, sözüniň üstüni ýetirdi. — Palawdan doýulmaýar. Ýöne çak bolansoň boldy ediläýýär. Men-ä barmaklarymyň ujy ýygyr-ýygyr bolýança iýýändirin.

Şally baýyň aýdýanynyň ugry ýok däldi. Ol kelte boýly togalak adamynyň nahardan doýan wagty ýokdy. Özi aýdyşy ýaly “Indi çak boldy” diýip goýardy. Häzirem onuň garny daşyna aýlanyp gidipdi. Ol başyna tahýa atylan ullakan suwkädä meňzeýärdi. Şonda-da bürgüdiňki ýaly penjesi palawy garbap alyp, pişigiň kellesi ýaly tokgalap agzyna oklaýardy.

Adamlar ýeke-ýekeden gaýra çekildiler. “Iý-dä” diýip, olaryň hersine mürähet edildi. Her kim köp iýenligini aýdyp nahary öwdi.

## ŞORGUÝA ÇENLI

Çekenäni halas etmek üçin ýola düşmeli atlylar bellenen ýere ýygnanyp ugranda, gündogar tarapda symgylt zolak emele gelipdi. Ine bu daň tilki guýruk boldy diýilýän wagtdy. Ýigitleriň ikisinden başgasy ýygnanypdy. Entek gelip ýetişmedikleriň biri Garamergendi, beýlekisi Nurahmet serdarlaryň goňşusy Atagulydy.

— Handan, Ataguly turmadymyka? — diýip, Ahal özi ýaly dor bedewli ýigitden sorady.

— Bir-ä bir turupdy.

Handan sözüniň yzyny aýtmanka, ümrüň içinden çykan ýaly bolup atly göründi.

— Hanha, gelýärem asyl — diýip, Handan sözüniň üstüni ýetirdi. Ataguly ýoldaşlary bilen salamlaşandan soň, Garamergene bir käse çaý içer salym garaşdylar. Gündogaryň symgylt zolagy barha ulalýardy, agarýardy. Gädile-gädile oraga dönen aý dik depede görünýärdi. Aýyň ýagtylygy diňe özüniň bardygyny bildirmäge ýetýärdi.

Aýa gözi düşen Ahal ejesiniň: “Dört tirkeşikleriň soňky aýam aýaklap barýar” diýeni ýadyna düşdi. Bu aý türkmenlerde ýigrimi dokuz günden ybarat aýlaryň biridi. Indiki aý Rejep, soňky Meret, Meretden soňam Oraza aýy. Bu bolsa tomsuň yssy wagtlary, günüň uzyn wagtlary bolar. Ahal agzyny beklänok. Ýöne ejesi selälige turanynda oýanyp, onuň bilen çaý içmekden lezzet alardy. Her ýylda

diňe bir gün selälige ýörite turardy. Olam gadyr gijesi diýilýän gijedi. Şol gün naharam iýýärdi, agzynam bekleýärdi. Tomsuň ot ýaly uzyn günlerinde agyz beklemegiň nähili kyndygyny ol bilýärdi.

Gadyr gijesi selälige turýan, agyz bekleýän bir özi däldi. Özi ýaly ýigitleriň köpüsi şeýledi.

Ol suwsardy, agzy kepäp, dodaklary ýarylara gelerdi. Şonda-da bir owurt suw içsem diýen pikiri ýokdy. Ol beýleki özi ýalylar suw içýärmiş diýip eşiderdi. Ony özüne erk edip bilmezlik, ejizlik hasap edýärdi. Öten ýyl Garamergen bilen bir ýerden gelýärdi. Ikisiniňem agzy beklidi. Bir guýudan atlaryny suwa ýakdylar. Şonda Garamergen:

— Hiç ýerde gürrüň etmäweri, men-ä suw içmesem öljek — diýip, Ahala ýalbardy. Ahal:

— Men seniň suw içeniňi göremok. Görsem aýdaryn — diýip, Dorbedewiň jylawyndan tutup, alyp gitdi. Garamergen hezil edip suw içdi. Ahal ony görmedi. Dogrusy görmedik boldy.

Ýigitleriň biriniň:

— Wagt-a boldy — diýen sesine Ahal pikirlerden açyldy. Daşyna garanjaklap:

— Ilaman, bar, Garamergeni turzup gaýt — diýip, sag gapdalynda duran ýigide ýüzlendi.

— Lepbeý, agasy.

— Oňa aýt-da, yzymyzdan ýetiber — diýip, Ahal atyny gündogar demirgazyga tarap sürüp ugrady. Atlylar çat manlaýlarynda

lowurdap duran ak ýyldyzy indi gördüler. Şu daň ýyldyzydy. Yrymçy ýigitler ony gowulyga ýordular.

Obanyň itleri atlylary ysyndan tanaýan ýaly, jabjynyp topulmadylar. Käwagt bir “haw-haw” edip ýaltalyk bilen üýrdüler. Olam “Sag-aman gidip geliň, ýoluňyz ak bolsun” diýip, pata berýän ýalydy. Atlylar sessiz-üýnsüz, ýagdan gyl sogrulan ýaly bolup obadan çykdylar.

Agşamky garalyp ugran asman topragy, paşyrdap oturan otlary birkemsiz ezipdir. Soňam bulutlar para-para bolup tüýdülipdir. Olaryň her ýerde bir bölegi galypdyr.

Asman alabaharyň garly meýdanlaryna meňzeýär. Gije gar meýdany kemsiz ýapar. Soňra bulut syrylyp, ertesi gün çykar. Ýeri keçe bolup ýapan gar erär. Meýdana seretseň guzaýlarda ýatan garlara gözüň düşer. Asmanyň buludam häzir edil şonuň ýalydy. Howadan gök otlaryň ysyna garylan, duýgyňa lezzet berýän mylaýym ys burnuňy gaşaýardy. Otlaryň terligi howa-da geçen ýalydy. Günortadan öwüsýän şemal çigrek däldi. Bu bolsa gündiňiz has mylaýym maýyl boljakdygyny aňladýardy.

Atlary gaty sürenokdylar. Olar öz ýorgasyna barýardylar. Toýnaklaryň sesi çala eşidilýärdi. Olaryň aýaklarynyň astyndan käwagt bir guş pysyrdap uçýardy. Ýöne atlaram olaryň pysyrdysyna ürküp ýa-da kürtdürip duranokdylar. Munuň ýaly wagt ýola düşseň beýle pysyrdynyň boljakdygyny bilýän ýalydy. Atlylaryň ýüzi barha gyzaryp, altyn öwsüp duran daňlaga tarapdy.

Esli ýöränlerinden soň Ilaman olaryň yzyndan ýetdi. Barşyna Ahalyň gapdalyna dykyldy-da:

— Häzir gelýär. Baramsoň turuzdylar. Arkaýyn ýatan ekenler — diýdi.

Soňra hiç kimden ses çykmady. Atlaryň şol gidip oturyşydy. Toýnaklar "typyrt-typyrt" edip birsydyrgyn seslenýärdi. Howa bolsa şol agaryp gidip otyrdy.

Günüň dogjak ýeri kömür etmek üçin gandymyň depe ýaly üýşürilip goýlan közüne meňzeýärdi. Heý bolman-da, Ahal ony şoňa meňzedýärdi. Ol her ýyl kömür edýärdi. Öten gyşam iki sebet kömür taýýarlap öýe getiripdi. Şol kömür henizem gutaranok. Ol semawar üçin iň ykjam, iň amatly odun. Semawar ýeke gysym kömür bilen gaýnaýar. Iki sebet kömür diýilýän zat bir tomsuň semawaryny bütin töwerekleri bilen oňarýar. Ýöne kömri diňe gandymdan taýýarlamaly. Gandym diýilýän agajam beýle bir üýşüp ýatanok, çöpläp almaly. Ahal kömri ogly Salyr bilen taýýarlapdy. Şonda: "Näme üçin kömri diňe gandymdan taýýarlamaly, sazakdan, çerkezden kömür edip bolmaýarmy? Näme üçin gumda sazak köp-de, gandym, sözen ýaly agaçlar az?" diýip, oňa sorag baryny ýagdyrypdy...

Ýylgynlynyň düzüne girip ugranlarynda, gün dogjak-dogjagyň üstündedi. Günüň dogjak ýeri güberilip görünýän äpet güle meňzeýärdi. Onuň aşagy gyzyl, ýokarsy sargylt reňkdedi. Güwläp ýanýan ýalna meňzeşdi. Asmandaky bölek-bölek bulutlara heniz dogmadyk günüň şöhlesi düşüp, mis jam ýaly gyzgylt öwüsýärdi. Şo

bulutlaryň gyrasy mise hasam meňzeşdi. Mämişi bilen garylan solgun gyrmyzy reňk. Oňa türkmenler narynç reňk diýýärler.

Garamergen atlylar Ýylgynly düzlüginiň çetinden girip ugranlarynda, olaryň yzyndan ýetdi. Atyň birneme gyssalandygy, howlukmaç sürlendigi onuň dem alşyndan görnüp durdy. Elbetde, at entek çygjarmandyr. Onsoňam muňa Küýki diýerler. Ýöne-möne zada çygjarýan at däldir. Onuň gyssalyp sürlendiginem diňe Ahalyň seýis gözleri aňypdy. At çalaja sojaýardy.

— Tas ýalançy bolupdym. Şu bela tabşyrsamam turuzmandyrlar — diýip, Garamergen gele-gelmäne öýdäkilerine igenip ugrady.

Öýdäkileri ony wagtynda turzupdylar.

— Gitjek bolsaň wagt-a boldy. Horaz gygyrýar — diýip, ony yralapdylar. Garamergen turmany kyn görüp, horazy biwagt gygyrmakda aýyplady. Oňa erbet sögünipdi.

— Beýle horazy palawa atmak gerek — diýip, beýlesine agdarylyp ýatypdy. Ýigitleriň ýanynda bolsa günäni öýdäkileriň üstüne atdy. Hiç kim onuň sözüne hawa-da diýmedi, ýogam. Atlar birsyhly typyrdaklap öňe ümzük atyp barýardylar.

Gözýetimden keýik sürüsiniň tapyrdaşyp barýandygy ýolagçylaryň gözüne ildi. Janawarlar atlylary uzakdan gören bolmaga çemeli. Olar ýyndamlykda köplenç wagt özlerinden rüstem gelýän bedew atlar bilen aýak synanyşmagy onçakly halap baranoklar. Şeýle ýaryşlaryň özleri üçin hasratly gutarýandygyny bilýärdiler. Şonuň üçinem uzakdan atlyny gördügi, golaýlaşaryna garaşyp durman, ökjäni götermek bilen bolýardylar. Atlylardan

açygrak bolanlaryny kem görenoklar. “Olar ynha düýeden gaçanokmyşlar” diýip gürrüň edýärler. Düýä bukulyp, olaryň has golaýyna, peýkam ýeter ýaly ýere barýanlaram, şeýdip aw edýänlerem barmyş. Ahal olar hakda edilýän myş-myş gürrüňleri eşitse-de, entek şeýle aw edilenini gözi bilen görmändi.

Atynyň sojap duranyna garaman, Garamergen keýiklere tarap ümledi.

— Biri-ýarymy alnaýsa-ha kem bolmazdy. Şorguýuda çişlig-ä bolardy — diýip yjaza soraýan ähende gürläp, Ahalyň ýüzüne seretdi. Ahal oňa seretmän:

— Sen ozalam bir gezek aw edipdiň, ýadyňa düşýärmikä? — diýip, şol içinden owlak çykan keýik hakynda ýatladyp aýtdy.

Awa dyzmaçlar diňe Garamergen däldi. Rugsat berilse Handanam. Ilamanam, beýlekilerem dyzmaçdy. Gözleri ýanyp duran ýigitler atlary bir derledenlerini kem görenokdylar. Şonuň üçinem Ahal sözüniň üstüni ýetireninde, hemmeler eşider ýaly edip aýtdy.

— Ýaz aýlary keýikleriň guzlaýan wagty bolýar. Şonuň üçinem häzir aw etmek gowy däl. Onuň ýagdaýyny Iner agadan gowy bilýän adam ýokdur. Şol “Aw etmek häzir bolmaz” diýip aýdýar.

Iner awçynyň ady orta düşensoň ýigitleriň dyzmaçlygy ýatdy. Bu ýigitleriň ýanynda Iner golagyň aýdany edil daşa ýazylan kanun ýaly görülýärdi. Ony halamaýan, onuň diýenine pisint etmeýän diňe bir adam bardy. Olam Garamergendi. Gözünde oky bolsa Iner golagy bir pursatam saklajak däldi. Gözüne ilen ýerinde serreldip taşlajakdy. Arman, güýji ýetenokdy. Garynjanyň bilini bilip bogupdyrlar.

“Bir wagt gaplaň awçynyň bir elini çeýnäpdir. Ol şonda durşuna çeýnän bolsa oňat bolardy. Onda gojany ilem ýigrenmezdi, Garamergenem”. Hawa, ol ilem diýip aýtdy. Garamergeniň özi ýigrenensoň, ony ilem ýigrenip ýörendir, heý bolmanda, ýigrenýän adam başga-da köpdür öýdýärdi. Ine “Ogram özüne osar, orramsam” diýilýän nakylyň manysy şu bolsa gerek. Eger Ahal bilen ikiçäk bolan bolsa onda şo duýgularyny daşyna çykarsa-da çykarardy. Häzir bu ýigitleriň öňünde oňa bogny ysmady. Diňe “Bolýar eken-dä” diýip, içini hümledip oňdy.

Az wagt dymşyp gitdiler. Soňra ýene ýuwaş-ýuwaşdan gürrüň başlandy. Ýene-de şadyýan şorta sözler aýdyldy. Gülküler dik asmana galdy. Käbir ýigitleriň öýlenendäki guşak çözdürişlerinden, ädik çykardyşlaryndan gürrüň açyldy. Kimdir biri çepiksiräk ýigidiň üstünden düşýärdi. Çepiksi ýigit öýlenende onuň gelni bilen geçiren ilkinji agşamyny diňläpdirler.

— “Garadolan pälwany ýykdym” diýip, gelniniň ýanynda öwünýä — diýip, Garamergen aýtdy. Çepiksi oglanam oňa sözde ýan berer ýaly däldi.

— Sen öte eşidensiň. Men Garamergen pälwany diýendirin — diýip, çepiksi ýigit gyzyp aýtdy. “Kelteje adam girrik bor” diýenleri dogry bolmaga çemeli, çepiksi ýigidiň hyrra gahary gelipdi, gulagyna çenli gyzarypdy.

— Seniň göreş tutaýmak hyýalyň-a ýokdur-da, çek atyň başyny. Ýene-de... — diýip, Garamergene janygyp aýtdy.

— Baý, senem-ä Nursähet, mis ýaly derrew gyzaýýaň-ow — diýip, Ahal ony köşeşdirjek boldy.

— Ýok, how, Ahal, bulara ynha Alyň ala meýdany diýäýmeseň, ýa-da “Hemedan daş bolsa, kädi ýakyn” edäýmeseň halys degnaňa degýärler — diýip, Nursähet jedirdedi.

Göreş meselesinde onuň Garamergeniň üstüne rüstem gürlemeginiň jany bardy. Göreşde Garamergeniň döwi pesdi. Ol ikisi köp göreşipdiler. Kän gezegem Nursähet ýykypdy. Bir saparky göreşde şeýle bir waka bolupdy. Garamergen bilen Nursähet kän çekeleşipdi. Kä ol dartdy, kä beýleki silkdi. Şo barmana Nursähet ony agdardy. Adamlaryň şowhuny bilen Nursähet nämäň-näme bolanyny bilenokdy. Gürpüldäp gaýdan Garamergen ýerinden turup bilmän ýatyrdy. Ýüzi edil burç ýaly dym-gyzyldy. Ony ýerinden turuzjak bolan ýigitler birden pakyrda berip gülüşdiler. Hiç zatdan habarsyz Nursähet bäsdeşiniň ýüzüne seretdi. Asyl onuň uçgury ýolnup, galyp bilmän ýatan bolsa nätjek. Bu entek öýlenmedik ýigit üçin uly masgaraçylykdy. Oňa tomaşa edýän diňe erkek adamlar däldi. Obanyň gelin-gyzlaram seredýärdiler. Bu ýagdaýy aňan gelin-gyzlar gülşüp, ýüzlerini sowdular. Şonda ýer-ä ýarylmandy, Garamergenem girmändi.

Elbetde, ony bu ýigitleriň hiç biri ýadyndan çykarmandy. Esasy ýadyndan çykarmadygam Garamergendi. Nursähetden aryny aljak bolup her hili pikir edip görüpdi. Bu ary ýerine salar ýaly däldi. Ol: “Göreşen bolup, märekäniň ortasynda birden balagyny aşak çeksem, syrtyny ýalaňaçlasam” diýibem oýlandy. Ýöne Garamergen ol

pikirini ýerine ýetirip biljek däldi. Bilmejeginiňem sebäbi bardy. Ilki sebäpleriň birem güýji, emeli pesdi. Elini guşakdan aýyrdygy Garamergeniň özi öňki gününe düşäýmese-de, güpürdäp ýykyljagynyň ujy iki däldi. Nursähediň ony desse gaýtaran ýaly gaýtarjakdygyny bilip durdy.

Nursähediň "Ýene-de..." diýip, Garamergene alarany şonuň üçindi. Nursähet ony ýatlamak islänokdy. Beýlekiler gürleşselerem, gürrüň etselerem, Nursähet olara goşulmazdy. Onuň häzirki gyzmasam Ahala aýdyşy ýaly halys degnasyna degipdi.

Garamergeniň şol ýykylyşyny Nursähet ýatlamasa-da, Garamergen onuň gelni bilen bolan ilkinji gijesinde diňländigini hemişe ýatlaýardy. Ilki-ilkiler, geň, gülşükli görnen gürrüňleri indi öňki täsirini ýitiripdi. Indi ol gürrüňler aýak aşagynda solan, esgi ýaly bolan gülüň ysynyň ýa-da aýdaly çomujyň gülüniň adama täsir edişi ýaly täsir edýärdi.

Bu ýatlamanyň başlanmagyna-da Garamergen özüniň sebäp bolanyny bildi. Ökünip, dilini dişledi. "Garadolan pälwan" diýen sözleri haýsy şeýtan seniň diliňe berdi?" diýip, öz-özüne käýindi. Ahalyň "Mis ýaly gyzaýýaň-ow" diýen sözi Garamergene ýarady. Ahalyň ady tutulsa seňrigini ýygyrýan Garamergeniň gözüne Ahal perişde ýaly bolup göründi.

Garamergeniň häsiýeti "Şeýtanyň şerinde, adam elinde, alty aýagy bar, guýrugy bilinde" diýilýän mataldaky terezilere çalymdaşdy. Bir söz ony göteribem bilýärdi, bir söz aşak basybam bilýärdi. Beýle häsiýeti Ahal ownuklyk, durumsyzlyk hasap edýärdi.

Garamergen bolsa özüniň şol ownuklygy bilenem adamlara baha berýärdi.

Ýigitleriň öňüni giň jar kesip ýatyrdy. Jar giň hem çuňdy.

Bu sil suwunyň geçen jaranydy. Şu jaran bilenem Ýylgynly düzlügi gutarýar. Bu jarandan geçip bir salym ýörärsiň weli, belentli-pesli gum depeleri başlanar. Onsoň aňyrda Şorguýam daş däldir. Olar jaranyň darrak ýerinden atlaryny bökdürip geçdiler-de, öz gorgunyna sürüp başladylar. Ahalyň ýigitleri atylan peýkam ýalydylar. Olaryň baryp degmeli nyşanasy Şorguýudy.

Şorguýyny nyşana diýip hasap etseň, oňa tarap atylan ýene bir peýkam bardy. Şol iki peýkam Şorguýuda duşmalydy. Ikinji peýkam bir süri dowardan, on sany galtamandan, Garrybaý çopandan, Tarhan suwçudan ybaratdy. Olar ikinji tarapdan Köwreýikli guýusyndan Şorguýa tarap süýşýärdi.

Çopanlaryň ähli goşy-golamy ýüklenen gök ineri idip barýan Tarhan gaty ýadaw görünýärdi. Ol entek gijäni ukusyz, mal sürüp, şöwür çekip geçirmändi. Ol gijäniň bir wagty gaçsam diýen pikire-de geldi. Ýene ol bu ýerlere näbeletdi. Häzir öýe gaýdaýmaly bolanda-da, nirä gitjegini biljek däldi. Çak bilen kybla gitmelidir öýdýärdi. Ýöne welin iňläp ýatan bu çölüň içinde bulutly gije niräň kybla, niräň guşlukdygyny näbiljek. Heý, bolmanda, asman bir açyk bolsady. Giçden soň gelip, asmany örten gara bulut ýyldyzlaryň öňüni gabsap durdy. Ýogsam galtamanlardan arasyny üzensoň, göni “Kerwengyran” ýyldyzyna tarap sürübermelidi. Asmandaky ýyldyzlaryň hersiniň bir ady bar. Ine, şolar açyk asmanly gijelerde

çopanlara ýol görkeziji bolupdyr. Bu çölleriň her ýerinde duş gelýän çelgileriň deregini tutupdyrlar.

Ýyldyzlaryň her haýsy hakynda rowaýat bar. Olaryň birnäçesini Tarhan Garrybaýdan eşidipdi. “Kerwengyran” hakynda ine şeýle gürrüň beripdi.

Gadym zamanlarda bu çöllerden bir uly kerwen barýan ekeni. Gije asmany bulut gaplap alypdyr. Kerwen bir oýda düşläpdir. Adamlar düýeleri çökerip ýatypdyr. Gije gelen bulut derrew syrylypdyr. Kerwenbaşy ony görüp adamlary örüzipdir. Düýeleriň ýüküni urup ugramakçy bolanlarynda çat maňlaýlaryndan lowurdap ak ýyldyz görnüpdir. Adamlar şony “Daňýyldyzymyka?” diýip, şol ýyldyza tarap gidipdir. Özleriniň ters tarapa gidendiklerini olar ertesi gün dogandan soň bilipdirler. Şeýdip kerwen bu ümmülmez çölde azaşypdyr. Suwsuzlygyň derdinden heläk bolupdyr. Ine, şondan soň ýyldyzyň adyna “Kerwengyran” diýipdirler. Ozal oňa “Myrryh” diýilýän eken. Garrybaýyň aýtmagyna görä bu ýyldyz öňem halanmaýan ekeni.

Häzir şol halanmaýan ýyldyzam ýok. Galtamanlardan gyçyp gitseňem bir ýerde ertire çenli garaşmaly. Üstesine-de ýagşam ýagaýsa, bar onsoň boldugy. Ertire buýup çykarsyň.

Gije ýagyş ýagdy. Kän ýagmady. Gök ýaýlaklara agyz suwy berip geçdi. Daňa golaý bulutlar paralanyp ugrady. Bulutlar daganda gaty basym dagadylar. Tarhan asmana seretdi. Ine, bir ýyldyzyň öňi açyldy. Ýene biri, ondan, mundan biri ýylpyldap göründi.

Hemmeden öňürti görnenem altyn orak ýaly aý boldy. Tarhan özüne golaýlan Garrybaýa:

— Häzir ikimizem gaçyp biljek. Asman açyldy. Obany taparys — diýdi. Garrybaý suwça seredip ynjyly ýylgyrdy:

— Bu sürini taşlap nirä gideýin? Ýok, ol-a bolmaz. Gulgeldä garaşaly. Olar bizi gözlärlerem, taparlaram.

Garrybaýdaky ynam Tarhana-da ýetdi. Ol düýäni çökerip, dynç alaýyn diýen niýet bilen düýä mündi. Hatapdan gaýrarak oturdy. Soňra azajyk irkileýin diýen pikir bilen hataby gujaklady. Gije şöwür çekenlerinde şeýdip, duýäniň üstünde gözüniň awusyny almaklyk çarwalaryň edähedidi, uklap, düýşürgäp düýeden ýykylýanlaram bardy. Ýöne Tarhan ondan gorkup duranok. Düýeden ýykylanyň bilen hiç zat bolmazmyş. Düýeler: “Meniň üstümden ýykylan adamynyň gaçan ýeri dabanymdan ýumşak bolsun” diýip dileg edermiş. Düýäniň dabanynyň nähilidigine bolsa Tarhan belet. Daşynyň hamyny aýyrsaň bylkyldap duran ak et. Düýäniň dabany ýaly ýere ýykylsaň, hiç zadam bolmaz. Ynha, eşekden ýykylsaň, ol başga gep. Eşek: “Toýnagymdan gaty ýere ýykaryn” diýermiş. Bilmersiň nämedendigini, ýöne eşekden ýykylan adam gaty ýykylýar, bir ýerini bijaý agyrdýar.

Tarhan gök ineriň üstünde hataby gujaklap, dessine irkildi. Garrybaý düýn günortanam irkilmedi. Şondan bärem aýak üstünde. Iň bärkisi eşeginem münenok. “Ol ýöräp barýarka irkilýär” diýýärler. Şo diýilýäniň dogry bolmagam ähtimal.

Galtamanlaryň hersi bir ýerden sürini sürüp barýardylar. Olar sürini howlukdyryp baranokdylar. Aç maly gyssanyň bilenem aljak galaň ýok. Süri diýilýän zadyň öz häsiýeti bar. Yzyny gyssarsyň weli, öňi duýmazam. Şol bir gidişidir. Ilki başda gyssabam gördüler. Heniz bir gol aşylmanka, atlaram, özlerem ýadadylar. Süllümbaý derlediler. Ýuwaş-ýuwaşdan özlerem köşeşdiler.

Galtamanlar "Oba habar ýeter-ow, yzymyzdan gelmeli atlylar Ýylgynly düzlüginiň çetinden girendir-ow" diýip pikir edenokdylar. Olaryň goýberen ýekeje ýalňyşy bardy. Her sürüde üç adam bolýandygyny ýa olar bilenokdylar, bilselerem ýatdan çykardylar. "Siz üç adam bolmaly, hany biriňiz?" diýip, hiç kim soramady.

Olar hiç hili howpa garaşmaýardylar. Süriniň alnyp gidilendigi hakyndaky habar oba baryp haçan ýetjek. On gündenmi, ýigrimi gündenmi? Ol belli däl. Oba bilen ýoz süriniň arasynda häli-şindi gelim-gidim bolup duranok. Şonuň üçinem galtamanlar ol tarapdan arkaýyndylar.

— Haly beg! — diýip, galtamanlaryň biri murtlak adama ýüzlendi. — Şorguýa-ha indi daş däl. Adamlara naharam bermelidir. Olar düýnden bäri käte bir döwüm çörek gemrip gelýärler.

— Dogry aýdýaň — diýip, Haly beg atynyň başyny çekdi. — Sen goýunlary sür-de baryber. Kimleri berseňem ýigitleriň dört sanysyny meniň ýanyma iber. Ol semiz işşekleriň birini alsynlar. Biz baryp, goýun öldürip, çişlik edeli.

Haly begiň bu gürrüňi gulagyna ýaran galtaman atynyň başyny öwürdi, ony gamçylady. Az wagtdan soň Şorguýa öňürti gitjek

beýleki dört atly galtamanbaşynyň gaşynda peýda boldy. Haly beg üsti Tarhanly inere tarap ümledi.

— Çolugam gitsin. Ol ýerde mallary suwa ýakmaly bolar. Düýäniň üstünde uklap oturmasyn.

Howa mazaly ýagtylansoň, ineriň üstüne bir işşegi ýukläp, bäş atly sürüden üzülip gitdi. Edil şu pursatda Şorguýa tarap barýan beýleki topary̆ň öňünden süri keýik çykypdy.

Galtamanlar Şorguýa gelip, işşegiň bogazyna pyçak goýanlarynda Ahalyň atlylary sil geçen jardan ötüp, ýüzlerini Şorguýa tutupdylar. Olaryň arasyndaky gürrüň indi boljak söweş hakynda gidýärdi. Ahal hüjüm edilende topbak hüjüm etmegi, birek-birekden daşlaşmazlygy ündeýärdi.

— Meniň töweregimde, ses ýeter ýaly ýerde bolmagy unutmaň. Söweşiň dowamynda eýdiň-beýdiň diýer ýaly — diýip, ýigitlere tabşyrdy. Ilaman eli gylyçly özüni Ahalyň gapdalynda görýär. Galtamanlar iki bolup Ahalyň daşyna geçýärler. Ilaman gylyjyny ýokaryk göterip, olara tarap eňýär. Olaryň birini öz üstüne alýar. Jarkada-jarka gylyçlaşýar. Ilaman ähli gazaby bilen duşmany ýeňýär. Beýlekini bolsa Ahal atdan agdarýar. Bular “Ynha bolar” diýlen hyýaldy.

Bu söweşde her kimin özüni görkezmek, söweşe ukyplydygyny subut etmek arzuwy bardy. Ol arzuw Nursähetde-de, Handanda-da bar. Ýöne ol Garamergende hasam uludy. Ol bu söweşde Ahaly öldürilen ýagdaýda, ýa-da agyr ýaralanan ýagdaýynda görýärdi. Özüniň duşmanlary paýhyn edip, sürini olardan gaýdyp alan

gahryman derejesinde görýärdi. Ol galtamanlaryň birnäçesini ýesir alyp, oba gaýdýar. Çagajyklar olaryň öňünden ylgaşyp çykýarlar. Adamlar jigitlere baş bolup, Küýkiniň üstünde gaýşaryp oturan Garamergene guwanç bilen seredýärler. Ony ýigitleriň öňbaşçysy edip bellemänine Iner golak gör nähili ökünýär. Onuň öňbaşçy edip bellän Ahaly düýäniň üstünde ýaraly keserip ýatyr.

— Durnalar, durnalar barýar — diýip, ýigitleriň biri gygyrdy. Adamlar hol uzakdan, olaryň öňlerini kesip uçup barýan durnalara seretdiler. Şol ses Garamergenem pikirlerinden açdy. Ony hakyky dünýä gaýdyp getirdi. Atlylaryň öňünden häli-şindi towşan turup hasanaklap gaçýar. Olar mele erşiň oklanan ýumagy ýaly bolup gözden ýitip gidýärler. Kämahal bir tilki görünýärdi. Olaryň uzyn sümek ýaly guýruklary dogrudanam agaryp gelýän daňlaga meňzeýärdi. Onuň mele guýrugyny her ýerde bir ýylpyldadyp gaçyp barşy sygyrsiýdik diýilýän nagşa meňzeýärdi. Olar hemişe kä saga, kä çepe öwrülip ziňk-ziňk edip barýarlar. Tilkiniň göni gaçyp barýanyny awçylaryň arasynda göreni ýokmuşyn.

Ýigitleriň gözi birden bärsine garanjaklap gaçyp barýan möjege düşdi. Gylyçlar şakyrdap gyndan çykdy. Ine, muny awlamagy Ahal gadagan etmez. Bu-da galtamanlaryň biri. Muny awlasaň bir işşegi bar. Şol işşegi söweşden soň oturyp iýäýseň bolar. Şo pikirler bilen gylyçlaryny sogran ýigitler atlaryna gamçy çalmankalar:

— Duruň— diýip, Ahal gamçyly elini ýokaryk galdyrdy. — Hol depäni görýäňizmi? Şondan aşarsyň welin, Şorguýudyr. Olaryň eýýäm şo taýda bolaýmaklary mümkin. Häzir atlary ýadatmaň.

Ýigitler bu pikirdenem el çekmeli boldular. Dogrudanam, möjegiň has uluragy bilen duşuşjak bolup durkaň, bu möjege kowalaşyp, güýç sarp etmek nämä gerek?!

Atlylar ýüzlerini Ahalyň görkezen depesine tarap tutup, sürüp ugradylar. Esli wagt ýigitleriň hiç birisinden ses çykmady. Ýene-de her kim öz pikirine gümra boldy. Diňe atlaryň aýaklarynyň dükürdisi eşidilýärdi. Şo diýilýän depä ýetenlerinde Ahal gamçyly elini galdyryp, yzyndaky ýigitlere ýüzüni öwürdi.

— Siz şu ýerde duruň. Meniň yşaratyma garaşyň. Ilaman ikimiz barlaly — diýdi.

Ýigitler atlaryň başyny çekdiler. Ahal bilen Ilaman atlaryny sürüp, depä dyrmaşyp ugradylar. Ahal depä çykanda, ýigitleri aşakda goýmak bilen ýalňyşlyk edenini duýdy. Giň goluň aňry böwründe ot ýakyp, tarakga gurap oturan galtamanlar Ahal depä çykan dessine gördüler. Ilaman yzdakylara telpegini bulady. Özi bolsa Ahalyň yzy bilen gola tarap at goýdy. Galtamanlar iki atlyny gördüler. Olar garşylyk görkezmek maksady bilen atlandylar. Ýöne soňky çykan alty atlyny görüp, ökjäni göterdiler. Olar atlaryny gamçylap, aňyrky gerişden aşdy. Ahalyň ýigitleri tabyrdaşyp gelenlerinde oduň töwereginde iki adam galypdy. Olaryň biri Tarhandy, beýlekisi Haly begdi, galtamanlaryň baştutanydy. Haly beg gaçmaga ýetişmändi. Ol atyna dynç bermek maksady bilen eýerini aýrypdy. At ota gyzygyp, eýesinden uzaklaşypdy.

Haly begem özgeler gaçanda turup ylgady. Eýersiz atyna münüp gaçmakçy boldy. Ýöne oňarmady. Elleri ýalaňaç gylyçly “Ýa

Alla!!!” diýip, gygyryp gelýän atlylar onuň ysgynyny alypdy. Ata münüp bilmän aljyrapdy. Gylyjyny elinden gaçyrdy. Depesinde lowurdan gylyja ellerini daldalady. Dady-perýat edip gygyrdy. Onuň depesinde gylyç göteren Garamergendi. Ol atdan düşüp, Haly begiň gylyjyny aldy, özüni ýesir tutdy.

Gaçan dört atlyny kowalap giden Ahal dagy yzyna öwrüldiler. Elini çarpyp, towsaklap keýp edýän Tarhan olary çişligiň başyna çagyrdy. Ahal Dorbedewi çapdyryp, Haly beg bilen Garamergeniň ýanyna bardy. Tarhana gamçy çalan wagty haýbatly görünýän sary murtly pyýada indi suwa çümdürilip çykarylan körsyçana, ezilen torgaýa meňzeýärdi.

— Adyň näme? — diýip, Ahal azmly sorady. Onuň ýognasdan höküm ediji, hakyky serdarlara muwapyk bolan sesine ýesir hasam aljyrady.

— Hally, Hally meniň adym — diýim, ýesir ejizläp, çalt-çalt gepläp jogap berdi. Hawa onuň ady Hallydy. Ýöne ony galtamanlar mahabatlandyrmak üçin Haly beg diýýärdiler.

— Siz näçe atly?

— On, agasy. On atly.

— Gaçyp gidenler näçedi?

— Gaçyp gidenler bäş, ýok dört, dört.

— Bäşisi süriniň ýanyndamy?

— Hawa, agasy, süriniň ýanynda. Olar indi gelmeli. Ynha gelerler.

Edil şu pursat garaşylmadyk bir ýagdaý ýüze çykdy. Oňa Ahalam, Garamergenem aljyrap seretdi. Ýesir gorkuly gözlerini elek-çelek tegeläp, aşak ýapyryldy. Niredendir ylgap gelen Tarhan ýesiriň depesinden gamçyny inderip ugrady. Ol Haly begiň ýüzi diýmän, gözi diýmän çem gelen ýerine şarpyldadyp inderip ugrady. Şarpyldynyň arasynda "Häh, häh" diýen ses gelýärdi.

— Ine, saňa it ogly, ine saňa eşek ogly! Bu Goýmadyň haky! Bu-da Garagözüň haky! Men saňa görkezerin kimiň haramzadadygyny. Me ýene! Gerekmi ýene? — diýip birnäçe gezek saýgylady. Ahyry Ahalyň:

—Ýeri boldy edäý indi — diýen sözünden soň Tarhan saklandy. Sojap-sojap dem aldy.

— Gerekmi haram haramzada! Ýaman garawsyz çalýardyň-la gamçyňy! Aýt, ajymy, süýji? — diýip, ony ýene birgezek gamçy bilen çowlap goýberdi.

— Garamergen sen ýesiriň bilen galarsyň, onuň atyny ýaragyny Tarhana ber. Olam seniň bilen galar. Sürini suwa ýakmaga taýýarlansyn — diýip, Ahal çişligiň başyna üýşen ýigitleriň ýanyna bardy.

Ahalyň bu sözi Tarhanyň göwnüni göterdi. Ol Haly begiň gylyjyny hasyr-husur dakyndy. Gylyjy gynyndan syryp aldy. Ony günüň şöhlesine lowurdadyp, ýesiriň gözüniň öňünde bulaýlady. Muňa Haly begiň reňki hasam üýtgedi. Gylyç gamçy däl. Onuň bilen bir gezek uransoň ikinji gezek urjak bolup oturmagyň geregem ýok. Bu-da bir gahary gelip duran oglandyr. Gylyjy bir gezek aýlasa,

gutardy. Edýäniň galtamançylyk bolsa, soňunyň şeýle gutarmagy bolup biläýjek zatdy.

— Gulgeldi, senem şu ýerde gal. Çişlik bişiriň. Adamlar açdyr. Bir zat iýdirmeli bolar — diýip, Ahal aýtdy.

Ol adamlara nahar bermelidigini, olary aç saklap ýörüp bolmajakdygyny Şorguýa çenli ýolda pikirlenipdi. Şu ýoz mallaryň arasynda özüniň ýigrimiden gowrak goýny bar. “Şolaryň birini öldürmeli bor” diýip gelýärdi. Bu meseläni galtamanlaryň özleri çözüpdirler. Indi şu öldürilen goýny iýip, öz goýnuny şonuň deregine bermegi ýüregine düwüpdi.

— Handan, senem bulara kömekçi gal. Beýlekiler meniň yzym bilen. Süriniň öňünden çykmasak, ýaňkylaryň gidip goşulmagy bolup biläýjek zatdyr. Olara güýjüni jemlemäge maý bermeli däl — diýip, Dorbedewi sürüp ugrady.

Bäş atly topar tutup ugranda, Garamergen bilen ýesiriň gykylygy dik asmana galdy. Garamergen gamçysyny galdyryp, hemle urýardy. Haly beg jibir-jibir edip ýalbarýardy. Atlylar saklandylar. Ahal nämäniň-nämedigini saýgarmak üçin olaryň ýanyna bardy.

— Agasy rehim ediň! Rehim ediň! — diýip, ýesir Ahalyň öňünde dyza çökdi. Iki elini ýokary göterip ýalbarmaga başlady. Ahal nämäniň-nämedigine göz ýetirensoň loh-loh edip güldi. Garamergen gaçmasyn diýip, onuň uçguryny sogrup aýyrjak bolup dyzaýardy. Haly beg ýatyp-ýatyp çabalanyp ýalbarýardy. Uçguryny bermejek bolup dyrjaşýardy.

— Jan aga, gaçmaýyn, ony bir etme — diýip ýalbarýardy.

— Goý, onsuzam gaçasy ýok — diýip, Ahal aýdansoň gaýra çekildi. Ýerde süýnüp ýatan Haly begiň ýagyrnysyna gamçysy bilen çowlap goýberdi-de:

— It ogly, haramzada — diýip sögündi.

— Garamergen, sen at üstünde bol. Gaçan atlylar gaýdyp geläýmesin. Gulgeldi, Tarhan, sizem atyňyzy mydama öz ýanyňyzda saklaň — diýip, Ahal beýleki ýigitleri yzyna tirkäp, süriniň öňünden çykmaga gitdi. Olar sürä iki gol aşanlarynda duşdular. Ýöne Ilamanyň arzuw edişi ýaly söweş bu gezegem bolmady.

— Janyňyzy gutaryň — diýip, galtamanlaryň biri gygyrdy. Atlylar duran-duran ýerlerinden ökjäni göterdiler. Olaryň hemmesi bir tarapa däl-de, hersi bir tarapa gaçdy. Garrybaý çopan gapdalyndan at gamçylap geçen galtamana dazyrdadyp taýagyny zyňdy.

Bu waka galtamanlar üçin garaşylmadyk ýagdaýam bolsa Garrybaý üçin garaşylmadyk ýagdaý däldi. Oňa ol düýnden bäri garaşyp ýördi. Ol gaçan galtamanyň yzyndan erbet sögünip galdy.

Atlylar Garrybaý bilen salamlaşdylar. Şorguýuda özüniňkilerden başga garaşýanyň ýokdugyny eşidip, çopan hasam ynjaldy. Süri şu pursatdan başlap öňki kaddyna geldi. Edil öňki inýän wagty gün guşluga galanda suwa indi. Ýöne ol suwa Köwreýikli guýusynda däl-de, Şorguýuda suwa indi. Ahalyň atlylaram süri bilen gaýdyp geldiler. Olaryň gelmegi bilen Gulgeldiniň kömekçileri köpeldi.

Ahal gozganyp bilmän oturan Haly begi görüp Garamergene tarap seredip güldi.

— Sen ýene öňki diýeniňi edipsiň-ow.

— Şeýtmeseň boljak däl. Gaçan galtamanlaryň geläýmegi ahmal. Olar geläýdigi, bu gaçjak bolar. Şeýtseň welin arkaýynrak bolýar — diýip, Garamergen gürledi.

Tarhan, guýynyň başynda öz işine girişdi. Gök iner bilen gowalap suw çekýärdi. Olary pagladyp, nowalara guýýardy. Onuň balagy öňküsi ýaly çermelip dyzyndan geçirilipdi. Haly begiň aty onuň ýanynda jylawy gaýtarylgy taýýar durdy. “Häh” boldugy “Mäh” bolaýmalydy. Gulgeldem töwereginiň kömekçileri köpelensoň galan işleri olara tabşyryp, kakasyna goýny bölüp goýbermäge kömekleşmäge gitdi.

Şorguýuda ýigitler iki gün boldular. Onuň töweregini torç edip aýlandylar. Dolanyp galtamanlardan derek tapmadylar. Edil Haly begiň aýdyşy ýaly boldy.

— Olar indi gaýdyp gelmezler — diýip, ol ýaranlary gaçan wagty aýdypdy.

— Näme üçin gelmezler? — diýip, Ahal sorady.

— Sebäp olar haramzada. Nöker däl. Mugt ýalyň güjükleri — diýip, jany ýangynlylyk bilen aýtdy.

## HALLY GALTAMAN

Garamergen oba gaýdyp gelende, arzuw edişi ýaly bolmasa-da şoňa ýakynrak bolupdy. Ol ýesiri atyna mündürip, aýaklaryny aşagyndan daňypdy. Atyny öz atynyň yzyna tirkäpdi. Özem ähli

ýigitleriň öňüne düşüp gelipdi. Ol Küýkiniň üstünde uly ýeňiş bilen gelýän serkerde ýaly gaýşaryp otyrdy. Oba adamlary uludan-kiçä ylgaşyp öýden çykdylar. Çopantelpek gülleri ýaly kelleleri şyrdaklyja çagalar şapadaňlaşyp has-da keýp edýärdiler. Hemme kişiniň dilin-de, hemme kişiniň gözünde Garamergendi. Märeke nökerleri gapdallap barýardy. Ýigitler Iner golagyň öýüne sowlandan soň, märeke olardan galdy.

Iner golak howanyň maýyllygyna garamazdan göwşüllän Hywa donuny ýasgynjak atynyp, gapa çykdy. Onuň ýanynda Şally baý, Nurahmet serdar, Ýolaman bardy. Ýigitler atdan agdylar. Obanyň iň ýaşulusy Nurahmet serdar bilen, Iner golak bilen, soňra beýlekiler bilen salamlaşdylar. Şol arada Garamergen ýesiri atdan düşürdi. Ony ýaşulularyň öňüne getirip, ýeňsesinden batly itekledi. Ýesir ýaşulularyň aýagynyň aşagyna ýykyldy.

Obanyň ýaşulusy diýip, Iner golak hasap edilýärdi. Bütin oba şoňa gulak asýardy. Galtamanlar hakyndaky habaryň ilki şu öýe gelmegi hem, maslahatyň şu öýde edilmegi hem, ýigitleriň ýesiri şu öýe getirilip, ýaşulularyň aýaklarynyň astyna ýykmaklaram şonuň üçindi. Iner golak aýagynyň astynda maňlaýyny ýer berip ýatan galtamana sesini çykarman ep-esli wagt seredip durdy. Soňra aýagy bilen itekledi.

— Hany tur, ýeriňden — diýip, özüniň ýuwaş güňleç sesi bilen aýtdy. Ýüzüne öliniň reňki uran Haly beg ýüzüni ýokaryk galdyrdy-da:

— Hä — diýip, ker bilen gepleşýän ýaly gygyrdy. Iner golak başyny atyp:

— Ýeriňden tur diýýän, howwa — diýdi.

Haly beg ýerinden turdy. Iner golagam, onuň ýanyndakylaram daşyndaky tomaşaçylaram galtamanyň boýuny gözleri bilen ölçeýän ýaly synladylar.

— Nireden borsuň?— diýip, Iner golak ýene-de gysgajyk sorag berdi.

— Hyratdan, agasy, Hyrat türkmenlerinden.

— Eneň-ataň barmy?

— Ýok, agasy. Iki sanyjak naçar jigim bardy. Olaram...

— Galtamanlyga nähili baş goşup ýörsüň?

— Ol uly gürruň agasy. Eger aýt diýseňiz, size jikme-jik gürrüň bereýin.

— Geregi ýok. Soň aýdarsyň, howwa — diýip, Iner golak elini salgap goýberdi. — Äkit, Garamergen, soň özüň gürleşersiň.

— Ýör hany — diýip, Garamergen onuň ýeňsesinden itekläp alyp gitdi.

Eli ýalaňaç gylyçly Garamergen ýesiri öňüne salyp, oba çagalarynyň goldawynda öýlerine tarap ugrady. Ony bütin obanyň içi bilen geçirip, öz öýlerine getirdi. Ony köneje saman tamyna salyp, gapyny ýapdy. Köne, şakyrdap duran gabsanyň öňüne üýşürip bilen zadyny üýşürdi. Çagalar bolsa bütin obanyň içi bilen:

*Galtaman-a galtaman,*

*Emjejigiňe dürtemen...*

— diýip gygyryşyp, öz aralarynda Garamergeni gadymy ertekileriň pälwanlaryna, uly goşun serkerdelerine, döwleri, jynlary ýeňýän gerçege meňzedip gürrüň edýärdiler. Garamergen olaryň şo gürrüňlerini eşitmedik bolýardy, öz ýanyndan welin lezzet alýardy. Ol ýesiri tussag eden tamynyň gapysyny daş bilen, beýleki bilen birkemsiz bekländen soň:

— Gapyny itekläýse aýdyň, men onuň kellesini alaryn — diýip öz öýüne girdi.

Uzynly gün obanyň gürrüňi tutulan galtaman, Garamergeniň edermenligi hakda boldy. “Bir özi bäş galtamanyň garşysyna urşanmyşyn, dördüsi gaçyp zordan başyny gutaranmyşyn, muny bolsa atdan ýykyp ýesir alanmyşyn. Il içinde “Murtly galtaman diýilýän şumuş” diýen ýaly gürrüň haýsy öýe barsaň edilýärdi.

Murtly galtaman hakdaky gürrüň il içinde ýaňrakdan bäri çykyp ugrapdy. Olar Akdaşaýak obasynyň süri malyny alyp gidipdirler. Çopan bilen çolugy daňyp taşlapdyrlar. Olar zordan boşanyp oba gelipdir. Süri bolsa şo gidişine gidiberipdir. Derenli obanyň sürüsini sürenlerinde, oba ýigitleri duýup, yzyndan ýetipdirler. Ýigitleriň gelýänini görüp, galtamanlar gaçyp zordan başyny gutarypdyrlar. Olaryň baştutany çopanyň, çolugyň güwä geçmegine görä, şu sary murtly galtamanmyşyn. Gelip-gelip ol bu gün Garamergeniň eline düşdi. Onda-da günäsiniň üstünde tutuldy.

Haly beg bilen ikiçäk gürleşmek üçin Garamergen ony agşam öz jaýyna alyp geldi. Onuň öňünde bir çäýnek çaý goýdy. Özem bir owadan gülli çäýnegi öňüne çekip, çaýyny gaýtardy-da:

— Hany gürrüň berip otur — diýip, gaşlarynyň aşagyndan ýesire ulumsylyk bilen seretdi.

— Nämäni gürrüň bereýin, agasy?

— Nähili galtamançylyga çykyşyňy.

— Men olary Şorguýuda gürrüň beripdim ahyry.

— Ol gezek oňly diňläp bilmedim — diýip, sözüniň üstüni azmly ýetirdi. —Aýt-da, aýt diýlende. Buýtar-suýtar etseňem...

Buýtar-suýtar edende näme etjegini ol aýtmady. Belki ony gamçylajakdyr. Burnunyň üstüne ýumruk bilen urjakdyr. Heý bolmanda, çaý-nahar bermän, öňki ýerine, köne tama dykyp daşyndan beklejekdir.

— Aýtsam, agasy, meniň kakama Keraly söwdagär diýerler. Ony Hyrat ýaly uly şäherde tanamaýan ýok diýseňem boljak — diýip, ýesir gürrüň berip başlady.

Keraly söwdagäriň Hyrat şäherinde uly bolmadyk ortaça dükany bolupdyr. Isfihana, Buhara, Samarkanda gatnaýan kerwenlere Keraly söwdagärem öz düýeleri bilen goşulýar ekeni. Ol ýerlerden getiren harytlary bilen öz dükanyny üpjün eder ekeni. Bularyň baýlygy artyp, dükany ulalyp barmasa-da, maşgalany oňat oňarýan ekeni. Keralynyň maşgalasynda bir ogul bilen iki gyz bolupdyr. Onuň ogly Hally lälik ösdürilipdir. Söwdagär özüniň mirasdüşerinden hiç zadyny gaýgyrmandyr. Hallynyň özünden kiçi gyz jigileriniň, ejesiniň ýanynda diýeni diýen, aýdany aýdan ekeni. Ol köçede urşup gelip, urlan bolsa, aryny iki gyz jigilerinden çykarar ekeni. Onuň

urşup maňlaýyny çişiren, burnuny ganadyp, gözüniň üstüni göm-gök etdirip gelýän wagty az bolmandyr. Bu onuň çaga wagtlary.

Hally jahyl wagtlary jalaý bolupdyr. Aýal maşgala lak atman geçmegi gaty kyn görüpdir. Gijelerini haremhanalarda, owadan gelinler bilen bujnurd şerabyny içip geçipdirler, keýp çekipdir. Bujnurd şerabyny içip, haremhanalarda keýp çekmek üçin Keraly söwdagäriň dükany ýaly dükanyň bolmagy ýeterlik däl. Oňa has ulurak baý bolmaly, ýa-da diýeni bolup duran beg bolmaly, han bolmaly. Keraly söwdagäre oglunyň bu sowurjaňlygy, jalaýlygy ýaramaýar. Üstesine-de şeýleräk bir waka bolup geçýär.

Hyradyň "Bossan" köçesinde gür bagly kiçeňräk howluda Hurşyt banu diýen orta ýaşy alkymlap baran, çekgelerinden ýek-ýarym ak gyl görnüp duran dul aýal ýaşaýar. Onuň jaýy köpçülik üçin bolmasa-da, iki-ýekeler üçin gelip-gidilýän, karar tapylýan ýerdi. Hurşyt banu şäheriň saýlama baý ýigitlerinden ýek-ýarymyny özüne müşderi edinýärdi. Olar hanyň, begiň, uly söwdagäriň, zemindarlaryň ogludy. Keraly söwdagäriňem ogly giç-guryn şo töwereklerde köw-söw edýänleriň biridi.

Hurşyt banuwyň howlusynda görner ýaly Hally uly baýyň, beg diýen ýaly adamyň oglam däldi. Hurşyt banu Keraly söwdagäriň dükanyna tötänden barypdyr. Şol mahal Hally ejesine dükanyň işini ýöretmege kömekleşýär ekeni. Hurşyt banu dükanyň içinde kän aýlanýar. Ýüpek parçalary aşagrak bahadan, özüniň kesen bahasyndan dileýär. Käsini razylaşýar, käsini razylaşanok. Käbirini öz boýuna deňäp:

— Nähili, gelişýärmi? — diýip, Hallydan soraýar. Onuň ýyljyraklap duran owadan gözlerinden ýigitlik duýgusy oýanan Hally baş atýar:

— Hawa, gaty owadan, gaty gowy, wah, siz onsuzam gowy ahyry — diýip öwýär. Banu bir topar zatlary aljakdygyny, ýöne ýanynda gapjygynyň ýokdugyny, şu oglan gidip alyp gaýtsa, puluny öýden berjekdigini aýdýar. Özüniň gowy söwda edenine begenen ejesi:

— Hally, oglum, sen şu gelin bilen git. Ol saňa alty tümen berer. Şony alyp gaýt — diýip, ogluna aýtdy.

Hally Hurşyt banuwyň yzyna düşdi. Olar haşamly baý öýleriň depseň yranmaz dükanlaryň duşundan geçip, “Göwherşat” medresesiniň deňine ýetdiler. Bu meşhur medresä Hally öňem bir gezek gelip görüpdi. Hyradyň şol uly medresesinde Keraly söwdagäriň bir dosty okaýan ekeni. Kakasy bir gezek şol dostunyň ýanyna Hallynam alyp gidipdi. Ýüzüne gündogaryň ajaýyp owadan nagyşlary çekilen “Kuranyň” süreleri ýazylan diwarlar diýseň owadandy.

Medreseden ep-esli arany açyp “Bossan” köçesine sowuldylar. Birsalym ýöränlerinden soň, gök gabsaly howlynyň gapysyna gelip saklandylar. Hurşyt banu:

— Sen şu ýerde azajyk dur, özüm çagyraryn — diýip, howla girip gitdi. Köp wagt geçmänkä yzyna öwrülip geldi. Gapyny açyp:

— Giriber janym — diýip, mylaýym ýylgyrdy. “Janym” diýen sözi banuwyň oňa ilkinji gezek aýdyşydy. Hally bu söze birhili bolup tisgindi. Ol Hurşyt banuwyň alan harytlaryny göterip, howla girdi.

Banu ony eýwanyň ugry bilen ýöredip, aňry çetdäki jaýlaryň birine alyp bardy. Ol Hallynyň göterip gelen harytlaryny onuň gujagyndan aldy.

Belanyň körügem ana şondan başlady. Hurşyt banuwyň ýumşak elleri onuň ellerine degdi. Ýigidiň on iki süňňi dyglap gitdi. Birden ysgyny gaçdy, ýüzi gyzardy, ot alan ýaly laplap ýandy. Hurşyt banu ony aňdy, ýöne aňmazlyga saldy.

— Gel, puluňy bärde bereýin — diýip, ýigidi içki otaga saldy. Ol teke, eýran halylary düşelip bezelen otagdy. Hokga köwşüni daşky otagda goýan ýigidiň ýalaňaç aýaklary hala degip, düşegiň mylaýym ýumşaklygy gany bilen ýaýrap giden ýaly lezzet berdi. Otag gül pürkülen ýaly arassady. Diwarlaryň reňkem asmanyň reňkine çalymdaş, pereň matalary çekilipdir. Çep tarapda owadan bezelen haşamly şkaf durdy. Ol şkaf Hyradyň özünde ýasalmaýardy. Ol Buharadan, Samarkantdan getirilip satylýardy.

Otagyň sag böwründe agaçdan ýasalan daşy haşamlanan çarpaý bardy. Bu çarpaýy Hyradyň öz ussalary ýasaýardylar. Çarpaý iki adamlyk bolup, üstünde owadan şahy düşekçe, Hurşyt banuwyň şu egňindäki köýneginiň matasyndan, gyrmyzy gülli matadan syrdalaw ýorgan, iki sany ýanaşyk goýlan gök ýassyk bardy. Çarpaýyň ýokarsynda ýörite elde edilen nagyşlanan, aşagy seçekli ululy-kiçili dogaçyrlar asylyp durdy. Olaryň gapdalynda reýhan gülli ýaglyk asylgydy.

Hurşyt banu “Goý, Hally içerini synlasyn” diýýän ýaly şkafyň ýokarky çekerini açyp, kän güýmendi. Ahyry ol alty tümeni sanap alyp, ony Halla uzatdy.

— Ynha, puluň, ýigit!

Hurşyt banu ýene ýylgyrdy, Ýene-de onuň şol ýumşak eli Hallynyň eline degip, endamy dyglady. Hally bu gezek saklanyp bilmedi. Şol ýumşak ellerden garbap tutanyny duýmady. Hurşyt banuwam ona garşylyk görkezip durmady. Olar şahy düşekçeli çarpaýa gyşardylar. Hally birhili özünden giden ýaly, düýş görýän ýalydy. Göýä lälezarlygyň, süýt ýaly ak dumanyň içi bilen barýan ýalydy...

Birdenem ol özüne geldi. Gözüni ýalpa açyp, çarpaýyň üstünde aýaklaryny sallap oturdy. Ol gara der bolupdy. Ýüzünden der damjalary syrygyp, ýagyşyň astynda galan leýlisaça meňzeýärdi. Dikelip onuň bilen ýanaşyk oturan Hurşyt banu oňa gysmyljyrady. Hallynyň çep ýaňagyndaky nokat ýalyjak gara tegmile ýuwaşja basdy.

— Ýadadyňmy?

Hally sesini çykarmady. Hurşyt banu ýerinden turup, üsti-başyny düzetdi. Ol Hallyny howludan çykaryp, ýola salanynda, şol mähriban ýylgyryşy bilen:

— Gelermiň? — diýip sorady.

— Wah, günde gel diýseňem geleýin.

Şondan soňra Hally Hurşyt banuwyň howlusyna gatnap ugrady. Ol howla ikinji, üçünji gezek geleninde bu howluda Hurşyt banuwyň

ýeke özi ýaşamaýandygyny, başga-da gelin-gyzlaryň bardygyny bildi. Olara meýil edeninde Hurşyt banu:

— Olara meýil etjek bolsaň, köp puluň bolmalydyr — diýip, ýylgyryp durşuna süýem barmagyny çommaltdy. Hally dükanyň pulundan gyrp-çyrp edip ugrady. Ogurlyga ýüz urdy. Hally hakda onda-munda erbet gürrüňler eşidilip ugrady. Bir gezegem Hurşyt banuwyň beýleki müşderileri bilen urşup, gyzyl gan bolup öýe geldi. Şondan soň Keraly söwdagär oglunyň elden-aýakdan çykyp barýandygyny görüp, ony öz ýanyna alypdyr. "Saňa-da indi söwda-satyg öwrenere wagt boldy" diýip, bir ýere gitse öz ýanyndan goýmandyr.

Aýlar aýlanypdyr, günler, dolanypdyr. Bir günem uly kerwen Eýrana ýola düşüpdir. Keraly söwdagär ona özüniň bäş sany düýesi bilen goşulypdyr. Ol ýere Hyratdaky bol harytlary äkidipdirler.

Eýrana giden kerwen Şahrud şäheriniň üsti bilen geçdi. Kerwen Şahrudyň çetinde ýerleşýän kerwensaraýda ýük ýazdyrdy. Kerwensaraýyň hyzmatkärleri ylgaşyp ähli ýükleri düşürişip, bellenen jaýlara çekmäge kömekleşip, perwana ýaly pyrlanyp hyzmat etdiler.

Kerwensaraýyň aşpeziniň kömekçisi gara mytgaldan balakly, agaryp ugran ýaşyl mytgal köýnekli kürt oglan ýadap gelen myhmanlara ylgap hyzmat edýärdi. Her elinde iki çäýnek göterip, olara çaý daşaýardy. Hally kakasy bilen oturyp çaý içdi. Soňra hyzmatkär her kimiň islegi boýunça kime palaw kime çekdirme, kime nohutly piti daşap başlady. Hally bilen Keraly söwdagäriň

öňünde içi palawly gyralary nagyşlanan, gök syrçaly mejmäni getirnp goýdular. Içi hurmaly, sary kişmişli palaw Hallynyň agzyna ýarady. Ol barmaklaryny şapbyldadyp nahar iýdi.

Nahardan soň kimler ýassyga gyşardy. Uzak ýoluň ýadawlygyndan soň irkildiler. Kimler doýa garna ýatmazlyk üçin içde-daşda gezmeledi. Kimler şäheriň söwda-satygyndan habar tutmak, nyrhyny bilmek üçin gezelenje çykdylar. Gezelenje çykanlaryň birem Hallydy.

Hally üç-dört sany söwdagäriň yzyna düşüp gitdi. Ýöne ol ilkinji dükana girilenden soň, olardan üzülip galdy. Töweregine ýaltaklady. Hälki söwdagärleriň hiç birem ýokdy. Hally dükanyň zatlaryna gyzygan bolmaga çemeli. Ýoldaşlaryndan şol aýrylyşmagam onuň başyna düşen aýylganç hasratyň başlangyjydy. Dükandan çykyp, onuň her äden ädimi Hallyny şol aýylganç emgege golaýlaşdyryp ugrady. Hallynyň ol zatlardan habary ýokdy. Ýolbarsyň bagry bilen süýşüp, özüniň alkymyna gelendigini otlap ýören jeren nireden bilsin? Hallam ölüm howpy abanan şol jeren ýaly, dünýäden bihabardy.

Şäheriň çaň-tozanly darajyk köçelerinden arabaly, düýeli, atly, pyýada adamlar öz ugurlaryna geçip durdular. Köçeleriň gatnawy uly däldi. Ýöne onuň boşap galýan wagtam ýokdy. Hallynyň duşundan häli-şindi geçip durdular. Ine, iki sany adam geçip gitdi. Aňyrda garryja aýal bir oglanjygyň elinden tutup gelýärdi. Onuň yzyndan ýüzi perenjili gelin gelýärdi.

Hally perenjili gelniň deňine gelende, gelniň çabdyna Hallynyň tirsegi degdi. Hally onuň nireden çykanyny bilenok, ýöne edil şo wagt bir serbaz ony saklady.

— Sen näme ol gelne el degirdiň, nälet siňen jojuk? — diýip, serbaz onuň ýakasyndan tutdy. Olaryň gykylygyna adamlar üýşdüler. Perenjili gelnem saklandy.

— Şo ýigit maňa degenogam, hiç zat diýenogam — diýip, gelin perenjiniň aňyrsyndan hemmeler eşider ýaly jedirdäp aýtdy. Serbaz oňa azgyryldy.

— Gümüňi tap şu ýerden, jelep!

Ol aýal dolanyp geplemedi, üýşen adamlaryň arasyna sümlüp gitdi. Serbaz Hallynyň her ýaňagyna bir şapbat çaldy-da:

— Hany meniň şarpyk hakymy ber — diýip, elini uzatdy. Hally oňa düşünmän, aňk-taňk boldy.

— Ol seniň günäňi geçýär. Sen oňa ýaňky iki şarpygynyň hakyny töläý — diýip düşündirdiler. Serbaz onuň ýakasyny has gaty silkdi-de:

— Pedersuhty, men saňa şarpyk hakymy ber diýýän — diýip, öňküden beter azgyryldy. Hally oňa naýynjar garady.

— Agasy, men size beýdip bilmen ahyry.

Olaryň daşyndan dargap ugran adamlaryň biri:

— Şarpyk hakyny bermeseň, bary bir, ol indi seni goýbermez — diýdi.

Hally çekine-çekine serbazyň dulugyna ýelmedi. Serbaz hasam ot aldy. Ol:

— Bu jojukdan bolan meni urdy — diýip, hasam oda-köze düşdi. Ikinji bir gelen serbazyň kömegi bilen onuň elini arkasynda daňdy, ýeňsesine depdi-de südürläp ugrady. Şeýdip ony ažan posta alyp gitdi.

Nahardan soň ýassyga kellesini goýan Keraly söwdagär şobada uklady. Agyr ýoluň argynlygy, günortanyň yssysy, kemsiz doýlan palaw, onuň gözüni bürüp alyp barýardy. Ol ýatdy. Düýşünde ony içi hapa bulanyk suwly deňze oklaýarlar. Çykjak bolup dyzaýar, deňziň kenaryndan ýapyşýar. Onuň tutan daşy gopup gaýdýar. Ol daljygýar, hopugýar. Şo barmaşa birden oýanýar. Dünýä täzeden inen ýaly bolýar, begenýär. Ýöne ol uzak ýatyp bilmedi. Elleri naýzaly iki ažan şakyrdap gapydan girip, ony oýardy.

— Keraly söwdagärmi sen?

— Bolubilseg-ä özi.

— Bolubilýäňmi, bolubilmeýäňmi, görübereris. Düş öňe.

— Nirä? Näme boldy? A-how, saraýban, bular näme? — diýip, Keraly söwdagär saraýbany kömege çagyrdy.

— Elbetde, günä edensiňiz-dä ýa ogluňyz bir zadyň ustünden barandyr — diýip, saraýban oňa kömek edip bilmejekdigini duýdurdy.

Keraly söwdagäriň iki elini arkasynda daňdylar. Ažanlaryň biri naýzasyny öňe uzadyp, tussag edileniň öňünden ýöredi. Beýlekisi Keralynyň yzyna düşdi. Ony Şahrudyň darajyk tozanly köçeleri bilen alyp gitdiler. Onda-da uly galtaman tutan ýaly edip alyp gitdiler. Ýol boýy adamlaryň gözi bendidedi. Her kim bir zat diýip çaklaýardy.

Biri “Uly galtamanmyş” diýse, başga biri “Ýönekeý ogrumyş, ynha bir elini keser goýbärler-dä” diýýär. Biri “Adam öldürenmiş”, ýene biri “Ýaňky gelen kerwendenmiş, ýol pajyny tölemänmiş” diýip, her kim özüçe pal atýardy. Hiç kim “Şu adam günäsizmiş” diýmeýär. Bu şäherde günäsiz adamy tussag etmeg-ä beýlede dursun, “Günäsiz adam tussag edilenmiş” diýlen söz üçinem bäş gamçy jeza berilýär.

Keraly söwdagäri şäheriň hojaýyny Nowruzaly baýyň huzuryna alyp bardylar. Söwdagär nämäniň-nämedigine henizem düşünenok. Onuň ogly Hallam şol ýerdedi. Ony görüp Keraly söwdagär içini çekdi. Hallynyň üsti-başy gandy, köýnekleri aşyklynyň eti ýaly sal-saldy. Düýş ýorýan adamlar “Gan gazanç” diýip aýdýarlar. Ýöne bu ganyň öz oglundan çykmagy Keralyny gorkuzdy. Düýşem bolsa oňly düýş däl. Iň bolmanda bu söwdada utulmagyň alamaty. Ýöne welin arman bu düýş däldi. Hallynyň hiç zada düşünmeýän naýynjar nazarlary Keralynyň ýüregini jigletdi.

— Seniň ogluň şäheriň namysyna el gatypdyr — diýip, Nowruzaly baý oňa äpet günä ýükledi.

— Bu düşünişmezlikdir. Meniň oglum onuň ýaly zatlary bilýän däldir. Oňa rehimiňiz gelsin, agaýy!

Nowruzaly baý gapynyň golaýynda duran serbaza ümledi. Ol şo duran ýerinden:

— Ol gyzyň göwsünden tutdy. Gyz gykylyk etdi. Şol wagt men ýetişdim — diýip, bolan wakany üýtgedip aýtdy.

— Bu ýalan sözleýär — diýip, Hally garşylyk görkezjek boldy. Onuň agzynyň üstüne urdular. Ol agzyny gyzyl-gan edip, bir tarapa gyşardy.

Keraly söwdagär oglunyň şonuň ýaly haramzadalyk edip biläýjegine ynanyp ugrady. Hyratda-da eýle-beýle gürrüňler söwdagäriň gulagyna degýärdi. Ýöne ony bu ynanjyndan el çekmäge mejbur eden başga bir ýagdaý ýüze çykdy.

— Söwdagär Keraly biziň topragymyzy basgylap ýör, pajynam tölänok — diýip, Nowruzalynyň ýanyndakylaryň biri aýtdy. Nowruzaly hyrsyz, edil gaplaňyňky ýaly gözlerini alartdy.

— Ýok, agaýy. Men töledim. Siz, agaýy, pajy menden özüňiz aldyňyz.

— Näme ol indi şu göwresi bilen, şu sakgaly bilen ýalan sözlär öýdýäňmi? — diýip, Nowruzaly baý oňa azgyryldy. Soňra:

— Ikisinem zyndana salyň — diýip, ažanlara buýruk berdi.

Ataly-ogly alyp çykdylar. Olary çuň gazylan ýerzemine merdiwan bilen düşurdiler. Merdiwany çekip aldylar-da, ýerzemininiň üstüni ýapdylar. Edil gabra giren ýaly gözedürtme garaňkylyk emele geldi. Hally ýerzeminde kakasy bilen iň soňky gijäni geçirdi. Kakasy ýerzeminde ogluna käýinmedi. Ony özüne süýşürip uzynly gije gujaklap ýatdy.

Ertir Hallyny ýerzeminden çykardylar, Ýagyrnysyna on bäş gamçy urdular. Kakasynyň bolsa şol gidişi boldy. Aýdyşlaryna görä oňa kyrk gamçy urupdyrlar. Şol gamçylaryň awysyna zyndanda wepat bolupdyr. Olaryň kerwensaraýdaky ähli zatlaryny Nowruzaly

baý alypdyr. Hally mazaly sagalýança oňa bir garryja aýal seredipdirem, emem edipdir. Ol gutulansoňam Hyrada gidip bilmändir. Ol ýere gitmek üçin pul gerek. Goşulyp gider ýaly Hyratdan dolanyp kerwenem gelmändir.

— Şondan soň men ogurlyga, galtamançylyga baş urdum — diýip, Hally galtaman özüniň uzyn gürrüňini jemledi. Garamergene onuň gürrüňleri täsir etmedik ýaly, şol bir oturyşydy. Onuň ýüzünde gynanjam, begenjem, hiç hili alamat ýokdy. Ol Hallynyň ykbalyna diýseň biperwaýdy.

Hally Nowruzaly baýyň zyndanyndan çykanson, şäherde hammalçylyk edip gezdi. Agyr diýmän, ýeňil diýmän, onuň-munuň ýüküni çekdi. Onuň bilenem özüni ekläýmek kyndy. Bir gün bir şaýy düşse, iki-üç gün hiç zat düşenokdy. Aç ýatyp, aç turmaly bolýar. Onsoň gedaý gezip başlaýar. "Gedaýçylyga-da gurp gerek" diýen ýaly oňa-da gurp gerek. Oňa ýaş çaga bolsaň, sandan galan garry bolsaň boljagam. Onda il-günüň rehimem geljek, döwüm-dişlem çöregem berjek. Ýöne welin Hally ýaly güýji ýerindäki ýetginjege kim rehim etsin, kim zat bersin?

Gedaý gezen wagty Hally eline taýak alyp, agsaklap ýöremäge başlady. Şondan soňra adamlaryň rehimi gelip, döwüm-dişlem çörek berip ugradylar. Ol oba-oba aýlanyp gedaý gezýärdi. Hallynyň çölde galyp, çölde ýatan wagtlaram bolupdy. Ol harabalyga baranynda gylyçly pyýadalar onuň daşyny gabady. "Kim sen?" diýip, oňa sorag baryny ýagdyrdylar. Kimdir biri "Hanyň iberen jansyzy bolaýmasyn?" diýdi. Gylyçly adamlar onuň elini arkasynda

daňdylar. Ony gylyçdan geçirip, gorpa süsdürip goýbermek hakda gürrüň etdiler. Hally olara hiç bir hany tanamaýandygyny, özüniň bir döwüm çörek üçin gedaý gezip ýörendigini aglap gürrüň berdi. Daşyndakylar oňa ýňanmadylar. Şol wagt biri:

— Duruň entek, şu gedaýy men şäherde görüpdim. Dogrudanam şu şol gedaý — diýdi. Şondan soň daşyndaky eli gamçyly adamlar çekildiler. Elini boşatdylar. Oňa özleri bilen çaý içmäge, çörek iýmäge rugsat berdiler. Munuň duşan adamlary hanyň atlylaryndan gaçyp ýören bir bölek galtaman ekeni. Hally olara uzynly gije öz başyndan geçiren wakalary barada gürrüň berdi.

— Indi sen näme etmekçi? — diýip galtaman başy daýaw kürt ýigidi ondan sorady.

Hally oňa näme jogap berjegini bilmän, esli salym dymdy. Elindäki çöp bilen ýer dyrmady. Soňra başyny göterip:

— Oňarsam, kakamyň ganyny aljak. Başarmasam binamyslyk edip gedaý gezjek, ýüzümi saraldyp, ölmez-ödi dilejek ýörjek — diýdi.

Galtamanbaşa Hallynyň jogaby ýarady. Ony öz hatarlaryna kabul etdiler. Oňa gylyç, ýarag alyp berdiler. Bir gezek dükana çozuşlyga gatnaşdy. Bir gezegem kerwen taladylar. Hally galtamanbaşa bir gezek:

— Rugsat berseň, men Şahruda gitjek — diýdi.

— Belki, biz hemmämiz gideris, dükan talarys.

— Ýok — diýip, Hally jogap berdi. — Köp adama gizlenmek kyn bolar. Bir özüm haýsy syçanyň kürümine giremde bolmaýar.

Hally eşigini taşlady-da, ýene öňki gedaý geýimine girdi. Hanjaryny köneje çäkmeniniň içinde gizläp, Şahrud şäherine tarap ugrady. Az ýöräp, köp ýöräp ahyry geldi. Ol Nowruzaly baýyň howlusynyň töwereginde kän aýlandy. Näçe aýlansa-da netije ýokdugyna, Nowruzaly baýa hiç zat edip bilmejekdigine düşündi. Ol gedaý eşiginde ýene şäherden çykyp gitdi. Beýleki galtamanlar bilen dilleşen ýerine geldi.

Onuň şähere baryp bar bitirip bilen zady özüni bejeren garryny tapdy. Oňa özüniň galtamançylyk edip ýygnan puluny berdi. Onda-da halal gazanjym diýip aldap berdi. Ýogsa garrynyň ol puly almazlygy, kabul etmezligi ähtimaldy.

Ýöne welin onuň gideli bäri ep-esli gün geçipdi. Ol belleşilen ýerinden ýaranlaryny tapmady. Olaryň yzyna serbazlar düşüpdir. Galtamanlar bu etraplary taşlap, Maşada tarap gidipdirler. Hally gedaý oba-oba aýlanyp, gedaýçylyk edip, Maşada ýüzlendi. Onuň pikiri ýaranlaryny tapyp, olara goşulmakdy. Ol jaranlarda, harabalarda ýatyp-turup, uzak ýol ýöredi. Ol Maşada gelensoň ýaranlaryndan gördüm-bildim eşitmedi. Hally Maşatda galyp özüne täze ýaran toplap ugrady. Ilki iki, soň üç boldular. Olar Hallynyň hanjary bilen ýolda näwagt, biwagt görnen iki-ýeke adamlary talamakdan başladylar. Olar köpelip-köpelip, on adama ýetdiler. At-ýarag edindiler. Şeýdip ýene kerwen ýollaryna çykdylar. Ýene ondan basym el çekdiler. Kerwenleriň ýany goragly bolýar. Ol howply. Galtamanlar ýönekeý ogurlyga geçdiler. Ýene-de Ryzaguly hanyň

serbazlary galtamanlaryň yzyna düşüp ugradylar. Olar gaçyp Kesearkaja geldiler.

— Ynha, bu ýerem meniň iň soňky gelen ýerim boldy — diýip, Hally galtaman dymdy.

— Eger men seni goýberäýsem, sen näme işlemekçi? — diýip, Garamergen dommarylyp, diňläp oturyşyna sorag berdi.

— Men saňa toba ederin, Mekgä giderin diýsemem sen ynanasyň ýok.

— Näme üçin ynanmaýyn.

— Üçini, sen meniň şundan başga oňarjak kärimiň ýokdugyny gözümden bilip otyrmykaň diýýän.

— Ogurlyk, galtamançylyk iň aýyp hünär. Sen başga zat öwrenäýseň bolmadymy?

— Hiç zady öz-özünden öwrenip bolanok. Adamlar bolsa maňa şuny öwretdiler, şuňa mejbur etdiler.

— Seni talan Nowruzaly baý. Sen bolsa özüň ýaly sada adamlary talaýaň. Gaýratyň bolsa, git-de şony tala ýa-da ondan gorkýaňmy?

— Gorkýan.

— Onda galtamançylygy goýarlar, ýogsa bir gün ele düşmeseň, başga bir gün ele düşersiň.

— Möjek bir gün gapana düşjegini bilse-de, sürä çapmalydyr. Ýogsa aç öler.

Garamergen jedeli dowam edip oturmady. Ol gürrüňi başga ýana sowdy.

— Soň Hyrada gitjek bolmadyňmy?

— Habar tutdum. Ejem aradan çykypdyr. Gyz jigilerimiňem biri ölüpdir.

— Beýlekisi?

— Beýlekisi Hurşyt banuwyň penjesine düşüpdir. Soň ony daýylarym alyp gidipdirler — diýip, Hally galtaman dymdy.

Garamergen öz içinden “Hally söwdagär. Hally gedaý, Hally galtaman” diýip, oturyşyna esli wagtlap sesini çykarmady. Hally galtamanam geplemedi. Ol öz öňünde goýlan bir çanak gatyk bilen nahar edindi. Agzyny süpürip, töwirini galdyranyndan soň, Garamergen oňa:

— Ýör hany, ýatmaly jaýyňa elteýin — diýip ýerinden turdy. Olar daşaryk çykanlarynda howa bulutlaşypdy, gözedürtme garaňky diýilýänidi...

Ertesidi. Hally ýesiriň salnan jaýynyň agzy açykdy, Gapynyň öňüne goýlan daşlaryň hersi bir ýerdedi. Ýesir gije gapyny açyp gaçyp gidipdir. Kim oňa: “Özi gapyny açyp gidendir” diýýär. Kim: “Oňa daşyndan kömek gelendir” diýýär. “Onuň ýaranlary gije oba gelendirler, salnan tamyny bilip, agzyny açandyrlar, özleri bilen alyp gidendirler” diýýänlerem bardy.

Ýesiriň gaçyp gitmegine beter gynanan Akdaşaýak obasyndan gelen dört atly boldy. Olar şu ýesiriň özlerini talan galtamandygyna ynanýardylar. Olar düýn şu gürrüňi eşiden batlaryna atlanmandyklaryna gynandylar. Galtamany tanamak üçin alnyp gaýdylan çolugam, çopanam hyrçlaryny dişläp galdylar. Olar ähli iýen gamçylarynyň, eşiden sögünç sözleriniň hasap-hesibini

ederis diýen umyt bilen gelýärdiler. Olaryň şol umydyny “Ýesir gaçypdyr” diýen ýeke söz gap bilinden döwüp taşlady. Süýtleňňijiň şemalyň ugruna dagap giden tozgasy ýaly dagap gitdi. Çakyry çykan warak gabsany, dagap ýatan daş, köne soky, kerpiç diýen ýaly gapynyň gulpunyň deregini tutan zatlary gördüler.

Akdaşaýagyň wekilleri Iner golagyň öýüne düşüp, şo ýerden çaý içdiler. Olar Iner golak, Nurahmet serdar bilen eden gürrüňlerinde özleriniň göwnüne gelen müňkürliklerini duýdurdylar.

— Gapynyň agzyna goýuldy diýilýän zatlar içinden itekläp açar ýaly däl — diýip, myhmanlaryň ýaşulusy aýtdy.

Olaryň aýdýany dogrudy. Gapa goýlan zatlary Iner golagam, Nurahmet serdaram görüpdi. Ony itekläp açmaga bir adamyň güýji ýetjek däldi.

— Daşyndan ýoldaşlaram gelen däldir — diýip, Nurahmet serdar ardyndy.

— Olar gelen däldir. Olar itleri örüzmän gelibem bilmez, gidibem — diýip, ýene myhmanlaryň biri aýtdy. Iner golak elindäki käsäni ýerde goýup, gözlerini alyslara dikip:

— Olar gelende-de, onuň bu uly obada, haýsy tama salynjagyny näbilsin, howwa — diýip, böwrüne diň saldy. Oturanlaryň üstünden sowuk suw guýlana döndüler. Adamlar dymdylar. Olaryň gelen netijesi düşnüklidi. Kimem bolsa oňa şu obadan kömek eden bardy. Şol kömegi eden adam galtamanlaryň şärikdeşi bolmagy ahmal. Belki, Akdaşaýak obasynyň sürüsiniň gitmeginde-de onuň eli bardyr. Şu obanyň çekenesine gönükdirenem, belki, şodur. Ine, adamlary,

hemmeden beterem Iner golagy iňkise salan zat şo pikirlerdi. Myhmanlar çaý-nahardan soň:

— Bähbit bol-a, onuň bilen duşuşmak nesibämizde ýokdur-da — diýip atlandylar.

## ESEN SÖWDAGÄR

Onuň başynda tüýlek, ýapbaşyk gara telpegi bardy. Boýy keltejik, göwresi ýognas adam. Şol ýognaslygy üçinem çagalardan tapawutlanýardy. Daşdan seredene onuň göwresi togalak bolup görünýärdi. Mäşirige meňzeş kiçijik, süýnmek kellesine gelşip duran sekizpara çigme tahýasy bar. Ýaşy kyrkdan bir eýýäm geçip, ellini alkymlap barýan adam. Onuň gytyjak saçynda ak görnüp ugrapdy. Günüň şöhlesine çekgesindäki ak gyllar şeýle bir ýaldyraýardylar, edil kümüş külkesi ýalydy. Adamlar öz ýanynda Esen söwdagär diýip tutsalar-da, ýok ýerinde Esen kelte-de diýýärdiler. Onuň sesi inçeden jag-jaglydy.

Esen söwdagär Gumdepe diýilýän obada ýaşaýardy. Onuň Arslan, Mäter diýen iki ogly bardy. Onuň ogullary özi ýaly däldi. Ikisem daýaw, boýlary ortadanam ýokarrakdy. “Ogullary daýylaryna çekipdir” diýip, il-günüň aýdýany ýöne ýerden däldi. Olaryň ejesem, daýylaram süňkbaşy iri adamlardy, uzynakdylar. “Bäş-alty putluk çuwallary düýäniň üstüne oklaýýar” diýip, Esen söwdagäriň aýalynyň gürrüňini edýärdiler. Eseniň ýaş mahaly, ýaňy öýlenen

wagty deň-duşlary “Aýalyndan gorkýar” diýip degerdiler. Oňa “Aýalyň ýanyna baryp, sen hiç zadam başarýan dälsiň” diýerdiler.

— Ony synamak aňsat. Aýalyň bilen bir jaýa salda göräý — diýip, Esen otlukly jogap berýärdi.

Esen söwdagäriň bir eşegi bilen ýükçi guba erkegi bardy. Onuň ähli ýüküni şol erkek göterýärdi. Eşegine özi münerdi, erkegi eşege tirkäp, haçan görseň oba-oba aýlanyp ýörendir. Ol halwa, kemput, pampyza diýen ýaly çagalaryň halaýjak harytlaryny satardy.

— Esen aga, maňa hywa dony gerek.

— Esen aga, maňa Eýran parçasy gerek.

— Maňa gazan, kündük gerek. Maňa okara-çemçe gerek — diýip, ýüz tutýanlaram kändi. Esen söwdagär olaryň hiç birinden boýun towlamazdy. Olaryň hemmesine-de:

— Bolýar, gözlärin.

— Otüki, tapjak bolaryn.

— Otüki, ugruna çykaryn — diýip, jogap berýärdi. Aýdyşy ýaly ugruna-da çykardy, gözleýärdem. Köplenjem tapyp getirýärdi. Bir gezekde tapmasa, ikinji gezekde tapýardy. Biriniň ýumşuny bitirip bilmese, öz ýanyndan kiçelýärdi, gynanýardy, gözleýärdi. Gözlände-de yhlas bilen gözleýärdi. Iň bärkisi bir çaga: “Oýnawaç tapyp ber” diýse-de boýun towlamazdy. Onda-da uly adamyň ýumşuny bitirýän ýaly yhlas bilen gözlärdi. Tapmasa şoňa-da tüýs ýüreginden gynanardy.

Esen söwdagär şu etraplardaky on-on bäş obanyň hersine 15-20 günden bir gezek aýlanardy. Obada onuň haçan geljegini çak bilen bilýärdiler.

— Bu gün ynha aýyň pylançasy. Ýene iki-üç günden söwdagärem görnäýse gerek — diýip, ýaşulular çak urýardylar. Olaryň uran çaklary köplenç dogram bolup çykýardy. Esen söwdagär obalarda diňe öz harydyny satmak bilen çäklenenokdy. Onuň ojuk-bujuk satyn alaýmasy, "Satyp bereýin" diýip äkidäýmesi hem bardy. Ol obadan haly-kilim, garçyn-çuwal, dultorba telpeklik deri, içmek-possun diýen ýaly zatlary satyn alardy.

Ýandakly obasynyň adamlary Esen söwdagäre düýn garaşyp ugrapdylar. Ol köp garaşdyrmady. Gün ýaňy ýerden saýlanyp ugranda, guba erkegi yzyna tirkäp, eşegiň üstünde goýlan bogdak ýaly bolup oturan adam ýoluň ugrunda göründi. Hemmelerden öňürti çagalar gerdüler. Olar çybyk atlaryny gamçylap:

— Esen aga gelýär, Esen aga, Esen aga — diýşip, obanyň içinde ala-zenzele turzup, kybla gidýän ýola tarap endiler.

— Esen aga, salawmaleýkim!

— Salawmaleýkim Esen aga!

— Salawmaleýkim! Salawmaleýkim! Salawmaleýkim! — diýip, her çaga aýry-aýrylykda salam berdi.

— Waleýkim essalam! Waleýkim, oglum! Waleýkim, köşek! — diýip, Esen söwdagär olaryň salamyna jogap berip zordan ýetişýärdi. Oba başga bir nätanyş adam gelen bolsa, onuň öňünden itler çykardy. Olar gelen myhmanyň daşyny gurşap, üýre-üýre oba alyp

gaýdardylar. Esen söwdagäri bolsa çagalar gallap, oba alyp geldiler. Ol Iner golagyň howlusyna gelip, eşekden agdy. Iner golak obanyň ýaşulusy bolanlygy üçin däl-de, söwdagär onuň bilen dost bolanlygy üçin her gezek onuň öýüne düşýärdi.

Ol Iner golagy ilki göreninde on-on bir ýaşly oglandy. Kakasy bilen bir gezek Ýandakly obasyna gezmäge gelipdi. Ineriňem ululygy bir ýa iki ýaş bolaýmasa, ondan uly däldi. Garaz, Esen oňa salam berýär. Olam amanmy diýýär.

Obanyň garagol oglanlary myhman oglanyň daşyna hürre üýşdüler. Onuň boýunyň kiçijikligine gülüşdiler. Oňa bolsa Eseniň gahary geldi. Kimdir biri oňa: “Gara jürjen” diýip at dakdy. Ýene biri:

— Owlagyň aşygy ýaly bolup — diýen ýaly kemsidiji söz aýtdy. Şol kemsidýän oglanlaryň biri bilen Esen geýdirilişip gitdi. Eseniň boýy keltejigem bolsa, ýumrugy daş ýalydy. Onuň bilen ýakalaşan oglanyň burny ganady. Onuň daşyndakydar Esene tarap okduryldylar. Ony hasyr-husur ýere ýykyp, urmaga başladylar. Şol wagt Iner bir ýerden gelip ýetişdi. Oglanlaryň golundan tutup, silkeleşdirip, myhman oglanyň üstünden aýyrdy. Eseni turzup, onuň üstüni kakyşdyrdy.

— Sen näme sanjylan ýaly bolup dursuň — diýip, bir çetde tomaşa edip duran Nurahmede gözlerini alartdy.

— Maňa näme, özleri sögüşýärler, özleri uruşýarlar — diýip, Nurahmet oňa parhsyzlyk bilen jogap berdi.

Esen bilen Ineriň dostlugy şondan başlanypdy. Iner kakasy bilen Gumdepe obasyna iki gezek dagy barypdy. Her gezegem Esene duşup, onuň bilen oýnaýardy. Kärizden akyp çykýan ýabyň boýuna suwa düşmäge giderdi, keýp edip suwa düşünerdiler. Ýapdan ylgap çykardylar. Çogly günüň aşagynda, gumak ýerde serlip ýatardylar. Togalanyp gotur geçi bolardylar. Ýene-de ylgap, özlerini suwa urardylar. Elleriniň aýasy bilen suwuň ýüzüni tyrpdyryp urardylar. Şeýdip bir-biriniň ýüzüne suw syçradyp gülşerdiler.

Iner öýlenende Esen "toýa gatanç" diýip, iki öweç alyp gelipdi. Ýolaman, Ilaman ekizler dünýä inende Esen toýuň beýemçisi diýen ýalydy. Üç günläp onuň öýünde ýatyp, toýy sowmaga kömek edipdi. Ýöne welin Inerem şolar ýaly zatda pes oturanokdy. Esen öýlenende toý gatanjy semiz öküzçe eltipdi. Arslan bolanda-da, Mäter bolanda-da toýlaryna gatnaşyp, hyzmat edipdi.

Gaplaňa elini çeýneden Iner öýde ýatyrka, Esen onuň ýanynda bolupdy. Aýak üstüne galýança hyzmat edipdi. Ol Ineriň öldüren gaplaňynyň derisini äkidip, Tutly obasynyň baýyndan bir sygyr alyp, Inerleriň öýüne getiripdi. Baý oňa hor, eti iýlip taşlanan süňk ýaly tüwe berjek boldy. Adatda awçylar näme berilse, şony alyp gaýdardylar. Ol taýda "Ol eýle, bu beýle" diýlip, nyrh kesişilip durulmaýardy. Ineriň özi bolsa henizem şeýle bolardy. Esen weli ony etmedi...

— Bu tüwäň, otüki, Ýandakly oba ýetmän ýolda öler. Garamaty meniň boýnuma galar — diýip, äkitmekden boýun towlady. — Otüki, tüwäňi özüň äkit. Goý, ol obanyň adamlaram görsünler.

Janyny howpa salyp, seniň malyňy ýolbarsdan gorap, oňa bir elini çeýneden, ezraýylyň deminden zordan sypan adamyň, otüki, eden hyzmatyna näme hak töleýäniňi olaram görsünler.

Bu sözleri eşiden baý gowşady. Özüniň husytlygy, syrnyhlygy hakdaky gybatyň il içine ýaýrajakdygyna, onda-da gaty basym ýaýrajakdygyna göz ýetirdi. Hasam beteri Eseniň diline düşen özüň bolma, ýyldyrym çaltlygynda ýaýrar. Sähelçe zat üçin beýle abraýdan düşmek bolmaz. Baý oňa:

— Päheý, Eseniň edýän gürrüňini. Oglanlara sygyr alyp gel diýseň getirýäni-dä. Ony derrew düzederis. Beýle awça munuň ýaly tüwäni bermek bolmaz — diýip, arkaýynsyrap, howlukman aýtdy. Baý oňa uly sygyr, süýtden çykan sygyrlaryň birini berip goýberdi.

Daşyna çagalary tegeläp gelýän Esen söwdagäre daş çykan Iner golak ýylgyryp seretdi. Sag eli bilen ýasgynjak atan donunyň ýakalaryny çekişdirdi.

— Hä, söwdagär, sag-aman geldiňmi? — diýip, ol Eseniň elini ýuwaşja silkeledi. — Amanlykmy-gurgunlykmy? Çaga-çugalaram sag-salamatmy, howwa, onsoň oba-garalaram saglykmy?

Esen söwdagär Iner golagyň goluny silkeläp durşuna ýüzüni ýokary tutdy-da:

— Şükür, şükür, şükür — diýip, her soragyna başyny atyp, jogap gaýtardy. Soňra bolsa Iner golagyň soraglaryny onuň özüne gaýtalap ugrady. Öý eýesem Eseniň öz beren jogaplaryny gaýtalady.

Söwdagäriň düýesini çökerdiler. Ýolaman bilen Ilaman, ýükleri ullakan garagajyň aşagyňa çekdiler. Adamlar çagalaryň gürmegini

bölüp, ýuwaş-ýuwaşdan gelip ugradylar. Söwdagäriň söwdasy asty otly gazan ýaly gozgalaň tapyp ugrady.

— Esen aga, bäş gadak kemput çek.

— Esen aga, üç gadak halwa çek, pylança pampyza çek.

— Künji ýagy diýipdik. Şony nätdiň?

— Bir çäkmenlik mawut sarypdyk. Şony tapyp bildiňmi?

Eli terezili Esen söwdagär elinem, dilinem dek duruzman işledýärdi.

— Ine, saňa, otüki, halwa. Ine saňa, otüki, kemput. Künji ýagam, otüki, bardyr. Mawudam tapandyryn — diýip, yzyny üzmän gürleýärdi. Alyjylar ýerli-ýerden dilleňýärdiler.

— Esen aga, az-owlak gyzyl boýag diýipdik welin...

— Wah, Annajemal, otüki, şol boýag diýeniň bolan däldir. Basym Hindistandan uly kerwene garaşýarys. Ýene on günden Maru-Şahu-jahana gitjek. Şonda şo kerwenden alaryn. Kerwen, otüki, gaty baý bolmaly — diýip, edip oturan işinden elini aýyrman aýtdy. Kerwen Hywa, Ürgenç tarapdan gelip, bäş aý mundan öň geçip gidipdi. Indem yzyna gaýdyp gelerine garaşylýardy. Rejep aýy ýaňy ortadan geçdi. Aýyň aýaklaryna-da kerwen çyksa gerek diýip çak edilýär.

— Esen aga, bir agar çäkmenlik gulajym bar. Şony satyp berip bilmezmiň?

— Getiriberiň, otüki, gaty satarys.

— Ynha, Esen aga — diýip, agar çäkmenlik hödürlän aýal tüýnükli ýaglyga dolangy gulajyny oňa uzatdy. Esen söwdagär ony bir eli bilen alyp, gapdalynda goýdy. Başga birine çekmeli

halwasyny çekip berdi-de, arkaýynlykda gulajy eline aldy. Onuň daşyndan ýaglygy emaý bilen aýyrdy. Ol söwdagär gözi bilen gulajy synlady. Eli bilen sypalady. Ýekeje düwün, ýekeje büdür-südür bolaýsa nädersiň. Eliň mawut mataň ýüzünde ýöredilen ýaly mylaýymlyk bilen typyp gidýär. “Biziň aýallarymyzyň agar çäkmen dokamaga ökdedigini” diýip, söwdagär öz içinden guwandy.

— Otüki, munuň bahasyny näçe bahalaýaň? — diýip, bogdak ýaly bolup oturan Esen söwdagär üstüne abanyp duran, ýaşy ortadan agyp ugran aýala ýüzlendi.

— Gymmat diýibem duramok. On iki gadak pampyza berseň bolýar.

Bu bahany eşiden Esen söwdagäriň ýüzi ýagtyldy. Gulaç gowy, on bäş-on alty gadaga-da degýär. Şonda-da onuň söwdagär damary çekdi.

— Ol-a gymmat bolýar. Otüki, muňa sekiz gadak pampyzany häzir berip biljek.

— Heý, sekiz gadagam zat bormy? Goýsanaýt namartaý — diýip, aýal oňa elini salgap goýberdi.

— Muňa, otüki, söwda diýerler. Ynha bahalaşyp bereris — diýip, Esen söwdagär ker bilen gepleşýän ýaly jag-jaglady.

— Beýle bolsa getir bärik gulajy. Men seniň bilen söwdalaşyp oturyp biljek däl. Müň işim bar — diýip, gulajyň eýesi aýtdy. Esen söwdagärem oňa “Me onda” diýip, gulajy uzadaýarly däldi.

— Niýetläp getireniňden soň, otüki, yzyna äkitmezler. Ol yrymyna gowy däl — diýip, söwdagär gulajy sypalap oturyşyna

aýtdy. — Ýöne, otüki, bir diýen ýeriňi tutup oturmazlar. Senem azda-kände eň ahyry.

— Onda saňa-da däl, maňa-da. On gadak kemput beräý — diýip, gulajyň eýesi abanyp durmagy uslyp bilmän aşak oturdy. Esen söwdagär dymdy. Soňra:

— Bolýa, otüki, razylaşdyk — diýip, gulajy beýlesine geçirdi. Aýala on gadak kempudy çekip berdi.

Aýal gidensoň iki sany çaga geldi. Olaryň biriniň başynda çöwürme, beýlekisinde uly adamynyň agzy daraldylan köne mele telpegi bardy. Gök mawutdan tikilen gysgajyk balaklarynyň agzyndan şorlap giden injikleri görünýärdi.

— Esen aga düýänem, eşegem otluk ýere goýberdik — diýip, olaryň ekabyrragy aýtdy.

— Tüweleme, tüweleme. Mäň, ynha, otüki, men size kemput bereýin — diýip, söwdagär olaryň her haýsyna bir gysym pürçükli kemput uzatdy. Şol arada bir gyzjagaz geldi.

— Kelte söwdagär daýy, kakam üç çetber pampyza bersin diýýä.

— Haý, otüki, kakaň gursun. Çagany ibermän özi geläýmeli ahyry — diýip, söwdagär käýindi. Onuň käýinmegi çaganyň “Kelte söwdagär” diýeni üçindi. Bolsada, söwdagär gyzyň elindäki şaýylyklary aldy. Ony goltugyna salyp, gyzjagazyň diýen pampyzasyny çekip berdi.

— Kakaňa aýt, otüki, indikide özi gelmese, hiç zat bermen — diýip, gyzyň yzyndan gygyrdy.

— Bor, aýdaryn — diýip, gyzjagaz keýik owlagy ýaly towsaklap gitdi. Donuny ýasgynjak alyp, gezim edip ýören Iner golak loh-loh edip güldi. Kellesini ýaýkap:

— Çaga-da, howwa. Eşiden zadyny aýdyp goýberýär-dä — diýdi.

— Beýlede bir zat bolarmaý, otüki, Iner — diýip, Esen söwdagär jag-jaglady. — Men saňa golak diýsem, otüki, sen maňa kelte diýseň, heý, otüki, beýdibem bir-biriň göwnüne degibem ýaşap bolarmaýt?

— Oglan ýaly bolýaň-ow, söwdagär, howwa, onam bir göwnüňe alarlarmy? — diýip, Iner golak arkaýyn gepledi. — Bize-hä golak diýip, ýüzümize hemişe aýdyp ýörler, howwa. Bizem şol çynmykan öýdüp, howwa, sesimizi çykaramzok, howwa, gatam görjek bolamzok.

— Hawa-la, otüki, iň gowusy sesiňi çykarmazlykdyr. Gaty görýäniňi bilseler-ä, otüki öjügiberýärler — diýip, Esen söwdagär jagyrdady.

Söwdagäriň müşderileri ýene dökülip başladylar. Onuň bir günlük gelýändigini, ertir ýola düşjekdigini hemmeler bilýärdi. Şonuň üçin her kim gerek zadyny şu gün aljak bolýardy. Onsoňam Ýandakly obasy kiçi däl. Üstesine-de ýaýraň oturan oba. Onuň ol çetinden geljek bolsaň, mazaly derlemeli. Söwdagäriň üstüne diňe alyjy däl, zat satjagam gelip dur.

— Esen aga, şu baganany satyp berip bilermiň? — diýip, biri ýüzi gyrawlap lowurdaýan sugry baganany oňa uzatdy.

Muny Maşada aşyrsaň belli bahasy ýokdy.  Ýöne türkmenler onuň gadyryny bilenoklar. Onuň ýerine buýrasy seçelenip duran ak guzynyň ýa-da gara guzynyň telpeklik derisini kem görenoklar. Esen söwdagär baganany yhlas bilen synlady. Gözünden uzagrak tutup synlady.

— Muny Eýrana aşyryp bolaýsa, otüki, on tümene ýere degmän geçer. Bu, otüki, hanlara mynasyp zat ekeni — diýip, öz-özi bilen gürleşýän ýaly edip hümürdedi.

— Şol geljek kerwene satyp bilmezmikän? Biz-ä näme, hiç ýana çykyp bilemzok — diýip, bagananyň eýesi aýtdy.

— Otüki, munuň diýýänini — diýip, söwdagär jag-jag etdi. — Olar bäş tümenden artyk jinnegem bermezler. Şo bäş tümenem beräýseler boldugydyr. Olar, otüki, tüýkesme ahyry.

— Men ol ugurlara düşünemok. Näme etseň, Esen aga, men razy.

Esen söwdagär bagananam gapdalynda ýatan ýaglyga dolap, ýanynda goýdy.

Bu wagt howa garalyp, bulut elýetere gelipdi. Ýokardan iri-iri damjalar gaçyp başlady. Olar şeýle bir iridi, her gaçan damja palç edip düşýärdi. Ýokarsyna seredip, gapa ýönelen Iner golak:

— Esen, hawa, senem öýe giräýseň nädýä? Ýagyş çynyrgadyp barýan ýaly — diýdi.

— Otüki, şeýtmeli bormuka öýdýän — diýip, Esen söwdagär razylaşýan äheňde aýtdy.

— Oglanlar! — diýip, Iner golak öýe tarap gygyrdy.

— Hä, kaka — diýip, ekizler gapyda göründi. Iner golak söwdagäre tarap ümledi.

— Ýüki öýe çekiň, hawa. Ýagşyň aşagynda galaýmasyn — diýip, özi öýe girip gitdi. Onuň yzy bilen Esen söwdagärem ýel äkiden peşmek ýaly togalanyp şol öýe girdi. Daşarda bulut elýetere gelip, ýagyş ýagyp ugransoň, içeri hasam garaňkydy. Gelinleriň biri gelip, duldaky ýag çyrany ýakyp gitdi. Çyranyň öçügsi şöhlesi öýüň içini melewşe symgylt reňke öwürdi. Gelinleriň biri çyra ýakyp gidensoň, beýlekisi goşa çäýnegi bir elinde, beýleki elinde iki sany daşy owadan gülli käsäni alyp öýe girdi. Çäýnekleri ýaşulularyň öňüne uzatdy. Hersiniň ýanynda bir käse goýup, çykyp gitdi. Iner golak çäýnekleriň birini öz öňüne süýşürdi-de:

— Söwdagär çaý içip otur! Çaý içerçe işem etdiň, hawa — diýdi.

Esen söwdagär beýleki çäýnegi öz öňüne çekdi. Bu wagt ýagyş hasam güýjäpdi. Ynha muňa luw ýylynyň ýagşy diýerler. Ýagşyň şu ýagşy bilen ertirem maýyl gün beräýse, öňem dyza ýetip barýan ot nädersiň guşaklyga uraýsa.

— Mallaryň şu ýyl-a bagty getirdi. Näçe ýyllap görmedik bolelinligini gördi, hawa — diýip, Iner golak çäýnegiň çaýyny agdaryp oturyşyna darajyk penjireden daşaryk seredip aýtdy. Esen söwdagär gapdalyndaky ýassygy tirseginiň aşagyna çekip:

— Bolawersin, otüki birine bolsa bir peýda — diýdi.

— Taýagyň ujy iki, söwdagär. Bir ujy çarwalaň elinde bolsa, hawa, beýlekisi çomrulaň maňlaýyna degýär. Her kim ýazlyk

bugdaý eksem diýip, bir tanap, ýarym tanap ýer saklap otyr. Onuň bolsa ekmeli wagty gelip ýetdi, hawa. Howanyň şu ýagdaýynda, heý, ekerin öýdýäňmi? Atan dänäň çüýreder, ýuwdar ýatar, hawa — diýip, Iner golak ýagýan ýagşa seredip:

— Bu ýagyş saňa-ha peýdaly, hawa. Öýde arkaýyn oturyp, hawa, çaý içmäge maý berdi — diýip, oýunlyga salyp sözüniň üstüni ýetirdi.

— Men hakda, otüki, gürrüň ýok-la. Men bu wagt dynç alsam, otüki, soňurrak işlemeli bolaryn. Iliň-günüň gerek-ýaraklaryny, otüki, eýtmeli-beýtmeli, berip gitmeli bolar — diýip, Esen söwdagär ýene jag-jaglady.

— Sen, tüweleme, hawa, şu gezme söwdany oňarýaň. Ýadaňok. Özüm-ä obalara bir aýlanyp gelsem, hawa, halys ýadaýjak ýaly, hawa.

— Haý, awçy, senem bir wagt, otüki, daglary, gumlary ters aýlanyp, çepbe çöwürýädiň-le. Bu wagt, otüki, ýadaýjak ýaly diýen bolýaň — diýip, söwdagär gürledi.

— Ol bir wagt, häzir başga wagt.

— Eliň-aýagyň sagat duran bolsa, otüki, bu wagtam şo wagtdan üýtgeşik bolmazdy.

— Ol diýeniň-ä ahmal.

— Sen şu ýagdaýyňda, otüki, ýöne ýataňok ahyry. Hol bir gezek “Möjege gapan gurdum” weli, otüki, tilki düşäýipdir” diýip, tilki derisini satdyň ahyry.

— Şol-a şeýle boldaý, söwdagär, hawa. Tilki diýilýän zat hawa, şeýle hilegär bolar welin,.. möjege gurlan gapana düşüşini diýsene. Maňlaýy gara tilki bolmaga çemeli, hawa.

— Möjek bolsun, tilki bolsun, ahyry, otüki, gymyldap ýörseň bolar. Otüki, men näme üçin ýadaýyn? Her aýda iki-üç gezek dostlarymyzyň arasyna aýlanyp çykýaryn. Hanha, seniň, otüki, Myratberdi dostuň bar.

— Her görende seniň saglygyňy menden soraýar. Her görende-de salam ýollaýar.

— Hawa, Myratberdini şol agasynyň aýadyna baramdaky görşüm — diýip, Iner golak pikire batdy.

...Dört-bäş oglan tegelek çyzyk çyzyp, orruk ortasyndan hersi iki aşyk dikdi. Soňra olar pellehanadan gezekli-gezegine kenek atdylar. Biriniň kenegi aşyga degdi. Dikilgi aşyklaryň biri çyzykdan dazyrdap çykdy. Beýleki iki sanysy ýykyldy. Oýunçy aşyklary bir ýandan jürdäp çykdy. Çyzykdan dazyrdap çykýan aşyklary gara jürjenje oglanjyk hasyrdap çöpleýärdi. Şol barmaşa aşyklaryň biri çyzykdan zordan çykdy-da saklandy.

— Suw — diýip, oglanlaryň biri aşyga ýapyşdy.

— Goý, aşygy ýerinde. Suw bolsa häzir barlap göreris.

Aşygy alan oglan ýerinde goýansoň, suw bolar ýaly edip goýdy. Soňra başga bir aşygy çyzygyň üstünden ýöretdi.

— Seret, seret, ynha seret! Hanha, hanha degdi — diýip, şol suw diýen oglan aýtdy. Oglanlaryň daýawrak biri eglip, aşygy aldy-da, gara jürjenje oglana uzatdy.

— Suwdugyna gözüň ýetýän bolsa, aşygy ellemezler. Ellediňmi, suwam bolsa, iliň aşygyny ber — diýip, oňa gaharly seretdi.

— Senem oňa daýanan bolup, aşygy ýygnan bolma. Okla aşygy — diýip, suw diýip dawa tutan oglan gara jürjenje oglanyň üstüne abandy.

— Oglandan eliňi çek. Men entek hiç kime öz hakymy gideremok. Saňa-da gidermejek bolaryn — diýip, aşygy çyzykdan çykaran oglan ara düşdi.

— Sen bu obaly däl, Sen gelmişek. Bu ýerde öz kanunyňy ýöretjek bolma — diýip, beýlekem kem oturmady. Ýene-de şol daýaw oglan ara düşdi. Suw diýen oglanyň ýakasyndan tutup, idirdikledip, oglanlaryň gürmeginden çykardy-da, bat bilen itip goýberdi. Ol idenekläp baryp, arkasyny köne haýata berip ýykyldy. Ol üstüni kakman ýerinden turdy.

— Kakama bir aýdaýyn — diýip, şumjaryp aglady. Gözlerini owkalady.

— Bar, garry ataň bardyr, oňa-da aýt. Başga-da ilen-çalanlaryňa aýt — diýip, ýaňkyny iteklän, şumjaryp ýegdekläp barýanyň yzyndan gygyryp galdy. Şol gygyryp galan oglan Myratberdidi. Şu oturan Iner golagyň Esen söwdagärden salam iberen dostudy. Çyzykdan aşyklary ylgap çöpleýän gara jürjen oglanam Iner golagyň gaşynda oturan Esen söwdagärdi. Aşyklary çyzykdan çykarýan “Entek hiç kime hakymy gideremok saňa-da gidermejek bolaryn” diýen oglanam Iner golagyň özüdi. Bu waka Gumdepe obasynda bolan wakady. Ondan bäri esli wagt geçipdir.

— Dünýä, gör nähili üýtgäp gidipdir, hawa — diýip, Iner golak uludan demini aldy-da, sözüni dowam etdi — Ynha, indi, howwa, birek-biregi görmegem hal bolupdyr.

— Seniň Myratberdi dostuňam, otüki, şony diýýä-dä — diýip, öňünden çäýnegini aýran Esen söwdagär ýassyga gyşardy.

— Kaka, nahar taýýar — diýip, gapydan eli kündükli giren Ilaman aýtdy. Iner golak Esen söwdagäre seretdi.

— Hany onda eliňi ýuw. Ajygylaýdam birneme, howwa.

Esen söwdagär gapynyň agzynda Ilamanyň taýýarlan ýerine baryp, elini tutdy. Ilaman üç gezek akydansoň:

— Bolandyr, berekella, otüki, goç-goç ogluň bolsun — diýip, Ilamanyň uzadan ýaglygyna elini süpürdi. Bir eline akydylan suwy gysymynda owkalan Iner golak hem şol ýaglyga elini süpürdi. Gelinleri bir kersen doly dograma çorbany ortada goýdy. Iner golak kersene tarap süýşdi-de:

— Söwdagär al — diýdi.

— Otüki, alyber — diýip, Esen söwdagär başyny atdy. Özüniň söwdagärden bismilla diýerlik uludygyny Iner golak bilýärdi. Ol diňe çanakdaşyna hormat üçin söwdagäre al diýipdi. “Alyň, alyň” diýen sözler nahar başynyň endigidi.

— Bismilla — diýip, Iner golak kersene elini uzatdy.

Daşarda bedreläp guýan ýagyş diňdi. Bulutlar ýuwaş-ýuwaşdan bölünip ugrady. Bölünen bulutlaryň aňyrsyndan gün käte jyklap, bölek-bölek bulutlara dulanyp, bukul-bukul oýnap barýardy. Howa arassady, tämizdi. Gadymy lukman hekimiň tenekar howa diýenidi.

— Gyzyly meňki, gögi meňki, sarysy meňki — diýip, çagalar daşarda goh turuzýardylar. Diýmek asmanda älemgoşar bar.

Ýagyş diňenden soň Esen söwdagäriň işi ýene gyzyp ugrady. Adamlar ondan-mundan ýene-de Iner golaklara tarap eňýärdiler. Esen söwdagär öz işini Iner golagyň gapysyndaky gara öýde alyp barýardy. Onuň söwdasy giç gutardy. “Ertir beýleki oba giderin” diýip, ol umyt bilen ýassynlar düşegine gyşardy.

Düýn gün ýaňy ýokary galyp ugranda, obanyň kybla tarapyndaky degirmene gidýän ýolundan Ýandakly obasyna giren Esen söwdagär bu gün edil şo pursatda obanyň gündogar tarapyndan çykyp gidýän ýola düşdi. Bu ýoldan Esen söwdagär gör näçe gezek geçdi. Ýoluň her öwrümine diýen ýaly beletdi, onuň her daşy, her ýowşany diýen ýaly tanyşdy. Ine şol süsňäp duran burundan öwrülip geçer-de, ýol düz meýdana düşer. Onuň bilen esli ýöränsoň öňünden gyr çykar. Gyrdanam aşdygy sil geçen käldir. Käliň içi durşuna siliň dagdan togalap getiren daşlarydyr. Käliň bir gyrasyny ösgün ýylgynlar tutup otyrdy. Olar topbakdylar, ösgündiler. Düýäni arkaýyn boýlaýardylar.

Ýylan yzy ýaly egrem-bugram bolup gidýän gumak ýol süsňäp duran burundan öwrüm edip, düz meýdana düşdi. Howa açykdy, maýyldy. Asmanda bölek-bölek ak bulutlar gezip ýörse-de ýagyş ýagarly däldi. Esen söwdagär ýagşyň ýagjagyny, ýagmajagyny serçelerden habar tutupdy. Olar ýagşyň ýagjagyny, ýagmajagyny aýdypdylar. Serçeleriň hersi bir ýerdediler. Topar tutup güsürdeşip uçanokdylar. Serçeler ýagşyň ýagmajagyny gaty ir duýýarlar. Howa ýagşa tarap üýtgäp ugradygy aňýarlar.

Inçejik ýoldan dikgirdäp barýan eşek gyra dyrmaşdy. Gyrdan eňen ýeri käldi. Eşek käliň gyrasyndan girip ugrady. Ýaýdanman nätsin? Siliň getiren ýylçyr daşlary eşegiň toýnagyny iýip barýardy. Bu daşlaryň üstünden telim gezek geçen, olaryň awysyny telim gezek toýnagynda çeken eşek elbetde ýaýdanýandyr. Ýöne ýaýdansada geçmelidi.

— Hyh, hyh, haram ölen — diýip, üstündäki golça ýaly bolup oturan adam, onuň böwrüne depip gyssaýardy. Eşek daşlara emaý bilen basyp, suwa girýän ýaly gaty haýal öňe süýşýärdi. Şol ýöreýşi bilenem käli ortalanda ösgün ýylgynlaryň aňyrsyndan gara atly çykyp bärik ugrady. Ony göreninden söwdagäriň imany başyndan uçdy. Sowuk gan şaglap, depesinden aşak indi. Elinde-aýagynda ysgyn galmady. Aljyrap, tas eşekden ýykylypdy. Iki eli bilen gaňňadan ýapyşyp zordan saklandy. Gara atly ýuwaş ýöreýşi bilen Esen söwdagäriň alkymyna geldi. Atyň başyny çekdi. Söwdagär onuň ýüzüni göreninden ini dyglady. Bütin endamynda tikenekler emele geldi.

Atlynyň gözünde gaýyşdan edilen zolajyk perde bardy. Şol perdäniň deşiklerinden onuň möjegiňki ýaly gözleri ýalpyldap durdy. Atly esli wagt dymyp duranyndan soňra:

— Söwdagär düýäň owsaryny boşat — diýdi.

Onuň bu sözleri tamyň üstünden oklanan daşyň düňk edip ýeri sarsdyryşy ýaly güňleç, ýürek sarsdyryjy bolup eşidildi. Söwdagäriň dodaklarynda nem galmandy. Olar ýelim çalnan ýaly şepbeşip durdy. Söwdagär bir zat diýjek boldy. Başarmady. Toşap çalnan ýaly

şepbeşip durañ dodaklary zordan “Han ogul” diýdi. Şondan añryk geçip bilmedi. Ýalbarjakdy, ýakarjakdy “Men bir garyp, maňa degme” diýjekdi. Onuň dodaklary şepbeşip, suwsan adam ýaly kepäp durşudy. Hiç zadam diýip, bilmedi. Atly şagyrdadyp, gylyjyny syrdy-da:

— Men saňa düýäň owsaryny boşat diýdim — diýip, azm urdy.

Esen söwdagäriň dili hiç zat diýmese-de, eli eýýäm düýäniň owsaryny boşadyp ýere oklapdy. Atly baş bagyny gylyjy bilen çekip aldy-da, şo durşuna atyň başyny yza öwürdi. Galtamanyň soňky sözi her näçe howply bolsa-da, öňküsi ýaly güňleç däldi. Aýyl-saýyldy, tanyş adamyň sesine meňzeýärdi.

— A, sen, otüki... — diýip, Esen gygyrdy-da, birdenem dilini dişledi. “Aý, sen pylany bolaýma” diýjek boldy. Birden akylyna aýlandy. Galtamanlar talanan adamlaryň özüni tanandygyny bilseler, ony ýok edýärler. Tanamadygam bolsaň “Aý, pylany bolaýma” diýen sözden peýda ýok. Şonuň üçinem “Aý, sen...” diýip dilini dişläpdi. Galtaman oňa gulak asman, yzyna garaman, käliň ugruny syryp gitdi.

Gün tamdyrdan çykan petir ýaly lowurdap gyzaryp doganyndan, Ýandakly. obasyndan çykan Esen söwdagär gün guşluga galanda, hažžyklar çöpe çykyp, güne gargap ugranda, ýene Ýandakly obasyna gaýdyp geldi. Ýöne onuň yzynda guba erkegi ýokdy. Ol öňküleri ýaly Iner golagyň howlusyna gelip, eşekden agdy. Bir bolmasyz işiň bolanyny oba derrew aňdy. Wakanyň magadyna ýetmek üçin

adamlar Iner golagyň howlusyna tarap ugradylar. Eşekden agan söwdagäriň habaryny ilki Iner golak aldy.

— Bu nä geliş boldy, söwdagär?

— Aý, otüki, sen sorama, men aýtmaýyn. Bir çoçgara-ha çolaşylandyr — diýip, jogap beren Esen söwdagär özüniň nämeler sarnaýandygyny bilenokdy. Iner golak ony öýe alyp girdi. Kem-kemden üýşýän adamlar howlynyň içinde garaşdylar. Şol mahal gapa çykan Iner golak:

— Ýolaman! Ahal! — diýip gygyrdy.

— Ynha men bar, kaka! — diýip, Ilaman çykdy. — Ýolamanyň hälki gidişi, entek gelenok.

— Bolýa, giriň öýe — diýip, Iner golak olary öýe çagyrdy-da: — Söwdagär-ä, howwa, Garamergeniň salgyny berýär — diýdi.

Ýigitleriň ikisem doňup galdy.

— Otüki, men onuň sesinden güman etdim. Şol ekizleriň öýlenen güni toýuňda göreş tutup, gaty ýykylan, otüki, ýigit bolmaly.

— Ondan bäri üç ýyl dagy geçdi. Sen ýalňyşýan bolaýma. Ýalňyşaýýan-a dälsiň-dä?— diýip, Iner golak sorady.

— Men oňa ant içip bilmen. Ýöne, otüki, sesi tanadym öýdýän.

— Garamergeniň öýüni barlaň, howwa — diýip, Iner golak çagyrylan iki ýigide tabşyrdy.

— Lepbeý — diýip, olar öýden çykan dessine töwerekde duran adamlar dillendiler.

— Näme bolupdyr?

— Talapmydyrlar?

— Kimdigi bilnipdirmi?

— Belli zat ýok, bilinýän zat ýok — diýip, Ahal bilen Ilaman mähelläniň arasyndan çykdylar-da, atlaryny münüp, nirädir bir ýerik sürdüler. Olar giden dessine gelip atdan düşen Ýolaman bir zadyň bolanyny aňdy. Märekäni öýüň töwereginde görüp, bütin süňňi bilen gagşady. Ýüreginde birhili yza döredi. Depesinden äpet agramlyk basýan ýaly boldy. Onuň howatyrly gözleri adamlaryň ýüzlerinde gezmeledi.

— Kime näme bolupdyr? — diýip, sandyrawuk gaty ses bilen sorady. Onuň göwnüne häzir kimiňdir biriniň sowuk habary aýdylaýjak ýalydy. Hernä köp garaşmaly bolmady. Duranlaryň biri:

— Esen söwdagäri talapdyrlar — diýdi.

Ýolamanyň göwrümi birden giňäp gitdi. Gerşinden agyr ýük aýrylan ýaly boldy, süňňi ýeňledi. Ýaňky symgylt bolup görünýän dünýä, adamlaryň dumanyň içinden görünýän ýüzleri ýene öňki kaddyna geldi.

— Özüne-de degipdirlermi?

— Özüne deglen zat ýok.

Ýolaman ýeňillik bilen dem aldy. Ol batgalyk ýoluň derdini çeke-çeke gury ýola çykan ýolagça döndi.

— Ýöne talaňçylyk bolsa ýene ýagşy — diýip, Ýolaman öýe tarap ugrady. Şol wagt gapa çykan Iner golak:

— Ýolaman, sen asyl geldiňmi? Gir içerik. Sen gerek — diýip, ony çagyrdy. — Gorsaw obasyndan, howwa, Torbaly diýen adamyny tanaýarmyň?

— Tanaýan, yzçy Torbaly dälmi?

— Tanaýan bolsaň, ýanyňa ýigit al-da, howwa, yzçyny tap. Ony Gurykäle alyp bar. Häzir bizem şo ýana ugrajak.

Ýolaman ýanyna Nursähedi alyp, Torbaly yzçynyň gözlegine Gorsaw obasyna tarap ýola düşdi. Şol mahal ýumşa giden Ahal bilen Ilaman gaýdyp geldi. Olar Garamergeniň öýde ýokdugyny, onuň düýnki gidişidigini, ýokarky Daşaýak obasyna, daýylarynyňka gidendiginiň habaryny getirdiler.

— Ýeriň deşiginde bolsa-da tapyň — diýip, Iner golak aýtdy. Ahal bilen Ilaman:

— Lepbeý — diýip başlaryny atdylar.

— Tapyň-da Gurykäliň boýuna alyp baryň, howwa.

Az salymdan daşarda atlaryň dükürdisi eşidildi. Ol Ahal bilen Ilamanyň atynyň aýagynyň dükürdisidi.

Iner golak dört adamy ýanyna alyp, Esen söwdagär bňlen Gurykäliň gyrasyndan girende, Gorsaw obasyna gidenler Torbaly yzçyny alyp barypdylar. Az salymdan Ahal bilen Ilaman Garamergeni alyp bardy. Garamergen beýle edenliginden kes-kelläm boýun towlaýardy.

— Esen aga, men beýle oýun etmen. Ynha galtamany tap diýseň bile giderinem, ýeriň deşigine girenem bolsa taparyn — diýip, ýöňkelýän günä ör-gökden geldi. Bu wagt yzçy yzy gözläp ugrady. Ony kälden çykaryp, göni ilerligine taran alyp ugrady. Ony kälden çykaryp, gumak meýdana düşeninde, Iner golak atyň başyny çekip:

— Yzçy şol alyp barýan yzyň bilen, howwa, hol atyň yzyny deňeşdir. Göwünleriň, howwa, müňkür düwünleri çözülsin — diýip, Garamergeniň atyna tarap ümledi. Aty gumak ýerden geçirdiler. Yzçy iki yzyň arasynda kän gatnady. Ol köp wagtlap synlady. Adamlar onuň agzyna aý görjek ýaly bolup seretdiler. Adamlaryň duýgusy şeýle bir kadda ýetipdi, birden parkyldap ýarylaýjak ýalydy.

— Heý, şol yzlaryň arasynda meňzeşlik barmy? — diýip, ýene Iner golak sorady.

— Ýok, men-ä olarda meňzeşlik görmedim — diýip, yzçy aýtdy. Dem tutup garaşyp duran adamlar "Owf" edip demini aldy.

— Kelte-de ýöne janynyň agyrysyny kimden çykarjagyny bilmän ýör — diýip, Şally baý aýtdy.

Şally baý bu wakany giç eşidipdi. Şonuň üçin bu ýerik iň soňundan gelipdi. Käbir adamlaryň onuň geleninden habaram ýokdy.

— Bilmän, otüki, ony başga birine-hä diýäýemok — diýip, söwdagärem jag-jag etdi.

— Atam, şol gara at şunuň ýaly atdy.

— Onda näme yzy gabat gelenok.

— Aýagyny täzeländirler — diýip, biri aýtdy. Onuň aýdanyna gülüşdiler. Ýöne aýdan adam oýunlyga salyp aýtmandy. Atyň nalyny täzelemek bolýar ahyry.

Iner golak ýanyndaky ýaşululara ýüzlendi.

— Indi biz gaýdybereliň, howwa, ýaşlaryň özi, ynha Torbaly bilen yzarlaram, taparam — diýip, Ahala gygyrdy. — Ahal onda

ýigitleri özüň alyp bar. Biziň bu ýerlik işimiz ýok, howwa, biz gaýdybersegem boljak.

— Lepbeý, Iner aga — diýip, Ahalyň sesi geldi. Ýaşulular atyň başyny oba tarap öwürdiler.

Galtamanyň yzyny alyp gidenler gün ýaşyp iňrik garalyp ugranda dolanyp geldilr. Olar söwdagäriň düýesinem, zatlarynam tapypdyrlar. Galtaman ýüki şol ýerde gizläpdir. Düýäni şol ýerde duşaklap goýberipdir. Öz zatlarynyň öňküsi ýaly ýerbe-ýerdigini gören Esen söwdagär "Otüki" diýip çaga ýaly begendi.

## ŞALLY BAÝYŇ KIÇI OGLY

Şally baýyň iki ogly bir gyzy bardy. Uly ogluna Garamyrat, kiçi ogluna bolsa, biziň öňden belet, tanap ýörenimiz Garamergen diýýärler. Il arasynda Garamyrat bilen Garamergeniň meňzeşligi hakynda "Bir almany iki bölen ýaly" diýip, gürrüň edýärdiler. Bu deňeşdirmäniň şahyranalygy hakynda gürrüň edip duramok. Ýöne haýsy almany alyp iki bölseňem, şol iki bölegiň meňzeş bolmajakdygyny tassyklap bilerin. Asman gümmezinde lowurdaşyp duran ýyldyzlaryň, şahalardaky düzüm-düzüm almalaryň hemmesi birmeňzeş ýalydyr. Olar biziň gözümize şeýledir. Münejjim alymlaryň aýtmagyna görä, şonça kän ýyldyzlaryň arasynda iki meňzeşi ýokmuşyn. Şahadaky almalaram şeýle. Onsoň iki doganyň meňzeşligi hakynda şeýle mahabat berip aýdyp oturmak nämä gerek. Ol artykmaç dälmikä?

Gürrüň Garamyrat bilen Garamergeniň meňzeşligi hakynda gidende-hä şol artykmaç diýýänimiz hasam aýdyň. Olaryň ýüz keşplerinde ýakyn meňzeşlik bolsa-da, gylyk häsiýetleri, il arasynda özlerini alyp baryşlary düýbünden üýtgeşik. Garamyrat ýuwaş, dymma, aýtjak zadyny ýedi ölçäp bir kesýänlerden. Garamergen galjaň, gyzma, soňuny saýgarmaýanlardan. Garamyrat baý hojalygyň müňe ýakynlap barýan goýun sürüsine gez-gulak bolýardy. Şonuň üçin onuň köp wagty çopanlaryň ýanynda geçýärdi. Onuň özi örküç-örküç gumlaryň arasyny, çola meýdanlary kem görenokdy. Ol "Muňa Hydyr gören çöller diýerler, munuň höziri başgadyr" diýip, gaýtalamagy gowy görýärdi. Çopanlaryň goşy nirede bolsa, onuň öýem şol ýerdedi. Ol iki sany çagasyny, aýalyny alyp, şol çöllerde ýaşap ýördi. "Onuň köp geplemezligi, gepläýende-de sesiniň güňleçligi şondanmyş" diýjek bolýardylar. Şol diýiljek bolunýan zadyň çyn bolmagam ähtimal. Käte ol aýalyny, çagalaryny goşa arwana ýükläp, oba gezelenje, görme-görşe gelýärdi. Bir aý, iki aý bolup, ýene-de çöllere siňip giderdi. Hojalygyň obadaky işleri bolsa Garamergeniň boýnunady. Ol çagalykdan kakabaş ösüpdi. Obanyň oglanlary bilen häli-şindi urşardy. Ahal bilen bolsa mydama jetdi. Kimseler ony baý ogly diýip sylaýardy, kimseler gorkýardy. Kimseleriň ene-atalary "Garamergene ýanaşmaň, atasy bardyr. Garybyň rysgy baýyň elindedir" diýerdi. Eger onuň kakasy penjesini gysaýsa, bu görünýän garyplaryň bir topary açlykdan öläýjek ýalydy. Şonuň üçin garyp çagalaryň üstüne Garamergen rüstem daraýardy. Onuň güýji ýetmeýäni diňe Ahaldy. Ol Abaly serdaryň, atly adamyň

ogly. Hojalygynda kyrk-elli sany goýny bar. Iki sany inen düýesi, iki sanam ýükçi ineri bar. Obada atly adamlaryň biri Iner golak oňa hemaýat berýär. Bu zatlaryň üstesine-de Ahalyň ýaşy kiçi-de bolsa, güýji ökde. Ol Garamergenden has daýaw. Garamergen onuň bilen ilkinji gezek on iki ýaşynda çaknyşypdy.

Aýatylla işanyň mekdebinde okap ýören wagtlarydy. Mollanyň ýoklugyndan peýdalanyp, Garamergen kimdir biri bilen sene-mene etdi. Sene-menäň yzam urşa ýazdy. Içerde güpür-tapyrlyk turdy. Ýolaman bilen Garamergen tutluşyp durka, molla içerik girdi. Ol iç işikde elindäki hasa daýanyp, dikelip durdy. Hasa göterer ýaly Aýatylla işan garry adam däldi. Ol diňe sapaga gireninde eli hasaly girýärdi. Ol hasany garagolluk eden okuwçylara abaý-syýasat üçin göterýärdi, Başga wagt ony eli hasaly gören adam ýokdy.

Molla iç işikde durup:

— Bu nämäniň alamaty, pedernäletler! — diýip, azgyryldy. Şol pursatda Garamergen ýerinden galyp, iki elini gursagynda goýup, bilini epdi.

— Tagsyr, sadyk guluňyzyň günäsini ötüň! Bu biedepligiň günäkäri, hanha, şol — diýip, Ýolamana tarap ümledi. Mollanyň taýagy Ýolamanyň depesinden indi. Edil şo pursat syçrap turan Ahal molla bilen Ýolamanyň arasyna düşdi.

— Tagsyr, onda günä ýok. Günä Garamergeniň özünde. Biedepligi başlan şol.

— Sen näme, peläket, molla nähili ýüzlenmelidigini bileňokmy?

Ahal ony bilýärdi. Edil Garamergeniň ýüzlenişi ýaly, iki eliňi gursagyňda gowşuryp, biliňi epmeli. Näme sorajagam bolsaň “Sadyk guluňyzyň günäsini ötüň” diýmeli. Tagsyryň özi aýtmyşlaýyn, okuwçy mollanyň öňünde özüni hemişe günäkär saýmalydyr. Ýöne welin ol däp-dessurlary berjaý edip durmaga häzir pursat bolmady. Ýolamanyň ýagyrnysyna gürpüldäp degen taýak ikinji gezek ýokaryk galypdy.

— Tagsyr, sadyk guluňyzyň günäsini ötüň! Taýak ikinji gezek ýokary galanda, ol zatlara maý bolmady. Adalatsyzlygyň ýüze çykmagyndan heder etdik — diýip, Ahal iki elini gursagynda goýup, bilini büküp aýtdy.

Okuw gutardy. Okuwyň belli sagady ýokdy. Molla keýpi tutan wagty okuwy gutarardy. Okuwyň başlanyşy hem şonuň ýalydy. Jaň kakylanok, habar edilenok. Çagalar mekdebe ygym-sagym ýygnanýarlar. Gelen okuwçy ýer tapan ýerinde iki dyzynyň üstüne çöküp, sapagyny içinden okamaga başlaýar. Sähel gatyrak pyşyrdasaňam molla saňa goý diýmez. Diňe uzyn hasasy bilen çalaja kakyp goýberer. Ol saňa duýduryşdyr. “Pyşyrdyňy kesmeseň depäňden taýak iner” diýildigidir. Molla ähli okuwçylaryň öňünde çök düşüp oturandyr. Öňünde açyk kitaby, gapdalynda hasasy ýatandyr. Ol okaýan däldir, diňşirgenýändir. “Kim garagolluk ederkä, kimden ses çykarka?” diýip, iki gulagy okuwçydadyr. Ol sapagy seýrek okadýar, täze sapagy ondanam seýrek berýär. Öňki sapagyňy suw ýaly bişirmeseň, bir aý gatna, iki aý gatna, täze sapak aljak gümanyň ýokdur. Gelersiň, gidersiň, kä wagtam mollanyň

taýagyny iýersiň “pedernäletler” diýen sözüni eşidersiň, her anna güni bir saçak çörek getirer ýörersiň.

Bu gün mollanyň keýpi ýokdy. Ol erbedräk, agyrrak düýş görse-de uzynly gün körkeýp bolup ýör diýýärler. Şonuň ýaly bolan bolmagy ahmal. Ol okuwçylary ir goýberdi. Çagalar mekdepden arany açanlaryndan soň Garamergen Ahalyň üstüne haýkyrdy.

— Sen, syrty açyk, gelmişek, näme meni tagsyryň ýanynda ýamanladyň? — diýip, onuň ýakasyndan tutdy.

Ahal urup ýören oglanam däldi. Ýöne ol adalatsyzlyga-da tomaşaçy ýaly bolup seredip durmagy halanokdy. Halamak näme? Adalatsyzlygyň öňünde oňa özüni saklamak kyn düşýärdi. Bu günem şeýle boldy. Ara sokulany üçin tagsyryň urjak taýagyndan heder etmän, ýerinden turdy. Molla ony bu gezek urmady. Belki okuwçylaryň öňünde adalatsyzlygy goldaýan ýaly bolup görünmekden çekinendir.

Garamergeniň häzirki dyzmaçlygy ýöne-möne zada gahary gelmeýän, sowuk ganly Ahaly gozgady. Ýöne bir gozgamagam däl, üýşmek därä ot degen ýaly etdi. Garamergeniň bolşuny “Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar etjek bolýar” diýip düşündi. Bu halys çakdan çykma bolýar. Ahal alkymyna somlanan ýumrugyň goşaryny çep eli bilen berk tutdy-da, sag eliniň aýasy bilen Garamergeniň eňegine kakdy. Bu urgy şeýle bir çalt, şeýle bir duýdansyz boldy weli, Garamergen hyzzyn atýan eşekden ýykylan ýaly gürpüldäp arkan gaýtdy. Ol hasanaklap turanda agzy “gan ýalan ganjyk ýaly” diýleni boldy. Ol erninden çykan ganly tüýküligi eli

bilen sylyp goýberdi. Şonda onuň ýaňaklaram gana boýaldy. Ahal ony ikinji gezek urjagam bolup durmady. Gaýra çekilip, özüni gorady. Obanyň oglanlary şarpa iki bölündi. Garamergeniň tarapdarlaram az däldi. Ýöne olar ýeňlerini çermäp urşa giribermekden çekindiler. Olary çekindiren zadam Ahalyň ýaňky ýumrugydy, onuň çalasynlygy, onuň güýjüdi. Ol ýumrugyň öňüne milt edip baraýmaga uly gaýrat, gözsüz batyrlyk, atyň kellesi ýaly ýürek gerekdi. Garamergeniň salgan ýumrugyndan sapalak atyp goranan Ahal seňrigini ýygryp:

— Haramzadaňyzy tutuň, maňa ýumrugy gaýtalatmajak bolsaňyz — diýip, Garamergeniň tarapdarlaryna dişinden syzdyryp azmly aýtdy. Ony tutdular. Garamergen dyzady.

— Goýberiň meni, men ol çöp düýbüniň otuz ikisini damagyna ibereýin — diýip, agzynyň ganyny saçalandyryp, çetine deglen zemzen ýaly gabaryldy, gulaklary hažžygyňky ýaly gyzardy. Ony goýbermediler.

— Wah, şol salgan ýumrugym degen bolsady. Şo dagy degäýen bolsa syrty açyk ýetimi tike-tike ederdi — diýip, sojaýan ýaly edip aýtdy. Soňra öz ýaranlaryna igendi:

— Size-de dost diýjeksiňiz. Maňa kömek etmegiň ýerine gaýta meni tutýarsyňyz.

Bu waka Garamergen bilen Ahalyň ilki çaknyşygydy. Olaryň arasy hiç wagtam ysnyşykly bolmandy. Şondan soň hasam bozulypdy. Garamergen “Nädip Ahala ýamanlyk edip bolarka?” diýen pikirde gezdi. Oňa şyltak ýüklejek bolup oýlanmadyk zady

galmady. Gije onuň öýüne çozup, ýençmek hakynda öz ýaranlaryny yrjak bolup, eden synanyşygy hem başa barmady. Ahaly gapyl basmasaň, onuň ýaranlarynyň özüniňkiden kändigini, urşuň ýene-de ýekme-ýek bolmalydygyny bilýärdi. Ýekme-ýekde özüniň gaýraty ýokdy. Gije çozmak hakyndaky pikirine:

— Onsoň ertir ýere girjekmi? Gündiziň günortany üýşüp gelerler-de suwa salma ýenjip giderler — diýip, paýhaslyrak oglanlaryň biri aýtdy.

Onuň diýýäniniň jany bardy. Garamergen ar almagyň dürli ýollaryny gözledi. Aýlar aýlandykça, ýyllar dolandykça onuň ary barha köp köýýärdi. Ol Ahal hakda sähel bir şyltak eşitdigi on esse ulaldyp gürrüň edýärdi. Oý şeýdip arassa adama töhmet atmakdanam, myjabat etmekdenem, gybat edip myş-myş gürrüňleri ýaýratmakdanam gaýdanokdy.

Olar çagalykdan saýlanyp, kämillige ýetenden soň bulary indi öýermeli diýlip ýörlen wagtam şeýleräk bir waka bolupdy. Obanyň ýarlykly garyby güne tutsaň aňyrsy görnüp duran garyp diýilýän Aman sürekçi Ahala şikaýat edipdi. Aman sürekçi merhum Hojaly seýsiň, Ahalyň uly hormat goýýan halypasynyň garyndaşydy. Sürekçi lakamy oňa ýene ýerden goýulmandy. Maru-Şahu-jahan ýaly, Hywa ýaly, Ürgenç ýaly şäherleriň bazarlaryna mal süren wagty Amanam sürekçileriň biridi. Özüniň guba arwanasyna iýjek-içjegini, azyk-suwlugyny ýükläp, sürekçilerden galman giderdi. Ol Maru-Şahu-jahanyň bazarlaryna ugrajak sürekçileriň biri bolup gitmek üçin taýýarlanyp ýörkä, birden depesinden daş inen ýaly

bela-betere sataşýar oturyberýär. Özüniň ýalňyz arka diregi bolan guba arwanasyny ýitirýär. Ony ertirki duşap gaýdan ýerinden tapmaýar. Bütin töweregi torç edýär. Aňtap-agtaryp ýörkä, birdenem onuň yzyna gabat gelýär. Kimdir bir atly onuň duşagyny çözüp idip gidipdir. Aman sürekçi ony yzarlap, Ürgenje gidýän uly ýola çenli barypdyr. Şol ýerdenem Ürgenje mal süren sürekçileriň uly kerweni geçipdir. Şol kerweniňem iň yzyna Aman sürekçiniň arwanasy tirkelipdir. Ol kerweni yzarlap kän ýöräpdir. Ýöne ýetip bilmändir. Ýetip bilmejegini aňansoň, çöllerde aç-suwsuz ölüp gitmezlik üçin yzyna öwrülipdir.

— Meniň tanaýşymdan ol Küýkiniň yzy bolmaly — diýip, sürekçi aglaýjak-aglaýjak bolup gürrüň beripdi. Ol dagy nätsin? Üç çagany, bir enäni, aýalyny, jemläp aýdanyňda alty baş maşgalany ekläp oturan şol guba erkekdi. Ony ýigrimi tümene dilänlerinde-de bermändi. Ýigrimi tümen diýilýän atyň, onda-da çapylýan atyň bahasy. Bular ýaly arwana bolubilse şol atlara berilýän baýrak.

Sürege gitmedik wagty Aman onuň bilen odun daşap, odun satardy, çagalaryň iýjek döwüm-dişlem çöregini gazanardy. Guba erkekden aýrylsa, maşgalanyň başyna ahyrzamana inäýmezmi? Onsoň sürekçi neneň edip aglamasyn. Ine, “Hudaýyň uranyny pygamber hasasy bilen dürter” diýleni şu bolsa gerek.

— Eger ol “Men seniň düýäňi göremok. Bu maňa töhmet atýar, ogurlyk ýapýar” diýäýse näme diýersiň? — diýip, Ahal sürekçä ýüzlendi.

— Men onuň atynyň yzyny tanadym. Küýkiň yzy, arwananyň yzy ony subut etmeýärmi näme?

— Şol yzyň Küýkiň yzydygyna başga kim güwä geçip biljek?

— Ine, şol welin ýok — diýip, Aman sürekçi ahmyrly gürledi-de, uludan demini aldy. Ahal onuň ýüregindäki hasraty agzyndan çykan ot ýaly deminden aldy. Indi şeýderde guba erkegi gidiberermikä? Bu bagty ýatmaklyk dälmi? Heý, munuň alajyny tapyp bolmazmyka? Garybyň üstüne agyp gelýän bu äpet belany saklajak, agzyny açyp oturan çagalara rehimi injek adam tapylmazmyka? Sürekçi häzir öýüne barar. Gözüni ýaşardyp oturan ejesi, aýaly ondan sorar: “Nähili düzelýärmi?” diýer. Aman oňa näme jogap bersin. Onuň bogazy doldy. Kirpiklerinde ýylpyldap ýaş göründi. Eňekleri çalaja titredi. Onuň bu hasratynyň bir ujy Ahala-da ýetişdi. Ol:

— Entek howlukma. Sürekçiler ýene bir aý ýarymdan gaýdyp gelerler. Ine şonda Siňrenlide kimiň düýe goşanyny soraýarys — diýip, asudalyk bilen aýtdy.

— Eger aýtmasalar? Äkiden Garamergeniň baryndaşy ýa-da ogry şägirdi bolsa nähili bolar? — diýip, sürekçi şol sustupesligi bilen gürledi. Onuň eginleri halys sallanypdy. Ysgyn-mydar galmandy. Çäýnegi galdyranynda elleri titräp, çäýnegiň gapagy şykyrdap gitdi. Käsä zordan çaýy guýýardy. Ýarpy guýlan käsäni göterjek bolanda, zordan dökmän saklaýardy.

— Ol uly kerwen. Biri bilmese, biri biler. Biri aýtmasa, biri aýdar.

— Men onda bu gezek sürekden galmaly boljag-ow — diýip, Aman uludan demini aldy.

— Sürekden galma. Siz olardan öňürti gelersiňiz. Ulag gerek bolsa, hanha, meniň düýelerimiň birini alaý.

Aman sürekçi Ahalyň ýanyndan ýüki ýeňlän ýaly bolup gaýtdy. Ýüregine yza berip duran derdi düýpden sogrulyp aýrylmasa-da, agyrysy azalan ýaly boldy. Ol öz içinden: “Henizem dünýäde Ahal ýaly mert ýigitleriň bardygyna şükür” diýip oýlandy.

Ol Ahalyň aýdyşy ýaly onuň düýeleriniň birini alyp sürege gidip geldi. Bir hepde geçensoň hem Ürgenje giden sürekçileriň kerweni geldi. Amandyr Ahal şol kerwen bilen gürleşdi. Olar Siňrenliniň oýunda düýäniň kerwene goşulandygyny, onuň guba erkekdigini, sag budunda synny tagmasynyň bardygyny aýtdylar. Şony äkidenem Şally baýyň daşgynrak garyndaşlarynyň biri bolup çykdy. Ol wakanyň üstüni ýapjak bolmag-a beýlede dursun, şol düýäni Garamergenden kabul edip alandygyny, bahasynyň dörtden birini alyp, galanyny getirendigini, berendigini, ogurlykdygyny bilen bolsa äkitmejekdigini jikme-jik gürrüň berdi. Ogurlyk düýäniň bahasyndan almaly hakyny aljak däldigini, ýüreginden syzdyryp aýtdy.

Ine, şolam Garamergeniň adyna, mertebesine çalnan uly şarpyk boldy. Gykylyk diň asmana galdy. Obanyň Ahaly goldaýan ýigitleri Aman sürekçini öňlerine salyp, Şally baýyň howlusyna bardylar. Bular baranynda öýüň töweregi gum-guklukdy. Iň bärkisi çagalardanam daşda-içde görünýäni ýokdy. Harasat turmazdan öňürti howada şeýle imi-salalyk bolýar. Öwsüp duran şemal tapba ýatýar. Howa içgysdyryjy dymyklyk aralaşýar. Çöp başy gymyldamaýar. Şally baýyň howlusy edil şonuň ýalydy. Olaryň

üstüne harasat süýşüp gelýärdi. Ony öýde busulyp oturanlar bilenok diýen ýalydy. Adamlaryň wagyrdysy degirmeniň mesenesinden güwläp inen suw ýalydy. Öýde haçana çenli başyňy basyryp ýatjak. Bu gelýän harasat bukulyp, başyňy basyryp ýatanyň bilen geçip gitjek harasat däldi. Bu harasadyň öňünde jogap bermelidi.

Hywa donuny ýasgynjak atynyp, öýden çykan Şally baýyň ýüzi agyr kesel çekip ölen adamyň ýüzi ýalydy. Ol egnindäki donuň ýakalaryny çekişdirdi. Märekäniň öňüne bardy. “Ýuwaş!” diýen äheňde bir elini galdyrdy-da, Ahala ýüzlendi:

— Ahal, inim, bu bolan wakany bizem eşitdik. Ynha bizem şoňa köýüp otyrys. Garamergeniň özi-hä ýok. Gelse ony it alan sanaja döndereris. Bitin ýerini gök dalak ederin.

— Ol siziň öz işiňiz, Şally aga. Ýöne ogurlanan erkegiň öwezini doluň — diýip, Ahal özgelerden saýlanyp aýtdy.

— Islese hanha, bahasyny alsyn, islemese-de, meniň düýelerimiň içinden haýsy birini saýlap tutsa özüniňki bolsun.

Bu waka şunuň bilen sowuldy. Garamergene jeza bermek obanyň kazysy Aýatylla işana tabşyrylypdy. Olam öz gezeginde ogrynyň ýagyrnysyna on gamçy urmagy höküm edipdi. Bu jezany ýerine ýetirmekligi hiç kim boýun almady. Bar, ol günäli bolanda-da birini gamçylap durmak aýyp ahyry. Onsoň kim ony boýun alsyn. Aýatylla kazynyň hökümlerini ýerine ýetirýän serbazlary, jellatlary ýok. Onuň ýalňyz çykalgasy jeza bermekligi öz kakasyna tabşyrmak.

Şally baý özüne tabşyrylan zady ýerine ýetiripmi-ýetirmänmi, ony hiç kim bilenok. Bolmanda-da köpçüligiň öňüne çykarylyp

ýenjilmeýär. Onsoň kim onuň ýagyrnysyny barlap ýör. “Seni ýençdilermi, ýençmedilermi?” diýip. Onsoň Garamergeniň jeza çekeni-çekmäni hiç kime belli däl. Bir zat belli, olam Garamergen birki aýlap, oba kän gara bermedi. Gaçak-sapak onda-munda gezdi. Ýöne başga bir ýagdaýy oba bilmese-de, Garamergen bilýärdi. Olam Garamergen bir gezek öýlerine geleninde, onda-da gije geleninde, kakasy oňa ogurlyk etmezligi, iliň gözünden düşmezligi tabşyrmagyň, sargamagyň deregine şeýle diýipdi:

— Sen bu ýeňiýoluklaryň garşysyna göz-görtele gitme. Olar seni depelemekdenem gaýtmazlar. Häzir ähli güýç Iner golagyň, Ahal ýetimiň elinde. Bu kakabaş halk üçin seniň baýlygyň bir aşyk.

— Näme indi şol ýer urup ýerde galanlaryň önünde bilimi büküp ýörmelimi?

— Gerek bolsa biliňem bükmeli borsuň, başyňam egmeli borsuň. Seniň Eýranyňky ýaly, Hywanynky ýaly goşunyň, serbazly döwletiň ýok. Hany “Ýetiş!” diýeniň-de nökerlerini iberip, ýeňiýoluk azgynlaryň merkini beräýjek güýç, uly döwlet. Iň bärkisi Maru-Şahu-jahanyňky ýaly arkaňy diräýere daşy nökerli hanyňam ýok. Bu ýerde başyň-başa-da, jan jana. Muňa Kesearkaç diýerler. Munda it eýesini, pişik bikesini tananok — diýip, Şally baý ogluna ýüreginden syzdyryp gürrüň beripdi.

— Günüň üçin güniň ogluny allalamak aýyp däl. Durmuşyň özi şoňa gurlupdyr.

Kakasynyň janyndan syzdyryp beren gürrüňine Garamergen düşünmän duranokdy. Garamergene gerek zat baýlykdanam beter şöhratdy. Ol şöhrat üçin her zatlar etmekdenem gaýtjak däldi.

— At-abraý üçinem, şöhrat üçinem ilki bilen baýlyk gerek. Baýlygyň bolsa sen hemişe iliň gözündesiň. Şonuň bilen hemme ýerde ýol alarsyň. “Berim gökden ýol ýasar”' diýip ýöne ýere aýdylan däldir. Baýlygyň bolsa, bermäge zadyň bolsa bolany. Esasy zat baýlyk... baýlyk... baýlyk...

Ine, şu sözlerem Şally baýyň sözleridi. Özem Garamergene aýdylan sözler. Ýok, olar häzir aýdylan zatlar däl. Baý ony bir wagt aýdypdy. Ýöne-de aýtmandy. Ony Garamyradyňam, Garamergeniňem gulagyna gurşun guýan ýaly edip guýupdy. Garamergen kakasynyň bu sözlerine ýüregi bilen ynanypdy. Şonuň üçinem ol özüniň haňlap ýatan saraý ýaly gara nebsini ogurlyk bilen dolduraýjak bolýardy. Garamergeniň işini gören, masgara eden zat baýlykdy. Gadym kitaplaryň birinde şeýle diýilýärdi: “Eý, sen, adam öwlady! Eger men saňa baýlyk bersem, sen meni ýatdan çykararsyň. Sen baýlygyň guly bolup galarsyň, baýlyga sežde edersiň...” Şol kitapda aýdylyşy ýaly Garamergenem baýlygyň guly bolup galan, adam öwladydy. Ol özüniň ile peçan bolup galmagyny özündenem, özüniň gara nebsindenem görenok. Ol bu zatlaryň düýp özeni Ahal diýip hasap edýärdi. Eger şu Ahaly dünýäden ýok edip bolsa, ähli zat düzeläýjek, masgaraçylyklaryň birem bolmajak ýalydy.

Oba adamlarynyň gözüniň öňünde onuň mertebesini peselden wakalaryň ýene biri bolupdy. Ine, şoňa welin Ahalam, hiç kimem

daşyndan gelip gatnaşmandy. Bu wejeralyga, bu hasratly waka gatnaşanlar Aýşa gyrnak bilen Garamergeniň ejesi, kakasy hem özüdi.

Naryz kürtüň gelni Aýşa obada iň owadan gelinleriň biridi. Onuň tegelek ak ýüzüne, inçeden uzynak syrdam boýuna türkmen aýallarynyň eşikleri has-da gelişýärdi. Onuň egninde täze eşigi ýokdy. Ol täze eşigi ilki çykyp gelende, toý edilen güni geýipdi. Olam öz eşigi däldi. Hajatyň eşikleridi. Toý sowlup il aýagy çekileň bada, ol eşikleri Aýşanyň egninden sypyryp alypdylar. Onuň häzirki geýip ýören eşikleri hem Garamyradyň aýaly Hajatyň, Şally baýyň kiçi gelni Sadabyň köneldip içinden çykan eşikleridi. “Göwher kül içinde” diýlep nakylyň çyndygyny-däldigini bilmek üçin Aýşa gyrnaga seredäýmelidi.

Oňa şeýle mahabat bermezçe-de däldi. Ýaşmagyň üstünden goşa köl ýaly lowurdap görünýän goşa dide, ganatlaryny giňden ýaýyp, şol köllerden agzy bilen suw daşaýan goşa garlawaç ýaly gara gaşlar, gerşini güne çoýup, meýmiräp ýatan ak urpak ýaly ak maňlaý, gündiziň üstüne abanyp gelýän gije ýaly bolup börüginiň astyndan görünýän gara saçlar men diýen ýigitleriň ýüregini sersdiripdi. Olaryň duýgusyny gozgapdy. Adamlara “Naryz kürt gulam bolsa, gelinden bagtly eken” diýdiripdi. “Wah, Naryz kürt bolup doglan bolsam bolmaýamy?”, “Aýşa ýaly gelin bersinler-de meni ömür boýy gul edip saklaýsynlar” diýýänlerem az däldi. Onuň daşyndan gözüni çarhlap ýören ýigitlerem az däldi. Ine, şolaryň birem, onda-da işdämenlik bilen, nebsewürlik bilen seredýänleriň birem Aýşa

gyrnagyň hojaýynynyň ogly, Şally baýyň aýaly Ogulnuryň süýjüdip aýdyşy ýaly, Aýşanyň ýüwürjisi Garamergendi.

Garamergeniň aýaly Sadabyňam görki hiç kimiňkiden pes däldi. Obada owadan diýilýän gelinleriň biridi. Seredeniňde peýkam ýaly şapba içiňden geçýän gara gözler, şahyrlar aýtmyşlaýyn, däli çebşiň gözleri ýaly gözler onda-da bardy. Ýüzi Aýşanyňky ýaly ak däldi, garaýagyzdy. Boýy ortadan aşakdady. Ýöne inçesagt owadandy. Ony has owadan görkezýän zadam synasyna gelşip, şaplaşyp duran çigildem güli ýaly keteni köýnegidi. Ýokarsy golçur goçakly goşa saýlan nagşy salnan ýakanyň iki gapdalyndan topragy güberdip gelýän gelin kömelek ýaly tümmerip duran göwüsleridi. Keteni köýnegiň eteginden görünýän içki eşigiň älem, çaňňa ýaly nagyşlarydy.

Obanyň Tarhan ýaly, Ilaman ýaly dilewar ýigitleri; “Akdandyr — ukdandyr, ilde-günde ýokdandyr”, diýip, Aýşanyň tarypyny etseler, “Garadandyr-guradandyr, ýürek-bagryň eredendir” diýip, Sadap hakynda aýdýardylar. Sadabyň şeýle gelindigini diňe Garamergen duýanokdy. Ol özüni Sadap ýaly sölitä rowa däl hasap edýärdi. Ýöne welin Sadap onuň aýdyşy ýaly sölite däldi, dogumlydy. Eden işiniň kemini goýmaýan şetdat ýaly gelindi Garamergeniň: “Itiň boýnuna göwher daksaň, item aglar, göwherem” diýip köp gaýtalaýan nakylyny ilem öz ýanyndan aýdýardy. Ýöne iliň aýdyşynyň Garamergeniňkiden üýtgeşik ýeri, göwher diýip, Garamergen däl-de, Sadap göz öňünde tutulýardy.

Aýşanyň boýuna, syratyna aşyk bolup, güneýiň gary ýaly pagyş-para eräp barýan Garamergen ony her görende, lak atasy gelip, dili gijäp durdy. Bir görende: “Sen-ä gyrnagam bolsaň ig gelinlerden gowy” diýip, ýene bir görende: “Naryz kürte dözer ýaly däl” diýip oňa lak atýardy. Ine onsoň bir gün...

Şol gün tomsuň yssy günleriniň biridi. Ogluny alyp, Sadabyň atasy öýüne görme-görşe düýnki gidişidi . Günortanyň garaňkysy diýilýän wagtdy. Şally baýam gözenegi açyk öýde süýji uklap ýatyrdy. Garamergeniň ejesi gara öýüň çep böwründe ik egrip otyrdy. Salkyn tamda çäşerip ýatan Garamergen:

— Maňa bir çaý beriň — diýip, penjireden gygyrdy.

Häzir Sadab-a ýok, bolaýanda-da gaýnatmalam, demlemelem Aýşady. Aýşa bir çäýnek çaý bilen bir käse alyp gapydan gireninde Garamergen tarsa ýerinden turup dik oturdy.

— Getir, şu ýerde goýaý — diýip, oňa ýer görkezdi. Aýşa çäýnegi goýanyndan, Garamergen onuň elinden şapba tutup, özüne çekip goýberdi. Aýşa, güpürdäp, onuň gujagyna doldy. Inçe bilinden elini geçiren Garamergen ony bagryna basyp, alma ýaly ýaňagyna agzyny goýdy. Ilki güpürt-tapyrtlykda aljyran gelin birden çirkin gygyrdy. Ol öýden hasanaklap gelen eli ikli, pişgeli Ogulnur näme bolanyny ilki aňşyrmadymy ýa-da dili tutuldymy, garaz, esli wagt gözlerini mölerdip durdy. Birdenem uly gykylyk etdi.

— Bu näme boldugyň ýerçeken? Öňki masgaraçylygy az görýäňmi? Azan meýit! Kakasy, ýet, muňa özüň çäre göräýmeseň boljak däl!

Süýji ukudan oýarylan Şally baý ilki ýagy dökülendir öýdüp, hopugyp ýerinden galdy. Ol daşaryk ylgajak bolup, aýagyna sokýan hokgasyny gözledi. Ilki-hä oňa gözi düşmedi. Tapandan soňam aýagyny sokup bilmedi-de aljyrady. Ol nämäniň-nämedigini aňandan soňra Garamergeniň iç işikde asyp goýan gamçysyny aldy. Kakasy gamçyny galdyranyndan, Garamergen elini daldaladyp, ýapyrylyp ugrady. Otly gamçy onuň elinem, ýagyrnysynam daglap geçdi. Ol bir gamçy, iki gamçy çalany bilen oňmady. Şally baý ukudan çirkin sese tisginip oýananyna gahar etdimi, ýa-da oglunyň kakabaşlygy halys ýüregine düşüp etdimi, ýa ony ikini islemez ýaly mazalyja awundyraýyn diýdimi, garaz, ol birki gamçy bilen saklanmady. Şarp, şarp, şarp. Garamergen dazyrdap daşaryk çykdy. Kakasy onuň yzyndan galmady:

— Waý, kaka! Waý, kaka! — diýip, uly gykylyk edip ýapyrylyp gaçdy. Çagaly-çugaly uly adam "Waý, kaka!" diýip gaçyp ýörse gelişmejek ekeni. Beýle diýseň Garamergeniň öz eden işem gelşip baranok.

Bu wakany hiç kim gören däldir, bilen däldir öýtdüler. Ýöne welin ol oba basym doldy. Ol diňe Garamergeni däl, iliň gözüniň önünde bütin maşgalany pese saldy. Has beterem Ogulnura, Şally baýa agyr boldy. Olar maşgalanyň garamatyny göterýän adamlar. Ozalam akylly-paýhasly adamynyň aýdyşy ýaly harasat ähli gazabyny uly agaçlardan çykarýar. Aşakdaky otlar bilen gyrymsy agaçlar, çöpler bilen onuň işem ýok. Olar harasady duýubam duranoklar. Şol wakadan soň gorkdumy-nämemi, Aýşa telim günläp

gyzdyryp ýatdy. Gijelerine tisginip oýandy. Agzyna uçuk gaýnady. Ogulnuram, Sadabam ylgap onuň hyzmatyny etdiler. Başga ýagdaýda kesellän bolsa, gyrnaga beýle hyzmatam etmezdiler. Häzir welin bütin maşgala onuň öňünde günäkärdi, il-günüň öňünde bolsa wejerady, ryswady. Garamergen obadan birnäçe günläp ýitirim boldy. Ogulnur bilen Şally baý ile çykyp bilmän, içerde gömlen ýaly bolup oturdylar. Maşgalanyň üstüne äpet garaguş abanyp, gaýmalaýan ýaly, gara bulut çöküp, ony basmarlaýan ýaly, dem almak kynalan ýaly boldy.

Goýun üstünden Naryz kürti çagyrdylar. Ol Aýşany düýä mündürip, çöle alyp gitdi. Ol gidensoň öýdäki aýallaryň eli kesilen ýaly boldy. “Aýalymy öldüren uşajyk iş” diýen ýaly, ownuk işleriňem hemmesi Sadabyň boýnuna dökülip galdy. Ýöne welin, içeriň howasy ýuwaş-ýuwaşdan maýlap ugrady. Çilläniň doňy kem-kemden çözülýän ýaly, ýagtylýan ýaly bolup ugrady. Hiç kim bolan wakany Garamergene-de, Ogulnura-da, Şally baýa-da kakdyryp, kinaýaly şerebeläp durmady. Onda-da sähelçe rüstemräk gepem, bijaý oklanan sözem zyňlan daş ýaly bolup, şol ýara degýärdi, maşgalanyň ýüregini awudýardy.

Garamergeniň şular ýaly kakabaşlygy, kakasynyň halys süňňünden ötüp, ýürek-bagryndan syzdyryp aýdyşy ýaly ile peçan näkesligi onuň öz daşyny çolartdy. Onuň gepine gidýänler, onuň diýenini edýänler möjek gören keýik sürüsi ýaly ondan ürkdi.

Näme diýseňem il-gün gowy. “Bu daş gyýçak, elleseň eliňi parçalajak” diýip ony zyňyp goýbermediler. Toýuna, ýasyna mürähet

edip, meýlisine, maslahatyna çagyryp dur. Ogulnur aýtmyşlaýyn “il arkaly”. Edil arwana mal ýaly hiç zady göwnüne almaýar. Näme ýükleseňem göterýär. Ýöne şol ýükçi arwana ýaly giň göwrümli il seni taşlamasyn. Eger gerekmejek daş ýaly, göçülen ýurtda galan garagurum ýaly taşlasa, onsoň hiç bir güýç göterip bilmez. Şoňa çenli welin il giň göwrümlidir, arkalydyr.

Bu günem tamyň kölegesine keçe atdyryp, Garamergen edere iş tapman, öz-özi bilen düzzüm oýnap otyrdy. Iki tarapynam özi göçüp, kä goşa düzüp, kä ýeke düzýärdi. Şol gümra bolup oturyşyna öňünde peýda bolan ýigdekçäni görüp, başyny galdyrdy,

— Gara kaka, seni Iner agalara çagyrýarlar.

— Näme üçin? — diýip, Garamergen endigi boýunça sorady. Ýogsam ol näme üçin çagyrylýandygyny bilýärdi. Bu gün maslahat bar. Hywadan bir maşgala göçüp gelipdir. Ýöne göçüp gelen däl-de, gaçyp, gizlenip ýören maşgalamyş. Şolary kabul etmelimi ýa-da dälmi? Ine şonuň maslahaty. Olary obaňa kabul edip, oturara ýer berseň, bardy-geldi han atlylary idäp geläýse, ony oba bolup goramaly. Gan döküşikli çaknyşygyň bolmagy ahmal. Şonuň üçinem maşgalany kabul etmezden öňürti ýedi ölçäp bir kesmeli. Han atlylary idäýende-de, ony gorajak ilata, gylyjyny syryp ata çykjak ýigitlere sala salmaly. Goý, olar soňundan: “Biz-ä ony bilmedik. Bu ýaşulularyň eden işi” diýmesin. Ýigdekçe habaryny aýdyp gidenden soň, Garamergen düzzümiň daşlaryny, jäjeklerini çöpläp, eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi-de:

— Dony çykar! — diýip, Sadaba gygyrdy.

Owadan gözleriniň gytagy hemişe ýylgyryp duran Sadap Garamergeniň gyrmyzy dony bilen gara silkme telpegini çykardy. Howa maýyldy, yssa ýakyndy. Onda-da ol gyrmyzy dony ýasgynjak atynyp, telpegini başyna geýdi. Ýaşulularyň ýanyna başy açyk, köýnekçe baryp bolmaz ahyry.

## GELMIŞEK

Şemsi aý toparlaryndan hamal aýynyň iň soňky gününe, otuz birine geçilýän gije göze dürtme garaňky boldy. Ine, şol garaňka dulanyp, gijäniň bir wagty Hywanyň günbatarky derwezesinden çykan iki düýeli kiçijik göç Garagumuň jümmüşine siňip gitdi. Bu göçüň maşgalasy dört adamdan — sekiz ýaşly gyzdan, on ýaşly oglandan, otuz töwerekleri ýaşly aýaldan, bäş müçäni arka atan goja kişiden ybaratdy. Ine, şol kiçijik göç azaşan durna ýaly Garagumuň gollarynda, ak urpaklaryň, aňňatlaryň arasynda entäp, sowur aýyny geçirip, jöwza aýynyň başlarynda Kesearkajyň Ýandakly obasyna gelip ýetdi.

Bütin bir aýy, onda-da luw ýylynyň sowur aýyny Garagumuň jümmüşinde – çöllerde açyk asmanyň astynda geçiräýmegiň nämedigini çarwalardan bir sorap görüň. O diýen sowuk bolmasa-da, ýagnyň yzy üzülenokdy. Garagumuň çetinden girip, ýüzüni günorta tutup ugran göç diňe howanyň açylan wagty, günden, ýyldyzlardan çen tutup, ýol ýöreýärdi. Ýogsa bu çöllerde azaşyp gitmek itiň aňsadydy. Bu kiçijik göçüň gaçgyny kerwen ýoludy.

Howa bulut bolanda, ýagyş ýaganda göç bir ýerde düşlärdi-de, düýä ýüklenip alnyp gelinýän dört ganat kiçijik öýüň uklaryny galdyryp, oraça dikýärdiler. Aman açylyp, gitmeli ugurlaryny aňladýança şonuň penasynda garaşardylar. Olar kerwen ýoluna çykmakdan gorkýardylar, ýöne ýoldan daşlaşmakdanam howatyr edýärdiler. Kerwen ýoly olar üçin gyşyň güni ortada ýanyp duran ot ýaly bir zatdy. Ondan daşlaşsaň sowuk alyp barýandyr. Oda ýakyn otursaňam ýakyp barýandyr. Süýji suwly guýular kerwen ýolunda bardy. Olar özlerini çetde saklap, şol guýulardan çeleklerini dolduryp alýardylar. Şeýdip olaryň azaşman, guýudan guýa aşyp gelmegine goja kişiniň Garaguma öňden beletligi, ýaşlykdan bu çölleri ters aýlananlygy kömek edipdi.

Kiçijik göç Ýandakly obasynyň bir çetinde ýük ýazdyrdy. Soňra tüýnügi galdyryp oraça dikdiler.

— Halyma, sen çagalara biş-düş et. Men şu obanyň hany bolarmy, begi bolarmy, ýaşulusy bolarmy, şony tapaýyn — diýip, goja kişi oba tarap ugrady. Oňa “Obanyň ýaşulusy” diýip, Iner golagyň öýüni salgy berdiler.

Iner golagam, gümür-ýamyr etmäge gelen Nurahmet serdaram ýaşuly bilen içgin görüşdi. Ony düşek üstüne geçirip, öňünde bir çäýnek çaý goýdular. Çaý türkmenleriň ozaldan gelýän dessury, gelen adamyny hormatlamagyň bir görnüşi. Türkmenler çaýy diňe suwsanlarynda içibem ýörenoklar. Ony gürrüň üçin gepbaşy diýibem içýärler. Çaý birek-birege düşünişmegiň, birek-birege iç döküşmegiň delili hasaplanýardy.

Özüni Igdir ussa diýip atlandyran goja kişi Kesearkaja gelip düşdi, onuň sebäpleri hakda gürrüň berdi. Onuň esasy hünäri agaç ussasydy. Erik agajyndan, tutdan, taldan çanak, kersen, çemçe, susak diýen ýaly zatlary ýasaýardy. Onuň ýasan çanaklary, çemçeleri Kesearkajyň obalarynda-da bolmagy mümkin. Bu ýerden Hywa goýun sürüp, argyşa gelýänler başga zatlar bilen birlikde çemçe, çanak diýen ýaly senetlerem getirýärler. Hywa çemçesi, hywa kerseni bu görünýän öýleriň hemmesinde diýen ýaly bardyr. Ýöne ol Igdir ussanyň ýasanymy, dälmi, ony bilýän ýokdy.

Igdir ussanyň asly obadanam bolsa, hüňäriň ussaçylyk bolsa, şäheriň golaýynda bolmaly bolýar. Şonuň üçin olar Hywa şäherine göçüp barýarlar. Ol wagt Igdir ussa ýaşdy, ussa-da däldi, ýöne ol hünäri öwrenip ýördi. Ona bu hünäri kakasy pahyr öwredipdi. Ol aradan çykandan soňra dükany Igdiriň özi ýöredip başlapdy. Şondan soňam onuň adynyň gapdalyna ussa lakamy goşulypdy.

Adam bir zady arzuw edýär. Ykbal bolsa ony başga bir tarapa çekýär. “Şemal diýilýän zat gämileriň isleýşi ýaly öwüsmeýär” diýip araplar bir nakyl aýdýarlar. Igdir ussanyňkam edil şonuň ýaly boldy. Onuň ozal-a köp wagtlap çagasy bolmady. Ahunlardan, pirlerden doga-tumar aldylar, öwlüýälere ýykyldylar, tebiplere, lukmanlara tutundylar. Olaryň kömegi ýetmedi. Ýyllar geçip, birdenem yzly-yzyna üç çagasy dünýä indi. Ýöne onuň iki çagasy bilen aýalyny garahassalyk alyp gitdi. Üç çagadan galan ýekeje oglan boldy. Şony ussa edip ýetişdirmek, öz yzynda goýup gitmek kakasyndan galan dükany şoňa tabşyrmak ussanyň ýeke-täk arzuwydy, ýüreginiň

islegidi. Ýöne ýalňyz dikrary Haşym ony şol arzuwyna ýetirmedi. Onuň ogly okuwa, ylma ýykgyn etdi. Ol diýseň zehinlidi, Hywanyň Şirgazy medresesinde okapdy, ony gutarypdy.

Medreselerde okadylýan kitaplardan daşgary ylmyň dürli-dürli pudaklaryndan bir topar zatlary okapdyr. Gündogaryň meşhur alymy, türkmenleriň arasynda Lukman hekim diýip at alan Abu-Aly Ibn Sinanyň tebipçilige degişli kitaplaryny, tebigat hakyndaky traktatlaryny, araplaryň alymy Ahmet Ibň Falandyň demirgazyk ýurtlara eden syýahaty hakyndaky ýazgylary, Abu Reýhan Muhammet al-Birunynyň astronomiýa, taryha degişli eserlerini, goşgularyny okapdyr. Ony tanaýan ahunlaryň, okumyş hatymlaryň aýtmaklaryna görä, medreselerde okamak gadagan edilen musulmançylyga, yslam dinine garşy bolan Eflatun, Sokrat ýaly alymlaryňam kitaplaryny okanmyş. Şeýdip, ol yslam dinine şek ýetirenmiş.

Haşym medreselerde sapak berýän, wezipe eýeleýän uly ahun bolmasa-da, onuň töweregine talyplar ýygnanypdyr. Medresäniň uly ahuny Azizulla ahunyň aýtmagyna görä, “Hywa döwletiniň düýbüni sarsdyran, binýadyny gowşadan talyplar” onuň daşyny gurşapdyr. Olar Haşymyň ýanyna köplenç gizlin, gijelerine gelýärdiler. Gelenlerinde ýeke-ýekeden gelip, gaýdanlarynda-da ýeke-ýekeden dargaýardylar.

Günleriň birinde Igdir ussanyň ogly Haşym ir bilen öýden çakyşyna dolanyp köwlenmedi. Ussa oňa uzynly gije gözüne çiş kakylan ýaly bolup garaşdy. Gapyny ýel tykyrdatsa, ogludyr öýdüp

başyny galdyrdy. Gelni Halyma, agtyklaryna göwünlik berip, olary ýatyrdy. Özi bolsa çirim hem etmedi. Beýleden daň atdy. Gün dogdy. Çagalar ördi. Halymanyňam uzynly gije ýatmanlygyny, onuň üstesine-de aglandygyny goja kişi gözünden aňdy.

— Beýdip özüňi horlap ýerme. Onuň dost-ýary gytmy. Biriniň öýünde ýatyp galandyr — diýip, gaýyn atasy gelnine göwünlik berdi.

Özüniň başyna iş düşäýmeginiň ahmaldygyny, bardy-geldi hanyň adamlary ony zyndana basaýsa, mert bolmagyny, çagalara, garry atasyna seretmegi Haşym Halyma tabşyryp gidipdi. Şonuň üçin Igdir ussanyň beren göwünlikleri Halyma hiç hili täsirem, kömegem etmändi.

Birdenem güpürdeşip hanyň nökerleri geldiler. Olar:

— Haşymyň öýi şumy? — diýip soradylar. “Hawa” diýen sözi eşidip, içerik girdiler. Edil sygyr giren ýaly ähli zady ýykyşdyrdylar, agdardylar, dökdüler. Göwünlerine ýaran zatlary aldylar. Pezzik murtly nökeriň biri güpürdäp ýörşüne aýagyna çolaşan boş kerseni depip goýberdi-de:

— Hany, ogluň pullary nirede gizledi? — diýip, ussanyň başyndan döküldiler.

Halymadan, çagalardan soradylar. Haşymda pul näme işlesin, zat näme işlesin. Aslynda söwdagär ýa baý bolany üçin tutmandylar. “Il arasynda hanyň garşysyna wagyz-nesihat ýöredýär, adamlaryň agyzlaryny alardýar, il arasyny bulaýar, dinden çykarýar” diýip tutupdyrlar. Bir özem däl, Hywanyň ýa-da alymlar aýtmyşlaýyn. “Miskaýy fizilanyň” bir topar alymlary tutulypdy.

Sowatsyz nökerleriň, gara garnyndan başga zady bilmeýän, sümsünişip ýören wagşy gullaryň ol zatlar bilen işi ýok, ol zatlardan habaram ýok. Olar öýi dökmeli diýseler döküýärler. Olaryň alany özleriniňki. Şonuň üçin öýi döküýänleriň gözlegi pul, altyn-kümüş diýen ýaly gymmatbahaly zatlar. Ussanyň täze ýasan çanaklarydyr çemçelerine çenli aldylar.

Nökerler içerä sähelçe-de rehim etmän, ýykyşdyryp, döwüşdirip, ýassyklara çenli garnyny ýaryp, içindäki düýe ýüňlerini, ýelekleri silkip, dagadyp, öýüň içini doňuz dören ýaly edip gitdiler. Ussa hol beýlede iki agtygynam gujagyna alyp, aňk bolup otyrdy. Halyma ýykan-ýumran edilen içerini ýygnaşdyrmak bilen boldy. Öňem bir akylly adam: “Bir samsygyň eden bulam-bujarlygyny on akylly düzedip bilmez” diýipdir. Dogry, dana adam ony başga manyda aýdypdyr. Ýöne ony şu içeriniň ýykan-ýumraň edilişinde-de ulanmak boljak. Şol bulaşyklygy bolsa indi bir Halymanyň özi düzetmeli. Çagalardanam, hasratyň derdinden halys bükülip galan gojadanam delalat ýokdy.

Şol günüň agşamy Haşymyň dostlarynyň iki sanysy öýe geldi. Olar:

— Size bu ýerde oturmak howply, Igdir aga. Han: “Tutulan adamlaryň maşgalasyna, çagalaryna çenli ýygnamaly” diýip perman beripdir. Olaryň birden geläýmegi mümkin — diýdiler.

Haşymyň dostlary arabaly gelendiklerini aýtdylar. Şeýdip olar öýüň ähli paty-putusyny araba ýüklediler. Ussahananyň iki-ýeke senetleri bolaýmasa, öýüň ähli goşy bir araba, kokand arabasyna

ýerleşdi. Arabanyň iki sany äpet tigri Hywanyň darajyk köçelerinden laý sowrup, palçyk sowrup gidip barýardy. Bu araba ilki Kokand şäherinden çykypdy. Şonuň  üçinem oňa kokand arabasy diýilýän bolsa gerek.

Ussanyň öýüni şäheriň beýleki bir çetine göçürdiler. Maşgala şol ýerde on-ýigrimi gün ýaşady. Hanyň nökerleri ony ýer ýykyp gözlediler. Şol on-ýigrimi günüň içinde Haşymdan habar tutmag-a beýlede dursun, Igdir ussanyň özem köçä çykyp bilmedi. Hanyň siňek ýaly gaýmalaşyp ýören jansyzlaryndan howatyr etdi: Olaryň birden çaýyňa düşäýmegi, ýüregiňi bulaýmagy ähtimaldy. Ussanyň bir özi bolsa, hanyň adamlaryna: "Ynha şol çal kelle, alyň gerek bolsa" diýerdi. Arman, onuň bir özi däldi. Maýa ýaly gelin, iki sany bigünä çaga gözlerini balkyldadyp dur. Hanyň adamlaryna-da gojanyň özünden beter şolar gerek.

Gözlenilip ýörlen bigünälere hossar çykan adamlar şo günleriň birinde Igdir ussanyň ýanyna maslahata geldiler. Olar zyndana taşlanan adamlaryň çagalaryny ürç edip, gözleýändiklerini, olaryň käbiriniň tapylandygyny, ýygnalandygyny aýdyp:

"Size-de bu ýerde galmak bolmaz. Jansyzlar bir gün duşmasa, bir gün duşar" diýdiler.

— Biz saňa kiçiräk gara öý tapdyk. Iki sany düýe bereris. Galadan çykaryp goýbereris. Oňarsaň Horezminden, hanyň eliniň ýetäýjek ýerinden çyk. Maru-Şahu-jahan diýermiň, Kesearkaç diýermiň, şo ýerlere özüňi atjak bol — diýip, gelenler düşündirdiler.

Goja iňkisli gözlerini galdyrdy.

— Haşym näme? Meniň ony taşlap gidibermegim ir dälmi?

— Men ir diýilýän zady bilemok. Ýöne giç diýilýän zada welin... Eger giç bolsa, ony düzetmek kyn düşer, belki mümkinem bolmaz — diýip, gelenleriň biri aýtdy.

— Haşyma seniň edip biljek kömegiň ýok. Aňrujy kömek edip bolýan bolsa, biz ederis. Seniň işiň gelin bilen şu iki gözmonjugy ýaly çagany goramak — diýip, birinji gürlän beýlekiniň sözüniň üstüni ýetirdi.

Şol gürrüňlerden soň Igdir ussany Hywada uzak saklamadylar. Hamal aýynyň otuz birine geçilýän gije kömür ýaly şol garaňky gijede onuň göçüni Hywanyň günbatar derwezesinden çykaryp goýberdiler. Şol derwezeden çykarmak üçin Haşymyň dostlary görer ýaly ýerleri gördüler. Oňa-muňa para-peşgeş berip, garaz, düzetdiler. Şeýdip, ine, Igdir ussanyň maşgalasy luw ýylynyň ýazynyň iň gazaply jeýhun pursatyny Garagumuň gollarynda garşylady.

Aňňat-aňňat gollary, ak alaňlary aňyrsy görünmez düňle çöli söküp, ýagşa ezilip, ala-bahar sowugyna gaýzygan Igdir ussanyň gören köp wakalarynyň arasynda ony lerzana salan bir waka boldy. Kiçijik göç hanyň elýeterinden çykmag-a beýlede dursun, ol ýaňy Samyrly oýa ýetipdi. Oňa Samyrly adynyň nireden galanyny bilýän ýok. Bir wagt samyr bu golda bolupmy-bolmanmy belli däl. Ýöne samyr diýilýän haýwanyň şol ýerde şu wagt ýoklugy welin köre hasa.

Samyrly üç tarapy gum, bir tarapy çöllere urup gidýän düzlükdi. Meňzetmeli bolsa şahyrlar ony atyň äpet nalyna ýa-da daglaryň kiçiräk zawuna meňzederdi.

Çagalara dynç bermek, olary naharlamak üçin göç şo ýerde düşläp, öýüň oraça tarapyny dikeltdiler. Üstüni üzükler bilen basyrdylar, serpigini atdylar. Igdir ussa gury sazaklardan goltuklap getirdi. Oraçada ot ýakdylar, Halyma ýugran hamyryny gapagyň üstünde goýup, oklaw bilen ýaýyp ýasylady. Oduň közlerini bir ýana aýyrdy. Aşagynda galan gory iki ýana serpip, oklawyň özündäki güjük yzly dürtgüç bilen dürtülen hamyry açylan ýere atdy. Iki arapyndan sürlen gor bir enaýy byzyrdady. Goruň üstündenem bahar gülälegi ýaly gyzaryp ýatan közleri ýaýratdy. Güwläp ýanýan oduň howruna gaýnan kündüge çaý atyp, ony gaýyn atasynyň öňüne süýşürdi. Iňläp ýatan çöl, bahar howasy, gara kündüge demlenen ajy gök çaý! Öňem bir şahyr bu zatlary Süleýmanyň tagtyna meňzedipdir. “Süleýman pygamberiň tagtyny ýel göterenmiş, asmana uçuranmyş” diýýärler. Ol uçupmy-uçmanmy, ony bilip bilemzok. Ýöne diliňi gazap barýan toşap ýaly gök çaýyň ilki käsesini içende maňlaýy çygjaran Igdir ussanyň keýpi welin şemalyň demine düşen ýelek ýaly al-asmanda gaýyp ýördi. Heý, bolmanda, bir pursat ýalňyz oglundan aýralygyny, çal başyna dökülip galan çagalaryny, gören günlerini, çeken emgeklerini unudypdy. Arman...

Alma agajynyň pudagyndaky gök öwsüp duran ýaprak birden tänip gaçar. Asmanda gaýyp ýören laçynyň kükreginden geçip, güwläp aşak gaýdar. Asuda ýaýrap, otlap ýören geçiler bir garaw

tapyp, güpürdäp ürker. Igdir ussanyňam uzaga çekmedik keýpi şolar ýaly boldy. Oraçanyň kilimini serpip, öýe giren agtygynyň ýuwusgadan gorkan ýaly ýüzüni görüp, ähli ysgyny gitdi. On iki damary birden gowşady. Goja göwre bogusy çözülen desse ýaly çagşady. Gapydan gyssanmaç giren oglan:

— Iki sany atly gelýär — diýip habar berdi.

Ýüzi eýmenç üýtgän goja hanjaryny biline gysdyryp daşaryk çykdy. Bu hanjary ony ýola salanlarynda ýarag hökmünde beripdiler. Ony gyny bilen guşagyna gyssyrsa-da, ussa jygba-jyga gelende ulanyp bilerin öýdenokdy. Ol entek adama pyçak çekip görmändi. Daşaryk çykjak bolanda kilimi serpip bilmän, elleri bilen sermeläp aljyrap durdy. Halyma:

— Bagtymyz ýatdy — diýip, ýanynda oturan gyzyny gujaklady. Eli bilen sermeleşdirip, aş kesýän pyçagyny eliniň ýeterinde, kendirigiň aşagynda goýdy. Owadan gözleri ýaşa doldy. Döküljek bolup balkyldady.

Ellerini titredip, aljyrap, zordan gapynyň eňsisini serpen Igdir ussa ardynjyrady-da daş çykdy. Abanyp duran iki atlynyň biri pezzik gara murtludy. Egninde göwşüllän garma dony, kellesinde ýokarsy tegelek gaba, gara telpegi bardy. Ol Horezm tarapda, Hywada ürç edilip geýilýän telpekdi. Gadymy haly, jorap üçin ýüň boýalýan mis gazanlaryň agzy dardy, düýbi tegelek giňdi. Murtlak atlynyň kellesindäki telpek şol mis gazanyň dünderilen görnüşine meňzeýärdi. Ussa şular ýaly telpekleri han atlylarynyň arasynda köp görüpdi. Atlylaryň beýlekisi ýaş ýigitdi. Ýa-ha oňa entek sakgal

bitmändir, ýa-da müçenek bilen iş edinip ýolupdyr. Eňegi taýpy aşyk ýaly ýülmekdi. Gyzyl eňek ýigitdi. Atlylaryň ikisiniňem çep gapdalynda syrma gylyçlary sallanyp durdy.

Il arasynda ozaldan gelýän däp-dessura görä atlylar Igdir ussa salam berdiler. Ony ussa ýa-ha eşitmedi ýa-da “Waleýkim” diýmek gerekdir öýtmedi. Boýnundan aýpalta salynjak adam jelladyň salamyny alyp, soraşyp durmaýar. Ol bu gelenleriň, öz jelladydygyna, hanyň atlylarydygyna ynanýardy. Şonuň üçinem:

— Habaryňyzy beriberiň — diýip azmly gürledi.

Onuň tagaşyksyz titreýän barmaklary hanjarynyň sapyny sermäp gözleýärdi. Gamçysynyň sapy bilen eýeriň gaşyna tyrkyldadyp duran gaba telpekli adam:

— Ýaşuly, näme beýle aljyradyňyz? Biz galtamanam bolsak sizi talamaýarys — diýdi.

Bu söz ýaşulyny täzeden dünýä inderen ýaly etdi. Onuň gözýaşy paýrap gitdi. Atlylara seredýän ýaňky hyrsyz gözlere mähir doldy.

— Men sizi galtamanlaň aýylganjymykaňyz, han atlylarysyňyz öýtdüm — diýip, gözüniň ýaşyny saklamaga erki ýetmedik ussa güňleç boguk sesi bilen aýtdy. Ol neneňsi aglamasyn? Gaba telpekliniň “Galtaman bolsagam” diýen sözi gojanyň, onuň ýanyndaky çagalaryňam galan ömrüdi.

Ölümiň gyrasyndan, girdabyň erňeginden gaýdan ýaşuly ýene aljyrady, näme diýjegini bilmän elewredi. Bizi diňe kyn ýagdaýlar, gyssagly ýagdaýlar däl-de, duýdansyz gelen bagtam aljyradýardy.

Ussa oraça girmegi, çaý içmegi mürähet etdi. Olar atdan düşdüler. Gaba telpekli jylawy atyň boýnuna orap:

— Çaý içmeli bolsa içeris. Ýöne daşarda içilse gowy bor? Açyk howa, giňişlik — diýdi.

Şo pursat, oraçadan çykan Halyma adamlar bilen sessiz, baş atyp salamlaşdy-da, elindäki keçäni düzräk ýere oklady. Yzy bilenem iki kündük demli çaýy ýanynyň käsesi bilen getirip goýdy. Atdan düşen ýaş ýigit oňa şeýle nebsewürlik bilen seretdi welin, Halyma onuň gözleri naýza bolup öz içinden geçendir öýtdi. Gelniň ýüzi burç ýaly gyzardy. Gowy tarapy ony oturan ýaşulular aňmady ýa-da aňmazlyga saldy.

Ajy gök çaýyň başynda, maýyl howaly sährada Igdir ussa öz başyndan geçenleri myhmanlara gürrüň berdi. Sen olara galtaman diýjeksiň, ýol urup ýören adamlar diýjeksiň.

Gojanyň ajy hasratly hekaýatyny diňläp, uly ýolda kerwen talap ýören garakçylaryňam rehimi indi. Hasratly hekaýat aýdylyp duran wagtynda özlerini zordan sakladylar. Olaryň ýoldan geçýän kerwene hyrsyzlyk bilen sereden gözleri suwdan pürepür doldurylan käselere döndi. Sähel gondadygyň paýrap gitjek bolup durdy. Eňegi taýpy ýigidiňkä ýaňagyndan birki düwme syrygybam gaýtdy. Gaba telpekli galtaman:

— Biz saňa kömek ederis. Hanyň eliniň ýeterinden çykýançaňyz gorarys — diýip, ýuwaş, ýöne agraslyk bilen aýtdy. Olar diýenlerinem etdiler. Özlerem bäş-on atly bar ekeni. Gaba telpegiň gürrüň berşine görä, olar ýöne bir galtamanam däl-de hanyň

gazabyna, sütemine çydaman çykan adamlar. Salgyt ýygnaýjylar, myrahyrlar tarapyndan ýanalyp, sütem edilen, ýurda sygdyrylmadyk adamlar ekeni. Olar kiçijik göçi Hywa etrapyndan çykaryp, Kesearkajyň gumlaryna aralaşdyrdylar. Şonda-da Igdir ussanyň göçi göni ýola düşäýip bilmändi. Ýene-de kerwen ýoluny gapdallap gidipdir.

— Ynha, indem Kesearkaçda, siziň obaňyzda. Goldasaňyz, hossar bolsaňyz galarys. Ýogsa-da göçer gideris. Zarymyz bar, zorumyz ýok — diýip, Igdir ussa Iner golagyň öýünde berip oturan hekaýatyny tamamlady.

Iner golak çäýnekdäki çaýynyň soňuny käsä sarkyryp, böwrüne diň salyp dymdy. Nurahmet serdardanam ses çykmady. Olar soňky käselerini şol sessizlik bilenem içdiler. Soňra Iner golak:

— Ynha, serdar! Sen Igdir ussa näme diýersiň? — diýip, tirseginiň astyndaky ýassygy düzedişdirdi. Nurahmet serdar sakgalyny sypap:

— Men näme diýeýin, awçy? Bulara bir arkadaýanç, hossar gerek. Şo hossar biz bolmaly. Biz bolmasagam, başgalar bolar. Kesearkaç giňdir, maslahatlaşyp görüň — diýdi.

“Hawa, maslahatlaşmaly, obanyň ýaşulularyna sala salmaly. Bu hossarçylygyň aňyrsy howpsuzam däl. Hanyň atlylarynyň idäp geläýmegem ahmaldyr. Penalan maşgalaňy olardan goramaly bolar. Goramak üçin gylyjyňy syryp çykmagam, gan döküşmegem gerek bolmagy ähtimal. Şoňa görä-de, goý, obanyň adamlary öňünden

bilsinler, kime hossar çykyp, kimi penalaýandyklaryny. Soňundan gürrüň etmesinler”. Şu pikirleri içinden öwrüp oturan Iner golak:

— Bolýar, il-güne bir sala salaly. Şolar näme diýse şonuň bilen bolubereris — diýdi.

Ussanyň gaşlarynyň tukatlyk bilen aşak düşenini, göwnüne inçejik iňkisiň gelenini, ýüzüni ýukajyk buludyň örtenini görüp:

— Men sizi penalamaga taýýar. Ynha, serdaram şony aýdýar, il-günem şony aýdar. Pena soran ejizi penalamazlyk mertligiň alamaty däl. Adamlarda namys, gaýrat diýilýän zadam bardyr. Şondan gelenem hawa, il-güne habar bermek, sala salmak, duýdurmak derwaýysdyr, hawa — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Onda men turaýyn, gaýrat ediň-dä — diýip, Igdir ussa gozgandy. Gapdalynda ýatan telpegine ýapyşdy. Iner golak ony saklady.

— Gaty gyssanybermäň. Heran-haçan barsaňam şol öýüňdir. Nahar ýetişdi, hawa, duz dadyp gidiň — diýip, gapa tarap gygyrdy. Işigi açan Ilamana:

— Nahar ýetişen bolsa, guýsunlar — diýdi. Ilaman giden dessine Ýolamanyň gelni doly saçagy gujaklap içerik girdi. Ilaman bolsa ýaşulularyň çykaryna garaşyp, gapyda eli kündükli durdy.

Nahar iýlenden soň, Igdir ussa agtyklarynyň ýanyna gitdi. Iner golak Ilamany ýaşulularyň yzyndan iberdi-de çagyrtdy. Ýygnanan ýaşulular: “Bir gykylyk tursa, ýarag alyp çykjak ýigitlerdir. Olary maslahata çagyralyň. Ýagdaý bilen tanyşdyralyň” diýen karara geldiler. Şonuň üçin maslahat şu güne goýlupdy. Garamergeniň

çagyrylan maslahaty, Sadabyň çykaran donuny ýasgynjak atynyp gaýdan maslahaty ine şudy.

Maslahata Igdir ussanyň özüni çagyrmadylar. Ony ýigitleriň arasynda gykylyk turar öýdüp däl-de, maslahata gelenleriň öz pikirlerini ikirjiňlenmän aýtmaklary üçin şeýdipdiler. Gykylygyň turjakdygyndan hiç kimiň habary ýokdy. Gykylyk welin turdy.

Adamlar ýeke-ýekeden öz pikirlerini aýtdylar. Hiç kim ýerinden turmady. Her kim oturan ýerinden gürleýärdi. Ýaşulylardan soň gezek ýigitlere ýetdi. Garamergen ýüzüni aşak salyp gürleýänleriň sözlerini tassyklaýan ýaly kellesini yrap, başyny atyp otyrdy.

Ahal gürläp başlanda, ol başyny atmagyny goýdy, oturyşyny dikeltdi.

— Ýigitlere sala salany üçin ýaşulular sag bolsun. Sorap durman, meseläni özleri çözende-de bolardy — diýip, Ahalam öňki geplänler ýaly oturan ýerinden gürledi. — Bu ýerde çekeleşip oturasy hiç zadam ýok. Pena sorap gelen ejize pena berjek däl diýen adam ar-namysly ýigitleriň arasynda tapylar öýdemok. Olary biz penalamasagam, Kesearkaç uludyr, penalan tapylar. Ýöne biziň obamyz Hywanyň hanyndan gorkusyna şu ýesirleri penalamasa, men özüm-ä “Ýandakly obasyndandyryn” diýip, hiç ýerde gürläp biljek däl.

— Gürlemeseň gürlemez oturybererersiň-dä. Bolmanda-da, sen bu ýerlem däl — diýip, Garamergen onuň sözüniň arasyny böldi. — Biz bulary penalap, hanyň gazabyny obanyň üstünden eňterip bilmeris. Ol ynsaba sygjak zat däl. Dine – kowahata-da gelenok.

— Ol nähili ynsaba sygjak zat dälmişin? Şeýle zat bar bolsa goý, Aýatylla işan aýtsyn. Iliň söýýän, hormatlaýan ahuny otyr. Şeýle zat haýsy sürede barmyş? Sen ony haýsy “Gurhanda”, haýsy “Hadysda” okadyň? — diýip, kimdir biri Garamergeniň alkymyndan aldy.

— Ynsaba sygmajak ýeri hanyň şu gaçgaklary talap etmegi bolup biljek zatmy? Bolup biljek zat. Sen gaçgaklara arka durarsyň. Hanam seniň üstüňe goşun sürüp geler. Onuň güýji ökdedir. Senem uruşmaly bolarsyň. Uruş diýilýän zadyňam bir üýtgewsiz kanuny bar. Ol gansyz, gurbansyz bolmaýar. Beýle uruşlar diňe sadranç oýnunda bolýar. Bir maşgalany gorajak bolup, obany gyrgynyň öňünde goýmak, ine, dinede – kowahata-da sygmaýan zat.

— Hany, sen munuň ýaly zada dyzmaçdyňla — diýip, Nurahmet serdaryň ogly Handan seslendi. — Aksoltan ejäniň ogluny Eýran alamançylary äkideniňde sen dälmidiň, gylyjyny gemrip, dyzaýan?

— Ol meniň öz obamyň ogly. Öz obamyň aryny-namysyny goramaga ýaramajak bolsam, bu telpek meniň nämäme gerek?

— Gerek bolmasa çykarar zyňarsyň-da. Sen-ä şony obanyň ar-namysy üçin edeňok. Nebsiň üçin, talaňçylyk üçin edýäň. Talaňçylyk, ogrulyk üçin. Seniň getiren guluňdan, gyrnagyňdan talap getiren zadyňdan Aksoltan ejä näme peýda bar — diýip, gahary gelen Handan mis kündügi ýaly lakyrdady.

— Ogurlyk üçin Eýrana gitmek hökmanam däl-le — diýip, çeträkde oturanyň biri aýtdy. Bu söz Garamergeni iňňe sünjülen ýaly tisgindirdi. Oturanlar bolsa şeýleräk bir wakany ýatlady.

Öten ýylyň güýz aýlarynyň bir güni Iner golagyň gapysynda iki atly atdan agdy. Olaryň bu jelegaýyň adamsy däldigini gelişlerinden aňdylar. Atlylar Iner golak bilen salamlaşyp, çaý başynda oňa arzlaryny aýtdylar.

— Biz Saragt etrapyndan, sürimizi ogurlatdyk. Şony yzarlap, Ýekeçyrla getirdik. Şol ýerde Şally baýyň sürüsi bakylýar. Şol sürüde mallarymyzy tanadyk. Çep gulagynyň ardynda iki alyk. Şol tagmanyň biziňkidigini Saragtam, Kesearkajam tassyklar — diýip, gelen adamlaryň biri aýtdy. Iner golak haýal etmän Şally baýy çagyrtdy.

— Hawa, şol diýilýän tagma bolmalydyr — diýip, Şally baý olaryň aýdanyny tassyklady. — Şu ýerlerden bir süri geçen borly. Garamergen sürekçilere iki sany düýe berip, az-owlak toklyny alan bora çemeli.

Şally baýyň sözüne Iner golak onçakly ynanmady. Saragtyň malyny bu ýerden nirä sürsünler? Hywa sürjegem bolsaň, Eýrana sürjegem bolsaň Saragtdan hersiniň öz ýoly bar. Saragtyň sürüsi bu ýerden geçen bolsa, onda ol süri ogurlyk bolmaly. Oňa Şally baýam düşünýändir, Garamergenem.

— Satyn alanam bolsaňyz, tanalan maly bermeli bolarsyňyz — diýip, Iner golak Şally baýa aýtdy.

— Men iki duýämi kimden alaýyn?

— Ony kime beren bolsaňyz şondanam alarsyň, howwa — diýip, Iner golak karara geldi. Ol gelen myhmanlaryň ýanyna üç ýigidi goşup, baýyň sürüsiniň üstüne, Ýekeçyrla iberdi. Olar Iner golagyň

gelen kararyny bolşy ýaly edip, Garamyrada aýtdylar. Ýigitleriň kömegi bilen myhmanlar sürini ýeke-ýekeden elden geçirdiler. Şally baý az-owlak diýipdi welin, şol birmeňzeş tagmaly goýunlaram bir ýüz ýigrimi janly çykdy. Ine, şolam oba adamlarynyň arasynda Şally baýyň maşgalasyna müňkürlik döredipdi.

Müňkürlik Aýatylla işanda-da döräpdi. Şol wakalar ýüze çykaýmanka, Şally baý bir goýun öldürip, hudaýýoly berdi. Goýnuň etini gazana atyp, ile-güne iýdirdi. Onuň kellebaşaýagyny, il arasynda edilişi ýaly, kemsiz ütüp, Aýatylla işanyň öýüne eltdiler. Hudaýýoly edilen mahalynda onuň kellebaşaýagy ýa mollanyňky bolmaly, ýa-da özüni oňarmaýan garybyňky bolmaly. Bu kanun yslam dininiň binýadynda ýatan iki kitabyň biri bolan "Hadysda" şeýle ýazylypdyr.

Aýatylla işanyň ýadyna düşýär. Şol kelläniň gulaklarynyň ardynda iki alyk bardy. Şonuň çep gulagy bolaýmagam ahmal. Şally baý ogurlyk goýundan, şol haram maldan hudaýýoly edipdir. "Ogurlyk doňuz etindenem haramdyr" diýip, işanyň özi adamlaryň arasynda wagyz-nesihat ýaýradyp ýör. Özem şol haram etden iýipdir. Elbetde bilmän iýipdir, günäsi Şally baýyň boýnuna. Ýöne ol baýyň ähli baýlygynyň arassalygyna-da müňkür bolup ugrady. Beýle bolsa onuň hüşür-zekady hem düzüw däl. Şol goýun hakda Şally baýa ikiçäk duşanda aýdypdy. Baý oňa:

— Meniň goýny halallap alanyma, onuň ogurlykdygyny duýmanyma senem müňkür bolýaňmy? — diýip, Aýatylla işanyň ýüzüne ynjyly garady. Ol ynjasa-da ynjapdy, ýöne onuň ýadyna

güpbe bir zat düşdi. “Şu wakanyň üstüniň açylmagyna-da sebäp bolan ogurlyk goýundan edilen hudaýýoludyr. Ýaradan meniň bu etmişimi ýazgarany üçin yzçylary ýalňyşdyrman, bu ýere getirendir. Ol maňa Taňrynyň beren jezasy” diýip düşündi.

Iner golagyň myhmanlaryň ýanyna goşan üç ýigidiniň biri Nursähetdi. Handanyň gapdalyndan söz oklanam, şoldy. Nursähedem, oturanlaram, Garamergeniň özem şol wakany ýatlady. Ol Nursähede azgyryldy.

— Sen näme, zat soralmanka, bu iki ara doňuz burnuňy sokýaň?

— Gaňňaňy gapdalyňa alyberme-de, ýalan bolsa ýalan diýdä — diýip, Ataguly özüniň ýognas sesi bilen Nursähediň tarapyny çaldy. Garamergeniň tarapdarlarynyň birindenem ses çykmady. Olar agyzlary mumlanan ýaly bolup otyrdylar. Garamergen Janaga, Selime, Aýatylla işanyň ogly Hakberdä tarap seretdi. Özge wagtlar Garamergeniň ýantazysy ýaly bolup ýörendir welin, şu mahal şondanam seda çykanok.

Garamergen bir sebäp bilen hudaýýoluna bir gulun aýdypdy. Gyr baýtaldan bolan taýy şoňa bermekçidi. Berjegini Hakberdiniň özüne-de aýdypdy. Şo taý özem Küýkiniň tohumy bolmaly. Garamergen öz içinden: “Gulun ýerine zakgun alarsyň” diýip, hemle urdy. Ol hudaýýoluna aýdan taýyny Könegala obasyndaky Mahmyt işanyň ogluna bermegi ýüregine düwdi. Olam öwlatlardan, magtym tiresinden bolmaly. Uly mollanyň ogly. Onuňam aňyrsy ýanyp duran otmuşyn.

Ol Atagulynyň özüni eşege deňänine-de jogap bermedi. “Bularyň baryny gönükdirýän Ahaldyr. Näme üçin şonuň tarapdarlary gün-günden köpelýärkä? Näme üçin obanyň ýigitleri menden gaçýarlar? Ýogsa men olary iýdirýän, içirýän. Ahaldan olara näme bar, öten ýylky gurduň çaly, ýuwundy ýaly çalam-a ýok” diýip oýlandy.

— Garamergen ýesirleri penalamaga garşy däl. Ol diňe maňa garşy — diýip, Ahal sözüni dowam etdi. — Meniň oňa näme ýamanlyk edenim ýadyma düşenok. Ýöne meniň ak diýenime gara, ajy diýenime süýji diýmese oňky bolmaz.

— Bolmaz, men seniň niýetiňe düşünýärin. Şonuň üçinem bolmaz.

— Ýeri, bu ýerde meniň näme niýetim barmyşyn?

— Seniň niýetiň bozgaklyk, haramylyk.

— Bu näme diýdigiň boldy? — diýip, Ahal özüne erk etmän güňleç gürledi. Bu soragy beren Ahal bolsa-da oturanlaryň hemmesiniň gözündäki soragdy. Garamergen özüniň morta bir zat diýendigine düşündi. Ýöne indi giçdi. Aýdan sözüňi gaýdyp almak, yza çekilmek giçdi. Tüýküren tüýküligiňi yzyna alyp bolanok. Urşuň bir ýagdaýy bar. Ýumruga gireniňden soňra, ökünip yza çekilmeklik artykmaç ýumruk iýmekdi. Bu akylam oňa kakasy öwredipdi, Garamergen yza çekiljek bolmady. Öňe dyzady, hüjüm etdi. Ol hemmeler eşider ýaly:

— Gelenleriň arasynda bir ýylmanak gelin bar. Seniň niýetiň şo diýdigim boldy — diýip, oňa aýylganç günä ýükledi oturyberdi.

Bu söz därä ot degen ýaly gürpüldedi. Adamlar ýyldyrym urana döndi.

Şally baý ogullaryna akyl bereninde, üç sany zady sargaýardy. Duşmanyň bilen gepleşeniňde, birinji sargyt özüňi sowuk ganly saklamaly, gyzmaly däl. Ikinji sargyt her edip, hesip edip, garşydaşyňy gyzdyrjak bolmaly. Adamlar gany gyzanda paýhassyz gürleýärler. Garşydaşyňy gyzdyrmak üçin çyna berimsiz ýalan sözlemekdenem gaýtmaly däl. Ine, bu baýyň şu meselede aýdan üçünji sargydy.

Kakasynyň şol sargytlaryny berjaý etjek bolup, Garamergen üçüsinde-de öte geçdi. Ol özüni sowukganly saklap bilmedi. Ahaly gyzdyrmak üçin getiren delili, onda-da ýalan sözlän delili morta hem gödek boldy. Şeýlelikde Ahala gezän naýzasynyň üçüsem özüne garşy öwrüldi.

Garamergeniň soňky sözlerinden soň oturanlaryň dili tutuldy. Adamlaryň depesinden pagşyldadyp sowuk suw guýlan ýaly boldy. Ýolaman ýerinden syçrap turdy.

— Diliňi ýyg, haramzada!!!

— Ýygmaýanda nädersiň? — diýip, Garamergenem ýerinden galdy.

— Ýygmasaň, ýylanyň dili ýaly diliňi sograr eliňe beräýerin.

— Beýle gaýratly bolsaň, hanha, meýdan, ýör çykaly — diýip, Garamergenem taýak bilen kellesine kakylan kelpeze ýaly gyzardy.

— Senden gaýdan enesinden dogmasyn — diýip, Ýolamanam ondan pes oturmady. Iki tarapyňam ýigitleri aýak üstüne galdy.

Ýerinden gozganmadyk bir Ahaldy. Ol gürrüň özi hakda barýanam bolsa, agyr töhmet özüne ýüklenenem bolsa, onuň ýalandygyny güýç bilen, ýumruk bilen subut etmek gerekdir öýtmedi. Şonuň üçinem öňküsi ýaly oturmagyny dowam etdi.

Bu gykylykda Ýolamanyň gyzmagy Ahalam geň galdyrdy, kakasynam. Ýogsa ol ýöne-möne zady gaty bir parhyna alýan adam däldi. Ol çagalykdan şeýledi. Nursähet bilen onuň arasynda şeýleräk bir waka boldy.

Oglanlaryň bir üýşmeginde onuň Nursähet bilen arasy bozuldy. Nursähediň birden gahary geldi. Eliniň tersi bilen Ýolamany çalanda, onuň telpegi zyňlyp gitdi. Ýolaman ýerinden turup, baryp telpegini aldy. Ony kakyşdyryp geýdi-de, hiç zat bolmadyk ýaly, ýene gelip ýerinde oturdy. Nursähet oňa:

— Garnyňa birki gezek kelläm bilen süseýinmi? — diýip, dazaryldy. Ýolaman şol bir sowukganlylygy bilen:

— Eý, şony bir etmesene — diýdi.

Ýolaman ondan gorkandyr diýjek gümanyň ýok. Nursähet pes boýly, girdenek ýigdekçedi. Ýolaman ondan has daýawdy. Oglanlar aýtmyşlaýyn, Ýolaman ony iýse-de doýjak däldi. Onuň şol häsiýeti ýigit çykyp öýlenenden soňam, çagaly-çugaly bolansoňam galmandy. Ilaman welin onuň tersinedi. Sähel zat üçin gyzardy. Oglanlar bilen urşup, köýnegini ýyrtdyryp, bagjygyny ýolduryp gelen wagty köp bolardy. — “Bir goýundan ak-da dogar, gara-da” diýen ýaly, ýa-da Iner golagyň “bir toprakda itgyzganam gögerýär, gülälegem” diýşi ýaly, olar iki dogan, ekiz bolsalaram şol häsiýetleri

bir-birine gabat gelmeýärdi. Ýöne gabat gelmegem däl, tersinedi. Şonuň üçin Ýolamanyň ýerine häzir Ilaman syçrap galan bolsa Ahalam geň görmezdi, Iner golagam. Ýolamandan welin garaşmandylar.

Tapyrdaşyp galan ýigitleriň badyny ýaşulular sakladylar.

— Eňegiňize ata sakgaly çykypdyr. Häý, ulalyp-oňalmadyklar — diýip, Ýolamana-da, Garamergene-de käýediler. Ýigitler ýene-de öňki ýerlerinde oturdylar. Ýolamanam oturdy, ýene oturmazdan öňürti:

— “Ogram özüne osar, orramsam” diýleni-dä — diýip, şol bir sözlemde ähli gaharyny döküp aýtdy. Bu söz Garamergeniň hem, Şally baýyňam içinden ok bolup geçdi. Olaryň inini tikenekletdi, ýüregine köz degen ýaly, mawyja daglan ýaly, iňňe sünjülen ýaly tisgindirdi. — Seniň ýüzüňi Babaly görsün — diýip Garamergen tasanjyrap çykyp gitdi. Şondan soň ýaşulular:

— Siz indi ötäýdiň, aýtjagyňyzy aýtdyňyz, diýjegiňizi diýdiňiz. Tüweleme, işem bitirdiňiz — diýip, ýigitlere bolan kinelerini daşlaryna çykaryp, olary ugratdylar. Özleri bolsa täzeden ölçerip-döküp, Ahalyň aýdyp giden pikirine goşuldylar. “Ýesirlere hossar çykmaly, penalamaly, oturara ýer bermeli” dýen karara geldiler.

Garamergeniň şo tasap çykyşy boldy. Köp wagtlap oba-da gelmedi, öýüne-de gara salmady. Şol wakadan bir aý çemeleri wagt geçendir ýa geçen däldir, oba içine aýylganç habar ýaýrady.

## TERAÝY BAZARY

Ýol bilen içiňi gepledip barýansyň. Barýan ýeriň diýseň çoladyr. Üstesine-de seniň ünsüň başga ýerlerdedir. Şol wagt biri yzyňdan ýeter. Sen onuň aýak sesini eşidenem dälsiň, gelýäninden habaryňam ýokdur. Ol seniň yzyňdaň ýeter-de, edil gulagyň alkymynda salam berer. Ol gatam geplän däldir. Saňa welin dag ýykylan ýaly aýylganç gümmürdäp eşidiler. Kelläňe düňk edilip urlan ýaly bolar. Allaniçigsi tisginersiň. Ýöne bir tisginmegem däl, serpmeden gaýdan ýaly bolarsyň. Salam bereni tananyňdan soňam esli wagtlap özüňe gelip bilmän, salama “Waleýkim” diýmäge mejalyň ýetmän aljyrap durarsyň.

Bu günki oba ýaýran şum habaram edil şonuň ýaly boldy. Oba oňa ýöne-möne-de tisginmedi, sygryň şahyna taýak bilen kakan ýaly zygyrdap gitdi. Ýer titrände gaýalaryň sarsyşy ýaly sarsyp gitdi.

Bu habara hiç kim garaşmandy. Ýöne adamlaryň köpüsi geň görse-de, iki-ýeke adamlar geň görmediler. Iner golak bu habara garaşmadyk hem bolsa, bolup biläýjek zat hökmünde düşündi.

Bu habary Iner golak ýaly geň görmejek, “Bolup biläýjek zat” diýip düşünjek adamlaryň birem Ahaldy. Ol entek bu habary eşidenok. Ol obada ýokdy. Maru-Şahu-jahan etraplarynyň uly baýlarynyň biri toý edýärdi. Ol şo toýuň çakylygyna gidipdi. Ýany bilen Salyry alyp gidipdi. Ahal özüniň çagyrylmagynyň sebäbine oňat düşünýärdi. Öňem bir garyba:

— Seni toýa çagyrýarlar — diýseler ol:

— Men ol ýerde näme etmeli? Odun döwmelimi ýa-da suw getirmelimi? — diýip sorapdyr. Onuň bu soragy ýerliksiz däldi. Garyp toýa çagyrylýan bolsa, işlemek üçin çagyrylýandyr. Ahal toýa özüniň däl-de, Dorbedewiň çagyrylýandygyny bilip durdy. Şonuň üçinem ol Dorbedewiň çapyksuwary Salyry özi bilen alyp gidipdi. Ol beýle uzaklyga gitmese-de gitmezdi. “Atyňyz bar bolsa, şu ýerik geläýiň. Şu ýerde-de toý bolýar” diýerdi. Ýöne ony çagyran Çaşgyn seýisdi, Ahalyň söwer dostudy. Çaşgyn dosty üçin Kesebaýa beýle-de dursun, Diwanabaga gitmeli bolsa-da ol giderdi.

Bu şum habar ýaýranda Ahal uly baýraga Dorbedewi taýýarlap ýördi. Salyry ata mündürip, eýläk-beýläk dabyratmagy tabşyrypdy. Keseýabyň öňündäki düzlükde Dorbedew garaňky asmanyň süýnen ýyldyzy, dartylyp goýberilen ýaýyň peýkamy, awçynyň awa eňen bürgüdi ýaly, ondan-oňa süýnýärdi.

Beýle habara garaşmadyk oba ol günem asudady, imi-salady. Her kim öz işi bilen gümra bolup ýördi. Aksona çuwal, suwluk torba üçin dokap kesen gulajyny düýrläp gaýyn enesi Halbikäniň öňüne atypdy. Halbike gulajy sypalap:

— Tüweleme, muny-ha ýene agar çäkmen ýaly edäýipsiň — diýip, gelnini öwdi.

Iner golagyň ekizleri tamdyrtowluk üçin, ojagyň biş-düşleri üçin ýalaňy odundan, çerkez-çetiden üç düýäni mas ýükläp gelipdiler. Garma dony ýasgynjak atynan Iner golak ogullarynyň sag-aman gelenini soraşdyrdy-da:

— Ilaman, şol yzky düýäniň ýüküni, howwa, Aksoltanlaryň gapysynda düşürip gaýt — diýip, ýükli düýä tarap ümledi. Ýalňyz oglundan galan enä dogan-garyndaşam kömek etse edýändir welin, oňa esasy garaşyk edýän oba adamlarydy. Ýalňyz enäniň odun-suwunam, degirmen işlerinem şolardy oňaryp ýören. Onuň hojalygyndaky bir tanap ýeri sürmäge-de, ormaga-da, döwmäge-de oba adamlary kömek edýärdi.

Oba ýigitleri üýşüp, aý-aýdyň gijeleriň birinde şol ýeri ekerdilerem, orardylaram, dessesinem üýşürerdiler. Harmanyň daşyndan yzy bir petde gyzganly düýe aýlamak oba oglanlarynyň işidi. Olar dik duran düýäniň çemmerinden ýapyşyp münerdilerem, düşerdilerem. Şeýdip olar jokrama günüň astynda harmanyň daşyndan düýe aýlardylar. Iner golagyň oba ýaşulusy bolmagy ýalňyz enäniň maňlaýyndan diräpdi, goltugyndan göteripdi, gop beripdi. Aksoltany garyndaşlary öz ýanlaryna çagyrdylar. Ol şu obada galanyny, adamsynyň ýurduny saklap, ogluna garaşanyny kem görmändi. “Oglum geler” diýip henizem umydy bardy. Ol täze ýanan oduň külüni döreniňde ýylpyldap çykýan köz ýaly bolup, enäniň garaşa-garaşa, garaşmadan irmedik, wagtyň geçmegi bilen töweregi gasyn atyp kütelişen gözlerinde ýyldyrap görünýärdi. Il-gün onuň şol umydyny saklajak bolup:

— “Ölme-de ýit” diýlenidir. Nesibesi aýrylyşmadyk bolsa, ynha bir ýerden çykar — diýip, oňa goltgy berýärdiler. Bu sözler enäniň lagşan göwresine gurbat berýärdi.

Ilaman üsti bir ýük çetili düýäni idip baranynda, Aksoltan eje gapyda güýmenip durdy. Ol Ilamanyň:

— Aksoltan eje, kakam şu düýäniň ýüküni siziň gapyňyzda düşürmeli diýip iberdi — diýen sözüne:

— Kakaňam uzak ýaşasyn, senem uzak ýaşa, köşek. Döwletiňiz yrylmasyn, goç-goç ogul bersin — diýip alkyş etdi. Soňra çetiniň düşürilmeli ýerini görkezdi.

— Ine, köşek, düýäni şu ýerde çökeräý!

Ilaman düýäniň ýüküni düşüripdi. Ol entek düýäni turuzmaga-da ýetişmänkä:

— Waý, bagtym ýatdy, waý, öýüm ýykyldy! Eý, waý-eý! — diýen aýylganç ses Ilamanyňam, Aksoltanyňam zähresini ýarara getirdi, Bu wazlap çykan, iniňi düýrükdiriji agy sesi çöküp oturan düýä-de täsir eden bolara çemeli. Ýöne-möne zada äwmeýen, alňasamaýan arwana tapyrdap ýerinden galdy. Bu sesden obanyň endamy zygyrdap gidene döndi. Ol içerde adam goýman, oglandan-ula baryny gapa çykardy. Adamlar sesiň gelýän tarapyna eňdi. Obany sarsdyran bu ses Şally baýyň howlusyndan gelýärdi. Adamlaryň ýüzi şo tarapady. Ilaman düýäni idip geleninde, Iner golak Şally baýlara tarap ýola düşjek bolup durdy. Ilaman oňa kelam agyz söz diýmedi. Ýöne Iner golak oglunyň soragyny gözünden aňdy. Ol:

— Bulara bir zad-a boldy, howwa. Olaryň syrkaw ýatanam-a bar diýip eşitmändim — diýip, egnindäki ýasgynjak atylýan donuň

ýakalaryny çekişdirip, howludan çykyp gitdi. Iner golak Şally baýlara baranynda, howlynyň içi-daşy adamdan doludy. Ogulnur:

— Goç inerim gitdile-eý, uly dünýäm gitdile-eý! Iller-günler nädeýin, ýandy bagrym, ýandyle-eý! — diýip irginsiz bozlaýardy. Sadap içki tamda özünden gidip ýykylypdy. Daşyna üýşen aýallar onuň ýüzüni ýelpäp özüne getirdiler. Gözüni açanynda olam uly ili bilen aglamaga, Ogulnuruň sesine goşup, zaryndan zaryn bozlamaga başlady. Köşegi ölen düýäniň bozlaýşyny, höwürtgesinden çagasy alnan serçäniň ot-elek bolup jibirdeýşini eşidipmidiňiz? Eşiden bolsaňyz Ogulnur bilen Sadabyňam elden-aýakdan çykyp aglaýyşlary şoňa meňzeşdi. Ýürek keselli dagy bolsaň-a olaryň ýanynda görünme. Sagat bolanyňda-da ýürek edip eşidip durmak kyndy. Gaty kyndy diýäýmeseň, oňa häzir meňzetmede tapylanokdy.

Az salymdan soň Şally baýyň Könegala obasyna çykarylan gyzy Täjigözel geldi. Ol Garamyrat bilen Garamergeniň arasyndaky gyzdy. Üç çaganyň ortanjysydy. Adynyň Gözel sözüni aýryp, Täji diýip tutýardylar. Ol dünýä inende maňlaýynda nokat ýaly gyzylja täji bar ekeni. Çaga ozalynda täç diýen ýaly, hal diýen ýaly, meň diýen ýaly şikesli dogulsa, at dakylanda, gapdalyndan şol şikesini goşýarlar. Il arasynda "Şikes ada goşulmasa ulalarmyşyn" diýen düşünje bar.

— Waý, körpe dogan, arkadagym! — diýip, uly ili bilen bagyryp gelen Täji gelnejesini gujaklap ýykyldy. Aglap ýatan Sadabyň kükregine ýaşa ýuwlan ýaňaklaryny oýkap:

— Sen ýaryňdan, mydaryňdan aýryldyň-la, gelneje. Aglasana, eňresene gelneje! — diýip, ýürek gyýýyjy zarynlaýardy.

Türkmenlerde özüňden kiçi doganyň gelnine gelneje diýilmeýär, diňe adyny tutaýýarlar. Täjigezeliň Sadaba gelneje diýmeginiň sebäbi bardy. Sadap çykyp gelende, Täjigözel entek gyzdy. Uly gyz bolup, çykyp gelen gelniň adyny tutup oturmak uslyp däl. Ol gelniň öňüne geçip oturanynda ilki gezek oňa gelneje diýipdi. Şondan bärem gelneje diýip ýüzlenýärdi. Häzirem onuň “Aglasana, eňresene gelneje!” diýmegi şonuň üçindi. Sadaba-da agla diýmek gerek däldi. Ol biline taýak bilen urlan ýylan ýaly towlanjyrap ýatyrdy.

Näme diýseňem, şunuň ýaly ýerlerde erkekler aýallara görä sarlyrak, merdräk bolýarlar. Gara öýüň gamşyna arkasyny ýaplap oturan Şally baýyň gözleriniň owasy gyzaranam bolsa, gözünden ýaş döküldim-döküldim diýip duranam bolsa, beýle elden-aýakdan çykyp, aýallar ýaly ses edip oturanokdy. Olam aglaýardy, ýöne sessiz aglaýardy. Onuň ýüreginiň ýanyp duranyny, aglap duranyny tenine iňňe sanjylýan ýaly çytylyşyndan, hasratyň derdinden çürşen türşek ýaly, ýygyr-ýygyr ýüz keşbindenem aňmak bolýardy. Onuň bolup oturyşy otuny-suwuny alyp bilmän, tapdan düşen ineriň çöküp oturyşyna meňzeýärdi. Her gelenem göwünlik berýärdi:

— Belki ugur-ýol tapylar, howwa, Maşatda seniň gatnaşýan kürtleriň bardyr. Şolardan bir, howwa, ideg-sorag etmeli — diýip, baýyň gapdalynda oturan Iner golak aýtdy.

Bolan waka Garamergen Eýranda tutulanmyş. Özem alamançylyk edip ýörkä günäsiniň üstünde tutulypdyr. Häzirem Ryzaguly hanyň

zyndanynda ýatyrmyş. Bu habary Şally baýa ýetirmek üçin Maşatdaky Ryzaguly hanyň ýakyn adamlarynyň biri ýörite sargyt edipdir. Ýöne habar bermegem däl, “Özi gelsin” diýip sargapdyr.

— Şally kaka, Garamyrada habar edeliňmi? — diýip, ýigitleriň biri oňa ýüzlendi.

—Bir zadyň änigine-şänigine ýetmän, howwa, olaram oda salmak gerekmikä? — diýip, Iner golak aýtdy.

— Öňi-soňy olaram eşitmeli. Onsoň wagtynda aýdylsa kem däl bolaýmasyn? — diýip, Atagulynyň kakasy Goňur aga aýtdy.

Şally baýdan ne howwa diýen ne-de ýok diýen söz çykdy. Ol ýüzüni aşak salyp, doňňara daş ýaly bolup otyrdy. Onuň barmaklary özünden idinsiz hereket edýärdi. Ysgynsyz gymyldap, tesbiniň gök düwmelerini käwagt bir şyrkyldadyp otyrdy. Mollalaryň, takwa adamlaryň edişi ýaly ol düwmeleri doga okap, bilýän sürelerini içinden gaýtalap sanamaýardy. Onuň häzir oý-pikiri tesbiniň düwmelerindenem, “Epdegiň” sürelerindenem, töweregindäki gaýda-gaýmalaşykdanam, aýallaryň agysyndanam uzakdady. Onuň ýaşdan dolup balkyldap duran gözleri Ryzaguly hanyň daş zyndanynyň demir gözeneklerinden, şol garaňky, dar, sowuk, zeýli zyndanyň gözeneklerinden yşyklaýardy. Onuň gözleri şol darajyk, daş penjiräniň aňyrsyndan körpe ogluny, Garamergeni gözleýärdi. Garamyrada habar etmelimi-dälmi diýen sözler onuň gulagyna-da ilenokdy. Bu meseläni daş çykan aýallaryň biri jemledi.

— Ogulnur: “Garamyrada adam ýollaň” diýýär. “Gelinlerimiň ikisinem alyp gelsin” diýýär — diýip, gapa çykan aýal ýene yzyna öwrüldi.

Ogulnuruň gelinlerim diýýäni Hajat bilen ýa-da Ogulnuruň mahabatlandyryp aýdyşy ýaly Ogulhajat bilen Aýşa gyrnakdy. Aýşa gyrnak häzir bu öýe Hajatdanam beter zerurdy. Adamlar indi bu öýe näçe günläp geler-gider durarlar. Entek bu habary eşitmedikler kändi. Diňe Ýandakly obasy eşitdi. Onuňam entek hemmesi eşiden däldir. Oňa-muňa giden adamlar bardyr. Başga obalar hakynda-ha gürrüňem ýok. Bu gelýän adamlaryň öňünde diňe matam tutup, gara geýip oturmak bolmaz ahyry. Ýasdan, matamdan başga-da hödür-kerem diýen zadam bar ahyry. Olara çaý gerek, nahar gerek. Diňe olara-da däl, maşgalanyň aşyna-suwuna seretmäge-de, içerini syryp-süpürmäge-de, öýüň kirine-beýlekisine göz-gulak bolmaga-da adam gerek. Olam Aýşa gyrnak, Ogulnuruň Aýşa gelni...

Garamyrada habar edilmegini özleri isleýän bolsa dagy gürrüň bolup bilmez. Iner golak öýüň kölegesinde arkasyny gamşa ýaplap oturan ýerinden:

— Nursähet, hany bärik gel, howwa. Ýanyňdakynam alyp gaýt — diýip, hol beýlede gürleşip duran iki ýigide gygyrdy. Şo pursat gaşynda peýda bolan ýigitler:

— Gulluk, Iner aga! — diýip, ikisi birden seslendi.

— Çüňňül guýusyny taparmysyňyz? — diýip, Iner golak olardan sorady. Ol gepiň gelşigi üçin sorapdy. Sebäbi Garagumuň jümmüşinde bu ýigitleriň tapmajak ýeri barmy? Olar bu çölüň köp

ýerini dören adamlar. Görmedigem bolsa salgy berseň boldugydyr. Olaryň bilýän guýularynyň, adyny tut-da “Şondan bir salkyn ýol gaýrada, ýarym salkyn ýol günbarda” diýen ýaly salgy berdigiň ýeterlikdir. Ony ýalňyşman taparlar. Bu häsiýet Kesearkajyň ýarym çarwa hem çarwa türkmenlerinde nesilden-nesle geçip gelýän häsiýetleriň biri.

— Görüpdik, Iner aga, taparys — diýip, Nursähediň ýanyndaky aýtdy.

— Gaty gowy tapsaňyz, howwa, baryň-da Garamyrada aýdyň. Hajat bilen Aýşany alyp gelsin, howwa — diýip, Iner golak oturan ýerinden aýtdy.

— Lepbeý, Iner aga! — diýip, ýigitler gidibermekçi boldular. Birdenem aýak çekdiler-de: — Garamyrada gyssagly çakylygyň sebäbini duýdurmalymy? — diýip soradylar.

— Howwa, aýdaýyň, nämekä diýip bükgüldäp gelenden, bilip gelseler kem däldir, howwa.

Ýigitler şo pursat atlandylar. Obadan çykyp göni demirgazyga tutup ugranlarynda, gün ikindä tarap agyp ugrapdy. Ol Aýatylla işanyň atasyndan, Hafizulla işandan miras galan metjidiň depesinden görünýärdi. Ýigitler şu gidişlerine gitseler ertir günortan gaýdyp gelerler. Olar gijäniň salkynynda-da ýörärler. Irkilselerem at üstünde irkilerler. Garamyrat birigün irden ýetişse gerek. Ol düýeli gaýdar.

Şally baýyň gapysy uzynly gün köp adamly boldy. Goňşy obalardanam baýyň garyndaşlary, gudalary geldiler. Hajatyň kakasy Atanuruň münüp gelýän alaşa aty obanyň çetinden gireninden

daşyny gurşap alan itler kä gapdalyndan üýrüp, kä guýrugyndan aslyşyp, ony Şally baýyň märeke üýşen gapysyna getirip gitdiler. Sadabyň ejesi arwana düýäniň başyny ortanjy ogluna iýtdirip geldi.

Baýyň aýtmagy boýunça agyrda duran bag goýunlaryň birini şakgaladylar. Obanyň aýallary gazan atardy, ojaklarda ot ýakyldy. Adamlaryň burnuna tüssäniň ysy urdy. Bu ys kime dymyljykdy, kime hoştapdy. Her kime birhili täsir etdi. Biraz wagtdan soň bygyrdap duran gaýnatmanyň ysy adamlaryň burnuny gaşady, işdäsini açdy, agzyny suwartdy. Gelen-gidenler üçin nahar taýýarlandy. Ýöne bu nahar şu obanyň adamlary üçin däl-de uzagrakdan gelýänler üçindi.

— Hudaý bardyr, Şally, howwa, Hudaý diý. Köneleň “Ölme-de ýit” diýen sözem bardyr, howwa. Gaýrat et — diýip, Iner golagam ýerinden galdy.

Ol ýolboýy şol “Ölme-de ýit” diýen sözi serinde aýlap gitdi. Hanha, Aksoltanyň oglunyňam ölmän ýitip gidişidi. Ondan bäri hasaplap görseň üç ýyl dagy geçäýipdir. Baý, bu wagtyň tiz geçäýşini. Akar suw ýaly, ýel ýaly diýleni-dä. Ýogsa, Aksoltanyň gapysyna-da adamlaryň üýşeni ýaňy ýalydy.

Dört müň dört ýüz ýaşan Lukman hekimden: “Sen şunça ýyly nädip ýaşadyň?” diýip soranlarynda: “Bilemok, gaçyp barýan keýigiň kölegesinde saýalan ýaly bolup geçip gitdi” diýip, jogap berenmiş. Belki, Lukman hekimiň diýýäni çyndyr. Ýöne... Ýöne kimler üçin? Hany Aksoltandan sorap görüň! Şu geçen ýyllar dört müň dört ýüzem däl, bary-ýogy üç ýyl, beýik hekimiň aýdyşy ýaly

şeýle çalt geçäýdimikä? Oglundan aýralygyň her ýyly otuz ýylyň emgegini beren bolsa gerek. Özgeleriň bir ýylda çekýän emgegini ol ýeke gijede çekýän bolsa gerek. Öňem bir dana: “Ähli emgekleriň arasynda iki sany iň aýylganç emgek bardyr. Olaryňam biri ýalňyzlykdyr, beýlekisi aýralykdyr” diýenmiş. Megerem şol dananyň aýdyşy çyn bolsa gerek. Hanha, Aksoltana seredip görüň. Ozal gijäniň tümi ýaly saçy bardy. Edil alma ýaly, ýa-da bäbegiňki ýaly bolaýmasa-da entek ýygyrt atmadyk ýüzi bardy. Indem bir seredip görüň. Sanly ýylyň içinde gör nähili bolaýypdyr. Şol kömür ýaly saç indi görseň üstünden kül sepilen ýaly, gyr atyň guýrugy ýaly çalaryp galypdyr. Ozalky ýylmanak ýüzi garrygyz gawun ýaly gasyn-gasyn bolup gidipdir.

“Ölme-de ýit” diýipdirler. Eger Aksoltanyň ogly ýitmän ölen bolsa näme bolardy? Aksoltan şunuň ýaly lagşarmydy? Iner golagyň göwnüne halys beýle bolaýmajak ýalydy. Ölüm diýilýän zat agyrdyr, gaty agyrdyr. Ýöne adam oňa boýun alyk bolýar. Aýralyk beýle däl. Şonuň üçinem ol ölümden has agyrrak täsir edýär. Obada ogly ölen ýokmy? Ogly ölenem, adamsy ölenem bar. Ýöne şolar beýle basym ýan beräýenoklar.

Aýralyk hakynda şeýle bir rowaýatam bar. “Allatagala bir wagt aýralygy daglaryň-daşlaryň üstüne ýüklänmiş. Daglar elenipdir, çaýkanypdyr, daşlar şakyrdap owranypdyr. Olar Allatagaladan “Şu aýralygy bize berme, biz ýykylaly, öleli, ýok bolup gideli, ýöne aýralygy bir bize berme” diýip dileg edenmişler. Allatagala bolsa ony daglaryň-daşlaryň göterip bnlmejekdigini bilip, olaryň dilegini

kabul edenmiş. Ol aýralyk diýilýän zady daglaryň gerşinde diňe synap göreninde, daglaryň ýüzi gök-dalak bolanmyşyn. Gasyn-gasyn, ýygyrt-ýygyrt bolanmyşyn. Daglaryň ýüzüniň göm-göklügem, gasyn-gasynlygam şonuň üçinmiş”. “Muny adamdan başga göterip biljek zat ýok” diýip, Allatagala aýralygy adam öwladynyň boýnuna dakanmyş”. Iner golak tä öýüne gelýänçä şol zatlar hakda oýlanyp geldi.

Garamyrat Hajat bilen Aýşanyň hersini bir düýä mündürip, özem atyň üstünde düýeleriň başyny idip geleninde, Şally baý eýýäm obada ýokdy. Ol öz gudasy, gowy görýän dosty, uly gelniniň kakasy Atanur bilen şum habaryň gelen gününiň ertesi Maşada atlanypdy. Ol ýerde aşnasy, dogrusy, Atanuruň has gowy görýän aşnasy Ahmedaly söwdagär bardy. Şally baýy onuň bilen Atanur tanyşdyrypdy. Kämahal Ahmedalynyň adyny berip, Eýran söwdagärleri Atanuruň ýanyna gelip gidýärdiler. Olar Ahmedalynyň salamyndan başga-da Eýran halwasyndan, Eýranyň pürçükli kempudyndan horjunyň iki gözünem dolduryp sowgat getirýärdiler. Atanur olara obadan deri diýen ýaly, ýüň diýen ýaly, haly-palas diýen ýaly zatlary satyn almaga kömek ederdi. Il arasyndan şo zatlary özi ýygnap alardy. Söwdagärlere bolsa gymmat bahadan satyp goýbererdi.

Atanuruň aşnasy Ahmedala söwdagär dýen lakamy goşsalar-da, onuň kesbi söwdagärlik däldi. Onuň ýöräp duran dükanam ýokdy, uzak ýurtlara gatnap ýören kerwenem ýokdy, il arasynda alyg-satyg bilenem meşgul bolmandy. Oňa söwdagär lakamy kakasyndan

galanmyş diýýärler. Ol ir wagtlar oňa-muňa gidýän kerweniň gapdalyndan düýe goşar ekeni. Onsoňam alyş-çalyş etmäge ökde adam bolupdyr. Ony alyp, muny satyp, maşgalanyň eklenjini Maşadyň Teraýy diýen bazaryndan gazanypdyr. Ahmedalynyň özi bolsa kakasynyň ýoly bilen gitmändir. Ol ýaşlykdan han köşgüniň çinownigi bolupdyr. Häzirem ol köşgüň çinownigi. Hanyň ýanynda sözi diňlenýän, diýeni geçýän çinownikleriň biri. Ýaşy bir eýýäm elliden geçen, gyrçuw sakgally adam. Kellesinde haçan görseň depesi gotazly gyzyl sopbaşy bardyr.

Şally baý öýden çykanynda, Kesearkajyň boýy dört arçyn owadan teke halysyny halta salyp, atyň syrtyna bökderipdi. Bu Ahmedala sowgatdy. Şeýle uly emeldaryň ýanyna iki eliňi burnuňa sokup barmak bolmaz ahyry. Onsoňam her näçe dosty bolaý, hanyň adamlary kireýsiz kilim kakmaýarlar. Sen baryp, ýönekeý bir zat sora. Jogabyny bermezlerinden öňürti eliňe serederler. Şally baýyň özem şolar ýaly ahyry. Baýdan Atanura ýa-da Ahmedaly söwdagäre pylan zat diýip ber diý. Ilki öz almytyny almasa, umydyňy tala daňlan ýaly eder. Iň bärkisi on tümen karz aljak bol. Öňünden saklan her aýyň üçin artykmaç berilmeli puluňy aýdar. Ahal Dorbedewi ýaňy aýaklanan gulunka, on tümene satyn alypdy. Puluny wagtynda berip bilmän, üç aý saklap, her aýa bir tümen artykmaç beripdi. Türkmenler aýtmyşlaýyn, zanny süýthorlyga ýugrulan Şally baý ýany bilen haly, pul göterende, öz hasaby bilen, öz ýörelgesi bilen hereket edipdi.

Gün dogmanka, adamlar entek örüp-örmänkä, Ýandakly obadan iki atly Burjulynyň jülgesinden, Haýtgysydan geçip, Gümmezgaýanyň giň meýdanyna ýetipdiler. Şol ýerden Hangala tarap gidýän ýola sowlup, ýüzlerini göni kybla tarap tutdular. Olar Eýranyň Zerap oba-syndaky tanşynyň öýünde düşläp, gijäni şol ýerde geçirdiler. Ertesi irden atlanyp, Gün öýleden agyp-agmanka, Maşat şäheriniň gyrasyndan gňrdiler. Olar ýoluň bütin dowamynda bir gezegem ata gamçy çalyp, gyssap sürmediler. Ikisiniňem aýagynyň aşagyndaky alaşa atlar. Olar şol bir endigi bilen endigan ýorgasyny sypdyrman geldiler. Uzynly gün ýorgalap ýöremegi, uzakçyllygy, ýadamazlygy, ýörişiniň endiganlygy alaşa atlaryň gowy häsiýetleriniň biridir. Olar şu häsiýetleri bilenem ýol üçin amatly ulaglaryň biri hasap edilýärdi.

Ýolagçylar Aly Ryzanyň mawzoleýine uzakdan syn etdiler. Rowaýatlaryň aýtmagyna görä şaýy musulmanlarynyň taryhynda on iki ymam geçipdir. Şol on iki ymamyň sekizinjisi ymam Aly Ryzanyň mawzoleýi Maşatda ilki göze ilýän ymaratlaryň biridi. Ol ýer adamlaryň iň köp zyýarata gelýän ýeridi.

Şähere giren atlylar iki tarapy çala mydar kepbeler, külbeler bilen gurşalan darajyk, tozanly köçeden sürdüler. Soňra kepbeler, külbeler gutaryp daş jaýlar, ýokarsy gümmezli, balahanaly tamlar ýoluň iki gyrasyny gabsady. Atlylar Bahadur işanyň metjidiniň duşundan geçdiler. Bahadur ýöne bir işanam, ahunam däldi. Ol Eýranyň atly ymamlarynyň biridi. Ol gadymy ymam Hasanyň neslindenmiş diýen

gürrüň bar. Özem Ryzaguly hanyň iň hormat goýýan adamlarynyň biri.

Atlylar bir mahal Ubeýdäniň dükany diýip atlandyrylan, indi bolsa owunjak söwdagärleriň, ussalarynyň, tikinçileriň, nilgärleriň mekanyna öwrülen, depesi goşa gümmezli, gapysy uzyn eýwanly jaýy yzda galdyryp, saga sowuldylar. Gülhana meýdançasyndan ötüp, ýaşyl derwezeli howlynyň agzynda aýak çekdiler. Ylgap çykan hyzmatkär, gelşi ýaly, ylgap yzyna dolandy. Ol myhmanlaryň kimdigini, nireden gelendigini öz hojaýynyna habar bermäge howlukdy.

Ahmedalynyň özi öýde ýok bolara çemeli. Howlynyň içinden hojaýynyň aýaly Sulaýa hanymyň sesi eşidildi.

— Derwezäni aç!! Myhmanlary goýber — diýip, ol derrew hyzmatkäre buýurdy. Ýaşyl derweze jygyldap açyldy. Derwezäni açan hyzmatkär Atanuruň atyny tutdy. Sulaýa hanymyň sesine düýpdäki jaýlaryň birinden çykan hyzmatkär Şally baýyň alaşasynyň jylawyna ýapyşdy. Myhmanlar düşüp, salam-helik etdiler. Soňra öýe tarap Sulaýa hanymyň yzyna düşüp ugradylar. Gelenleri myhmanhana eltip, ýene daş çykan Sulaýa hanym ellerini bykynyna urup, töweregine buýruk berip başlady. Atlary athanada daňyp, hyzmatkärleriň biri hanyň köşgüne tarap, Ahmedala habar ýotirmek üçin ylgady. Başga biri et satylýan dükanlara tarap ugrady. Hyzmatkär gelinler çaýyň-suwuň ugruna çykdylar.

Sulaýa hanym bular üçin hyzmatkärlerini perwana deý, oda-köze salyp gyssamasa-da gyssamazdy. “Çaý içiň, suw içiň. Dynjyňyzy

alyň. Ahmedalynam gelen wagty görer ýörersiňiz-dä” diýip, arkaýyn oturardy. Sulaýanyň häzirki gyssaga düşmeginiň öz sebäbi bar. Ol Şally baýyň başyna düşen ýagdaýy ärinden eşidipdi. Şonuň üçinem Şally baýyň şu ýere geljegini, adamsyna, han emeldaryna, hanyň ýakyn adamlarynyň biri bolan Ahmedala onuň ýumşunyň düşjekdigini bilýärdi. Beýle ýumuş üçin bolsa eli boş gelmez. Sowgatly geler.

Şally baýyň atdan düşüp alyp gaýdan haltasyndaky, Sulaýa hanym ýalňyşmaýan bolsa, haly bolmaly. Şally baý ony satmaga getiren däldir. Ol şu öýe getirilen sowgatdyr. Sulaýa hanymyň basymrak şol sowgady açyp göresi, ýere ýazasy, dula geresi gelýär. Onuň oda-köze düşmegem şonuň üçindi, şol haly üçindi.

— Aperin, aperin! Men kimleri görýärin bu ýerde? — diýip, gapydan giren Ahmedaly türkmen aşnalary bilen gujaklaşyp görüşdi. Aman-saglyk soraşyldy. Iki tarapyňam ýurt abatlygy, il-günüň asudalygy, çaga-çugalarynyň saglygy, mal-garalaryň baş bitinliginiň nähilidigi takyklanyldy. Sorag-jogapdan soň haltadan çykan haly Ahmedalynyň aşagyna düşeldi.

— Gitjek diýemsoň öýdäkiler eli boş barandan Sulaýa hanyma bir kiçijik sowgat diýip iberäýdiler.

— Öýdäkileriň ömri uzak bolsun! Dilegleri hasyl bolsun! — diýip, Ahmedaly gyrçuw sakgalyny sypap, omyn etdi. Şol pursat gapydan giren hyzmatkär saçagy orta atdy, üç çäýnek çaýy olaryň öňünde goýdy.

Ol tamda oturan Sulaýa hanymyň “Getirilen sowgady görsem” diýip, näler ýüregi atygsaýardy. Arman, oňa myhmanlaryň otagynda hiç bir sebäpsiz görnübermek bolmaýardy. Elbetde, alkymy salparyp, ýaşy ellä kowalaşyp barýan Sulaýa hanym başyna perenji atyp, ýüzüne nikap çekenokdy. Şonda-da myhmanlaryň ýanynda hiç bir sebäpsiz görnübermek edähede-kowahada sygyp duran zat däl.

Çaý başynda bularyň gürrüňi Şally baýyň ogly, Ryzaguly hanyň bendisi Garamergen hakynda gitdi. Baý öz oglunyň kakabaşlygyndan, ynanjaňlygyndan, bolar-bolmaz jahyllara özüni oýnadyp bolgusyz işlere baş goşýanlygyndan zeýrendi.

— Wah, onuň kellesi bir kellemi? Garaz, telpegini eline alyp ýörmezlik üçin berläýen zat-da — diýip käýindi. Ol bu alamançylyk, talaňçylyk üçin esasy günäkäriň başgalardygyny, Garamergeni oýnap, aldap şu güne salan adamlardygyny, ony öňe iterip, özleriniň gaçyp sypandygyny, oglunyň bolsa ele düşendigini ýana-ýana gürrüň berdi. Eýranda-Turanda özüniň arka diräýjek adamsynyň diňe Ahmedalydygyny, ýalňyz dostunyňam şoldugyny, eger şu gezek ogluny sypdyryp bilse, onuň dagy-duwara şunuň ýaly işiň başynda görünmejekdigini aýdyp sözüni jemledi.

— Öz dostumyz üçin elimizden gelenini ederis— diýip, öý eýesi gyzyl sopbajynyň gotazlaryny yrgyldadyp, başyny silkdi.

Şally baý bilen Atanur Ahmedaly söwdagäriň myhmanhanasynda bir hepdedenem gowrak wagt garaşmaly boldy. Olary daňyp goýan ýagdaýlaryň birinjisi Ryzaguly hanyň Maşatda ýoklugydy. Ol Tährana, şalaryň şasynyň huzuryna gidipdi. Han ol ýerde uzak

eglenmedi. Şally baý dagy şu ýere gelip düşeninden soň, ikinji gün olam öwrülip geldi. Myhmanlary esasy saklan zat Ahmedaly söwdagär aýtmyşlaýyn, şalaryň şasynyň nazary siňen uly han bilen ýesir hakynda gürleşmek oňa başardanokmyş. Şonuň üçinem ilki bilen Bahadur ymamy görmeli. Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hany bu meselede diňe şol görübem biljek, şol yrybam biljek.

Şally baý onuň mus-musuna düşündi.

— Ol adamlary görjek bolsaň az-owlak harjam gerek bolar — diýip, ol içine ýüz tümen salnan gök mahmaldan tikilen haltajygy çep goltugyndan çykaryp oňa uzatdy.

Myhmanlar şol bir hepdäniň içinde diňe bir gezek howludan çykdylar. Şol gezegem Gündogaryň meşhur bazarlarynyň biri bolan Teraýy bazaryna aýlandylar. Bazaryň mähellesi uludy. Häli-şindi adamlar bilen süýkeşip geçmelidi. Rejelenip üýşürilen sary waharmanlaryň, Horezminiň ala-mula donlary ýaly, ala garpyzlaryň, bili boglan ýassyk ýaly palaw kädileriň uly-uly harmanlary bu bazarda gözüňe ilýän zatdy. Satyjylaryň öňünde üýşüp duran gyzyl ýaňak almalar, hurmalar, sary kişmişler, künjüli halwalar, pürçükli kemputlar, dikeç gantlar, buzuň bölegi ýaly lowurdap ýatan, içinden ýüplük geçirilen şaha nabatlar, çagalaryň bäzbendi ýaly tes-tegelek injirler satylýan dükanjyklaryň uzyn hatary, ondan aňyrda bolsa haly-palas, her dürli parçalar satylýan dükanlar Teraýy bazarynyň görküdi. Saňa Aýystanyň halysy gerekmi, Seýistanyň palasy gerekmi? Rumystanyň, Pereňistanyň parçasy gerekmi? Hindistanyň öýmesi gerekmi? Teraýy bazary “Puluň bolsa guşuň süýdem tapylar”

diýilýän bazarlaryň biridi. Uzyn hatar dükanlaryň kölegesinde adamlar çugutdyryşyp otyrdylar. Olaryň gözleri gelen-geçendedi. Olaram söwdagärdiler. Ýöne olaryň harydy öňünde depe ýaly bolup üýşüp ýatanokdy. Olar gara güýçlerini satmaga gelen adamlardy. Olar talabandylar. Olaryň arasynda jaý gurýan ussalar-da, agaç-tagta ussalary-da, neçjarlar-da bardy. Ýöne olaryň agramy hiç bir ussaçylykdan başy çykmaýan, gara işe gaýym adamlardy. Olaryň arasynda taýpy eňeklerem, gyrçuw sakgallaram, duluklary tapyşyp, boýunlarynyň damarlary taýak ýaly horlaram, her egninden düýe asaýmaly daýawlaram bardy.

Näme-de bolsa bular özlerini satmaga gelipdir. Hanha olardan aňyrda gul-gyrnak bazary başlanýar. Bu taýdaky janly harytlar öz ygtyýaryna gelenler däldi. Olary allowarradan ellerini-aýaklaryny daňyp, düýä ýükläp, atyň öňüne kese basyp alyp gelipdiler. Hanha garaýagyz owadan gyz, ýanynda-da Şally baýyň agtygy ýaly 8-10 ýaşly oglan. Olar iki dogan bolara çemelidi. Gyz oglanjygy gujaklap, onuň kellesine ýaňaklaryny oýkap aglaýardy. Kimdir biri çagany alarman boldy. Gul eýesi on iki tümen bahalady. Alyjy sekiz tümene alarman boldy. Olaryň arasynda çekeleşik başlandy. Satyjy on bir tümene düşdi, alyjy dokuz tümene geldy. Şeýle gyzgalaňly söwdanyň gidýän mahaly gyz bilen çaga mäkäm gujaklaşyp aglaýardylar. Olaryň ýüregiňi gyýyjy agysy, iniňi düýrükdiriji perýady, depe saçyňy üýşürýän nalasy, jigeriňi mawyja deý daglaýan gözýaşy alyja-da, satyja-da, Şally baý bilen Atanura-da täsirini ýetirip bilmedi. Söwdalaşýan taraplar şaýy-şaýy, apbasy-apbasy

ýokary galyp, aşak düşdükleriçe, olar bir-birine ýakynlaşdygyça ýesirleriň dünýäsi daralýardy. Olaryň agysy barha zarynlaýardy. Söwdagärleriň biri galyp, biri düşüp olar iň soňunda 10-nyň üstünde tapyşdylar. Oglanyň bahasy 10 tümen boldy.

Çagany gyzyň gujagyndan aýyrjak bolup, alyjam, satyjam ellerinden gelenini etdi.

— Jan aga, bizi aýyrmaň! Atadan aýyrdyňyz, eneden aýyrdyňyz! Il-günden aýyrdyňyz, ýurtdan aýyrdyňyz! Iň soňky umydym şu jigim. Şundan bir aýyrmaň. Ikimizem bile satyn alyň. Meniň elim hünärlidir. Haly dokaýan, naharlar bişirýän, eşik tikýän, her hili keşdeler çekýän. Jan aga, bize rehim ediň! Gurbanyň bolaýyn, sadagaň gideýin, jan aga! — diýip, gyz oglany goýbermejek bolup nalamak nalady. Gul eýeleri gyz bilen oglany bir-birinden zordan aýyrdy. Bu ýerde gul eýesiniň elindäki gamçy olara uly kömek etdi. Alyjy çaganyň goşaryndan tutup, ony bar-bar bagyrdyp süýrekläp ugranynda gyz özünden gidip ýykyldy. Gyzyň öz jigisini bu iň soňky gezek görşüdi ahyry. Olar indi hiç wagt duşuşmazlar.

Oglunyň ýesir düşdi habaryny eşidip gözlerini balkyldadyp duran Şally baýyň bu agyr hasrata, pajygaly waka ýüregi gyýylyp para-para bolaýjak ýaly. Ýöne bolaýanok. Naçarlaryň bu hasraty Şally baýyň ýüregini sersdirenok. Adamlar diňe öz tenleriniň awusyny bilýärler. Öz tenlerine sanjylan iňňä tisginýärler. Özgäň tenine çekilen pyçak olaryň teninem awudanok, ýüreginem. Ynsan doň ýürek bolanda haýwandanam beter bolar ekeni.

Şol aýylganç wakanyň şaýady bolan iki guda bu ýerden mal bazaryna tarap ugradylar. Olar owkat bazarynyň içinden geçdiler. Bu ýerde jazyrdap duran çişlikleriň, çekdirmeleriň, bygyrdap duran palawlaryň, ne gözel mantylaryň, somsalaryň, işlekli kömeçleriň hoştap ysy dok adamynyňam işdäsini açýar. Adamlar "Hiç zat iýmän ýatan hassany tamşandyrjak bolsaň, Teraýynyň owkat bazaryndan geçiräýmeli" diýip, ýöne ýerden gürrüň etmeýärler. Şu bazarda telim halkyň meşhur naharlary bişirilýär.

Sadulla nanbaýyň aşhanasyndan gelýän ys iki gudanyň agzyny suwartdy. Olar aşhana sowuldylar. Bu aşhananyň eýesi Sadulla ozal nanbaýdy. Onuň elinden çykan çörek bütin Maşada meşhurdy. Maşat näme? Uzak ýerden gelýänlerem Sadullanyň çöreginden datman gitmezdi. Onuň ýüzüne künji, owradylan maňyzlary sepip bişirýän külçesi Sadulla külçe diýen at bilen meşhurdy. Bir ýyl Horasanyň üstünden gurakçylyk geldi. Zat gyt boldy. Ozal un tapdyrmady, un tapdyrsa, künji tapdyrmady, künji tapdyrsa maňyz tapdyrmady. Sadulla üçin öňki bişirýän meşhur çöreg-ä beýlede dursun, umuman çörek bişirmek kynlaşdy. Şonuň üçin ol özüniň nan tamdyryny ýykyp, ýerine aşhana gurdy.

Şally baýdyr Atanuruň şu aşhana sowulmagynyň sebäbi bardy. Onuň naharlarynyň süýjüligi hakynda her hili rowaýatlar bardy. "Şol aşhananyň naharyndan iýip otyrkaň, gulagyňy kesselerem duýmarsyň" diýýärler. Kesearkaçdan Maşada gelip giden adamlar Sadullanyň aşhanasyndan nahar iýenligini aýdyp öwünýärler.

Nahardan soň mal bazaryna aýlanan gudalar mal baryny bahaladyp, öňki gelen ýerleri bilen yzlaryna dolandylar. Jigisini elden giderip, beýhuş bolup ýykylan gyz özüne gelipdir. Ol iki eli bilen gursagyny tutup, aglap durdy. Atanur gabagyny galdyryp:

— Biçäre, bu-da bir bendäniň çagasydyr — diýip, sowukganlylyk bilen aýtdy.

— Oňa-da Hudaýyň ýazanydyr-da. Şondan bidin çöp başy gymyldamaz — diýip, Şally baý ýönekeý bir zat hakynda gürrüň edýän ýaly gürledi. Gudalar Ahmedalynyň ýaşyl derwezesine dolanyp geldiler.

Öý eýesi Bahadur ymamy gördümi, ýene birine ýüz tutdumy, ýa-da özi han bilen gürleşdimi, belli däl, ýöne, garaz, bir hoş habar getirdi. Şalaryň şasynyň nazary siňen uly han ýesiri boşatmaga söz beripdir. Ýöne bahasy bilen...

— Bahasy näçe bolar onuň? Şalaryň şasynyň nazary siňen uly han aýtmadymy ony? — diýip, Atanur sorady.

— Bahasyny aýtdy. Bahasy beýle gymmat däl. Men-ä aşagyndan çykyp bolmaz ýaly baha aýdarmyka öýtdüm. Onuň bahasy diýip aýdany ýönekeý bir zat.

— Ýönekeý diýýäniň näçe bolmaly? — diýip, Şally baý sabryny elden giderip sorady. Onuň şol bilesigelijiligini, howlukmaçlygyny sesinden aňmak bolýardy.

— Ol näçe däl, ol bir zat — diýip, Ahmedaly sözüne dyngy berdi. Iki guda aý görjek ýaly bolup, onuň agzyna seredýärdiler.

— Ogluňyzyň bahasy – siziň obaňyzda Dorbedew diýip bir at bolmaly. Ine, şol. Eýesiniňem-ä adyny tutýardy — diýip, Ahmedaly elini maňlaýyna goýdy.

— Eýesine Ahal diýdimi?

— Odi ki, odi ki — diýip, öý eýesi süýem barmagyny Şally baýa tarap uzadyp, sözüni dowam etdi. — Ahal diýdi. Şol Dorbedewi getirsin-de, ogluny alyp gidibersin — diýdi.

Şally baý iňkise gitdi. Ahaldan Dorbedewi dilemek, ony razy edip alaýmak aňsat iş däldir. Olam ýagşy. Garaz, Ahaly yrsa, razy etse bolar. Ýöne oglunyň bahasynyň bir at bolmagy, bir haýwan bilen başa-baş çalyşmagy oňa agyr degdi. Janyň ujy müň tümen diýse-de, toplap getirip alyp gitseň. Ony biri bilse, biri biljek däl. Bu baha, derrew il içine ýaýrar. Bu mertebäňi depelemek, ynsanlygyňa şek ýetirmek bolýar.

Agyr hyýala batan Şally baýy Ahmedaly aýňaldyrdy.

— Onsoňam şalaryň şasynyň, nazary siňen uly han köp garaşmakçy däl. Onuň özi şeýle diýip aýtdy. Şu gün eset aýynyň iň soňky güni. Otuz biri. Ertirem seretan aýy başlanýar. Öňünden habar etseňiz şol seretan aýynyň 10-na ogluňy Gümmezgaýa elterler. Sizem aňyrdan aty alyp gelersiňiz.

— Aýyby ýok, at bilen çalyşsyn, eşek bilen çalyşsyn. Çalyşsa bolýar. Aýagyna zynjyr urup, gul etmese, ýagyrnysyny gamçy bilen daglamasa bolýar.

Ahmedalydan hoş habar eşiden iki guda gelen ýollary bilen şol gün yzyna, Kesearkaja dolandy.

## DORBEDEWIŇ GÖZÝAŞY

— Eşitdiňmi? Ryzaguly han “Dorbedewi berseňiz bendiňizi äkidäýiň” diýenmiş.

— Oňa Ahal göwnär öýdýäňizmi?

— Ony göwnederler. Bolmasa satyn alarlar. Näme kän, Şally baýda mal kän.

— Şally baýam-a bir toklyny ile berenden ölenini kem görmez.

— Ogluňy zyndandan aljak bolsaň, baý berersiň-ä. Bogazyňdan tutsalar mal gözüňe görünmez.

— Aslynda ol mallary ogurlyk, galtamanlyk ýoly bilen Garamergen ýaly-la gazananam.

Oba arasynda diňe Ýandakly obasam däl, şu etrapdaky Tutly, Könegala, Daşaýak diýen ýaly obalaryňam arasynda edilýän gürrüňler şu äheňdedi. Toý bolsun, ýas bolsun, bir ýerde adam üýşmeleňi bolsa, şondan başga gürrüň etmelidirem öýdenoklar. Bu hakda adamlaryň garşylykly pikiri bardy. Kimler Dorbedewiň berilmeginiň, kimler berilmezliginiň tarapdarydy.

— Biz Dorbedewe belet, ýöne Garamergeniň kimdigini bilemzok — diýip, daşrak obalaryň adamlary aýdýalar.

— Heý, Kesearkajyň abraýyny bir galtaman bilen çalşaýmak bormy?

— Şony çalyşmaga bogny ysan adamynyň galtamançylyga-da, alamançylyga-da bogny ysar.

— Ony diýme. Adam adamdyr, haýwan haýwandyr.

— Sen olaryň haýsyny haýwan hasaplaýarsyň?

Özüni talanyň Garamergendigine, yzçynyň aýdanyna garaman, henizem ynanman müňkür bolup ýören Esen söwdagäri gürletseň:

— Weý, oglan, otüki Dorbedewi eşek bilen çalşaýmak bormy? Otüki, Şally baýyň geregi eşek bolsa, hanha meniň eşegimi alsyn ötäýtsin. Ýöne otüki, Dorbedewe degmesinler — diýip, ýangynly jibirdeýär. — Ömür-ömür razy bolaýmagyn, çalşaýmagyn. Otüki, Dorbedewi kemsitdigiň bolar. Eşider bolsaň, otüki, haýwanlar kemsidilenini ýatdan çykarmazmyş. Otüki, adamlardanam olar ýatkeş bolarmyş — diýip, Esen söwdagär Ahala sargady.

— Otüki, Dorbedew özüniň eşek bilen çalşylandygyny unudar öýdýärmiň? Ýok, Ahal, otüki, beýle günäni etme. Ol dünýäde Dorbedewiň öňünde jogap bermeli bolarsyň — diýip, Esen söwdagär ýüreginden syzdyryp-syzdyryp aýtdy.

Garamergen meselesinde Esen söwdagär yzçydanam dilgirdi. Ol özüni talajak bolup synanan şol näkesiň Garamergendigine hemişe ynanyp, Şally baýyň kiçi ogluna hemişe müňkür bolup gezdi. Onuň galtamançylykda, onda-da ýöne galtamançylygam däl, alamançylykda tutulmagy söwdagäriň şol müňkürligini has-da berkitdi. Yzçynyň şol yzyň Küýkiniň yzydygyny Iner golaga soň aýdanyndan Esen söwdagäriň habary ýokdy.

— Men adamlaryň iki tarap bolup çaknyşmagyndan heder edip ýalan sözlemeli boldum — diýip boýun alypdy. Şeýle diýip, ol Iner golaga aýdypdy. Ýöne ol gaty giç aýdypdy. Iner golak bolsa ony

içinden çykarman saklapdy. Sebäbi aradan ep-esli wagt geçenden soň, aýdanyň peýdasam ýokdy. “Ony nähak ýere garalajak bolýarsyňyz” diýmekdenem, onuň tarapdarlary, Şally baý dagy gaýtjak däldiler. Şol gezek söwdagäriň sözi bilen Garamergene müňkür bolunmagyna-da dilgir bolupdylar. Atanur bir gezek Iner golaga:

— Şol boýy bir garyş, sakgaly iki garyş jyn ýaly söwdagär üçinem ne gözel ýigide müňkürlik edýäňiz — diýip, çalarak bir igesini sürtüpdi. Şonda-da Iner golak yzçydan eşidenlerini oňa aýtmandy.

— Söwdagäri talan Garamergen bolmasa gowy zat. Ýöne nämäň-nämedigini wagt aýdar — diýip, köpmanyly sözläpdi. Iner golak “Garamergeniň zandynda ogurlyk bar bolsa, talaňçylyk bar bolsa, ýene özüni görkezer” diýip düşünýärdi. Ol goturyň gaşanman, bir zada oýkanman oňup bilmejekdigine ynanýardy.

Dorbedewiň eýesi Ahal bolsa-da onuň ykbalyny ýeke Ahalyň özi çözüp biljek däldi. Onuň üçin il-gün bardy, Iner golak bardy. Oňa Ryzaguly hanyň habaryny aýdanlarynda: “Bolýaram” diýmedi, “Bolanogam” diýmedi. Ol şu meselede özi bilen ikiçäk gürleşen Iner golaga:

— Maňa maslahat berýän adamlar-a şu çalşyga göwnänok. Ýöne siz unaýan bolsaňyz, siziň diýeniňiz maňa-da bolar. Iner kaka — diýip, ýuwaş, basyk ses bilen gürledi.

— Maňa galsa-ha, Garamergene Dorbedewiň ýalynyň ýekeje gylynam rowa görjek däl, howwa — diýip, Iner golak agrasdan

ýuwaş ses bilen gürledi. — Bu ýagdaý ýaşulularyň gelen karary boldy, howwa. Howwa, Şally baý saňa Ryzaguly hanyň hödürlän bahasyny berer.

— Ryzaguly han Dorbedewi alaýmasa sypdyrjak däl öýdýän. Maňa baýyň beren bahasam gerek däl — diýip, Ahal aýtdy. — Bu öz dostuňy satyp iýen ýaly bolýar. Ony meniň keşdim çekmez. Öňki kör-aman günüm bilen oňaryn.

Iner golak onuň bu sözleri halys ýürekden aýdýandygyna düşündi. “Abaly serdaryň ogly-da” diýip pikir etdi. Ogul Abaly serdaryňkam bolsa, onuň terbiýesi Iner golagyň özüniňkidi. Ahalyň deregine ekizleriň haýsy biri bolsa-da häzir Ahalyň beren jogabyny bererdi. Şu geçen ýyllaryň dowamynda Ahal ekizler bilen bir öýe girip, çykmadygam bolsa, adamlaryň gözüne olar üç dogan ýalydylar.

Ahalyň çagalykda eden garagolluklaryndan nägile bolan oba adamlary onuň ejesi Halbikä däl-de, Iner golaga arz ederdiler. Adamlaryň birnäçesi henizem Ahal Iner golagyň iň ýakyn garyndaşy, agasynyň ogly däldir öýdenokdylar.

Ahalyň jogabyndan kanagatlanan Iner golak:

— “Ogry oýuňdan döremesin, gotur goluňdan” diýlenidir. Bir näkesiň kössi hemmäňe ýeter — diýip, ol kesedaki tümmül bolan çaýyny owurtlap içdi. — Iliň arasynda “Adam adamdyr, haýwan haýwandyr” diýen düşünje bar. Eger sen häzir razy bolmasaň, iliň arasyna “Özüniň bir agta ýabysyny bir gerçege rowa görmändir” diýen gürrüň ýaýrar.

— Şol gerçek edil Aksoltanyň ogly ýaly bigünä bir adam bolaýan bolsa...

— Ynha ondan iliň habary ýok. “Eýran galtamanlary Garamergeni şu ýerden tutup äkidipdirler” diýen myş-myş ýaýradypdyrlar. Häzirlikçe şoňa adamlaryň köpüsi ynanýar.

Ahal sesini çykarman, esli wagt oturdy. Eliniň aşagyna düşen düwür kesejik bolsun, çöp bolsun, ony çümmükläp alýardy. Iki barmagynyň arasynda owkalap görýärdi-de, eliniň tersi bilen gapa tarap oklap goýberýärdi. Iner golakdanam ses-üýn çykmansoň, öýde ümsümlik emele geldi. Iň soňy Ahal:

— Ýaşulular razy bolsa, siz razy bolsaňyz, oňa menem razy. Ýöne Ryzaguly hanyň beren bahasyny alyp biljek däl. Beýle etsem il-gün meni harsydünýälikde aýyplar — diýip, özüniň soňky pikirini aýtdy.

Şally baýyň gyýr baýtalynyň bir taýy bardy. Şol taý Küýkiniň tohumyndan diýýärler. Küýki bilen Dorbedewem bir atyň tohumy bolmaly. Iňe, şo taýy, üstesine-de Şally baýyň öz münüp ýören alaşasyny, bäş-on sany goýny Dorbedewiň bahasy diýip, Ahala bermegi makul bildiler. Dorbedewiň şeýle arzan satylandygyna adamlaryň arasynda gynanan köp boldy. “Beýle boljak bolsa, şonam alyp durmaly däl ekeni. Dorbedewi mugt beräýmeli ekeni” diýenlerem, “Talaňçylygyň bu-da bir görnüşi” diýenlerem, “Garamergen ile duýdurman talasa, bukulyp ogurlasa, Şally baý gündiziň günortany, iliň gözüniň alnynda, adamlaryň garagyna basyp ogurlaýar” diýenlerem tapyldy.

Iner golagyň ýanyndan çykyp gaýdan Ahal kebzesine agyr ýük ýüklenen ýalydy. Ol özüni Dorbedewsiz göz öňüne getirip bilmeýärdi. Şubela göz öňüne getirjek bolup dyrjaşsa-da bolmaýardy. Ol ganaty gyrlan, uçup bilmän pasyrdap, togalanyp, emgek çekip ýören guşy, aýagy döwlen, agsaklap zordan süýrenýän keýigi göz öňüne getirdi. Özüni Dorbedewsiz, paý-pyýada halda Şally baýyň alaşasynyň üstünde göz öňüne getirip bilenokdy. Bu ýagdaý onuň göwnüne düýbünden bolmajak zat ýalydy. Aslynda ol Dorbedew bilen dünýä inen ýaly, onuň bilen ekiz taýy ýaly, Ýolaman bilen Ilamanyň bolşy ýaly, ony öz dogany hasap edýärdi.

Ekizlerde bir häsiýet bolýar. Olam çagalykdan bir-birine badagly ýaly, iňňeli-sapak ýaly tirkeşip ýörýärler. Olar özlerinden uly doganlary bilenem, kiçi doganlary bilenem beýle däldirler. Ikisi welin, edil tilkiniň guýrugy ýaly, biri nirä gitse, beýlekisi hem şo ýana öwrülip ýörendir.

Ynha Ýolaman bilen Ilaman nähili ulaldylar. Emedekläp ugranlaryndan beýläk tä öýlenýänçäler, aýry gapydan girip çykmaly bolýançalar bir-biriniň yzyndan galmandy. Bir ýerde olaryň birini gören bolsaň, gapdalynda beýlekisem bardyr. Olar ajyganlarynda-da deň ajygyp, suwsanlarynda-da deň suwsaýardylar. Ýatanlarynda-da bir ýorganda ýatýardylar. Olaryň sene-mene edenini aňsat göräýmersiň. Bu häsiýet diňe Ýolaman bilen Ilamana degişli däl. Bu ähli ekizleriň diýen ýaly gylyk-häsiýeti. Ahalam Dorbedew bilen şolar ýaly ekiz taýmykam öýdýärdi. Ondan aýrylsa öz ýagdaýynyň

nähili boljagyna akyl ýetirip bilenokdy. Onuň häzir bilýän zady Iner golak ara düşenden soň Dorbedewi bermeli bolar.

Küýkiniň neslinden bolan taýy berjek diýýärler. Ol ony seýislär. Ýöne ondan Dorbedew çykarmyka? Ol seýisçiligiň azabyndan gaçan adam däl. Ýogsa onuň azaby ýöne-möne azapmy? “Aty at edýänçä, eýesi it bolar” diýip, türkmenler agzynyň ugruna aýdyp goýbermändirler. Bu nakyl Ahal ýaly seýisçiligiň agyr, inçe işini başyndan geçiren adamyň aýdan zady bolsa gerek. Täze taýy at edýänçäň, gör, näçe daňdanyň süýji ukusyny goýup, daňdanyň çigregini iýmeli, içiň ýanmaly, hunabalar ýuwutmaly bolarsyň.

Haly, keşde diýen ýaly işlere inçe iş diýilýär. Ýeke iňňäni ýalňyş sançsaň, ýeke çitimi nädogry çitseň keşde bozular, nagyş ýoýular.

Şonuň üçinem olara senet, sungat diýilýär. Seýsiň işi näme, şolardan pesmi? Seýislenýän atyň iň bärkisi agşam iýmine bir gysym artyk arpa atyp gör. Şol at ertir öňküsini tapaýarmyka? At diýilýän zady gezdirileninde-de, suwa ýakylanda-da eýläk-beýläk daradylanda-da belli bir kadany saklamaly. Ýogsa at diýip seýisläniň ýaby çykar. Ahalyň keşdeden, halydan başy çykmasa-da seýisçilikden başy çykýar. Ol şuňa welin belet.

Dorbedewiň elden gitjekdigi hakyndaky habary eşitmek Halbikä-de, Aksona-da ýeňil düşmedi. Olaram Ahaly Dorbedewsiz göz öňüne getirip bilmediler. Olary gynandyran zat diňe bir Dorbedewiň aýralygam däl-de şol aýralyga Ahalyň, hasam beter Salyryň gynanjagydy. Ýöne welin olar Iner golaga-da uly hormat goýýardylar. Oňa Ahalyň atasy ýaly, şu maşgalanyň maşgalabaşy

ýaly seredýärdiler. Iner golagyň aýdanyny, Ahalyň kanun hasaplaýşy ýaly, maşgalanyň ählisi kanun hasaplaýardy. Şonuň üçinem Halbike:

— Bähbit bol-a, oglum, Iner kakaň diýýän bolsa, ondan boýun towlap bolmaz. Ol bizden gowy bilýändir — diýdi.

Aksonanyň oýmak ýaly owadan gözlerine balkyldap ýaş geldi. Ol geplese gözýaşy paýrap gitjekdi. Şonuň üçin hasyr-husur aňyrsyna öwrüldi. Dulda duran gap-gaçlary eýläk-beýläk süýşürip güýmendi.

Bu habary eşiden Salyr aglady. Diňe gözýaşyny däl-de, sesini gizlemän aglady. Uly ili bilen möňňürip aglady. Ýüzin ýatyp, ýüzüni ýassyga oýkap aglady Halbike oňa:

— Goý, köşek, heý, uly adamam aglarmy? Sen uly adam, erkek oglan ahyry — diýip, oňa basalyk berdi. Ýöne garry enäň bu pikiri onçakly şowuna düşmedi. Agtygyna göwünlik berjek bolup, hamsygyp, özi aglady. Gaýyň enesiniň bu ýagdaýyny gören Aksonanyňam döküldim-döküldim diýip duran gözýaşyny saklamaga gurby çatmady. Düwmeler onuň ak ýüzünden togalanyp, paýrap gaýtdy. Şeýdip içeri matamhana öwrüldi. Maşgala edil gölegçilere garaşýan ýalydy. Ahal ýüzüni ýassyga oýkap ýatan ogluna azgyryldy.

— Tur, şu ýerden! Mysalaň gursuň!..

Mundan ozal Ahal diňe Salyra däl, şu öýde hiç kime-de şeýle azgyrylmandy. Elbetde, onuň aýalyna-da, ogluna-da käýýän, gatyrganyp, gahary gelen wagtlary bolupdy. Şonda-da ol azgyrylman ýuwaşlyk bilen agraslyk bilen käýinerdi. Halbike oglunyň bu häsiýetinm “Kakasyndan galan miras” diýip düşünýärdi. Bu gezek

welln Ahalyň azmly sesinden öýüň içi sarsyp gitdi. Halbike hasyr-husur başyndaky gyňajy bilen gözüni süpürdi. Salyr sapandan sypan daş ýaly bolup gapydan çykdy. Bu azgyrylmasynyň ýerliksizdigini "Jany ýanan Taňrysyna gargar" edenini Ahalyň özem aňlady. Daşarda güpürdän at toýnagynyň sesini gussaly ýüzüni aşak salyp diňledi.

Bu güpürdäp giden Salyrdy. Ol Dorbedewiň uýanyny salyp, eýersiz, ýalaňaç gerşine atlanyp, gamça basypdy. Ol özüniň näme üçin ata müneninem, nirä gitjeginem bilenokdy. Atylan peýkam ýaly süýnüp, obadan saýlanan Dorbedewiň jylawyny Ýalaňaç baýra ýetýänçä çekmedi. Ol bat bilen zyňlan ýumak ýaly bolup, baýyrdan aşdy. Salyr gözden ýitende, baýryň depesinde bir bölejik tozan galdy.

Obany iki bölüp, tozan turzup giden Dorbedewiň ýalaňaç gerşindäki Salyry gören adamlar Ahalyň öýündäki hasratdan habarsyz bolsalar-da, şu ýagdaýyň aňyrsynda bir zadyň çöküp ýatandygyny, muny çapyksuwaryň keýpine etmeýändigini aňdylar. Ozalam ýaşulularyň gelen kararyndan habarly goňşular ýagyş ýaganda damjalaryň oý ýere syrygyşy ýaly, ýuwaş-ýuwaşdan Ahallara gelip ugradylar. Her kim bu gussaly öýe basalyk boljak, göwünlik berjek. Az salymyň içinde öýüň içi-daşy diýen ýaly adamdan doldy.

— Beýdip ýas tutup oturmaň — diýip, Atagulynyň kakasy Goňur aga aýtdy. — Başa gelenini sowsun, beterinden saklasyn.

Bu gelenleriň arasynda Ilamanam bardy: Ol: “Iki gözüň birini çykaryp durkalar, iki goluň birini çapyp durkalar, iki aýagyň birini kesip durkalar, nädip ýas tutmajak” diýip gygyrasy geldi. “Garamergen tutulanda Şally baýlar nähili agladylar nähili ýas tutdular. Bu maşgala üçin Dorbedew şonça-da ýokmy? Olam maşgalanyň bir agzasy. Maşgalaňdan bir adam gitse neneň aglamajak, neneň ýas tutmajak?

Dorbedew gidýär. Özem kim üçin diýsene? Mydama gözünde oky bolsa Ahaly urjak bolup ýören, bolgusyz şyltaklary toslap, Ahala ýapyp ýören, umuman adamlaryň köýneginiň içinden ýapyşan bürmek ýaly obany ynjalykdan aýryp ýören bir näkes, bir gende üçin, ýylanyň ýigrenen narpyzy üçin. Özem diňe bu öýi ýa Ýandakly obasyny däl, bütin Kesearkajy taşlap gitmeli. Özem kime gitmeli? Garamergen ýaly diňe bir oba däl-de, bütin Kesearkaja külli Horasana, özüni ýigrendiren Ryzaguly hanyň huzuryna barmaly. Şol zatlary pikir edip oturan Ilaman öz duýgusyny daşyna çykardy.

— Eger Dorbedewi Ryzaguly hana bermelem bolsa “Garamergeni goýber” diýip däl-de, “Şony berkräk sakla, goýberäýme” diýip bermeli.

Ilamanyň şu sözünde özüniňem, şu ýerdäki beýleki adamlaryňam pikiri, duýgusy, ähli gazaby jemlenipdi. Ýalaňaç Dorbedewe atlanyp, obanyň ortasyndan geçýän köçeden tozan turzup giden Salyryň şo gidişidi. Ol agşama çenli, tä garaňky gatlyşýança yzyna dolanmady. Ol Gün ýaşanda-da Ýalaňaç baýryň gerşindedi. Şol ýerden günbatarda Mizewäniň goýy gök bulup görünýän gaýalarynyň

aňyrsynda gizlenen Güne, horazyň guýrugy ýaly bolup onuň yzynda galan elwan şapaga syn edip durşuna enesi Halbikäniň:

*“Düýn öýlän-ä, düýn öýlän,*

*Atym gitdi düýn öýlän.*

*Aýagynda al kössek,*

*Süýräp gitdi düýn öýlän”* — diýip, telim gezek otaran matalyny ýatlady.

Göz baglanyp ugransoň, öňküsi ýaly güpürdedip däl-de Dorbedewi ýuwaşja ýöredip, ilerden gaýrak obany iki bölýän köçäniň çetinden girdi. Çagalar haý diýmän, şu köçäniň ugruna ýygnanarlar. Olar ala-wagyrdy edip, “Görüpgaçdy”, “Geýimbasyrdy”, “Çürrükdepdi” ýaly oýunlary oýnarlar. Edil öten agşamam şol oýnanlaryň biri Salyrdy. Oňa oýun diýseň gözi açylýardy. Tozana-çaňa bulaşany onuň üçin hiçdi. Bukulanlary gözlemek, olaryň birini pellehana bilen araňa düşürip tutdurmazlyk üçin durnalaryň hüşgärligi ýaly hüşgär bolmak, eşekçiniň üýşürip goýan gumuny depip gaçmak, öňünde geýimlerini bürenip ýatan oglanlaryň kimdigini tanamak, tananyňdan soňam towşan turan ýaly bolup, özüňe okdurylan çaga tutdurman pellehana atmak, gör nähili hezil.

Ol düýn şeýledi, düýn hezildi. Bu gün bolsa Salyr üçin başga döwür, başga dünýädi. Ol gapdalyndan çykyp:

— Salyr oýnaýasmy? — diýip, habar gatan oglanyň soragyna jogap bermän duşundan geçip gitdi. Ol öýe gelip atdan düşdi. Dorbedewi ýatagyna, Ahalyň gök ýorunjadan dolduryp goýan

ahyrynyň başyna eltip goýberdi. Üýşen märeke sowlupdyr, goňşular dargapdyrlar. Öýde maşgalanyň öz-özleridi. Salyr sesini çykarman, öýe girdi, töre geçdi. Ýassyga kükregini berip ýüzin düşüp ýatdy. Hiç kimden ses çykmady. Diňe Halbike:

— Köşek ajygansyň. Ynha ýilik ýaly gatyk bar, Bir dişlem çörek iý — diýip, agtygyna ündedi.

— Iner kakaň göwnän bolsa, il-gün oňlan bolsa, olara “Munyňyz bolanok” diýip bolmaz ahyry — diýip, Ahal agras tukat ses bilen aýtdy. Bu sözler häli, Salyryň çykyp gitmezinden öň edilip oturylan gürrüňiň dowamydy. Ahalyň Salyr barka aýdyp ýetişmedik sözleridi. Ine, şu gürrüňi aýtmak üçinem Ahal uly güýç sarp etmeli bolupdy.

Ol bu sözleri aýtmalydy. Özem Salyryň göwnüne degmän aýtmalydy. Sebäbi Salyram Dorbedewe Ahalyň özi bilen deň şärikdi. Ahal onuň seýsi bolsa, Salyr onuň çapyksuwarydy. “Çapyksuwar bedewe ýarpy” diýip, onuň halypasy Hojaly seýis janygyp aýdardy. Ol wagt halypasynyň sözüne onçakly üns berip durmadyk Ahal onuň manysyna özi seýis bolansoň düşündi. Bedewe ökde seýsiň gerekligi ýaly ökde çapyksuwaram zerurdy. Ol Dorbedewi seýisleýşi ýaly Salyra-da çapyksuwarlygyň inçe tärlerini öwredipdi. Ine, şu ýüzin düşüp ýatan Salyr Dorbedewiň ady-owazasynyň dünýä dolmagy üçin uly iş edipdi. Jylawy çekmeli ýerinde çekmäge, goýbermeli ýerinde goýbermäge, ýoluň boşlaw, ýakyn tarapyny saýlap almaga ussatlyk gerekdi. Üstesine-de Aly Aşraf ýaly her hili haramçylykdan gaýtmaýan hilegär çapyksuwarlaryň öňünde durmaly bolupdy. Bir gezekki toýda şol haramzada Çaşgyn seýsiň atyny nätdi. Onuň

ýüzüne gamçy çalyp ýaryşdan çykaryp goýberdi. Eger Salyr onuň şol hilelerini bilmeýän bolsa, şol gamçy Dorbedewiňem ýüzüne degäýmelidi.

Bolup geçen wakalary ýatlap, Salyryň Dorbedewe bolan hukugyny öz ýanyndan ykrar eden Ahal joşup gelen gahary üçin oglundan ötünç sorasy geldi. Ýöne welin bu sähraýy türkmenleriň ýazylmadyk bir kanuny bar. Her näçe günäkärem bolsa, ata oguldan ötünç soramaýar. Ol diňe atanyň mertebesiniň kiçelmegi, ejizligi däl-de ogul üçinem, uly masgaraçylyk, ýüzügaralyk hasaplanýar. Bu zatlary oýundan geçirip, ýatlamalaryň ýumagyny çözläp ýatan Ahalyň uzyn gije gözüne uky gelmedi. Onuň saçyna öňde-soňda ak düşmeli bolsa, şol ak gije görünse gerek.

Ahal Maru-Şahu-jahanda bolanda, dosty Çaşgynyň aýdan sözi ýadyna düşdi. Ol: “At garrar, ýaryşlardan galar. Höwür aty bolar. Şonda maňa Dorbedewiň tohumyndan bir taýy ele salar ýaly kömek edeweri” diýipdi. Ahal oňa söz beripdi. Hawa, söz beripdi. Muňa ykbal diýerler. Sözüňe-de, wadaňa-da, kasamyňa-da seredip duranok. Ol öz kanuny boýunça hereket edýär. Seň üstüňden öz hökümini çykaryp, öz häkimligini ýöredýär. Çaşgyn ykbalyň çykaran bu höküminden entek habarsyzdyr. Eşidäýse, gör, nähili gynanar.

Kimiň gynanjagyna, kimiň begenjegine-de seretmän, il arasynyň gürrüňine gulak asman, seretan aýynyň ony barha ýakynlaşýardy. Ol ellerini gowaldyp gelýän pälwan ýaly, ejiz garşydaşynyň üstüne haýbat atyp, barha süýşüp, abanyp gelýärdi.

Türkmenlerde aýdylyşy ýaly leňňeç aýynyň ony on aýakly äpet leňňeç bolup, Ahalyň üstüne barha golaýlaşýardy.

Bu öýde hasrat çekmeýän, bu ajy aýralyga örtenmeýän, ýanmaýan ýokdy. Ahalam, Halbike-de, Aksona-da elibe dönüpdi. Ýöne Salyryň hasrat çekişi has çökderräkdi. Ol ir bilen Dorbedewe atlanyp gelýärdi. Içini gepledip, nirelerde näme işläp ýöreninem hiç kim bilmeýärdi. Aty öňküsi ýaly seýisçilik sungatyň ähli jikme-jigi bilen seýislänokdylar. Ony Salyr äkidýärdi, getirýärdi. Oglanyň özem horlanyp barýardy. Sanlyja günüň içinde duluklary tapyşyp, diňe göz bolup galdy. Igli çagany gör-de, Salyry gör. Bagtynda iýip-içme ýok, ýatyp uky alma ýok. Irginsiz içgepletmeler çagany gaty basym sandan çykarýan ekeni.

Ýowuz aýralygy ýüreginden syzýan ýaly Dorbedewiňem öňki keýpi ýokdy. Gündiz ol meýdanda otlaýarmy-otlanokmy, ony diňe Salyr bilmese, başga bilýän ýokdy. Ýöne Ahalyň bilýän zady Dorbedewiň ahyryna dökülen ot gowzaman şol durşuna galýardy. “Eýesiniň ýüregündäki galagoplygy bedewler derrew duýýardy. Olaryň keýpi eýesiniň keýpine baglady. Şonuň üçin bedewňň ýanyna barynyňda, öz gussaňy unudyp barmalysyň. Seýis bolsaň, çapyksuwar bolsaň bular seniň ilki bilmeli zadyň...” Ine, halypasy Hojaly seýsiň telim gezek nygtap, Ahalyň gulagyna telim gezek guýan zady. At ýigidiň diňe bir ganaty däl, ol ýigidiň dostudyram. Hakyky dostlar bolsa, seniň ýüregiňdäkini ýüzüňe seredip bilýärler.

Hanha, Dorbedewe serediň. Ol indi önküsi ýaly başyny belent tutup, hekgerip, keýkerip ýörenok. Aram-aram bedewiň gözüniň

owasynda çylpyk görünýär. Onuň daşynda siňekler gaýmalaşýarlar. Şol çylpyklar atyň ýüregindäki hasratyň daşyna çykan alamatlarynyň biridi. Ahal ony ýaglyk bilen telim gezek süpüripdi. Her gezegem ýiti pyçak bilen gyýylýan ýaly, ýüregi gyýym-gyýym bolup süpüripdi. Dorbedewiň kellesini gujaklap, özüniň köz atylan ýaly bolup gyzyp duran gursagyna oýkapdy.

Atylan peýkamyň öňünden süýşüp gelýän gaýa ýaly bolup, seretan aýynyň ony gelip ýetdi. Horazlaryň gygyryşynda-da, daňyň atyşynda-da, oraýana şapagyň üýşürlen ojar közi ýaly bolup ýanyşynda-da. Günüň tamdyrdan çykan tegelek petir ýaly bolup doguşynda-da, şemalyň öwsüşinde-de hiç hili üýtgeşiklik ýokdy. Şol öňküler ýalydy. Bu zatlar Ahalyň maşgalasy üçin, şu öýden girip çykýanlar üçin üýtgeşik ýaly bolup görünýärdi. Diňe şolar üçin ýel gelip, harasat gopjak ýaly, Gün tutulyp, howa gap-garaňky boljak ýaly bolup görünýärdi.

Halbike-de, Aksona-da towuklar bilen deň ýatmasalaram deň turardylar. Bu gezegem şeýle boldy. Aksona iki sany jürdegi alyp ümüş-tamyşda, entek gündogar, tarap tilkiguýruk bolup-bolmanka, suw getirmek üçin guýa tarap ugrady. Obanyň akar ýabam bardy. Ýöne ýap onda-mundarak bolýar. Köplenç oba arasyndan daşda suw tutulýar. Şonuň üçinem Ýandakly obasynysynyň gelin-gyzlary köplenç suwy guýudan alýarlar. Aksona jürdegi bilen suw getirip goýandan, Halbike köneje semawary suwdan dolduryp otlady. Kömür atdy. Semawaryň şyggyldysy haý diýmän eşidildi.

Ukudan oýanyp, gözüni açan Ahal Salyryň ýatan ýerine seretdi. Ol heniz turmandy. Ýöne oýa bolara çemeli, çalaja gymyldaýardy. Ahal ardynyp, dik oturdy. Oturan ýerinden ýuwlan çüýşe ýaly arassa, mawy asmana göz aýlady. Gazykda duran Dorbedew ýuwaşja hokrandy. Oňa gözlerini aýlan Ahalyň kalbynda ýatdan çykyp ugran közüň, sanjylan tikeniň yzasy täzelendi. Ol ogluna seretdi.

— Salyr, oýanan bolsaň, oglum, tur. Dorbedewiň aýagyny ýaz — diýip ýadaw äheňde iki eli bilen ýüzüni sypalap aýtdy. Salyr Dorbedewi eýerläp, Ýalaňaç baýra tarap ugranda, şapak körükde üýşüp duran köz ýaly gazarypdy.

Gün guşluga galyp ugranda, Dorbedewi Gümmezgaýa äkitjek adamlar, olary ýola saljak adamlar Ahalyň öýüniň töweregine ýygnanypdy. Üýşen märekäniň ýüzi ýylgyranokdy. Olar "Garamergen geljeg-ow" diýip begenmeýän bolara çemeli. Olar gölegçi ugratjak ýaly tukatdylar.

Ugramaly adamlar ýaşulularyň gelerine, ak pata — bererine garaşýardylar. Dört-bäş ýaşulynyň başyny çekip, Iner golak geldi. Ol gele-gelmäne:

— "Ýolagçy ýolda ýagşy" diýipdirler. Bäri-bärde Gümmezgaýa ýokdur. Gijä galman ugraberseňizem bolar — diýdi.

Salyr kakasyna ýüz tutsa, Gümmezgaýa äkidilmejegini bilýärdi. Bu gezek Ahal toýa, at goşmaga gidenok. Bu gidişlikde çapyksuwaryň oňa geregi ýok. Düýn Salyr kakasynyň ýanynda

özüniňem Gümmezgaýa äkidilmegini ýaňzydypdy. Kakasy oňa gaharly bolmasa-da, berk jogap beripdi.

— Sen nämäňe gitjek? Işiň ýok!

Bu sözleriň aýdylyşyndan Salyr özüniň äkidilmejegini aňypdy. Ol sözler ýaş çapyksuwaryň ähli umydyny asmandan asypdy. Salyryň bolsa iň soňky pursata çenli Dorbedewiň ýanyndan aýrylmasy, onuň bilen bile bolasy gelýärdi. Şonuň üçinem ýüregine daş baglap, Iner golagyň, ak pata bermäge gelen ýaşulularyň öňünde gögerdi.

— Iner kaka, menem gidäýin. Gaty gidesim gelýär — diýip, uly adamlaryňky ýaly akylly gözleriniň gabagyny düşürdi. Onuň owadan, tegelek, çaga gözleri içi suwly oýmak ýaly balkyldady. Sähel bahana boldugy şol oýmak ýaly gözlerdäki ýaş paýrap gaýtjakdy. Muny aňan Iner golak özüniň ýalňyz eliniň penjesini Salyryň başyndaky çöwürme telpegiň üstünde goýup:

— Git, köşek, git! Sen gitmeseň bolmaz ahyry — diýip, mähir bilen aýtdy. Soňra ol Ahala tarap gygyrdy — Ahal, Salyram äkidiň. Boş gaýdýan ýabylaryň birine mündüräýiň.

Boş gidýän ýaby iki sanydy. Biri eýerlidi, Şally baýyň alaşasy eýersizdi. Eýerli ata ol tarapdan selen Garamergen münmelidi. Dorbedewiň eýerini aýryp, ony Şally baýyň alaşasyna geçirmelidi. Oňa-da Ahal münmelidi. Ol alaşa Dorbedew gidenden beýläk Ahalyňky bolmaly.

Aýatylla işan köpçüligiň öňüne çykyp doga okady. Onuň ýokary tutan elleri maňlaýyndan taýyp gaýdyşyna köpüsi agaran sakgalynyň ujuny sermeläp gaýdanda, adamlaryň hemmesi “Omyn” diýip,

ellerini ýüzlerine syldy. Atlylar Burjula tarap ýola düşdüler. Olar gözden ýitýänçäler, Ýalaňaç baýyrdan aňryk aşýançalar märeke onuň yzyndan seredip durdy. Ahalyň adamkärçiligi hakynda, Garamergeniň siňek ýaly ýürek bulap ýörşi barada, köplenjem Ahalyň käsesine düşüşi barada, şondan gelenem Ahalyň ony zyndandan boşatmak üçin Dorbedewden, onda-da uly baýlygyndan geçişi barada gürrüň etdiler. Ýöne bu gürrüňlerden Halbikä-de, Aksona-da çigdiň gabygy ýaly peýda ýokdy. Ol öwgüler ýanyp duran iki sany ýüregi köşeşdirerden ejizdi, gaty ejizdi.

Ine, her gatlagy bir asyryň beýany, kemerinde aýrak guzlaýan gaýalar. Muny ilki görýän adam hopugman seredip bilmeýär. Kükregi harsaň daşly gaýalar. Hol ýokardan kiçijik bir daş gaçdygy ýeterlikdir. Ol ýere gelip düşýänçä müň daş onuň gapdaly bilen gaýdar. Onsuzam seňňerläp duran daşlara sähelçe bahana gerek. Gatyrak üsgürseňem, gatyrak gülseňem güpürdäp gaýdyberjek ýaly bolup durlar. Neneň onsoň bu ýerleri ilki gezek görýän Salyr hopukmasyn. Ol-a oglan. Bu gaýalar, kemerler, harsaň daşlar ilki görýän uly adamynam hopukdyrarça bar. Ýolagçylar Burjulynyň jülgesinden, Haýytgalanyň darajyk deresinden geçdiler-de, Gümmezgaýa ýetdiler. Haýtgysynyň deresem zal görmedik adamy hopukdyrýan, ýüregini gysdyrýan ýerleriň biridi. Iki tarapdan ýoluň üstüne abanyp duran dik gaýa üstüňe eňip gaýdyrberjek ýaly bolup dur. Bu gaýanyň ýokarsyndan gaýdan daş hiç ýere degmän, şol inişine guýa oklanan ýaly bolup, ýoluň ortasyna gütläp düşjekdi.

Gümmez gaýanyň jülgesi giňdi, ýaýbaňdy. Ol Garagumuň giň gollarynyň biri ýalydy. Ýolagçylar jülgäniň ol tarapyndan giren bäş atly bulara garaşyp durdy. Ahal dagyny gören badyna olar bärik ugradylar. Hiç kim atyna münmedi. Olaryň bärik ugranyny görüp, Ahalyň ýoldaşlaram atdan agdylar. Iki tarap jülgäniň ortasynda tapyşdylar. Bir-birine Taňry salamyny berdiler. Diňe Garamergen bärden baranlaryň her haýsy bilen elleşip görüşdi.

Aňyrdan gelýän atlylaryň birini Ahal derrew tanady. Ol Rabatyň seýsi Aly Aşrafdy. Aşraf özüniň bäsdeşini tanady. Ol Ahala ýörite başyny atyp, onuň adyny tutup:

— Essalawmaleýkim, agaýy Ahal! Hoş gördük! — diýip salamlaşdy. Ahal bolsa:

— Waleýkim, Aly Aşrafy han — diýip, onuň adynyň soňuna “han” diýen lakam goşup aýtdy. Umuman iki tarapyň arasynda köp gürrüň edilmedi. Bärden baranlar Garamergeni öz taraplaryna geçirensoňlar Dorbedewi ýalaňaçlamak bilen boldular. Ahal onuň boýnundan gujaklap, sagrylaryny, boýunlaryny, ýüzlerini Sypap hoşlaşdy. Salyr Dorbedewiň ýüzüne ýüzüni oýkap aglady. Özi sessiz aglady, hiç kim onuň aglanyny duýmady. Duýulsa käýeljeginden gorkdy. Birdenem Dorbedewiň gözlerine seretdi. Kellesini gaýrarak çekip seretdi-de:

— Kaka, Dorbedew aglaýar — diýip, uly ili bilen möňňürip aglady. Hiç kim oňa “Sesiňi goý, munyň bolmaz”, “Erkek oglana aglamak aýyp bolar” diýmedi. Dorbedewiň, gözlerinden damýan damjalary gören Ahalyň bogazy dolup, dünýäsi eliň aýtymyna geldi.

Biygtyýar beýlesine öwrüldi. Ony aglamakdan saklan zat, onda-da uly güýç sarp edip saklan zat erkeklik buýsanjydy. Gel-gel indi Aly Aşrafyň öňünde aglamalymy? Hatda gözüňe ýaş aýlanyňam görkezmeli däl. Onsuzam seret, Aly Aşrafyň guduraýşyny. Dorbedewi ele salandan soň Kesearkaçda, Horasanda, Horezminde hiç kim onuň öňüne düşüp biljek däldi. Şonuň üçinem gynanýanyny duýdurmaly däl. “Item öz arryklygyny gurda bildirmezmiş”.

Aly Aşrafynyň ýanyndaky ýoldaşy, saryýagyz ýigit Dorbedewiň jylawyndan ýapyşdy. Dorbedew başyny silkip goýberdi. Jylaw onuň elinden sypyp, howada galgady. Aly Aşraf: — Sen dur, mürze! Muny özüm oňararyn — diýip, jylawy gapyp aldy. Onuň mürze diýip adyny tutany Ryzaguly hanyň ogly Fahredin mürzedi.

Atlaryň gylyklaryna, häsiýetlerine belet, köp ýyllaryň çapyksuwary Aly Aşraf atyň jylawyny edil alkymynyň ýanyndan tutup, aňryk äkitdi. Ony öz münüp gelýän atyna tirkäp atlandy. Aňyrdan gelenler aňryk ýüzlendiler.

Aly Aşraf hanyň yzyna düşüp barýan Dorbedew birden durup yzyna seretdi, hokrandy. Bu bolsa onuň iň soňky hoşlaşygydy. Ony gören Ahalyň birden ysgyny gaçdy. Elleri diýen etmedi. Depesinden gaýnan suw guýlan ýaly boldy. Salyry Şally baýyň alaşasynyň syrtyna elinden çekip zordan mündürdi. Bärden baranlar ýene bärik öwrüldiler.

## URUŞ

Il arasynda käbir hadysalar, käbir wakalar bolýar. Olar adamlaryň aňynda jaýdar ornaşýar-da, soňabaka anyk wagty aňlatmak üçin hyzmat edýän senä öwrülýär. Dorbedewiň Eýrana berilmegem şolar ýaly wakalaryň biri boldy. Ol diňe Ýandakly obasynda däl-de, bütin Kesearkaçda şeýle boldy. Adamlar şo ýylyň özünde "Dorbedewiň Eýrana berilmezinden pylança wagt öň, berleninden pylança, wagt soň" diýip, wagty kesgitläp ugradylar. Bu hem Dorbedewiň Eýrana berlen wagtyndan üç aý geçensoň bolupdy.

Şol belli wakadan soň eset, sünbüle aýy geçip, mizan ortadan agypdy. Şu ýerde ýene bir zady anyklalyň. Siziň: "Näme üçin hemişe şemsi aý toparlaryna ýüzlenýärsiňiz?" diýip sorag bermegiňiz mümkin. Kesearkaçda şol mahallar kamary aý toparlary ýörginlidi. Ýöne biziň şemsi aý toparlaryna ýüzlenmegimiziň öz sebäpleri bar. Bu aý toparlary kamary aý toparlary ýaly ýylda 10-11 gün öňe süýşüp duranok, pasyllar belli wagtynda gelýärler. Bu bolsa wagty has takyk göz öňüne getirmek üçin amatly.

Mizan aýy ortadan agyp, meýdanyň agy-gögi ýygnalypdy. Gök otlary, baglaryň ýapraklaryny sowuk urmadygam bolsa, howa çigräpdi. Şol çigrek ir bilen hasam duýdurýardy. Gapyny açanyňdan haff edip ýüzüňe urýan sowujak howa endamyňy tikenekledýärdi. Egniňe don ýa çäkmen atman daş çykasyň gelenokdy. Ertirlerine gara öýleriň tüýnüginden syçanyň guýrugy ýalyjak mawy tüsse zogdurylyp çykýardy. Öýlerde ýakylýan otlaryň mähri artypdy. Şol günleriň birinde "Uruş turdy, uruş!" diýen şum habar gök gümmürdän ýaly bolup ýaňlandy. "Eýran Kesearkaja uruş yglan

edenmiş. Ryzaguly han üç müň atly bilen Maşatdan çykjakmyş. Şahrudyň häkimi Nowruzaly hanyň iki müň atlysam oňa goşulanmyş” diýen habar ýyldyrym çaltlygynda ýaýrap, adamlary aýak üstüne galdyrdy. Bu habar diňe şu etrapyň obalaryny däl, Bamydan Änewe çenli, Kesearkajyň etegindäki, dag jülgelerindäki, gum içindäki obalarynam örüzdi. Bütin Kesearkaç atgarynjalaryň gorjalan hinine dönüpdi. Adam bary öýjügine taýak sokulan arylar ýaly ondan-oňa at salýardylar, bulutly günüň serçeleri ýaly kowçum-kowçum toplanýardylar. Hemmeleriň gürrüňi uruş hakda, türkmen ýigitleriniň batyrlygy, gahrymanlygy, gaýduwsyzlygy hakdady.

Geçen urşy gören garrylar, Iner golagyň döwürdeşleri şol urşuň gyzykly wakalaryny, Abaly serdar, Nurahmet serdar ýaly serkerdeleriň bitiren gahrymançylyklaryndan gürrüň berýärdiler. Ol urşy görmedik ýigitler bolsa atalaryndan, agalaryndan eşiden gyzykly hekaýatlaryny ýatlaýardylar. Gaçsa gutulýan, kowsa ýetýän türkmen atlarynyň ýyndamlygy, duşmana salanda telim gez süýnýän jöwher gylyçlaryň ýitiligi taryp edilýärdi.

Ýandakly obasynyň ýaşululary Iner golagyň öýüne üýşüpdiler. Ýaşlardan diňe Ahal çagyrylypdy. Beýleki ýigitlere atyny eýerläp, gylyjyny dakynyp, taýýar bolup durmaklyk tabşyrylypdy. Olar obanyň içinde topar tutup, atlaryny ondan-oňa daraýardylar. Halbike ýaly garry aýallar içlerinden bilen dogalaryny okaýardylar. Belanyň sag-aman sowulmagyny, asla şum habaryň ýalan bolup çykmagyny Taňrydan dileýärdiler. Şonuň üçin hudaýýoluna, Garaşir öwlüýäniň ýoluna kimler bir tamdyr çörek, kimler bir janly aýdýardylar.

Şally baýyň aýaly Ogulnur hudaýýoluna bir işşek, Garaşir öwlüýäniň ýoluna-da bir tamdyr çörek, aýtdy. Bu habary eşiden Şally baý aýalyna azgyryldy.

— Heý, beýle-de bir talhandökerlik bolarmy? Hudaýyň, öwlüýäniň uruş bilen näme dahyly bar?

— Beý diýme, kakasy. Hudaýsyz çöp başy gymyldamaz, toba et.

— Urşy hudaýýoly ýatyrýan bölsa, ilde hudaýýoly aýdýan köpdür. Ol sensizem ýatar. Onsoňam işşek diýip durman janly diýäýeniňde bolmadymy? Janly diýseň tokly berseňem bolup dur, towuk berseňem — diýip ýürekden syzdyryp käýindi.

Şally baýyň husytlygy hakynda şeýle gürrüň edilýärdi. Gazanda et gowrulyp dur. Onuň daşynda gowadaklap ýören Şally baý bir dogramçany alyp agzyna atýar. Çeýneýär. Et güýç berenok, ol bişmändir. Baý bişmedik dogramçany güjüge oklaýmandyr. Şonuň üçinem onuň bu gürrüňlerini Ogulnur geň görüp durmady.

Obanyň takwa adamlary Aýatylla işanyň metjidine üýşdüler. Işan urşuň bolmazlygyny diläp, olaryň öňünde “Gurhan” okaýardy. Adamlar şu urşy Gurhanyň, doganyň dep etjekdigine ynanyp, ellerini ýokary göterip, yhlas bilen ýüzlerine sylýardylar. “Omyn!” diýip, ýuwaşja pyşyrdaşýardylar.

— Işan aga, seni Iner aga çagyrýar — diýip, gapydan bir çaga geldi. Işan gobsundy. Gapdalynda oturan ogluna ýüzlendi:

— Hakberdi, al oglum, ine, şu süreden başla-da yzyny okaber — diýip, ullakan “Gurhany” onuň öňünde goýdy. Özi bolsa Iner golagyň çakylygyna gitdi.

Ýygnanan ýaşulularyň öňünde Iner golak öz eşiden zatlaryny mälim etdi.

— Eýranyň bäş müň atlysy bu gün-erte, hawa, Kesearkaja tarap ugrajak. Şonuň iki müňi, hawa, Burjulynyň üstünden üç müňi bolsa, hawa, Arwazyň üstünden eňjek diýen habar alyndy. Beýleki obalaryň ýaşululary bilenem, Kesearkajyň ýaşululary bilenem maslahat bolar. Şol goşunyň öňünde durmak üçin, howwa, öz obamyzyň adamlarynyň näme etmelidigini aýdyp oturyň, howwa.

— Näme etmelidigini bolarmy?! Eli ýarag tutanyň atlanybermeli bolar-da — diýip, oturanlaryň biri aýtdy.

— Il näme edýän bolsa, bizem şony edibereris — diýip, ýene biri aýtdy. Şally baý ýüzüni aşak salyp gürledi.

— Il arasynda başga-da pikir ýok däl. Eýran bilen uruşman boýun egmeli diýen gürrüňem bar. Eýrana raýat bolmak hakynda. Şolam-a awçy, özi-hä bir hasap bar eken. Uruş bolsa gan döküler, ölen-ýiten bolar. Ynha-da goşun dagdan bärik geçer. Ibirde-zibir bolup gaýrak, guma göçmelisiň. Ondan-a Eýrana raýat bolup salgydymyzy töläp oturan kem däl bolaýmasyn. Şolam-a, oýlanyň welin, nähili bolýar?

— Nähili bolar? — diýip, Goňur ýerinden gobsunyp, özüniň agras, gyryljak sesi bilen gürledi. — Gassabyň öňünde kökene kökerilen geçiniň ýagdaýy nähili bolsa, şonuň ýaly bolar-da.

— Eýranyň aç gurt ýaly serbazlaryny doýurjak bolsaň, çagalaryň aç öler.

— Onsoňam serbazlara näbeletmi? Olar seniň aryňy-namysyňy depelemekdenem gaýtmazlar.

— Baý, eger seniň diýýäniň oňat bolsa, howwa, ony ata-babalaram tapardylar. Şolaram, howwa Eýrana raýat bolman, hemişe urşup gelipdirler. Eger, howwa, häzir seniň aýdanlaryňa gulak asyp, raýat bolaýsak il-günüň öňünde uly günä etdigimiz bolaýmasyn? Ata-babalaryň ýüzüne tüýkürdigimiz bolup durubermesin, howwa? Şol tarapynam oýlanmaly.

— Eýranyň öz adamlary hanlaryň, serbazlaryň gazabyndan dat edýärler — diýip, Ahal aýtdy. Şol pursat Barat pälwan, onuň tüsseli ýalna garyşyp ýanýan kiçijik dükany, Hally galtamanyň başyna düşen ýowuz hasratlar onuň göz öňüne geldi.

— Şonuň üçinem erk diýilýän zat adama ähli zatdan, adamyň gelip-gidip duran deminden zerurmykan öýdýän — diýip, ol öňki sözüniň üstüne goşup aýtdy.

— Eger beýleki obalar uruşjak däl diýse, näme etmeli bolar?

— Ol ýagdaýy ýeri gelende görübereris, howwa. Hazir biziň etmeli işimiz, howwa, güýjümizem, pikirimizem jemlemeli. Obaň ýigitlerine ýolbaşçy bellemeli, howwa.

— Ýigitlere ýüzbaşy edip Ahaly belläýsek kem bolmazmyka diýýän. Kakasam geçen uruşda bütin Kesearkaja serkerdelik eden adam. — diýip, Nurahmet serdar ýüregine düwen zadyny aýtdy.

Ozal şu mesele boýunça Iner golak bilen arada gürrüň bolupdy. Şonda ol Iner golaga duýdurypdy.

— Awçy, men indi garrapdyryn. Has beteri söweş daglarda, gumlarda gider. Oňa-da men ýarajak däl. Şonuň üçinem etrapyň ýigitlerine serkerdeligi şoňa tabşyraýsak diýýän.

— Ozal urşy görmedik, howwa, gögele bolaýmasa — diýip, Iner golak iňkise gitdi.

— Kakasy bütin Kesearkajyň serkerdesi bolanynda, ozal uruş görüp bolupmydy? Menem ondan daşda bolmaryn. Urşy ugrukdyryp durjak ýaşulularyň toparynyň arasynda bolaryn. Onsoňam ol uruş görmedik däl. Eýran bilen ownuk çaknyşyklarda häli-şindi bolup dur. Şol çaknyşyklaryň näçesinde öňbaşçy boldy. Hemmesinde diýen ýaly üstün çykdy. Uruş diýilýän zadam şolar ýaly zatdyr. Enesinden serkerde bolup dogan ýok.

— Ol diýeniňem-ä dogrudyr. Biz seniň teklibiň boýunça etrapyň serkerdeligine hödürläris, howwa. Eger başga adam bolmasa goldarlaram, howwa. Garahal gojanyň özem onuň kakasyna beletdi, howwa — diýip, Iner golak öz razylygyny beripdi.

Nurahmet serdaryň obanyň ýigitlerine ýüzbaşy edip Ahaly bellemek hakyndaky teklibini ýaşulularyň hemmesi goldady. Olar “Bolubilýär, bolubilýär” diýip, başlaryny atdylar. Aýatylla işan bolsa:

— Gaty gowy, batyr ýigit. Dili dogaly, musulman ýigit — diýip öwdi.

Beýleki obalaryň ýaşululary bilen boljak maslahata Iner golak, Nurahmet serdar, Ahal üçüsiniň gidýändigini Şally baý makullamady. Bu mesele-de ol:

— Oba ýigitleriniň ýüzbaşysy bolanynda-da, ýaşulularyň maslahatyna gatnaşardan ýaş — diýip, çürt-kesik aýtdy. Maslahata üç adamyň biri bolup, Şally baýyň özi gatnaşmakçydy. Onuň “Gatnaşmaryn” diýen pikirem ýokdy. Bu ýerde bolsa birden garaşylmadyk ýerden Ahaly orta sokdular oturyberdiler.

Şally baý Könegala obasynyň ýaşulusy, gudasy, dosty Atanura söz beripdi. Üçüň biri bolup maslahata gatnaşsa, Atanuruň Eýrana boýun egmek, raýat bolmak hakyndaky pikirini goldajakdy. Bu hakda Atanur bilen gürleşipdi. Ynha bu ýerde bolsa onuň ol arzuwy gap bilinden döwüldi. Ganaty gyrlan guş ýaly patlap ýere gaçdy. Şally baýy hiç kim goldamady. Ondan hiç zat soramadylar. Diňe Iner golak öz pikirini orta atdy. Beýlekiler bolsa “Bolýar, bolýar” diýip makulladylar. Gürrüň şonuň bilen gutardy.

— Ahal hakda Nurahmet serdaryň öz pikiri bar. Urşa Nurahmet serdar serkerdelik etmeli bormuka diýýärin. Olam, howwa, garrapdyryn diýip bahana edýär. Howwa, “Meniň deregime Ahaly belläň” diýýär. Şonuň üçinem, howwa, Ahal gidip ýaşululara görünse ýagşy.

Şally baý özüniň şol maslahatdan galanyna näçe gynansa-da, köpüň emrine boýun bolmaly boldy.

Etrapyň ýaşulularynyň maslahaty Goşatal obasynda geçirildi. Ondan-mundan ýygnanan wekiller obanyň ýaşulusy Garahal gojanyň

öýüne üýşdüler. Bu ýerde Durun etrapyndan gelen wekilem bardy. Ahal ony göreninden tanady. Ol Kesearkajyň meşhur pälwany Garadolan pälwandy. Nişapurda bolan toýda Barat pälwan bilen göreşen adam. Bu kän bir üýtgemändir. Şol bir durkuny saklapdyr. “Eger şu mahal göreşäýse, Barat pälwany serpmeden gaýtarsa gerek” diýip, Ahal öz ýanyndan pikir etdi. Ýöne onuňam bu eýýamlarda pälwançylygy taşlandygyny, göreşe çykmaýandygyny Ahal eşidipdi. Şonda-da Garadolan pälwan toýa barsa, oňa ýörite baýrak berýärdiler. Baýragy hiç bir göreşsiz, jarçynyň özi orta çykardy-da:

— Kesearkajyň uly pälwany Garadolanam şu toýa gatnaşýanlygy üçin oňa pylan hili baýrak berilýär— diýip gygyrardy. Özem entek göreş başlanmanka, onuň baýragyny bererdiler. Bu bolsa Kesearkajyň pälwana goýýan uly hormatydy.

— Adamlar, geljek gelen bolsa, maslahatyňyzy başlaberiň — diýip, Garahal goja döşüne düşüp duran ýaýbaň ak sakgalyny sypap aýtdy. Soňra Garadolan pälwana tarap ýüzüni öwürdi-de:

— Ynha Durun etrapynyň wekili Orazmäti serdaram siziň maslahatyňyza gatnaşmaga gelipdir — diýip, sözüniň üstüne goşdy.

Garadolan pälwanyň hakyky adynyň Orazmätidigini bu ýere ýygnananlaryň köpüsi ilkinji gezek eşidýärdi. Ahal hem ony ilkinji gezek eşidýärdi. Ol öz ýanyndan “Garadolan ady has gowy gelişýär. Orazmäti diýen at birhili eşige üýtgeşik matadan salnan ýama ýaly. Diňe gelişmegem däl, göze ilginç görünýär” diýip pikir etdi. Onuň Garadolan adyna adamlaryň halys gulagy öwrenişipdir. Başga adyň

onçakly gelişmeýänligi şonuň üçin. “Orazmäti serdar, Orazmäti serdar “diýip köpräk aýdyberseň oňa-da gulagyň öwrenişer gider. Garadolan adyna endik edişiň ýaly Orazmäti adyna-da, pälwan lakamyna endik edişiň ýaly, serdar lakamyna-da endik eder gidersiň.

— Onda näme, ilki Orazmäti serdaryň aýtjak sözüni diňläliň. Durun etrapynyň ýaşululary näme sargapdyrlar — diýip, ýene Garahal goja seslendi. Garadolan pälwan ýuwaşja ardyndy. Egnindäki garma donuň ýakalaryny çekişdirip, kellesini ýuwaşja silkeläp gürledi:

— Arwazyň agzyndan üç müň atly injekmiş diýen habar bar. Biz şo gelýän atlylaryň garşysyna şonçarak atlyny çykaryp biljek. Ol etrapyň ýaşululary Tagarowyň, Tüňňüliň jülgelerinde saklamagy makul bilýär. Biz olary goýbermän, şo ýerden yzyna öwrüler ýaly edip bileris. Ýöne ol diňe bize däl-de, size-de bagly. Burjulynyň üstünden inýän iki müň atlynyň garşysyna siz onça güýji çykaryp bilmersiňizmi?

— Ony-ha çykaryp bilmeris — diýip, ýaşulularyň biri aýtdy.

— Biz onuň ýarynam çykaryp bilmeris. Ýedi-sekiz ýüz atly çykaraýsak boldugymyzdyr — diýip, Atanur orta goşuldy.

— Görýäňizmi? — diýip, Garadolan pälwan sözüni dowam etdi. — Burjulynyň üstünden gelen duşman dagdan geçse, olar biziň ýeňsämizden urar. Şonuň üçinem ýaşulular guma çekilmeli bolsa duýşuklyrak bolmagy sargadylar.

— Bu ýerleriniň adamlarynyň başga-da pikiri bar — diýip, Atanur ýene ara goşuldy. — Beýdip, ganjaryşyp, yzan-çuwan bolup, göçüp ýörenden Eýrana raýat bolnaýsa niçik bolarka?

— Şu gürrüň ol ýerde-de boldy. Ony köpçülik unamady. Eýrana raýat bolup, öz erkimizi Ryzaguly hanyň eline berenden, oňa namysymyzy depeledenimizden uruşda maňlaýymyzdan gylyç degip ýykylan oňat diýen karara geldiler.

Eýrana raýat bolmak baradaky gürrüňi ilki tapanlaryň biri Atanurdy. Eýranyň Kesearkaja tarap goşun ýollajagynam, uruş başlajagynam ol hemmelerden öňürti bilýärdi. Ol Eýrandaky dosty Ahmedalynyň üsti bilen Ryzaguly hanyň taýýarlyklary hakynda eşidipdi. Şonuň üçinem öz ogly Nuradyly Garamergeniň ýanyna goşup, Maşada ýörite iberipdi. Olara:

— Ahmedaly dostuma aýdyň. Ol biziň salamymyzy şalaryň şasynyň nazary siňen uly hana ýetirsin. Biziň baş egip, raýat bolmak isleýänimizi oňa mälim etsin — diýip çintgäp tabşyrypdy.

Maşatda Ryzaguly hanyň uly emeldarlarynyň biri Garamergeniň bir özüni kabul edip, onuň bilen ep-esli gürrüňdeş bolupdyr. Gürrüňiň ahyrynda:

— Kesearkajyň atly-abraýly adamlaryna şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanyň salamyny ýetiriň. Olara mälim ediň, eger raýat bolup, boýun sunsalar, Kesearkajy daşky duşmanlardan Eýran goşunlary gorajakdyr. Şol ýurtda asudalygy, içki tertip-düzgüni berkarar etjekdir — diýip, Garamergene aýdypdyr.

— Kesearkaja kimiň han bellenjegini aýtmadymy? — diýip, Atanur sorag berdi.

— Aýtdy — diýip, Garamergen seslendi. — Kesearkaja Ryzaguly Hyrady beg diýen adamyny han edip goýmakçymyş.

— Hyrady beg, Hyrady beg — diýip, Atanur pyşyrdap gaýtalady. — Ol kim? Durun etraplarynyň adamymyka?

— Bilmedim. Ony jikme-jik aýdyp durmadylar.

— Sen ony Ahmedalydan sorasaň bolmadymy. Ony bilýändir ahyry.

— Ol bilenok, ol gaýtam menden sorady — diýip Garamergen jogap berdi.

— Siz uruşsaňyz urşuberiň. Biziň obamyz urşuň tarapdary däl. Biz urşa gatnaşmarys — diýip, Atanur algysy köýen ýaly torsarylyp aýtdy. Garahal goja:

— Atanur, sen atyňy ýeke çapýaň-ow — diýip, Atanura özüniň paýhasly gözlerini aýlady.

—Ýeke çapsamam, iki çapsamam, ol meniň öz atym. Islesem çaparyn, islemesem gorgunyna goýbererin. Islesem ula goýbererin, islemesem ýaryşdan çykaryn. Kimiň name işi?

— Kesearkaçda ýaşajak bolsaň ony etmersiň. Kesearkaç bir göwredir. Göwre nirä gitse, on iki synaň şol tarapa gider — diýip, Gorsaw obasynyň ýaşulusy gyzmalyk edip aýtdy. Atanur oňa tarap öwrülende, onuň bilen dikleşerli, onuň bilen çarpaýa galyşarly göründi.

— Ýeri, ýeri. Onuň diýýäniniň jany ýok däl. Gyzmalyk edip

gaňňaňy garnyňa alybermesene — diýip, Garahal goja Atanuruň alkymyndan aldy. Ol Gorsaw obasynyň ýaşulusyna berk jogap gaýtarjakdy. Arman, Garahal goja onuň syýyndan çekdi. Badyny saklady. Jogabyň berläýmeli wagty, pursaty geçdi. Indi Atanur oňa näçe ýiti jogap berse-de boljak däldi. Şonuň üçin hyrçyny dişläp oturmaly boldy.

Gorsaw obasynyň ýaşulusy bilen, asla şol obanyň adamlary bilen Atanuruň ozaldan gelýän hasaby bardy. Gorsaw obasy bilen Könegala goňşy obalardy. Özlerem ata-baba oňşup, gyz alşyp, gyz berişýän, gatnaşyk edip duran obady. Iki obanyň arasynda uzak ýyllaryň dowamynda baryndaşlyk gatnaşygy berkäpdi. Obalaryň birinde toý bolsa-da, ýas bolsa-da beýleki obanyň adamlary şo ýerdedi. Dagy gidere ýeri ýokdy. Birek-birege gyz çykaryp, gelin edinip, obalaryň özi halys birek-birege öwrülipdiler. Ýöne üç ýyl bäri Könegala obasynyň ýaşulusy Atanurdy. Arasyndan gyl geçmeýän iki obanyň arasy Atanur ýaşuly bolaly bäri bozulypdy. Olaryň arasyna çöp atylypdy, tow düşüpdi. Iki oba owunjak zatda-da bir-birine yrsarap ugrady.

Gorsaw obasy uly däldi. Kiçijikdi. Könegalanyň üçden biriçe bolaýsa boldugydy. Ýöne welin “kiçijik oba arsak bor” diýen ýaly, ol gaýduwsyzdy. Ganjaryşmalam bolsa gaýra durarly däldi.

Ýandakly obasynda toý bolanda, Gorsaw obasynyň pälwany bilen Könegala obasynyň pälwany göreş tutdy. Göreşde Gorsaw obasynyň pälwany ýykdy. Göreşe gözegçilik edýän ýaşulular şeýle hasap etdiler. Baýragy Gorsaw obasynyň pälwanyna berdiler. Şol göreşe

gözegçilik edýänleriň birem Atanurdy. Ol baýragyň gorsawly pälwana berilmegine garşy boldy.

— Ýok, göreş çar düşdi Göreşi täzeden tutmaly. Ikisiniňem ýany ýere degdi — diýip, göreşi alyp barýan kazylaryň kararyna garşy çykdy. Ýöne Atanuruň diýenini etmediler. Göreşe gözegçilik edip, baha kesýän bäş adamdy. Şolardan dört adamynyň diýenini etdiler. Baýragy gorsawly pälwana berdiler. Bu bolsa Atanura edil aýagyna ot ýapyşan ýaly täsir etdi. Iner golagyň, beýlekileriň ýalbaranyna “Toýy bozmaň, geregiňiz baýrak bolsun” diýip, towakga edenine garaman toýda jar çekildi.

— Haý, Könegaladan bolsaň toýdan çyk haw!! Bu toý biziň toýumyz däldir, haw!!

Könegala obasynyň adamlary çete saýlanyp ugradylar.

— Pylana-da aýdyň, pylanam çyksyn. Ogullary, nebereleri bilen çyksyn.

Şu gykylyklar bilen Könegaladan gelen adamlaryň ýaryndan gowragy toýy taşlap gitdi. Könegala obasy iki tireden ybaratdy. Şol iki tire ýene ikä bölündi. Atanuruň tiresi toýy terk edip, çykyp gitdi. Beýleki biri galdy. Şondan bäri diňe Gorsaw obasy bilen däl-de, Könegala öz içinde-de bir-birine seňrigini ýygryp, hyňranyşyp ýördi. Şol iki tiräniň arasynda çaknyşyk gidýän wagtlaram bolman duranokdy.

— Biziň obamyzyň adamlary şu urşa gatnaşmazlar — diýip, Atanur çürt-kesik aýtdy. Ýöne Atanur bilen gelen ýaşulularyň beýlekisi:

— Atanur gyzmalyk edäýýär. Urşa beýlekiler gatnaşýan bolsalar, senem gatnaşmaly bolarsyň. “Gämiçiniň jany bir” diýen nakyl bardyr. Kesearkaç bir gämidir. Biz hemmämiz şol gäminiň ýolagçylary bolmalydyrys. Gämi batyp barýan wagtynda onuň üstünde eliňi gowşuryp oturyp bolasy ýok — diýip, Atanuruň gyzmalygyny köşeşdirjek, ony ýuwmarlajak boldy. Ine, şol ýaşuly Könegaladaky ikinji tiräniň, beýlekä görä kiçiräk diýilýän tiräniň ýaşulusydy. Könegalada pyçaga ýapyşylman ýaşalýan bolsa, o-da şu ýaşulynyň hyzmatydy.

— Atanur! — diýip, Garadolan pälwan söz aldy. — Siziň şu gürrüňiňizi biziň etrapymyzda-da eden adamlar boldy. Özlerem ady belli baý adamlar. Olar eýýäm Ryzaguly hanyň adamlary bilenem gürleşipdirler. Ryzaguly han olara eýýäm kimi han bellejeginem aýdypdyr.

— Ýeri, onsoň kimmişin, ol han boljak adam — diýip, Atanur birneme köşeşip, ýuwaş basyk ses bilen sorady.

— Ol adamynyň adyna Hyrady beg diýdiler. Seň ony tanaýan bolmagyňam mümkin.

— Ýok, bu ýerde ony tanaýan ýok, howwa. Bolsa ol siziň taraplaryňyzdan bolmaly — diýip, häliden bäri Atanuruň bulagaýlygyna gahary gelip, dilini dişläp oturan Iner golak dillendi. Ol Atanuruň önünde dişini gysyp oturmazdy: “Sen aşa duşen gök siňek ýaly bolup, pikiriň-niýetiň iliň ýüregini bulamak, iliň arasyna tow atmak”, diýip, onuň ýüzüni alsa-da alardy. Iner golagy beýle kesgitli sözden saklan zat bu ýerde iki adamyň barlygydy. Olaryň

biri şu oturan myhman Orazmäti serdar diýilýän, ady Eýrana-Turana ýaýran Garadolan pälwandy. Beýlekisem, ine, şu gujagyna ýassyk alyp, gözlerini süzgekledip oturan Garahal gojady.

— Biziň etraplarymyzda beýle adam ýok. Aý, näme, Eýranyň özünde gaçyp-tozup ýören türkmen gytmy? Şolaryň biridir-dä — diýip, Garadolan pälwan aýtdy.

— Hyratda-da türkmenler känmiş diýýärler. Kim bilýär, belki şolardandyr.

Hyrady beg diýleninde Ahalyň ýadyna düşen zat Haly beg, Hally galtaman boldy. Ýöne welin Hally galtaman öz başyndan geçen wakalary dogry aýdan bolsa, onuň getirilip Kesearkaja han edilmejegi düşnükli zat. Eýranyň hanlary bilen onuň mäşi bişişmejegi aýdyň. Ýöne Hally galtaman öz başymdan geçdi diýip aýdan zatlaryny toslan bolsa?!

— Hyrat öz başyna aýry döwlet, howwa — diýip, Iner golak Ahalyň edip oturan pikirleriniň arasyna düşdi. — Başga döwletden getirip, Eýran bize han goýmaz, howwa. Il arasynda “Tilkini öz ýurdunyň tazysy bilen awlarlar” diýen, howwa, nakyl bar. Şonuň üçin siziň Hyrady beg diýýäniňiz, howwa, ýat ýeriň adamydyr öýdemok.

— Aý, ol zatlar ynha ýüp syrylap toýnukdan geçer onsoň barysy aýan bolar — diýip, Garahal goja aýtdy. — Iň gowusy, hany Orazmäti serdar sözüni dowam etsin.

— Dowam etsem — diýip, Garadolan pälwan gürrüňi iň soňky goýan ýerinden alyp ugrady. — “Siz urşasyňyz gelse, hanha, ýagy, hanha-da siz” diýen adamlar ol ýerde-de tapyldy.

— Hawa, onsoň, näme jogap berdiler — diýip, oturanlaryň biri bilesigelijilik bilen sorady. Garadolan pälwan sorag berene ýüzüni öwürmän, şol oturyşyna sözüni dowam etdirdi.

— Näme diýsinler. Ýaşulular oňa düşündirdiler. Bu ýerde galanlaryň dönük boljakdygyny, olara rehim edilmejekdigini aýtdylar.

— Rehim edip-etmän, oňa etjegiň näme? Uruşmasa uruşmaz oturarda, öz gününe goýmajakmy? — diýip, Atanur ýene-de dillendi.

— Näme ediljegi belli zat, howwa — diýip, Iner golak ara düşdi. — Möjegiň çörňeşen köpegi, howwa, möjegiň özünden howply bolýandyr, howwa.

— Golak, senem, howwa, howwa diýip, hüýpüpik ýaly adamlaryň ýüregine düşdüň — diýip, Atanur azmly igendi. Onuň sesine Ahaldan başga pitiwa eden bolmady. Ahalyň welin özüniň şeýle eziz görýän adamsyna rüstem, agramly söz aýdylmagyna gahary gelip, çydam käsesi pürepür boldy “Hany, sen, gara ataýry, diliňi ýyg” diýip gygyrasy, dyňzap duran gaharyny pürkesi geldi. Ýöne-möne zatlara gahar etmeýän Ahal özüniň pürepür dolan çydam käsesini dökmän zordan saklandy. Gylyjynyň baljagyny gysymlap, dişini şatyrdadyp gysdy. Onuň çydam käsesiniň dökülmän saklanmagynyň esasy sebäbi ýaşulularyň öňünde däre ot düşen ýaly gürpüldäp ýarylmakdan ejap edenligidi. Oňat tarapy edil şu pursatda onuň

başyndan geçen wakalardan, kalbynda gopan harasatdan, dyňzap duran içki duýgusyndan hiç kimin habarynyň ýoklugydy.

Ýaşulularyň mejlisi öz akymy bilen dowam etdi. Burjulyda, Haýtgysyda duşmanyň öňünden çykmagy, ony şol ýerlerde garşylamagy karar etdiler. Iki müň atlynyň garşysyna sekiz ýüz atly. Duşmanyň güýji iki ýarym esse artyk. Onuň öňünde durup bolarmy? Ine, şu soragy Nurahmet serdara berdiler.

— Ahal, sen nähili pikir edýärsiň? — diýip, olam öz gezeginde Ahala ýüzlendi.

— Dagyň içindekä olar bilen uruşmagam bolar, şowuna düşse ýeňmegem bolar — diýip, Ahal gürledi.

— Sekiz ýüz atly bilen iki müň atlynymy? — diýip, Atanur sokjaryldy.

— Hawa, ýöne daglaryň arasynda söweşýän wagtymyzda diýip aýtdym ahyry. Eger etege çyksalar, biz guma çekilmeli bolarys.

— Eger dagyň içinde garşy durup bolýan bolsa, näme üçin açyk meýdanda garşy durup bolmaz.

— Bolmaz, sebäbi açyk meýdanda köp goşun derrew daşyňy gabaýar.

— Açyk meýdanda gabap bilen gumda-da gabap biler.

— Gabap biler. Ýöne gumda gaça uruş etmeli bolar, Onsoňam biz guma belet. Gumuň bir suw diýen ýaragam bardyr. Guma çykylandan soň iki etrapyň goşuny birikmeli bolar. Ine, şonda bäş müň adamyny, bäş müň aty suw bilen üpjün etjek bolsaň, ol aňsat iş

däldir. Guýular biziň elimizde bolar. Yza çekilen ýerimizde olary gömeris.

— Iki etrapyň goşuny birikse, dört müňe ýakalap barýan atly boljak. Birki guýy onsoň ekläp bilermi?

— Ýok, biz beýleki guýulardanam suw almaly bolarys. Onuň üçin düýeleriň kerwenlerini gurmaly bolar.

— Bü, maru-şahu-jahanly garyndaşlara ýüz tutarysmy? — diýip, ýaşulularyň biri dillendi.

— Kömek berseler-ä kem bolmazdy. Diňe bir ýagynyň köplüginde-de däl, birneme azyk gerek bolar. Adam kömegini bermese-de goý, azyk kömegini bersin.

— Ýüz tutmaly bolsa, gaýra goýman, adam ibermek gerek. Kimi ibermeli bolsa aýdyp oturyň — diýip, Garahal goja oturanlara ýüzlendi.

— Maru-Şahu-jahana ýüz tutuljak bolsa, Durun etrapyndan wekil bolup gitmegi ýaşulular maňa tabşyrdylar — diýip, Garadolan pälwan aýtdy.

— Biz Orazmäti serdaryň ýanyna kimi goşarys? — diýip, ýene Garahal goja aýtdy.

Bu meselede uzak çekeleşip oturmadylar. Üç-dört sany adamynyň adyny tutdular. Şolaryň biri Ýandakly obasyndan Garrybaý çopandy. Sagylýan mallar süýtden çykansoň, olar ýoz mallar bilen goşulypdylar. Şonuň üçin Garrybaý çopan taýagyny taşlap, obada bolýardy. Ýaşulular:

— Aý, şü Garrybaý bolýar, gaty oňat. Baran ýerinde gürleşip biljek, sözüni düşündirip biljek adam — diýip, biragyzdan makulladylar.

Goşunyň ýanynda bolmaly ýaşulular toparyna ýolbaşçylyk etmek Iner golaga tabşyryldy.

— Öňki uruşda-da serkerdäniň attutary bolup söweşen adam. Urşuň ýagdaýyny şondan gowy biläýjek ýok — diýip, Garahal goja-da, beýlekilerem makulladylar.

Geçen uruşda şol topara Garahal gojanyň özi ýolbaşçylyk edipdi. Indi ol garrapdyr. Goşun nirä gitse, bile at üstünde ýol söküp, süýrenip ýörmäge onuň ýagdaýy ýokdy. Iner golagyň:

— Gara aga, şu meseläni öz üstüňize alsaňyz oňat bolardy — diýen sözüne-de şo jogap berildi. Ýaşulular topary bäş adamdy. Şol bäşiň birem Atanurdy.

Etrapyň ýigitlerine serkerdelik etmek barada gürrüň çykanda, Nurahmet serdar:

— Özüm bolsam, şoňa Ahal bellenäýse kem görmezdim. Batyr ýigit, hemem düşünjeli — diýdi. Ozal şu ýaş ýigidiň ýaşulularyň maslahatyna gatnaşýanlygyny geň görüp oturan Garadolan pälwan:

— Şol meşhur atyň, Eýrana berlen Dorbedewiň seýsi-hä däldir? — diýip, gapdalyndakynyň gulagyna pyşyrdady.

— Edil özüdir — diýip, olam baş atdy.

— Hmm... Kakasy-ha gowy adamdy, serkerdeligem şonuň ýalydy — diýip, Garahal Goja ýuwaşja aýtdy.

— Ýöne welin “Ineriň döli bolmaz” diýen nakylam bardyr — diýip, Atanur seslendi.

— Aý, näme, nakyl aýdyljak bolsa, howwa “Ýolbarsdan ýolbars dogaram” diýipdirler.

— Adam ýolbars däl.

— Adam inerem däl.

Garadolan pälwan Abaly serdary tanaýardy. Geçen uruşda Abaly serdaryň ýigitleri söweşipdi. Ol mahal Garadolan ady baram bolsa, kän tutmazdylar. Köplenç Orazmäti diýerdiler. Ol mahal pälwan lakamy düýpden ýokdy. Şol mahalam göreşe çykaýmasy ýok däldi. Ýöne ady ýaýran pälwan däldi. Ol toýlarda öz deň-duşlary bilen göwni küýsän çagy tutluşýan, on sekiz ýaşyny ýaňy arka atan ýigitdi. Häzirem ol Ahaly diňläp oturyşyna:

— Bu ýigidiň gep-söz urşy-ha serkerdeligi oňarmazça däl. Meniň-ä göwnüm ýetdi — diýip, öz pikirini mälim etdi.

— Şo bolýar. Gowy ýigit, akylly-paýhasly ýigit, Adamkärçiliklem — diýip, Garahal goja aýtdy. Şol ýaşulularyň gelen karary boldy. Gün ýaşmazynyň öň ýanynda ýaşulularyň maslahaty tamamlandy. Adamlar Garahal gojanyň naharyny iýip dagadylar. Ertir irden her obanyň ýigitleri öz ýüzbaşylary bilen Burjulynyň jülgesine ýygnanmaly edildi.

## DAGLARYŇ ARASYNDA

Boz arwana meňzedilen guba daňlagyň asudalygyny bu gezek atlaryň toýnak sesleri bozdy. Ýandakly obasynyň öňündäki tä Ýalaňaç baýra çenli uzap ýatan meýdanda obanyň urşa gitjek ýigitleri atlaryny darydýardylar. Olaryň gupürdisi halyçy gyzlaryň sazlaşykly kakýan daraklaryny ýadyňa salýardy.

Kimdir biri atyna gamçy çalýar. Onuň gapdalyndan başga biri atyny goşýar. Olar edil deň atylan peýkam ýaly ýanaşyk çapýarlar. Soňra atyň başy hersi bir tarapa sowup, biri saga, beýlekisi çepe sowup öwrüm edýärler. Geçen ýazdan bäri damja garasyny görmedik toprakdan güpürdeýän toýnaklaryň astynda emele gelýän çal tozan howada ýukajyk çal gaýmak döredýärdi. Ol ýukajyk öýme ýaly birsalym galkyjaklap, kem-kemden ýitip gidýärdi. Säheriň şemaly şeýle ujypsyzdy, öwüsýäni gaty bir duýdurmaýardy.

Oba ýaşulularynyň gelýänini görüp, atlaryň darydylmagy bes edildi. Atlylar, hümer bolup toplandylar. Toparyň öňüne çykan Ahal ýuwaşlyk bilen atdan agdy. Şonuň yzy bilen ýigitleriň hemmesi edil komanda berlen ýaly atdan düşdüler. Atyň jylawyny edil alkymyndan tutup durdular. Ahal öz atyny idip ýanyna gelen Ilamana atyň başyny tutduryp, gylyjyny sogurdy. “Şagyrt” edip gylyç gynyndan çykdy. Ahal ýaşululara tarap ýuwaş ýöräp ugrady. Olaryň alkymyna gelip, çep dyzynyň üstüne çäkdi. Ýigitleriň hemmesi bir dyzynyň üstüne çökdüler. Ahal gylyjynyň ujuny ýere diräp ýognas ses bilen gürläp başlady.

— Biziň topragymyza kast bilen gelen ýagyny dep etmek üçin janymy-da, ganymy-da gaýgyrman. Halkyň ýagysy meniň ýagym.

Duşmanyň öňünde sähelçe-de ýaýaplamazlyga, ondan iňňäniň ujy ýaly heder etmezlige, gaýra durmazlyga, olar watanymyzdan ýok bolup gidýänçä, mert durup söweşmäge, siziň öňüňizde, halkyň öňünde kasam edýärin, kasam edýärin, kasam edýärin. Eger şu kasamymdan dänsem, namartlyk etsem, goý, halkymyň beren duzy, saçagyň çöregi, enäniň ak süýdi gözümi tutsun. Goý, il-gün maňa iň agyr jeza bersin.

Iner golak başlyklaýyn ýaşulular “Omyn!” diýip, ellerini ýüzlerine syldylar. Olaryň maňlaýy syryp gaýdan gödeňsi elleri ak sakgallarynyň ujuny sermedi. Ýigitler ýerinden turdy. “Şagyrt” edip gyndan çykan gylyçlar çykyşy ýaly ýene gyna girdi. Düýe ýüňünden rejeläp dokalan saçagyň üstüne tamdyrdan çykan mele çöregiň ikisini goýup getirdiler. Atagulynyň kakasy Goňur aga ony iki eli bilen göterip, Ahala uzatdy. Ahalam ony iki eliniň üstünde tutup, ýene öňküsi ýaly dyza çökdi. Çöregi maňlaýyna üç gezek degirdi. Ýaşulular ýene “Omyn!” diýip ellerini ýüzlerine syldylar.

Anty-kasamyň däp-dessurlary gutarandan soň Aýatylla işan öňe çykdy. Ol iki elini ýokaryk göterip doga okady. Muhammet pygamber bir wagt şol süräni okap, Hezreti Ala ak pata berenmiş. Ol süräni nazm bilen, uly ahunlara mahsus bolan owaz bilen okady. Hemmeler Aýatylla işanyň edişi ýaly, elleriniň aýasyny ýokaryk tutup, doganyň okalyp gutarylmagyna garaşdylar. Işan aga süräni okap gutarandan soňam wagty bilen omyn diýmedi. Ol:

— Ýaýyňyz atgyr, gylyjyňyz kesgir bolsun, işiňiz şowly, murtuňyz towly, demiňiz rüstem bolsun, dostlaryňyz şat, duşmanlaryňyz mat bolsun — diýip, bir giden zatlary okady.

Aýatylla işanyň beren ak patasyndan soň ýigitler ene-atalary, dost-ýarlary bilen hoşlaşdylar. Kim oglunyň atynyň jylawyndan tutup, kim oglunyň kellesini gursagyna goýup, kim onuň egnine iki elini goýup sargyt edýärdi. Oňa mert bolmagy, watany goramagy, duşmany ýok etmegi ýowuň öňünde aljyramazlygy, ýolbars ýaly gaýduwsyz bolmagy, durna ýaly hüşgär bolmagy, tilki ýaly hilegär bolmagy sargaýardylar.

Urşa gidýän ýigitler bilen bu ýerde hoşlaşmaga gelenler diňe erkek adamlardy.

— Aýallar öýde hoşlaşsynlar. Meýdanda yzan-çuwan bolup ýörmesinler — diýip, Iner golak berk tabşyrypdy. Şonuň üçin Ahalam, ekizlerem ugradýan Iner golagyň özüdi. Ol Ahala öz kakasyna mynasyp serkerde bolmagy, il-günüň ynamyny ödemegi, etrapyň ýigitlerini öz yzy bilen ýeňşe alyp barmagyny sargasa, ekizlere Ahalyň her bir diýenini jikme-jik berjaý etmegi, ony goldamagy, hemişe oňa öňki ýaly “Ahal kaka” diýmän “Meniň serdarym” diýip, ýüzlenmegi sargady. Ol aýratynam ekizleriň kiçisi Ilamana:

— Ahalyň ýanynda bol. Ýeke ädimem aýrylmagyn. Sen ony goramalysyň. Uly ili goraýan serkerdeler özlerini gorap bilýän däldirler. Ony öz janyňdan öňürti goramalydyr. Şony berk ýadyňda saklagyn — diýip, öwran-öwran sargady.

Il-güni, hossarlary bilen hoşlaşan, olaryň sargytlaryny eşiden atlylar Ýalaňaç baýra tarap gitdiler. Şol baýyrdan geçip, olar äpet mawy tuty ýaly bolup keserip ýatan Burjuly gaýa gidýän ýola düşýärler. Häzir olaryň gapdalyndan ogullary, jigit ýaşyna ýetmedik jigileri barýardylar. Ahalyň atynyň üstünde Salyr otyrdy. Ahal eýeriň gaşyndan bir eli bilen tutup, gapdalynda ýöräp barýardy. Şol barşyna:

— Eneňi, ejeňi käýitmegin. Olaryň aýdanlaryna gulak asgyn. Sen olaryň daýanjysyň. Meniň ýoklugymy olara duýdurmaly dälsiň. Meniň deregimi tutmalysyň — diýip, ogluna sargady.

Ýalaňaç baýryň gerşinde atlylar ýene saklandy. Ahal Salyry atdan düşürip özi mündi. Ýigitleri ýola salýan çagalaram hoşlaşyp galdylar. Salyr hoşlaşanda, gözüni süpürenini duýman galdy. Ahal:

— Ynha bu welin erkek kişä ýaraşanok. Erkek adam mert bolmalydyr. Ikimiziň aglamaga hakymyz ýokdur. Seniň gözýaş edeniňi eneň bilse, ejeň bilse näder? — diýip, Ahal at üstünde aşak eglip oglunyň kellesine elini goýup silkeledi.

— Ýok, men aglamok, kaka! Gözüme der inäýdi — diýip, Salyr bahana etdi. Oglunyň tapan ýerlikli bahanasyna, şol sözleri sesini sandyratman aýdyp bilşine Ahal çalaja ýylgyrdy.

Ýandakly obasynyň ýigitleri Burjulynyň bir çetinden girende, onuň sag ganat gaýasyna ýigrimi töwerekleri adam, çep ganat gaýasyna-da şonça adam dyrmaşyp barýardy. Olaryň goltugynda düýrlenen köne-sana keçeler, argyş çuwalçalar, geçiniň çöpürinden işilen ýogynlygy bilek ýaly urganlar bardy. Ine, şol toparyň biriniň

öňüne düşüp barýan Esen söwdagärdi. Ol özüniň kersen ýaly gaba telpegini taşlap, çöwürme geýipdir. Ol bolsa Esen söwdagäri hasam kiçeldip görkezýärdi.

Daşyndan göräýmäge hemmeden kelte, ejiz görünse-de Esen söwdagär daga çykmaga çalasyndy. Kä ýerde emedekläp, kä ýerde harsaň daşlardan ýapyşyp, edil pişik ýaly dyrmaşýardy. Beýlekilerem onuň yzyndan galmajak bolup, elinde baryny edýärdiler. Haşlap sojaýardylar.

— Gaýrat ediň, oglanlar! Otüki, indi daş däl. Hol egne çyksak boldugydyr — diýip, ýuwaş sesi bilen gürleýärdi. Käte yzyna gaňrylyp, beýlekilere, öz ogullary ýaly ýigitlere goltgy berýärdi.

Bu ýigitler Burjulynyň gerşine ilkinji gezek çykanam bolsa, Esen söwdagär muňa ikinji gezek çykýardy. Ol geçen uruşda-da bu daga çykypdy. Ol wagt bu topara ýolbaşçylyk edýän başga adamdy. Esen söwdagär ol mahal şu ýigitleriň çykyşy ýaly, toparyň ýaşulusy näme diýse şony edýärdi. Dogry, ol gezek edil şu ýerden çykmandylar. Gürpbassynam Haýtgysynyň gerşinde gurupdylar. Ine, şonda kimdir biriniň gaty-gaty gürlänini toparyň ýolbaşçysy halamandy. Ol:

— Daga çykaňyzda ýuwaş gürläň. Herki zadam-a şeýledir welin, dag diýilýän zat hasam gaty gürlense halamaýar — diýipdi. Esen söwdagär şol sözleri ýigitler entek daga dyrmaşyp ugramankalar berk tabşyrypdy. Onuň özüniň hem hemişekileri ýaly jag-jag etmän, ýuwaş, asuda gürlemegi şonuň üçindi.

Öňki uruşda daga çykan ýigrimi töwerekleri adamdan galan bir Esen söwdagäriň özi diýen ýalydy. Hawa, öňki gezekkileriň

arasynda Iner golagam, Atagulynyň kakasy Goňur aga-da bardy. Ýöne olary häzir toparyň ýolbaşçysy edip iberip boljak däldi. Olaryň biri golakdy, beýlekisi daga çykmakdan bireýýäm galan garry adamdy. Bu zatlary gören, gürpbassynyň ugruny bilýän adam Esen söwdagärdi. Ine, şonuň üçinem Esen söwdagär toparyň ýolbaşçysydy.

Näçe ýadasalaram ellerini, barmaklaryny daşa gyýdyryp, daşa sypjyrtsalaram topar dagyň gerşine çykdy. Dag gerşiniň çigrek şemaly olaryň endamyny tikenekletdi. Ýukajyk çäkmenden sowuk şaplap geçdi. Dag gerşiniň şemalynyň sowuklygyndan daşgaram adamlar daga çykjak bolup kemsiz derläpdiler. Köýnekleri çygjarypdy, üstesine-de şemal kakyp, çygjaran köýnekler buz ýaly sowap, endamlaryna ýapyşypdy.

— Bu ilki çykanyňyzda şeýledir. Sowuk ýalydyr. Ynha, otüki, işläp hereket edip ugrarsyňyz welin, howanyň maýlap gidenini duýman galarsyňyz — diýip, Esen söwdagär aýtdy. Ol günbataryk elini salgap, sözüni dowam etdi. — Hol daglaryň aňyrsynda bir dag barmyş. Otüki, üstünde hemişe gar tozap ýatyrmyş. Tomsuň jokrama wagtlaram ol ýerde tüýküligiň doňýarmyş. Ony maňa, otüki, Iner awçy gürrüň berdi. Ine şo daga Taňrygargan diýýär ekenler. Taňrygargan diýseň Taňry garganmyş. Otüki, onuň üstüne keýikler-ä beýlede dursun, bürgütlerem çykmaýarmyş. Kürtler oňa Kuhbet diýermişler. Kuh diýdigi, otüki, dag diýdigimiş. Bet diýdigem erbet diýdigimiş. Awçy aýdýar, otüki, türkmenleriň arasynda bu daglara

Köpetdagy diýilmegem kürtleriň Kuhbet sözünden gelip çykanmyş.

Kuhbet sözüniň kürt sözi däl-de, pars sözüdiginden, kürtler bilen parslaram aýry-aýry halklardandygyndan Esen söwdagäriň habary ýokdy. Ol Eýran diýip, diňe kürtlere düşünýärdi.

Eýranda buluçlar, durlar diýen ýaly bir topar halk bar. Kürtlerem edil şolar ýaly az milletleriň biri. Nakyllarda “Kiçijik halk arsak bolar” diýlişi ýaly kürtlerem öz namysyny goraýan, söweşjeň, gaýduwsyz, türkmenlerde aýdylyşy ýaly gözsüz batyrlardan diýilýändi. Bu halk ar-namysa degişli kiçijik zady-da jähennem etmeýär. Olaryň şol batyrlygy, gaýduwsyzlygy zerarlam Eýranyň gadym şalarynyň biri kürtleri ýurduň demirgazyk tarapyna Kesearkaç bilen serhetdeş ýere göçürenmiş. “Türkmenlerem bir gyzylja gurt ýaly halk, kürtlerem olardan peslär ýaly däl. Goý, olar öz aralarynda uruşsyn, juldan çykyşsyn ýörsün” diýenmiş. Şondan bärem kürtler bilen Kesearkaç türkmenleriniň güni bir bolsa dawalary iki bolupdyr. Şonuň üçinem bu ýerleriň türkmenleri kürt diýseň Eýrany, Eýran diýseň kürti göz öňüne getirýär.

Burjulynyň gerşine çykan adamlar dynç aljak bolup gol gowşuryp oturmadylar. Oturaýyn diýeninde-de sowuk şemal olary oturtjak däldi. Şol töwerekde görünýän daşlary togalap, gaýanyň edil gyrasyna getirip goýdular. Öňüni urgan bilen, getiren köne keçeleri, çuwallary, çuwalçalary bilen bagladylar. Äpet daşlary bärsinden rejeläp goýup başladylar. Daşlary goparmasy kyn bolan ýerlerinde ýanlary bilen getiren kerkilerini işe girizdiler.

— Bu daşlar düýbe ýetmän ýolda saklanaýmasa — diýip, ýigitleriň biri Esen söwdagäre ýüzlendi.

— Otüki, seniň aýdýanyň näme? Saklanmag-a beýlede dursun, otüki bu daşlar öňünde duran bir topar beýleki daşlaram alyp gider. Niçikdir kürtleriň depesinden daşlar, otüki, doly ýaly ýagyp dursa. Ýöne häzir ahmal bolmaň. Birden bir daşy sypdyraýmaň. Sypaýdygy, otüki, dere ýöne ala-şakyrdy bolaýar — diýip, Esen söwdagär boýnuny süýndürip, aşaklygyna seretdi. Jülgäniň düýbünden geçýän ýolda bir adamam görnenokdy.

Etrapyň ýigitleri Burjulynyň jülgesinden, Haýtgysydanam geçip, Gümmezgaýanyň zawlaryny eýeläpdiler. Olar duşmany şu ýerde, Eýran bilen araçäk diýip hasap edilýän Gümmezgaýada garşylamagy ýüregine düwüpdiler.

Ýigitleriň serkerdesi Ahaldy. Ýöne Nurahmet serdaram garrylygyna, ýarawsyzlygyna garaman gelipdi. Ýarawsyz bolup, ol düşekli ýatan hassa däldi. Onuň esasy keseli garrylykdy. Garry adamam özüňize belli. “Ýanbaşym agyrýar, aýagym agyrýar” diýen ýaly owunjak agyrylardan halas bolmaýar. Şonda-da ýigitlerden galaýmaga ýuregi etmedi. Heý, bolman, ilkinji söweşde ýigitleriň ýanynda bolanyny gowy gördi. Ahala nirelerde gizlenip, amatly pursaty peýläp, nireden çozmalydygyny düşündirdi. Ýigitleriň ýerleşen ýerlerine Nurahmet serdaram Ahal bilen ýörite aýlandy. Ahalyň attutary Ilamanam olardan galmaýardy. Şol nirä gitse, olam yzyndady.

Nurahmet serdar ýaşulularyň toparynyň tabşyrygy boýunça ilkinji söweşe gözegçilik etmekçi, ozal beýle uruşlary görmedik Ahala kömek etmekçi, ony goldamakçy. Şol pikir bilenem ol goranyş araçäklerini ýeke-ýekeden gözden geçirdi. Ahalyň oýlap tapan usulyna göwni ýetdi. Ony makullady.

Ryzaguly hanyň öňdäki otrýady Esen söwdagäriň Burjulynyň gerşine çykan gününiň ertesi, gün guşluga galyp ugranda, Gümmezgaýanyň çetinden girdi. Ahal özüniň bäş-alty ýigidi bilen belent ýere çykyp durdy. Olaryň atlarynyň gymyldaman sanjylan ýaly bolup duruşlary, edil ýerden gögerip çykan syrdam derekler ýalydy.

Sap-sap bolup hatara duran goşunyň başyny çekip gelýän goşa atyň birini göreninden Ahalyň ýüregi jigläp gitdi, sowuk gan bütin endamyny zagyrdatdy, süňňüne ýaýrady. Ine, şol goşa atyň biri Dorbedewdi. Ony Ahalyň ýanynda duran Ilaman tanady: Ol:

— Dorbedew, Ahal kaka, ol Dorbedew-le — diýip sesleneninem duýman galdy. Birdenem öz sesinden özi utandy, ýüzi gyzardy. Onuň ýüzüniň gyzarmagynyň sebäbi bardy. Ol Dorbedewi göreni üçinem däldi. Ony utandyran zat Ahala “Ahal kaka” diýip ýüzlenmegidi. Ilaman gaýtmazyndan öň kakasy oňa ol hakda berk tabşyrypdy.

— Uruş döwründe sen oňa diňe “Serdarym” diýip ýüzlengin. Sözüň diňe “Hoş serdarym, lepbeý serdarym” bolsun — diýip, berk tabşyrypdy. Öňki endigi boýunça “Ahal kaka” diýenini duýman galýardy. Sebäbi Ilaman entek şol kada gowy uýgunlaşyp bilenokdy.

Ilamanyň içki dünýäsinden, öz-özünden utanyp, aljyrap durşundan habarsyz Ahal duşman leşgeriň öňüni çekip gelýän Dorbedewden gözüni aýyrman:

— Haramzadalar, çapylýan atlaram urşa münüp gelipdirler. Olar urşa däl-de toýa gitmeli atlar ahyry — diýip, dişlerini gysdy. — Türkmenleriň "Itiň boýnuna göwher daksaň, item aglar, göwherem" diýen nakylyň manysy ine şudur — diýip düşündi.

"Dorbedewi Dorbedew etmek üçin görlen görgüler, çekilen jebri-jepalary sanasaň sogaby bar. Türkmenler aty at edýänçä, eýesi it bolar" diýip ýöne ýere aýdanoklar ahyry. Dorbedew Ahalyň geçen ömrüniň bir bölegi. Eger şony onuň ömürbeýanyndan aýraýsaň, onuň ömri boşap galmasa-da, ep-esli gowzaýardy. Elbetde, halys boşap galaýmaz. Onuň ömrüni bitewi bir göwre hökmünde saklap duran ýene bir zat bardy. Olam ogly Salyrdy.

Birnäçe aý mundan ozal, aýdaly, şu ýylyň başlarynda "Dorbedewem duşman leşgeriniň başyny çekip, seniň üstüňe urşa geler" diýseler Ahal ömür-ömür ynanarmydy? Ykbal diýilýän, gör, nähili ýowuz zat bolýan ekeni. Gadymy rowaýatlaryň berýän gürrüňine ynansaň, beýik serkerde Rüstem öz ogly Suhrap bilen ýekeme-ýek söweşip, ony öldüripdir. Ykbal keç bolanda beterinden beteri bar. Türkmenler "Beterinden saklasyn" diýip, ýöne ýere aýdanoklar. Rüstem öz ogly bilen tanaman urşupdyr. Tanaman öldüripdir. Ahal bolsa Dorbedewi gaýgyrmaz. Gaýgyrmaz, sebäbi Ahal onuň üstündäkini ýok etmeli. Sebäbi ol Ahalyň duşmany, ähli türkmenleriň duşmany. Iner golagyň aýdyşy ýaly "Ýylana ýanaşsaň

ahmal bolma, çakar”. Sen duşmany ýok etmeseň, ol seni ýok eder. Ine, şu “Taýagyň ujy iki” diýilýänidir. Kim onuň özüne tarap uzan ujundan ilki tutup bilse, beýleki ujy garşydaşynyň maňlaýyňa deger.

Birdenem “Ýa Alla! Ýa Alla!” — diýen sözler gök gübürdäp, äpet gaýa gümmürdäp, dagdan inýän derýanyň ýoly açylan ýaly bolup ýaňlandy. Gumdepe obasynyň ýigitleri, ýüzbaşylary Mäteriň yzy bilen gizlenen zawlaryndan atylan ok ýaly bolup çykdylar-da, ýoluň üstüne topuldylar. Beýleki obalaryň ýigitlerem edil şolaryň edişi ýaly uly gykylyk bilen eňdiler. Duşmanyň edil maňlaýyndan Ýolamanyň ýüzlügi, Ýandakly obasynyň ýigitleri topuldylar. Atlylaryň zawdan şeýle çaltlyk bilen çykyp, duşmanyň üstüne eňşi gaplaňlaryň awa eňşi ýalydy. Gaplaňam gymyldaman, awuna seredip ýatandyr. Keýikmi ýa umgamy, gulanmy, aýrakmy, parhy ýok, atymyna geler welin, gaplaň şu ýigitleriň eňşi ýaly arlap eňer, edil towşan turan ýalydyr. Ýeke gezek “tapyrt” bolar. Ol eýýäm awunyň alkymyndadyr.

Kesearkajyň ýigitleri Ryzaguly hanyň san tutup gelýän nökerleri gylyjyny gyndan çykaryp-çykarmanka, eýýäm olaryň alkymyndady. Şeýle çaltlyk Eýran goşunlarynyň arasynda bir aljyraňňylyk döretdi. Ýöne olar özlerini basym dürsediler, gylyçlaryny syryp, söweşe girdiler. Kä galkana degýän, kä bir-birine degýän gylyçlaryň şakyrdaýan sesleri nökerleriň galmagalyna goşulyp, güwläp durdy. Belende çykyp, söweşe gözegçilik edýän Ahal:

— Bu näme boldugy? Nuradylyň ýýgitleri näme görnenok? — diýip, hiç kime ýuzlenmän, hiç kime gönükdirmän, söweş meýdanyndan gözüni aýyrman aýtdy. Ahalyň gapdalyndan söweşi

synlap duran Nurahmet serdar özünden bir ädim yzda duran atla tarap gözüni aýlap:

— Handan, ýet! Nuradyl nämä garaşýar? Haýal etmän, hüjüme geçsin — diýip buýruk berdi.

— Lepbeý, kaka — diýip, Ilamanyň ýanynda duran Handan atynyň başyny öwürdi. Ol Nurahmet serdaryň öz ogludy. Ahalyň birinji kömekçisi Çörli batyryň attutarydy, onuň aragatnaşykçysydy.

Handan baryp ýetenden soň Nuradylyň ýigitleri hüjüme geçdi. Ýöne welin olar urşa girip-girmänkäler ýene yza çekildiler. Nuradylyň yza çekilmeginden peýdalanyp serbazlar ýene-de ähli güýji Mäteriň ýigitleriniň üstüne atdylar. Dişini gysyp, ýumrugyny düwüp gaharlanan Ahalyň gözleri başga bir hadysany görüp geň galdy. Yza çekilýän Nuradylyň ýigitleriniň sag tarapyndan bir bölek atly gelip serbazlaryň garşysyna söweşe girdi. “Bu Nuradylyň tapan tilsimimikä!?” diýip Ahal oýlandy. Ýöne welin Könegala obasynyň ýigitleriniň yza çekilmegi heniz dowam edýärdi. Bu bolsa Mäteriň ýigitlerine-de, soňky gelip urşa giren atlylara-da gaty kynçylyk döredýärdi. San taýdan artyk bolan duşman ýigitleriň üstüne ähli labyryny atyp abanýardy. Beýle ýagdaý dowam etjek bolsa, Mäteriň ýigitleriniňem, soňky gelenleriňem daşyna aýlanyp, serbazlaryň gabaýmagy ahmaldy.

Ýigitleriň ýaralylaryny söweş meýdanyndan çykarýandyklaryny Ahalam, Nurahmet serdaram görüp durdy. Munuň özi Gumdepe obasyna edilýän göz-görtele hyýanatdy. Onuň düzedip bolmajak

hasratlara, onda-da agyr hasratlara getirmegi ähtimaldy. Onuň derrew öňüni almaly, soň giç bolar.

— Siz söweşe gözegçilik ediň. Ilaman, gitdik — diýip, Ahal atynyň başyny Nuradylyň ýigitleriniň yza çekilýän toparyna tarap öwürdi. Edil şo pursat:

— Ahal, dur men gideýin — diýip, onuň birinji kömekçisi Çörli batyr aýtdy. Çörli batyr gorsawly Torbaly yzçynyň obasyndandy. Gaýduwsyz ýigitleriň biri diýilýän adamdy. Onuň men gideýin diýen sözüne Ahal:

— Ýok özüm — diýip, atyna gamçy basdy. Ol Nuradylyň ýigitleriniň ýanyna dergazap bolup bardy.

— Bu näme, yza çekilýäňiz? — diýip, Nuradylyň üstüne gygyrdy. Jogabyna-da garaşman:

— Ýigitler, meniň yzym bilen, ýa Alla! — diýip, gylyjyny parladyp öňe okdurylyp gitdi. Ozal näme üçin yza çekilýändiklerinden bihabar ýigitler onuň yzyna düşdüler.

— Ýa Alla!

— Ýa Alla!

Gylyç gylyja, galkan galkana degip ýene-de şarkyldap ugrady. Könegala obasynyň ýigitleriniň täzeden hüjümi Mäteriň atlylaryny ekezlendirdi. Eýran goşunlarynyň saplaryny yza tesdirip başlady. Söweş mazaly gyzandan soňra, Ilaman pursat tapyp, Ahalyň atynyň jylawyndan ýapyşyp, ony yza burdy-da:

— Meniň serdarym! Siz indi öz ýeriňize baryp bilersiňiz — diýip, ony söweşden alyp çykdy.

Söweş ýene birsellem dowam edenden soňra birden ýatdy. Gaýnap duran gazanyň astyndaky ot tapba sönen ýaly boldy. Şol ody söndürenem öýlänçidi. Bir bölek bulut bir ýerlerden gelip, bedreden guýulýan ýaly bolup şabyrdap guýdy. Sähel salymyň içinde dünýäni suw-sil etdi. Onda-munda suwlar toplanyp akmaga başlady. Adamlar:

— Görýäňizmi? Allatagalanyň özem urşa garşy. Ýaňky şakyr-şukury derrew dep edäýdi — diýip gürrüň edýärdiler.

Uruş gutaran badyna Ahal ýene Nuradylyň ýigitleriniň arasyna bardy. Bu gezek onuň ýanyna diňe Ilaman ýa Handan däl, Nurahmet serdaryň özem, Çörli batyram bardy. Dergazap bolan Ahal:

— Nuradyl, näme üçin seniň ýigitleriň giç hüjüme geçdiler? Birdenem yza çekildi? — diýip azmly sorady.

— Biziň giç hüjüme geçmegimiz olam söweşiň bir usuly. Gapdalymyzdaky çozandan soňra, biz duýdansyzlyk diýen zady ýitirýäs. Sebäp, duşman biz tarapdan hüjüme garaşýar. Şol duýdansyzlygy täzeden gazanmak üçin hüjüme giç geçdik. Biz gizlenip ýatdyk. Duşman şu tarapda adam ýok diýip, hüşgärligi gidereninden soň bizem hüjüme geçdik. Seň özüň aýtdyň ahyry "Duýdansyzlyk biziň uly ýaragymyzdyr" diýip.

— Näme onda hiç zat ýok ýerinden birden yza çekildiňiz? — diýip, at üstünde oturan Ahal gamçysynyň sapy bilen eýeriň gaşyna kakdy. Onuň ýaňky jalanyň astynda kemsiz ezilen telpeginiň tüýlerinden henizem damja syrygýardy.

— Ýigitleriň biri bir galagopluk tapdy. Meniň buýrugyma gulak asman, yza çekilip ugradylar. Kimdir biri “Duşman biziň yzymyza aýlanýar” diýip howsala döretdi.

Nuradylyň beren jogabynyň ikisi hem bahanady. Onda-da ynanyp bolmajak, biderek, ýönekeýje bahanady. Günäsiniň üstünde tutulan çagalar şeýle biderek bahanany oýlap tapýarlar. Sebäbi olar günä etmezden öň ulanjak bahanalaryny oýlanmaýarlar. Şonuň üçin oňa çaga gürrüňi diýilýär. Nuradylyňam bahanasy çaga gürrüňi ýaly bir zat boldy.

— Men seni ýüzbaşylykdan aýyrýaryn. Özüňem Nurahmet serdar bilen şu gün oba gidersiň. Seniň meseläňe ýaşulular sereder. Şolar näme diýseler, şonuň bilen bolubererersiň.

— Meni ýüzbaşylykdan aýrar ýaly, ozal ýüzbaşy edip sen goýmadyň — diýip, Nuradyl nadaralyk edip gygyrdy.

— Bize Nuradylyň serdarlygy gerek.

— Nuradylyň göwnüne degen kim bolsa-da, temmisini bizden alar.

— Nuradyl gitse, bizem gideris. Şonuň ýok ýerinde bizem ýok — diýip, ýigitler uçgun degen däri ýaly gürpüldäp gaçdylar. Olaryň gykylygy dik asmana galdy.

— Ýigitler — diýip, Ahal üzeňňä galyp, sag elini ýokaryk göterdi. — Bu nämäniň gykylygy? Nuradyl namartlyk edip söweşden özem gaýra durdy, sizem saklady. Onuň bu namartlygynyň Gumdepe obasynyň ýigitlerine nähili agyr düşeninden siziň habaryňyz barmy? Olaryň arasynda wepat

bolanam, ýaraly galanlaram bar. Hany aýdyň, siziň haýsy biriňiz maňa hasabat berersiňiz? Maňa hasabat bermeseňizem, öz kelläňizdäki telpegiň öňünde hasabat bermeli bolarsyňyz.

— Onuň näme hasaby bolsun? Uruşdyr. Uruş gansyzam bolmaz, gurbansyzam.

— Gansyzam, gurbansyzam bolmaýan bolsa hany siziň ganyňyz, gurbanyňyz? Ýa ol diňe özgelere degişlimi?

— Uruş bolaýanda-da hemme kişi öläýmeli, ýaraly bolaýmaly däl.

— Eger beýle bolsa, näme üçin gaçdyňyz? Ajally öler diýip söweşe giribermediňiz-ä. Ondan gelenem “Nuradyl gitse, bizem gitjek diýýäňiz. Ýagşy, gidiň, gidýän bolsaňyz. Kim namart, kim gorkak bolsa hanha ýoly. Barsynda aýalynyň ýorganyna girsin-de gizlenibersin. Ýurdy goramaga-da, ýowy gaýtarmaga-da mert ýigitler tapylar. Ýöne şol gaçyp baran gorkaklar ene-atasyna, aýalyna, çagalaryna, bütin oba: “Men sizi gorap bilmedim, öz janymdan gorkdum. Namartlyk etdim” diýsin. Özleri diýmeseler-de, ony diýjekler tapylar, aýtjaklaram. Bu gün bütin oba eşider, ertir Kesearkaja dolar.

Ahalyň bu sözlerinden soň dyzmaç ýigitler ýeli giden ýanlyk ýaly pyssarypdylar. Nuradylyň ýüzbaşylykdan aýrylmagyna nadyl bolýanlar henizem ýok däldi. Ýöne olaram öňküsi ýaly ýeňlerini çermäp, dyzyny çyzgap dyzytdyryp duranokdylar.

— Nuradyly özündem ökderäk görýändir. Bäsdeşlik edýändir — diýip, kimdir biri aýtdy. Onuň şeýle diýmeginiň sebäbi bardy.

Nuradylyň batyrlygy, edermenligi hakynda her hili ertekiler düzüp, Könegala obasynda onuň şahsyýetini ýokary derejä göteripdiler. Onuň ýolbars bilen başa-baş söweşenligi hakynda uly hekaýat aýdýarlar. Bu gürrüňi ýaýradan onuň özüdi. Ol dagdan bir ýolbarsyň derisini atyň öňüne basyp getiripdi.

Könegalanyň adamlary etrapyň ýigitderine Nuradyl serkerdelik eder öýdüp tamakindiler. Birdenem Ahaly getirip ara sokdular. Obanyň ýigitleri oňa az gynanmadylar. Olar:

— Bu Garahal gojanyň goýberen ýalňyşydyr. Bu ýalňyş birinji uruşda aýan bolar — diýip, gürrüň edýärdiler. Birinji urşuň netijesi olaryň göz dikip oturan, garaşan umydynyň tersine bolup çykdy. Bu ýagdaýa bir toparlary düşünse-de, entek düşünmeýänler bardy, oňa düşünmejek bolýanam ýok däldi.

Nuradyl Ahalyň buýrugyny ýerine ýetirmese, soňunyň gowulyk bilen gutarmajagyna göz ýetirdi. Eger boýun egmese Ahal ony şo wagt tussag astyna alyp bilmez. Häzir onuň ýaranlary az däl. Ýöne soňundan näme bolar. Il-gün, oba näme diýer. Nuradylyň ýanynda galan ýigitleriň "Dönükler ýa gorkaklar" diýip yglan edilmegem bolup biläýjek zat. Onsoňam bu ýagdaýdan soň yzyňa düşjek ýigit köp bolar öýdýäňmi?

— Oba gitmeli bolsa, oba ötägideris. Bolmanda-da iki gylyç bir gyna sygmaz — diýip, Nuradyl ýüzüni-gözüni bürüşdirip torsarylyp gürledi.

— Iki gylyç hakynda-ha gürrüň ýok-la. Gylyç bilen aşpyçagam bir gyna syganok — diýip, Ilaman Nuradyla kakdyryp, ony aşpyçaga deňäp aýtdy.

— Sen haýsy aşyň gatyga-aýt? — diýip, Nuradyl ony äsgermän, oňa göwni ýetmän aýtdy.

— Haýsy aşyňam bolsam, seniň kesen aşyň gatyg-a däldirin — diýip, Ilaman öňki sözüniň hakyky manysyny aýtjak bolýan terzde gürledi.

Üç-dört sany nöker bilen Nurahmet serdar şo gün oba dolandy. Onuň ýanyna Nuradylam goşuldy.

— Ýigitler, ýaşulular topary belli bir karara gelýänçäler, siziň ýüzbaşyňyz Çörli batyr bolar. Ýaşulular karara gelensoň, kimi belleseler görersiňiz — diýip, Ahal Könegalanyň ýigitlerine aýtdy.

Dünýäni suw-sil eden jala duýdansyz gelşi ýaly duýdansyzam gutardy. Indi ýigitleriň telpeginiň tüýünden syrygyp damýan damjalar diýäýmeseň ýa-da oý ýerlere syrygýan suwlar diýäýmeseň asmandan damja damanokdy. Ýanky garalyp gelen buludam syrylyp, gündogar tarapa geçip barýardy.

Ahal urşa gözegçilik eden belentligine gaýdyp geleninde, ýene bir hadysa bolup geçdi. Ol Ahalyň ýatsa-tursa ýadyna düşmejek, oýuna gelmejek, düýbünden garaşmaýan, başga biri aýtsa, kes-kelläm ynanmajak wakasydy.

Aňyrdan gelýän iki atly Ahalyň duran ýerine otuz-kyrk ädim galanda, atdan düşdi. Olaryň biri jylawy ýanyndaky ýoldaşyna berip, özi pyýadalap gaýtdy. Pyýadanyň ýanyna atly barmaklyk gelşiksiz

hasap edilýär. Ol ata-baba gelýän dessur. Ol dört-bäş ädimlige geleninde aýak çekdi. Ahala Taňry salamyny berdi. Onuň salamyny alan Ahal ony öňem bir ýerde gören ýaly boldy. Ýöne kimdigini, nirede görendigini hiç ýadyna düşürip bilmedi. Ahalyň gen galyp seredýändigini görüp, Ilaman, “hi-hi” edip gülen ýaly seslendi. Ol gülki däl-de geň galmagyň adamatydy.

— Ahal kaka — diýip, ol kakasynyň beren pendini hem unudyp gepledi. — Bu Hally galtaman ýaly-la. Şol Hally galtaman, Hally beg diýilýän.

— Hawa, men şol Hally galtaman, Hally begdirin — diýip, gelen adam aýtdy.

— Seniň Hyrady beg diýenem adyň bar bolaýmasyn? — diýip, Ahal sorady.

— Men Hyratdan, ýöne meniň beýle adym ýok, meňzeş lakamymam ýok. Oýunlyga salyp Haly beg diýdiler. Şol Haly begligime-de galdym.

— Sen şo gezek nähili sypyp gaçyp bildiň? — diýip, Ahal Ilamanyň getiren kündügindäki çaýy gaýşaryp oturyşyna sorady.

Bu wagt ýigitleriň hemmesi çaýa-nahara çykypdylar. Olar Gümmezgaýanyň jülgesini, duşmanyň gelip biläýjek ýerlerini göz astynda saklaýardylar.

— Maňa-ha galtaman diýjeksiňiz. Ýöne siziň Garamergeniňizem arassa perişdedir öýtmäň. Ol meniň galtamançylyk edip ýygnan elli tümenimi alyp goýberdi. Onsoň ol galtamanyň galtamany bolaýýar.

— Alyp goýberdimi? — diýip, Ilaman sesini süýkdirip aýtdy. Onuň sesinde, seredişinde diňe soragyň däl, geň galmagyňam alamaty bardy.

— Şondan soň adyň eşidilmedi. Ýurduňy täzelänsiň-dä? — diýip, Ahal sorady.

— Kesearkaçda ozalam galtamançylyk etmändim. Şo gezek öňki-soňky galtamançylyk edişimiz boldy.

— O näme üçin öňki-soňky? Akdaşaýak obasynyň malyny siz sürüpsiňiz ahyry.

— Ýok, ony süren biz däl. Ony maňa Garamergenem aýtdy. Men diňe Kesearkaçdan däl, hiç ýerdenem mal sürüp göremok. Ilkinji sürjek bolşum. Onda-da ele düşdüm.

— Olar sürini süren şol murtly diýip hasap edýärler. Bu ýerde Akdaşaýak obasynyň ýigitlerem bar. Olar biläýseler seni heläk ederler. Olaryň içleri tütäp durandyr.

— Eger öz galtmanlaryny gören bolsalar, ony tanaýan bolsalar, maňa hiç zadam etmezler. Garamergen aýdanda ol meni gorkuzjak bolýandyr, köpräk pul ýonjak bolýandyr öýdüpdim.

— Beýle ynamyň bolsa gowy zat. Ýöne şondan son nirelerde otlap-suwladyň?

— Men öňki ýaranlarymy şol ýitirişim. Bu ýerlerden gidip Süleýman daglarynda boldum. Ol ýerde azda-kände galtamançylygam etdik. Bu ýigitler soň ýygnandylar. Olaram edil özüm ýaly Nowruzaly hanyň sütemine çydaman çykan adamlar. Biz ogurlygy, galtamançylygy ölmez-ödi üçin edýäris.

— Onda Şahrudyň töwereginde bolmaly ýaly. Süleýman daglarynda näme işiňiz bar?

— Ol ýerde gizlenýäs. Şahrudyň töweregine käwagt barýas. Nowruzaly hany aňtaýas. Olam entegem-ä şowuna düşenok. Käte gala duýdurman çozýas. Galanyň garawullary bilen çaknyşyp, yza çekilýäs. Nowruzaly han bolsa bütin töweregini ýüňdarak bilen daran ýaly darap çykýar.

— Siziň onda şu ýerik gelmegiňiz şol zerarlydyr-ow? — diýip, Ahal sorady.

— Hawa, Nowruzaly han şu ýerde. Bizem şonuň yzyna düşüp geldik. Nowruzaly hanyň duşmany biziň dostumyzdyr. Kim bolsa-da parhy ýok.

Ahal Iner golagyň duşmanyň üç ýere bölünýändigi hakdaky akylly sözlerini ýatlady. Ol:

— Ilki duşman duşmandyr, ikinji duşman dostuň duşmanydyr, üçünji duşman duşmanyň dostudyr — diýip, Ahalyňam, ekizleriňem gulagyna guýupdy.

Akdaşaýak obasynyň sürüsini gideren çopandyr çolugy şol günüň ertesi geldi. Olar Hally galtamanyň ýüzüne çiňerilip-çiňerilip seretdiler. Olaryň biri şol diýse, beýlekisi däl diýdi.

— Şol, sesi üýtgäpdir diýäýmeseň edil şonuň özi. Gitjek ýeri ýok — diýip biri tassyklady.

— Däl — diýip, beýlekisi garşy çykdy. — Dälli-gi onuň ýüzünden belli. Onuň çep gözüniň aşagynda peşehordanyň yzy

bolmaly. Hany şol yz? Munda peşehordanyň ýerine nokat ýalyjak gara hal bar. Olam birneme aşagrakda.

Şol delilden soň çopanam, çolugam: “Bu bizi talan galtaman däl” diýen karara geldiler. Daşyndaky şaýatlar uludan demlerini aldylar.

— Sen-äýt, olaryň öňünde sarsman durduň-aýt — diýip, Ahal Akdaşaýagyň adamlary gidip, ýanlary çolaransoň aýtdy.

— Eti ogurlan pişik bolsa, onuň üçin güjügi urmaýarlar. Men däldigimi özüm gowy bilýärin. Eger men şo mallary süren bolsam, düýnden bäri gaçmaga maý boldy ahyry. Beýle günäm bolsa seniň ýanyňa gelmänem bilerdim.

— Dogry, ýöne seni bu wagt halas eden zat şol peşehordanyň yzy boldy. Eger şol adamda peşehordanyň yzy bolmadyk bolsa, ýa-da ony çoluk görmedik bolsa, seni heläk ederdiler. Seniň däliňe, howwaňa seretmezdiler.

— Heläk etseler näme edeýin. Bolýan nähak zat gytmy? Meni şu günlere salanam nähak zatlar ahyryn.

— Ýagşy, indi sen näme etmekçi? — diýip, Ahal sorady:

— Bizem siziň duşmanyňyza şärik. Heý, bolman, Nowruzaly hana-ha şärik. Entek şu daglaryň arasynda söweşýärkäňiz siziň gapdalyňyzda bolarys. Guma çekilseňizem şu ýerde galarys.

— Bu ýerde näme üçin galjak?

— Gum söweşi bize eýgertmez, şu daglaryň arasynda gizlenmesek. Şu dagdan inýän serbazlara gözegçilik ederis. Ýeri gelse, ýek-ýarymyny kaklarys. Käte yza Şahrudada öwrülip durarys — diýip. Hally galtaman aýtdy.

## GOŞUN GUMA ÇEKILÝÄR

— Aýu, Maýagözel, Aýbölek, Nurjemal, geliň, Aksona kömek ediň. Illäp-günläp tüýnügi düşüreliň — diýip, Halbike goňşy gelinleriň atlaryny tutup çagyrdy. Halbikäniň öýüni çözüşmäge Iner golak, Ýolamanyň gelni Dursunjemalam, Ilamanyň gelni Tyllagözelem iberipdi. Şonda-da sekiz ganat öýüň tüýnügini düşürmek üçin goňşularyň kömegi gerek boldy. Sekiz ganat diýilýän türkmen öýleriniň iň ulusy. Mundan aşakda alty ganat, dört ganat öýlerem bar. Olaryň tüýnügini düşürmek üçin beýle uly güýjem gerek däl. Diňe usullylyk bilen seresaplylyk gerek.

Bu öý Abaly serdaryň atasyndan miras galypdyr. Ondan aňyrda welin, kimden miras galandygyny, onuň haçan ýasalandygyny Ahalam bilenok, Halbike-de. Bu öý dünýä ineli bäri, gör, nähili wakalar bolduka? Bu tärimleri, bu tüýnügi gürletseň, gör nirelerden, haýsy döwürden söz açar? Serpigi, üzükleri, durluklary daşyna dolanan gamşy näçe gezek dagap, näçe gezek täzelendikä? Halbike şu öýe gelin bolup geleli bäri onuň üzüklerini üç gezek dagy täzeläpdi.

Üzük, serpik diýen ýaly zatlar gara, ýagşa, ýele-guza hemişe ýylyň bütin dowamynda gerşini tutup dur. Aşagyndan bolsa ajy tüsse urup dur. Onsoň türkmen öýleriniň üzükdir serpik, gamyş diýen ýaly egin-eşikleri basym sandan çykýar. Üzükleri wagtynda bejerip ýa-da täzeläp durmasaň, depäňden damja damar durar. Ol öýüň içinde

oturyp bolmaz, ýatybam. Halbike öýüň gamşyny telim gezek, durlugyny birki gezek täzeledi.

Öýüň bala çykarylyp, bala seplenmedik ugy ýok bolsa gerek. Her gezek tüýnügini düşürjek bolsaň ýa-da galdyranyňda, garalyp kakan uklaryň balasy şatyrdaşyp dur. Güýçli ýel geldig-ä bar onsoň. Öýüň eşigini aýryp ýetişseň boldugydyr. Sähel haýal etdigiň şatyrdap, bir ýana agar. Onsoň iş edinde uklara bala çykar-da otur. Tärimiň köklerem şonuň ýaly, çüýräp ejizlän kökleri sogrup aýryp, inçejik kesilen tasmadan kökläp durmasaň, tärim çagşamak bilen bolýar. Ine, bu öýi şonuň ýaly edip, Ahalam Halbike-de, Aksona-da, iň bärkisi Salyram täzeden kökläpdi.

Kesearkaçda tam jaýlaram, tam kepbelerem bardy. Ýöne esasy gara öýlerdi. Şarňyldap duran tamy bolan howlularyňam gapysy gara öýsüzi ýokdy. Türkmenleriň ýap boýlaryna söwüt agaçlaryňy ürç edip ekmegem şonuň üçin bolsa gerek. Hanha Ýandakly obasynyň ortasyny bölüp geçýän ýabyň boýuna seredäýiň. Kä ýerde böwşeňläýmese, uzyn söwütler içinde düýänem gizlejek. Öý ýasaýan ussalar haýsy ýerinden kesseler kesip alyp oturmady. Edil uk bolaýjak, tüýnük ýasaýmaly uzyn-uzyn sagdyn söwütler.

Gara öýüň türkmen üçin esasy iki sany bähbidi bar. Bir-ä Garagum, Kesearkaç ýaly otly-jöwzada ýaşajak bolsaň gara öý gerek. Gara öýüň gapysyny, gözenegini açyp ýatarsyň welin, daşarda yssy bardyram öýtmersiň.

Gara öýe ürç edilmeginiň ýene bir sebäbi ýarym çarwa, ýarym çomry türkmenleriň göçhä-göçlügi bolsa gerek. Ýazlag diýip, gyşlag

diýip, bir ýylyň içinde telim gezek göçüp gonmaga düzgün edipdirler. Bularyň daşyndanam Eýranyň çozmaýan wagty barmy? Adamlar entek galalarda ýer tutup otursalaram, bir aýagyny Garagumdan aýranoklar. Haçan dawa-jenjel turup, Garaguma tarap göçüňi idip ugrajakdygyňy hiç kim bilenokdy. “Türkmeniň gözi gumda” diýen söz gaty jaý söz. Ýöne şol sözüň nakyl bolmaýşyna haýran.

Ynha, häzirem bütin Kesearkaç guma göçmegiň ugrunda. Bu göçhä-göçlük Ahalyň ýigitleriniň daga tarap giden gününden bäri dowam edýärdi. Üç gün bäri hudaýýoluna, Paraw bibiniň, Gaýtarmyş atanyň, Garaşir öwlüýäniň, ýene-ýenäniň ýoluna kesilen çöregiň hasaby ýokdy. Çagalar üç günden bäri gapy-gapy aýlanyp çörek paýlaýardylar.

Ýigitler Eýran goşunyny etege goýbermän, bir hepde saklarys diýip çak edýärdiler. Şoňa çenli bütin Kesearkaç guma göçmelidi. Şo pursatyň içinde kim haly, dokma, tara ýüwürden bolsa gutarmalydy. Ortadan agyp-agmadyk dokmalar şo durşuna gölden çykarylyp äleme, gyra nagşyna düşdüler. Peýwagtyna iki-üç günde bitýän älem bir günde diýen ýaly bitirilip kesilýärdi. Işi azrak öýleriň gelin-gyzlary agşamlaryna üme-ýowara ýygnanyp, goňşularyna kömek edýärdiler.

Aksona özüniň dokap oturan çepbetewlik matasyny şu gün irden kesdi. Şony kesip öýi ýalaňaçlap ugradylar.

— Ýuwaşrak gelinler, ýuwaşrak. Eý, tüweleme, şeýdiň-de, howlukman düşüriberiň. Aksona, Dursunjemal, gaty aşak basmaň.

Aýakdaşrak gymyldaň. Tyllagözel, bir azajyk çepe, çepe al — diýip, her elinde bir ugy tutup, tüýnügi düşürip duran Halbike beýlekilere maslahat berýärdi. Tüýnügiň endigan düşürilişine gözegçilik edýärdi. Kem-kemden aşak inýän tüýnük ganatyny giňden gerip, gonmaga ýer peýläp, pessaýlap gelýän garaguşa meňzeýärdi. Tegelenip gelýän tüýnügiň uklary ýere direlensoň:

— Salyr, gel, şu uklary sakla, köşek — diýip, Halbike tutup duran uklaryny oňa tabşyrdy, özi orta geçip omzuny tüýnüge diredi. Her kim saklap duran uguny tüýnükden emaý bilen sogrup aldy. Öýi dikeltmegiňem, çözmegiňem iň kyn, seresaplylygy, usullylygy talap edýän işi tüýnügi galdyryp, düşürmekdi. Tärim goýmak, uklamak dagy eliň ujundan edilýän işlerdi. Ony tärime ýetýän çaga-da oňaryp bilýärdi.

Özüniň ogurlanan arwanasynyň ýerine Şally baýdan alan erkegine dört ganat kiçijik öýüni ýükläp, çagalaryň iň kiçisi bilen ejesini eşege mündürip, Aman sürekçiniň göçi Ahalyň maşgalasynyň duşundan geçip barýardy. “Türkmeni göçürjek bolsaň duşundan göç geçir” diýen nakyl bar. Ýöne häzir hiç bir öýüň duşundan göç geçirilmegine mätäçligi ýokdy. Üç gün bäri adamlar hiç bir göçsüz öýlerini çözýärler. Aňyrsy iki-üç günden bu ýerde haňlap ýatan ýurt galar. Ähli hojalyk göçüp gutaransoň, hemmeleriň yzyndan Iner golagyň hojalygy göçer. Muňa oba ýaşulularynyň ýazylmadyk kanuny diýerler.

— Salyr sen Siňrenlini taparmyň? — diýip, yzy erkekli eşegiň gapdalyndan ýöräp barýan Aman sürekçi düýelerini gaýtarmak üçin ylgap barýan Salyra gygyrdy.

— Bilýärin, Aman kaka! Baryberiň, taparyn — diýip, ýüzüniň ugruna keýik owlagy ýaly towsaklap gitdi.

Sekiz ganat öýüň süňňüni bir düýä ýükläp, galan goşlary beýleki düýä ýükläp, Salyr garry enesinem şoňa mündürip, idip ugranda, Gün guşluga galypdy.

— Baryň, sag-aman baryň — diýip, Iner golak olary ýola saldy. — Göç öňüňizde bardyr, yzyňyzdanam baran bolar. Öňden gidenler Siňrenlide garaşarlar. Bileräk gidiň. Ýoluňyz ak bolsun. Biziňkilerem haý diýmän ýola düşerler. Aňry gitse ertir ýa birigün.

Şu etrapyň obalary Çyrçykly, Gabakly, Gyzyltakyr diýilýän guýularyň başyna, her haýsy telim obany ýerleşdirip bilýän üç sany ullakan oýa göçüp barmalydy. Dört oba Çyrçykly oýda ýa-da çarwalaryň aýdyşy ýaly Çyrçykly guýuda ýerleşmeli. Şol dörduň birem Ýandakly obasydy. Obalar geçen uruşda baryp ýerleşen şol öňki guýularynyň başyna barýardy. Garahal goja ýaly, Goňur aga ýaly köpi gören ýaşulularyň aýtmagyna görä, obalar gadym wagtdan bäri her gezekki uruşda şol guýularyň başynda häzirki tertibinde ýerleşipdir.

Barylmaly guýular gaýrada gaty daş. Baryp Hywanyň bäri ýanynda. Bu wagtky ýaş-ýeleňleriň köpüsi ony görmändirler. Görenlerem bu wagt şol ilerki daglaryň arasynda. Şonuň üçin göçleri Çyrçykla tarap alyp gitmek ýaşulularyň boýnunady. Barmaly ýerin

ýoluny şolar bilip, şolar äkidäýmese, göçüň gumda azaşaýmagy ähtimaldy. Ýaşulularyň göçüň şondan aňryk bileräk, belediň yzyna düşüp gitmegi sargamagam şonuň üçindi.

Salyryň obadan çykan göçi ep-esli ýöräp, taşlanylyp gaýdylan tamlaryň garasy ýiteňkirlänsoň Halbike:

— Hany, köşek, bir aýak çek. Düýäň başyny bir yza öwür — diýip, agtygyna ýüzlendi. Salyr enesiniň münüp oturan düýesiniň başyny yza öwürdi. Halbike şeýle galagoply ýagdaýda obany taşlap näçe gezek gitdi-kä? Ýazlaga göçürlip, güýz ýene gaýdyp gelinýänçä göçler hasap däl. Ol göçlerde şatlyk bar. Ol mahal gitseňem seniň örküň etek obadan üzülenok. Güýz düşensoň howa çigränsoň gaýdyp geljegiňi bilip dursuň. Häzir bolsa obany duşmanlara eşegiýiji gurt ýaly bösňäp gelýän serbazlara, Aýatylla işanyň aýdyşy ýaly äjit-mäjitlere taşlap gidýär. Gyzylja gurtlaryň şol ordalary içinden geçensoň bu howlulardan tamlardan, her kimiň höwes bilen ösdüren baglaryndan näme galarka?

Halbike bir gezek agyr çekirtgäniň gelenini görüpdi. Bulut ýaly bolup günüň öňüni ýapyp gelýän çekirtge ýüzüniň ugruna bag bolsun, ot bolsun, ýekeje gök çöp goýman ýalaňaçlap, sypyryp, ýalmap barýardy. Onsoňam bu gelýän bela-beteri deňemek ýa meňzetmek üçin söz gözläp oturmak nämä gerek? Onda-da Halbike üçin. Ol geçen uruşda ony öz gözi bilen gördi ahyryn. Şol wagt Ahal hasanaklap ýören çagady. Ahalyň häzirki ýerinde ol wagt Abaly serdar goşunlara baş bolup, söweşip ýördi. Bulary göçürip ugradanam, obanyň ýaşulularydy. Şonda Halbikäniň şu wagtky

oturan ýerinde düýäniň üstünde Ahalyň enesi otyrdy. Gujagynda-da kiçijik Ahaldy. Düýäniň başyny idip barýan Halbikäniň özüdi. Gaýyn enesiniň:

— Gelin, bir aýak çek-de düýäň başyny yza öwür — diýeni ýadynda. Üsti ýukajyk çal duman bilen örtülen baglara, boş haňlap ýatan jaýlara seredip duran garry özüniň telim gezek aýdan sözlerini gaýtalady.

*“Arkajyň agaçlary,*

*Şag-şag eder guşlary.*

*Biz Arkaçdan aýrylsak,*

*Ýykylar agaçlary”.*

Häzir üsti ýukajyk çal tozanly oba seredip duran Halbike şol zatlary ýatlap, ýüzüni eli bilen syldy-da, gözleriniň ýaşyny süpürdi. Onuň içki dünýäsinden bihabar Salyr enesi doga okaýandyr öýtdi. Halbikede takwalyk ýok däldi. Ýöne ol bu wagt doga okanokdy. Ol “Ýene seni başy bitin görmegi nesip etsin” diýip, oba, baglara ýüzlenip dileg edýärdi. Dogrusy hiç kime görkezmän, duýdurman aglaýardy. Enesi:

— Indi ýoluňa gidiber — diýenden soň, Salyr ýene düýäniň başyny guma tarap öwürdi. Göç Çyrçykla tarap ýola düşdi.

Salyr hol uzakdan görünýän gür baglyga, gumy etekläp oturan uly obaçylyga nazaryny aýlady. Bu ýagdaýlary ozal görmedik bolsa, bilmeýän bolsa, Salyr agzyny açyp, aňkaryp galardy. Ýöne olaryň bagam, obada däldigini ol bilýärdi. Bu görünýän salgymdy. Golaýyna barsaň ýanky gür baglyk aňryk çekiler, öňküsinden

birneme keşbini üýtgeder. Olar meýdanyň ýowşan, garagan diýen ýaly çöpleri. Olary salgym göterip, ullakan baglar ýaly edip görkezýär. Bir seretseň baglaryň gaýra başy has beýik, bir görseňem orta gürpi has gara görner. Uzakdan görünýän baglaryň şeýdip, üýtgäp durmagy salgymyň öňki çöpleriň üstünden aýrylyp, täze çöpleri göterýänligidi.

Ol zatlara öňden belet, ol zatlara üns bermedik Salyr düýäniň başyny idip barha ýakynlaşýardy, mähriban obalaryndan bolsa barha daşlaýardy. Ol öňlerinden barýan göçem, öz yzlaryndan gelýän göçem gördi. Şonda-da birhili tukatlyk basýardy. Ussanyň körügini gören bolsaňyz, üýşmek kömrüň arasyna birje köz atarlar. Körügiň sanajyny wazzyldadyp ugrarlar welin, uçgunlar sowrulyp, kömürler derrew ot düşüp, barha köräp gidip barýandyr. Salyryň kalbyna düşen tukatlygam şonuň ýalydy. Watandan, dogduk depeden aýralyk diýilýän zat uly bol, kiçi bol, parhy ýok, barybir ýüregiňe öz azaryny ýetirýär, ony demir elleri bilen rehimsiz mynçgalaýar.

Ene mekan hakynda, watan hakynda Halbike agtygyna şeýleräk bir rowaýaty gürrüň beripdi. “Gadym zamanlarda bir adam gaty köp ýaşanmyş. Öz deň-duşlar-a beýle-de dursun, ýuwluklary ýaly adamlaram garrap dünýäden ötenmiş. Ol hiç ölmändir. Ölesi gelipdir. Ýöne ölmändir. Şonda adamlaryň biri: “Ölesiň gelýän bolsa ýat illere git, watanyň aýralygyny çek” diýipdir. Ol ýurduny taşlap gidipdir. Ýat illerde dogduk mekanynyň hasratyny çekip, şol hasratyň derdinden ölenmiş. Adamlar onuň meýidini jaýlamak üçin öz ýurduna getirenmiş. Öz ýurdunyň howasy, öz ýurdunyň güneşi,

öz ýurdunyň şemaly endamyna degen dessine jeset ýene-de janlananmyş”.

— Ine, köşek, watan diýilýän zat şeýle gudrat zatdyr. Gadym zamanda bir ýigit söweşde ýaralananmyş. Ähli tebipler ýygnanyp, ony gutarmaga derman tapmanmyş. Ahyry Lukman hekimden soranmyşlar. Olam: “Ol ýarany watany goramak üçin alypdyr. Şonuň üçinem oňa öz dogduk obasynyň gumundan alyň-da sepiberiň” diýipdir. Lukmanyň aýdyşy ýaly edipdirler welip, esger derrew gutulypdyr.

Enesiniň watan hakda, dogduk mekan hakda aýdyp beren rowaýatlaryny ýatlap, tukatlygyň penjesine gysylyp, suwa çümdürilen torgaý ýaly bolup eginlerini sallap barýan ýaş oglana: “Seniň ejizlemäge hakyň ýokdur” diýip goltgy berip biljek adam bu wagt ýigitleriň ýerleşişini gözden geçirip ýördi. Olaryň söweşde etmeli işlerini ýüzbaşylara jikme-jik düşündirip, gulaklaryna tekrarlap guýan Ahal özüniň gözegçilik edýän ýerinde durup, duşmanyň gara bermegine garaşýardy.

Serbazlar öňki edişleri ýaly jülgäniň ol tarapyndan sap tutup ugradylar. Olaryň ellerindäki gylyçlara günüň şöhlesi düşüp, ýalaw tutulýan ýaly lowurdap gitdi. Birdenem öňe omzap gelýän serbazlaryň arasynda garma-gürmelik, tutda-baslyk döredi. Bir atly nökerleriň arasyndan saýlanyp çykdy, uýany gaty çekdi öýdýän, at çarpaýyna galdy. Soňra göni Ahal dagynyň duran ýerine tarap peýkam ýaly süýnüp gaýtdy. Beýleki serbazlar nämäň-nämedigini saýgarýança, özlerini dürseýänçäler ýoly ortalady. Serbazlar onuň

yzyndan at goýdular. Ahalyň aňyna gelen zat “kimdir biri bärik geçjek bolýar” diýen pikir boldy. Ol şu oýlara gümra bolup, serinde aýlap durka gelýän atly bir gapdala ýykylyp, iki-üç gezek aşyr atyp togalandy. Ýykylan adamyny serbazlaryň kowgusyndan halas etmek üçin Ýolamanyň atlylary okduryldylar. Şol pursatda bolan ikinji ýagdaý ýigitleri atyň başyny çekmäge mejbur etdi. Ýykylan atly hasyr-husur ýerinden turup, dört aýak, bir baş bolup, serbazlara tarap gitdi. Hemmeler oňa agzyny açyp galdy, üstündäkini ýykan at Ýolamanyň atlylarynyň arasyna urduryp girdi. Aňyrdan daýyrdaşyp gelýän atlylaram ýykylan adamy öz aralaryna alyp, öňe omzajak bolup durmadylar. Şol duran ýerlerinde durdular.

Atdan pyzylyp gideninde kellesinden gaçan demir telpegini almaga-da ýetişmän, yzyna okdurylan adamyny Ahal birden tanady.

— Ol Fahreddin mürze ýaly-la? Ryzaguly hanyň ogly — diýip, gaty sesi bilen sorag äheňinde aýtdy. Ol Fahreddin mürzäni şu ýerde, şu jülgede görüpdi. Yzyny pikirlenere maý bermän Ýolamanyň gaýdyp gelýän atlylary birden uly gykylyk etdiler.

— Ahal, gözüň aýdyň!

— Buşluk, Ahal, söýünjimi ber!

— Bu nämäniň buşlugy? Bu nämäniň seýünjisi? — diýip, Ahal aňk-taňk bolup galdy.

— Dorbedew! Dorbedew — diýip, Ilaman Ahalyň edil gulagynyň ýanynda çirkin ses bilen gygyranyny duýman galdy. Ahal şol pursat alaşadan agdy. Idilip gelinýän Dorbedewe tarap ylgady. Onuň boýnundan gujaklady. Gulaklarynyň düýplerini sermäp gaşaşdyrdy,

maňlaýyndan, gözleriniň owasyndan ogşady. Ol esli wagtlap dünýäni unutdy. Ýüzlerini Dorbedewiň ýüzüne oýkady. Uzak ýyllaryň dowamynda aýra düşüp, ogluna sataşan hamrak ene ýaly, name edýänini özem bilenokdy. Diňe onuň:

— Dorbedewim, Dorbedewim — diýip, pyşyrdaýany eşidilýärdi. Ol agzy bilen bedewiň depellerini, ýallaryny garbap alýardy. Ony dişleri bilen ýuwaşja gysýardy. Ahalyň hereketlerinde diýseň uly mähir bardy, muhabbet bardy.

— Haýyrly mal eýesini tapar.

— Indi işimiz şowuna düşer.

— Kürtler bilen söweşmek üçin Dorbedew biziň ýanymyza geldi.

— Miltiň bolsa gel indi, Nowruzaly han — diýip, ýigitler ýerli-ýerden seslendiler. Gümmezgaýa gelen iki müň atlynyň serkerdesi Nowruzaly handy. Ryzaguly hanyň özi Durun etrapyna çozjak goşun bilen gidipdi. Bu ýerde onuň diňe ogly bardy. Bu maglumatlary Ahalyň ýigitleri urşuň ilkinji günleri alypdylar.

Ahal eýeriň altyn çaýylan gaşyndan tutup, lowurdap duran üzeňňä çep aýagyny basdy. Bir gezek galkynanda eýýäm atyň üstündedi. Ol at bilen atyň parhyny Dorbedewinden düşüp, Şally baýyň alaşasynyň eýerine atlananda duýupdy. Häzir şol alaşadan düşüp, Dorbedewe atlananda ýene bir gezek duýdy.

— Ahal, bu alaşany nädeli? — diýip, ýigitleriň biri gygyrdy.

— Nätseňiz şeýdiň! Hudaýýoluna beräýiň — diýip, Ahal göçgünlilik bilen gygyrdy.

— Wah, ony maňa berseňizläň, Ahal kaka! — diýip, Tarhan bir ýerden ylgap çykdy. — Muňa hudaýýoly düşýändir, Atamyň atasy şehit ölenmişin. Menem onuň mirasdüşeri.

— Beräýiň Tarhan batyra — diýip, Ahal şadyýan ýylgyrdy.

— Sag bol, taňryýalkasyn, toýuňda gaýtsyn, Ahal kaka — diýip, Tarhan alkyş baryny aýdyp, alaşany saklap duran Ilamana tarap okduryldy.

— Bo-how, Tarhan, seniň aňryň ýanyp duran ot eken-ow — diýip, ýigitleriň biri oňa degdi.

— Hawa-la, men mydama çaýam şonuň bilen gaýnadýaryn — diýip, Tarhan ýelkilläp barýan ýerinden bälçiredi.

— Sen, Tarhan çopançylyk edib-ä hezil berdiň. Indem söweşip hezil berseň, tüýs bolaýjak-da — diýip, Janak alaşa eýe bolan Tarhana göriplik edýän ýaly edip aýtdy.

— Hezil bermän, keminem goýan däldirin.

— Senmi? — diýip, ol janykdy. — Ynha men malyň yzyna düşüp göremok. Şonda-da meniň çopançylykdan başymyň çykyşy seniňkä iki esse bolmasa, jedel ederin.

— Ýagşy, sen bilýän bolsaň, ökde bolsaň aýt hany. Geçi ýedi ýaşansoň näme bolar? Özem çopanyň ilki bilmeli zady şol — diýip, alaşanyň daşynda gudurap ýören Tarhan gürledi.

Janak birden kürtdürdi. Dogrudanam geçi ýedi ýaşansoň näme bolýarka? Ol owlak, çebiş, geçi bolýar. Erkeç bolýar, dog bolýar. Ýedi ýaşansoň näme bolýar? Janak näçe jan etse-de bilip bilmedi. Ol eýýäm alaşa atlanan Tarhany gygyryp saklady:

— Men-ä bilmedim. Özüň bilýäňmi?

— Şony bilmeýän bolsaň, sokjarylyp gören ýere sümükli buriuňy sokup ýörmezler.

— Sen özüň beri bilýäňmi?

— Bilmän näme? Hawa bilýän — diýip, Tarhan atyň başyny öwürjek bolanda Janak ony saklady.

— Bilýän bolsaň aýt-da, menem bileýin.

Tarhan onuň ýüzüne şol şadyýanlygy bilen ýylgyrdy. Bu ýylgyryşda birhili tekepbirlik, sustubelentlik, rüstemlik bardy.

— Geçi ýedi ýaşansoň sekiz ýaşap başlarda — diýip, ol atyna gamçy çaldy-da, gidip barýan ýerinden aýtdy.

— Wah, haramzada — diýip, aldanan Janak ýüreginden sögündi. Ýöne Tarhan ony eşitmedi. Ol alaşany çapdyryp, hol barýardy.

Tarhanyň atyna düýnki söweşde gylyç degip ölüpdi. Ony Tarhan goňşularyndan diläp alypdy. Elbetde, goňşusy "ölen atymy töle" diýip durmaz. Söweşde ýok bolýan zadyň öwezini dolmaýarlar. Onda adamam ölýär. Haýsy biriniň öwezini doljak. Atyň ölmegi bilen Tarhan pyýada galdy. Ol indiki söweşlere gatnaşyp biljek däldi. Tüýs şowuna düşen zat. Dorbedewiň gelmegi Tarhana-da bähbit boldy.

Ine şu wakalardan Salyryňam, onuň gapdalyndan ýöräp barýan Aksonanyňam, düýäniň üstünde oturan Halbikäniňem habary ýokdy. Bu waka düýn bolupdy. Goşun soňky çaknyşykdan soň, öten gije Haýtgysa çekilipdi. Ahalyň ýigitleriniň: "Şu ýerde duşmany ýene

iki-üç gün saklarys” diýen niýeti bardy. Bu ýeri saňa Gümmezgaýanyň giň jülgesi däldi.

Ahalyňam, ýaşulularyňam hasap edişi ýaly söweş üç günläp dowam etdi. Nowruzaly hanyň permanyna tabyn serbazlar erjellik bilen öňe omzaýardylar. Ozallar gijesine iki tarapam urşy togtadýardylar. Gün ýaşyp-ýaşman, bes edilýän söweş ertesi Gün dogýança, käte gün guşluga galýança başlamazdy. Haýtgysynyň bir çetinden girip başlanyndan soňra, Nowruzalynyň atlylary aram-aram gijelerine-de dyzaýardylar. Gylyçlaryň şakyrt-şakyrt sesleri gaýalara düşüp ýaňlanýardy.

Urşuň başlanaly bäri şu gün bir hepde diýlende, Ahalyň atlylary Burjula çekildiler. Ozaldan çaklanyşy ýaly serbazlary daglaryň arasynda bir hepde saklap, obalara göçmäge maý bermelidi. Bir hepdäniň içinde Eýran atlylary diňe Haýtgysyny eýelediler. Burjulynyň bir çetinden girdiler. Burjulynyň jülgesi dagdaky boljak söweşleriň iň soňkusy bolmalydy. Bu söweşe Ahalyň ýigitleri öňünden pugta taýýarlanypdylar. Gummezgaýada, Haýtgysyda bir hepdeläp bolan söweşlerde ölenler, ýaratylar iki tarapdanam beýle bir kän däldi. Olary barmak basyp, atlaryny tutup sanaýmalydy. Burjulynyň söweşi beýle bolmaz. Bu söweş iň agyr söweşleriň biri bolar. Ahalyň ýigitleri şeýle pikir edýärler.

Deriniň bujagyndan çogdurylýan süzme ýaly toplum-toplum, kowçum-kowçum bolup, serbazlar Burjylynyň ol çetinden girip ugradylar. Olar jülgäni ortalaberenlerinde telpekleriniň sakagy eňeklerinden geçirilgi, elleri ýalaňaç gylyçly türkmen atlylary Allany

çagyryp, olaryň öňünden at goýdular. Gylyçlaryň şakyrt-şakyrt sesleri bir eýmenç zenzele turuzýardy. Atgarynjalaryň çogdam-çogdam hinden çykyp, ondan-oňa okdurylyşlary ýaly, Haýtgysydan gelýän darajyk ýoldan, iki gaýanyň arasyndan çykýan atlylar, kimsi gylyçly, kimsi naýzaly walalaýlaşyp ala-gykylyk edip öňe haýdaýardylar.

Türkmen atlylarynyň galkan, naýza diýen ýaly ýarag esbaplary ýek-ýarymynda bolaýmasa kän ýokdy. Olaryň esasy daýançlary gylyçdy. Öňe omzap gelýän atlylardan şol gylyjyň kömegi bilen hem özüni goramalydy, hem hüjüm etmelidi. Şonuň üçin ýigitler gylyjyň baljagyny goşarlaryna sarapdylar. Olar ýykylsalaram, ölselerem elleri gylyçlydy.

Jülgede söweş şeýle bir gyzypdy. Edil asty otly gazanyň lakyrdap, içi kömürden doldurylan semawaryň gapagyny galdyryp gaýnaýşy ýalydy. Tarhan aýtmyşlaýyn, sähel ahmal boldugyň ýüzüňi çowlap, gaşyňy, kirpigiňi çirkizjekdi. Sanynyň azlygyndanmy, destiniň pesligindenmi, türkmenler barha yza tesýärdiler. Serbazlar bolsa ädimme-ädim öňe dyzaýardylar. Söweş eger şu gidişine gitse, serbazlar Ahalyň atlylaryny Gün ýaşýança jülgeden gysyp çykarjakdy. Ýöne şo pursat başga bir ýagdaý ýüze çykdy.

Yzlaryndan turan aýylganç gykylyk galkan tutup, gylyç, naýza urup, öňe omzaýan serbazlary duran ýerine çüýledi. Gaýnap duran suwuň üstüne bir jüňňül sowuk suw guýlan ýaly birden gowşady.

“Daş! Daş! Daş!” diýen howsalaly sesler Burjulynyň gaýalaryny endiredip ýaňlandy.

Bu aýylganç sesiň “daş, daş” diýen sözüň nämedigine dagda ýaşap, dagda gezýän adamlar beletdiler. Şol sesi eşiden serbazlaryňam depe saçy üýşdi. Olaryň yzynda, gaýanyň iki tarapynam şakyrdadyp gelýän daşlaryň tozany dik asmana galýardy. Olar edil bölünip goýberilen goýunlaryň ýüzlerini aşak salyp, ýapydan müňedekläp suwa inişleri ýaly togalanyşyp gelýärdiler. Şol gelişlerine ýolunda sähel yrgarak duşan daşlaram alyp gaýdýardylar.

Iner golagyň rowaýat etmegine görä, gadym zamanlarda bu ýerlere mongol atlylary çozanmyş. Şolar edil tüweleý ýaly bolup, depeden aşak inermişler. Olaryň geçen ýeri agyr çekirtge sürüsi geçen ýaly gurap galarmyş. Aýylganç sil geçen ýaly oýmur-oýmur, ýykan-ýumran bolarmyş. Häzirki güwläp gelýän daşlaram şolardan pes däldi. Bu daşlaryň geljeginden ozal bihabar adamlar ýer titreýändir, dag elenýändir öýdýärdiler.

Güwläp gelýän daşlaryň astynda aýaklaryny kakyp, çabalanyp ýatan, ýürek gyýýyjy zaryn kişňeýän, adamlary kömege çagyrýan atlaryň, erbet-erbet sögünýän, dat edýän serbazlaryň sany ýokdy. Geçen bir hepdäniň içinde bolan söweşleriň hemmesini bir ýere ýygnasaň-da, hiç bir jähetden, elhençligi boýunça-da, ýetiren zyýany, äkiden gurbany boýunça-da şu günki söweşiň deňine ýetip biljek däldi.

Türkmen jigitleri söweş meýdanyndan çekileninden soňra serbazlar öz ýaralylaryny ýygnamak bilen boldular. Ilki gorka-gorka gymyldasalaram, soňra biraz ekezlenip gitdiler. Ilki golaýrakdakylary ýygnap başladylar. Olara ölenleriň meýdini, ýaraly

adamlary ýygnamaga hiç kim päsgel bermeýärdi. Çünki ýaragly däldiler. Ýaragsyz adamlaryň garşysyna pyçak çykarmak, gylyçly çykmak mertlik hasap edilmeýärdi. Şonda-da ýigitleriň biri:

— Olar näme arkaýyn aýlanyp ýörler? Häzir çozaýsaň ýeke-ýekeden gylyçdan geçirse boljak — diýdi.

— Degme, ýaralylaryny bir ýygnasyn — diýip, başga biri ýaňky gürläne garşy çykdy.

— Olar möjekdir-dä. Möjegiňem ýaralysy, ýarasyzy bormy? Ýagdaýyna görä ýok edibermeli bolar-da.

— Gaýratyň bolsa eli gylyçly garşyňa çykanda ur, çap, gylyçdan geçir — diýip, üçünji biri seslendi.

— Ýöne gaýratyň bolsa. Olam sende barmydyr ýa ýokmudyr — diýip, öňki gürlän aýtdy.

— Hawa, özüň-ä ganjygaňdan kelle asyp ýörsüň-ow.

— Urşuň maksady diňe urmak, çapmak däldir — diýip, Ahal dawalaşýan ýigitleriň arasyna düşüp aýtdy. — Esasy zat, duşmana tabyn bolmazlykdyr. Garşysynda durup biljegiňi, ýurduňy gorap biljegiňi görkezmekdir. Adamlaryň çapylýanlygam, ýok edilýänligem şoňa syrygýandyr.

Edil şu pursatda täzeden çykan güpürdi gümmürdäp gaýdan daşlaryň sesinden artyk bolmasa pes däldi. Ozalam zähretelek serbazlar elindäki ýaraglaryny taşlap, tas ökjäni göteripdiler. Ýöne nämäň-nämedigini derrew aňdylar. Şo pursat bir ýerlerde ýyldyrym çakdy, güpürdi ýene gaýtalandy.

— Gyş gulun atdy gerek, howwa — diýip, ýaşulularyň arasynda serbazlaryň ýaralylaryny ýygnaýan meýdanyna seredip duran Iner golak aýtdy.

Ol obadaky iň soňky göçi, öz öýüniň göçüni ýola salandan, Ýandaklynyň çäginden çykaryp, köp göçleriň arasy bilen Çyrçykla ugradandan soň, Ahalyň ýanyna gelipdi.

Ýaşulular toparynyň goşy goşunyň ýanyndady. Ahala söweşi alyp barmaga kömek etmelidi, onuň hereketini makul tarapa ugrukdyryp durmalydy. Etrapda on iki oba bardy. Şolaryň hersinden bir adam, diňe Ýandakly obasyndan iki adam — Iner golak bilen Nurahmet serdar ýaşulular toparyna girýärdi.

— Dogry aýdýaň haw, awçy. Bu ýylam gyşymyz gyşa meňzemejek ýaly — diýip, Atanur Iner golagyň diýenini tassyklady.

Atanur keýpi kök wagty, kinesiz gürleýän wagty onuň lakamyny “awçy” diýip tutardy. Niçikmi, göwnüne sähel kine geldigi, Iner golakdan bir zada nägile boldugy onuň golak lakamyny ulanýardy.

Şol günüň agşamy ýaşulular toparynyň biri galman Burjula ýygnandy. Bu bolsa öýleriň gaýrak geçenligi, köne ýurtda bir öýüňem galmandygyny aňladýardy. Obanyň ýaşululary hemmeler göçüp gidensoň, iň soňundan öz öýlerini göçürýärler. Bu olaryň ýazylmadyk kanunydy, öz agzyna seredýän obadaşlaryna goýýan hormatlarydy. “Obanyň garamaty meniň başymda. Goý näme bolsa ilki maňa bolsun” diýdigidi.

Ahalyň ýigitleri Esen söwdagäriň toparynyň ýokardan daş togalan gününden soňam Burjulyny üç günläp goradylar. Üçünji gün tamam

bolansoň atlylar guma çekilmegi karar etdiler. Durun etrapyna Selim bilen Tarhany ibermegi makul gördüler.

Ýigitler şu günki bolan söweşler hakynda, özleriniň mertligini, atlarynyň duýgurlygyny, gylyçlarynyň ýitiligini mazamlap, ony almaz gylyja, Hezreti Alynyň zülpükärine deňäp öwünýärdiler. Gürrüň edýärdiler. Selim obadan gelýärkä, öz yzyndan kowan iki atly hakynda hekaýat aýdýardy.

— Olar iki bolansoňlar, menem göterdim ökjäni. Olaram meni kowup gelýärler.

— Onsoň? — diýip, ýigitleriň biri gyssady.

— Onsoňmy? Men-ä gaçyp gelýän, olaram kowup gelýär. Bir seretsem çiş telpekliniň biri galypdyr. Beýlekisi bolsa gylyjynam syryp edil gözi ýok ýaly bolup gelýär.

— Onsoň? Ýeri onsoň?

— Onsoňmy? Awynyň üstüne topulyp barýan ýekegapan ýaly haýdap gelýär.

— Şol wak-wakyň-aý. Yzyny aýdyber-dä.

— Yzynymy? — diýip, Selim şol soragy gaýtalap sözüni dowam etdi. — Görsem, ol ýeke özi gelýär. Menem atyň başyny çekip yza öwürdim. Gylyjymy gynyndan şagyrdadyp sogurdym.

— Onsoň näme boldy?

— Onsoňmy? Olam atynyň başyny çekdi. Birdenem yzyna öwrüldi-de, göterdi ökjäni.

— Göterdimi?

— Göterdi.

— Ýeri onsoň?

— Onsoňmy? Onsoň — diýip, Selim sözüne dyngy berdi. Belki ol gürrüňiň yzyny nähili dowam etjegini oýlanandyr. Selimiň öwünjeňligine içini güldürip duran Tarhan:

— Onsoň? — diýip sorag berene ýüzlendi. — Onsoň Selim Burjulynyň çeşmesine gelip balagyny ýuwupdyr.

Adamlar wakyrdaşyp gülüşdiler. Selim, megerem Tarhanyň sözüni eşiden däldir. Eşidenem bolsa entek eleginden geçirip ýetişen däldir-dä, ol:

— Dogry-da walla — diýip, ýylgyrdy. Adamlar muňa öňküdenem beter gyzyl-gyran gülüşdiler. Şol pursatam:

— Selim, Tarhan, ikiňizem ýaşulularyň ýanyna barmaly — diýip, ýigitleriň biri gygyrdy.

— Atyňyz ýaragyňyz guratmy? — diýip, ýaşulular Selim bilen Tarhandan soradylar.

— Gaty gowy.

— Öz janyňyz sagmy?

— Tut ýaly.

— Beýle bolsa gaty gowy, howwa — diýip, Iner golak olaryň näme üçin çagyrylandygyny beýan etdi. — Şundan gidersiňiz, howwa, Durun etrapyna. Tüňňüliniň daglarynda şol etrapyň ýigitleri söweşip ýörendirler. Olaryň serkerdesine Gylyçmyrat serdar diýýärdiler, howwa. Ýaşulular toparynyň ýaşulusyna Gatyguly aga diýýärdirler, howwa. Şolaryň haýsam bolsa, howwa, birini taparsyňyz. Biriň gaýrak çekilýändigimizi aýdarsyňyz.

— Biz ol ýeri taparmykak? — diýip, Tarhan dillendi.

— Men taparyn. Men belet — diýip, Selim öňe omzady. Ýaşulular Selimiň tapjakdygyny onuň beletdigini bilip çagyrypdylar. Selimiň daýy topary Durun etrapyndandy. Ol daýylarynyň elinde kän gezipdi.

Ýaşulularyň ýanyndan çykan Selimdir Tarhan şo pursat atlandylar. Olar gyrasy kemsiz gädilen, ýarpa golaýlan Aýyň solak ýagtysyna Burjuly jülgesinden çykyp, Duruna tarap gidýän ýola düşdüler. Ýüzlerini güýzüň çigräp sowap ugran şemalyna tutdular.

## KESEARKAJYŇ SERKERDESI

Atalaryň gadymy galasy diýilýän Garagum. Örküç-örküç depeler, uzyn-uzyn aňňatlar, ýaýylyp ýatan gollar. Ol hem edil çal gaýaly daglar, kenaryna urnup duran aňyrsy görünmez deňizler, gözýetime uzalyp gidýän sährالar ýaly özbaşyna bir dünýädir. Onuň Gün şöhlesine gerşini tutup, lowurdap ýatan urpaklaryny, senetkär ussanyň sünnäläp ýasan çanaklaryna, äpet çanaklara çalym edýän gollaryny, bu howdandan ol howdana akyp ýatan ýaplar ýaly şol gollary birikdirýän aňňatlaryny näme bilen deňemediler. Suw ýaly, simap ýaly akyp ýatan ürgün çägesini gyzylyň gyryndysyna-da, ýumşak mahmala-da, per düşege-de meňzetdiler. Ýöne ol kimlere per düşegem bolsa, kimlere welin demirtiken ýaly, daş ýaly gaty bolupdyr.

Alymlaryň hasaplamalaryna görä Garagumuň döränine elli müň ýyl geçipdir. Şo ýyllaryň dowamynda onuň göwsünde gopan gowgalaryň, uruşlaryň, hasratlaryň hetdi-hasaby barmyka? Şu ýüpek ýaly ýumşak çägä agzyny urup, dişini döwdüren, kellesini urup maňlaýyny ýardyran duşmanlaryň takyk sanyny taryhyň özem bilenok diýýärler. Bu çöl Isgenderiň, Çingiz hanyň, ýene-ýeneleriň baran ýerini guradyp barýan çekirtgeler ýaly nökerlerini görüpdir. Hywanyň hanlarynyň, Eýran şalarynyň, arap atlylarynyň gazabyny öz gerşinde çekipdir. Öz ogullaryny — Kesearkajyň ilatyny şolardan penalapdyr.

Şahyrlaryň kämahal dowzah diýip, beýleki diýip, Garaguma gargynybermeleri bar. Şony etmeseler gowy boljak. Beýleki halklaryň öz sähralaryny, daglaryny, depelerini, deňizlerini söýşi ýaly türkmenlerem öz Garagumuny söýýär. Garagum olaryň doly manysynda enesi. Enesiniň gybatyny edip, ony ýamanlasaň hiç kime-de ýarap durmaz.

Garagumy ýeňilmez gala edip saklaýan zat suw diýýärler. Onuň şol ýaragynyň öňünde durup bilen, onuň hötdesinden gelip bilen duşman bolmandyr. Bu hakda aýdylýan rowaýatlaryň, otarylýan ertekileriň sany ýok bolsa gerek. "Garagumda suw altyndan ýokarydyr, ömre deňdir" diýip, ýöne ýere aýdylanok. Şu görünýän ulgam-ulgam depeleriň asty şehitsizi barmyka? Ahalyň şu gyzylbaş çarykly aýagyny dyzyna çenli diýen ýaly çümdürip, çykaryp barýan ak urpagynyň astynda-da gör, näçe şehit ýatandyr.

Ahalyň Burjulydan yza çekilen ýigitleri her ýerde-her ýerde gaça uruş edip gelişlerine “Towşanly oý” diýilýän ýerde aýak çekdiler. Mundan ozal dergazap bolup dyzan Eýran goşuny “Towşanly oýa” gelýänçä badyny gowşatdy.

Hamyr ýugurýanyň elleri ýaly aýaklaryny ürgün çägä çümdürip, sogrup barşyna Ahal belent ak urpaga çykdy. Depäniň gerşi arap haty çyrmalan kagyza çalym edýärdi. Onda ýylanyň, tomzagyň, alakanyň, atýalmanyň yzam bardy, garaz, her hili mör-möjekleriň yzyndan doludy. Ahal urpagyň gerşinde garantga ýaly bolup duran nökeriň ýanyna bardy.

— Kürtler görnenokmy?

— Enteg-ä görünýän zat ýok — diýip, garawul ýadaw ses bilen aýty. Daňdanyň iniňi düýrükdiriji howasy täsir eden bolsa gerek. Onuň sesi demi gysmalynyňky ýaly gyryljyk çykdy.

Ahal gerşiň üstünde durup, töweregine ser saldy. Bu mahal Gün dogan bolsa ýaňy dogandyr, howa bulut bolansoň bildirenokdy. Öten agşamam günbatardan süýnüp gelen ýukajyk bulut asmany örtüpdi. Ol ilki gelende gaýmak ýalydy. Indi galňapdyr, garalypdyr, aşaklapdyr. Türkmenleriň “bulut elýetere gelipdir” diýýänleri bolupdyr. Dogrudanam beýigräk gerşe çykyp eliňi uzatsaň, ýetäýmegem ahmal.

“Bu gün-ä ýagyş ýagaýsa gerek” diýip pikir eden Ahal töweregine ser saldy. Ýigitleriň hemmesi aýak üstündedi. Olaryň köpüsi aty bilen meşguldy. Kimsi onuň kellekisini geýdirip dur, kim eýeriň çekisini çekýärdi. Atyň uýanyndan gysgajyk tutup, ony ylgadyp

ýörenem, eýýäm atlanyp ol ýana, bu ýana daradyp ýörenem bardy. Ýalaňaçlap, simap ýaly owadan endamyny sypalap duranam, torba geýdirip, iým beryänem bardy. Ilaman bolsa Dorbedew bilen öz atynyň jylawyndan tutup, Ahalyň duran ýerine tarap ýuwaşlyk bilen ýöräp gelýärdi.

Bir ýerlerde buludyň göwsi ýarylyp, ýagtylyp gitdi. Ine, türkmenleriň "Mundan urdum gylyjy, arapda şaňlar ujy" diýýäni. Çakyp giden alawyň yzy bilen aýylganç güpürdäp gök gürledi. Pat-put edip, her ýere-her ýere iri damjalar gaçdy. Onuň yzy şapyrda bermese-de, ýyldyrymyň güpürdisiniň yzy kesilmedi.

Dorbedewe atlanan Ahal asmana göz aýlap durşuna:

— Ine, bu garrylaryň "Gyş gulun atdy" diýýänidir — diýip, öz-özi bilen gürleşýän ýaly edip aýtdy. Gyşyň başynda gök gürlese, gazaply sowuk bolman gyşyň maýyl bolup gelýänini Ahal Iner golakdanam, ejesi Halbikedenem telim gezek eşidipdi. Köpi gören ýaşulularyň bu diýýäniniň jany ýogam däldi. Muňa tebigatyň ata-baba synalyp gelnen hadysasy diýerler. Işine ezber münejjimleriň takyk hasaplamasy diýerler. Setanda-seýranda bolaýmasa, olaryň çaklamasy, bu hasaby dogry bolubam çykýar.

— Gyş gulun atyp, howa birneme maýyl bolaýsa kemem däl — diýip, Ahalyň gapdalynda atynyň başyny çekip duran Ilaman seslendi. Onuň aýdýany häzirki ýagdaýyň bähbidi üçin dogry bolaýmagam ähtimal. Gazaply sowuklarda, aýylganç aňzaklarda bu çöllerde elkin ýatmaklyk aňsat däldi. Başga mahal bolanda welin türkmenler munuň ýaly gyşy halap duranoklar.

“Ak iner çökmese boz maýa gaýmaz” diýen nakyl bar. Gyşyna gar ýeri bagyrtlap ýatmasa, maýsalar göýdük ösýär. Alynýan hasyl ujypsyz bolýar. Kä ýyllarda daýhanlaryň atan tohumyny alyp bilmän, hyraç çykýan wagtlaram az bolanok. Şonuň ýaly ýyllarda oraga ýeten gallanyň şagrap, gury saman bolup ýatanyny, başynyň külembike ýaly bolup egrelip ýatanyny bu ýigitleriň ikisem görüpdiler. Şonuň ýaly ýyllarda meýdanyň oty-çöpi az bolýar. Yssy basym düşýär. Gögeren otlar boý alyp almanka, ýüzi gaýdýar. Gyşyna gar ýagmadyk ýyllaryň baharam gurak, az ýagynly bolýar. Ýer ýeterlik yzgar alyp bilmeýär. Gyrtyç, ýylak diýen ýaly mallar üçin iň esasy otlar ýerden saýlanyp saýlanmanka, olaryňam ýüzi gaýdýar. Şonuň üçinem garrylar “Gyşy gyş bolmadygyň ýazy ýaz bolmaz” diýip nakyl edýärler.

Ahal bilen Ilaman urpagyň gerşinde atlarynyň başyny çekip, sanjylan ýaly bolup durkalar, hol aşaky golda gykylyk dik asmana galdy. Golda ýekeje öý, ýaşulular topary üçin dikilen öý bardy. Şol öýi goşun nirä gitse, özi bilen alyp gidýärdi. Ýaşulular şol öýden çykdylar-da, guýa tarap ugradylar. Guýynyň töweregi eýýäm adamdan doludy.

Atlaryny öňürdikledip gelen Ahal bilen Ilamanyň gözi märekäniň ortasynda ölüp ýatan ata düşdi. Onuň açyk gözleri gymyldanokdy. Edil çüýşe döwügi ýaly, buzuň bölegi ýaly bolup ýatyrdy. Onuň daşyndaky hümer bolup duran adamlar gaýra çekilip, Ahala ýol berdiler. Ahal atdan düşüp, jylawy Ilamanyň eline tutdurdy. Üýşmeleňiň däliz şekilli açylan arasy bilen ölüp ýatan atyň ýanyna

bardy. Atyň eýesi orta ýaşan adam ýüzüni ak tam edip, asdan gaçan ýaly bolup durdy. Ahal nämäniň-nämedigini atyň ýanyna gelmänkä aňypdy. Şonda-da:

— Bu nähili beýle boldy? — diýip, dodak gitdi, dodak gitdi bolup duran çaga ýaly, dodaklaryny ysgynsyz tibirdedip, gözüni töweregine manysyz aýlap duran adama ýüzlendi. Sakgally-sarmykly adamynyň gözleri suwdan pürepür doldy, sähel gymyldatsaň döküljek bolup duran goşa käsä meňzedip, perişan bolup durşuny hiç kim geň görenokdy. Türkmenlerde, onda-da şunuň ýaly söweşilip ýörlen wagty aýagyň aşagyndaky atyň ölmegi ýakyn hossaryň ölmegi bilen deň görülýärdi. At eýesi şol perişan halda:

— Ynha şeýle-dä — diýip, ölüp ýatan ata seretdi. — Men-ä ony suwa ýakdym. Olam içdi-de birdenem yraň atdy, ilki art aýaklary epildi, soňra-da özi gürpüldäp gaýtdy. Jan ajygyna bir kişňedi. Özem ysgynsyz kişňedi.

— Suwy zäherläpdirler — diýip, adamlaryň arasyndan kimdir biri seslendi. Ahal muňa näme diýjegini bilmän, esli wagt dymdy. Aşaky dodagyny çalaja dişläp, gamçysynyň sapy bilen eline kakyp durşuna dymdy. Gabagyny galdyrman dymdy.

— Guýulary barlaň, howwa. Zäherlenen guýularyň suwuny aýryň. Olary bir depim çuňaldyň, howwa, çöwlügini täzeläň — diýip, Iner golak töweregindäkilere aýtdy.

Her halkyň özüniň bir mukaddes hasaplaýan zady bar. Kesearkaç türkmenlerinden, onda-da şu ýanyp ýatan Garagum bilen iş salyşýan

türkmenlerden sorasaňyz, mukaddes zat diýip, ilki bilen guýynyň adyny agzar.

Matallardaky "Oňurgasy odundan, her kim alar süýdünden" diýilýän guýyny iň mukaddes zat hasap edýärler. "Öwlüýä tüýkürseň, tüýkür, ýöne guýa tüýkürme" diýip, ýöne ýere aýdanoklar.

Bu dünýäden atsyz-sorsuz ýitmezligiň üçin ölmezden öňürti yz goýmagyň, özüňe ýadygärlik galdyrmagyň gadymy danalar dört sany şertini aýdypdyrlar. Ine şolar: ýa bir ýylan öldürmeli, ýa bir agaç ekmeli, ýa bir köpri gurmaly ýa-da bir guýy gazmaly. Garagumda guýy meselesi ähli zatdan ýokarda tutulýar. Guýy hakynda gadymdan gelýän şeýleräk bir rowaýatam bar.

Iňlär siňeksiz çölde bir ussa guýy gazyp duran ekeni. Bu çöllerde ýoluny ýitirip, azaşyp ýören adamlar oňa tötänden gabat gelip:

— Sen bu ýerde guýy gazýaň. Bu töwereklerde muňa gelýän ýol-ýoda-da ýok. Sen guýyny kim üçin gazýaň — diýip, ondan sorapdyrlar. Ussa:

— Guýy adamlar üçin gazylýandyr. Onsoňam bu çöllerde süýji suwly guýy bolsa, oňa adamlaryň özi ýol tapar — diýip jogap beripdir. Şonuň üçin guýynyň kastyna el götermek, eneň-ataňa ýumruk çenän ýaly, şolara şarpyk çalan ýaly aýylganç günä, uly etmiş hasap edilýärdi.

Töwereklerdäki guýulary barlan adamlar beýleki guýularyň arassalygyny, hiç hili üýtgeşikligiň ýokdugyny habar berdiler. Çeleklerde, meşiklerde getirilip goýlan suwlara çenli barladylar.

Ahalyň talap etmegi boýunça şu günki suw alynýan guýularyň hemmesini barlamagy, gözden geçirmän hiç bir guýudan suw almazlygy, goşunyň jemlenen ýerlerindäki guýulara garawul goýmagy, olary göz astynda saklamagy ýaşulular topary makulladylar.

Diňe öz etrapynyň däl, bütin kesearkajyň aladasyny Ahal etmelidi. Goşun guma çekilensoň, iki etrapyň goşuny birikdirilip, serkerdelik etmeklik bir ele jemlenilipdi. Bütin Kesearkajyň serkerdesi edilip, Gylyçmyrat serdar bellenipdi. Ýöne onuň serkerdeligi uzaga çekmedi. Daşlyja diýen ýerde bolan söweşde Gylyçmyrat serdar ýaralanypdy. Gylyçmyradyň özem, onuň janyny goraýan attutarlaram näçe hüşgär bolsalar-da, düzedip bolmajak säwlige duşupdylar. Serbazlaryň agyr hüjüminiň öňünde durmak üçin serkerdäniň özi öňe düşmeli bolupdy. Ine, şonda gylyç ony gyltyz kakypdy. Oňa seredýän lukmanlaryň aýtmagyna görä, ýara çynlakaý bolmaly. Olar:

— Täze serkerdäňizi belläberiň. Gylyçmyrat serdar bäri-bärde kömek edip bilmese gerek — diýip, ýaşululara aýtdylar.

Kimi serkerde bellemeli? Ine, şu soragyň üstünde ýaşulularyň arasynda agzalalyk döredi. Olaryň pikiri ikä bölündi. Iki etrapyň ýaşululary-da serkerdäniň özlerinden bellenilmegini kem görenokdy. Durun etrapynyň adamlary bolsa hasam diş-dyrnak bolup ýapyşýardylar. Olaryň serkerdäni özlerinden bellemäge hukuklaram uludy. Goşunyň esasy güýji Durun etrapyndady. Olaryň gylyç sany beýlekä dört esse diýen ýaly artykdy. Ýaşulular topary on adamdan

ybarat bolup, olaryň ýedisi Durun etrapyndandy. Şonuň üçin olaryň pikiri Gulburun batyry ýa-da Garaoglan pälwany Kesearkaja serkerde edip bellemekdi. Gündogar etrapyň ýaşululary bolsa Ahaly öňe sürýärdiler, Olaryňam Ahaly serkerde edip bellejek bolmagy ýerliksiz däldi. Olaryňam öz tutaryklary bardy. Iki goşun birigenden soňra Ahal Gylyçmyrat serdaryň ilkinji orunbasary, ýaşulular aýtmyşlaýyn sag goly bolupdy. Olar:

— Patyşanyň ýok ýerinde ýurdy dolandyrmaly baş wezir bolar, serkerdäniň ýok ýerinde bolsa öňe düşmeli onuň sag goly, baş kömekçisi bolar — diýýärdiler. Iki tarap deňlik däldi. Ahaly goldaýan adam dört ýadamdy. Iner golak, Nurahmet serdar ýene Durun etrapyndan iki adamdy. Atanur gündogar etrapdan bolsa-da ol Ahalyň garşysynady. Onuňam sebäbi bardy.

Ýaşulular kimi serkerde bellemeli diýen meseläni çözmäge ýygnanyşmankalar Atanur bir sebäp bilen obalaryna baryp gaýdypdy. Onuň ogly Nuradyl obadady. Oba göz-gulak bolmak üçin ýigrimi adamdan ybarat kiçijik topar düzülip, şol topara Garamergen serkerdelik edýärdi. Nuradylam şol ýigriminiň biridi. Burjulyda eden günäsi üçin ony gaýdyp nökerlige-de almadylar. Almadylar däl, onuň özi gitmedi. Ol-a ýönekeý nöker bolmak islemedi, Ahalam oňa ýüzbaşylygyny bermeg-ä beýlede dursun, onbaşylygam ynanmady.

Nuradyly heý bolmanda onbaşy etmek hakynda ýaşulular toparynyň towakgasyna:

— Ol özüniň gorkaklygy bilen goşunyň içinde howsala döreder. Söweş gidip durka, ýigitleriň arasynda dörän sähelçejik howsala-da goşun üçin ölüm bilen deňdir — diýip jogap berdi.

Munuň ýaly zatlarda esasan serkerdä gulak asylýar. Sebäbi urşuň ähli webaly serkerdäniň boýnuna. Şonuň üçin “Nuradyly onbaşylyga al” diýip, ýaşulular topary aýagyny diräp durmadyk hem bolsa, Atanuruň özi oňa ýüz tutupdy, ýalbaryp görüpdi.

Garahal gojanyň öýünde Iner golaga ýoknasyny diýip, agyr sözler aýdany üçin Ahalyň Atanury onçakly keşdi çekip duranokdy. Ol içinde kine saklap ýören adam bolmasa-da, özüniň şeýle eziz görýän adamsyna agramly söz aýdylmagyny unudyp bilenokdy. Ahalyň:

— Ýok, ol ýüpüň üstünde odun goýar ýaly adam däl. Şonuň üçin islese nöker bolsun, islemese-de, goý, öýlerinde ýatybersin. Watany, ýurdy gorajak ýigitler az däl — diýip, beren kesgin jogaby şonuň aryny aljak bolýan ýaly hem görnüpdi. Elbetde, Atanuruňam, hiç kimiňem Ahalyň içki dünýäsinden habary ýokdy. Ol Ahalyň göwnüne şeýle bolup görnüpdi. Ol öz-özünden utandy, ýygryldy, kiçeldi. Ýöne welin aýdan sözüni yzyna gaýdyp almady. Boljak söweşleriň hatyrasyna, külli Kesearkajyň bähbidi üçin ol sözüni gaýdyp almaly däldi.

Atanur soňky gezek oba baranda, Garamergen bilen ikiçäk gürrüňdeş bolupdy. Şonda Garamergen:

— Ahalyň Kesearkaja serkerde bolmagyny Hyrady beg halanok. Ol Kesearkaçda dikeldiljek hanlyk üçin howply adam. Onuň

serkerde bellenilmezligi üçin eliňizden gelenini ediň — diýip, Atanura aýtdy.

— Men olara ýeke özüm näme edip bilerin?

— Sen ýeke dälsiň. Ol ýerde Gatyguly bardyr. Ýanar possun bardyr. Hyrady begiň adyndan aýtsaň, olar seni goldar.

— Sen özüň Hyrady beg diýilýän adamy gördüňmi? — diýip, Atanur ondan sorady. Eger “Gördüm” diýäýse, “Ol nähili adam?” diýip, soraljagyna şübhe ýokdy. Garamergen bolsa pylan hili diýip aýdyp biljek däldi, onuň asla salgyny berip biljek däldi. Şonuň üçin ýok diýenden gowusy ýokdy. Garamergen şonam etdi. “Bu sözler onuň sargydy” diýip jogap berdi.

Ahal hakyndaky bu pikir Atanuruň özünde ozalam bardy. Her zat etmeli welin, Ahaly Kesearkajyň serkerdesi edip belletmeli däl. Hyrady begiň adyndan aýdylandan soň-a näme, gürrüň gutarýar. Kesearkaçda hanlygyň boljakdygyna, hanyňam, Hyrady boljakdygyna Atanur henizem ynanýardy, külüň arasynda bukulyp galan köz ýaly kiçijik umyt henizem onuň kalbynda ýylpyldap ýatyrdy.

Gatyguly bilen Ýanar possun Atanurdan akyllyrak çykdylar. Olar Kesearkaçda hanlygyň boljagyna-da, Hyrady bege-de, özleriniň şu tutýan tutumlaryna-da ynamlaryny ýitiripdiler. Olar: “Şu Gylyçmyrat serdaryň diýýäni dogry bolaýmasyn. Birden ýagyşdan gaçyp damja uçraýmalyň. Bu kakabaş türkmeniň üstünden hanlyk etmek aňsad-a däldir. Bular edil möjek ýaly, gurt ýaly bir zatdyr. Sähel göwnüne ýakmasa ýa-da bir çetine degilse, özüňi parçalap, çöle

çykybermekdenem çekinmez. Şolam gaty ýakyndyr” diýen pikire ynanyp ugrapdylar. Ýanar possun has janygyp:

— Siziň şu Hyrady beg diýýäniňiz bir salgym bolaýmasyn. Men ony gowa gysymlan ýaly bir zatmyka diýýän. Gürrüň edilýär, edilýär-de, aňyrsynda görünýän zat ýok. Gulpsuz kündük ýaly bir zat — diýip, zeýrenç bilen aýtdy. Şondan gelenem olar Atanury goldadylar. Gatyguly Gulburun batyryň tarapyny tutdy. Ýanar possun Saryoglany öňe sürdi. Şu öňe sürülýän adamlaryň üçüsiniňem: Ahalyňam, Gulburunyňam, Saryoglanyňam serkerde bolmaga hukugy bardy. Olaryň üçüsem uly goşunyň müňbaşyçysydy. Ahal bulardan daşgaram serkerdäniň sag goly, birinji orunbasary bolanlygy üçin beýlekilerden sere boýy saýlanýardy. Ýöne ýaşulular toparynyň arasynda onuň tarapdary azdy. Saryoglanyň tarapdarlary bilen Gulburunyň tarapdarlary birleşip, Ahaly çete çykardylar oturyberdiler.

Öňki serkerdäniň bar mahalynda serkerde bellemek meselesi diňe ýaşulular toparyna baglam däldi. Öz ýerine kimiň serkerde bolmalydygyny çözmeli ýene Gylyçmyrat serdaryň özüdi. Ýaşulular topary diňe öz pikirlerini aýdyp, birini hödürläp bilýärdiler. Serkerdäniň ýerini tutmaly müňbaşylaryň biridi. Müňbaşylaryň nähilidigini serkerdäniň özünden oňat biljek adam ýokdy. Gylyçmyrat serdar serkerdelige görkezilýän adamlar hakynda şeýle diýdi:

— Saryoglan gowy müňbaşy. Batyr ýigit, gaýduwsyz ýigit, ýöne birneme gyzmarakdyr. Sähel zada mis ýaly gyzar durar. Çetine

kakylan zemzen ýaly çişibermek ýa-da gökdamak ýaly dym gyzyl bolup durmak serkerde üçin nogsandyr. Batyrlykda, gaýduwsyzlykda Gulburunam hiç kimden pes däl. Ýöne ol gowuşgynsyzdyr. Tiz hereket etmeli ýerinde idip ýöretmeliräkdir. Serkerde diýilýän adam batyrlykdan, gaýduwsyzlykdan daşgary sowukganly howlukman çalt hereket edip, çalt karara gelip bilýän, şol çalasynlygy bilen ýedi ölçäp bir kesmegi başarýan adam bolmalydyr.

— Näme şu häsiýetler Ahalda bardyr öýdýärmiň? — diýip, Ýanar possun nägile gepledi.

— Onda bar. Bardygyny biz gördük. Ol ýedi-sekiz ýüz atly bilen dagda iki müň atlynyň garşysyna söweşdi. Şeýle häsiýetleri bolmadyk adam güýçler deň bolmadyk söweşde üstünlik gazanyp bilmez.

Gatyguly agzyny-burnuny towlasa-da, Ýanar possun nägile gözlerini agdarsa-da, Atanur gany gaçan dodaklaryny tibirdedip:

— Biz onuň ýurtdaşy, biz oňa belet. Şonda adalatyň ýokdugyna-ha güwä geçip bileris — diýse-de, Gylyçmyrat serdar yza tesmedi. Ol Atanura seredip:

— Siziň ogluňyz Nuradyl hakynda gatyrak darandygyny eşitdim. Belki, Ahalyň beýtmegem dogrudyr, Onça-onça zat bolmasa, beýle goşunyň öňünde duraýmagam aňsat däldir — diýip, Gylyçmyrat serdar ýarasy agyrýan ýaly gaşyny çytyp, ynjyly ses bilen ýuwaşja aýtdy.

Kim näme garşylyk görkezse-de, kim nähili nägilelik bildirse-de ýaşulular topary Gylyçmyrat serdaryň diýenine geldi.

Kesearkaçda serkerde diňe uruş wagtynda bellenilýärdi. Şol serkerdäniň hanlar bilen diýen ýaly deň hukugy bardy. Gapdalynda ýaşulular topary bolsa-da olar köplenç serkerdäniň agzyna seredýärdiler. Halys göze dürtme adalatsyzlyk bolaýmasa, serkerdäniň diýeni edilýärdi. Bu gezegem şeýle boldy.

— Ahalam biziň özümizden. Gitjek ýeri ýok. Zanny biziň tarapdan. Ata-babasynda Durun etrapynyň duzuny iýen ýeri bar bolsa, ol adam bihal däldir — diýip, Gatyguly bilen Ýanar possunam Ahaly ykrar etmäge mejbur bolandyklaryny ýuwmarladylar.

Ahaly Gylyçmyrat serdaryň ýanyna çagyrdylar. Ahal ony ozalam telim gezek görüpdi. Goşun guma çekilip, bütin Kesearkajyň goşuny bir serkerdäniň elinde jemlenende, Gylyçmyrat serdar ähli müňbaşyny öz ýanyna çagyrypdy. Olar Ahal bilen dört adamdy. Serkerde müňbaşylara öňki söweşler hakynda, indiki boljak çaknyşyklar barada jikme-jik gürrüň edipdi. Ol wagt garma donly öýüň töründe güberilip oturan pyýadady. Bu öý diňe serkerde üçin, onuň töweregindäki ýaşulular üçin niýetlenilendi. Adaty öýlerdäki ýaly suwly bedreler, gapböwürde müşdekdir kersen-çanaklar, dulda ellerini gerip duran haly çuwallar, gap-gaç salynýan torbalar bolmansoň öý giň görünýärdi. Üstesine-de iň uly öýleriň biridi. Onuň ýaýbaň gol ýaly giň görünmegem şonuň üçindi.

Güberilip oturan serkerdäni ilkinji gezek gören Ahal ony belent gaýanyň gerşine çykyp oturan bürgüde meňzedipdi. Gür gaşlarynyň

aşagyndaky hyrsyz gözlerem awuna garanýan bürgüdiň gözleri ýalydy. Ol Ahalyň salamyny şonda-da, şondan soňky duşuşyklarda-da iki elini uzadyp alypdy. Türkmenlerde “Salam Taňrynyň adyndan berilýändir. Salam beren duşmanyň bolsa-da salamyny göwünjeň almalydyr. Ony sowuk-sala, biperwaý kabul etmeli däldir. Salamdan soň uly diňe Hudaýyň özüdir. Şondan başga zatlaryň hemmesi salamdan aşakdadyr, pesdedir” diýen gürrüň bardy. Gylyçmyrat serkerde şol gürrüňe ynanýardy. Şonuň üçin ol salamy çaga berse-de, edil uly adamynyň salamyny alan ýaly alýardy.

Bu gezek Ahalyň salamyny şol gaýanyň bölegi ýaly kejebeläp oturan müň ýaşly çynara çalymdaş serkerde däl-de, düşekde ýatan ýerinden zordan tirsegine galyp bilýän, ýüplüge dönen adam aldy. Ýöne welin, salamy öňküsi ýaly iki elini uzadyp aldy. Ahalyň elini gysan goşawujyň öňküsi ýaly ysgyny ýokdy. Ol öňki ýaly gataňsam däldi. Birhili esgi ýalydy.

Kesearkajyň täze serkerdesi bilen Gylyçmyrat serdar esli wagt gürrüň etdi. Ol Ahalyň söweş tärlerini öwdi. Onuň maňzyna batan zat elli atlynyň Burjulynyň daglarynda galdyrylmagy boldy. Ahal Hally galtamanyň ýa-da Hally batyryň ýigrimi atlysyna Mäteriň otuz atlysyny goşup, şol daglaryň arasynda goýupdy. Ol atlylaryň işi etek obalary gum bilen dag arany göz astynda saklamakdan, Ryzaguly hanyň kerwenlerine etek ýaplardan suw almaga päsgel bermekden ybaratdy. Elbetde, olar ullakan päsgelçilik berip durup bilmezler. Bary-ýogy elli atly. Bäş müň gylyjyň garşysyna, derýa talhan çalan ýaly bir zat. Ýöne welin Eýranyň düýekeşleri garawsyz suw alyp

durmazlar. Ýagdaýyny tapan ýerinde Mäteriň atlylary onuň suwçularyny dargadar. Her kerwen üçin ýörite goragçy atlylar gerek bolar. Bu welin Ryzaguly hana aňsat düşmez. Ahalyň kellesine gelen bu pikir Hally galtaman atlylary bilen bölünip daglaryň arasynda galmakçy bolanda gelipdi. Olara Mäteriň otuz atlysyny goşup, Mäterem ýüzbaşy belläpdi.

— Men oňarman. Maňa şu öňki müňbaşylygymam agyr düşýär — diýip, Ahal Gylyçmyrat serdaryň teklibine garşy çykdy. Serdar oňa:

— Şü, bir zat diýlende, aýagyňy diräp durmazlar. Sen ozal müňbaşy belleneňde-de şü sözleri aýdansyň — diýip, Gylyçmyrat aýtdy. Gylyçmyrat serdaryň diýýäni dogrudy. Ahal diňe müňbaşy bolanynda däl, obanyň ýigitlerine ýüzbaşy bolanda-da garşylyk görkezipdi.

— Ilki hemme zat kyn. Soň ýuwaş-ýuwaş öwrenişer gidersiň. Ýaşulular toparynyň arasynda Nurahmet serdar bar. Olam saňa kömek eder — diýip, Gylyçmyrat serdar sözi gutardym hasap etdi.

Ahal Gylyçmyrat serdaryň ýanynda esli oturdy. Ol serdar hakynda köp gürrüňler eşidipdi. Kürtler obany talap, bir toparlary ýesir alyp, sürüp gideninde Gylyçmyrat serdar öz atlylary bilen duşmanyň yzyndan ýetip, ýesirleri halas edenmiş. Ýagynyň nökerlerini dargadypmyş. Duşmanyň güýçli serkerdeleriniň biri bilen başa-baş söweşip, onuň kellesini kakanmyş diýen ýaly gürrüňlerden Ahalyň gulagy ganypdy. Bu gürrüňleri ol entek uruş başlamanka

eşidipdi. Şol mahallar Gylyçmyrat serdary bir görmegiň arzuwyndady.

Il içinde “Gowy ýigidiň lakamy köp bolar” diýen gürrüň bar. Eger lakamy köp adam gowy bolsa, onda Gylyçmyrat serdar iň gowy adamlaryň biri bolmaly. Onuň serdardan başga kese, pälwan, mergen diýen ýaly lakamlaram bar. Mergen lakamyny ol ýaý atmakdan alypdyr. Toýlarda ondan gowy, ondan ökde ýaý atýan bolmandyr. Hol beýlede biri tahýasyny ýokaryk zyňsa, Gylyçmyrat peýkamyny içinden geçirer ekeni. Ol köp toýlarda mergenligini görkezip baýrak alypdyr diýýärler.

Entek ýaş wagtlarynda Gylyçmyrat pälwanlygam edipdir. Pälwan bolup onuň agzy ýagjarmandyr. Oňa belet adamlaryň aýtmaklaryna görä, ol göreşde kän bir öňe düşüp gidibermändir. Şonuň üçin ol pälwanlygy basym taşlapdyr. Ýöne adynyň gapdalyndan pälwan lakamynyň şol ýelmenişi bolupdyr. Onuň pälwan lakamyny diňe özüniň bar ýerinde tutýarlar. Ony tutýanlaram indi az, ýek-tük diýen ýaly. Ýöne, garaz, şindem tutulýar.

Serdaryň köse lakamyny tutýanam indi az. Ol eňegi taýpy ýaly işşekçer jahylka bu lakamy onuň deň-duşlary ürç edip tutar eken. Garrylar, çagalar näme diýseler-de ýigitleriň ýanynda onuň ady diňe “Gylyçmyrat köse” ekeni. Gylyçmyrat sözüni aýryp, diňe köse diýibem tutýan ekenler. Deň-duşlarynyň käbiri onuň gaharyny getirjek bolup:

*Gylyçmyrat köse,*

*Takyrdan tasa,*

*Bir goýny iýse,*

*Doýmadym diýse,*

*Bu ne bela köse*

— diýip, setirleri sanar ekenler. Ýöne Gylyçmyradyň ol zatlara gahary gelmändir. “Ol dürtmeseň duýmaz” diýilýän türkmenlerden ahyry. “Ony baryp uraýmasaň, dagy zada gahary geljek adam däl” diýip, onuň gürrüňini tötänden edenoklar. Onuň özüne köse lakamynyň dakylmagyna gahary gelmeg-ä beýlede dursun, gaýta şony diýýän adamlara:

*Gabyň gowsy käsedir,*

*Ýigidiň gowsy kösedir*

— diýip, öz döreden iki setirini gaýtalar ekeni.

Bulardan başga-da Gylyçmyrat serdaryň “Perwana bagşy” diýenem lakamy bolupdyr. Bagşy lakamy geň däl. Ol düşnükli. Onuň kämahal tüýdügiň ýa-da dutaryň gapdalyndan göwni göterilen wagty “haw” diýäýmesi ýok däl eken. Ony tanaýan, belet adamlaryň aýtmagyna görä çaga wagtynda ol obanyň çekene owlak-guzusyny bakar ekeni. Şol çekene bakýan döwründe tüýdügi gowy çalypdyr. Ýöne bu eýýamda onuň tüýdük çalanyny gören ýok. “Dutary welin onuň henizem käýarym tirňildedäýmesi bar” diýýärler. Ol hiç wagtam atly bagşy bolmandyr. Ýöne toýda-üýşmeleňde adamlary güýmäp bilipdir. Eýranyň uly sazandalarynyň biri “Türkmenler eline dutar alanyna bagşy, güne ýatanyna han diýýärler” diýenmiş. Şonuň aýdýanynyň dogry bolaýmagam ähtimal.

Kesearkajyň öňki serkerdesine bagşy lakamynyň galmagy şol. Ýöne “Perwana” lakamynyň nirede, nähili, neneňsi dakylanyny hiç kim bilenok. Ähtimal bu söz parslaryň perwana sözünden gelip çykan bir zat bolsa gerek.

Ýaşulularyň arasynda ony bilýänler ýok däldir. Ol lakamyň nireden düşüp ýörenini onuň özem bilýändir. “Aňyrsynda ot bolmasa, tüsse bolmaz” diýleni. Ýöne hiç kim onuň gürrüňini edip ýörenok. Aslynda şol lakamyň özem bu eýýamlarda hasap guşy ýaly seýrek tutulýar.

Şol köp lakamly gowy adamynyň ýanyndan Ahal gerşi agyr ýükli çykdy. Ol bütin Kesearkajyň serkerdesi bolup, bütin Kesearkajyň webalyny boýnunda göterip, serdaryň ýanyndan çykdy. Ol özüniň öňki müňbaşylygyny ýakyn kömekçisi, öňki orunbasary Çörli batyra tabşyrdy. Öz ýanynda diňe Ýolamanyň ýüzlügini alyp galdy.

Kesearkajyň täze serkerdesini hemmeler makulladylar, gutlady diýseň hakykatdan öte geçdigiň bolardy. Ony unamadyklar, halamadyklar boldy. Halamadygyň biri Garamergendi. Bu habar onuň içinden otly peýkam bolup geçdi, iki gonjuna gor guýdy. Içi gidýän ýaly esli wagt içini tutup gezdi. Bir gün öz kömekçisi Nuradyla:

— Hyrady beg Ahalyň serkerde bolmagyny halanok. Ahaly öldürip ýok etmekligi tabşyrdy — diýip, oňa aýtdy.

— Ahal çybyn däl, barmagyň bilen basyp mynjyradaýar ýaly. Beg beg bolýan bolsa, nädip ýok etmelidigini aýtsyn.

— Awy bermeli — diýip, Garamergen goltugyndan bir gap çykardy. — Ynha şunuň içinde ezraýyl otyr. Şony Ahalyň üstüne küşgürmeli.

— Ony nädip küşgürmeli? Kim küşgürmeli? Belki, Hyrady beg onam aýdandyr?

— Aýtdy. Şundan bir damjasyny Ahalyň içjek suwuna ýa-da iýjek naharyna damdyrmaly.

— Bu zatlary kim etmeli onsoň?

— Kim bolar öýdýäň? — diýip, Garamergen gürledi. — Ahala ýakyn durýan, hemişe onuň ýanynda bolýan adam etmeli bolar-da. Beýle adamam seniň kakaň, Atanur aga.

— Ýok, meň kakam beýdibilmez. Boýnam almaz — diýip, Nuradyl çürt-kesik aýtdy. Garamergen onuň ýüzüne gaharly seretdi:

— Kesearkaç bu gün bolmasa ertir hanlyga öwrüler. Hyrady begem han bolar. Onsoň onuň ýanyna barmagam-a gerekdir.

— Gerek bolanda men näme edeýin?

— Sen şuny kakaňa eltip ber. Hyrady begiň sözüdigini şoňa ýetir. Galanyny özi oňarar.

Şol gürrüňden soň bolsa iki gün geçendir-dä, Garamergeniň goltugyndan çykaran gaby Atanuruň goltugyndady. Atanur ony alyp galmagy kyn görüpdi. Ýöne Hyrady begiň sargydy bolansoň yzyna gaýtarmaga milt edip bilmedi. Ol kakasyny görüp gaýtmak üçin gelen Nuradyly ýola salanda:

— Hudaý bizden bolsa oňarjak bolaryn. Goý, Garamergen Hyrady bege şeýle diýibem aýtsyn — diýip sargady.

Kesearkajyň hanynyň öňünde ýüzli bolmak, onuň salgyt ýygnaýan emeldarlarynyň biri bolmak, iň bolmanda şol emele Nuradyly sokmak onuň uly arzuwydy, gökdäki dilegidi. Şol emeli alyp bolsa, Iner golak ýaly Taňrysyny tanamaýan bozgaklaryň gözüne görkezer. Niçikdir şolar sanly günüň içinde “Jan aga” diýip, başyny etegine salyp, Atanuruň gaşynda dyza çökäýse.

Dyza çökäýse näsini aýdýaň? Ýöne bu zatlar entek “durna gökde, duzak ýerde” bolup, Atanuruň göwün ýüwürtmesi, kowalaýan salgymy. Onuň hakykata öwrülmegi üçin edilmeli iş kän. Ilki bilen Hyrady begiň tabşyrygyny ýerine ýetirmeli. Goltugynda göterip ýören gabyndaky zäherden Ahalyň iýjek naharyna, içjek suwuna damdyrmaly. Damdyrmaly diýip dilde aýtmak aňsat. Hany damdyrjak bolup gör. Adamlar töweregiňde seredişip durlar. Üýtgeşik hereket etmäge wagtam ýok, maýam ýok.

Atanur Ahalyň iýýän naharyndan, içýän çaýyndanam uzakda. Oňa şubela golaýlaşjak bolýar. Ýöne başa baranok. Onuň ýüregine aralaşan gorky barha güýjeýärdi. Soňabaka elleri ýuwaşja sandyrap ugrady. Içi giden ýaly egreldi. Ýüzi gara-ört boldy. Günäsiz bir adamyny öldürjek bolsaň aňsadam däl ekeni. Ynsaba gezek galsa ol Iner golagy bilen bütin Ýandakly obanyň adamlaryny “ol dünýä” ugradyp biljek. Onuň ellerini sandyradýan, gara-ört edip horlaýan zat onuň öz janydy. Onuň ýüregine düwen pikirini biläýseler, ony saňsara daş edäýmezlermi? Dünýäde iň uly günä dönüklik hasap edilýär. Onuň bäri ýanyndakam ganhorlyk. Onda-da bu wagt Ahala kast edendigiňi bilseler it alan sanaja döndererler. Bu goluň içinde

atlaryny tabyrdadyp ýörenlere seret. Olar seni degirmeniň bokurdagyna düşen däne ýaly edip üwärler.

Atanuruň şol sandyrap, basga düşüp ýören wagty onuň içki dünýäsinden bihabar Iner golak:

— Sen ýaramaýan bolsaň öýe gaýdyber. Ýüzüň-gözüň gökdalak. Gün urupmy, gaýzygypmyň? — diýdi.

— Ýaraman maňa üýtgeşik bolýan zadam ýok. Janym sagat, işdämem ýerinde. Ýöne biraz ukym bozulypdyr diýäýmeseň. Ýatamda ynjalyksyz ýatýan.

Şu geçen üç-dört günüň içinde öňki göze doly Atanur ekinleriň gyrasynda goýulýan garantga dönüpdi. Erbet pyglyny durmuşa geçirmek üçin onuň oýlanmadyk, pikirlenmedik zady bolmady. Oýlanyp-oýlanyp tapany goltugyndaky alahöwren ýaly bolup ýatan gabyň içindäki guýa dökmek boldy. “Möjegiň gözlegi garaňkylyk” diýen ýaly, gijäniň bir wagty garaňka dulanyp, zäheri guýa döküp gaýtdy. Ony hiç kim görmedi.

“Guýyny zäherläpdirler, bir at ölüpdir” diýen habary Garamergen şol günüň ertesimi, biri günümi eşitdi. Ol aşaky dodagyny mazaly agyrýança dişi bilen gysyp, ahmyr etdi. Onuň bar ynamy şoldy. Olam bolmady.

— Kakaň tabşyrygy ýerine ýetirmändir. Ne bir gymmat dermany zaýalapdyr. Hyrady beg ondan nägile — diýip, Nuradylyň ýüzüne gaharly seretdi.

## AHAL ATLANANDA

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, müňbaşy Nowruzaly han Şahrudy siziň huzuryňyza girmäge yjaza soraýar.

— Goýberiň — diýip, Ryzaguly han elini salgap aýtdy. Çadyryň eňsisini serpip içerik giren Nowruzaly han sag elini kükregine goýup, başyny egdi. Ryzaguly han:

— Salamyňy kabul etdik, Nowruzaly han. Ýeri, nähili şum habar getiren bolsaň aýdyber — diýip, müňbaşyň ýüzüne ýaraly ýolbars ýaly, gan öýen eýmenç garagyny dikdi.

Üç-dört günden bäri Eýranyň goşunlary türkmenleriň üstüne doly güýji bilen hüjüme geçip bilenokdy. Goşunyň esasy kynçylyk çekýän zady suwdy. Bäş müň aty, bäş müň adamyny suwa ýakmagam, bu gumuň içinde dilde aňsat. Üstesine-de türkmenler yza çekilen ýerlerindäki ähli guýulary gömüpdirler. Olaryň köpüsini täzeden gazdylar. Ýöne birinden suw çykaryp bilseler, ikinjiden çykaryp bilmediler. Çykarýanlaram gaty ujypsyzdy. Bir gowa, iki gowa çekdigiň gutarýardy. Onsoň garaşyp oturmaly, syrygyp suw ýygnanýança. Şeýdip onça adamyny, onça ýabyny suwdan gandyryp bolmajakdygyna Nowruzaly müňbaşam, Ryzaguly hanam gowy düşünýärdi.

Suw meselesini çözüp biläýjek Kesearkajyň ýaplarydy. Şol ýaplardan suw almak üçin telim kerweni ýola saldylar. Ol ýerden suw getirjek bolsaň, kerwen pesinden iki gün ýa-da bir gije-gündiz ýol ýöremeli. Bu ýoluň bir tarapy. Yzyňa-da şonuň ýaly. Her

kerwene iki-üç günden soň garaşmaly. Bir päsgelçilik bolmasa, bular bilen mydar etmek boljakdy. Ýöne welin päsgelçiligem ýüze çykýardy. Suwa giden kerwenleriň eýýäm üçünjisiniň talanandygyny, dargadylandygyny Ryzaguly hana habar berdiler. Indi her kerweniň ýany bilen goragçy atlylary ibermeli. Soňky gezek iberilen kyrk atlynam dargadypdyrlar, şol çaknyşykdan sypyp gelen atlylar kerweniň şum habaryny Nowruzaly hana ýetirdiler.

— Kyrk-elli atly bilen kerweni gorap bolanok. Asyl suw almaga maý berenoklar. Olar köp. Bir topary goragçy serbazlary uruş bilen güýmese, ikinji bir topary başga tarapdan gelip, kerwene daraýar. Suwçulary ýok edýärler. Çelekleri döwýärler, meşikleri ýyrtýarlar — diýip, Nowruzaly hana – urşuň esasy serkerdesine habar berýär. Ony eşiden Ryzaguly han:

— Iberilýän kerwen bir ýa iki bolsa, her haýsynyň daşyna ýüz atly goragçy goýsaň. Kerwenler bir ýa iki däl. Bir topar. Her kerwene goragçy edip ýüz atlyny ibersek, bu ýerde näme galýar — diýip, Ryzaguly han bolmajyny bolup, müňbaşynyň ýüzüni alypdy. Bu ýagdaý Nowruzaly han uly serkerdäniň ýanyna geçen gezek geleninde bolupdy. Eýran goşunlarynyň üç-dört gün bäri hüjüm edip bilmän, bir duran ýerini depeläp duranam, köplenç söweşde ýitgä sezewar bolup, yza çekilýänem Ryzaguly hanyň Nowruzala: "Ýene näme şum habar getirdiň?" diýýänem şonuň üçindi.

— Bu gezegem getiren habarym öňkülerden gowy däl, şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz — diýip, müňbaşy sözüni dowam etdi. — Kesearkaç Maru-Şahu-jahana kömek sorap ýüz tutupdyr. Ol

ýerden bäş ýüz atly bilen ýüz düýe ýüki däne kömek iberipdirler. Atlylar ilerden gelýär. Ahalyň şo ýerde goýup gaýdan garakçylary bilen birigip, biziň yzymyzdan urmakçy. Ýüz düýeli kerwen ýigrimi atlynyň goragynda Geriruduň öwrüm edýän ýerinden geçip, gaýradan gaýdypdyr. Hyrady begiň habar bermegine görä, olar Çaloýugyň üstünden geljekler.

— Ol eşek ogrusy Hyrady begiň şum habar ýollap ýatmakdan başga başarýan işi ýok. Adamlary raýat bolmaga näme üçin ol henizem yryp bilenok? Men ony...

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, häzir oňa gahar edip oturmaga wagtymyz ýok. Biziň etmeli işimiz şol abanyp gelýän bäş ýüz atlynyň hemem kerweniň ugruna çykmaly — diýip, Nowruzaly han gürledi.

Ryzaguly hanyň Nowruzalydan başga-da bäş sany müňbaşysy bardy. Bahadur ymam ýaly, Ahmedaly söwdagär ýaly maslahatçylary bardy. Şolaryň hiç birem Ryzaguly hanyň gaşynda beýle kesgitli gürläp bilmezdi. Nowruzaly Şahruduň hany, özem täze han bolan adam. Elbetde, Şahrud Maşat däl. Kiçijik şäher. Kiçijik hanlyk. Obanyň öňüni dolan. Ýöne Nowruzaly hanyň artykmaçlygy şalaryň şasynyň ony özüne has ýakyn tutmagydy. Şonuň üçin oňa darabermäge Ryzaguly han çekinýärdi. Ýöne bir çekinmegem däl, ondan gorkýardy. Şu uruşda şalaryň şasy Nowruzaly hany onuň gapdalyndan bilgeşlin goşan ýalydy. Göwnüne uruşdan soň özüniň gyrakladylyp, ýerine Nowruzaly han Maşadyň hany bolup

oturyberjek ýalydy. Onuň “Häzir oňa wagtymyz ýok” diýip, akyl beren äheňde rüstem gürlemegi şonuň üçindi.

— Ol abanyp gelýän bäş ýüz atlynyň garşysyna öz müňlügiň bilen gidersiň. Olary entek biziň ýeňsämize aýlanmanka, Kesearkajyň suwundan rişdämizi üzmänkä ýok etmeli. Galla ýükli kerweniň garşysyna mürzäniň atlysyny iber. Goý, onuň goragçylaryny ýok edip, kerweni şu ýere alyp gelsin.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, men mürzäni kerweniň ugruna çykaryp bilerin. Ýöne özüm şol bäş ýüz atlynyň öňünden gidip biljek däl. Şalaryň şasyndan permanly çapar geldi. Şalaryň şasy meni öz huzuryna çagyrýar.

Şalaryň şasyndan gelen çaparyň öz huzuryna gelmän, Nowruzaly hanyň gaşyna gelmegi Ryzaguly hanyň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly etdi. Herki zada yrym etmäni gowy görýän Ryzaguly han bu ýagdaýy öz peýdasyna ýormady. Köşge özüniň çagyrylman, Nowruzalynyň çagyrylmagy onuň ähli dünýäsini eliň aýtymyna getirdi. Onuň iki aýagyny bir gonja sokdy. Howa ýetmeýän ýaly demini kynlyk bilen aldy.

— Sen onda beýläk haçan ugramakçy? — diýip, Nowruzaly hanyň ýüzüne torsarylyp seretdi. Onuň mama dişän ýüzi ýyl gurak gelip, ýagyn ýagman, tebsiräp, tozap ýatan meýdana meňzeýärdi.

— Men şu gije ýola düşjek.

— Ýanyňa näçe atly alýaň?

— On atly ýeterlik-le.

— Goý, ýene bäş atly gitsin. Seni ugradyp Gümmezgaýadan geçirip gaýtsyn. Sag-aman ýola salanlary hakynda habaryňy maňa alyp gelsinler. Sen git-de şaýyňy tutuber, mürzäni özüm ýola salaryn.

Nowruzaly hana rugsat berip, hemişe gapysyny saklap duran, ýumuş bolsa çapyljak at ýaly hyzmata taýýar işik agasy Gulamala Fahreddin mürzäni çagyrmagy tabşyrdy. Özi bolsa tirsegini ýüpek ýassyga diräp, mahmal düşekçäniň üstüne gyşardy.

Bu ýagdaý, bu waka Ryzaguly hanyň çadyrynda Gün guşluga galyp-galmanka bolupdy. Şondan birnäçe salym geçensoň, Gün ortadan agyp, öýlä aralaşanda “Towşanly oýda” dikilen ýalňyz öýde çaý içip oturan Ahalyň keýpini öýe hasyrdap giren Ilaman bozdy. Ol gylyjynyň sapyny gysymlap baş egdi-de:

— Meniň serdarym, bir kürti ýesir tutupdyrlar.

— O nä maňlaýy gara kürt? — diýip, Ahal soňky käse çaýyny hopurdadyp başyna çekdi. Soňra ýerinden turdy, tärimden ildirilgi gamçysyny alyp, guşagyna gysdyrdy. Başyndaky telpeginiň o ýerine, bu ýerine kakyp, gapydan çykdy. Bu wagt eli ýalaňaç gylyçly dört sany pyýada bir serbazy öňüne salyp, ilerki ýapydan inip gelýärdi. Olaryň öňündäki murtlak adamyň elleri arkasynda daňylgydy. Ýesir Ahalyň alkymynda daýandy.

— Siz şol Ahal serkerde diýilýänmi?

— Hawa, şol diýilýän.

— Ýigitleriňe aýt, meniň ellerimi çözsünler.

— Elini çözüň — diýip, Ahal ony alyp gelen ýigitlere ümledi. Elini çözdüler. Serbaz awuşan goşarlaryny owkalaşdyrdy-da:

— Ýigitleriňe aýt, meniň atymy, ýaragymy hem bersinler — diýip, Ahalyň ýüzüne seretdi.

— Görýän welin, sen ýene kän zady talap edersiň-ow — diýip, Ahal aýtdy.

— Talap etmez ýaly men ýesir däl. Ýesir söweşilip alynýandyr. Meniň özüm geldim. “Dogry gelen keýigiň iki gözünden başga aýyby ýok” diýilýän nakyl sizde-de bar bolsa gerek. Ýigitleriň hasyr-husur meni atdan ýykyp, meniň elimi daňdylar.

— Belki, sen näme üçin geleniňem aýdarsyň.

— Onam aýdaryn. Ýöne ony ýeke özüňe aýdaryn.

— Meniň şu adamlardan gizlin syrym ýok. Näme aýtjak bolsaň aýdyber, duran ýeriňden.

— Seňki ýogam bolsa, meňki bar — diýip, serbaz bir diýenini tutdy. — Kesearkajyň uly serkerdesi ikiçäk gürleşmäge wagt tapmaýan bolsa ýa-da gorkýan bolsa, men gelşim ýaly yzyma gaýdybam bilerin.

— Gaýtarsalar gaýdarsyň-da — diýip, ýigitleriň biri aýtdy.

— Men özüm geldim, özümem gaýdaryn. Söweşip ýesir almadyk adamlaryny daňyp saklar ýaly, ýesir aldyk diýer ýaly türkmen ýigitleri beýle namart däldirler.

Bu ýigidiň gep atyşy, batyrgaý gürleýşi Ahalyň maňzyna batdy. Onuň hiç bir müýnüniň ýokdugyny sözlerinden aňdy. Ol ýesir serbazlaram öň görüpdi. Olarda munuň ýaly batyrgaý gürlemek,

özüni erkin alyp barmak beýlede dursun, gaýta suwa çümdürilip çykarylan torgaý ýaly kibitlerini gysyp, ýere giräýjek bolýarlar. Özleriniň “Şalaryň şasynyň nazary siňen” diýip mahabat berýän Ryzaguly hanlaryna gargap, agzyndan gelen paýyş sözlerini aýdýarlar, zeýrenýärler, gözýaş edip aglaýarlar. “Gylyçdan geçirmäň” diýip aman dileýärler. Bu ýesiriň bolsa jinnek ýaly hem olara meňzeýän ýeri ýok.

— Boljak-da. Ikiçäk gürleşjek diýip, kakylan gazyk ýaly aýagyňy diräp dursaň men näme edeýin. Ýör, çete çykaly — diýip, Ahal ony beýläk alyp gitdi. Olar baharyň başynda gök öwsüp indi guran palajyny şagyrdadyp oturan ak selniň, çarwalar aýtmyşlaýyn erkek selniň düýbünde çökdüler. Ahal selniň palajyny gysymlap aldy. Ony ellerinde owkalady. Çaryga, çokaýa olduryk edäýmeli, gözüň ýagyny iýip barýan ýumşak palaç. Oldurygy köplenç gara selinden edýärler. Ak selniň munuň ýaly palajy tapylyp duran zat däl. Aslynda ak selniň özi az. Olaram edil sözen agaçlary ýaly ak urpaklaryň gerşinde, ýalazy ýerde bolýarlar. Özem edil sözenler ýaly, siňrenler ýaly seýrek ösümlikleriň biri.

— Meni Barat pälwan seniň ýanyňa salam bilen iberdi. Onuň adyny özüňden başga adamlar eşitmeli däl — diýip, serbaz aýtdy.

— Barat pälwan salamat bolsun. Ýöne bular eşideninde-de aýyby ýok. Bular öz adamlarymyz.

— “Dostuň öte dosty bar” diýen ýaly öz adamlaryňyzyň öz adamlary bar. Olaryň arasynda Hyrady begiňem ýaranlary ýok däldir. Olar Ryzaguly han bilen häli-şindi gatnaşyk edip durlar.

Tilkiden: “Iň gowy sapalagyň haýsy?” diýenlerinde “Görünmezlik” diýenmiş. Şonuň üçin olar eşitmesinem, görmesinem, bilmesinem.

“Öz adamlaryňam öz adamlary bar” diýen sözi Ahal içinden gaýtalap dymdy.

— Ol diýeniň dogry. Onsoň Barat pälwan seni näme üçin, näme sargyt bilen iberdi?

— Meniň adym Ybraýym. Şahruddan,— diýip, serbaz özi hakda gürrüň berdi. Onuň ady ýene Ybraýymam däldi-de, Aly Ybraýymdy. Şahrudda Barat pälwanlaryň duldegşir goňşulary. Ýagyrniçligi görnüp duran ýarlykly garyplaryň biri. Köwüşçi ussanyň ogly. Atasyna Dodar köwüşçi diýer ekenler. Olaryň köwüş dükany Alymuhammediň haryt dükany bilen ýanaşyk bolupdyr. Şanyň myhman gelen nökerleri Alymuhammediň dükanyny otlanynda, Dodar köwüşçiniňem dükany ýakypdyr. Barat pälwanyň öz dükanyny dikeldip bilmeýşi ýaly Dodar köwüşçem dükanyny dikeldip bilmändir. Ol öz işini Şahrudyň bazarynyň bir çetinde alyp barypdyr. Özüne kiçijik çatma dikinip, şonda köne-sana köwüşleri ýamamak bilen meşgul bolupdyr. Dolanyp täze köwüş tikip bilmändir.

Dodar köwüşçi diňe köwüşçi däl, ökde ädikçi bolupdyr. Onuň tiken ädikleri diňe Şahrudda däl, Tähranyň, Maşadyň, Isfihanyň bazarlarynda-da “Dodar ädik”, “Dodar tiken ädik” diýen at bilen meşhur bolupdyr.

“Dodar ädigi” geýip çyksaň, edil bedew ata münüp çykan ýalydyr” diýip, gürrüň edýärler. Şol ädik Eýranyň ýaş ýigitleriniň

elýetmez arzuwy bolupdyr, Ýigitleriň öýlenýän güni şol ädigi geýdirer ekenler. Kesearkaçda öýlenýän ýigide gyrmyzy don geýdirip, tirme guşak bilen bilini guşamagyň endik bolup galyşy ýaly Maşat, Şahrud etraplarynda-da öýlenýän ýigidiň aýagynda-da “Dodar ädik” bolmagy endige, däbe öwrülipmiş. Ertekileriň gahrymanlaryny wasp edenlerinde “Dodar ädikli, bedew atly, almaz gylyçly” diýip taryplar ekenler. Oňa baý söwdagärler, täjirler gelip ýörit ädik alar ekenler, ädik tikdirmek uçin gaýyşgön getirer ekenler.

Barat pälwanyň dükany ýananda onuňam dükany ýanypdyr. Şeýdibem şol meşhur ädigiň yzy ýitipdir. Ädik tikmegi ýaňy öwrenip ugran Alybraýym ol käri öwrenip-öwrenmänkä taşlamaly bolupdyr. Şondan soň bar işi köne-sana köwüşleri ýamamak ekeni. Meşhur ädikleriň ussasy Dodar ussa dükany ýanansoň köp ýaşamandyr. Ol şo ýylmy ýa soňky ýylmy aradan çykypdyr. Öz ogly Alybraýym köwüş ýamap gün görer ýaly şo ýangyndan alyp galyp bilen senetlerini miras goýupdyr. Uruş başlanmazynyň öň ýanynda Barat pälwanyň kömegi bilen olam serbazlyga geçipdir.

Kesearkajyň asuda ilatynyň garşysyna uruş başlanmagyny Barat pälwanam, Alybraýymam oňlamandyr. Olar permana boýun bolup, türkmenleriň garşysyna söweşseler-de, öz hanlaryndan ýaňa içi ot ýalymyş. Bu hakda:

— Nowruzalynyň kimdigini bilýäňmi? Ol meniň dükanymy, seniň dükanyňy, ýene biziň ýaly ençeleriň dükanyny otlap, şonuň arkasyndan han bolan adam. Ezraýyl biziň enemizi-atamyzy alsa, Nowruzaly biziň ölmez-ödümizi aldy. Özüniň demir ýaly penjeleri

bilen bokurdagymyzdan tutdy — diýip, Barat pälwan Alybraýyma gör, näçe gürrüň berdi. — Olar “Siziň duşmanyňyz türkmenler” — diýip aýdýarlar. Ýöne türkmenler baryp meniň elimden çöregimi alanoklar, dükanymam otlanoklar. Häzirem türkmenler biziň üstümize däl-de, biz olaryň üstüne bardyk. Biz olary ýurduny taşlap, yzanda-çuwan guma gaçmaga mejbury etdik.

— Ryzaguly ýaly, Nowruzaly ýaly hanlardan türkmenler bize has ýakyn — diýip, Barat pälwanyň özi aýtdy. Barat pälwan menden hiç zady gizlemeýärdi. Biz uzak ýyllar bile goňşy bolduk. Birek-birege mydama hormat goýduk. Bir-birege ýalan sözlemedik. Ine, bu gün bolsa Barat pälwan meni bärik gaýtmaga yrdy — diýip, Alybraýym özüniň bu ýere gelşi barada gürrüň berdi.

Alybraýymyň gürrüňinden agyr oýa batan Ahal, birden aýňaldy-da uludan demini aldy. Ol içki duýgusyny daşyna çykarmazlyk, duýdurmazlyk üçin gapdalynda şakyrdap duran gylyjyny, guşagyny düzedişdirdi-de:

— Onsoň Barat pälwan seni näme sargyt bilen ýollady? — diýip, özüniň entek jogap alyp bilmedik sowalyny gaýtalady.

— Maru-Şahu-jahandan kömege garaşýaňyzmy? — diýip, serbaz onuň özüne sorag berdi.

— Beli, garaşýas — diýip, Ahal onuň öz äheňinde ikirjiňlenmän jogap berdi.

— Şol garaşýan kömegiňiz Çaloýugyň üstünden gelýärmi?

— Hawa, şoň üstünden gelýär.

— Şonuň üstünden gelýän bolsa, şol ýüz düýe dänäni basyp almak üçin Ryzaguly han Fahreddin mürzäniň ýüzlügini Çaloýuga ýollaýar. Eger çäre görmeseňiz...

— Mürzäniň ýüzlügi diýilýän altmyş atlydyr-da.

— Şeýle bolsa gerek. Hawa, şeýle. Barat pälwan ony şeýle diýip aýtdy.

— Bu habar üçin taňryýalkasyn. Onuň çäresini göreris. Ýene näme?

— Ýene Maru-Şahu-jahanyň etegini syryp gelýän bäş ýüz atlysynyň öňünden müň atly iberýärler.

— Ine, bu habar jaý wagtynda. Şol atlylaryň iberilýän wagtyny dürs bilip bolaýsa?

— Aýby ýok, onam bileris.

Alybraýym şalaryň şasyndan gelen çaparyň Nowruzaly hanyň yzyna çagyrylýanlygy hakynda perman getirendigini, onuň eýýäm ugramaga şaýyny tutup ýörendigini gürrüň berdi. Serbaz onuň näme üçin çagyrylandygyny bilenok. Ýöne welin Nowruzaly hanyň şalaryň şasyndan ýene kömek sorajakdygyny Barat pälwandan eşidipdi.

— Biz ol zatlary göz öňünde tutarys. Ol ýerden kömek gelýänçä, ýene bir kömek soramaly etjek bolarys — diýip, Ahal aýtdy.

— Şu mahal Ryzaguly hanyň nökerleriniň arasyndaky ýagdaý gaty kyn. Olary suw ýetmezçiligi horlaýar. Suw serbazlara ölçelip berilýär. Olar suw üçin öz aralarynda uruşmakdanam,

ganjaryşmakdanam gaýdanoklar. Ýabylaryň arasynda suwsuz ölýänleri hasam köpelipdir. Serbazlar pyýada galýarlar.

— Bu entek hiç. Howa ýagman, zat etmän şu durşuna dursa, ýene birki hepdeden Ryzaguly hanyň gözi nämäni göräýerkä? — diýip, öz-özüne aýdýan şekilde gürledi. Bu onuň özi duýman daşyna çykaran içki duýgusy bolsa gerek.

Eýran serbazlarynyň üstüne abanýan howp diňe suw belasam däldi. Ol howp başga ýerden gelýärdi. Ol has erbetdi.

— Şalaryň şasyndan gelen çapar ýene bir habar getirdi. Eýranyň Ajarystana giden goşunlary gozgalaňy ýatyryp bilmän, basylyp gelipdir — diýip, serbaz Barat pälwandan eşiden habaryny aýtdy.

Isfihanyň häkimi Şöwket hanyň baştutanlygynda Ajarystana giden goşun çaparyň habar berşi ýaly ýeňlip gelmändi. Şöwket hanyň özi söweş meýdanyny taşlap, goşuny yzyna alyp gaýdypdy. Onuňam sebäbi bardy:

Şöwket hanyň aýal dogany Sitara hanym şalaryň şasynyň aýallarynyň biridi. Onuň näçe aýalynyň bardygyny bilýän ýok. Ýöne welin bir zat aýdyň. Olam onuň aýaly bir ýa iki däl. Türkmenler “Şanyň kyrk aýaly bolanmyş” diýýärler. Şanyň aýaly kyrkmy ýa bäri ýanymy, ony bilýänem ýok, sananam ýok. Bir zat welin belli. “Üç, ýedi, kyrk” diýen sanlar türkmenleriň iň gowy görýän sanlary bolupdyr. Olar halk döredijiliginde hasam köp duş gelýär. “Pylan patyşanyň üç ogly bolupdyr. Olar üç günläp ýol ýöräpdirler. Akpamygyň ýedi dogany ýedi gün Akpamygyň daşyny saklapdyrlar. Hanyň kyrk atlysy kyrk günläp ýol ýöräp ahyry baryp ýetipdirler.

Üç, ýedi, kyrk sözi ertekilerde häli-şindi geler durar”. “Eýran şasynyň kyrk aýaly barmyşyn” diýen sözem şonuň ýaly bolmagy ähtimal.

Ine, şol köp aýalyň biri Sitara hanymdan bolan ogul bar. Oňa Siýawuş şazada diýýärler. Şanyň beýleki aýallaryndanam ogullary bar. Ýene iň ulusy Siýawuş. Ine, şol ogullaryň arasynda, dogrusy şolaryň hossarlarynyň, tarapdarlarynyň arasynda tagtyň mirasdüşeri kim bolmaly diýen dawa köp wagtdan bäri gidýärdi. Soňky wagtlarda bolsa şo dawa has güýjäpdi.

Isfihan Tährandan soňky iň uly şäher. Ol Eýranyň gadymy paýtagtlarynyň biri bolupdyr. Isfihanlylaryň rowaýatyna gulak assaň, şäheriň asly Esfihan bolup, ol “Nesfejahan — dünýäniň ýary” diýen sözden gelip çykanmyş. Isfihanlylar öz şäherlerine guwanýarlar, buýsanýarlar. Olar özlerini beýleki şäherlilerden köp derejede artyk hasap edýärler. Bir isfihanlydan:

— Eger isfihanly bolmadyk bolsaň haýsy şäherli bolanyňy gowy görerdiň? — diýip sorapdyrlar. Ol adam:

— Eger men isfihanly bolmadyk bolsam isfihanly bolanymy gowy görerdim — diýip jogap beripdir. “Aýlanyp-dolanyp, Eýranyň paýtagty ýene Isfihan bolar” diýip, olar pikir edýärdiler. Şalaryň şasynyň ogly Siýawuş şazada isfihanly ýegenidi.

Siýawuş şazadanyň tarapyny tutýan onuň daýysy, Sitaranyň uly dogany, Isfihanyň häkimi Şöwket handy. Kazerunyň, Bender-Abbasyň, Kermanyň hanlaram Şöwkedi goldap, tereziniň Siýawuş tarapyndan aslyşýardylar. Şöwket hanyň goşuny ajarlara garşy

söweşden çykaryp alyp gaýtmagam şonuň üçindi. “Bir keçäniň üstüne on daýhan sygar, bir ýurda iki han sygmaz” diýen nakyl bar. Aýdylyşyndanam beter. Eýran hanlary ortalaryna süňk oklanan itler ýaly bir-birlerine dişlerini syrtardyp, hyňranyşýardylar. Sähelçe “hüşt” diýseň garpyşyp, ganjaryşmakdanam gaýtmajak bolşup durlar.

Şazada soňky bir ýyl bäri şa köşgünde ýaşamandy. Ol Isfihanda, daýysynyň galasynda bolýardy. Şöwket han ony öz ýanynda saklaýardy. Şanyň beýleki aýallaryndan bolan ogullarynyň birini köşkde awy berip öldüripdiler. Awyny oglanyň naharyna atypdyrlar. Onuň üçin aşpezem, nahar getirip berenem, köşgüň enekelerinem, emeldarlarynyňam käbirini jelladyň öňüne atypdylar. Onuň bilen şazada direlenok.

Şazadanyň öldürilmeginde şanyň beýleki ogullarynyň tarapdarlarynyň hossarlarynyň eliniň bardygy şübhesizdi. Şöwket şeýle pikir edýärdi. Ol: “Şazadanyň janyna kast etdi” diýlip, jelladyň aýpaltasynyň astyna oklanan adamlaryň günäsizdigine, hakyky günäkärleriň ganhorlaryň jezadan sypyp galandyklaryna ynanýardy. Eger “Şanyň ýene bir ogluny awy berip öldüripdirler” diýen habary eşitse-de geň görjek däldi. Ine, şonuň üçinem Siýawuş şazadany öz ýanyna, Isfihan galasyna alyp gidipdi. Oňa hyzmat etmäge gaty ynamdar adamlary goýupdy.

Ýegeni tagta çyksa öz galalarynda galjakdygyna, öz hanlyklaryny saklajakdygyna wada berip, Şöwket han Eýranyň bir topar hanyny öz tarapyna çekipdir.

Şalaryň şasynyň garşysyna dildüwşük gurapdyr. Onuň garşysyna demi daş eredýän şa hiç bir çäre tapyp bilmändir. Oýlanyp-oýlanyp tapan zady, Eýranyň garşysyna baş göteren ajarlara garşy goşun ýollamak, Şöwket hany öz goşuny bilen şoňa ýollamak bolupdyr.

Ajarlaryň garşysyna ýeňiş yzyndan ýeňiş gazanýan Şöwket hanyň yzyndan, Isfihan galasyndan şum habarly çapar barýar. Şalaryň şasy ogly Siýawuşy galadan köşge alyp gidipdir. Onuň esasy günäkäriniň şalaryň şasynyň däldigine, beýleki şazadalaryň tarapdarlarydygyna, köşgüň Siýawuşa garşy emeldarlarydygyna akyly ýetik Şöwket hany bu habar sarsdyrypdy. Ony ýyldyrym uran ýaly, gara-ört edipdi. Derrew goşuny söweşden çykaryp, şadan perman bolmasa-da, ony yzyna alyp gaýdypdy. Özi ýok mahaly galanyň ygtyýary tabşyrylan müňbaşyny, onuň dogan-garyndaşyny ýakyn adamlary bilen birlikde zyndana salypdy. Şadan gelen çakylykça:

— Şalaryň şasynyň meni gaty göresi gelýän bolsa, özi geläýsin — diýip, ony yzyna gaýtarypdy. Oňa gahar edip, gazaba galan şa Isfihanyň üstüne goşun ýollady. Şöwket hanyň atlylary ol goşuny Isfihana barýan ýolda kül edipdi. Şo mahallar Şöwket hanyň goltugyndan dirän, oňa gop beren ýene bir waka bolupdy. Onuň köşkdäki tarapdarlarynyň, emeldarlarynyň kömegi bilen Siýawuş şazadany köşkden alyp çykmak başardypdy.

Şöwket hanyň pitnesine Ryzaguly hanyňam dahyllylygy hakynda köşkde her hili myş-myşlar bardy. Köşgüň gybatkeşleri Ryzaguly hana her hili myjabat atyp, ony daşy owadan, ýylmanak, içine gurçuk düşüp çüýrän alma meňzedýärdiler. Şalaryň şasynyň

goltugynda ýatan alahöwren ýylan bilen deňeýärler. “Maýyny tapsa çakar” diýýärler. “Ryzaguly diýilýäni ýarak it”. “It ýassanan ynjalmaz” diýipdirler.

Iner golagy gürletseň gybatkeşleri çypar içýana meňzeder. Onuň aýdyşyna görä, adamzat döräli bäri gybatkeşleriň dilinden heläk bolan obalaryň, ýumrulan şäherleriň, talanan ýurtlaryň sany-sajagy ýok. Olaryň dili agyr uruşlara, eýmenç gyrgynlara, soňsuz sütemlere sebäp bolupdyr. Bu görünýän harabalaryň tozap ýatmagyna-da, yzarlaberseň gybatkeşler günäkärdir. Gybatkeşler Iner golak aýtmyşlaýyn, öňem bolupdyr, häzirem bar, indem bolar. Entek adamzat ýaşap ýörkä, olaram bolar. Olaryň içýandan ýekeje artykmaç ýeri bar. Olam içýany gören ýerlerinde öldürýärler. Gybatkeşleri öldürmeg-ä beýlede dursun, gaýtam oňa hä berýärler, gulak asýarlar. Şeýdip olaryň ýaşamagyna şert döredýärler.

Gadym bir danadan:

— Gybatkeşleriň gybat etmezlikleri üçin näme çäre görmeli? — diýip sorapdyr. Dana olara:

— Öldüräýmekden başga çäre bolmaz — diýip jogap beripdir.

— Öldürmän ýöne dilini goparaýsaň nähili bolar?

— Bir içýanyň neşderini aýryp görüň. Şol nähili bolsa, olam şonuň ýaly bolar.

Adamlar dana gojanyň diýenini edip, içýanyň neşderini aýryp görüpdirler welin, içýan ölüp ýatyberipdir. Dana olara:

— Men size aýtdym ahyry. “Gybatkeşi öldüräýmekden başga çäre bolmaz” diýip. Içýanyň çakmakdan galan dessine ölşi ýaly olaram

gybat edip bilmeseler, ondan galan dessine ölýärler — diýip jogap beripdir.

“It ýassanan ynjalmaz” diýlenidir. Şalaryň şasy ol hakdaky edilýän gybatlara gaty bir pitiwa edip durmasa-da, ynjalykdan aýrylypdy. Damjalaryň bir kanuny bar. Yzyny üzmän damyp dursalar, ýer näçe gaty bolsa-da daşam bolsa deşýärler. Şalaryň şasynyň Ryzaguly hany türkmenleriň üstüne, Şöwket hany ajarlaryň üstüne urşa ibermegem, ine, şol irginsiz daman damjalaryň eden işidi.

Ryzaguly hanyň gapdalyndan Şahrudyň hany Nowruzalynyň goşulmagam ýöne ýerden däldi. Nowruzaly täzeräk han bolan adam. Onuň şaha wepalylygy entek terliginde durdy. Süllermändi, göwşüllemändi. Onuň üstesine-de Norwuzaly hany özüne ýakyn tutýanlygy üçin köşgüň gybatkeşleri-emeldarlary oňa batyrynyp bilenokdylar. Garaguma gelen agyr goşunyň baş serkerdesi Ryzaguly han bolsa-da, Nowruzaly munda ýänekeý müňbaşy däldi. Oňa Ryzaguly hanam düşünýärdi. Nowruzaly Şahrudynyň özem düşünýärdi.

Eýranda bolup ýören wakalardan Ahalyňam, Alybraýymyňam doly habary ýokdy. Ýogsa serbaz Şöwket hanyň adyny eşidipdi. Onuň adynyň dab-dabasynyň uludygyny, ýokarda Hudaýyň, ýerde şalaryň şasynyň, onuň aşak ýanynda-da Şöwket hanyň bardygyny bilýärdi. Şeýle güýçli, asgyranda Gerirudy sarsdyryp bilýän hanyň ajarlardan basylyp gelşine serbaz geň galýardy.

Serbaz Alybraýym Ahala ol zatlary gürrüň bermändi. Eýranyň ýokary gatlagynda, şa köşgüniň ortarasynda bolup geçýän bu hadysalardan, bu depeşeklerden onuň habary ýokdy. Diňe onuňam däl, ony bir topar sargyt bilen Ahalyň üstüne iberen Barat pälwanam, köşgüň töwereginde gopýan harasatdan, hadysalardan, näme-nämäniň bolup geçýändigini bilmeýärdi. Barat pälwan hol daglaryň aňyrsyndaka Eýrandaky şo wakalardan bir zatlar-bir zatlar aňýardy. Bu ýere, Garaguma gelip, ol dünýäden onuň arasy kesilipdi. Diňe Nowruzaly han kämahal Ryzaguly hana sögünip:

— Enesi kürt haramzada, şalaryň şasynyň garşysyna dildüwşük guraýarmyş — diýen umumy sözlerini hasap etmeseň, dildüwşük hakynda dagy hiç zat eşidenokdy. Nowruzaly han ony diýse-de, Ryzaguly hanyň enesi kürt däldi.

Eýranda bolup geçýän bu wakalary Ahal jikme-jigi bilen eşiden bolsa ýeňşiň uzakda däldigine, Ryzaguly hanyň haý diýmän ýeňsesini görkezmeli boljakdygyna, gözýaş bilen Kesearkajy taşlap gaýdan ildeşleriniň ýakyn günlerde dolanyp barjakdygyna gözüni ýetirerdi. Bolmanda-da indi urşuň uzaga çekmejekdigini aňýardy. Suwsuzlyk belasyna duçar bolan serbazlar uzak gitse bir aý saklanyp biljekdiler. Eger olary Kesearkajyň ýaplaryndan suw almakdan mahrum edip bolsa, uruş bir aýa-da çekmese gerek. Eger Ryzaguly han sülsadyny süýräp, yzyna gitmese serbazlar öz aralarynda gyrlyşarlar. Eýýämden olaryň ýaraly möjekler ýaly bir-birine azm urup hyňranýandyklaryny, bir owurt suw üçin gylyja-da ýapyşýandyklaryny Alybraýym Ahala aýdypdy.

Olar hakynda azda-kände bilýänem bolsa, Ahal Eýranyň öz içindäki hadysalardan habarsyzdy. Ol ýerde näme-nämäniň bolup geçýändigini bilenokdy. Häzir onuň bilýän zady Maru-Şahu-jahandan gelýän ýüz düýe gallany, ony alyp gelýän düýeleri, adamlary öňlerinde ýatan girdapdan, gözüne gan inen ýagynyň deminden halas etmelidi. Häzir onuň bar pikiri şoldy.

— Barat pälwanyň başga sargydy ýokmy? — diýip, Ahal gapdalynda çep eliniň tirsegini çägä diräp gyşaran serbaza ýüzlendi.

— Başga sargydy, näme, janyň saglygy — diýip, serbaz sargydyň gutarandygyny mälim etdi. Olaryň ikisem ýerinden turdy. Bu bolsa gürrüňiň tamamlanandygyny aňladýardy.

— Sen yzyňa gaýdyp barsaň, ýakaňdan tutaýmazlar-da hernä?

— Ýok, meniň bärik gaýdanymy hiç kim bilenok. Onsoňam biz teşne serbazlar. Bir owurt suw gözläp ygyp ýören ýerimiz gytmy?

— Bu ýerde seni Hyrady begiň adamlary gören däldir öýdýäňmi? — diýip, Ahal iňkise gidip sorady.

— Görendirler, görmejek gümany barmy? Ýöne ol ýerik baramsoň meni tanamazlar.

— Ol näme üçin? — diýip, Ahal onuň ýüzüne çiňerilip seredenini duýman galdy.

— Men şu wagt näçe ýaşymdadyr öýdýäň?

— Ýaşyňmy? Otuz bäş-kyrk töwerekleri bardyr. Şondan köp däldir.

— Gördüňmi? — diýip, Alybraýym ýylgyrdy. — Sen meni häliden görüp, gürleşibem, synlabam näçeräk ýaşandygymy

bilmänsiň. Hyrady begiň adamlary ol ýerden orta ýaşan, gyrçuw sakgally adamy gözlär. Men bolsam ýaňy ýigrimi üç ýaşymda.

— Ýigrimi üç? — diýip, Ahal sesini sogduryp sorady. — Sakgalyň ýigrimi üç ýaşynda bolaýmasyn?

Ahal serbazyň burnunyň aşagyndaky pezzerip ugran murtuna, onuň gyrçuw sakgalyna täzeden siňňitli syn etdi. “Ýok, bu ýigrimi üç ýaşlyň sakgaly däl. Goý diýse diýibersin. Onsoňam Hyrady begiň adamlary ýaşyndan däl-de sakgalyndan tanarlar”. Ahal onuň ýüzüne gaýta-gaýta çiňerilip seretdi.

— Seret, görýäňmi? — diýip, Alybraýym sakgalynyň bir çetini galdyryp görkezdi. Ony gören serkerdäniň has hem agzy açyldy.

— Häliden bäri bile oturyp, siňe seretseňizem sakgal-murtuň emelidigini bilmänsiňiz. Hyrady begiň adamlary şeýle uzakdan duýarlar öýdýäňmi?

Ýok. Ol duýarlar öýtmändi. Şunuň ýaly emeli murty, ussatlyk bilen ýasap bilişlerine agzyny açypdy. Birdenem ol hol beýlede köwejekläp ýören Ilamana gygyrdy. Ol ylgap gelende:

— Myhmany ugradyň. Goý, Ak aňňatdan geçirip gaýtsynlar — diýip tabşyrdy. Ilaman giden dessine Handany çagyrdy.

— Çörli batyra aýt, Saryoglan pälwana aýt, Ryzaguly hanyň o ýerinden, bu ýerinden dürtekläp, Gün ýaşýança gondalaw berip, dursunlar. Ýüzüň ugruna Ýolamana aýt, meniň ýanyma gelsin — diýip, soňky sargydyny Sekiliň başyny öwren Handanyň yzyndan gygyryp diýen ýaly aýtdy.

— Göreli bakaly, Ryzaguly han, seniň müň atlyny bölüp etege iberäýşiňi, şeýdip sen-ä şol gelýän bäş ýüz atlyny ýok edäýjeksiň welin, asyl ol zatlara eliň ýetmäýende, gögeýinden goranýan ýaly başagaý bolup geçäýeňde nädersiň? — diýip, ýeke galan Ahal öz-özi bilen gürleşdi, özbaşyna hüňürdedi.

Atyny maýdalyna sürüp depeden inen Ýolaman Ahalyň ýanyna taýak salym aralyk galanda, at başyny çekdi. Atdan böküp düşdi. Bir ädim yzyndan gelýän, özi bilen deň atdan agan Nursähede jylawy tabşyrdy-da, garaja öýüň beýle ýanynda özüne garaşyp duran Ahalyň ýanyna pyýadalap ugrady.

— Çakylygyňyzy eşidip geldik, meniň serdarym — diýip, Ahalyň öňünde başyny egdi. Ahal ony boýdan-başa synlady.

— Ýaman ýadaw görünýäň-le. Ýüzüň-ä edil bijin ýylynyň meýdany ýaly çaňap dur.

— Şu wagt söweşden çykyp durşumyz. Şonuň üçin bolaýmasa.

— Näme gondalaw berip goýanoklarmy?

— Olar şu gün-ä mumly ýüplüge dönüpdirler. Ýöne özümiz o ýandan, bu ýandan dürtekläp goýamzok. Çörli batyr dürtekläp duruň, teşneligiň derdini çekmäge, ine-gana oturmaga maý bermäň diýdi.

— Çörli batyr dogry aýdýar. Indiden beýläk beýlekiler gondalaw berip, dürtekläp durar. Sen häzir ýüzlügi uruşdan çykar.

— Lepbeý, meniň serdarym! Näme, ýumuş barmy?

— Bar — diýip, Ahal aýtdy. — Çaloýugy taparmyň?

— Gözümi ýumup.

— Gözüňi açybam tapsaň bolar. Şol guýynyň üstünden Maru-Şahu-jahandan gaýdan ýüz düýe ýükli galla kerweni gelýär. Şol kerweni ýolda gapyp almak üçin Fahreddin mürzäniň ýüzlügi şo ýaňa gidipdir. Şol ýüzlügi dargytmaly. Kerweni basyp almaga maý bermeli däl. Ýükleriňem, düýeleriňem gylyny gymyldatman şu ýere alyp gelmeli. Oňararmyň? — diýip, Ahal onuň depesinden dabanyna çenli ýene-de bir gezek synlady.

— Oňarmanmy? Gözüne gül salaryn.

— Ýöne atlylaryň hemmesini äkitmän, bir bölegini goýaýsaňam bolar. Fahreddin mürzäniň ýüzlüginde altmyş atly bar. Senem altmyş-ýetmiş atly alsaň ýeterlik. Aňyrdan kerweni goraýanam ýigrimi töweregi atly bolmaly.

— Hoş bolgaý, meniň serdarym. Aýdyşyň ýaly ederin.

— Bar, şaýyňy tutuber. Işiňi Alla oňarsyn — diýip, Ahal oňa ak pata berdi.

Ýolaman atdan düşüşi ýaly böküp atyna mündi. Bozbaýryň jylawyny yza öwürdi. Olar gelişleri ýalam depeden aşyp gitdiler. Ahal jylawy gaňtarylgy Dorbedewe tarap ugrady. Ahal atlananda, Ilaman depeden indi.

— Indi niräk, meniň serdarym?

— Saryoglanyň goşuna tarap.

Ýumşak çägäniň üstünde dükürdi sesler eşidilmese-de, atlaryň toýnagyndan gum sowruldy.

## KOWGY

Käte gaýanyň gerşinde, lüň basylan ýaly diýermiň, çarwalaryň mäkäm basyryp, üstüne jam düňderilen gorküýzesi ýaly diýermiň, güberilip oturan bürgüde gözüň düşer. Bürgütleriň gözlegi belentlikdir. Olar uçanlarynda-da gaty ýokardan uçýarlar. Bürgütleriň galýan belentligine galyp bilýän ýekeje-de guş ýok. Gonanlarynda hem iň belent ýere gonýarlar. Eger siz düz meýdana gonan bürgüdi gören bolsaňyz, ol tötänlikdir. Ol bir säw bilen, bir sebäp bilen gonandyr. Özem juda seýrek bolýan zatdyr. Eger şol säwlik diýilýän zat bolmasa, olar mydama belent gerşiň depesine gonup, ýa-ha tutan awuny tüýdüp oturandyr, ýa-da egri çüňkli kellesini talawladyp awa garanýandyr. Bürgütleriň gözi juda ýiti bolýar. Olar şol oturan ýerinden alyslarda gymyldan syçany-da, uçak serçäni-de görüp oturandyrlar. Bürgüdiň gözleri owadanlyk babatda-da, ýitilik babatda-da gadymdan gelýän meňzetmeleriň biridir.

Burjulynyň etek sähra süsňäp girýän ýerindäki gaýanyň gerşinde duran adam uzakdan seretseň şol güberilip oturan bürgüde gaty meňzeşdi. Asmana galyp, guşluga aýlanyp ugran Günüň ýiti şöhlesinden eli bilen gözüni penalap, ýaýylyp ýatan Kesearkaja siňňin seredip duran adamyň göwresi birden öňe omzady. Ol:

— Bäş sany atly jülgeden çykyp, gaýralygyna barýar — diýip, belentlikden aşak gygyrdy. Aşakdaky adamlar atlary, ýaraglary bilen gümradylar. Kimler gylyjynyň tygyny emaý bilen süpürip, ony edil söweş edýän ýaly howada bulaýlaýardy. Duşmanyň depesinden urýan ýaly edip, eýläk-beýläk salgaýardy. Ýalaw ýaly ýiti gylyjyň

howany böwsüp parlaýşyna guwanýardy. Kimler atlarynyň boýunlaryny, sagrylaryny sypalaýar, kimler ony eýerläp dur. Üzeňňä galyp, atyny daradyp ýörenlerem bardy.

Gaýanyň gerşinde gözegçilik çekip duran diňe bir adam däldi. Her ýerde-her ýerde gözegçilik edip duranlar başga-da bardy. Jülgeden çykyp gaýralygyna ugran bäş atly hakynda diňe bir adam däl, ikimi-üçmi adam birden gygyrdy.

— Atly atyňyza — diýip, başy garaköli telpekli adamyň buýruk beriji sesi ýaňlandy. Ine şol adam Esen söwdagäriň ogly diýseň hiç kim ynanmaz. Her omurdanyndan öweç asaýmaly daýaw ýigit daýysyna çekipdir diýilýän iki doganyň ulusy Mäterdi. Ol şu daglaryň arasynda galdyrylyp gidilen elli atlynyň serkerdesidi, nökerleriň dilinde aýdanyňda ýüzbaşydy. Mäteriň zawdan çykyp, giň sähra düşen atlylary bäş atlynyň öňüni kesmek üçin haýdadylar. Atlylaryň bir topary Hally galtamanyň ýolbaşçylygynda olaryň öňüni kesmäge ümzük atsa, bir topary yza çekiläýjek ýeriniň öňüni aldy. Dagdan inen bäş atly gapdalyndan çykan kowgyny gördüler. Ýöne gaty giç gördüler. Şonda-da olar başly-barat bolup, aty gamça basdylar. Olar yza çekilmediler, öňe gaçdylar. Ýa-ha yzlaryna aýlanan atlylary gördüler, ýa-da daglarda özlerine pena tapyp bilmejekdiklerine, ýalňyz halasgäriň aýaklarynyň astyndaky bedewleriniň toýnaklarydygyna, galan ykballarynyň bir şoňa dirändigine gözlerini ýetirdiler.

Allany çagyryp, ümdüzine tutduryp barýan bäş atlynyň yzy somsaýakdy. Atlaryň toýnagyndan asmana galan tozan derrew dagap

gidenokdy. Howa şemalsyz, petiş bolansoň tozan galşy ýaly asyl-asyl bolup durdy. Tozan giň sährada çal diwary emele getirip, gitdigiçe uzaýardy. Gaçgaklar göni gaýrak gaçman, gyýalap, ýüzlerini arka tarap öwrüpdiler. Şarpda-şarp, güpürtde-güpürt, tutda-bas, meýdan ala-gopgundy.

Mäteriň kowgyny goýbolsun edip yza dolanan ýigitleri serbazlaryň birini ýesir alyp geldiler. Serbazyň aty halys ýadan bolmaga çemeli, ol hemmeleriň yzyndan gaçdy. Şo barmaşa-da atynyň aýagy syçanyň kürümine gitdimi ýa başga bir zada büdredimi, at iki öň aýagynyň üstüne ýykylyp, eňegini ýere berdi. Üstündäki bolsa tüwdürilip honda düşdi. Atyň öň aýaklarynyň biri kürüme giden bolsa gerek. Syçanyň kürümi diýilýän zat şu meýdanlaryň iň bol zady. Öýüň içi ýaly ýerde telimine duş gelýärsiň.

Ýykylan serbaz atyna-da ylgamady, gylyjyna-da ýapyşmady. Ol zatlara maýam bolmady. Serbazyň daşynda köwsarlap, atynyň başyny çeken Arslanyň gylyjy onuň depesinde göründi. Ýalaňaç gylyja gözi düşen, imany başyndan uçan serbaz iki dyzynyň üstüne galyp, göteren ellerini galgatdy. Bu serbazyň aman diledigidi. Onuň bolup durşy çetine kakylan tomzagyň öň aýaklaryny galdyryp, gargyş edişine meňzeýärdi. Depesinden seredip duran Arslan oňa:

— Tur ýeriňden — diýip azmly gürledi. Serbaz kynlyk bilen turdy.

— Atyňa atlanda, gylyjyňy sogur gynyndan!

Arslanyň pikirine onuň etjek bolýan zadyna düşünmedik serbaz aňk-taňk boldy. Onuň soragly gözleri tegelendi, töweregine

ýaltaklady. Arslanyň niýeti Alynyň ala meýdanynda onuň bilen mert durup söweşmekçidi. Ikiçäk keýp edip jarkada-jarka gylyçlaşjakdy. Onuň niýetini aňan serbaz ýene tomzak ýaly bolup çöküne düşdi. Soňra maňlaýyny ýere berdi. Onuň kä galyp, kä maňlaýyny ýere urşy edil namaz okaýan ýalydy.

— Ýeriňden tur diýýän men saňa — diýip, Arslan has batly, has höküm ediji gygyrdy. Şol gazaply sesiň yzy bilen elindäki gylyç ýokary galdy. Serbaz elini daldaladyp, pyşbaga ýaly boýnuny iki kebzäniň arasyna ýygnady, kirpi ýaly ýygryldy. Arslan öňki buýrugyny gaýtalady. Gorka-gorka ýerinden galan serbaza gaharly:

— Sypyr gylyjyňy — diýdi,

Serbaz hasyr-husur gylyjyny boýnundan sypyryp oňa uzatdy. Onuň gylyjyny eýeriň öňüne basan Arslan ýesiri ata mündürdi. Ony öz atyna tirkäp kowgy giden ýigitleriň yza dolanyp, ýygnanýan ýerine tarap ugrady. Ýigitleriň biri:

— Arslan aw ganly — diýip, ony gutlady.

— Aw ganly bolmalydy welin, kürt gorkaklyk etdi-dä — diýip, Arslan onuň öz gürleýşi ýaly gürläp jogap berdi.

Burjulynyň giň zawlarynyň birinde Mäteriň elli atlysynyň düşelgesinde serbazdan sorag etmäge Hally galtaman başlady. Ol serbazyň adyny, onuň niredendigini sorady. Serbaz Hally galtamandan gorkany üçinmi ýa-da öňki aljyraňňylygyndan henizem aýňalyp, açylyp bilenokmy, ol wazyr-wuzur edip, çalt gürleýärdi. Dilleri çolaşyp aýdýan sözlerine düşünmegi kynlaşdyrýardy. Ýöne Hyratda doglup, pars oglanlaryň arasynda oýnap ösen Hally

galtaman üçin oňa düşünmek, özi aýtmyşlaýyn, itiň aňsadydy. Ol eşekden palan alança-da ýokdy.

— Bu mahal bu ýerlere nädip düşüp ýörsüňiz? Nireden gelip, nirä barýaňyz? — diýip, ol ýesirden sorady.

— Biz Gümmezgaýadan gaýtdyk, agaýy. Müňbaşy Nowruzaly han Şahrudyny ýola salyp gaýtdyk.

— Şahrudyny?! — diýip, Hally galtaman seňrigini ýygryp aýtdy — Ol nirä gitdi? Haçan gitdi?

— Ýaňy gitdi, ýaňy. Ony şalaryň şasy çagyrypdyr. Ol ýerden ýörite çapar geldi.

— Ol nähili gitdi? Ýanynda näçe adam bardy?

— On atly bar, agaýy.

— Ol Maşada gitdimi?

— Gürrüňlerinden aňyşyma görä, olaryň Maşada sowulmaga wagtlary ýok. Ol Bujnurdyň üsti bilen Goçanda, ondanam Nişapura, Sabzebara tarap giderler. Olar ýolda Şahruda sowlup geçmekçi. Gürrüňleriniň aheňi şeýle.

— Şalaryň şasynyň Nowruzaly hany näme üçin çagyranlygy hakynda gürrüň etmedilermi?

— Ýok, agaýy. Onuň gürrüňini etmediler. Ýöne gülala-güllük bolsa, Eýran düzüw bolsa, Nowruzaly han Şahrudy şalaryň şasyndan kömek soramakçy.

— Ol nämäniň kömegi?

— Maru-Şahu-jahandan gelýän bäş ýüz atlynyň garşysyna söweşmäge, suwsuzlygyň, teşneligiň garşysyna çäre görmäge...

— Men Şahrudynyň hanyna şeýle bir kömek görkezerin — diýip, Hally galtaman ýumrugyny düwdi. — Nowruzaly hany sypdyrmaly däl.

Mäter onuň bu pikirine garşy boldy.

— Bir adam üçin kowalaşyp ýörüp bolmaz. Maru-Şahu-jahandan gelýän atlylaryň öňünden çykmaly.

— Öňünden çykýan bolsaň, sen çykyber. Meniň atlylarym meniň bilen gider. Bu pursat şu ýigrimi atlynyň näçe ýyl bäri eden arzuwydy. Muny bize Hudaý berdi. Indi bu pursaty sypdyrmak bolmaz.

Mäter Hally galtamany saklap bilmejegini aňdy. Ol özüniň oňlan ugruna doňňara daş ýaly bolup gütläp düşdi. Indi ony ne eýläk, ne beýläk gymyldatjak, gozgajak gümanyň ýok. Bu pursat Hally galtamana kakasynyň ganyny almak üçin, öz aryny ýerine salmak üçin ýalňyz pursat. Bu pursat iki gezek berilmeýär. Bu atlylaryň hemmesiniň Nowruzaly handan algysy bar. Kimsiniň ýurduny tozdurypdyr, kimsiniň öýüni otlapdyr. Bularyň arasynda aýal dogany süýrelip, söwer gelnine el gatylyp, namysyna deglenem, kakasy, dogany, ogly öldürilip, gan algyly bolup galanlaram bardy. Eger Nowruzaly hany şu gezek alyp bilmeseler, olaryň ýüregine düşen ýara hiç wagt bitmez. Bagryndan dömen baş gutulmaz. Şol suwjarar agyrar durar. Şonuň üçin ol Hally galtamana garşy boljak bolup durmady. Gaýta ony goldady. Ýigrimi atlynyň käbirleriniň atyny çalşyrdy, munda galýanlaryň daýaw, dogumly atlary, alaşalary bilen çalşyryldy. Bu ýagdaý atlary çalşyrylýan ýigitleriň arasynda

nägileligem döretdi. Ýigitler atlaryny berip goýberenlerinden şol kowga özleriniň gidenini kem görmediler. Turkmenleriň arasynda “Atyňy, gylyjyňy, aýalyňy ile ynanma” diýen söz bar. Ýigitler atlaryň çalşyrylmagyna näçe nägile bolsalar-da, umumy işiň bähbidi üçin kaýyl bolmaly boldular.

Häzirki ýagdaý diňe Hally galtamanyň ýa-da Nowruzaly handan içi ot nökerleriň bähbidi üçin däldi. Ol Kesearkajyň söweşýän ýigitlerine-de zerur gerekdi. Eger Nowruzaly han şalaryň şasynyň ýanyna baryp bilmese, şa olara kömek gerekdigini biljek däl, kömegem berip biljek däl. Aslynda Eýran goşunlarynyň halyndan habaram boljak däl. Eger yzyndan kömek gelmese, Ryzaguly hanyň nökerleriniň söweşi on-ýigrimi günden aňry geçip bilmejekdigine Mäter gowy düşünýärdi. Maru-Şahu-jahandan bäş ýüz atly kömek gelse, söweş meýdanynda iki tarapyň gylyç sany deňleşmese-de tapawut gaty azalýardy. Ryzaguly hanyň artykmaçlygy bäş-alty ýüz atla direýärdi. Uly goşunyň garşysyna, onda-da Garagumuň ot ýaly çägeleriniň arasynda söweşeniňde ol artykmaçlyk derýa talhan çalan ýaly bir zatdy.

Bäş ýüz atly Ryzaguly hanyň ýeňsesine aýlanyp, Kesearkajyň suwundan onuň rişdesini üzer welin, niçikdir hanyň şol artykmaçlygy püçege çykaýsa. Şonuň üçin Mäter Hally galtamanyň öz ýigrimi atlysyny alyp, Nowruzaly hanyň yzyndan kowmagyny goldady. Ol:

— “Doňuzdan bir tüý ýolmak ýolmakdyr” diýen ýaly duşmanyň biri kemelse, bir peýda — diýip, özüniň Hally galtaman bilen ugurdaş gopmagyny makullady, ony dürs hasap etdi.

Burjulynyň zawyndan daýyrdaşyp çykan ýigrimi atly Burjulynyň jülgesine düşüp, Eýran ýoluna gönükdi. Olar Haýtgysydan Gümmezgaýa geçip, Bujnurda tarap tutduryp ugradylar. Eger Nowruzaly han serbazyň aýdyşy ýaly irden bu ýerden geçen bolsa, ol uzaga gidendir. Bujnurda entek ýetmese-hä ýeten däldir. Ýöne golaýlap ýören bolmagy ahmaldyr. Şonuň üçin kowguçylar atlaryny gyssap başladylar.

Aty näçe gyssanyňda-da Bujnurda çenli-hä beýlede dursun, Goçanda çenlem ýetip bilmejekdiklerini Hally galtamanam, onuň yzyna düşüp barýan ýigrimi atlam gowy bilýärdi. Ýöne welin Şahruda çenli ýol kän. Ol iki arada aty näçe gyssap ýöräniňde-de iki günlük ýol. Eger Şahruda çenli yzyndan ýetip bilmeseler, aňryk Tährana çenli kowalaşyp giderler. Ýöne welin Şahruda çenli aňrujy ýetjek bolsalar ýeterler. Öňden barýanlar yzyndan kowgy gelýändiginden bihabardyrlar. Olary gyssaýan zat ýok. Olaryň gyssagy özleri bilen. Üstesine-de han adamdyr. Gijelerine oba sowlup, arkaýyn ýazylyp-ýaýnap dynç alarlar. Kowgynyň şol pursatdan peýdalanyp, olaryň öňüne geçmäge-de mümkinçiligi bardy.

Atlylar esli wagt seslerini çykarman gitdiler. Olaryň her haýsyny bir pikir, bir arzuw guýmeýärdi. Ýesir alnan hana her haýsy öz ýanyndan özüçe jeza berýärdi. Biri ony çuw-ýalaňaç edip

gamçylaýardy. Beýlekisi ata süýredýärdi. Dagdan togalaýanam, etini kesip özüne iýdirýänem, gözüni köwleýänem bardy. Artykmaç horlanmaz ýaly boýnundan gylyjy salyp, birden öldürip dynýan ýokdy. Ony azapsyz-zatsyz şeýdip öldüräýmegiň özem oňa rehim edildigidi. Şu barýan ýigitleriň ýüreginde gaýnap joşýan ýokarky agzalan jezalaryň hemmesini birden bereniňde-de köşeşerli däldi.

Matallarda “Dagdan beýik, ýowşandan pes” diýlen ýol öz manysyny subut etjek bolýan ýaly belentlige dyrmaşyp ugrady. Munuň ýaly ýollarda başga atlylar bolanlygynda atdan düşüp, ony idip gidýärler. Beýle kötellerde at üstünde otursaň eýeriň syrylyp yza düşäýmegi ahmaldy. Bular welin hemişe dagda gezip ýören galtamanlar. Ol zatlaryň ýagdaýyna belet. Olaryň atlarynyň yzyndan boýnunyň aşagyndan aýlap eýere berkidilen çekiler ony öňe-de, yza-da goýbermän saklap durdular. Şonuň üçin ýol belentlige dyrmaşsa-da, atdan düşjek bolup durmadylar. Käbir köteller bolýar. Ine, şonda çeki bolsa-bolmasa düşmeli bolýar. Ol kötellerden ýüksüz ýabylaram zordan geçýär, sojap-sojap geçýär.

Dagyň gerşine çykan ýol aşak düşüp ugrady. Şol gelşine tekizlige düşen ýol atlylaryň öňünden gaçyp barýan ýylan ýaly kä çepe, kä saga burlup, öňe haýdaýardy. Onuň şol bolup barşy türkmen zenanlarynyň “sygyrsiýdik” diýen nagşyna diýseň çalymdaşdy. Özem edil şu dagyň etegini syryp gidýän damana ýoly ýaly kä aşak düşüp, kä ýokary çykyp seňk-seňk edip barýar. Bu ýollar atlar üçin däl-de, dikkirdäp barar ýaly eşekli ýolagçylaryň ýoludy.

Gyr alaşasyny gorgunyna sürüp barýan Hally galtaman yzda galan ýigitleriň, olar bilen kä etekde, kä daglaryň arasynda geçirilen iki aýyň käbirini serinde aýlap barýardy. Ol ýigitleriň serkerdesi Mätere özüniň şu günki diriligi üçin minnetdardygyny ýatlady. Hally galtamanyň depesinden ýalaw ýaly gylyç inäýmeli bolanynda, şol ölümden ony Mäter halas edipdi.

Mäteriň ýigitleri awçylar ýaly bir zatdy. Olaryň esasy gözlegi Ryzaguly hanyň kerwenleridi. Olar Kesearkajyň suwuna inen iki kerweni dagatdylar. Suw daşaýan meşikleri, çelekleri bilen düýeleri başga ýol bilen Garaguma Ahalyň huzuryna gönderdiler. Şondan soň Ryzaguly han kerwenleriň ýany bilen goragçy atlylary iberip ugrady.

Günleriň birinde Goşatal obasynyň ýabyna ýetip gelýän kerweniň gapdalyndan Hally galtamanyň ýigrimi atlysy “Ýa Alla!” diýip at goýdy. Şol pursatda kerweni gorap gelýän otuz atly hem “Ýa Aly!” diýip, bularyň garşysyna gaýtdy. Olaryň güýji deň däldi. Beýle ýagdaýa Hally galtamanam, onuň atlylaram, olary söweşe ýollan Mäterem garaşmandy. Eger Hally galtamanyň ýigitleri öňünden duýan bolsalar, onda otuz atlynyň garşysyna gaça söweş edip, olara hezil bermezdiler. Häzir welin iki tarap açyk meýdanda garpyşdy. Ony synlap duran Mäter ýigitleriň birine gygyrdy:

— Sen öz onlugyň bilen Galandaryň onlugynam alyp kerwene dara. Beýleki onluk bilen men serbazlary güýmemäge Halla kömek edeýin — diýip atynyň başyny “Ýa Aly!” diýip, çozup gelýän serbazlara tarap öwürdi. Hally galtamanyň atlylarynyň özlerinden

azdygyny gözi bilen ölçemäge ýetişen serbazlar olary gabajak, daşyna aýlanjak bolup dyzaýardylar.

Mäteriň yzy bilen eňen on atly jaý wagtynda ýetişdi. Olara gabamaga maý bermedi. Üstesine-de Mäteriň ýigitleriniň çozuşy serbazlar üçin duýdansyz boldy. Özlerine tarap uzap, haýdap gelýän gylyçlar olaryň gözüne on däl-de bir topar bolup göründi. Öňki şakyrdylaryň üstesine ýene bir on gylyjyň şakyrdysy artdy. Hally galtamany şu atlylaryň serkerdesidir hasap eden serbazlaryň üçüsi oňa tarap eňdi.

— Arslan, Halla kömege ýet — diýip, öz inisine gygyran Mäteriň özem atyny şo tarapa öwürdi. Bärden hasanaklap baran Arslan Hallyň daşyndaky üç serbazyň biri bilen çarpaýyna galyşdy. Ýöne Hally birinji serbaz bilen güýmenip durka, ikinji serbazyň gylyjy onuň depesipde galgady. Ol galgady, ýöne inmäge ýetişmedi. Şol pursat serbazyň alkymyndan ören Mäter gylyjy bilen onuň gylyjyny kakdy.

— Sag bol, galan ömrümi sen maňa gaýtaryp berdiň — diýip, Hally galtaman aýtdy.

— Ömrüň uzakdyr. Ömrüň uzak bolsa sebäp tapylar.

Bu wakany serinde aýlap barýan Hally galtaman gaýanyň hol ýokarky gerşinden inýän şaglawuga syn etdi. Ol gaty ýokardan uly ses bilen güwläp gaýdýardy. Suwuň aşak inýän ýeri atgaýtarym köl bolup ýatyrdy. Ondan çykyp gidýän suw hol beýledäki böwürslenleriň arasyna sümlüp gidýärdi.

Olaryň ýoly şaglap ýatan çaýdan geçip, ýokaryk dyrmaşyp ugrady. Soňra gaýanyň düýbi bilen öwrüm edip geçdiler. Aşagyňa seretseň güwläp ýatan gorp, ýokaryňa seretseň abanyp duran gaýa. Niräňe seretseň başyň aýlanýar. Olar bu ýerde atdan düşüp, ini bir ädimden sähel köpräk ýol bilen atyň jylawyndan tutup ýörediler, Şeýdip olar gorkusyndan titräp duran atlaryna goldaw, kömek berýärdiler. Olaryň barýan ýeri şeýle bir beýikdedi. Gapdalyndan, aşakdan seretseň adamlaram garynjalar ýaly bolup görünýärdiler. Tamyň hol ýokarsyndan, diwaryň ýüzünden gara çyzmyk eden garynjalar ýaly çala gyrmyldap barýardylar.

Hally galtamanyň özem, ýigitlerem munuň ýaly uçut ýoly, howply geçelgeleri ýaňy görmeli däl. Gezýän ýeriň, uly öriň şu daglaryň arasy bolsa munça-munça zatlara-da, mundan has beterräk ýagdaýlara-da häli-şindi duşar durarsyň. Bu ýigitler edil şu geçelgeden öňem bir gezek geçipdiler. Ryzaguly hanyň, Nowruzaly hanyň serbazlaryndan gaçyp, bu ýerden geçipdiler. Ine, şonda atlylaryň biri şol gaýadan, şol uçutdan aşak aty bilen gaýdypdy. Gaýadan uçan onuň atydy. Ol bolsa uýany elinden sypdyryp bilmän, atyň yzy bilen güwläp gaýdypdy. Soň ony aňyrdan gelip, şol ýerde-de jaýladylar. Şunuň ýaly ýerde musulmanlar öleni ýatlap, aýat okap geçýärler. Bularam öz dostlaryny ýatladylar. Ýöne çöküne düşüp aýat okap oturmaga bularyň elem degmedi, ýagdaýam bolmady. Bularyň ähli ünsi öz janlaryny, atlaryny şu aýylganç girdapdan sag-aman geçirmekdi. Bu ýerdäki sähelçe ýalňyşlyk düz ýerdäki ömrüň telim ýylyna deňdi.

Gara gaýanyň daşyndan öwrüm eden ýoda aşak düşüp ugrady. Ýoda bilen kötele dyrmaşmak kyndy. Aşak düşmek ondanam kyn boldy. Şonuň üçin bu ýola belet adamlar “Ýokaryk dyrmaşmak bir tümen, aşak inmek iki tümen” diýip ýöne ýere aýdanoklar. Ýoda aşak sygyrsiýdik görnüşinde inse-de inişiň özi şeýle kötel bolany üçin sähelçejik ejizlik etseň, sähel ünsüňi sowsaň aşak togalanjak bolup dursuň.

“Gudrat görjek bolsaň daglara bar” diýen söz bar. Şol kert gaýanyň bilinden ýol salyp, aşak inmegiň gudrat kemi ýok. “Daglarda ýaşaýan adamlaryň süňňi daşdan bolarmyş”. Türkmenleriň bu sözem ýöne agzyň ugruna ýa-da gepiň gelşigi diýip aýdylan söz däl. Gopup gaýtjak bolup yraň atyp duran daşlardan ýapyşyp gün görjek bolsaň, ýol geçjek bolsaň süňňüň daş ýaly bolar ýa-da kül ýaly bolar. Bu ýerde ortalyga ýol ýok.

Hally galtamanyň atlylary bu ýerden geçmän, uly ýoldan, birnäçe wagt mundan ozal Nowruzaly hanyň atlylarynyň giden ýerindenem gidip bilerdiler. Ýöne ol gaty aýlawly. Wagt utmak üçin bu geçelge iň amatly ýoldy. Atlylar kem-kemden aşaklap, ahyry gaýanyň düýbüne, derä gelip düşdüler. Darajyk deräniň ugruny syryp birsalym ýöränlerinden soň Bujnurda barýan ýola çykdylar. Atyň başyny saga sowup, ýene haýdap ugradylar. Indi olaryň basym yzlaryndan ýetäýmegi ahmaldy. Şonuň üçin gaty eserdeň bolmaly. Kowalanyp gelinýändigini Nowruzaly hanyň özüne duýdurmaly däl. Eger aňsa onuň gaçyp özüni gala atmagy ähtimaldy. Soň özüni goramaga çäre görer.

Atlara gamçyny näçe kän çalsalar-da, gyssansalar-da, Hally galtamanyň ýaranlary Olaryň yzyndan ýetip bilmediler. On atlynyň garasy Bujnurdyň galasynyň öňünde olaryň gözüne ildi. Şol pursatam derweze açylyp, hany atlylary bilen gala goýberdiler. Bu wagt Gün ýaşypdy. Göz gaty baglanaýmadygam bolsa howa garalyp ugrapdy. Töwerek-daş çalymtyk symgylt reňkdedi.

Kowgy galadan sowlup geçmeli boldy. Olar darajyk köçeleriň biri bilen Bujnurd bazarynyň gapdalyndan geçip, şäheriň beýleki çetine, Goçanda gidýän ýola çykdylar. Uly gum depäniň aňyrsyna geçip, şol depäni penalanyp ýatdylar. Ýigitleriň biri depäniň gerşinde gözegçilik etmeli boldy. Ol Bujnurddan Goçanda gidýän ýoldan gözüni aýyrman seretmelidi.

Ertesi ümüş-tamyşda Nowruzaly han ýola düşer. Şalaryň şasynyň çakylygyna barýan bolsa gyssanmaly bolar. Şeýle pikirler bilen gijäni geçiren ýigitler daň bilen oýandylar. Atlaryny eýerläp “häh!” diýilse “mäh!” diýmäge taýýar bolup durdular. Belentligiň üstüne çykyp, kerwen ýoluny berk gözegçilik astyna aldylar. Ýöne welin, Bujnurddan çykyp, bärik gaýdýan ýolda iňlär siňek ýokdy.

Olar hana köp garaşdylar. Daň bilen şu ýoldan geçer öýdülen hanyň garasy Gün dogup ýokaryk galansoňam görünmedi. Gün guşluga aýlandy gitdi. Hally galtaman:

— Hajy! — diýip, ýigitleriň birine gygyrdy. — Bujnurdyň bazaryndan bir habar alyp gaýt. Bu nämäniň alamaty boldy?

— Derrew, agaýy — diýip, ady tutulan ýigit seslendi. Onuň tümmülden geçip, bişen süläniň başy ýaly sargylt togalak murty

bardy. Ol atynyň başyny Bujnurda öwürmezden öňürti özüniň şol togalak murtuny sypamaga ýetişdi.

Hajy uzak eglenmän, dolanyp geldi. Ýöne onuň getiren habary ýigitlerem, Hally galtamanam begendirmedi. Nowruzaly han ümüş-tamyşda galadan çykyp gidipdir. Olar galanyň günbatarky derwezesinden çykyp, göni Sabzebara gidýän ýola düşüpdirler. Hally galtamanyň ýigitleri bu ýerlere näçe beletdiris öýtseler-de entek Bujnurd galasynyň günbatarky derwezesiniň bardygyny asla bu ýerden Sabzebara göni ýol gidýändigini bilenokdylar. Olar Sabzebara ýol diňe Goçandyň hem-de Nişapuruň üstünden geçýändir öýdýärdiler.

Haýal etmän atlanan ýigitler Sabzebaryň ýoluny gözläp tapdylar. Şo ýola düşüp, atlaryny haýdap sürdüler. Olar öýläne çenli aýak çekmän ýörediler. Howa gaty sowuk däldi. Endamyňy çala düýrükdirýän, tikenekledýän çigrek bardy. Türkmenleriň gyş gulun atdy diýýänleri çyn bolmaga çemeli. Näme diýseňem doluw aýy. Bu aý gyşyň örküji. Entek daglara garam ýagmandyr. Gyş gulun atanda-da Kesearkajyň gyşy näçe maýyl bolanda-da dag howasy üçin doluwda gar ýagmazlygy seýrek bolýan ýagdaý. Howa näçe çigrek bolsa-da atlaryň goltuklary bir kemsiz derledi. Ýüzlerine çytanakly şemal urýan ýigitleriň gerşem birneme çygjardy. Bu ýagdaý atlaryň gyssalyp sürülmeginiň alamatydy.

Atlylar daglaryň arasynda oturan kiçijik obanyň üstünden geçdiler. Ýene birsellem ýöränlerinden soň birden bularyň ähli eden arzuwlary, ähli umydy gyl tanapdan asyldy duruberdi. Bularyň

barýan ýoly ikä bölündi. Ýeri indi nädersiň. Ýigitleriň biri hol beýlede ýaýnap ýören goýunlara elini uzatdy.

— Serediň! Goýunlar. Olaryň ýanynda hökman çopan bolmaly — diýip, Hally galtaman başyny goýunlara tarap öwürdi. Başy zömmek gara telpekli çopan bularyň ýanyna ylgap geldi.

— Şu ýoldan atly geçdimi? — diýip, Hally galtaman oňa ýüzlendi.

— Geçdi, agaýy. Nowruzaly han Şahrudy öz atlylary bilen şu ýerden geçdi.

— Haçan? Näwagt geçdiler?

— Olaryň geçeni öňräkdi, agaýy. Özlerem gaty gyssanmaç geçdiler. “Çaý içiň” diýsem etmediler. Biz gün ýaşmanka Sabzebara ýetmeli diýdiler.

— Gün ýaşmanka ýetip biler öýdýäňmi?

— Ýeterler. Olaryň atlary daýaw. Gidişleri gyssanmaç. Gaty sürýärler.

— Şu gidişimize biz ýetip bilerismi? — diýip, Hally galtaman sorady.

— Ýok, agaýy. Siz iňrik garalýança ýetip bilmersiňiz. Näçe gaty sürseňizem Sabzebar daşdyr. Bäri-bärde Sabzebar ýok. Olaryň geçip gideli bäri köp wagt boldy.

— Olar bu iki ýoluň haýsy bilen gitdiler?

— Çep tarapky Sabzebara gidýän ýol, saga, gündogara gidýän ýol Gürgene, Benderşaha baryp ýeter.

Çopandan salgy alan atlylar ýola ugramakçy boldular. Çopan olaryň öňune geçdi. Edil çaga ýaly ellerini gerip, ýoly gabsady.

— Ýok, agalar, çaý içmän gitmäň.

Parslaryň arasynda şeýle bir gürrüň bar. “Çölde çopana duşan adam düşläp, çopanyň çaýyny içip gitse, şol çopanyň arzuwy ýerine düşermiş. Ykbal oňa ýylgyryp bakarmyş. Şol gürrüňden habarly Hally galtaman:

— Nowruzaly hany näme üçin düşürmediň? — diýip, öňüni galdap duran çopandan sorady.

— Düşürjek boldum. Diýenimi etmediler. Howlugýas diýip meni gamçyladylar.

— Näme, ol gamçy bizde ýokdur öýdýäňmi? — diýip, Hajy gamçysyny görkezdi.

— Siz meni ursaňyz uruň. Ýöne bir käse çaýymy içip geçiň. Meni beýle garabagt etmäň, agalar — diýip, çopan ýalbardy. Ýeri, bolýar — diýip, Hally galtaman Haja ýüzlendi. — Çopanyň umydyny ýolmalyň. Garaňky düşýänçä Sabzebara ýetip bilmejek bolsak, haýdanymyzyň peýdasy ýok.

Çopanyň mürehedini kabul eden ýigitler atdan agdylar. Çopan ýigitleri goşa alyp bardy. Gara tüňçäni çelekdäki suwdan dolduryp çaý goýdy. Ýanyp duran oduň üstüne çöplemeler atyp, tüňçäni derrew gaýnatdy. Onuň gaýnamyny syndyrmanam çaý atdy. Palçygy Maşadyň meşhur küresinde bişirilen tagaşyksyz, okara çalymdaş ullakan käsede çaýy üç gezek gaýtaryp, käsäni doldurdy. Ony

atlylaryň uluragydyr diýip, Hally galtamana uzatdy. Oduň üstüne täzeden odun atdy. Ýigitler keýp edip çoýundylar.

— Çaýdanam beter şu ody gowy zat — diýip, ortada güwläp duran ody öwdüler.

Okara ýaly ullakan, galyň käseden çaý owurtlap oturan Hally galtaman gündogarda lowurdap duran daglara göz aýlady. Dag üýtgeşik owadan görünýärdi. Kemsiz ýuwlup, yzyndanam gury esgi bilen süpürilen pöwrize daşy ýalydy. Onuň öňünde ne duman, ne ümür bardy. Ol burum-burum bolup çykýan mawy tüsse ýalydy.

Bu ýerden howalanyp görünýän şol daglaryň göwsünde Hally galtaman kän bolupdy.

Kesearkaçda galtamançylygynyň üstünde tutulyp gidensoň, ol bu jelegaýlarda durmandy. Özüni şol görünýän daglara, Süleýman daglaryna urupdy. Ol ýerde Hally galtamanyň dostlary bardy. Onuň iň gowy görýän dosty Ysmaýyl kürt henizem şol Süleýman daglarynda bolmaly.

Bir gezek Nowruzaly hanyň serbazlaryndan gaçyp Süleýman daglaryna siňipdi. Şonuň bir buky gowagynda ýatyrdy. Şol ýerde-de erbet syrkawlady. Ol gowakdan emedekläp çykyp, özüni zordan ýola atdy. Iýere ýok, içere ýok. Ýoluň ugrunda keserilip ýatdy. Ahyry bir eşekli kürt şol ýoldan geçip barýarka, ony görüp ýygnady. Ony eşegine mündürip, oba alyp gitdi. Ol obanyň tebipleriniň maslahaty bilen syrkawa däri-derman etdi. Ine, şol kürtüň adyna Huşnaf Koý diýýärdiler.

Huşnaf Koýuň ogly Ysmaýyl kürtem Hally galtamanyň diri galmagy üçin elinde baryny edipdi. Tebipleriň salgy bermegi boýunça uzak ýerlere gidip, derman otlary gözläpdi. Getirip olary tebiplere beripdi. Tebipler şol otlardan derman ýasap, Hally galtamanyň derdine em edipdirler. Şeýdip Hally galtaman ölümden halas bolupdyr. Olam Ysmaýyl kürti gorapdy. Huşnaf kürt salgydyny tölese-de, Nowruzaly hanyň emeldarlary "salgydyny tölänok" bahanasy bilen Ysmaýylyň münüp, guwanyp ýören ýekeje ýabysyny elinden aldy. Bu ýagdaýy aglap gürrüň beren Ysmaýyla:

— Sen häzir öýüňe gaýt. Ertir irden ýa-ha ýabyň gapyňdan örer, ýa-da Gotaz kürtüň meýdi öýüňden örer — diýip, Hally galtaman ony öýlerine ugratdy. Hally galtamanyň şol aýdyşy ýalam boldy. Oýuyň ýabysyny, şo gije gapysyna getirip beripdiler.

Ol şeýle bolupdy. Özüne ýaran toplan Hally galtamanyň alty-ýedi atlysy bardy. Atlylar Gotaz kürtüň göni öýlerine bardylar. Onuň öýde ýokdugyny, onuň başga ýana gidip, şu gün geljekdigini anykladylar. Onuň geljek ýoluny kesdiler. Ikindin ara obasyna gaýdyp gelýän Gotaz kürtüň öňünden çykan atlylar onuň atynyň jylawyndan ýapyşyp sakladylar.

— Agaýy baý, siz Huşnaf Koýuň atyny alypsyňyz.

— Hawa aldyk, ol salgydyny tölemedi.

— Şol at ertir irden Huşnaf Koýuň gapysynda örmese, siziň özüňizem, howlyňyzam salgyda gider, düşnüklimi?

— Düşünmän näme? — diýip, rejäniň geň däldigini aňan, gorkusyndan ýaňa ýüzüne öliniň reňki uran Gotaz kürt sesini

sandyradyp aýtdy. — Şeýdip, düşündirip aýtsaňyz gaty düşünerin. Ýöne olaň salgydyny kim tölär.

— Ony sen tölärsiň — diýip, Hally galtaman kesgitli aýtdy. Şo gije Huşnaf Koýuň gapysyny kakyp:

— Atyňy kabul et — diýip aýdypdylar.

Gotaz kürt Hally galtamanyň ol azmly sözleriniň ýöne gorkuzmak üçin aýdylmandygyna gowy düşünýärdi. Bu ýerde özüne hanyň serbazlaryndan kömegiň ýokdugyna düşünýärdi. Ony gaty gowy bilýärdi. Olar bir gezek, iki gezek kömek eder. Üçünji gezek näme? Sen bu ýerde bir gün iki gün däl, ýyllar boýy ýaşamaly. Nowruzaly handan haýyş etseň bäş-on atly goragçam berip biler. Ýöne şol atlylaryň çykdajysy onuň öz boýnuna bolar. Serbazlar Huşnaf kürtden alnan bir ýabynyň bahasyny bir aýa ýetirmän iýer. Bu zatlaryň hasabyna belet Gotaz kürt Huşnaf Koýuň ýabysyny gaýdyp bermekden başga alajyň ýokdugyny duýdy.

Süleýman daglaryna seredip, Hally galtaman geçmişi ýatlap oturan pursatynda ýigitler çopanyň okara ýaly galyň daş käsesinden çaý içdiler. Oda çoýundylar.

— Ýolagçy ýolda ýagşy — diýip, Hally galtaman ýerinden galdy. — Çopan, eden hyzmatyňa sag bol. Bagtyň açyk bolsun. Tutan işiň şowuna düşsün.

— Sag boluň, agalar. Sizem arzuwyňyza ýetiň, maksadyňyz hasyl bolsun.

Demini-dynjyny alan ýigitler ýene-de ýola düşdüler. Atlylaryň öňünden ýylançyr deý gaçyp barýan ýol eýläk-beýläk öwrüm edip,

kyblany sypdyrman barýardy. Olar ýene üç-dört obany yzda goýdular. Ýol uly gyrdan aşyp, ýene ikä bölündi. Ýolagçylar bu ýerde ikirjiňlenip durmadylar. Ýene sag tarapdaky ýoly alyp gitdiler. Bu ýerde ýoluň aýrylýandygyny çopan olara duýdurypdy.

"Çep tarapa, ileri guşluga sowulýan ýol birnäçe obalaryň üstünden geçip, Haf çöllügine Deşti Köwire, Deşti Lura gider. Ondan aňrygam Isfihan etrapyna urar" diýip, olara jikme-jik aýdypdy.

Aňyrsyny görmedigem bolsa, Hally galtaman Haf çölünem, Deşti Köwirem görüpdi. Ol bir aňyrsy görünmez duz dünýäsi, duz çöllügidi. Ol ýerde jandar ýaşamaýar. Adamlar diňe baryp gaýdýarlar. Il içinde "Duzda galan duz bolar" diýen nakyl bar. Şol aýdylyşy ýaly, şol çölde düýäň maslygam galsa, guşuň maslygam galsa, birnäçe wagtdan soň duza öwrülip gidýär.

Gadym rowaýatlarda aýdylyşy ýaly, Muhammet pygamberiň dört sany serkerdesi bolupdyr. Olara çaryýarlar diýip aýdýarlar. Olar — Ebubekir, Omar, Osman, Aly. Ine şol dörtleriň iň kiçisi Hezreti Aly entek Eýrany basyp almanka, ymam Hasan, ymam Hüseýin dünýä inmänkä şu etraplaryň ýaşaýjylary ölen adamyň jesedini jaýlamaz ekenler. Ony şol Haf çölüne, Deşti Kewire eltip goýar ekenler. Jeset şol ýerde duza öwrülip gider ekeni.

Hally galtamanyň eşitmişine görä, şu etrapyň hanlary henizem bir adama ölüm jezasyny bereninde, onuň elini-aýagyny daňyp, şol ýerde goýup gaýdýarmyşlar.

Atlylar çopanyň aýdan ýolundan sürüp, Sabzebara ýassynlar baryp ýetdiler. Indi Şahruda çenli başga gala ýokdy. Bu iki ara Hally galtamanam, onuň ýaranlaram beletdi. Sabzebar bilen Şahrudyň arasynda telim gatnapdylar. Şu iki aradaky obalara gyşlaklara, ýazlaglara çenli beletdiler. Olaryň köpüsine baryp görüpdiler, düşläp, gijäni geçirip gidipdiler. Bu obalaryň myhmansöýer, alçak, açyk adamlary bar. Özlerem agzybir. "Duldegşir goňşy uzakdaky doganyňdan ýakyn" diýen pars nakylyny döredenem şu obalar bolsa gerek.

Kowgy Sabzebara girmedi, onuň daşyndan aýlandy. Şähere girseň adamlaryň ünsüni çekjekdi. Itler ala-galmagal edip, olaryň gelenini ýaňy irkilip ugran, heniz uklap ýetişmedik adamlara duýdurjakdy. "Bu topar atly nämekä?" diýip, kimler darajyk penjirelerden, kimler gapyny çalaja açyp yşyklar. Onsoňam şäherde topar atly aýlanyp ýörse hana habar ýetiriljekdi. Bu ýagdaýda işiň bulaşaýmagy ahmaldy. Şunça çekilen azabyň puja çykaýmagy mümkin. Ondan ýöne "It ne gara görsün, ne-de üýrsün" diýlişi ýaly gaçarak duran ýagşy. Çemçeläp ýygnanlary sähel zat üçin çanaklap döküläýmesin.

Şäheriň daşyndan aýlanan atlylar Şahrudyň ýoluna düşüp sürdüler. Hally galtaman bu ýoldan ilkinji gezek uly kerwen bilen geçipdi. Ol mahal Hallynyň kakasy Keraly söwdagärem bardy. Galadan daşrakda bolar ýaly esli ýol ýörediler. Şahrudyň ýoluny ortalaberenlerinde, ýola abanyp duran köneje harabalyk bardy. Ine, şu harabada Hallyny galtamanlar tutupdylar. Birnäçe ýyl mundan ozal öçügsi Aýyň ýagtysyna somalyp görünýän, ýolagçylaryň

ýüregine birhili howp salýan ýykyk-ýumruk diwarlar Hally gedaýyň Hally galtamana öwrülen ýeridi.

Bu gadymy harabaçylykda düşläp, daňdana çenli demini-dynjyny alan, irkilip, gözleriniň awusyny egsen atlylar ümüş-tamyşda aýak üstüne galdylar. Atlaryny haýal etmän eýerlediler. Harabanyň belent ýerine çykarylan iki sany ýigit ýola gözegçilik edýärdi. Sabzebardan gelýän ýoluň bir menzilini göz astynda saklaýardylar. Ýöne welin ýoluň beýleki tarapynam gözden salanokdylar.

Ýol bilen bir eşekli düýäni idip gelýärdi. Olaryň şol öňki galtaman wagtlary bolsa ony talardylar. Türkmenler aýtmyşlaýyn syplymguduz sypyrardylar. Ýöne bu wagt oňa el degenok. Häzir bu düýelini, eşeklini talamaly däl, oňa görünmezligiň alajyny edip gizlendiler. Bu ýalňyz ýolagçy Şahruddan gelip, Sabzebara barýardy. Nowruzaly han dagy onuň öňünden çykar. Ýolagçydan ýoluň rahatlygyny sorar, şonuň üçinem bu ýalňyz ýolagçy bulary görmese gowy.

Bu gezek kowguçylar gaty hüşgärdi. Nowruzaly hany şu gezek sypdyrmajak bolmalydy. Şu ýerden sypdygy Tährana çenli kowalap gitmeli boljak. Ol Şahruda baransoň öz goragçy serbazlaryny köpeldäýmegi ahmaldyr. Şeýdäýse iş hasam kynlaşar. Şonuň üçin ýigitler ýola durna ýaly eserdeň garaýardylar.

— Gelýärler — diýip, ýokarda duran gözegçileriň biri gygyrdy. Onuň sesinde şatlygyňmy, howsalanyňmy alamaty bardy. — On atly, hanyň özi bilen on atly başyny bozman gelýär.

— Gelibersin. Nesip bolsa olaryň başyny şeýle bir bozarys welin, hersi bir dünýäden tasap çykaýsa nädersiň?

Hally galtamanyň bu sözlerinde onuň içki duýgusy, içki dünýäsi, içki begenji mese-mälim duýlup durdy. Ýigrimi atly iki bölünip, ýoluň hersi bir tarapda gizlendi. Olar käliň içinde gizlenipdi. Ýol şu çuň käli kesip geçýärdi.

Hanyň atlylary käliň gyrasyndan gireninde, olaryň üstüne "Alla!" diýip at goýdular. Entek käle gaty giräýmedik ýedi atly atyň başyny yzyna öwürmäge ýetişdi. Olar Serbazlara tarap atlaryny gamça basdylar. Gaçanlary kowalap ep-esli giden galtamanlar dolanyp geldiler. Olar "Gaçany kowujy bolma" diýlişi ýaly şondan aňry kowalajagam bolup durmadylar. Sebäbi, olaryň gerekli daşy ellerine düşüpdi. Iň öňünden gelýän üç atly käle girip ýetişipdi. Şol üç atlynyň birem olaryň uzak ýyllar boýy eden arzuwlary, gözlän guşy Nowruzaly handy. Şol üç atlynyň daşy durşuna ýalaňaç gylyçdy. Serbazlar sähel gymyldasa, şol gylyçlar olaryň böwründen girip, ýokary göteriläýjek ýalydylar. Olara gylyja ýapyşara-da, garşylyk görkezere-de maý bolmady.

— Ýaragyňyzy sypyryň! — diýip, Hally galtaman höküm ediji seslendi. "Bular ýönekeý talaňçy galtamandyr, atymyzy ýaragymyzy alyp goýberer" diýip, pikir eden Nowruzaly han hasyr-husur gylyjyny sypyryp oklady. Ýesir düşen beýleki serbazlaram onuň göreldesine eýerip, onuň edenini etdiler.

— Siz gidiberiň — diýip, Hally galtaman olara aýtdy — Nowruzaly han bilen algy-bergimiz bar. Şol hasap-hesibimizi gutaran badymyza, onam ugradarys.

— Ýok, biz han agasyz gitmeris.

— Gümüňizi tapyň — diýip, Hally galtaman azgyryldy. Gylyjyny gynyna salan ýigitleriň biri “Gitmeris” diýýän serbazlary gamçylap ugrady.

— Me gitmeseň! Al gitmeseň! Gitmezmiň?

Ýagyrnysyna ýagyp ugran gamçylar serbazlaryň pikirini basym üýtgetdi, “Kötek güýçli bolsa ýüň gazyk ýere girer” diýen nakyl bar. Olar ilki siňekden goranýan ýaly gamçylardan goranjak boldular. Bolmajagyny aňyp: “Assa gaçan namart” diýip ökjäni göterdiler. Hol beýlede, garaw gören keýikler ýaly, oýurganyp durdular. Ýaňky gamçylan galtaman olary görüp:

— Bir eşegiň ýerine üç eşek öljek eken-dä. Duruň hany durýan bolsaňyz — diýip, gylyjyny syryp, olaryň üstüne eňdi. Ony gören serbazlar çyny bilen gaçdylar.

Ýigitler Nowruzaly hany atdan agdaryp, bütin eşigini sypyrdylar. Rejäniň geň däldigini aňan han ýigitlere ýalbaryp başlady.

— Oglanlar, meni goýberiň! Isleseňiz heriňizi bir oba hojaýyn edeýin. Isleseňiz boýuňyza deň gyzyl bereýin.

— Bu zatlary senden öň pişigem aýdypdyr. “Syçan dost, bu hinden çykyp, ol hine girseň boýuňa deň gyzyl bereýin” diýipdir. Syçanam: “Ýol gysga-da kireýi köp. Munuň bir emmasy bardyr” diýip, onuň aýdanyny etmändir.

— Han bizde syçanyňkyça-da akyl-paýhas bardyr öýdýän däldir.

— Öýtmese, ynha men öýder ýaly ederin. Oňa ata-baba görmedigini görkezerin.

— Oglanlar, ýigitler beýtmäň, maňa rehim ediň? — düşseň, Nowruzaly han sesini sandyradyp, aglaýan ýaly edip aýtdy.

— Rehim etmelimi? Biz saňa näme üçin rehim etmeli? — diýip, Hally galtaman çiňerildi. — Seniň zyndanynda kakam bilen geçiren gijäm üçinmi? Ýagyrnyma urlan gamçylar üçinmi? Saýgylanyp öldürilen kakamyň hatyrasyna rehim etmelimi? Namysyna deglip, zorlanan aýal doganymyz üçinmi, saçyndan asylan garry enemiz üçinmi? Diriligine ýere gömlen garry atamyz, ata süýredilen agamyz üçinmi? Talanan goşumyz, otlanan öýümiz üçinmi, ene-atasynyň gözüniň, gözi köwlenýän jigimiz üçinmi? Haýsy üçin rehim etmeli? Aýt, şol aýylganç wakalaryň haýsy biri üçin rehim etmeli?

— Ýadyňdamy? — diýip, Hally galtaman sözüni dowam etdi. — Kakam senden rehim edilmegini sorapdy. Ýalbarypdy. Günäsi ýok ýerinden günäsiniň geçilmegini gaşyňda emedekläp, tükge düşüp, hapysa köwşüň ogşap haýyş edipdi. Sen şonda ony depip goýberipdiň. Belki, şonuň üçin saňa rehim etmelidir?

Hally galtamanyň bu sözleri meseläni ikuçly etmedi. Nowruzaly hanyň başy aýlandy. Onuň göwnüne asman inip, ýer çöwrülip barýan ýalydy. Ine, bu dini kitaplaryň aýdýan kyýamaty, ahyrzamany. Onuň bar umydy şol gaçyp giden serbazlardady. Şolar baryp Sabzebardan kömek alyp gelerler. Ýöne haçan gelerler? “Olar haçan gelerkä?” diýip, galtamanlar munda garaşyp durarlarmy? Kömek gelýänçä,

olar Nowruzaly han bilen algy-bergi hasabyny gutarmazmy? Aslynda munça atlynyň garşysyna urşar ýaly serbazlary nireden aljak? Ýigitleriň hemmesi uruşda. Iki-ýeke galanlary haçan ýygnap, haçan olary getirjek?

Nowruzaly han giň deňizde ýüzüp bilmän, çabalanýan adama meňzeýärdi. Demi-demine ýetmän hopugýardy. Onuň ähli umydy “Serbazlar geler, meni halas eder” diýen umydy salgym kowalan ýaly, tolkunlaryň arasynda sypaldan ýapyşan ýaly bir zatdy.

Ýigrimi atly Nowruzaly hany gezek-gezegine ýençdiler. Eger oňa “pylança gamçy urmaly” diýip, höküm edilen bolsa, urulmaly gamçy näçe köp bolsa-da, garaz, bir ujypsyz umyt, diri galmak umydy yş berjekdi. Şol höküm edilen gamçylar urulanda, ölmän galaýmak umydy bardy. Nowruzaly hanyň şu ýagdaýynda diri galmak umydy düýbünden ýokdy. Gamçy oňa ölýänçä uruljakdy. Eger şu mahal ýüz atly serbaz boşatmaga geläýende-de, Nowruzaly hanyň diri galmak umydy ýokdy. Galtamanlar gaçmaly bolaýanlarynda-da ony gylyç bilen iki bölüp gitjekdiler. Nowruzaly hana diňe gözüni ýumup, ölümine garaşaýmak galýardy.

Şahrudyň hanyna gamçy urup, horlap başlamazdan öňürti, atyň tezegini agzyna dykdylar. Şoňa meňzeş bir topar jezalary oýlap tapdylar. Iň soňunda-da gamçylap öldürdiler. Yzyndanam ata süýretdiler. Iň soňunda-da tanalmaz ýaly bolan öli göwresini ýoluň ortasyna taşlap gitdiler.

## RYZAGULY HANYŇ ÇADYRYNDA

Ýolamanyň Çaloýuga giden ýüzlügi sag-aman dolanyp geldi. Maru-Şahu-jahandan gelýän üsti galla ýükli kerweni gylyny gymyldatman alyp geldi. Fahreddin mürzäniň atlylaryny dargadyp, üç sany ýesiri tutup getirdiler. Onda-da nähili ýesirler. Ahal olaryň ikisini tanaýardy.

— Hä-ä... Fahreddin mürze, Aly Aşrafy han, hoş gelipsiňiz — diýip, Aly Aşrafynyň adynyň soňuna han lakamyny goşup aýtdy. Başga wagt bolanynda Aly Aşrafy özüniň han lakamyna guwanardy, ýylgyrardy, guşy uçardy. Ol bir wagt Gümmezgaýada Dorbedewi kabul etmäge geleninde, han diýen söze nähili göterilýärdi. Edil uçaýjak bolýardy. Özüni dogrudanam hanmykam öýdýärdi.

Ahal bilen deň çapyksuwar, deň seýis bolansoň ol özüni Ahalyň garşydaşy hasap edýärdi. Ýaryşlarda, ýeňşi elinden alýan Dorbedewe-de, Ahala-da ýüreginde baslygyp ýatan gahar, kine, göriplik bardy. Şonuň üçinem Ahala ähli babatda ol özüni duşman saýýardy. Gözünde oky bolsa urjakdy. Gahar-gazaby bir gaýa bolsa, Ahalyň üstüne eňterjekdi. Asman paýyny çekip bilse, şonam çekip, Ahalyň üstünden inderjekdi. Arman ony çekip bilenokdy.

Ol Ahaly şeýle ýigrense-de, özüniň adyny tutup, gapdalyndan han diýen sözi goşanda, Ahalyň keşbi üýtgäp giden ýaly, özüne has ýakyn ýaly bolup görünýärdi. Ol Gümmezgaýada şeýle bolup görnüpdi. Häzir bolsa Aly Aşrafa han sözi beýle täsir etmedi. Gaýta şol han diýen sözüň aňyrsynda birhili howp bar ýaly bolup göründi.

Üçünji ýesiriň ýüzüne Ahal çiňerilip-çiňerilip seretdi. Bu ýüzi, keşbi bir ýerde gören ýaly boldy. Ýöne nirede görendigini hakydasyna getirip bilmedi. Ahyry özünden sorady:

— Sen kim? Nireden borsuň?

— Men Ysmaýyl Koý. Süleýman daglaryndan bolaryn, agasy.

— Hym-m... — edip, Ahal dymdy. Serbazyň ady oňa tanyş däl, ýaşaýan ýerem. Ol Eýranyň käbir ýerlerinde bolup görüpdi. Ýöne Süleýman daglaryny diňe uzakdan synlapdy. Ýadyna saljak bolup, şubela synansa-da bolmady. Näme diýseňem şu ýüz onuň gören ýüzüdi. Ahyry ýesiriň özüne sorag berdi.

— Sen meni tanadyňmy?

— Güman edýän, siz agaýy Ahal dälmi?

— Edil özüdir — diýip, Ahal çala ýylgyrdy. Ol häzir serbaz özi hakda aýdar, nirede görendigini beýan eder, şonuň bilenem ony nirede görendiginiň, tanyşlygynyň üsti açylar öýtdi. Ýöne ýesiriň soňky sözi onuň ýerden galan umydynyň aýagyndan çekip ýere düşürdi.

— Seň Fahreddin mürze bilen, Aly Aşrafy han bilen garyndaşlygyň-a ýokdur?

Ahalyň sowal bermegi ýöne ýerden däldi. Ol Aly Aşrafy nazarda tutupdy. Söweşde Fahreddin mürzäni ýesir alansoňlar, Aly Aşrafynyň özi baryp ýesir düşüpdi. Ol Ýolamana ýalbaryp, Fahreddin mürzäniň goýberilmegini haýyş edipdi. Oňa ummasyz baýlygy wada beripdi. Özüniň seýisläp ugran Sawur atly atyny hödürläpdi. Ol at Rabatyň neslindendi. Rabatyň adyny eşitmedik

Eýranda-da, Turanda-da ýok bolsa gerek. Ýolaman oňa at üstünden seňrigini ýygryp seretdi.

— Siz adam alyp, adam satmaga öwrenen haramzadalaryň toparysyňyz. Seniň bu pyglyň bolmaz.

Umydy üzülen Aly Aşrafy durjagyny-da, yzyna dolanjagyny-da bilmedi. Ol söweşde ýesir alnan ýesir däl. Onuň özi gelipdi. “Özi gelen keýigiň iki gözünden başga aýyby ýok”. Beýleki gaçyp giden atlylar ýaly olam gaçyp gidip biljekdi. Ýöne ol söweşýän duşmanyň mertligine bil baglap, yzyna dolanyp gelipdi.

Özi gelen Aly Aşrafyny Ýolamanyň ýigitleri hem saklajak bolup durmadylar. Onuň boýnuna tanap atyp: “Senem indi ýesir” diýmegi namartlyk hasapladylar. Ýöne welin ýesir düşmegi Aly Aşrafynyň özi isläp gelipdi. Ol Fahreddin mürzäniň janyny goramaly adamdy. Mürzesiz yzyna dolanyp barsa, özüne näme garaşýandygyny Aly Aşrafy gaty oňat bilýärdi. Ryzaguly hanyň jellatlary dönük hökmünde Fahreddin mürzäni öz eli bilen ýesir beren adam hökmünde onuň kellesini aljaklar. Beýdip kellesini giderenden ýesir düşenini kem görmedi. Ýesir düşse eline, aýagyna zynjyr salarlar. Dagy ýagdaý ýok. Bu gumuň içinde ýesirleri saklar ýaly jaý ýok. Ýesirleri saklap biljek zat eline-aýagyna urlan zynjyr ýa-da çöpürden işilen tanap.

— Bularyň eline-de, aýagyna-da zynjyr urmaly — diýip, Ahal töweregindäkilere buýruk berdi. Zynjyr sözüni eşiden Aly Aşrafy ör-gökden geldi. Ol Ahala ýüzlendi:

— Men ýesir däl, agaýy Ahal. Meniň özüm geldim.

— Sen Maşatdan Gorla özüň gelensiň — diýip, Ahal oňa alarylyp seretdi. Onuň Gorly diýýäni häzir Ryzaguly hanyň atlylarynyň eýeläp ýatan guýusydy. — Gorludan Çaloýuga-da özüň baransyň. Çaloýukdan bärik welin, seni tutup getirdiler. Düşdüňmi, Aly Aşrafy han!

— Men özüm gelmedik bolsam, meni tutup getirip bilmezdiler.

— Uruşda gaçyp barýan adamyny kowalaýarlar. Gaçyp barýan adamyň birden aty büdräp ýykylýar, ýa özi büdreýär, ýa-da gylyç bilen türresine kakyp büdredýärler, şeýdibem ýesir alýarlar.

— Meniň atym büdränok — diýip, Aly Aşrafy han sözüni gaýtalady. — Özem büdränok, gylyjam degenok.

— Eger atyň büdremedik bolsa, gaçyp gidäýip bilmediň ahyry. Eger gaçyp gidip bilmedik bolsaň, şol atyň büdredigidir.

— Bilmedim welin, agaýy Ahal, meni ýesir hökmünde saklamak mertlig-ä däl.

Ahal oňa gabagynyň astyndan hyrsyz gözleri bilen seretdi.

— Mertlik diýip nämä düşünýärsiň? Nämäni göz öňünde tutýaň? Köp bolup az adamyny urmak, güýjüm ýetýär diýip, ony gul edip saklamak, öýüni-ýurduny talamakmy? Iki-üç esse güýjüňize baýrynyp, biziň üstümize geldiňiz. Şolam mertlikmi? Ryzaguly hanyň özüni orta çykaryp, başa-baş söweşdiräýseňiz bolmadymy? Ine, şolam mertlik bolardy. Mertlik diýýäň. Garrylary, çagalary, aýal-ebtatlary Kesearkaçdan aýraňyzda mertlik edip aýra salypmydyňyz? Bizi şu guýa çenli mertlik edip kowalap geldiňizmi? Beýle mertligi bizem edip biljek. Häzir meniňem size güýjüm ýetýär.

“Äkidiň-de mürze bilen Aly Aşrafynyň kellesini kesiň” diýerin welin, şol seniň diýýän mertligiň bolar.

Aly Aşrafynyň ýüzi ak tam ýaly agaryp, näme diýjegini bilmän, kirpi ýaly ýygrylyp durdy. Suwa batyrylan pozzam telpek ýaly müzzerdi. Gyzyp duran Ahalyň ýaňky howply buýrugyny beräýmegi hem daş däldi. Eger şeýdäýse, Ryzaguly hanyň agyr goşunyndan, Maşatdaky sandyk-sandyk altyn şaýyndan, onuň dagy ýarýan, ýeri godukladýan howply demindenem ýetjek delalat ýokdy.

— Iň gowusy, bar, eliňi-aýagyňy daňarlar ýa-da zynjyr ururlar. Garaz, gaçmaz ýaly ederler — diýip, Ahal sözi gutardym hasap etdi. Olary alyp gidenlerinden soň Ysmaýyl Koýyň daşyna geçdi.

— Mertlik, namartlyk hakda gürrüň etmäge seniň meýliň ýokdur-da?

— Ýok, agaýy Ahal. Men bir garyp adam. Siz näme diýseňiz boýun men.

— Boýun bolsaň, seni daňybam, zynjyrlabam durmazlar. Sen şu töwerekde boluber. Gaçyp gitjek bolma, Ogly ýesir düşensoň, Ryzaguly han bir ýaraly gaplaňdyr. Barsaň jan ajygyna seni ýuwdar.

— Bolýar, agaýy Ahal. Men gaçyp gitmejegime Melek Tawusdan ant içýärin.

Onuň ýüzüne hyrsyz gözleri bilen sereden Ahal: “Bu nähili ant boldugy?” diýip içini gepletdi.

Ahalyň mertlik hakynda ýesirler bilen gep atyşýan mahalynda, olaryň duran ýerinden üç-dört gol ilerde, Gorly diýilýän golda, uly goşunyň düşlän ýeriniň ortarasyndaky çadyrda Ryzaguly han ýaraty

gaplaň ýaly ýňranýardy. Onuň töwereginde bolýan ähli gymylda gahary gelýärdi. Tomsuň yssysyna çydaman ýatan it ýalydy. It eýesini näçe gowy görse-de, ýaranjaňlyk etse-de, yssy günleri sähelçe lak atylanlygy üçin eýesine topulmakdan, agyz salmakdan gaýtmaz. Her näçe oýunçy it diýseňem, şo mahal olaryň ýadyna oýun düşmez. Ryzaguly hanam şu mahal şeýledi. Söz oklany ýarjak bolup, azgyrylyp durdy.

Ol kapasa düşen möjek ýaly bir ýerde durup bilenokdy. Şol zygyrdap, aýlanyp ýördi. Özüniň başyna düşen bu hasratyny, Fahreddin mürzäniň türkmenlere ýesir düşmegini Nowruzaly handan gördi. Fahreddin mürzäniň ýüzlügini kerweniň öňünden ibermäge perman beren özüdi. Bu ýerde Nowruzalynyň günäsi ýokdy. Ol diňe şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanyň permanyny berjaý etdi. Hany berjaý etmänem görsün. Bu ýeri uruş meýdany. Munda ýerine ýetirilmedik perman iň bärkisi gorkaklyk hasap edilýär. Uruşda gorkaklary ile görelde edip, ölüm jezasyny berýärler. Bu ähli uruşlaryň ata-baba gelýän kanuny. Bu kanun uruş ilki çykanda, urşuň özi bilen dünýä inipdir.

Uruşda permany berjaý etmezlik dönüklik bolup biler. Dönüklik bolsa hemişe iň uly günä hasap edilipdir. Dönükligiň özünden ýokary günä ýok. Şonuň üçinem dönüge uruş wagtymy-dälmi, onuň parhy ýok, hemişe ölüm jezasy berlipdir. Dönükleri diňe dönüklik edilen tarap däl, beýleki tarapam halamandyr.

Rowaýatlar aýtmyşlaýyn, Isgender Zülkarnaýn bir mahal Eýrana garşy uruş edip gelipdir. Ýedi yklymy alan Isgender Eýrany hiç alyp

bilmänmiş. Galanyň daşyny gabap köp ýatypdyr. Ahyrynda hem dönükleriň kömegi bilen gala girenmiş. Söweşde ýeňlen Eýran şasy ýaraly bolup ýykylanmyş. Isgender onuň kellesini dyzynyň üstüne alyp göterende, Eýranyň şasy gözüni çalaja açyp:

— Saňa näçe güýçli diýselerem, sen meni güýç bilen ýeňmediň. Sen meni dönükleriň kömegi bilen ýeňdiň. Bu gün maňa dönüklik edenler, ertir saňa-da dönüklik eder — diýip, iň soňky deminde aýdanmyş. Şeýdibem ýeňlen şa amanadyny tabşyranmyş. Ölen şanyň kellesini dyzynyň üstünden aýran Isgender:

— Eýran şasyna dönüklik edip, bize kömek eden adamlaryň hemmesini gylyçdan geçirmeli — diýip perman beripdir. Isgenderiň weziri:

— Bu nätdigiň boldy? Olar indi biziň öz adamlarymyz ahyry? — diýipdir.

— Olar asuda günde Eýran şasynyň elinden ýal iýip ýörkä, şol şanyň öz adamlarydy. Oňa dönüklik eden adamlar ertir menem sylap goýarlar, dönüklik etmezler öýdýäňmi? Zanny dönüge ynam bolmaz. Baryny gyryň — diýip, öz permanyndan dänmändir.

Eger müňbaşy Nowruzaly han Ryzaguly hanyň permanyny ýerine ýetirmedik bolsa han ony dönük diýip yglan ederdi. Ol dönüge berilýän jezany bererdi. Şondan gelenem ýene oglunyň ýesir düşmeginde ähli günäni Nowruzaly hanyň üstüne atdy. Ýogsa Nowruzaly han oňa:

— Bu işe ýüzbaşylaryň başga birini tap. Mürzäniň saly gowşak — diýip duýdurypdy.

— Saly gowşak bolsa, goý bekesin. Olam hanyň ogly. Oňa-da at-abraý gazanmak gerek ahyry.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen hanymyz, türkmenler at-abraý diýen ýaly zady saňa beýle aňsatlyk bilen bermezler — diýip, Nowruzaly han janygyp aýtdy. Ýöne häzir oglunyň hasratyny çekýän Ryzaguly han onuň sözlerine pitiwa etmedi. Öz diýenini etdi. Şeýdibem ogluny türkmenlere ýesir berdi.

— Gulamaly!!

— Lepbeý, şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz!

— Hyrady begiň yzyndan adam iberildimi?

— Aýdan dessiňize iberildi, şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz.

Bu wagt çadyryň gapdalynda uly zenzele turdy. Ryzaguly han:

— Bu nämäniň gykylygy?— diýip, işik agasyna gazaply seretdi.

— Serbazlaryň biri başga biriniň içjek suwuny ogurlapdyr.

Ryzaguly hanyň goşunlarynyň arasynda serbazlaryň içjek suwy birnäçe günden bäri ölçelip berilýärdi. Suwuň ýetmezçiligi, onuň berk ölçege girizilmegi serbazlaryň arasynda-da, atlaryň arasynda-da uly kynçylyk döredýärdi. Suwsuzlykdan ýaňa ölen atlar bardy. Atlara ajy suw berilýärdi. Ýöne ajy suwam köplük däldi. Ajy suw içýän atlar edil içi geçýän adamlar ýaly egrelip ýördüler. Bu atlar bilen kowsaň ýetip boljak däl, gaçsaň gutulyp boljak däl. Olar ata-da meňzänokdylar. Awçylaryň tazysy ýaly egrelip ýören bir zatdy.

Ata berilmeli ajy suwy özleri içip, içinden gan geçip, orak ýaly egrelip ýören adamlaram gyt däldi. Suw üçin serbazlaryň arasynda

häli-şindi ýumrukly söweşlere baryp ýetýänleri bolýardy. Şol söweşleriň gylyçly, hanjarly söweşlere öwrülýänlerem ýok däldi. Suw üçin urşup, eýýäm ikimi-üçmi serbazyň ölenligi hakyndaky habary Ryzaguly hanyň gulagyna ýetiripdiler. Olaryň ýaralananlaram köpdi.

Ryzaguly han çadyryndan çykyp, beýle ýanynda hümer bolup duran, edil gowaça paýlaşýan ýaly ala-wagyrdy edýän serbazlara gygyrdy. Tutaklanyp durlan serbaz Ryzaguly hany görüp, tutaklap duranlaryň elinden sypdy. Ylgap baryp hanyň aýagyna ýykyldy.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, meni bularyň deminden halas ediň! Men onuň suwuny içemok, özüme berlen suwy içdim. Bular meni öldürjek bolýarlar.

Bu serbazyň pars däldigini Ryzaguly han gepleýşinden tanady. Bu serbaz lurmy, buluçmy, kürtmi? Garaz, pars däl. Kesearkaja diňe öz güýji bilen hüjüm etmeli Ryzaguly han özüne serbazlary Eýranyň topragynda ýaşaýan başga milletlerdenem alypdy. Ine, şol serbazam şolaryň biri bolmaly. Ryzaguly han onuň depesinden ýigrenç bilen seretdi. Hanyň gözleri awa seredýän ýolbarsyň gözi ýaly aýylganç alarylyp durdy. Özem edil gan öýen ýalydy. Gözüň togalak ak ýagynda çylgym-çylgym gan yzy bardy. Bu gan çylgymlarynyň hanyň gahar-gazabynyň alamaty bolmagam, ýesir düşen oglunyň pikirini edip, uzyn gije ýatmansoň, ukynyň alamaty bolmagam ahmaldy. Garaz, onuň gözleri gijelerine yşyk düşen möjegiň gözi ýaly gyp-gyzyldy.

— Eýranyň kanuny boýunça saňa jeza bermeli bolsa, seniň bir eliňi keserler. Bir elsizem senden serbaz bolmaz. Suw ýagysy, ýalýagysy bir garantga ýaly bolup galarsyň. Onuň ýaly garantgalar ozalam az däl. Iň gowusy muňa kyrk gamçy uruň!

— Şalaryň şasynyň nazari siňen uly hanymyz kyrk gamçy meni öldürer.

— Ogurlyk edeniňden öleniň gowudyr. Äkidiň! — diýip, Ryzaguly han azmly buýruk berdi. Günäkär serbazy süýräp äkitdiler. Gitmejek bolup çarbaýlyk edýän serbaz ilki hana ýalbaryp gykylyk etdi, soň daşyndakylara gargynyp, aýaklaryny çabalandyryp, uly zenzele turuzdy. Gygyrsa-da, çabalansa-da serbazy alyp gitdiler.

Olar gideninden soňam Ryzaguly hanyň ýüregini penjeläp, mynçgap duran derdi egsilmedi. Ýanyp duran közüň üstüne gury çöpleme atylan ýaly labyrdap ýandy. Bu gidişine gitse hana ak baýdak galdyraýmak galýar. Maru-Şahu-jahandan etegi syryp gelýän bäş ýüz atlynyň garşysyna müň atly iberip, şol ýerde dargadyp ýok etmekçidi. Hany iberen atlyň. Asyl gozganara, gymyldara maýyň bolmasa nädersiň. Türkmenler hüjümini güreltdiler. Bu wagt müň atlyny iberäýseň, galanlaryňy kül-uşak edip taşlajaklar. Bu bolsa aýagyňa palta salmak, dar agajynyň astyna baryp, öz boýnuňa tanap atmak ahyry.

Atyny çapyp gelen müňbaşy atyň başyny birden çekip, atdan böküp düşdi. Atdan özi bilen deň agan attutarynyň eline jylawy oklap goýberdi. Özi bolsa Ryzaguly hanyň gaşyna gelip başyny egdi.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, Maru-Şahu-jahandan gaýdan bäş ýüz atly Kesearkaçda suwa inýän ýolumyzy kesipdirler. Suwa giden kerwenleri goraýan atlylary dargadypdyrlar. Üç kerweniň üçüsinem olja alypdyrlar. Söweşiň deminden sypan serbazlar geldi.

— Peder suhty — diýip, Ryzaguly han müňbaşynyň sözüni bölüp, aýylganç gygyrdy. Ol ýöne bir gykylyk däl-de, arryldy bolup eşidildi. Sözi diňlenmedik, ýüzüne azgyrylan müňbaşy syrtyna sapan degen ýaly bolup çadyrdan çykdy.

— Hany, Hyrady beg gelmedi-le? — diýip, han işik agasy Gulamalynyň üstüne haýkyrdy.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, öz-ä gelmeli. Oňa habar edilipdi.

“Gurt agzasaň gurt geler” diýleni boldy. Şalaryň şasynyň nazary siňen uly han Hyrady begiň enesine-atasyna ýetip, hapa sögünerine maý bermän, Hyrady beg baş egip, hanyň gaşynda peýda boldy. Ony göreninden han birneme ýumşady. Gölegçilikden gelýäniň ýüzi ýaly bir erbet kokuşyp duran ýüzi açyldy.

— Hoş gördük, sapa gördük, Hyrady beg! — diýip, Ryzaguly han ýerinden turdy. Onuň bilen türkmen zenanlarynyň görşüşine çalymdaş görüşdi. Aýallar görşenlerinde ýaşy uly aýal beýlekiniň iki egniniň üstüne elini goýsa, Ryzaguly han onuň iki egniniň gapdalyna kakdy. Ony gujaklamady, ýöne gujaklajak ýaly edip, özüne çekdi. Hanyň bu hereketleri Hyrady beg üçin uly hormatdy. Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanyň beýle hormatyna mynasyp bolup

bilýän adamlar az-azdy. Olar kyrk ýylda bir gezek dogan Zöhre ýyldyzy ýaly, diýseň seýrek duş gelýär.

Han Hyrady begi çadyryň bir dulunda oturtdy, özi onuň gaşynda per ýassyga gyşardy. Hyrady begiň enesiniň, atasynyň, çaga-çugalarynyň saglygy, mal-garalaryň başy bitinligi hakda soraşyldy.

— Il-günüň ýagdaýy neneň? Azyk-suwluk bilen oňşugy, mydarasy oňatmy?

— Alla size kuwwat bersin, şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz. Il-günüň mydarasynyň kemi ýokdur, ganymatdyr.

Hyrady begiň bu sözi il-günüň mydarasynyň hakykatdaky beýany däldi-de, salam-helikdäki berilýän soraglaryň jogaplarydy. Syrkaw soralanda, ýa-da salam-heligiň üsti bilen berilýän soraglara "ganymat, oňat" diýmek halys endige giripdir. Sebäbi adatça soraýan adam gowy jogaba, diňe gowy jogaba garaşýar. Şonuň üçin ýagdaý erbedem bolsa, oňa oňat jogap, ýuwmarlanan jogap berilýär. Hyrady begem şol jähtden "ganymat, oňat" diýipdi. Salam-heligiň şol kadasyny bilse-de hana Hyrady begiň bu jogaby ýaramady. Atasynyň öldi habaryny eşiden ýaly, hanyň ýüzi kokuşdy. Ol: "Il-günüň mydarasy kem, açlyk labyryny atýar, il arasynda garahassalyk, mergi diýen ýaly keseller döräpdir" diýiläýenini kem görenokdy.

Hanyň garaşan jogabyny Hyrady beg indi onuň kokuşan ýüzünden aňdy. Ol öz ýalňyşyny düzetjek boldy.

— Mydara näme, itiň mydarasy-da, şolam bir mydara-da. Ilgünüň ýagdaýam itiňkiden gowy däl. Bir garny aç, bir garny dok. Çagalaryň arasynda-da gökbogma bar. Ine şol helek edýär.

“Heläk edýär” diýip, Hyrady beg içinden gaýtalady. Özi barýogy gökbogma bolarda onuňam bir heläkçiligi bolarmy? “Pylanynyň çagasy gökbogmadan ölüpdir” diýip, Hyrady beg entek eşitmändi. Gökbogmanyň täjihoraz däldigine ol gaty gowy düşünýärdi. Onsoňam bu aýdan keseli çaga keseli. Ryzaguly hana uly adamlary paýhynlap bilýän keseller gerek. Ol adamlaryň keselden, açlykdan ölýändigini eşidesi gelýärdi. Şol zatlary serinde aýlap oturan Hyrady beg soňky sözüniňem şowuna düşmändigini aňdy. Ol özüniň aljyrandygyny duýdy.

Batga batan adam aljyraýar. Dyzap çykjak bolýar. Hyrady beg öz ýagdaýynyň şonuň ýaly bolandygyny aňyp, öňki aýdanyny ýuwmarlajak boldugyça barha beter boldy. Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanyň öňünde özüni oňaýsyz ýagdaýa saldy. Kelebiň ujuny ýitirdi, ony bulaşdyrdy.

Eşidesi gelýän zadyny eşidip bilmedik han oňa gaharly ýüzlendi.

— Näme üçin Ahal henizem diri gezip ýör?

— Onuň ugruna ýörite adamlar çykdy? Ýöne heniz-ä şowuna düşürip bilenoklar.

— Düşürip bilenoklar? — diýip, Ryzaguly han seňrigini ýygyrdy. — Ol siziň zaýalan awusyna degmez Atanuruňyz Ahalyň naharyna atmaly awyny guýa döküpdir.

Gazaply hanyň bu sözlerini eşidip, Hyrady begiň ýüzi ýuwusgadan gorkanyň ýüzüne döndi. Depesinden sowuk suw guýlan ýaly bütin endamy zagyrdap gitdi, ysgynyny gaçyrdy.

— Ony şowuna düşürmek üçin ilki özüňde gazap, hile, erjellik gerek. Buýrugy ýerine ýetirip bilmedigiň, ýa-da haýal ýerine ýetireniň alkymyndan almasaň şowuna düşmez — diýip, Ryzaguly han özüniň töňňe ýaly gara, durşuna gyl bolup duran gödeňsi ýumrugyny galgatdy.

— Gazaba galmak üçin ilki han bolmaly. Meňkem bir howaýy hanlyk. Meniň berýän jezamam, ýapýan serpaýymam howaýy, nesýe. Bir garybyň baý bolamda üzlüşerin diýenine barýar. Men entek han däl.

— Han bolarsyň, hökman bolarsyň. Onuň üçin ähli güýjüňi toplamaly. Han bolmak üçin ýolbarsyňky ýaly hyrsyzlyk, tilkiniňki ýaly mekirlik, pişigiňki ýaly erjellik gerek.

— Ol zatlary özüňde jemlemekde iş bar.

— Şonuň üçin hemme kişi han bolup bilenok — diýip, Ryzaguly han aýtdy. — Ýöne men seni şu gün hanlygyň gürrüňini etmek üçin çagyrmadym. Eşiden bolsaňam eşidensiň, Fahreddin mürze ýesir düşüpdir. Şony nädip ýesirlikden halas etmeli? Men seni şonuň üçin çagyrdym.

— Eşitmesine eşitdim. Ýöne nähili halas etmegiň ugruny tapman ýörşüm.

Hyrady begiň jogaby Ryzaguly hany kanagatlandyrmady. Onuň ýanyp duran ýüregine teselli bermedi, onuň gyzgynyny egismedi.

Onuň ýüreginden daş asylan, olam birhili agralan ýaly boldy. Ol Hyrady begiň syçanyň guýrugy ýaly inçejik murtuna, syrylan sakgalyna, gyzyň ýüzüne çalym edip duran keşbine ýigrenç bilen seretdi. Ryzaguly han Hyrady begiň ýylmanak ýüzüne, agyp-dönüp duran gözlerine tiňkesini dikdi. Şol ýüze keýp edip tüýküresi geldi. Arman ony edip biljek däldi. Häzir ol Hyrady begden tamakindi, onuň goldawyna mätäçdi.

Işik agasy Gulamaly iki sany çäýnegi göterip, çadyryň rapysyndan girdi. Onuň sag elinde çaýdan doly goşa çäýnek çalaja şykyrdap ses edýärdi. Onuň hamy garalan, hor damarlak elleri goşa çäýnegi zordan göterýäne meňzeýärdi. Gulamalynyň boýunlarynyň damarlary larsa-larsa galyp durdy, onuň gasyn-gasyn bolup duran boýun hamynyň reňki garagurduň reňkine çalym edýärdi. Ol çäýnekleriň birini Ryzaguly hanyň öňüne süýşürdi, beýlekini myhmanyň öňünde goýdy. Her çäýnegiň ýanynda bir käse goýdy. Käse bolup, käse-de däldi. Daş okara ýaly bir zatdy.

Ryzaguly çäýnegiň çaýyny agdarýança, daş çykan işik agasy pürçükli kemputdan, şaha nabatdan doly täzeje ýelýyrtan ýaglygy gürrüňdeşleriň ortasyna ýazdy. Ryzaguly han içinden ýüplük geçirilen şaha nabatdan ýumruk ýalysyny alyp, käsesine atdy. Kemputlaryň birini alyp, daşynyň kagyzyny aýyrdy.

Çäýnegiň çaýyny gaýtaran Hyrady beg Ryzaguly hanyň edenlerini gaýtalady.

— Fahreddin mürzäni ol ýerden halas etmeli. Ýogsa seniň wagşy ýurtdaşlaryň ony heläk eder — diýip, Ryzaguly han ker adamynyň

gepleýşi ýaly güňleç ses bilen gepledi. — Özüm-ä bu barada näme oýlanyp, näme etjegimi bilemok. Onsoň “Gurduň alyp bilmedik awuny tilkiniň alaýmasy bardyr” diýen nakyla eýerip, seni çagyrtdym. Kürtler bolsa şunuň ýaly ýagdaýda “Iki tilki bir ýolbarsdan gowudyr” diýýärler. Sen tilki diýenimi gaty görme. Nakyl şeýle bolansoň aýdyp goýberdim.

— Heý, şalaryň şasynyň nazary siňen uly handanam gaty görüp bolarmy? Ynha näme buýruk bolsa, näme diýseňiz men taýýar — diýip, Maşadyň uly hany bilen ýüzbe-ýüz oturyp çaý içýänine monça bolan Hyrady beg aýtdy. Türkmenler-ä beýlede dursun, onuň bilen ýüzbe-ýüz bolup, çaý içip ýörenler Eýranyň özünde-de kändir öýdýäňmi? Hanyň emeldarlarynyň ýek-ýarymy bolaýmasa, onuň bilen çaý içişeni ýokdur. Hanyň gowy görýän emeldary Ahmedaly söwdagärem onuň bilen ýüzbe-ýüz oturyp, bir käse çaý ýa içişendir, ýa içişen däldir. Şonuň üçin Hyrady beg nädip begenmesin?! Bu onuň ýerdäki arzuwydy, gökdäki dilegidi.

— Näme diýilse taýýardygyňa men ynanýan. Ýöne bu ýerde diňe taýýar bolanyň, aýdylan zady aýdylyşy ýaly berjaý edeniň ýeterlik däl. Sen häzirki ýagdaýyň ugruny tapyp, özüň aýtmaly. Ýogsam men halys kelebiň ujuny ýitirdim. Bilýän bolsaň türkmenlerde “Ýurdy belet çapar” diýen nakyl bar bolsa gerek.

— Bardyr — diýip, Hyrady beg tassyklady.

— Bizde-de bar — diýip, han sözüni dowam etdi. — Ýurda sen belet. Bu ýeriniň towşanyny senden başge alyp biljek tazy ýok. Ýalňyz umyt saňa bagly.

— Ýesirleriň saklanýan ýeri çozup alar ýaly däl. Çozup almak üçin uly goşunyň üstünden geçmeli. Onsoňam “Bardy-geldi üstüne çozulaýsa, ýesirleri ýok etmeli, öldürmeli” diýip, buýruk berlipdir.

— Gördüňmi? Bu has howply. Gaş düzetjek bolup, göz çykaraýmagymyz ähtimal. Mürzäni halas etjek bolup, oňa kömek etjek bolup, hyýanat edäýmegimiz mümkin. Şonuň üçin gaty ätiýaçly bolmaly. Sähelçe ýalňyşlygyň aýpalta bolup, öz maňlaýyňa degjegini unutmaly däl.

Şu ezenegi kirli, ebtini agdaryp oturan türkmen bilen şeýle janygyp gürrüň edýänligine namys edip ölüp bilmeýän Ryzaguly han özüniň barha ejizleýändigini duýdy. Özüni dagy aw tapman, syçan awlan bürgüde meňzetdi. “Bürgütler syçan awlan günlerinden başlap, bürgütligini ýitirýärler. Olar gulatynyň bir görnüşine öwrülýärler. Ozalam bir danalar: “Bürgüt känmi, gulaty?” diýip soranlarynda “Gulaty kän” diýip jogap beripdir. Gulatylar-a gulaty, öz mertebesini saklap bilmedik bürgütlerem gulatydyr” diýip jogap beripdir. “Menem öz mertebämi saklap bilmän, gulata öwrülip ýörmükäm? Bu ölümiň bäri ýany zat”.

— Pul bilen, mal bilen alynsa, näderkä? Eger şu pikiri ýaşulular toparyna salsalar, ol ýerde goldajak adamlar bar — diýip, Hyrady beg onuň ýanyp duran ojagyna nebit guýdy. Onuň bu sözi “Hawa, sen indi bürgüt däl, sen indi gulata öwrüldiň. Bürgüt mertebäňi saklap bilmediň” diýip gyjalat berýän ýaly boldy.

— Men oňa beriljek baýlygy, altyn-zeri gysganyp duramok. Ýöne gepleşik geçirilse, öz ejizligiňi boýun almak bolar. Ol türkmenlere

özümiziň wawwaly ýerimizi duýdurmagymyz bolarmyka diýýärin. Dälä: “Harman otlaýma, eliňe daş alaýmagyn” diýen ýaly bir zat bolaýmasa.

— Olam-a şeýle — diýip, Hyrady beg dymdy. Ryzaguly han onuň ýüzüne alarylyp seretdi. Ine, şu Ryzaguly hanyň üzeňňisinden üç geçip, ony Kesearkaja uruş yglan etmäge iteren adam.

— Müň garga bir kesek oklasaň ýeterlik — diýip, Hyrady beg oňa aýdypdy. Ryzaguly hanyň özem şeýle pikir edýärdi. Bular hakykatdan, gör nähili daşda ekeni. Türkmenleriň daş oklap, kesek zyňyp gorkuzar ýaly garga däl ekenligini Ryzaguly han şu gum depeleriniň arasyna gelip, her golunda, her aňňadynda telim howpy, telim syry gizläp ýatan Garagumuň jümmüşine aralaşandan soň bilip galdy. Ryzaguly han-a türkmenleri tanamandyr. Olara uzakdan seredip baha beripdir. Uzakdan seredeniňde uly zatlar kiçijik bolup, görünýär.

Hyrady beg türkmenlere uzakdan seretmändi. Olaryň arasynda dünýä inipdi, olaryň arasynda önüp-ösüpdi. Olaryň arasynda henizem gatnaşyk edip, gezip ýör. Olaryň öýlerine barýar, öýlerine çagyrýar. Gepiň gysgasy onuň özem türkmen ahyry. Ol türkmenlere, öz milletine, öz halkyna beren bahasynda nähili beýle ýalňyşyp bildikä? Öz halkyny, öz raýatyny tanamaýandanam bir han bolarmy? Eşegiň kellesine peş oranyň bilen ol molla bolanok. Onuň öňki eşekligi. Metjide giren eşek, metjitden çykanda-da şol eşekligine galýar.

— Çyrçykly obasynda Ahalyň maşgalasy, onuň ogly bar. Eger şony alsaňyz, soňam mürze bilen çalyşsaňyz bolar.

Agyr oýa batyp, irkiljek ýaly gözlerini süzüp oturan Ryzaguly han bu habara “Wäh!” diýlen ýaly gözüni ýalpa açdy.

— O nähili maşgalasy, o nähili ogly?

— Ahalyň maşgalasy, Ahalyň ogly, aýaly, ejesi. Oglunyň adyna Salyr diýýärler. Çyrçyklyda bolýarlar. Şol ýerde üç oba gözegçilik edýän bary-ýogy ýigrimi atly bar.

— Ýigrimi atly, ýigrimi atly — diýip, Ryzaguly han hiňlenýän ýaly ýuwaşja sogduryp aýtdy.

Bu ýagdaý hanyň keýpiniň köklüginiň alamatydy. Edil küle çöken, batan keýpi ýeke habardan soň dik asmana galdy.

Adamyň keýpem, durmuşam şu öwsüp duran şemal ýaly bir zat ekeni. Şemalam häli-şindi öwüsýän ugruny üýtgeder durar. Bir seretseň garşydan öwsüp durandyr, bir görseňem arkadan. Günbatardan öwsüp duran şemal azajyk salymdan gündogardan öwsüp durandyr.

Myhmanyň soňky habaryna keýpi edil degirmeniň gözi ýaly galan Ryzaguly hanyň gözüne Hyrady begiň keşbem üýtgäp giden ýaly boldy. Ol indi has ýakyn ýaly, Ryzaguly hanyň gowy görýän dostlarynyň biri ýalydy. Hyrady begiň edil ýaňam harabada galan baýguş ýaly, eňňerede ezenegini agdaryp ýatan garantga ýaly keşbi üýtgeşik gowy bolup görüpdi.

Ogul hasraty depesinden ineli bäri, girdaba düşüp, çykjak bolup, çykyp bilmän, şol aýlanyp duran Ryzaguly hany Hyrady begiň soňky

habary girdapdan çykaryp gyra oklady. Onuň bulaşan kelebini açyp berdi, ýitiren ujuny tapyp berdi-de, eline tutdurdy. Han, begenjini daşyna çykaryp:

— Aperin! Aperin! Hyrady beg, aperin! — diýip, ellerini owkalady. Ol: "Obany goraýan ýigrimi atly bolsa Hyrady begiň elinde. Şowuna düşjek bolanda şeýle bolar. Tükmenleriň "Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna" diýýänleridir şu" diýip oýlandy. Ol Ahalyň ogly Salyry eýýäm öz penjesinde diýip hasap etdi.

— Gulamaly! — diýip, ol gapa tarap seredip gygyrdy. Çadyryň eňsisini bir ýana serpip, şo pursat işik agasy Gulamaly iki bükülip, içerik girdi.

— Lepbeý, şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, gulluga taýýar.

— Gulamaly, Kesearkajyň hany Hyrady bege serpaý ýapmaly.

— Çeşm üstüne, şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz. Kesearkaç türkmenleriniň uly hany Hyrady bege edil aýdyşyňyz ýaly serpaý ýaparys. Han serpaýyny.

Ata-babalaryň arkaba-arka aýdylyp gelinýän bir sözi bar. Olar: "Eliňe, gysymyňa gysmadyk zadyňy özüňki hasap etme" diýýärler. Ryzaguly han eli bilen tutmasa-da, gözi bilen görmese-de, Ahalyň ogly Salyry eýýäm öz penjesinde hasap etdi. Atalaryň şeýle sözüniň bardygyny gowy bilýän Ryzaguly hanyň eýýämden özüniňki hasap etmegi ýöne ýerden däldi. Obany ogry-galtamandan goramaly Garamergeniň atlysyndan başga atly ýok. Ol ýigrimi atlam Hyrady begiň elinde. Ony nätse edip durmaly. Ryzaguly elli atly iberer

welin, Salyryň aýagyny ýere degirmän alyp gelerler. Onsoň Ryzaguly han Ahal bilen nähili gürleşmelidigini biler. Olar bir-biriniň dilini tapar düşünişerler.

— Senem serkerde, menem serkerde. Seniňem bir ogluň bar, meniňem — diýip, öz ýerine-de, Ahalyň ýerine-de özi içinden gürläp boljak duşuşyga türgenleşik geçirýärdi. Ol özüniň türgenleşigi, içki duýgusy, içki hyýallary bilen Hyrady begem, özüniň öňki hasratlarynam unutdy.

Şol gün iňrik garalyp ugranda, Ryzaguly han elli atlyny Hyrady begiň yzyna salyp, elini gysdy.

— Serbazlary saňa tabşyrýan, senem Hudaýa tabşyrýan. Hezreti Aly şir ýaranyňyz bolsun, owaly Hudaý, onsoň Şahymerdan, ymam Hasan, ymam Hüseýin gözden salmasyn, goltgy bersin — diýip, elini ýüzüne syldy. Onuň dine ynanyşy, takwalygy ýabygorlydy. Häzir welin tüýs takwa adamlar ýaly pata berdi. Başga wagt bolanda Ala ymam hökmünde däl-de, serkerde hökmünde sežde edýärdi. “Alynyň beýikligi aýagyndaky mesisi bilen başyndaky peşinde däl-de aşagyndaky Düldülde, elindäki zülpükaryndadyr diýýänlerdendi. Ol hemme zatda-da Hudaýa ynananyndan, eşegini berk duşanyny kem görenokdy.

Şalaryň şasynyň nazary siňen uly handan ak pata alansoňlar atlylar agşamyň garaňkysyna dulanyp ýola düşdüler. Bäri-bärde Çyrçykly obasynyň ýokdugynam, özleriniň şol oba barýandyklarynam atlylar bilenokdylar. Obanyň daşlygyny diňe Hyrady beg bilýärdi. Hyrady begiň öz gelip-gidişi ýaly gönüläp

gitseler oba daşam däldi. Daň atyp-atmanka oba ýeterler. Ýöne gönüläp gitmek howply. Ol bir ýa iki atly däl. Elli atly çöpe bukulyp bilmeýär. Ol çem gelen adamyň ünsüni özüne çeker. Bardy-geldi duýlaýdygy bu elli atlydan näme galaýarka? Türkmenler oňa sürä daran möjek ýaly dararlar. Möjekler sürä daranlarynda, olaryň bir häsiýeti bar. Olar sürüden diňe iýjeklerini alyp gaýdybermeýärler. Ony onda, muny munda, niçesini öldürip, niçesini ýaralap, uly sürini paýhynlap gidýär. Päli erbet adamlara "möjegiň päli ýaly" diýilmegem şonuň üçin bolsa gerek. Şol zerarlam atlylar görer gözden goranyp, uzaklardan öwrüm edip aýlanyp gitmeli. Olar şu gidişlerine uzynly gije ýol ýörärler. Ýoldaky guýularda düşläp, atlaryny suwa ýakarlar, özleri suw-söl içerler. Atlara iým bererler, dynç bererler. Özlerem dynç alarlar.

Atlylar dört ädim öňüň görünmeýän ümrüň içi bilen barýan ýalydylar. Olar nirä barýanyny, näme üçin barýanyny bilenoklar. Olar diňe ýüzbaşy bilen Hyrady begiň yzyna düşüp barýadylar. Olaryň nä maksat bilen nirä barýandygyny diňe üç adam bilýärdi. Olar serbazlara ak pata berip, ýola salan şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanyň özi, serbazlary alyp barýan ýüzbaşy, beýlekem ýola belet Hyrady begdi.

Ertir günortandanam soň Gün öýlä sananda bular Çyrçykly obasynyň alkymyna baryp ýetdiler. Ýüzbaşy şonda bu ýörişiň maksadyny aýdar. Häzir bolsa atlylar depeden gola, goldan depä çykyp agşamyň garaňkysyna siňip gitdiler.

# GYRKYLYKLY SÖWEŞ

Salyryň enesi bir penje gurdy gyrasy çeňklenen çanakda owup otyrdy. Oduň golaýynda goýlan çoýun kündükdäki ýyly suwdan çanaga guýup, gurdy owkalaýardy. Ine, şol garry enäniň agtygy Salyra “Garaja oglan atlandy, ýüregim kuwwatlandy” diýip, otaryp berýän matalynyň manysy bolan garaja gazan üç aýak taganyň üstünde bygyrdap durdy. Gazanyň aşagynda Salyryň oglanlar bilen gidip çöpläp getiren çöplemesi edil ýagly ýaly lyp-lyp edip ýanyp durdy. Gazanda Aksonanyň öten agşamky iş edinip ýaran ýarmasy lasyrdap dur.

Şu öýüň üç adamdan ybarat maşgalasy öten agşam giç ýatypdy. Salyr bilen Halbike başlaryny ýassyga irgözinden goýanam bolsalar ýarygijäni beýläk oklaman, arkaýyn uklap bilmediler. Olar şo ýatyşlaryna aram-aram irkilýärdiler, ymyzganýardylar. Birdenem oýanýardylar. “Garaňky öýde gaplaň gürlär” diýlişi ýaly dulda degirmen hütürdäp durar-da, ýatyp mazaň bolarmy?

Şol hütürdiniň arasynda azajyk wagt ymyzganan Salyryň gulagyna degirmeniň sesi gögüň gürrüldisi bolup eşidilýärdi. Ozallar gök gürlände ýyldyrym çakardy, gök gürlemesiniň arasam sähelçe dyngy berýär-de, ýene gübürdäp başlaýar. Oglanlar bilen odun çöplemäge gitjek bolup duran Salyry enesi saklaýar, onuň öňüni gabaýar.

— Dur, köşek gitme. Bu gübürdi ýöne gübürdi däl. Asmana seret, goýnuň çöri ýaly ýeke buludam ýok.

Salyr ýokarsyna seredýär. Asmanda gözüň garasy ýalam gara bulut ýok. Asman agar çäkmen bilen syrylan ýaly. Ondan ýeke damja nemem gaçanok. Ýöne welin gök gürleýär. Ol hanha ýene gürläp başlady. Birdenem Salyr tisginip oýandy. Ýaňky öňüni gabap duran enesi bir dulda, edil özi ýaly oýaly-ukuly ýatyr. Bu gürleýänem gök däl-de, degirmeniň sesi. Salyryň ejesi ýarma ýaryp otyr. Bu ses degirmeniň bir-birine sürtülip hütürdeýän ululygy gapak ýaly iki sany daşyň, matallarda aýdylyşy ýaly "göwüşäp duran daşyň", onuň bogazyna guýulýan dänäniň şatyrdap owranýan sesidi.

Obada el degirmeni üç-dört sany bardy. Ýöne oba uly bolansoň olaryň üsti uly nobatdy. Şu degirmen şu gün agşamlyk Aksona ýetdi. Ony ertir irden alyp giderler. Şoňa çenli birneme ýarma ýarjak bolmaly. Şu gezekki nobatda üç-dört günüňe ýeter ýaly edinjek bolmaly. Elbetde, üç-dört günlügem kän däl. Ýöne arasynda dänik beýleki bişirseň, ol nobatdan ol nobata ýetmek bolýar. Bolýar däl, Aksona şeýdip ýetirinip gelýär. Bular diňe üç adam, üç agyz bolany üçin ýetirinýärler. Başga ýedi, sekiz, on baş öýler bar. Olaryň esasy iýmiti gaýnadylan dänik. Ýogsa köp agyzly öýlere bir gezekde iki nobatam berilýär. Olar Aksoltan eje ýaly iki-ýeke adamly hojalyklaryň nobatyndan peýdalanýarlar.

Aksona bişen ýarmany düşürdi. Gazany tagandan aýryp, bir çetde goýdy. Ony uzyn saply çemçe bilen bulady. Soňra çemçäni gazanyň

gyrasyna zarňyldadyp kakdy. Aýryp çanakda goýdy. Halbike owan gurdundan çykan ýarty çanak çaly oňa uzatdy.

Gün ýaňy dogupdy. Howa imi-salalykdy. Öz üstüne gara bulut ýaly bolup, abanyp gelýän beladan habarsyz oba aýak üstündedi. Her kim öz işi, öz derdi bilendi. Aýallar öýüň biş-düşi bilen meşguldy. Gara öýleriň tüýnüklerinden syçanyň guýrugy ýaly mawy tüsse zogdurylyp çykýardy.

Esen söwdagäriň öýündäki biş-düşüň tutumy beýlekilere görä tutumlyrakdy. Bu gün Esen söwdagäriň üçi. Öňňin söwdagär pahyry oba iň soňky ýoluna ugradypdy. Ol kesel bolup ýatmandy. Gezip ýören sag adamdy. Onuň meýdini hol beýleki goldan ir bilen tapdylar. Onuň ýagyrnysyndan pyçaklapdyrlar. Kim edipdir, haçan edipdir, ony bilýän ýokdy.

Obada Esen söwdagäri iň soňky gören iki sany adam bar. Olaryň biri Tarhandy, beýlekisi Igdir ussady.

Goşunyň guma çekilýänini habar bermek üçin Durun etrapyna gidýän Tarhan bilen Selim Garamergeniň oba gözegçilik edýän beýleki atlysyna goşulypdy. Tarhan entek ýaşdy. On ýedinem doldurmandy. Şonuň üçin Ahal onuň agyr söweşlerden daşrakda bolanyny kem görmedi. Ahal jigitlige kabul edende-de halys ýüzi çydaman kabul edipdi.

Tarhanyň kakasy ýokdy. Ol ir ýogalypdy. Ol ýogalan-da Tarhan üç ýaşynda ekeni. Onuň zordan diýen ýaly aýak üstünde durýan garry atasy bardy. Uruş başlanyp, Ahal anty-kasam eden güni şol garry ata agtygyny öz ýany bilen alyp gelipdi. Ol:

— Ahal, sen serkerde bolsaň, ynha şu Tarhanam seniň nökeriň. Seniň diýeniňden çyksa, ýa-da gorkaklyk etse, söweşden gaýra çekilse, menden başlap bütin obanyň, ata-babalaryň näleti başyna ýagsyn. Sen muny kabul edip al. Ýurt üçin, il üçin söweşde ölse şehit, öldürse kazy. Agtygymy saňa, seni Hudaýa tabşyrdym — diýip, Tarhanyň arkasyndan itiberip goýberdi.

— Hançomur aga, Tarhan entek ýaş. Bili-başy bekişmedik oglan. Goý, ol öýlerinde bolubersin. Saňa seretsin. Ýurdy gorara başga-da ýigitler gyt däl, tüweleme.

— Gyt däldir. Men gytdyr diýemok. Ýöne şol ýigitleriň arasynda biziňem maşgalamyzdan biri bolmaly ahyry. Sen garry adamyň sözüni gaýtarma. Sen Tarhany öz nökerligiňe al. Şunam kabul et — diýip, goja özelendi. Şo sözden soň Ahal Tarhany nökerlige, ýigitlige kabul edipdi.

Iki gün mundan öň şeýle waka bolupdy. Garamergeniň oba arasynda şakyrdaşyp ýören işsiz ýigitleriniň hersi bir zat bilen meşguldy. Kimler at oýnadyp güpürdeşip ýör, kimler toplum-toplum bolup düzzüm oýnaýarlar. Selim bilen bir ýigidiň düzzüme gyzan wagty Tarhan olaryň ýanyna bardy. Düzzümde utup oturan Selim Tarhany görüp, nähili öwünjegini, nähili güpülejegini bilmän:

— Sen meni utjak bölýaň welin, barybir utup bilmersiň — diýdi.

— Senem hiç kimden artyk oýunçy dälsiň.

— Artykmy-dälmi, ýöne utub-a bilmersiň.

— O näme üçin?

— Üçini şol, men düýn Hydyr ata bolsa gerek, ýagşyzadalaryň birini gördüm. Ol maňa: “Selim, sen bir oňat oglan, näme dileseň dile” diýdi. Men ondan näme diländir öýdýäň?

— Senmi? — diýip, garşydaşy düzzüme seredip oturyşyna aýtdy — Seniň akyl dilemändigiň-ä görnüp dur.

— Men Hydyr atadan düzzümi diledim. Olam maňa “Omyn” diýip, ak pata berdi. “Bar, şu günden şeýläk düzzüm seňki, kimi utasyň gelse, utda ýör” diýdi.

Ör turup duran ýerinden düzzümi synlap duran Tarhan:

— Sen oňa ynanma, Selim ýalan sözleýär.

— Men oňa beýle zatlary asyl aýdamok, oňa ak pata-da bermedim — diýip, düzzüm oýnap oturan ýigide gözüni gypyp goýberdi. Edil şo pursat hol beýleden ýelkildäp gelýän Esen söwdagäri görüp, Tarhan oňa tarap ugrady. Selim onuň yzyndan gygyrdy:

— Tarhan soňurrak öýe bar. Men nahara çagyrýaryn.

— Garaşybam durma, barman.

— O näme üçin? Ýa menden öýkeläp ýörmüň?

— Ýok-la, senden öýkeläp bolmaz.

— Onda näme üçin barjak däl?

— Onuň üçini, Selim dost, dünýäde dört zady henize – bu güne çenli gören adam ýok. Birinjiden, ýylanyň aýagyny — diýip, Tarhan sag eliniň süýem barmagy bilen çep eliniň külembikesini basdy, ikinjiden guşuň süýdüni, üçünjiden garynjanyň gözüni, dördünjidenem siziň saçagyňyzy entek hiç kim görmändir — diýip, Tarhan çep eliniň ogulhajatyny, ortabarmagyny, soňundanam süýem

barmagyny aşak basyp öňe uzatdy. Selimiň ýoldaşy hezil edip güldi. Tarhan bolsa togarlanan ýumak ýaly bolup gelýän Esen söwdagäre tarap ugrady.

— Esen aga, ýaman howlukmaç-la, ýol nirä?

— Ýol-a Garamergeni gözleýän, heý, gözüňe ilmedimi?

— Ildi, hol öz hatarlaryna tarap gitdi.

— Çaşy derwüşem edil ýaňy şo tarapa gitdi — diýip, söwdagär ugrady.

— Näme boldy, Esen aga? Çaşy derwüş bilen näme bolupdyr?

— Soň aýdaryn, soň — diýip, Esen söwdagär yzyna garaman Garamergenleriň hataryna tarap ýelkildäp ugrady. Tarhanyňam ony şo görşi. Ertesem onuň meýdini hol goldan tapypdyrlar.

Igdir ussanyň ýanyna Esen söwdagär aljyraňňy ýagdaýda gelipdi. Ony ýüzüne seredip, tanar ýaly däldi. Igdir ussa aýtmyşlaýyn edil arwahyň, albassynyň ýüzi ýalydy.

Çaşy derwüşiň adyny Igdir ussanyň ýanynda-da tutupdyr. Şo derwüşiň düzüw adam däldigini, şol gelen bolsa. bir bela-betere garaşybermelidigini Esen söwdagär agzyndan sypdyrypdyr. Ine, Igdir ussanyň söwdagärden eşideni:

— Şu çaşy derwüş uruş başlamazynyň öň ýanynda-da aýlanypdy. Men ony şonda-da halamandym. Ýüregim bir erbetligi syzypdy. Häzirem şu derwüşiň obada görünmegini gowulygyň alamatydyr öýdemok — diýip, Esen söwdagär aýdypdyr. Söwdagäriň diýýän Çaşy derwüşini Igdir ussa-da görüpdir, beýlekilerem görüpdir. Derwüşiň gözi-hä çaşy, üstesine-de çakan. Güne seredip bilmän

ýören adam, bir aýagam agsak. Ölmez-ödi dilenip ýören mysapyr. Kim oňa bir gysym gurt berýär, kim iki barmak tötek, kim öten tomusdan galan bir bölek künjara berýär. Bu zatlar obalaryň uly iýmiti. Il-gün oňa iýýän zadyndan döwüm-dişlem eçilýär.

— Ol mysapyram däl, gedaýam. Ol hanyň jansyzy — diýip, söwdagär ussanyň ýanynda gürrüň edipdi. Igdir ussa-da onuň bar aýdan zady şol. Çaşy derwüşi yzarlabam ussanyň ýanyndan gidipdir. Onuň şol gidişi. Özem bu waka iňrik garalandan soň bolupdyr. Maşgalanyň aýtmagyna görä, söwdagär şondan soň öýüne-de barmandyr. "Özi geler, özi ýatar-da" diýip, öýde düşegini ýazyp goýupdyrlar. Düşek şol ýazylyşy ýaly ertire boş çykypdyr.

Söwdagäriň meýdi tapylandan soň Garamergeniň ýigitleri ot-elek bolup, Çaşy derwüşi gözläpdirler. Goňşy obalara çenli sorap, derüp çykypdyrlar. Derwüşiň özi-hä beýlede dursun, onuň yzynam tapmandyrlar. Edil iňňe ýiten ýaly, guýa gaçan ýaly bolupdyr.

Esen söwdagäri oba adamlary şerigatyň ähli däp-dessuryna laýyklykda jaýlapdyrlar. Oba uly bolansoň onuň jynazasyna duran adamlaram köp bolupdyr. Ýigitler uruşda bolsalar-da, garry-gurtularyň bary obada. Jynaza durýanam, gölegçilige gidýänem esasy şolar. Aýatylla işan uly märekäniň ynamy bolup, jynaza okady. Söwdagäriň jaýlanylyşynda bir ýetmedik zat boldy. Olam Arslan bilen Mäterdi. Olar kakalaryny iň soňky ýoluna ugradyp bilmediler. Hersi tabydyň bir gyrasyndan tutup götermediler. Onuň mazaryna bir pil gum oklamaga ýagdaýlary bolmady. "Waý kaka" diýip, maňlaýlaryny bosaga goýup ýykylmadylar. Esen söwdagäriň

ogullary bäri-bärde bolsalar, şu söweşip ýören adamlaryň arasynda bolsalar, onda günübirin alyp gelerdiler. Ýöne olar alyp gelerden, ses ýeterden daşdadylar. Olar Burjulynyň daglaryny penalap, etek galalarda serbazlaryň suwa inýän nökerleri bilen başa-baş söweşip ýördüler. Esen söwdagäriň düşek aşyna başgalar ýetişmese-de, Iner golak ýetişipdem. Elbetde, adamlaryň köpüsi uruşda bolup, ony ugratmaga gelip bilmediler. Olar “Toý bilen ýasa garrama ýok” diýip, ýerine barmagy soňa goýdular.

Ynha bu günem söwdagäriň üçi. Ýaşuly adamlar çäkmenleriniň ýakalaryny silkişdirip, telpekleriniň o ýüzüne, bu ýüzüne kakyp Esen söwdagäriň öýüne ýygnanýardylar. Aýatylla işan öwrüm berip oturan märekä garap, Esen söwdagäriň gowy adamlygyndan, söwdagärem bolsa, ili aldamaýanlygyndan, onuň jaýynyň jennet boljagyndan gürrüň başlapdy. Aýatylla işanam, ony agzyny açyp, aňk bolup diňleýänlerem obanyň üstüne agyr belanyň edil gara tüweleý ýaly bolup inip gelýändigini duýanokdylar. Bu agyr bela, bu hasrat samanyň aşagyndan goýberilen suw ýaly sessiz-sedasyz süýşüp gelýärdi. Sessiz ýapyşýan ýarak itler ýaly bolup, duýdurman gelýärdi. Ýarak itleriňem käbirinde şeýle bir häsiýet bar. Yzyňdan duýdurman geler-de habyrdap ýapyşar. Sen şony ozal görenem dälsiň, aýak sesinem eşitmersiň. Diňe habyrdap agyz uranyndan soň bilip galarsyň. Çyrçyklynyň üstüne abanyp gelýän ýagy edil şol ýarak ite çalym edýärdi.

Iner golak Esen söwdagäriň üçüni, ýedisini, geçirmek üçin obada galypdy. Bu gelýän ýagydan habarsyz awçy: “Ony eýdiň, muny

beýdiň” diýip, gybyrdaşyp ýören aýallara, adamlara maslahat berýärdi. Söwdagäriň maşgalalaryna:

— Öleniň yzynda ölüp bolmaz. Beýdip özüňizi horlap oturmaň — diýip, göwünlik berýärdi, olara basalyk bolýardy. Ýetip gelýän harasatdan welin, onuň habary ýokdy.

Geçen urşy gören Iner golagyňam, beýlekileriňem ýadyna düşmeýän aňyna-pikirine gelmeýän bir zat bar. Olam geçen uruş edil şu gün bolupdy. Şemsi aý toparlaryndan hut aýynyň on altysyna. Bir üýtgeşik zady ol hepdäniň anna güni däldi. Çarşenbe günüdi. Türkmenleriň “Çarşenbede çar ýanyň açyk güni” diýýän günüdi.

Garşydan ilki bir ýyly şemal öwüsdi. Ýyly şemal. “Herki bir zat öz wagtynda bolsa gowy” diýleni-dä. Gyşyň güni öwsen ýyly şemal hiç kime ýaramandy. Şol şemalyň yzy bilen dünýäni gabsap, apy-tupan geldi. Günüň öňi ýapyldy. Şeýle bir garaňkylyk boldy. Gazanyň üstüne yş geçmeýän gapak düňderilen ýaly boldy. Dine ynanýan takwa adamlar muny ahyrzamandyr öýtdüler. Olar “Toba işigi ýapyldy. Indi toba edeniňem, päliňden gaýdanyňam biderek” diýip wagyz etdiler.

Dünýäniň ýüzi bir agarýar, bir gyzarýar. Gözýetim edil gan çaýkalan ýaly. Birden goňras gara reňke öwrülýär. Takwa adamlaryň gürrüň bermegine görä, ahyrzaman bolanda, kyýamat gopanynda dünýä şunuň ýaly garalyp, agdar-düňder bolmalymyş. Adamlar pyşyrdaşyp imanlaryny öwürýärdiler. Musulmançylygyň bäş parzy hakdaky müňkür-nekiriň berjek soraglarynyň jogabyny içlerinden

taýýarlaýarlar. “Lä-ilähä il-alla, Muhammet Resul Alla” diýip irginsiz gaýtalaýardylar.

Takwa adamlar pyşyrdaşyp, doga baryny okasalar-da, ýakalaryny ebşitläp, toba diýen sözi telim gezek gaýtalasalar-da, gorkuly gözlerini tegeleseler-de, öýläne ýakyn Günüň öňi açyldy. Asmanam inmedi, Ýerem çöwrülmedi, dünýä agdar-düňderem bolmady. Gözüňe-gulagyňa, burnuňa siňip alyp barýan tozan sowuldy. Tüm garaňky gijelik geçip daň atdy. Gün täzeden dogan ýaly boldy. Öler ýaly gorkan takwa adamlaryň demleri düşüşdi, ýürekleri ýerine geldi.

Bu harasat seýrek duşýanam bolsa, ol gadymdan bolýan, käte-käte gaýtalanyp durýan hadysa ekeni. Şol harasadyň köp bolýan ýeri Müsür. Adamlaryň iň gowy ýer diýip, hasylyň bol bolýan ýeri diýip hasap edýän ýurdunda, ýyl gowy gelip ekin-dikin başyna gören ýaly bolanda “Bu ýyl Müsür turdy” diýip, meňzetme deregine ulanylýan ýurdunda. Ine, şol Müsürde bu harasat hasam köp bolýan ekeni. Baryp iki müň bäş ýüz ýyl mundan öň dünýä inen kitapda ol hakda şeýle diýilýär: “Goýy garaňkylyk Müsüriň üstüne çökdi. Iki ädimlikde duran adamlar bir-birini görenok. Olar öýlerini tapman enteşip ýörler. Müsür faraonlaryna gahary gelen Taňry öz gazabyny ýurduň depesinden inderýär”.

Kesearkaç bilen Eýranyň arasyndaky geçen uruşda-da Hut aýynyň şu günki gününde şeýle agyr harasat bolup geçipdi. Bölünen sürüler, ýykylan öýlerem bolupdy. Tozanyň derdinden gömlen adamlar, azaşan çopanlar bolupdy. Ýöne ol Garagumuň üstünden gelipdi. Ol

harasat türkmenlere-de, Eýranyň serbazlaryna-da deňlikdi. Ol näme-de bolsa tebigy belady. Olam edil şu gün, Hut aýynyň on altysyna bolupdy diýäýmeseň, häzirki Çyrçyklynyň üstüne süýşüp gelýän harasat bilen hiç bir baglanyşygy ýokdy. Geçen harasatda, näme diýseňem, ölen adam, dökülen gan bolmandy. Bu gezek beýle bolmaz. Ölen adamam bolar, syçrap dökülen ganam bolar.

Awunyň alkymyna duýdurman bagry bilen süýşüp gelýän gaplaň ýaly häzirki diýilýän harasadam alkymlap gelipdi. Ol Ryzaguly hanyň obanyň kastyna iberen elli atlysydy. Şol atlylar bilen Çyrçykly obasynyň arasynda bolaýsa bir ýa iki gol bardy. Hanyň atlylary şeýle golaýa gelip aýak çekipdiler.

Elli atlynyň öňüne düşüp gelýän ýüzbaşy şu ýörişiň manysyny, maksadyny serbazlara mälim etdi.

— Şu depäniň aňyrsyndaky goldan aşsaň, soňky gol türkmen obasydyr. Özem Kesearkajyň serkerdesi Ahalyň obasy. Şol ýerde onuň maşgalasy, ogly ýaşaýar. Biziň maksadymyz şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyzyň permany bilen Ahalyň ogluny eltip bermeli. Kim şony eltip berse ýüz tümen puly bar.

— Obanyň goragy nähili? — diýip, serbazlaryň biri sorady.

— Obanyň goragy ýok. Obada diňe garry-gurtular, aýal-oglan uşaklar bar.

Ýüzbaşynyň bu habaryny eşiden serbazlar uly galmagal turuzdylar. Olaryň hemmesi birden gagyldaýan gargalar ýalydylar. Goluň içi durşuna gagyldy bolup durdy.

— Siziň bu ündeýän ýoluňyz alamançylyk bolýar.

— Arassa söweş däl. Hapysa iş. Biz serbazlar munuň ýaly hapa talaňçylyk üçin gelmändik — diýip, serbazlaryň biri gygyrdy. Beýlekiler onuň yzyny alyp göterdiler. Serbazlaryň galmagalynyň bäri-bärde ýuwaşamajagyny aňan ýüzbaşy üzeňňä galyp elini göterdi.

— Ýuwaş!

Serbazlaryň sesine suw sepilen ýaly boldy. Mesenäniň suwy sowlana döndi.

— Ýok, ýigitler, bu alamançylyk däl — diýip, ýüzbaşy sözüni döwam etdi. — Muňa söweşde ýesir almak diýerler, häzir uruş gidip dur.

— Söweşde? Kim bilen söweşde? Biz häzir kimiň garşysyna uruşmaly? Şol eli ýaragsyz garry-gurtularyň, zenanlaryň, oglan-uşaklaryň garşysynamy? Bu mertligem däl, erkekligem.

— Türkmenler şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz Ryzaguly hanyň ogly Fahreddin mürzäni ýesir aldylar. Biz Ahalyň ogluny ýesir alsak, mürzäni halas etdigimiz bolar. Olary başa-baş çalyşmak bolar.

— Türkmenler mürzäni söweşde ýesir aldylar. Biziňki namartlyk bolýar.

— Beýle namartlyk edenden, türkmenler bilen mert söweşip, mürzäniň saklanýan ýerine hüjüm edip, ony ýesirlikden halas eden gowy dälmi? — diýip, ilki gygyran serbaz aýtdy.

— Bu perman. Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanyň permany. Hany, permany ýerine ýetirmänem bir gör. Men seniň kelläňi kesip, itiň öňüne oklaryn!

— Okla, oklaýan bolsaň — diýip, serbaz atyň başyny öwürdi. Ol “Oba şol tarapda” diýlen depä tarap at goýdy. Onuň yzyndan hiç kim kowmady. Serbaz saklanar öýtdüler. Ol yzyna bir seretdi-de aňryk-gola tarap eňip gitdi. Ýüzbaşam, serbazlaram ol hakda üýtgeşik pikir etmediler. Olaryň oýuna gelen zat “Ahalyň ogluny özi ýesir alyp, ýüz tümeniň eýesi boljakdyr” diýen pikir boldy. Ýüzbaşy oňa:

— Akmak — diýip hüňürdedi. — Olar ýaragsyzam bolsa, garry-gurtam bolsa, seniň bir özüňe çaga berip goýbermezler. It alan sanaja döndererler, bölek-bölek ederler.

Beýleki atlylaram atyň başyny ýaňky serbazyň çykan depesine tarap öwürdiler. Ýöne olar gaty sürüp gitmediler. Aty maýdalyna goýberdiler.

Söwdagäriň üçüne ýygnanan oba adamlary aý berip otyrdylar. Olar goşawuçlaryny ýokaryk göterip, aýat okaýan Aýatylla işanyň “Omyn” diýerine garaşýardylar. Şol mahalam geçen gezekki harasadyň öňünden gelen gyzgyn şemal ýaly bolup, depeden bir atly indi. Adamlar öňa ilki Garamergendir ýa-da onuň ýigitleriniň biridir öýtdüler. Ýöne welin gelýän atlynyň gykylygy tozanyndan uludy. Onuň ýarym parsça, ýarym türkmençe sözlerine adamlar oňly düşünmese-de, gykylyga zähreleri ýarylara geldi.

Ala tozan bolup gykylyklap gelýän, atyny göni Esen söwdagäriň hataryna sürdi. Öýüň gapdalynda atyň jylawyny çekdi. Adamlar

onuň daşyny gurşap aldylar. Özüniň sagat eli bilen atyň jylawyndan ýapyşan Iner golak onuň bilen sowuk ganly salamlaşdy. Onuň beýdip ili örüzip ýöreninem sowukganlylyk bilen sorady.

— Meniň beýle haýdap gelmegimiň sebäbi üstüňize ýagy gelýär.

— Ol niräniň ýagysy?

— Biz Ryzaguly hanyň atlylary. Elli atly. Han Ahalyň ogluny tutup getirmegi tabşyrdy. Şonuň üçin şu oba iberdi. Bu oba gelýän ýoly bize Hyrady beg görkezdi.

— Şol elli atlynyň içinde Hyrady begiň özem barmy?

— Ýok, ol ýol görkezip, obanyň alkymyna gitirensoň gitdi.

Iner golak atlynyň aşak inen depesine nazar aýlady.

— Sen näme olardan üzülip gaçyp gaýtdyň?

— Men hanyň gurýan hilesini-de, türkmenlere garşy urşuny-da unamok. Maňa Alybraýym diýerler. Ahal meni tanar. Ol meni görüpdi.

Iner golak jylawdan elini aýyrdy. Sakgalyny sypap böwrüni diňledi. Ol şu ady Ahaldan eşidipdi. Özem düýn-öňňin eşidipdi. Ol hakda serkerdäniň pikiri gowudy. Eger şol Alybraýym bolsa oňa ynanmak bolar. Süýşüp gelýän ýagynyň, elli atlynyň garşysyna çäre görmeli. Ilki bilen Salyry gizlemeli. Iner golak Ryzaguly hanyň ogly Fahreddin mürzäniň ýesir düşendigini eşidipdi. Onuň özüni görmese-de, ol hakda Ahalam, Ýolamanam aýdypdy. Ryzaguly hana Salyr ogly bilen çalyşmak üçin gerekdir. Ine, şonuň üçinem ilki bilen Salyry gizlemeli. Garamergeniň yzyndan adam ibermeli.

Oba gözegçilik etmeli ýigrimi atlynyň Garamergeniň yzyna düşüp, düýnki Gyzyltakyra gidişidi. Bu atlylar Çyrçykly obasyna däl-de, üç oba gözegçilik edýärdi. Olar Gyzyltakyryňam, Gabaklyňam gözegçisidi. “Öten gije Gyzyltakyrda bolandyrlar, bu gije Gabaklyda bolarlar. Çyrçykla olar ertir geler. Şonuň üçin olara atly ibermeli. Derrew kömege gelsinler”. Iner golak oglanlaryň birini gygyrdy.

— Lepbeý, Iner aga, gulak asýan — diýip, gelen oglany içgin synlady. Oglan temegini galdyrdy. Iner golak: “Bu sümügiňi çekişiň bilen ýumuş bitirip bilermikäň?” diýip içini gepletdi. Oglan onuň şol aýdanlaryny aňlan ýaly:

— Sowuklapdyryn, hiç bolanok — diýip, özüni aklady.

— Gabaklyny, Gyzyltakyry taparmyň?

— Taparyn, Iner aga. Men ol obalary öň telim gezegem görüpdim.

— Tapsaň ilki Gabakla git. Ýok bolsalar Gyzyltakyra git. Garamergeni tapyp, üstümize ýagy çozanyny aýt. Atlylary alyp, haýal etmän kömege gelsin.

— Bolýar, Iner aga — diýip, oglan şo duran ýerinden ylgamakçy boldy.

— Dur! — diýip, Iner golak ony saklady. — Pyýada gitme. Pyýada gidip haçan barjak? Atly git. Hanha, gapyda meň atym dur.

Oglan ata tarap tüwdürilip gitdi. Iner golak obanyň üstüne ýagy abanýandygyny, aýal-erkek diýmän, oglan uşak diýmän her kim

tapan ýaragyny alyp, garaşmalydygyny oglanlaryň birine jar çekdirdi.

— Her kim tapan ýaragyny alyp Esen söwdagäriň hataryna ýygnansyn — diýip, jar çekýän oglanlar uly obanyň dört künjüne aýlanyp çykdylar. Ujuna gyrkylygyň saly saralyp daňylan syrykly aýallar, garrylar edil sil suwunyň oý ýere üýşüşi ýaly üýşdüler.

Kesearkaç türkmenlerinde gyrkylygy syryga sarap, öýde saklamaklyk endige öwrülen ýagdaýdy. Kürt alamançylarynyň häli-şindi obalaryň depesinden inýän wagtlary az bolmaýardy. Uruş wagtynda hasam beter. Iner golak ýaly ýaşulularyň sargap ýören zady. Içerik bir syrygyň, bir kesewiniň gerek bolşy ýaly, ýarag hem zerur zatlaryň biridi. Oglanlar oba jar çekip ugrandan ujuna pyçak, gyrkylyk daňylan uzyn gazma taýakly, syrykly aýallar, obada galan garrylar serçeleriň ýagynyň öň ýanyndaky sürlenişi ýaly sürlenýärdiler. Topar-topar bolup Esen söwdagäriň öýüniň töweregine ýygnanýardylar.

Gaýraky hataryň aýallarynyň öňüni çekip gelýän Aksoltan eje elindäki syrygyň gyrkylykly tarapyny ýokary edip, ony hasa deregine ulanyp gelýärdi. Ýöne hasaly kempirler ýaly mytdyldap ýörmän, göwresi näçe garry görünse-de ýöreýşi dogumlydy. Ol elindäki syrygy kä ýerde bir ýere sünjüp gelýärdi.

Oglundan aýralyk ony lagşadanam bolsa, süňňi daýaw adam bolansoň, gaty bir ýan beräýmändir. Häzir welin hasam dogumly görünjek bolup çalyşýardy. Ýaş-ýeleňlere görelde bolup, olaryň göwnüni göterip, goltgy bermelem Aksoltan ejedi.

Oglundan aýra düşeli bäri Aksoltan ejäniň ýüreginde kürtlere bolan gazap bardy. Ol milleti kürt bolsa özüniň duşmany, gan algylysy hasap edýärdi. Kürt diýibem ol bütin Eýranla diýýärdi. Lurstanmy, Hormazgandanmy, parsmy, buluçmy hemmesi onuň üçin kürtdi, hemmesem onuň duşmanydy. Dagdan ilerde bolsa onuň üçin parhy ýokdy.

Ol alamana gidýänlerden haýsy hem bolsa bir kürti satyn alyp öldürmegi-de ýüregine düwüpdi. Ýöne Aksoltan ejäni bu niýetinden dänderen Iner golak boldy.

— Seniň satyn alyp öldürjegiň hem bir garybyň çagasydyr. Olaram edil seniň ogluň ýaly ýesir düşeniň biridir. Ony öldüreniňden ýesiri alyp gelen adamyny öldüreniň gowudyr. Şeýtseň aryň gowy ýerine düşer — diýip, Iner golak oňa basalyk bolupdy. “Iner golak dogry aýdýar. Öldürjek bolsaň, alamançylyga gidýänleri, ýesir getirýänleri öldürmeli” diýip, Aksoltan eje öz ýanyndan pyşyrdapdy.

Oglunyň arynyň alynmanlygyna ýanyp ýören Aksoltan ejä ýagy özi üçin gelýän ýalydy.

Bu ýagyny ol dileg-ä etmändi. Oba çozulsa, azda-kände harapçylygyň boljakdygy şübhesizdi. Bir tarapdan welin şu gelýän duşmana begenmänem duranokdy. Oglunyň aryny ýerine salmak üçin amatly pursatdy. Bu gelýän ýagyny Aksoltan ejäniň nalasyna, uzynly gijeler çirim etmän dökülen gözýaşlaryna, gapyny ýel tykyrdatsa, “Oglum geläýdimikä?” diýip, towsup turan, ogluny görmän, näumyt bolup, ýer sermän pursatlaryna halys dözmedik Taňrynyň özi iberendir. Bu gezek Aksoltan eje aryny ýerine saljak

bolup elinden gelenini eder. Iň bolmanda kürtleriň biriniň böwründen gyrkylygy sünjer. Eger şony etmän ölse, gözi açyk gider.

Çyrçykly gol arylaryň gorjalan hini ýalydy. Aýallar eýläkde-beýläkdi. Gyňaçlaryny oklaw ýaly edip, ondan-oňa at salýardylar. Öýde ýatan adam ýokdy. Hemmeler daşardady. Sallançakda ýatan çagalaram alyp çykypdylar. Eli naýzaly märeke goluň ortasynda tegelenip durdy. Çagalar, oglan-uşaklar, uly gyzlar eli naýzaly tegelenen märekäniň ortasyndady. Iner golak aýtmyşlaýyn oňa "sygyr goranyşy" diýýärler. Süri sygra möjek duşsa-da, gaplaň duşsa-da edil biljek zady ýok. Süri sygyr şeýdip tegelenip durar-da şahlaryny öwrüp durandyrlar. Göleleri şol tegelenip duran süriniň ortarasyndadyr.

Ýagy Çyrçykly obasynyň adamlaryny uzak garaşdyrmady. Atlaryny güpürdedip, depeden indiler. Olaryň gelşi gaty batlydy. Öňlerinden çykylmajagyna "Haýt!" diýilmejegine, gollaryna kakylmajagyna ynamlary gaty güýçli bolara çemeli. Ujuna gyrkylyk daňylan syryklaryny öňe uzadyp, tegelenip duran märekäniň alkymyna gelip, at başyny çekdiler. Märekä nazar salyp rejäniň geň däldigini, sessiz-üýnsüz "Ine size gerek çaga" diýip Salyry berip goýbermejekdiklerini aňan ýüzbaşy hol beýlede duran Alybraýymy gördi. Alybraýym şo golda ýalňyz at-ýaragly adamdy. Ýüzbaşy oňa gygyrdy.

— Sen oba habar bermäge gaýdan ekeniň-ow, dönük, haramzada! — diýdi.

— Sen bu ýere aýallar bilen, garry-gurtular bilen, oglan-uşaklar bilen uruşmaga gelen ekeniň-ow, külli Eýranyň batyr ýigidi — diýip, Alybraýym ondan söz alyp galmady. Ol soňky sözleri aýdanda, aýratynam ýigrenç bilen seňrigini ýygyrdy. Alybraýymyň ony "Külli Eýranyň batyr ýigidi" diýip, ýaňsylamagy ýöne ýerden däldi. Ryzaguly hanyň iň gowy görýän ýüzbaşylaryň biridi. Oňa bu at Mazendaranda şalaryň şasynyň garşysyna baş göterenleri amana getirmek ugrundaky söweşde Ryzaguly hanyň özi beripdi. Ol ýaragsyz ilatyň garşysyna iň gazaply jeza çäresini ulanyp, şol ada ýetipdi. Onuň bu ady ýörite perman bilen dakylmandy. Ony şol mahalky Mazendaran goşunlarynyň serkerdesi Ryzaguly han ähli serbazlaryň öňünde aýdypdy. Şanyň permany bilen onuň ýaly hormatly atlaryň deregini tutýan diňe serpaýdy. Eden hyzmaty uçin ýapylan serpaý.

Ýüzbaşynyň şol adyny ilki-ilkiler hasam köp dile çolap, göwni ýetmezlik bilen gaýtalardylar. Ýüzbaşy özgeleriň ýigrenç bilen seňrigini ýygyrmasyny göripçilik diýip hasap edýärdi. Uly serkerdeler beýle atlary her kime dakyp ýörmeýärler. Häzir Alybraýymyňam seňrik ýygyrmasyny şol görüpligiň dowamy diýip hasap etdi. Ol Alybraýyma tarap gylyjyny uzadyp:

— Tutuň, ol itiň ogluny! — diýip, serbazlara haýkyrdy. Alybraýym gylyjyny ýokaryk göterdi.

— Sen özüň gel "külli Eýranyň batyr ýigidi". Men seniň bilen başa-baş söweşjek.

— Dönük bilen başa-baş söweşilmeýär. Duşman bilen başa-baş söweşilýändir. Alyň elinden ýaragyny. Tutup daňyň!

— Hä, batyr ýigit, sen aslynda şol ady aýallary, çagalary, garrylary gylyçdan geçirip alypdyň. Sen diňe ýaragsyz adama batyrsyň. Garaw görjek ýeriňde baý, bahana taparsyň. Beýdeniňden-ä gitde başyňa eneň şalyny büren, uýaň perenjisini ýapyn!

— Tutuň ony, näme dursuňyz — diýip, ýüzbaşy nökerlerine azgyryldy.

— Geliň. Kim çaga-çugasyny ýetim goýaryn diýse gelibersin.

Üç sany serbaz onuň üstüne abanyp ugrady. Alybraýyma Iner golak gaçyp gitmegi, gizlenmegi ýa-da oba adamlarynyň biri ýaly atdan düşüp, köpüň arasynda söweşmegi ündäpdi. Alybraýym ol zatlardan boýun towlapdy.

— Men aýalam däl, çaga-da. Men serbaz. Serbaz ýalam söweşerin — diýip, ol çürt-kesik aýtdy. Alybraýym daşyna geçen üç serbaz bilen gylyçlaşyp başlady. Ol gaça söweş edýärdi. Iki serbaza birden hüjüm etmäge maý berenokdy. Olara daşyny gabatmajak bolup gaçalaklaýardy. Ol birden özüne gylyjy salgan serbazyň gylyjyna batly kakyp goýberdi. Serbazyň gylyjy elinden zyňylyp gitdi. Şo pursat Alybraýym beýleki bir zomap geleniň egnine gylyç bilen kakdy. Onuň kellesi sallanyp, atdan agdy. Ine üçünji serbazyň gylyjam onuň maňlaýyndan degipdi. Şeýdip Alybraýym Garagumuň jümmüşinde Çyrçykly obada wepat boldy. Şahyrlaryň:

*“Bürgüt bolup dogulsa-da bürgütler,*

*Hemme bürgüt bürgüt bolup ölmeýär”*

— diýen dana sözleri bar. Ýöne ony Alybraýym hakda aýtmarsyň. Iner golak aýtmyşlaýyn, Alybraýym bürgüt bolup doguldam, bürgüt bolup ölmegem başardy. Ynha, şol hemme bürgüdiň başarmaýan zady.

Alybraýym bilen bellisini eden serbazlaryň ýüzbaşysy tegelenip duran, bütin töweregi naýza bolup duran märekä ýüzlendi.

— Adamlar, siziň bilen işimiz ýok. Bize şu obadan adam gerek. Ahalyň ogly. Şony beriň, biz gitjek.

— Eger ogul ýerine zakgun bersek nädýä? — diýip, Aksoltan garry gygyrdy.

— Onda gyrgynçylyk bolar, harapçylyk bolar. Şol oglany alman, şu atlylar yzyna dolanmaz.

— Şol oglany alybam şu atlylar yzyna dolanmaz.

— Artykmaç gan dökmeklik nämä gerek? Gurban nämä gerek? Ozalam şu dünýäniň gurbany gyt däl.

— Beýle ynsaply bolsaň, gelen yzyňy ýel bozmanka, gümüňi çek-dä, gep nokatlap durma-da.

Märekäniň durşy örän bekdi. Näme-de bolsa muny dargatmalydy. Ýüzbaşy hüjüm etmäge perman berdi. Atlylar ýuwaş-ýuwaşdan öňe omzap ugradylar. Ýöne welin üç ädime gelip saklandylar. Indi öňe süýşdügiň syryga berçinlenen gyrkylyklar atlylaryň döşünden direljekdi. Märekäni nädip böljegini bilmän duran ýüzbaşy:

— Öýleri otlaň! — diýip, elini öýlere tarap uzatdy. Serbazlar öýlere tarap eňdiler.

— Sen öý otlarmyň, eşekden emele gelen kürt. Çozuň näme dursuňyz — diýip, Aksoltan eje gygyrdy. Şol gykylygy bilenem öňe okduryldy. Garrybaý çopanyň bölüp suwa goýberýän goýun sürüsi ýaly aýallaryň bir topary Aksoltan ejäniň yzyna düşüp öňe topuldylar. Golaýda duran atlylar atyň başyny öwrüp ökjäni geterdiler. Ýanyp duran öýe tarap topuldylar. Öýi otlan atlylaryň biri atyna münüp gaçmaga ýetişmedi, gylyjyny ýeyrmaga-da. Aksoltanyň elindäki syryga berkidilen gyrkylyk içinden parran geçdi. Aksoltan. ýykylan serbazyň böwründen zordan gyrkylygy sogrup aldy. Ol ikinji serbaza okdurylanda, yzyndan gelen atlynyň gylyjy ony ýere ýazdy. Igdir ussanyň gelni Halyma onuň ylgap ýanyna bardy. Aksoltan ejäniň başyny dyzyna göterdi. Aksoltan gözüni çalaja açdy.

— Men ony öldürdim, oglum, Aýdogdy jan, men ol kürti öldürdim, aryň köýen däldir, köşek — diýip pyşyrdady. Onuň sesinde-de, dodaklarynyň gymyldysynda-da ysgyn-deramat ýokdy.

Obanyň arasy bu mahal yzan-da çuwandy. Çagalaryň, aýallaryň, iniňi düýrükdiriji agysy, depe saçyňy üýşürýän nalasy, ýürek gopduryjy gargyşy obany durşuna gaplap alypdy.

Bölünen süri ýaly bolup topar-topar aýallar ondan-oňa okdurylýardylar. Atlaryň tabyrdaýan toýnaklaryndan çäge sowrulýardy. Itler atlaryň daşynda hasyrdaşyp jabşynyşýardylar. Göwsünden gyrkylyk çümen atlar ölmezden öňürti eýmenç kişňeýärdiler. Çabalanyp, aýaklary bilen gum sowurýardylar. Onda-munda ýanýan öýleriň gara tüssesi demligiňe dalaş edýärdi.

Bir mahalky: “Garadandyr-guradandyr, ýürek-bagryňy eredendir” diýip, tarypy edilýän Sadabyň üstüne abanan howpy onuň özi duýanokdy. Ony Halyma görüp, oňa kömege okduryldy. Arman ýetişmedi. Halyma baryp, serbazyň böwründen gyrkylygy urýança, Sadap eýýäm gana bulaşyp ýatyrdy. Atdan agan serbaz Halymanyň naýzasyny özi bilen alyp gitdi. Ýaragsyz galan Halyma ýykylyp ýatan Sadabyň ýaragyny elinden aljak bolup nähak dyzady. Bir eýýäm jan beren Sadabyň penjeleri syrygy şeýle bir berk gysýardy, göýä onuň barmaklary syryk bilen bile biten ýalydy. Ine, şol aljyraňňylyk Halymanyň iň soňky pursatlary boldy.

Özleriniň o diýen maksatlaryna ýetip bilmejegine gözleri ýeten ýüzbaşy serbazlaryny söweşden çykardy. Olar ilki gelip, Çyrçyklynyň oýuna inen depeleriniň gerşinde sadranç ýaly bolup jemlenmezden öňürti köpçülikden üzülen iki çagany atyň öňüne basdylar. Şeýdip Salyryň deregine iki çagany eltäýmese, ýüzbaşynyň dagy zada güýji ýetmedi. Depäniň gerşinde jemlenen serbazlar aňryk aşyp gitdiler.

Şol gün Çyrçykly, Gabakly, Gyzyltakyr obalarynyň gonamçylygynda — Kirşenli öwlüýäde dört mazar artdy. Olar Alybraýymyň, Sadabyň, Halymanyň, Aksoltan ejäniň mazarlarydy. Öwlüýäden kyrk ädimlik daşlykda üç mazar peýda boldy. Olar aýallaryň elindäki gyrkylykdan ölen serbazlardy. Serbazlaryňam dini musulman bolany üçin öwlüýäde jaýlamak boljagyny Aýatylla işan aýtsa-da il-gün ony unamady.

— Köpçülik näme diýse şony edäýiň. Il-günüň unanyny şerigat göterer — diýip, Aýatylla işan aýtdy.

## INER GOLAGYŇ PYÇAGY

Çyrçykly obasyndaky gyrkylykly söweş özgeler-hä beýlede dursun, Ryzaguly hanam lerzana getirdi. Ony lerzana salan zat söweşde ölen serbazlaram däldi, aýallaram. Ony lerzana salyp, iki aýagyny bir gonja sokan zat umydynyň başa barmandygy, garaşan zadynyň çykmanlygydy. Äkiden elli atlysyndan kyrk alty atly edip gaýdan ýüzbaşynyň beren gürrüňini diňläp, onuň çep dulugyna ähli güýji bilen şarpyk çalypdy. Ýüzbaşynyň gözünden labyrt edip ot çykypdy.

— Gatyryň döli, haramzada, küspuruş. Şunça atly bilen heleýleriň garşysyna söweşip, heleýçe-de ýok itogly ýeňlip gelipdir. Işi bitirmekden-ä geçen gaýtam bulaşdyryp gelipdir. Ýagmazak bulut ýaly uly zenzele turzup gaýdypdyr. Daman damjasam iki sany sümükli. Gaýta meni namysyň astynda goýupdyr, itogly.

Ryzaguly han edil kapasa düşen ýaraly gaplaň ýaly zowzanaklaýardy. Ýeri, ýeňildiň, taň etdiň. Bu iki sümükli güjük nämäňe gerek? Bu türkmenler üçin dil uzynlyk ahyry. Indi olar bilen men haýsy dilde gürleşeýin? Men ýesirleri gaýdyp almak barada nähili, nädip olara ýüz tutaýyn? Biz alamançylyk edip ýören galtaman bilen gürleşemizok” diýseler näme jogap berersiň? Aýt, näme diýersiň?

Han özüniň Jeýhun ýaly joşup, gaýnap duran gaharyny ýüzbaşydan nädip çykarjagyny bilmän, hyrçyny dişledi. Adamçy öküziň guduzlan itiň gözüne çalymdaş gözlerini töweregine elek-çelek aýlady.

— “Bir akmagyň bulaşdyran kelebini ýüz akylly açyp bilmez” diýleni-dä. Bir çaganyň guýa oklan daşyny çykarmak üçin on adam gerek. Eý-ý! — diýip, ol elini salgap, ýene byzbyldyklap başlady. Birdenem ýüzbaşynyň öňünde saklandy-da:

— Seniň bu döküp gaýdan pohuňy ýuwmarlamak üçin men seni jelladyň eline tabşyrmaly — diýip, hanasyndan çykyp barýan gözlerini petredip, ýüzbaşa seretdi. Ony gören ýüzbaşynyň imany uçdy. Ol serpmeden gaýdan ýaly bolup, Ryzaguly hanyň aýak astyna gürpüldäp gaýtdy. Oňa tarap emedekledi:

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, bir çemçe ganymy geç. Men seniň guluň, men seniň paýendazyň. Jelladyň eline berme.

Ýer sermeýän ýüzbaşynyň agy gatyşykly sesine Ryzaguly hanyň seňrigi ýygryldy. Ol bolmajysyny bolup, ýanyndakylara azgyryldy. Olara hanlara gelişmeýän hapa sözler bilen gygyny pürkdi.

— Näme agaç ýuwdan ýaly bolup dursuňyz? Äkidiň-de kellesini kesiň!

Onuň erni gargy tüýdük çalýanyňky ýaly gyşaryp gitdi. Ýüzbaşy Ryzaguly hanyň ädikli aýagyny gujaklady. Aglady, ýalbardy. Iki sany serbaz ony Ryzaguly hanyň ädikli aýagyndan aýyrmak, äkitmek üçin dyzady. Ýüzbaşy ädikli aýagy şeýle bir gujaklapdy welin, diýip-aýdar ýaly däldi.

Han zordan gaýra çekildi. Ädikli aýagy bilen ýüzbaşynyň maňlaýyna jaýdar depdi. Şondan soň ýüzbaşynyň agysam, sesem, gymyldysam tapba ýatdy. Ol amanadyny tabşyrypdy ýa-da özünden gidipdi. Ony süýräp äkidenlerinde, onuň ellerem, göwresem şalkyldap ýatyrdy.

Şondan soň Ryzaguly han köp wagtlap çadyryndan çykmady. Çykaýsa-da, güň ýaly, bu dünýäniň adamsy däl ýaly içini gepletdi, ýördi. Ne müňbaşylary, ne maslahatdarlary kabul etdi. Üç-dört günläp näme gürrüň etse-de, öz-özi bilen etdi.

Şol günleriň birinde Nowruzaly han Şahrudynyň düşen ykbalyny onuň gulagyna ýetirdiler.

— Bu ykbal biziň her haýsymyza-da garaşýan ykbal bolaýmasa — diýip, Ryzaguly han agzy açylyp, ýeli giden sanaç ýaly “Owf” edip uludan demini aldy. Soňky wagtlardaky göwni çökgünlik ony hasam basmarlapdy. Ol indi içiniň aýrany dökülip, boşan ýanlyga dönüpdi.

Hanyň ynamdar adamlarynyň habar bermegine görä şalaryň şasynyň töweregindäki emeldarlary Şahrudynyň ölümini Ryzaguly handan görýän borly. Emeldarlarynyň şol müňkürligini tassyklaýan ýene bir zat bardy. Isfihandan Şöwket hanyň çapary geldi. Ol köşkdäki emeldarlaryň azgynçylyklary hakda, şalaryň şasyny erkine goýman, ony halys ýoldan çykarýandyklary hakynda ýazypdy. Ol külli Eýrany porsan bulanyk howa meňzedipdir. “Ony durlamasaň, mergi keseliniň ýaýramagy ähtimaldyr” diýip ýazypdyr. Hatynyň

soňunda goşuny uruşdan çykaryp, yzyna, Maşada gelmegini, “Häh” diýlende “mäh” diýmäge taýyn bolup durmagyny sargapdyr.

Ýalňyz oglunyň aladasyny etmände-de Ryzaguly han iki oduň arasynda galypdy. Şöwket hanyň diýenini etse bir däl, etmese iki däl. Onuň dagy arka diräri ýok. Şalaryň şasyny arka tutunmalymy? Ony saýlaýan Ryzaguly hanyň özi däl. Her bir hanyň köşkde, şalaryň şasynyň emeldarlarynyň arasynda öz adamsy bar. Kime arka diremelidigini şolar saýlaýarlar. Olarsyz hiç kim uzak han bolmaz. Herki bir hanyň berkligi şo ýerdäki öz adamsyna bagly zat. Ryzaguly hany şol öz adamsy Şöwket han bilen çatan bolsa, hanyň ony üýtgedip biljek gümany ýok. Ony üýtgetjek bolsaň deregiňi tapmaz ýaly edäýerler.

Şöwket hanyň sözüni ol ýere salyp bilmez. Ol näme diýen bolsa şony berjaý eder. Ýöne şol zatlardan öňürti mürzeli meseläni çözmeli, onda-da haýal etmän çözmeli. Ol şony çözmän, belli bir karara gelip biljek däl. Şonuň üçin türkmenleriň üstüne ilçi ibermegi makul bildi.

Tutulyp getirilen şol iki çaga bilen mürzäni alşar ýaly etmeli. Üstesine-de pul, baýlyk bermeli weli, alyşar ýaly etmeli. Eger olam başa barmasa, onda güýje daýanjak bolmaly. Garaz, mürzäni şol gaba telpekli hanyň özi aýtmyşlaýyn, möjekleriň elinden aljak bolmaly. Dagy ýol ýok.

Kelebiniň ujuny gözläp, han öz çadyrynda kenara oklanan balyk ýaly çabalanýan, aýagy bişen pişik ýaly bir ýerde durup bilmän zowzanaklaýan wagty, ýadap gelen Ahalyň çaý içip oturan wagtydy.

Duşman bilen aralaryny bary-ýogy bir gol kesýänem bolsa näçe gün bäri kä onda, kä munda bolýan kiçijik çaknyşyklary hasap etmeseň, goşunlary sap tutup, hatar gurup söweşenokdylar. Eýran tarapy “Türkmenler Maru-Şahu-jahandan kömek alansoňlar, indiki hüjümi şolar “başlar” diýip garaşýardylar. Türkmenler bolsa suw ýetmezçiligi zerarly serbazlar uzak ýatyp bilmezler. Ryzaguly han ýa biziň üstümize hüjüme geçmeli bolar, ýa-da serbazlar özaralarynda gyrlyşarlar” diýip pikir edýärdiler.

Saroglanyň, Gulburunyň goşunlarynyň arasynda bolup, olary gözden geçirip, gelen Ahal çäýnegini sarkyryp, iň soňky käsesiniň keýpini görüp oturan wagty Ilaman gapynyň eňsisini serpip öýe girdi.

— Meniň serdarym, siziň ýanyňyza bir kürtüň gözüni daňyp alyp gelýärler.

— Getirseler getirsinler bakaly. Häzir çykýan — diýip, ol azajykdan owurtlap siňňinlik bilen keýpini görüp içjek çaýyny birden başyna çekdi. Ýerinden turup, gapa tarap gönügende, Salyr ondan öňürti ylgap çykdy.

Çyrçyklyda bolan şol hasratly ýagdaýdan soň ölenleri-ýitenleri ýerlänsoň, Iner golak Salyry özi bilen alyp gaýdypdy. Ony obada goýmak howpludy. Ol Ahalyň maşgalasyna:

— Salyr bu ýerde galsa, olar ýene-de köwlenerler. Gijede-girimde duýdansyz çozmaklary mümkin. Şoňa görä-de “Depegenden daşrak” diýipdirler. Iň gowusy Salyry alyp gideýin — diýdi.

— Gije gelip, olar biziň öýmüzi tapaýarmykalar?

— Tapar. Bu ýerde olaryň adamlary bardyr. Alybraýym aýtmadymy, näme, “Bizi Hyrady beg ýola belet bolup alyp geldi” diýip. Seret Garamergeniň ýigitleriniň obadan giden wagtyny, ýok wagtyny aňtap gelişlerini.

— Aý, men-ä Garamergeniňem düzüwdigine gaty bir ynanyp baramok — diýip, Halbike aýtdy.

— Oňa menem ynanyp baramok. Ýöne “Tutulmadyk ogry däl” diýenem bir nakyl bar. Garamergene ynanmaýanlygym üçinem Salyry äkitjek bolýan-da — diýip, Iner golak öz pikirini duýdurdy.

Salyr Iner golagyň ýabysyna artlaşyp, kakasynyň bolýan ýerine “Towşanly guýa” gelipdir. Onuň gola inip gözüne ilki ilen zat Dorbedew boldy. Dorbedewiň gaýdyp gelendigi hakyndaky gürrüňi eşidipdi. Ýöne şol Gümmezgaýada aglap aýrylyşaly bäri ony görmändi. Ol münüp oturan atynyň başynyň çekilerine-de garaşman, ondan syrylyp, art aýaklarynyň ýanyna düşüpdi. Özem ýabynyň guýruk tarapyndan syrylyp art aýaklarynyň ýanyna düşüpdi. Ýaba münüp-düşmekden sähel başy çykýan adamyň etmejek işi. Ýabynyň art aýagyna golaýlaşmaly däldigini çapyksuwar bolup bilmezmi? Ardyndan syrylyp düşseň, her hili ýuwaşam bolanda toýnagy bilen kakaýmagy ahmal ahyry.

Ýabydan syrylyp düşen Salyr ylgap baryp Dorbedewiň boýnundan gujaklady. Ýüzüni onuň ýüzüne oýkady. Gözlerini onuň maýlaýyna sürtdi. Onuň ýalyny agzy bilen gapyp, bedewiň gözlerine seretdi. Soňra ol gapa çykan kakasyna ylgady.

— Ryzaguly hanyň pikiri mürzäniň deregine Salyry penjä salmak. Şonuň üçin Salyry obada goýmak howply. Han atlylarynyň irdegiçde ýene köw salaýmagy ahmal — diýip, Iner golak bolan wakany jikme-jik gürrüň berdi. Ölen adamlary sanady. Alybraýymyň mertligi hakynda gürrüň berdi.

— Imany hemra bolsun, ýatan ýeri ýagty bolsun — diýip, Ahal pyşyrdady. Iner golak Garamergeniň atlylaryndan oba hiç hili kömek ýokdugyny biderek hallan atyp ýörendigini aýtdy. Ol:

— Eger obada Hyrady begiň adamlary bar bolsa, Garamergenem şolaryň biri bolmaly — diýip, Ahal öz müňkürligini mälim etdi.

Garamergene oba ýagy çozanlygy hakynda aýtmaga giden oglan olary Gabaklydan tapdy. Garamergeniň bir ýerlerden ýaňy gelip durşudy. Oglanyň ýagy çozdy sözüne ol kän pitiwa edip durmady.

— Sen ýagyny öz gözüň bilen gördüňmi? — diýip, ol oglandan sorady.

— Ýok, ýöne bir atly kürt baryp aýtdy. Ol “Üstüňize ýagy gelýär” diýdi.

— Bu ýerlere ýagy nireden düşsün? Bu ýerik geljek ýagy goşunyň içinden gelmeli. Olar guş däl ahyryn uçup geçäýer ýaly — diýip, Garamergen öz diýenini tutdy. Ol guşagyny çözüp, özüne çaý berilmegini, gaýnaga duran naharyň basymrak bişirilmegini tabşyrdy.

— Ýigitler şu nahary iýdigi ugrar. Goý, Iner golak suw görmän tamman çykarmasyn — diýip, Garamergen arkaýynlyga salyp aýtdy. “Ýagy çozdy” habaryny aýtmaga giden oglan Çyrçykla gelensoň

Garamergeniň bu sözleriniň bir damja ganyny damdyrman, bolşy-bolşy ýaly edip Iner golaga aýtdy.

Ýagy gidensoňam ep-esli wagt geçensoň Garamergeniň ýigrimi atlysy atlary maýdalyna sürüp oba geldi. Ýagdaýa göz ýetirip, giden atlylary gözlemegiň deregine adamlardan sorag-ideg edip güýmendiler. Aýalynyň öldi habaryny eşidip, Garamergen oňa gynanyp durmady.

— Garagy aksyn. Kesewi ýaly oduň içine sokjurylyp ýörmesin — diýip, hemleli gürledi.

Garamergene bolan müňkürligini Ahala gürrüň beren Iner golak şol meseläni ýaşulularyň maslahatyna saldy. Iner golagyň sözlerini diňlän Atanur:

— O neressäniň aýaly ölüpdir, sen bolsa oňa müňkür bolýarsyň. Müňkürlik musulmançylyga çapraz zatdyr — diýdi.

Ýagdaýy ölçerip döken ýaşulular Garamergeni ýüzbaşylykdan aýyrmalam diýip bilmediler, aýrylmaly dälem. Bu meseläni çözmegi serkerdäniň özüne goýdular. Ahal bolsa:

— Hany neneň-niçik bolýarka? — diýip, ol hakda karara gelmegini gijikdiripdi. Onsoňam Ahalyň bar aladasy Garamergenli mesele däldi. Onuň häzir gulagy ilerdedi. Ryzaguly hanyň nähili hereket etjegine garaşýardy. Ilamanyň “Bir kürti getirýärler” diýen sözüne geň galyp durmady. “Ol Ryzaguly hanyň ilçisidir, mürzäniň söwdasyny etmäge gelendir” diýip pikir etdi. Ahal tärimden asylgy gamçysyna elini ýetirip daşaryk çykanda gözi daňylgy kürti onuň gaşyna getirdiler.

— Kim, näme diýen soraglaryňa gulagam asanok. “Meni serkerdäniň ýanyna eltiň, Ahalyň ýanyna eltiň” diýip, aýagyny diräp dur.

Ahal gamçysyny guşagyna gysdyryp, gözüniň daňysy çözülen kürte seretdi. Oňa salam berip baş egip, sereden kürtüň serbaz däldigini Ahal aňdy. Ol Ryzaguly hanyň emeldarlaryna-da meňzänokdy.

— Size Ahal gerek bolsa, ynha men Ahal.

— Siz Ahal bolsaňyz men Huşnaf Koý. Huşnaf pälwanam diýýärler. Men Süleýman daglaryndan geldim — diýip, kürt özüniň kimdigini mälim etdi — Meniň oglum size ýesir düşüpdir. Oňa Ysmaýyl Koý diýýärler. Ysmaýyl.

Ahal Huşnafyň ýüzüne çiňerilip seretdi. Hawa, bu şol Huşnaf pälwan. Ahal ony köp ýyl mundan ozal Nişapurda Barat pälwan bilen göreş tutanda görüpdi.

— “Ogluň ýesirlikde” diýip maňa Barat pälwan habar etdi. Aňyrdan gelşime şonuň ýanyna bardym. Olam siziň adyňyzy berdi-de, siziň ýanyňyza iberdi.

Ysmaýyl Koýuň ýüzünde Ahal bir tanyş keşbi görendigini ýatlady. Ine şol tanyş keşp Huşnaf pälwanyň keşbi ekeni. Pälwanyň oglam özüne gaty meňzeş ekeni.

— Siz ogluňyz üçin gelen bolsaňyz, ony islän wagtyňyz äkidip bilersiňiz, pälwan.

— Sag bol, serkerde. Meniň oglum gaýdyp eli ýaragly türkmenleriň üstüne gelmez. Bu gezegem güýç bilen alyp gaýtdylar.

Biziň baýa uly bergimiz bardy. Üzmäge gurbumyz çatmady. Şol algysynyň deregine baý biziň ýabymyzy aljak boldy. Kürtüňem näme, ýabysyny alsaň janyny alan bilen deň. Baý ogluma: “Ýa bergiňi üzersiň, ýa-da serbazlyga gidersiň” diýdi. Bizem “Çagalary ekläp oturan ýeke ýabyny berenden serbazlyga gideni gowy” diýen karara geldik — diýip, Huşnaf pälwan öňünde goýlan çäýnegiň çaýyny käsä haýallyk bilen guýýardy. Uruş dowam etse dört-bäş aý dowam etjek. Ölmän galsa baý ondan algysyny üzüldigi hasap edýär. Huşnaf pälwan ýaly, Ysmaýyl ýaly garyplar bir ýaby edinjek bolsa, gör, näçe ýyl ýagyrnysyny bükmeli. Gol doly çagalar ýaby edineriňe garaşyp ýörüp bilmeýär. Olar şu gün iýmeli, geýmeli.

Huşnaf pälwanyň durmuşy Aman süregçiniň durmuşyna gaty çalymdaşdy. Türkmenlerde-de garyp maşgalany ekleýän iner ýa arwana bolýar. Edil kürtlerde ýabynyň ekleýşi ýaly. Bir wagt Aman süregçiniňem göz dikip oturan ýalňyz düýesi tas elinden gidipdi. Şol düýe gitdigi maşgalanyň başyna dagy kyýamat, dagy ahyrzamana gerek däldi. Aman süregçini şol beladan halas eden Ahal bolsa-da Huşnaf kürtüň maşgalasyny halas eden Ysmaýylyň dosty Haly begdi.

Haly bege iller galtaman diýse-de, Huşnaf kürtem, Ysmaýylam “Galtaman däl, gahryman” diýip hasap edýärdiler. Ol öz galtamanlygy bilen olary baýyň gazabyndan telim gezek gorapdy.

— Haly beg bolan bolsa henizem ugruny tapyp gorardy. Ysmaýyly urşa gitmekden saklardy. Ýöne ol Süleýman daglaryndan gidäýdi.

Huşnaf kürtüň gürrüňlerini diňläp oturanlaryň biri:

— Munuň Haly beg diýýäni şol Hally galtaman-ha däldir-dä — diýdi.

— Şodur — diýip, Ahal gysgajyk jogap berip, başyny atdy. Hally galtaman Süleýman daglarynda bolan günlerinden Ahala gürrüň beripdi. Ysmaýylyň adyny tutmasa-da gürrüňini beripdi.

— Pälwan aga, seniň ogluň ýesirlikden boş. Özüňem türkmenleriň myhmany. Näçe gün bolaryň diýseňiz keýpiňiz kelläňizde. Haçan giderin diýseňizem sizi ugradarlar. Burjula çenli ugradarlar. Haly beg diýýäniňiz şol ýerdedir — diýip, Ahal aýtdy.

— Sag boluň, serkerde... Melek Tawus, sen öz bar gudratyňy jemläp, türkmenleriň şu ýüzi nurana, ýüregi açyk serkerdesini öz ganatlaryň astynda saýala. Eý, sen hökmi güýçli Melek Tawus!..

Melek Tawus diýen sözi Ahal Ysmaýyl Koýdanam eşidipdi. Ýöne onuň nämedigini bilmeýärdi. Tawusyň guşdugyny, melek diýmegiňem Hudaýdygyny, Taňry diýmekdigine düşünýärdi. Ýöne welin Hudaý nire, tawus nire? Ahal “Tawus jennetiň guşumyş. Ýöne bir eden etmişi üçin jennetden kowulanmyş” diýip eşidipdi. Tawusyň ir säherler “Waý” diýip gygyrmasy bar. Şol ses şeýle bir gaty, şeýle bir çirkin. Eşideniňde depe saçyň düýrügýär. Rowaýatlaryň aýtmagyna görä, tawus jennetden kowulan guşmuş. Bir säher perişdeleriň biri onuň iki ganatyndan tutup, sekiz gat asmandaky jennetden aşak zyňyp goýberenmiş. Tawus şol ýerden “Wa-aý-ý” diýip, uly gykylyk edip gaýdanmyş. Her säherler tawusyň çirkin ses bilen ”Waý” diýip gygyrmasy şonuň üçinmiş. Türkmenleriň tawusy

halamaýanlygynyň sebäbi şomuş. Türkmenlerde tawus guşy saklap ýörene duşmak kyndyr.

Melek Tawusyň ady orta düşenden Iner golak gürrüňdeşiniň kimdigini tanady. Ol kürtleriň iň azajyk, iň garyp taýpasyndan. Olara ýezit kürtler diýilýär. Olar Süleýman daglarynyň jülgelerinde taşlanan guýularyň töwereginde ýaşaýarlar. Olar melgunyň sadyk gullary. Şol melgunyň adyna Melek Tawus diýýärler.

Muhammet pygamberiň saçyny syrýan dellegi bolupdyr. Onuň adyna Mawyýa diýer ekenler. Bir gün ol pygamberiň saçyny syranynda päkini onuň tenine degripdir. Pygamberiň kellesinden gan çykypdyr. Pygamber oňa:

— Mawyýa, sen uly günä etdiň. Indi senden önen nesil musulman dininiň garşysyna gider. Köp gan döker — diýipdir. Mawyýa:

— Beýle bolsa men öýlenmen, hergiz öýlenmen — diýipdir. Ýöne ol sözüni uzak tutup bilmändir. Ony ýylan çakypdyr. Özem erkeklik damaryndan çakypdyr. Atly tebipler, uly lukmanlar ýygnanyp:

— Eger sen ýaşajak bolsaň, hökman öýlenmeli — diýipdirler. Mawyýanyň bolsa gaty ýaşasy gelýär. Ol ýetmiş ýaşly garra öýlenipdir. Ertir turup görseler, onuň kempir diýip öýleneni ýaş gelin ekeni. Şeýdip şeýtan oňa hile gurupdyr. Mawyýanyň ogly ýezidiň keşbinde dünýä inipdir. Ol özüniň zäherli sözleri bilen köp adamyny dinden çykarypdyr. Ýezidler şol oglany özlerine Hudaý edinipdirler. Hudaýlarynyň hakyky adyny gizlemek üçin oňa Melek Tawus diýipdirler. Ýezidleriň pygamberine Şeýh Ady diýýärler. Şeýh Ady

baalbekli. Ol Baalbek şäherinde ýaşapdyr. Şol ýerde onuň mazary bar diýýärler. Baalbek ir wagtlar Arabystanda uly şäher bolanam bolsa, häzir ol haraba öwrülip gidenmiş. Ol Allatagala “Gurhany” ýere indermezinden öň bolupdyr. Şol şäheriň gudraty hakynda şeýle gürrüň edýärler. Şol ýerde daşyň üstünde goýulan bütewi bir daş bar. Şol daş ýigrimi bäş gulaç ýokary çykarylypdyr. Şol daşy ýerinden gozgamak üçin kyrk muň adamyň güýji gerek. Şol daşy ýigrimi bäş gulaç çykaran Melek Tawusmyşyn, ýezidleriň Hudaý diýip ýören Melek Tawusy.

Melek Tawus hakdaky bu rowaýaty Ahalyň boş mahaly Iner golak oňa ýörite gürrüň berdi. Molla-işan diýen ýaly takwa adamlaryň diýenini berjaý etjek bolsaň Huşnaf Koýuňam, Ysmaýylyňam duran-duran ýerlerinde janlaryny alaýmaly. Ýöne Ahalam, Iner golagam ol hakda pikir etmedi. Olar kürtleriň şol uly pälwany bilen duşuşyp, gürrüňdeş bolanlaryna öz ýanlaryndan monça boldular.

— Meniň serdarym, siziň bir pursat daş çykmagyňyza garaşýarlar — diýip, Ilaman oda çoýunyp oturan Ahalyň gulagyna pyşyrdap diýen ýaly aýtdy. Ahal sesini çykarman ýerinden turdy.

Bu günki gün aýratyn sowukdy. Gyşyň ortasy, gyşyň örküji doluw aýy hasap edilýär. Şonuň üçin iň sowuk günler doluw aýynda bolaýjak ýaly. Ýöne welin sowuk syrygyp, köplenç hut aýyna, gyşyň soňky aýyna galýar. Bu ýyl gyş düşeli bäri ýekeje gezek ýukajyk gar ýagdy. Türkmenleriň it gary diýýän gary. Olam gije ýagdy. Ertesem günortana ýetip-ýetmänem eredi. Käte-käte bulut garalyp ýagyş

ýagdy. Meýdanyň akrapda güýzän otundan ownuk mallar doýumlyk aldy. Hawa, çarwalaryň "goşa ýaz" diýip aýdýany boldy.

Şol maýyllyk bilen gyşyň soňky aýy, hut aýy ortadan agdy. Käbir adamlar luw ýyly gowy bolansoň, garaz, garaşyk edýändir-dä diýýärler. Iner golak welin bu hakda başga pikirdedi.

"Bu maýyllyk luw ýylynyň garaşygam däl, idem däl. Indiki ýyl ýylan ýyly. Şonuň salýan pyrryldyklarydyr. Görersiňiz welin indiki ýyl ýa gurakçyyk bolar, ýa-da gyş ölmän galan mör-möjekler bösňäp, ekin-dikiniň, gök çöpüň işini görer. Garaz, bir bela-ha bolar" diýip, howanyň bu gowulygyny oňlulyga ýoranokdy.

Agar çäkmeniň bir syýyny guşagyna gysdyryp, daş çykan Ahalyň gaşynda Ýolamanyň ýüzlüginden gelen nöker daýandy. Ol yzyndan ýagy gelýän ýaly gyssanyp gürledi:

— Ýesirler garawuly öldürip gaçypdyrlar. Olaryň yzyndan ýeten Ýolamany pyçaklap öldüripdirler — diýip, habar getiren jigit meşigiň ýyrtygyndan jugurdap dökülýän suw ýaly jedirdedi welin Ahal oňa zordan düşündi.

— Ol nähili öldüripdirler? — diýip, Ahal zähresi ýarylan ýaly bolup gepledi. Ol ýigidiň serbazlar Akçelgiden uly güýç bilen hüjüm edýändikleri baradaky habary Ahalyň gulagyna-da ilmedi.

— Ilaman gitdik — diýip, ol duran ýerinden Dorbedewe tarap okduryldy. Akçelgä bir gol galanda, goluň ortarasynda jigitleriň üýşmeleňi bardy. Ahal şol üýşmeleňiň alkymyna baryp ýetdi-de, atdan bökdi. Dorbedewiň uýanyny eliniň tersi bilen eýeriň üstüne oklap goýberdi. Atdan böken Ilaman hem serkerdäniň edenini etdi.

Olar köpçüliginiň ortasyna gözleri ýok ýaly urduryp girdiler. Ýolamanyň kellesini gujagynda tutup duran ýigit ony Ahala berip ýerinden turdy. Ahal Ýolamanyň ýüzüni sypady. Onuň sowuk maňlaýyndan emaý bilen öpdi. Ony emaý bilen gapdalynda çöken Ilamana berdi Ilamaň: “Waý dogan!” diýip, ony bagryna basdy. Onuň şol “Waý dogan!!” sesinden gollar, depeler sarsyp giden ýaly boldy. Örboýuna galan Ahalyň ýüzi şeýle bir hyrsyzlanypdy. Ol gulagyna syçan giren pil ýaly töweregindäki ähli zatlary ýykan-ýumran ediberjege meňzeýärdi. Ýöne ol gymyldanokdy, ondan sesem çykanokdy. Onuň şeýle hyrsyz ýaňaklarynda gözýaş düwmeleri syrygyp aşak gaýdýardy. Onuň eline ak buýnuzdan uzyn pyçagy berdiler. Pyçagyň ýüzündäki jöwherler, sapynyň ýokarsyndaky azajyk uçan ýeri tanyşdy. Bu pyçak Ýolamanyň kakasy Iner golagyň pyçagydy. Bu pyçagy gaty köp adam tanaýardy. Bir mahal ýolbars elini çeýnände, Iner awçy şu pyçak bilen ýolbarsy öldüripdi. Bu gün bolsa şol pyçak, uzak ýyllar bäri Iner awçynyň ýanyndan aýrylman, ýoldaş bolan pyçak onuň öz oglunyň ýagyrnysyndan çümüpdi.

— Men muny düýnden bäri tapman ýördüm — diýip, Iner golak basyk ses bilen gürledi. Awça bu pyçak ýolbars bilen urşanda-da gerek bolupdy. Şondan soň ony henizem hiç zada ulanmasa-da ýanynda götererdi. Ony öz ýanyndan goýmazdy. Ol onuň bire-bir ýoldaşy ýalydy.

Eli daňylgy Fahreddin mürzäni onuň gaşyna getirdiler.

— Pyçak bilen kim urdy? — diýip, Ahal oňa ýüzlendi. Onuň sesi ýuwaşdy. Şol ýuwaş sesde-de uly howp bardy. Mürze zagyrdap gürledi:

— Aly Aşrafy pyçaklady, agaýy Ahal.

— Pyçagy nireden aldy?

Mürzäniň ýüzi üýtgedi. Oňa öliniň reňki urdy. Buýtar-suýtar etjek boldy. Ýöne Ahalyň ýüzüne gözi düşenden imany depesinden çykdy.

— Ony Hyrady beg berdi. Garawul ýigidem Hyrady beg şu pyçak bilen öldürdi. Soňra biziň elimiziň, aýagymyzyň daňylan ýüplerini kesip: “Gaçyň! Göni şu tarapa gaçyň!” Indiki goldan aşsaňyz özüňiziňkiler bardyr. Şolar halas eder” diýip, elindäki pyçagam Aly Aşrafa berdi.

Bu wakanyň jikme-jigini Ahalam, Iner golagam soň eşitdi. Ol waka şeýle bolupdy. Hyrady begiň “Gaçyň!” diýip salgy beren tarapynda serbazlar hüjüme geçipdiler. Ýesirleri saklaýan adamlaryň birinden özgesi şol tarapa Akçelgä tarap at salypdyrlar. Mürzäniň ýanynda Hyrady beg duýdansyz peýda bolupdyr.

— Garawul ýigit ony tanadymy?

— Hawa, tanady. Tanamadyk bolsa beýdip pyçak bilen öldürdesi ýok. Garawul ýigit ondan ýamanlyga garaşmadyk bolarly — diýip, Fahreddin mürze aýtdy. Hyrady beg garawuluň tanaýanlygyndan, ondan beýle-beýle zatlara garaşmaýanlygyndan peýdalanyp, ony pyçak bilen duýdansyz urup öldüripdir. Ýesirleri boşadyp, özi gelşi ýaly gaçyp gidipdir. Ýesirleriň gaçanyny eşiden Ýolaman olaryň yzyndan kowup ýetipdir. Atyň aýagy bilen aýagyň deňmi? Gylyjyny

syryp gelýän Ýolamany görüp, Aly Aşrafy ýykylypdyr. Ýykylyp ýatan gaçgaklaryň ýanyna baryp, Ýolaman atyň başyny çekipdir. Böküp atdan düşüpdir. Gylyjynyň ujy bilen ýagyrnylaryna dürtüp:

— Turuň! — diýip, buýrupdyr. Olar ýerlerinden turupdyrlar. Şol ýerde-de bir pursat tapyp, Aly Aşrafy pyçak bilen Ýolamanyň kebzesinden urupdyr. Pyçagyny sogrup almaga-da ýetişmändir. Depäniň gerşinde Ýolamanyň ýigitleri görnüpdir. Bulary gören Aly Aşrafy gaçmaga başlapdyr. Ýigitleriň biri gylyjyny syryp, depeden inipdir. Gaçyp barýan Aly Aşrafynyň yzyndan ýetip, ony ýere ýazypdyr. Aly Aşrafynyň şol ýykylyşy ýykylyşy bolupdyr. Onuň çabalanmag-a beýlede dursun, aýagyny kakmaga-da maýy bolmandyr. Şol ýykylyşyna amanadyny tabşyrypdyr.

— Meniň serdarym, Akçelgide hüjüm edýän duşmanyň güýjem köp. Kömek soraýarlar — diýip, ýigitleriň biri aýtdy. Ahal ukudan oýanan ýaly tisginip gitdi. Ol gözlerini töweregine elek-çelek aýlady.

— Handan! — diýip, çetde duran ýigide tarap öwrüldi-de: — Ýet, Gulburna aýt, agramyny bärik atsyn. Ondanam Çörli batyra habar ediň. Goý, ol Çoganlyda duşmana garaşyp ýatmasyn. Ol ýerdäki serbazlar ähli güýjüni öten agşam Akçelgä çekipdir.

Şeýle diýip, ol Dorbedewiň başyny Akçelgä tarap öwürdi.

— Ýigitler, meniň yzym bilen — diýip, ata gamçy çaldy. Bu gola üýşen ýigitleriň köpüsi onuň yzyna düşdi. Ölenleriň meýdini ýygnamak üçin sanlyja adam galdy. Şol galanlaryň birem Ilamandy. Ilamanyň bu ýerde galmagy ähli ýigitleriň öňüne düşüp gylyjyny parladyp barýan Ahalyň ygtyýarlylygyny köpeldipdi. Möjege tarap

hasanaklaşyp eňen keýikler ýaly Akçelgä tarap okdurylan atlar iki goluň arasyny bölüp duran depäniň üstünde bir göründiler-de, aňryk aşyp gitdiler.

— Ýa Alla!

— Ýa Aly!! — diýen seslerden, gylyçlaryň şakyrdysyndan atlaryň burnundan çykýan parryldydan “Ur, çap” diýen gykylykdan ýaňa Akçelginiň içi durşy bilen zenzeledi. Öz sesiňi özüň eşidip bolanokdy.

— Ýa Aly!!

— Ýa Aly!.. — diýip, serbazlaryň gykylygy gelýärdi. Olaryň güýji rüstemdi. Sany köpdi. Olar güýç bilen öňe omzaýardylar. Türkmenler gaça uruş edýärdiler. Barha yza çekilip gelýärdiler. Birdenem:

— Ýa Alla!!!

— Ýa Alla!! — diýen sesler artyp başlady. Bölüp-bölüp suwa goýberilen süri mal ýaly aşyrym-aşyrym gelýän atlylar aşak inip okdurylýardylar. Olar Gulburunyň, Çörli batyryň gelip ýetişen atlylarydy. Hälki tüýkürseň ýere damdyrman doňdurjak sowuk howa gylyçlaryň şakyrdysyndan, atlaryň arryldysyndan, nagra çekýän ýigitleriň, walalaýlaşýan serbazlaryň deminden mis ýaly gyzypdy. Edil beýleki jigitler ýaly Ahalam ondan-oňa at salýardy, gylyjyny parladyp keýpden çykdy. Uruş uzaga çekdi. Şol Burjulyda bolan bir gezekki söweşi hasap etmeseň, uruş başlaly bäri iň agyr söweş Akçelgide boldy. Ondan-oňa at salyp ýören, öl-suw bolup derlän

Ahalyň badyna birden badak atylan ýaly boldy. Birden onuň öňüne Ilaman geçdi. Ol Dorbedewiň jylawyndan ýapyşyp;

— Meniň serdarym, söweşe gaty gyzmaň. Serbazlara täze kömek geldi. Olar güýjeýär — diýdi. Urşuň arasyndan sogrulyp, belent ýere çykan Ahal söweş meýdanyny synlady. Akçelginiň ol başyndaky belent depäniň üstünde Ryzaguly han urşuň gidişini synlap durdy.

— Ilaman, Saroglanyň üstüne eň. Goý, olam ýüzüni bärik öwürsin. Aýak çek, ol depeden inen atlylar näme? — diýip, Ahal ilerki gerşe gylyjyny uzatdy. Ol henizem gylyjyny gynyna salman, elinde saklap durdy.

— Ol Çaşgyn serdaryň atlylary — diýip, Ilaman aýtdy. Çaşgyn serdar, Çaşgyn seýis Maru-Şahu-jahandan kömege gelen ýigitleriň müňbaşysy, serkerdesidi.

— Bolýar, bar! Saroglanyň özi meniň ýanyma gelsin.

— Lepbeý meniň serdarym — diýip, Ilaman atyna gamçy çaldy. Ilaman giden dessine dört-bäş sany ýigit Ahalyň ýanynda peýda boldy. Bular gerek ýerinde oňa-muňa ýollamak üçin bellenen çaparlardy. Ahal:

— Gulburuna aýdyň, onuň çep tarapy yza çekilýär. Şol ýerden habardar bolsunlar. Ryzaguly han entek Apbas Rajyň müňlügini urşa goýberenok. Şol ýerden birki sany ýüzlügi goýberäýmegi ahmal — diýip, ýigitleriň hiç biriniň adyny tutman aýtdy. Ýöne müňbaşynyň ady tutulansoň, ýigitleriň haýsynyň nirä gitmelidigi bellidi.

— Lepbeý meniň serdarym! — diýip, ýaş ýigit atynyň başyny öwürdi. Ilaman bilen üçmi-dörtmi atlyny yzyna tirkäp gelen Saroglan Atalyň gaşynda häzir boldy.

— Sen öz iki ýüz atlyny Çaşgyn serdaryň sag tarapyndan söweşe sal. Görýärmiň Ryzaguly hanyň şol tarapdan omzaýşyny — diýip, Ahal elini öňe uzatdy. Oňa atlylaryň nireden söweşe girmelidigini görkezdi. Saroglan özi bilen gelenleriň birine:

— Gowşut, ýet, Garly Käşiň ýüzlügi bilen Durhalyň ýüzlügi çep tarapdan, seret, ho-ol goşa sazagyň ýanyndan söweşe girsin — diýip atlyny ýola saldy.

Gylyç degýän gylyçlardan, gylyç degýän galkanlardan ýyldyrym çakýan ýaly syçrap ot çykýardy. Iki tarapam täze-täze güýçleri söweşe salýardylar. Ýadanlaryny söweşden çykarýardylar, olara dynç berýärdiler. Ahalyň özem birki gezek söweşe girdi. Ol Ryzaguly hany söweşe çekjek bolýardy. Ryzaguly han şol duran ýerinden üýtgänokdy. Meýdanda gidpi duran söweşe ýolbaşçylyk edýärdi. Ahal Ýolamanyň ýüzlügini alyp, hol depede sanjylyp duran Ryzaguly hanyň üstüne depdi. Ryzaguly hanyň töwereginde duranlar söweşe girdiler. Ýöne daşyndaky üç-dört sany atly bilen Ryzaguly han butnaman durdy. Ahalyň ýigitleri edil alkymyna baranlarynda serbazlaryň täze güýji söweşe girdi. Türkmenler yza çekilip başladylar. Şol pursatda Ilaman gelip, Dorbedewiň jylawyndan ýapyşdy.

— Meniň serdarym, siz söweşe ýolbaşçylyk ediň. Saroglanyň müňlügi kömek soraýar.

Ryzaguly hanyň atlylary esasy güýjüni Saroglana tarap atypdylar. Saroglan özüniň iň soňky tapgyryny söweşe salypdyr. Şonda-da serbazlar adamçy göhert ýaly zomap gelýärler.

Gazaply uruş giç agşam tamamlandy. Iki tarapam yza çekilensoň ýaragsyz adamlar iki tarapdanam wepat bolýanlary ýaraly bolup meýdanda galanlary ýygnamaga girişdiler. Iki tarapyňam gurbany az däldi. Kesearkajyň aýallary söweş bolan ýeriň adyny soň-soňlar sögünç deregine ulandylar. Dili şerebeli, hem şalha dilli aýallar ýaş ýigide ýa-da bir oglana sögenlerinde "Meýdiň Akçelgide galsyn" diýip sögerdiler.

Iner golagyň pyçagynyň nädip Hyrady bege düşenini Hyrady begiň kimdigini biljek bolup, Ahalyň adamlary jan etdiler.

Şu töwerekdäki adamlaryň ählisini Fahreddin mürzäniň öňünden geçirdiler. Ýöne olaryň içinden:

— Ynha Hyrady beg — diýip, mürze hiç kimi görkezmedi. Kimsine ýok diýdi, kimsine däl diýdi, kimsine sessiz başyny ýaýkady.

Çyrkyklyda goýberen ýalňyşy üçin Garamergen ýigrimi atlynyň ýüzbaşylygyndan aýrylypdy. Ol indi söweş gidýän ýerde, söweşýän ýigitleriň hojalyk işleri bilen meşguldy. Esasanam suw meselesini alyp barýardy. Guýulary göz astynda saklap, olardan suw alşygy, yza çekilmeli bolanda gömüp ýok etmegi guramalydy. Ol eýýäm özüniň bu işinde-de säwlik goýberipdi. Üçmi-dörtmi guýy gömülmän, duşmana galdyrylypdy. Bu sözler Ahalyň gulagyna ýetipdi. Ol Garamergeniň düzüw adamdygyna ynanmaýardy. Garamergeni

görende Fahreddin mürzäniň ýüzi üýtgäp gitdi. Ýöne ol adamlaryň gözlerindäki “Şumy Hyrady beg?” diýen soragyna, “Ýok, bu däl” diýen äheňde başyny ýaýkady. Onuň ýüzüniň üýtgänini aňan Ahal ondan jikme-jik sorag etdi:

— Näme üçin Garamergeni göreniňde ýüzüň üýtgedi — diýip, mürzä ýüzlendi. Mürze birsellem dymdy. Soňra:

— Men ony ozal görüpdim. Ol galtaman, entek uruş barka ýesir düşüpdi — diýdi.

Mürzäniň bu jogaby Ahalyň ýüregine jüňk boldy. Eger-de Mürze: “Ynha Hyrady beg diýilýän şu bolmaly” diýen bolsa, Ahal belki ynanmazdy. Garamergeni Kesearkaja han etmegi Ryzaguly hanam, şalaryň şasam unar öýdenokdy. Şonuň üçin mürzäniň soňky jogaby Ahaly halys ynandyrypdy.

Iki günläp edilen azap ahyram ýerine düşmedi. Garawuly öldürip, ýesirleri boşadanyň kimdigem, Iner golagyň pyçagynyň nädip oňa düşenem bilinmän, syr bolup galdy.

## ÝYLYŇ ÝÜZI BAHARA

Ryzaguly hanyň ilçileri uzak eglenmän, aňyrsy bir çäýnek çaý içer salymyň içinde yzlaryna dolanyp geldiler. Olaryň yzyna şeýle çalt dolanmalaryny hanyň töweregindäkilerem, emeldarlaram gowulyga ýormadylar, “Ýumuşa giden oglanyň eglenenini dile” diýen nakyl parslarda-da bar, türkmenlerde-de.

Ilçileriň kän eglenmän öwrülip gelendiklerini diňe Ryzaguly han duýmady. Ilçileri Ahal bilen gürleşmäge ugradaly bäri geçen şu bir tutam salym hanyň göwnüne gaty uzak ýalydy. Köpi gören dana gojalaryň aýdýany çyn bolmaga çemeli. Olary gürletseň-ä "Dünýede garaşmakdan kyn zat ýokdur" diýerler. Garaşýan mahalyňda wagt gaty haýal geçýär. Wagtyň geçişini gaçyp barýan boz keýige meňzeden Lukman Hekim belki garaşyp gören däldir. Ýogsa ol wagtyň geçişini diňe boz keýigiň ýyndamlygy bilen däl-de, pyşdylyň ýöreýşine-de, gurçugyň süýrenişine-de meňzederdi.

Başga mahal zyňylan daş ýaly çalt akyp geçýän, eýläňe-beýläňe garanmankaň guşluga, günortana, öýläne baryp ýören günüň garaşýan wagtyň aýagyndan degirmen daşy asylan ýalydyr. Şahyrlar Güni çapyp barýan ak bedewe, uçup barýan ak durna meňzedýärler. Olaryň şahyrana meňzetmelerine dawam ýok. Garaşýan wagtyň welin şol bedewiň, şol ganatly durnanyň ýyndamlygy sygryň ýöreýşinden artykmaç däl. Sygram şykgyk-şykgyk edip hiç ýol almaz, barmaly ýerine wagty bilen barmaz. Uranyň, gysanyň onuň parhyna-da däldir. Güýjüň ýetse göterip äkidäýesiň geler.

Ilçileriň dolanyp gelerine Ryzaguly han kynlyk bilen garaşypdy. Gözüni ýola dikip garaşypdy. Oturyp-turup, karary ýetmedi, garrylar aýtmyşlaýyn "It aýagyny iýen ýaly" zowzanaklap garaşypdy. Adamlara ajysyny pürküp, tomzak ýaly gargynyp, alajagözen ýaly porsap garaşypdy. Hanyň göwnüne ilçiler beýleki adamlaryň pikir edişleri ýaly çalt däl-de, gereginden artyk haýal gelen ýalydylar. Ilçiler ses ýetime gelensoň, getiren habaryny gygyryp aýdaýsalar,

Ryzaguly han kem görjek däldi. Olar welin gelensoňlaram eýle diýip, beýle diýip, esasy gürrüňiň töwereginde öwrüm edip durdular. Ilçiler Ahalyň düýäniň dabanyna, piliň onda-da teşne piliň jarsa-jarsa bolan hamyna, Güne ýanan gyzylbaş çarygyna meňzeş ýüzüniň, möjegiňki ýaly gyzaryp duran gözüniň gürrüňini edýärdiler. Bu bolsa hanyň sabryny suwa gaçyrýardy, gaharyny getirýärdi.

— Siz ilçilermi ýa-da gybatkeş heleýler? — diýip, han olara azm urup jabjyndy — Gybatyňyzy heleýleriňize goýuň-da, bitiren işiňiz barada gürrüň beriň?

Olaryň bitiren işi Ryzaguly hany begendirmedi. Fahreddin mürzäniň deregine iki sany ýesir oglany, üstesine-de altyn-kümüş berjekdigini aýdanlarynda, Ahal diňlejegem bolmady. Ol diňe:

— Çyrçyklydan alyp gaýdan çagalaryňyzy getiriň. Mürzäniň gürrüňini soň ederis — diýdi. Ilçiler oňa garşy çykjak boldular.

— Muňa uruş diýerler. Ýesiriň hemmesi ýesirdir. Uly boldy, kiçi boldy, parhy ýok.

— Ryzaguly hana aýdyň. Muňa uruş diýerler. Elinden gylyjyny gaçyryp ýesir alynýandyr. Galtamançylyk, alamançylyk ýoly bilen däl-de — diýip, Ahal sözi gutardym etdi. Ilçiler ýene bir zat aýtjak boldular. Ýöne Ahal diňlemegem islemedi.

— Meniň şu aýdanlarymy aýdyşym ýaly edip, Ryzaguly hana ýetiriň. Çagalaryň tenine tiken çümse, şol tikeniň mürzäniň tenine çümdi hasap edäýsin.

Ryzaguly han ýene-de iki-baka zowzanaklap ugrady. Elini telim gezek öz maňlaýyna urdy. Ah çekende agzyndan çykan tüssedir öýtdi.

Hana beýle jogap gaýtarmaklyk, munuň özi äsgermezlik. Porsy türkmenler ýakasynyň gara gäzini oňaranoklar. Şondan gelenem hana dil ýetirýärler, rüstem gürleýärler. Eý, Ryzaguly han, şalaryň şasynyň nazary siňen uly han, ölermiň, ýitermiň? Näme diýersiň muňa?

Bir ýerde durmaga erki çatmadyk Ryzaguly hanyň içhi dünýäsinde goh turýardy. Otuz ikisini şatyrdadyp gysan han dünýäni şol otuz ikiniň arasyna salyp, çepbe çeýnäýsem diýýärdi. Erki ýetse dünýäni onuň dagy-düzi bilen, Aýy-Güni bilen dişleriniň arasyna salyp patrak owradan ýaly owratjak, degirmeniň bogazyna guýlan däne ýaly üwejek, dünýäni äpet şaman oduna öwürjek, ýakyp-ýandyryp kül etjek. Arman, oňa güýji ýetenok.

Hanyň iki aýagyny bir gonja sokýan zat, ony aldym-berdime salýan zat diňe oglunyň, Fahreddin mürzäniň ýesirligi däldi. Diňe mürzäniň ýesirligi bolsa näsini aýdýaň.

Hanyň bogazyndan tutup, demligini daraldýan, gözüni gögerdip, barýan zat Çyrçyklydaky, Akçelgidäki ýeňliş boldy. Bu söweşleriň ikisem Ryzaguly hanyň peýdasyna gutarmady.

Bu masgaraçylykly söweşleri şalaryň şasynyň eşitmegi mümkin.

Bu gün eşitmedik bolsa ertir eşider. Bu ýerde-de köşk emaldarlarynyň misginsokar jansyzlary köpdür. Yzlaryna dolanyp bardyklary şeýle bir gürrüň ýaýradarlar welin çyn bilen ýalanyň

serhediniň nirededigini duýmasaň nädersiň. Olar owunjak zatlardanam ullakan zat ýasamagy başarýarlar. Peşeden pil ýasamaga şeýle bir ökdedir welin, asyl suwuň akdygyna, süýdüň garadygyna öz-özüň ynanar oturyberersiň.

Gadym zamanda gybatkeşlerden iren patyşanyň biri ähli gybatkeşleriň dilini kesmegi buýrupdyr. Muny eşiden akylly wezirleriň biri:

“Meniň hökümdarym, dilini keseniň bilen bu gybatkeşleriň öňüni alyp bolmaz. Olar öz gybatlaryny dilsizem ederler. Gybatkeşleriň öňüni aljak bolsaňyz, ilki bilen diňleýänleriň gulagyny kesmeli” diýipdir. Şol weziriň aýdýany dogry. Gybatkeşler gybat etmäge haklydyryn öýtseler-de akylly adamlaryň ony diňlemäge haklary ýokdur.

Äpet gomlaryň penjesinde urnup, hallan atyp ýören saldan Ryzaguly hanyň kän bir tapawudy ýokdy. Ol bu ýagdaýdan, özüniň çümen batgasyndan çykalga gözleýärdi. Uzaklarda bir ýerde çalaja yş berýän çykalga yş berşi ýalam sumat bolup gidýärdi. Dünýä ýene-de hüýt-gara bolup galýardy.

Ryzaguly han agdaryp-döküp, ahyry türkmenleriň üstüne täze ilçi ibermegi makul bildi. Şol ilçileriň ýanyna-da Çyrçyklydan ýesir alnan oglanlary, hanyň dilini gysga eden çagalary goşmagy ýüregine düwdi. Ol:

— Mürzäni nähili çaltrak almagyň, basymrak halas etmegiň gürrüňini ediň — diýip, ilçilere berk sargady. Hanyň bu gezekki ilçilerini Ahal kabul etmedi. Olary Nurahmet serdar kabul etdi. Bu

wagt Ahalam, Iner golagam Çyrçykla – oba gidipdiler. Ýolamany äkidip, şol ýerde Kirşenli öwlüýäde jaýlapdylar. Olar Ýolamanyň üçüni geçirip gaýtmakçydylar.

Ilçileri bu gezek öňki ýaly bärik goýbermän, iki goşunyň arasyndaky golda sakladylar. Bärden Nurahmet serdar bir jigidi bilen bardy. Ilçileriň ýanyndaky çagalar taýak salym ýerden urlan çilik ýaly tüwdürilip gaýtdylar.

— Nurahmet kaka, salawmaleýkim — diýşip, olar Nurahmet serdaryň dyzyny gujakladylar. Olar arkaýyn saglyk-amanlyk soraşýançalar, ilçiler ep-esli daşlykda aýak çekdiler. Nurahmet serdar bilen ýanyndaky jigit ýesirlikden boşan oglanlar bilen sorag-jogabyny gutaryp, depäniň gerşinde garaşyp duranlaryň ýanyna ugranlaryndan soň ilçiler ýene-de öňe ýörediler. Nurahmet serdaram ýanyndaky bilen öňe ädimledi. Olar üç-dört ädim golaýlyga gelip saklandylar.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz bize ýesir mürzäniň aladasyny etmegi, ol hakda siz bilen gepleşik geçirmegi ynandy.

— Ynanan bolsa gowy zat. Mürzäniň jany sag, keýpi kök. Bir kem zady erkinligi.

— Ony erkinlige çykarmak üçin näme etmeli, näçe tölemelidigini aýtsaňyz, bizem ony şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyza ýetirsek.

— Mürzäni biziň satmak meýlimiz ýok. Ol söweşde alnan ýesir. Alamançylykda alnan däl. Biz ony boşadarys ýa-da duşman

hökmünde gylyçdan geçireris. Ol satylmazam, gulam edilmez. Mürzäniň ykbalyny çözmek üçin Ryzaguly hanyň özi gelsin, biziň serkerdämiz bilen gürleşsin. Bu ýerde diňe mürzäniň däl, başga-da çözülmeli, gürleşilmeli mesele kän — diýip, Nurahmet serdar serdarlara muwapyk bolan sowukganlylyk, asudalyk, agraslyk bilen howlukman gürledi.

— Eger şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz duşuşyk ýeri nire bolmaly diýse, biz oňa nähili jogap bermeli?

— Duşuşyk ýerimiz şu duran ýerimiz. Ertir Gün guşluga galyberende duşuşarlar. Serkerdeler ikiçäk duşuşmalydyrlar. Olaryň ýanynda dagy adam bolmaly däldir. Her tarapdan bir adam depäniň gerşinde durup biler — diýip, Nurahmet serdar ýaşulular toparynyň gelen kararyny hanyň ilçilerine aýtdy.

Ilçileriň habaryny eşiden Ryzaguly han böwrüni diňläp pikire batdy. Gürrüňi nirede, näwagt, nä ýagdaýda geçirmelidigi hakyndaky şertleri türkmenler aýdýarlar. Bu bolsa ýeňleniňi doly boýun almak diýmekdir. Ryzaguly han ýeňlendigini aňýardy. Ýöne entek doly boýun almak niýeti ýokdy. Soňky günleriň wakasy bu ýeňliş onuň boýnuna goýupdy. Gepleşikleriň nirede boljagyny, haçan, nähili ýagdaýda bolmalydygyny türkmenler kesgitleýän bolsa, bu türkmenleriň ýeňşiniň ykrar edilmegidi. Han ony näler islänokdy. Ýöne ol islese-islemese şeýledi.

“Näme üçin gepleşikleriň şertini biz kesgitlemeli däl? Bu hukugy türkmenlere nähili berendigimizi hem duýmandyrys” diýip, pikir

derýasyna gark bolan Ryzaguly hanyň uzak wagtlap gözüne uky gelmedi. Gözlerine çiş kakylan ýaly bolup ýatdy.

Uklajak bolup, gotur düýe ýaly eýlesine-beýlesine agdaryldy, gözüne teý uky gelmedi. Irkilse-de azajyk irkilýärdi, derrewem oýanýardy. Şol az wagtlyk ymyzganan pursadam birhili bulam-bujar düýşleri görýärdi.

Ryzaguly han düýşe çagalykdan bäri ynanýardy. Ol ýörite düýş ýorýan adamlaryň bardygyny, uly adamlaryň gören düýşlerini ýörite gidip, şolara ýordurýandyklaryny telim gezek görüpdi. Ol meşhur "Kowusnamanyň" düýş hakyndaky rowaýatyny eşidipdi.

Rowaýatda aýdylyşyna görä, gadym zamanlarda bir patyşa düýş görenmiş. Düýşünde onuň ähli dişleri dökülýärmişin. Şa düýş ýorýany çagyrdyp, ony ýordurypdyr.

— Şahym, siziň ähli garyndaşlaryňyz ölüp, bir özüňiz galjak — diýip, düýş ýorýan adam aýdypdyr. Muňa gahary gelen şa jellady çagyryp:

— Şu haramzadanyň kellesini kesiň — diýip, düýş ýorýany görkezipdir. Soňra ol başga bir düýş ýorýany çagyryp, oňa gören düýşüni aýdypdyr.

— Düýşümde meniň ähli dişim dökülýärmişin. Şony ýorup ber — diýip, düýş ýorýan adama ýüzlenipdir. Ol adam:

— Şahym, siz ähli garyndaşlaryňyzdan uzak ýaşajaksyňyz — diýipdir. Onuň bu sözüne begenen şa düýş ýorýana serpaý ýapypdyr, kän sowgat beripdir.

Düýş ýoranlaryň ikisiniňem aýdýany şol bir zatdy. Olaryň biri jelladyň aýpaltasynyň aşagyna düşdi, beýlekisi bolsa sowgat-serpaý aldy. Kowus ata rowaýaty "Şol bir zady telim hili beýan etmek, telim hili düşündirmek bolar" diýen manyda, diliň gudraty hakynda aýdýar. Türkmenleriň "Dil bela — diş gala" diýen nakyly bar. Dil adamyny goraýandyr. Ýöne ony ulanmagy başarmalydyr. Şony başarmasaň, Kowus atanyň rowaýatda aýdyşy ýaly ölüme-de, aýpaltanyň, dar agajynyň astyna-da alyp barýandyr. Şahyrlar dil öz pikiriňi içki duýgularyňy beýan etmek üçin, daşyňa çykarmak üçin berlipdir diýse, gadym diplomatlaryň biri: "Dil adamynyň öz içki syryny gizläp saklamagy üçin berlendir" diýipdir. Seredip otursaň şolaryň aýdýanynyň ikisem dogry.

Kowus atanyň rowaýatyny Ryzaguly hanam telim gezek eşidipdi. Ýöne Ryzaguly han bu rowaýata özüçe düşünýärdi. Ol "Düýşi kim ýorsa-da, nähili ýorsa-da düýp mazmuny bir. Onuň gitjek ýeri ýok" diýip pikir edýärdi. Ine, şol ýagdaýam onuň düýşe ynanmagyna sebäp bolýardy, onuň ynamyny berkidýärdi.

Türkmenleriň serkerdesi bilen etjek gürrüňini kellesinde aýlap ýatyşyna ymyzganan han tisginip oýandy. Ol düýşünde bir guş tutýar. Uçup bilmän çöken ördek oýmudyklap gaçýar, han ony kowalaýar, uzaga gaçyrmanam garbap alýar. Gujagyna göterip, onuň boýunlaryny sypalaýar. Şol pursat ördek elinden dyzap sypýar. Asmana göterilip gözden ýitýär. Bir görse asmanda gaýyp ýören ördek däl-de gara çaýkel. Ol ýokarda hanyň üstüne gara kölege salyp aýlanýar. Birdenem awuna topulýan gyrgy ýaly ganatlaryny düwüp,

hanyň üstüne gaýdýar. Ryzaguly han sowuljak, gaçjak bolýar. Gaçara sowulara ýer ýok. Ol duran ýeri düz meýdanmykan öýdýär. Häzir ol äpet gaýanyň gerşinde dur. Güwläp düwlüp gelýän çaýkelden sowuljak bolup aýagy typýar. Hol ýokardan kelemenläp gaýdýar. Şoňa-da eýmenç tisginip oýandy. Şol wagt işik agasy çadyra kürsäp girip:

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, size bir zat boldumy? — diýip sorady.

— Maňa hiç zat bolanok — diýip, Ryzaguly han azmly gürledi. — Ýöne sen aýt, daň nädipdir, atypmy, atmanmy?

— Atmadygam bolsa daň daşda däl. Üç ýyldyz dik depä galypdyr. Daň ýyldyzy ynha-ynha dogaýsa gerek — diýip, Gulamaly aýtdy. Daňyň alkyma gelendigi barada işik agasynyň aýdan sözleri hanyň göwnüni köşeşdirip bilmedi. Onuň ýaňky gören düýşi oýanansoň ony hasam gorkuzdy. Ýöne bir gorkmagam däl, lerzana saldy.

Ryzaguly han gaýdyp uklamady. Dolanyp uklajagam bolmady. Ýaňky gören düýşlerini ýatlap, olary täzeden gözden geçirdi. Ol düýşünde tutan guşuny ogluna ýordy. “Mürzäni ýesirlikden çykarýan” diýip düşündi. Ýöne onuň soňky uçup gitmesi näme? Bu bolsa ony ýene-de iňkise saldy. Asmandaky gara çaýkel. Ol ýa şalaryň şasy bolmaly ýa-da Şöwket han bolmaly. Bolsa-da şalaryň şasy bolsa gerek. Han Şöwket hanyň garşysyna gitmez.

“Ýapyşaňda täze döreýän zatdan ýapyşgyn. Köne zatlar ýykylmak, çagşamak bilendir. Täze zatlar ösmek, öňe gitmek,

gurplanmak bilendir” diýip, atasy onuň gulagyna çagalykdan guýardy. Şonuň aýdyşy ýaly şalaryň şasy daňysy gowşan sal, köp wagt bäri jygyldap gelýän araba ýaly, düýbi gorp atan diwar ýaly zat. Ol bu gün bolmasa, ertir ýykylar, çagşar. Ondan ýapyşmaklyk öz aýagyňa palta urmak bilen deňdir.

Şa ýykylar. Onuň deregine Siýawuş şa bolar. Sebäbi Siýawuşyň arkasy güýçli. Şöwket hanyň tarapdary kän. Eýranyň ýary şonuň tarapynda. Iş jygba-jyga gelende, onuň tarapdary hasam köpeler. Ýok, Ryzaguly hanam, Şöwket hanyň gaňryşyna gaýtmaz. Hanlygyňy elde saklajak bolsaň, aýpaltanyň aşagynda görünmejek bolsaň, tereziniň Şöwketli tarapyna geçmeli. Şonda-da durmaly.

Şo pikirleri kellesinde aýlap, gören düýşlerini yzarlap ýatan hanyň keýpi ýokdy, göwni çökgündi. Onuň kalbyndaky ünjini agraldýan zadyň birem düýşünde gören dagydy. Dag ýöne dagam däldi. Şar garady, edil kömür ýalydy. Özüni şol gara gaýanyň gerşinde görmegi, ondan aýagynyň taýyp ýykylmagy hanyň ysgynyny aldy. Ol düýşüni gowulyga ýorup bilmedi. Düýşünde görnen dag agyr hasratyň alamaty bolmaly. Onda-da şar-gara dag. Hanyň ýüregi howlady. Agzyndan çykýan deminiň gyzgynyny duýdy. Ol düşegiň ustünde dikelip oturdy.

— Gulamaly, şem ýak! — diýip, gygyrdy. Lyp-lyp edip ýanýan şemiň ýagtysyna ol egnine geýýän haladyny, başyna geýýän sopbajyny tapdy.

— Şalaryň şasynyň nazary siňen uly hanymyz, size näme bolýar? Ynjalygyňyz ýok — diýip, Gulamaly çekine-çekine sorady.

— Zäher bolýar, bar, çaý gaýnat — diýip, han oňa azgyryldy. Azgyryldy, yzyndanam özi gynandy. Gulamaly onuň atasy ýaly adamdy. Ol bütin ömrüni Ryzaguly hana hyzmat edip geçirdi. Eger şu uly goşunyň içinde ýekeje wepaly adam bar bolsa, şol adam Gulamalydy. Han özüniň janyny goraýan, häzir bolsa çadyryň daşyny saklap duran ýüz atlydan, Gulamalyny has ygtybarly görýärdi. Han bolsa onuň şol hyzmatlarynyň yhlasynyň hakyny sögünçli gargyş bilen töläp geldi.

Ryzaguly han Gulamala azgyrylanyna gynandy, ýöne ötünç soramady. Hanlar ötünç soramaýarlar. Ýuka ýüreklilik, ötünç soramaklyk hanlara mahsus, däl. Ýalbarmak, haýyş etmek diýen ýaly zatlaram han diýen söz bilen bir ýere sygyşmaýar. Hanlara muwapyk zat azgyrylmak, käýemek, höküm etmek.

Höküm etmek, sütem etmek, zyndana salmak. Han şu sözleri kellesinde aýlap ýatyşyna pikiri ýuwaş-ýuwaşdan garyşyp gitdi. Ol uklady. Özem daňa golaý irkildi. Ol irkilende Daň ýyldyzynyň eýýäm dogan bolmagam ahmaldyr.

Ol ýene tisginip oýandy. Ýene agyr düýşleri gördi. Bu gezek oýananda, Gün dogjak-dogjagyň üstündedi. Ryzaguly han çadyrdan çykdy, onçakly maýyl däldi. Howanyň awusy bardy. Han egni ýapynjaly bolsa-da onuň endamy dikenek-dikenek boldy. Onuň ukusyny alyp bilmänligi mese-mälimdi. Ol özüni argyn, ýadaw duýýardy. Gözüne gum dykylan ýalydy. Onuň bedenleri gurşan ýalydy. Gerindigiçe gernesi gelýärdi. Kellesi içine ýel düşen boş kädi ýalydy. Şol güwläp durdy.

Iki serkerdäniň duşuşygy Nurahmet serdaryň görkezen ýerinde boldy. Serkerdeleriň ikisem beýik depäniň gerşine bir wagtda diýen ýaly çykdy. Atdan düşüp, onuň jylawyny attutara berdiler. Gylyçlaryny boýunlaryndan sypyryp aýyrdylar-da, eýeriň gaşyndan asdylar. Özleri pyýada gola eňip ugradylar. Ryzaguly han gola inmezinden öňürti ädiginiň gonjunda gizlän pyçagyny eli bilen barlap gördi.

Gepleşigiň düzgüni boýunça serkerdeleriň ýanynda hiç hili ýarag bolmaly däldi. Gepleşigiň şol düzgünini bozup, Ryzaguly han ýanyna gizlin pyçak aldy. Ýöne welin ol ony Ahalyň janyna kast etmek maksady bilen almandy. Eger Ahalyň janyna kast etse, öz kellesiniňem şo goldan çykmaga ýetişmänkä alynjakdygyna düşünýärdi. Diňe hanyň kellesi däl, onsoň bu golda köp kelle gaçmaly bolar. Ýesir oturan mürzäniň bolsa şo pursatda kellesini alarlar. Han ol zatlara düşünýärdi. Onuň ogryn pyçak götermegi öz janyndan gorkusynady. Bu ýagdaý soňky wagtlarda halys endige öwrülipdi. Ol galasynda-da, goşunyň, arasynda-da dildüwşükleriň bolmagy ahmal, öz janyna kast edilmegi mümkin diýip düşünýärdi. Ol şo düşünjesi bilenem hemişe ýany pyçakly gezýärdi. Onuň pyçak göterýänini Gulamaly işik agasyndan başga bilýän adam ýokdy.

Bir gezek bir ýerlerden ýadaw gelen Ryzaguly han aýagyny uzadanda, Gulamaly ädigi çykarypdy. Işik agasy onuň ädigini çekip alanynda, gyny seçekli ullakan pyçak pat edip ýere gaçdy. Ony gören Gulamalynyň ýüzi ak tam boldy.

— Gorkma, ol seniň üçin däl. Ol pälini erbede düwen adamlaryň sataşar ätiýajydyr — diýip, han sözüniň üstüni ýetirdi. — Ýöne diliňe bek bolgun.

Häzirki pyçagyny barlamagam hanyň şol elden bermejek bolýan ätiýajynyň dowamydy. Ol çagalykdan alagarganyň häsiýetinde terbiýelenen adamdy. Rowaýatyň gürrüň bermegine görä alagarga öz çagasyna:

— Adamlar egildigi gaçgyn, olar saňa zyňmak üçin daş ýa kesek aljakdyr — diýip sarganmyş. Çagasy oňa:

— Eger daş onuň goltugynda bolsa nädeýin? — diýip sorapdyr. Ryzaguly hanam şol alagarganyň çagasy ýaly her adamyň goltugynda öz kastyna gizlenen daşy görýärdi. Özüni gaty ätiýaçly alyp barmaga çalyşýardy.

Iki serkerde bir-biriniň üç ädimlik golaýyna gelip, ýüzbe-ýüz boldy. Olar iki duşman däl-de, iki dost ýaly, köne tanyşlar ýaly elleşip görüşdiler.

— Oturyň — diýip, Ryzaguly han kiçeňräk bir tümmek ýeri görkezip mürehet etdi. Onuň ilki bölup söz atmagy özüni erkin, hojaýynlar ýaly görkezmek üçindi. Garşylykly depeleriň üstünde gazarylyşyp duran attutarlar olaryň her bir hereketini, her bir gymyldysyny sypdyrman synlap durdular.

— Ahal serkerde, Ahal serkerde diýseler, gör, sen nähili adam ekeniň! — diýip, Ryzaguly han ýene-de lak atdy. Ahal oňa näme diýjegini bilmedi. Ol diňe:

— Nähili adam eken? — diýip, soragly nazaryny hana tarap öwürdi.

— Ahal serkerde diýseler men-ä üýgteşik adam görmekçi. Sen-ä bir ýönekeý, şu görýän türkmenlerimiziň biri ýaly.

— Isgender Zülkarnaýnyň şahy bar diýseler şoňa ynanyp ýörmezler. Olam şu adamlar ýaly adamdyr.

Gürrüň ilki başda ýesir mürze hakda gitdi. Ryzaguly han oglunyň saglygyny sorady. Şeýdibem mürze hakda gürrüň dowam etdi.

— Ony ýesir saklamakdan size düşýän zat ýok. Iň gowusy ylalaşyga geleli. Men näme tölemeli bolsa töläýin — diýip, Ryzaguly han aýtdy.

— Eger mürze baha beriljek bolsa, ony tölemek kyn düşer. Oňa Çyrçykly obasyndaky wakanam, Akçelgidäki tupanam, ýene-ýenelerem goşmaly bolar.

— Çyrçykly obasy üçin günäkär ýüzbaşy öz jezasyny çekdi.

— Ýüzbaşy permany ýerine ýetirýär — diýip, Ahal öz ýüregindäki kitüwini orta atyp, gürrüňi dowam etdi. — Eger size mürzäniň bahasy gerek bolsa goşunyňyzy dagdan ilerik geçiriň. Şoňa çenli mürze boşadylmaz.

— Eger biz urşy şu günden beýläk bes etsek?..

— Men aýtdym. Goşun dagdan ilerik geçsin. Şondan soň mürzäni Gümmezgaýada alarsyňyz.

— Şoňa çenli eli-aýagy daňylgy ýatmalymy?

— Dagy näme? Seniň Maşatdaky ýaly daş zyndanlaryň mende ýok.

Iki serkerde urşy ýatyrmak hakyndaky karary berkitdi. Olar ozalam az gan dökülmändiginiň, pidalaryň az çekilmändiginiň, berlen gurbanlaryň az bolmandygynyň gürrüňini etdiler. Olar ownukly-irili uruş hereketlerini şu pursatdan başlap ýatyrmaly diýen karara geldiler. Eýranyň goşunlarynyň yza dolanmagy üçin Çaşgyn serdaryň ýigitlerini, beýleki ýigitleri ýoldan aýyrmaly diýen netijä geldiler.

Gepleşigiň esasy gürrüňi edilip, ylalaşyga gelnenden soňam serkerdeler turup gidibermediler. Gaýdyp iki serkerde duşarmy, duşmazy kim bilýär. Şonuň üçin olar gepleşigiň yzyny mesaýy gürrüňe ýazdyrdylar.

Ryzaguly türkmenleriň Eýrana raýat bolmagy hakdaky gürrüňi gozgap, Ahalyň taryna kakyp görmek, onuň näzeýilli zarňyldaýandygyny bilmek isledi.

— Eger raýat bolsaňyz, tölemeli salgydyňyzy tölärsiňiz, wessalam. Rahat ýaşarsyňyz. Sizi daşky duşmanlardan Eýran goşunlary gorar.

— Bizi gorap-goraman, Eýranyň özünden başga azar berip duran ýok.

— Hywanyň goşunlaram häli-şindi çapyp gidip dur. Öz içiňizde bolup duran çaknyşyklar azmy?

— Ol çaknyşyklar Eýrana raýat bolsaňam bolar, bolmasaňam bolar. Eýsem şeýle çaknyşyklar Eýranyň öz içinde azmy? — diýip, Ahal aýtdy.

Eýranyň lur taýpasy bilen buluçlaryň arasyndaky ganly çaknyşyk şu ýylyň başynda bolupdy. Olary ýaraşdyrmak üçin baran goşunyň näme bitiren işi boldy? Boýun egmedik buluçlaryň üçmi-dörtmi obasyny otladylar. Lurlardanam şonçarak obany ýok etdiler. Gör, näçe adam gylyçdan geçirildi.

— Eger Eýrana raýat bolsaňyz, siz Kesearkaja han bolarsyňyz — diýip, Ryzaguly han gabagyny galdyryp seretdi. Bu habary eşiden Ahal gozganar, üýtgär öýtdi. Dünýäde han bolmakdan gaçýan adam bar diýseň kim ynansa-da han, onda-da Ryzaguly han ynanmaz. Ol: "Hanlyk bagtdyr, bagtdan hiç kim gaçyp bilmez. Öňünde ýatan bir bölek tyllany götermejek adam ýokdur" diýip düşünýärdi. Şonuň üçinem ol Ahala gabagyny galdyryp seretdi.

— Eger Eýrana raýat bolunsa, Kesearkajyň hany ozal bellenen ýaly-la — diýip, Ahal kinaýa bilen gülümsiredi.

— Hyrady bege diýýäňmi? — diýip, Ryzaguly han sözüniň arasyna dyngy berip, Ahalyň ýüzüne dikanlap seretdi. — Ol bir eşek ogrusy, galtaman. Ondan han bolmaz.

— Men Eýranyň haýsy şahyrynyň diýýänini-hä bilemok welin, ýöne "Han bolmak üçin eşek ogrusy bolmaly, han galtamanyň kanuny hasap edýän görnüşidir" diýenini okan adamlardan eşidipdim.

— Ol ömür boýy han bolup bilmän, içiniň ýangyjyna aýdan adamynyň gürrüňidir. Han boljak kän, hanlyk ýeke. Han bolsaň ähli erk-ygtyýar eliňdedir. Arkaýyn ýaşarsyň.

— Ädigiň gonjuna gysdyran pyçagyň hem şol arkaýynlygyň alamatymy? — diýip, Ahal oslagsyz sowal berdi. Ryzaguly hanyň reňki üýtgedi, aljyrady. Elini-aýagyny ýitirdi. Ahalyň şeýle synçylygyna haýran galdy.

— Dagy näme? Öz kastyňa göterilýändir öýdýäňmi? — diýip, bälçiklige salyp ýuwmarlajak boldy. Ahal ilki öz kastyna göterilen däldirem öýtmedi. Şonuň üçinem oňa pyçagynyň bardygyny ýaňzydypdy. Ol: “Goý, ony bilýän däldir öýtmesin” diýip aýdypdy.

— Ýok, öz kastyma göterilendir öýdemok — diýip, depäniň gerşinde seredip duran Ilamana tarap seretdi. — Hanlaryň sözi söz bolar, olar galplyk etmeýärler.

Ahal soňky sözlerini aýtsa-da ol sözleriň ýürekden çykmandygyna, kiçi dilden bärden aýdylandygyna, özem uly kinaýa bilen aýdylandygyna Ryzaguly han gaty gowy düşündi. Ahalyň gerşiň üstünde duran nökere sereden gözleri hana: “Ol durandan habaryň ýokmy? Aňyrsy doly goşundyr. Artykmaç hereket etseň, gaçyny ýykan derýa ýaly güwläp gaýdar. Ol akym seni ýüzüniň ugruna düýrüp gider” diýýän ýalydy.

— Siz meniň hanlyk hakdaky soragyma jogap bermediňiz — diýip, Ryzaguly han aýtdy. Gapdalyndaky gara selniň bölegini goparyp alyp, penjesine düýrläp oturan Ahal hana seretdi. Elindäki selni oklap goýberdi.

— Mendenem bir han bolarmy? Onda-da uly ile? Öz öýümiň hanlygynam oňaramok.

Ahalyň bu sözi Ryzaguly hana berlen belli-külli jogap boldy. “Men-ä adam bilen gürleşip otyrmykam öýtsem, büýä asyl bir mahaw düýe ekeni” diýip, oýlanan Ryzaguly han:

— Men saňa bagt hödürleýän, sen bolsa arydan goranýan ýaly gaçalaklaýaň — diýdi.

— Bagt hödürleýän adam onuň üstüne gylyç syryp gelmez.

— Muňa uruş diýerler. Adama iýmegiň-içmegiň gerek bolşy ýaly dünýä-de uruş zerury gerekdir. Dünýä onsuz oňup bilmez — diýip, Ryzaguly han gapdalyndaky tümmege tirsegini berdi.

— Iki goňşy uzak ýyllar, uruş-a beýlede dursuň, sögüşmänem oňup bilýär.

— Iki goňşy sögüşmän oňmagy mümkin, ýöne iki ýurduň arasynda mydama uruş bolar — diýip, Ryzaguly han ikirjiňlenmän aýtdy.

Hanyň gürrüňini diňläp, onuň haýsy perdeden gopýanyny biljek bolup, üns berip oturan Ahalyň ýadyna Barat pälwan bilen eden söhbeti düşdi.

Hanyň tirsegini tümmege diräp gyşaryp ýatyşy ýaly gyşaryp ýatan Barat pälwan hanlygy saklamak üçin urşuň zerurdygy, onsuz serbazlaryň oňup bilmejekdigi, öz-özleriniň topalaň turuzjakdygy hakynda Ahala gürrüň beripdi.

“Serbazlar yrsgyny uruşdan gözleýärler” diýip, ol aýdypdy. Hanyň gyşaryşy ýaly gyşaran Ahal asmanda paralanan bulutlaryny synlady. Uzynly gije garalyp, ýeke damja-da dammadyk bulutlaryň

bölek-bölek bolup gitmegi Ahalyň sustuny basdy, onuň kalbyna tukatlyk aralaşdy.

— Ýazam indi alkyma geldi. Ýene bir hepdeden ýyl täzelener — diýip, ol aýtdy. Ahalyň tukatlanmagy, oýa batmagy ýöne ýerden däldi. Onuň ýüzüne kölge salýan zat obalaryň ekin-dikinidi. Bu ýyl daýhan güýzlük bugdaýdan näme hasyl alaýarka? Ekilen meýdan ekilişi ýaly galdy. Soňunyň näme bolanyny hiç kim bilenokdy. Uruş zerarly her kim taşlap gaýtdy. Olara gyş suwy berilmedi, üstesine-de bu ýyl ýagynam az ýagdy. Iner golagyň aýdyşy ýaly bu ýyl gysyr gulana döndi. Şonuň üçinem uruşdan öň güýzlük ekilip ýetişilen bolsa-da umyt azdy. Kesearkaja basymrak atyp bolsa, indiki umyt ýazlykdady. Eger il-günüň şu açlygynda ýazlygyň tohumy galan bolsa. Tohumy diňe Şally baý ýaly baýlarda galan bolaýmasa, garyp-gasarlarda näbileýin. Olar ýüzi suwly eşiklerine çenli sypyryp, Hywa argyşa iberdiler. Indi oda atsaň tütemejek şylha eşikleri bolaýmasa, argyşa-da ýollar ýaly zat galan däl bolsa gerek. Satara zady bolmasa, çagalar açlygyndan gözüni garaldyp otyrka, tohumlyk dänäni saklap biler öýdýäňmi, bilmez öýdýäňmi?

Il-günüň üstüne abanyp gelýän ýylan ýyly. Iner golak ýaly ýaşululary gepletseň, bu ýyldan gowulyga garaşmaýarlar. Bütin gyş gar ýagmazlygy, ýagşyňam az sepelemegi şu abanyp gelýän ýylan ýylynyň ýelgini dälmikä? Heý, bolman, gyşyna ýagyn ýagyp, ýeri gar basyp ýatan bolsa-da, gyş suwy tutulaýmanda-da güýzlügiň guraman saklanyp galmagy ahmaldy. Häzir welin güýzlük samana dönen bolsa gerek. Ahal şo zatlaryň pikirini edip otyrka, uludan

demini alanynda, demiň deregine agzyndan çykan ýalynmykan öýtdi. Türkmenlerde “Item öz açlygyny gurda duýdurmaz” diýlişi ýaly, özüniň agyr oýa batyp, uludan dem alanyny gizlemek, ýuwmarlarmak üçin bir biderek zatlaryň gürrüňini etdi.

...Iki serkerde gepleşigi gutardym edip, ýerinden turanynda, gün gijigipdi. Ahal günbatara aýlanyp bölek-bölek bolan bulutlaryň arasyndan kä jyklap, kä bukulyp, gizlenpeçek oýnap barýan Güne seretdi. Ol aşaklap ugrapdy. Ahal ozal aşak-ýokaryk diýen taraplaryň manysyna oňly düşünmezdi. Iner golak oňa:

— Gündogardan Gün ýokarlamak bilendir, günbatardan görnen Günem aşaklamak bilendir. Şonuň üçin türkmenler gündogara ýokary, günbatara aşak diýip aýdýarlar — diýip, aşak, ýokaryk diýen taraplaryň manysyny düşündiripdi.

Birden ak bulutlaryň bäri ýanyndan uçup barýan gazlaryň bir topary göründi. Ine, baharyň ýakynlygyny tassyklaýan subutnama ýaly bir zat. Türkmenler: “Gaz geçse gapyňy – aç, durna geçse duluňy aç” diýýärler. Howanyň häzirki ýagdaýlarynda gapyňy açyp bolarmy, bolmazmy? Näme-de bolsa bu alkymlap gelen ýazyň alamatydy.

— Jigitler siziň ýoluňyzdan haýal etmän, şu günüň özünde sowular. Ýöne serbazlaryňyza, müňbaşylaryňyza pugta tabşyryň. Ýolda ýoknasyzlyk, bulagaýlyk etmesinler. Ýogsa ýurdundan jyda düşen, pida çeken, jany ýanyp duran ýigitlerdir. Ýene-de nähak gan dökülmegine sebäp bolaýmasyn — diýip, Ahal Ryzaguly hana elini uzatdy. Iki serkerde hoşlaşyp, gerşiň üstünde duran attutarlaryna

tarap ugradylar. Attutarlar serkerdeleriň gepleşigi tamamlanlygyny, olaryň gaýdyp gelýändigini depäniň aňyrsynda garaşyp duranlara “Häh” diýende “Mäh” diýmäge taýýar bolup duranlara habar berdiler.

Çyrçykly obasyna bir mahal Alybraýymyň atyny gamçylap inen depesinden inen çapar:

— Haý, ilat gözüň aýdyň ho-ow, uruş ýatandyr-la ha-aw! — diýip, sesiniň ýetdiginden gygyryp, obanyň içinde atyny ondan-oňa daratdy. Ol edil toýlarda okkessirme geçýän ýalydy. Gelin alnanda atlylar öň baýraga gaýdarlar, aty ýyndamlaryň biri hemmelerden öňürti geler. Ol oba arasynda atyny daradyp başlar. Oňa okkessirme geçýär diýerler. Urşuň gutaranlygyny habar bermäge gelen çaparam edil şol gelnalyjylaryň sag-aman gelýänligini buşlap, okkessirme geçýän ýalydy. Ýöne ol belli bir öýüň gapysyndan geçmeýärdi. Aslynda bu habar hemme öýe degişlidi. Şonuň üçinem çapar ilerki hatardan günbatarky hatara atyny gamçylaýardy. Obanyň çagalary uly zenzele bolup, onuň yzyndan ylgaşýardylar. Kimler ölenleriňi ýatlap aglasa, kimler begenjinden ýylgyrýardy.

Şol gün agşam gazanyň gulagy gyzmadyk öý ýok bolsa gerek. Iň bärkisi Aman süregçiniň aýaly hem özleriniň çaklaňja gazanyny atardy. Oňa iň soňky bir gysym ýarmasyny guýup gaýnatdy. Ýarmanyň bygyrdysyna, onuň işdä açyjy hoştap ysyna agzy suwaryp, ýüzi ýagtylan garry, Aman süregçiniň ejesi:

— Kesearkajyň begenen güni çagajyklar bir doýsun-da, jan Alla — diýip, damarlary galyşyp duran elleri bilen ýygyrt atan ýüzüni sypady.

Diňe Ahalyň ejesi Halbike gazan atarmady. Aksonanyň soragly nazaryna ol:

— Ahal, Salyr dagy bir sag-aman ýygnansyn. Gazany biz onsoň ataraýarys — diýdi.

Barly öýler, baý öýler çörek kesip, öýme-öý çörek, oňda-da bugdaý ununyň çöregini paýlap aýlandylar. Aman süregçiniňki ýaly bir topar öýde çörek, onda-da bugdaý ununyň çöregi uruş başlanaly bäri myhman bolmandy. Dört burç edilip, rejelenip kesilen petir, ýüzüne altyn çaýylan ýaly petir çöregi eltenlerinde:

— Kabul bolsun!

— Kabul bolsun! — diýip, uludan-kiçä ýüzlerine sylyp maňlaýlaryna degrip çykdylar.

Garry bolsa:

— Hernä çöregiňem geldigi bolsun-da — diýip, pyşyrdap aýtdy.

“Uruş gutardy” diýip jar çekilenden üç gün geçensoň diňe Çyrçyklyda däl, Kesearkajyň ähli obalarynda öýler çözülip, tüýnükler düşürilip başlandy. Bu mahal ýylyň ýüzi bahara, iliň ýüzi Arkaja tarap öwrülipdi.

## GÜNORTANYŇ GARAŇKYSYNDA

“Şum habaryň aýagy uzyn” diýleni. Ol biçak çalt ýaýragyç bolýar. Edil gury peşmegiň ýanyşy ýalydyr, sähel uçgun degdigi pasyr-pusur edip göterilýär.

Bu şum habaryň ýaýraýşam şonuň ýaly boldy. Ahalyň gulagyna ýetip, onuň eňkini alan, ysgynyny gaçyran, onuň dünýäsini eliň aýasyna getirip dykan şum habar, alyp gelen çapardan öňe düşüp, oba ýaýrapdy. Ýöne ony Ahalyň gulagyna ýörite alyp gelen çapar ýetiripdi.

— Ýandakly obadan çapar geldi. Ony Ahalyň ýanyna goýberiň — diýip, toýa serenjam berip ýören, toýuň beýemçisi Ýanar possun aýtdy. “Çapar geldi” diýen sözüň özi Ahalyň beýnisini sarsdyrypdy. Tarhany göreninden onuň ýönelige gelmändigini, asla ýönekeýlige beýle gelinmeýändigini aňan Ahalyň depesinden sowuk suw guýlana döndi. Depesinden basan sowuk gan onuň ýüzünem, bütin endamynam sowadyp gidip barýan ýaly boldy. Uzak ýoly geçip, gelen çapar toýdan öňe düşüp, habaryny bermeli bolsa, ol habar ýöne habar bolmaly däl.

Äpet söwütleriň saýasynda ýazylan keçeleriň üstünde oturyp, tirsegini ýassyga ýaplap, çaý içýän adamlaryň orta gürpünde gülli çäýnegiň çaýyny käsä sarkyran Ahal gyşaryp ýatan ýerinden tarsa galdy-da dik oturdy. Onuň gaşynda peýda bolan Tarhan getiren habaryny aýdyp bilmän aljyrady. Gürlände sözleri bulaşdy. Onuň ilki sözlerinden hiç kimem oňly zat düşünmedi. Ol şo bir diýen sözüni iki-üç gezek gaýtalady. Ahyry nämäniň nämedigini aňşyran Ahal:

— Haçan? — diýip, Tarhana ýüzlenende, öz sesini özi tanamady. Bogazy lagyrdap, sesi gyryk çykdy, güňleç eşidildi. Ol ýerinden tarsa turarly göründi. Ýüzüniň perzi eýmenç üýtgedi.

— Düýn günortan — diýip, Tarhan ýüzüni aşak salyp ýuwaşja ses bilen aýtdy. Onuň bolşy özüni alyp barşy Ahalyň däl, bütin toýa gelen märekäniň gerşinden basyp ýegşerden şum habar üçin özi günäkär ýalydy.

Bu waka Ahalyň häzirki oturan obasyndan, toý şowhunynyň gidip duran ýerinden elli-altmyş menzil uzaklykda Ýandakly obasynda bolupdy. Özem bütin obanyň gözüniň öňünde, günortanyň garaňkysynda bolup geçdi.

Ýylan ýylynyň tomsy hasam yssy boldy. Onda-da ýylyň örküji, Eset aýynyň yssysy. Penjiresi kiçijik jaýlarda-ha oturar ýaly däl. Daşarda şatuduň, talyň goýry saýasynda howa ýetmeýän ýaly, yssy demiňi tutup barýardy. Itiň-guşuň ýatan wagty. Daş-töwerekde iňlär siňek görnenokdy. Itler kölege tapan ýerlerine sümülipdirler. Olar suw akan ýaplaryň içinde entek guramadyk ýerleri gazyp, şol ýere bagyrlaryny berip ýatyrdylar. Oba adamlary agaçlaryň saýasynda ýörite edilen teläriň kölegesinde, gapysy açyk, gözenegi açyk öýlerde kimler uka gidip, hor çekip ýatyrdylar, kimler ýaňy ymyzganyp, kimler bolsa ýüzünden, boýnundan akýan derleri ýaglyk bilen çalyp, çaý içip otyrdy.

— Waý, öýüm ýykyldy, öýüm otlandy! Waý ýeteweriň! Aýu-uu, Iner, ýeteweri! Çaga gitdi, çaga gitdi — diýen çirkin ses dymyk howanyň şeýle imisalalygyn-da, obanyň depesinde gök gürlän ýaly

bolup ýaňlandy. Iner golagyň kürsäp giren aýaly uklap ýatan awçyny aldyrany bar ýaly bolup turuzdy.

— Kakasy, turaweri! Bir bela-ha gopdy, bu gykylyk Halbikäniň gykylygy. Soňy düz bolawersin! Özi-hä çirkin.

Süýji ukudan gödek yralanyp, silkelenip oýarylan Iner golak ilki hiç zat aňşyrman, aňk bolup oturdy. Aýalynyň aýdan sözleri aňyna ýetdimi ýa-da Halbikäniň “Waý” diýip soňky gezek gygyrany gulagyna ildimi, ol hasyr-husur turup gapa tarap okduryldy. Göwşüllän garma donuny egnine atman, gara telpegini geýmän gymyldamajak Iner golagyň bu gezek ol zatlara eli degmedi. Bir eden zady gapdalynda ýatan tahýasyny garbap aldy. Ony başyna atyp, gapydan çykanynda, aňyrdan ylgap gelen Halbike onuň bilen boýdaş boldy. Ozal kellesi ýalaňaç gapa çykmadyk, Iner golag-a beýlede dursun, aňrujy ýagdaýyny tapsa hiç kime görünmejek bolýan, öýde başy açyk wagty adam giräýse, hasyr-husur gyňajyna ýapyşýan Halbikäniň ne kellesinde gyňaç, ne-de aýagynda köwüş, ne ýakasynda bagjyk bardy. Saçam bulam-bujar, ýapan keji ýalydy.

Halbikäniň başy haýsy, aýagy haýsy biler ýaly bolmadyk bulam-bujar sözlerine Iner golak oňly düşünmedi. Sebäbi Halbike ýagydan gaçyp gelýäniň bolşy ýaly gyssanyp, sojap-sojap demini alyp, zordan gürleýärdi.

Onuň sözlerinden doly many alyp bilmedik Iner golak:

— Näme boldy, näme! Düşnükli bir aýtsana. Aglamaňy goý-da, onsoň gürle — diýip, edil ker bilen gepleşýän ýaly gygyryp aýtdy.

Halbikäniň düşündirjek bolşy kyndy. Sözleri üzlem-saplamdy. Ýöne welin Ineriňem zähresi ýarylan ýaly bolup ukudan turansoň düşünmesi kyndy. Şonuň üçin bularyň gürleşjek, düşünişjek boluşlary körleriň kesekleşişi ýaly bir zatdy. Hersi bir ýanady.

Şol arada Iner golagyň nämäniň-nämedigini aňşyran aýaly onuň köýneginden çekdi.

— Ol pahyr aýdyp dur-a. Salyry kürtler äkidipdir.

— Näme?! — diýip, Iner golak çirkin gygyrdy. — Ol nähili äkidýär?!

Iner golak Halbike bilen düşünişýänçä, olaryň gapysyna ähli goňşy-golam ýygnanypdy. Märeke atgaýtarymdy. Obanyň deň ýarysy diýen ýaly şu ýerdedi. Halbike bilen düşünişen Iner golak ýaltaklap, töweregine göz aýlady.

— Ýigitlerden kim bar bu taýda? Garamergen senmi? Ýygna obanyň ýigitlerini.

Obada ýygnaýar ýaly kän bir ýigidem ýokdy. Ahaly Durun etrapyna uly toýa çagyrypdylar. Ol ýerde onuň garyndaşlary, dostlary, egin-egne berip söweşen ýigitleri bardy. Çakylyga gelenem Saroglandy. Saroglan onuň diňe bir gowy görýän, gaýduwsyz batyr müňbaşysy däldi. Ol Ahalyň ýakyn, eý görýän dostlarynyň biri bolup galypdy. Durun adamlarynyň toýa çakylykçy edip Saroglany ibermekleri şonuň üçindi. Etrapyň adamlary öz serkerdelerini göresleri, oňa hezzet-hormat edesleri, serpaý ýapaslary gelýärdi. Şol çakylyk bilen Ahal Duruna gidipdi. Ilamanam, obanyň ýigitleriniň köpüsi diýen ýaly Ahalyň ýany bilen gidipdi. Galanlarynyňam hersi

bir iş bilen bir ýana gidipdir. Şonda-da Garamergen obanyň çorba çykar ýigitlerini ýygnap, Salyry alyp gitdi diýlip salgy berlen tarapyna ýola düşdi. Beýleki obalara-da çapar ýollanyldy. Ähli obadan diýen ýaly ýigitler atlanyp, Salyryň gözlegine çykdylar.

— Iner kaka, Duruna adam ibersinlermi? — diýip, çagalaryň biri sorady. Ol çaganyň soragy däldi. Çaga kimem bolsa2 biriniň, onda-da uly adamlaryň biriniň soragyny Iner golaga ýetiripdi. Bu soragy ýollan ýene şol Halbikäniň özi bolsa gerek. Ol Iner golaklardan öz öýlerine zordan atypdy. Ol öýe dolanyp gelende, huşdan gidip, ýykylyp ýatan Aksona başyny galdyrypdy. Halbikänem iki sany aýal goltuklap öýe saldy. Ony töre geçirdiler-de ýassyga gyşartdylar.

Aljyraňňylykdan ahyry aýňalan Iner golak çaganyň jogabyna garaşyp duranyny görüp:

— Durunamy? — diýip, sakgalyny sypalap, böwrüne diň saldy. Onuň bolup durşy “Näme diýsemkäm?” diýip, öz-özüne geňeşýän ýalydy.

— Durun meselesini entek howlukmalyň, howwa, hany giden ýigitler näme habar bilen gelýärler, howwa. Olaryň heý bir gördüm-bildimi bolmazmyka?

Salyryň gözlegine çykan atlylar gijäniň bir wagty iki ellerini burunlaryna sokup dolanyp geldiler. Olaryň getiren habary. “Oňa aýlandyk, muňa aýlandykdan” başga zat däldi.

— Gümmezgaýa çenli ähli ýerini towuk dören ýaly dörüp çykdyk. Biz-ä ujam tapmadyk, yzam. Edil ýere giren ýaly — diýip, ýigitleriň öňbaşçysy bolup giden Garamergen aýtdy.

— Körçeşmäniň, Alkerkawyň, Owsarlynyň töwereklerini aýlandyňyzmy? — diýip, Iner golak sorady. Iner golagyň bu diýýän ýerlerini ýigitleriň köpüsi görmändi. Diňe adyny eşidipdi. Iner golagyň welin telim gezek ýatyp turan, aw eden ýerleridi. Eger şu waka bolmadyk bolsa şo ýerler hakynda gürrüň ber diýseňem dünýäniň gürrüňini bererdi. Iner golak, Iner awçy bu daglaryň her zawyna, her deresine, her jülgesine, her çeşmesine, jylgasyna, kemerine çenli beletdi. Olaryň her haýsy Iner awçynyň başyndan geçen waka bilen baglanyşyklydy.

— Biz ol ýerlere barmadyk. Ýöne beýleki obalardanam gözlegçiler çykypdyrlar. Ol diýilän ýerleri barlapdyrlar. Ol ýerlerdenem yz tapylmandygynyň habaryny şolardan aldyk — diýip, giden ýigitleriň biri aýtdy.

Agşamyň salkynynda, Iner golagyň gara öýüniň gapysyndaky açyk meýdançada döwür gurap oturan adamlaryň arasynda birsellem asudalyk emele geldi. Hiç kimden ses çykmady.

— Indiki maslahat? — diýip, oturanlaryň biri bu dörän gelşiksiz ümsümligi bozdy.

— Indiki maslahat ertir ýene gözlemeli, howwa.

— Ýeri ertirem tapylmasa, birigünem tapylmasa? — diýip gyzmaç ýigitleriň biri sorady. Ol özüniň şu soragynyň üsti bilen jany ýangynlylygyny daşyna çykarmak isleýän äheňde aýtdy.

— Eger ertirem tapylmasa, birigünem tapylmasa, bizem çozar-da, Eýrandan ýesir alyp gaýdarys — diýip, Garamergen dyzmaç ýigidiň jogabyny berdi.

— Alyp gaýdyberen ýesiriňden Salyr bolanok. Gury senem ol ýerde bir topar naçaryň gözýaşyna sebäp bolarsyň.

— Şeý diýip, ozal Aksoltan ejäniň oglunam giderdik. Eger şonda meniň diýenimi eden bolsaňyz, Aksoltan ejäniňem ogluny gaýtaryp getirerdik, Salyra-da ýanaşyp bilmezdiler.

— Şindem bolsa şeýtmek gerek — diýip, ýigitleriň biri Garamergeniň tarapyny tutdy. — Kürtlerden ýesir alyp gelip, biziň ýesirlerimizi getiriňde ýesirleriňizi ýygnaň diýmeli Nädersiň ýeke gün geçmänkä tapyp geläýseler.

Iner golak ýigitleriň rejesiniň gowy däldigini aňdy. "Howwa, şeýle" diýäýse, häzir turup alamançylyga gidibermekdenem gaýtjak däller. Giderler-de, ertirem bir topar ýesiri getirip oba dökerler. Nädersiň oba guzusy seçilýän süri ýaly uly yzlaşyk bolup dursa. Onuň bilen Halbikäniňem, Aksonanyňam ýaraly ýüregine näme teselli berip bilersiň. Ol gaýtam olaryň ýanyp duran ýüregini çişe düzüp, oda tutmazmy? Salyry alyp gidenler galtamanlar. Sen baryp garyp ilaty talap, urup-çapyp ýesir alyp gaýdarsyň. Olaram arymyzy alýarys bahanasy bilen seniň obaňy urup-çapyp gider. Ýene-de urup-çapýan galtamanlardyr. Urlup-çapylýanam, ýesir düşýänem garyp-gasarlardyr. Ýok, beýle ýagdaýlara ýol bermek bolmaz. Ýogsa olar şu ýerden turup, birden hokga çykaraýmasynlar. Şol niýet bilen Iner golak ýigitlere ýüzlendi.

— Samahylly gürrüňleriňizi goýuň. Obalar uruşdan ýaňy dyndy, howwa, bu dyzmaçlygyňyzy bes ediň-de, akylly-başly gürrüň tapyň, howwa.

Garamergen Iner golaga seredeninde gözüniň agyny köpeldip, özüniň ähli gaharyny, nägileligini gözünde jemläp seretdi. Ol: “Biziň gürrüňlerimiz samahylly bolsa nä körümiz bar bu ýerde” diýip, tarsa turarly göründi. Ýöne özüne erk edip saklandy.

— Onda, Iner kaka, akylly-başly gürrüňi özüň ber-dä — diýip, Garamergen kinaýasyny gizläp aýtdy.

— Akylly-başly gürrüň şol, howwa. Ertire bir çykalyň. “Ýarym güne ýaryş ýok” diýipdirler. Duruna çapar ibermeli. Howwa, Ahala habar etmeli. Goý, gelsin. Serkerde adamdyr. Özi näme maslahat berýär, howwa.

Iner golagyň “Serkerde adamdyr” diýen sözüne Garamergeniň agzy-burny gyşaryp gitdi. Içinden burulýan ýaly, ötle tutýan ýaly towlandy. Arasy birigip duran ösgün gaşlary çytyldy. Il arasynda “Gaşlarynyň arasy birigip duran adamlar öýkelek, girrik bolar” diýen gürrüň bar. Iliň diýýäni çyn bolsa gerek: Garamergende-de ýerliksiz kine, girriklik ýok däldi. Gerekmejek ýerinde-de girriklik edibermesi, jyzyrdabermesi bardy.

Mydama bolmasa-da, ol özüniň girriklik edýändigini, dargursak bolýandygyny duýup, akylyna aýlanýan wagtlary bolýardy. “Uzynyň akyly giç geler” diýýärler welin, ol uzynam-a däl. Orta ýa ortadan sähel ýokarrak boýy bar. Birden gyzmalyk edip, akylyna giç aýlanyşyna Garamergeniň özem haýrandy. Şu gylygyny onuň özem halanokdy, akylly-başly bolmagyň, sowukganly bolmagyň, gyzmalyk etmezligiň welin teý tärini tapanokdy.

Boýa seretjek bolsaň, Nursähet Garamergendenem gysga. Ýöne şolam-a gyzmalyk edip, akylyna giç aýlanyp, ahmyr edip ýörenok. “Adamlaryň şadyýanlygam, gaharjaňlygam olaryň özlerine baglydyr. Öz eliňdäki zatdyr” diýip, onuň garry atasy aýdypdy. “Eger sen özüňi şadyýan görkezesiň gelse, şadyýan boljak bolup dyza. Şeýdip sähel wagt gezseň, şoňa endik edip gidersiň. Soňabaka şeýlediginňe özüňem ynanarsyň” diýip, ol Garamergene gürrüň beripdi.

— Adamda güýji, akyly-paýhasy döredýän zat öz-özüňe erk etmekdir — diýip, atasynyň aýdan sözlerini Garamergen çaga mahaly eşidipdi. Ol mahal onuň atasy pahyr bardy. Ony gujagyna göterip boýun münnük edip ulaldan atasy.

“Eger bir adamyny jynyň almaýan bolsa, sen onuň gowulygyny ýüregiňe düwjek bolup dyza. Onuň edýän hereketlerini öz ýanyňdan dogry hasap et. Şeýdiberseň derrew halap gidiberersiň” diýip, atasynyň sargan sözlerini Garamergen käte ýatlaýardy.

Atasynyň aýdanlaryny edip, Garamergen Iner golagy, Ahaly halajak boldy. Olary ýigrenmesini goýjak boldy. Ýöne hiç başaryp bilmedi. Gaýta has beter ýigrendi. Olaryň sypatyny göreninde seňrigini ýygyrdy.

— Ýigitler, siz ýadansyňyz. Gidiň-de dynjyňyzy alyň, howwa. Ertir ýene bir ugruna çykarsyňyz-da — diýip, Iner golagyň aýdan sözleri Garamergeni hyýallardan açdy, ony özüne getirdi. Iner golagyň rugsadyny alan adamlar örüp başladylar.

— Tarhan, sen maňa gerek, howwa — diýip, Iner golak ony saklady. Adamlar gideninden soň, ol Tarhana şeýle diýdi:

— Ahala habar etmäge adam ibermeli, howwa. Şoňa-da köşek senden gabylragy ýok. Ýene sen gaýrat etmeli boljak.

— Lepbeý, Iner aga! Hyzmata taýýar — diýip, Tarhan aýtdy. Onuň ýuwaş, basyk, agras sesi ýadawlygyň alamaty däldi. Onuň äkitmeli habarynyň juda agyrlygynyň, göterip äkitmegiň, eltip ýetirmegiň kynlygynyň alamatydy. Şahyrlar hasrat diýen sözi ýöne ýere dag bilen, gaýa bilen deňemändirler. Tarhanyň gerdeni näme, ol has güýçlüräk gerdenlerem ýegşerden hasratdyr.

— Ýeke özüňe kyn bolar öýtseň, ýanyňa ýoldaşam alaý, howwa-a.

— Ýok, Iner kaka, kyn bolmaz. Onsoňam adamlaryň bu ýerik has zerur gerek bolmagy mümkin. Ony özüm oňararyn. Ýöne haçan ugramaly?

— Gyssagyň özüň bilen, howwa. Näçe ir gitseň özüňe peýda. Ir bararsyň, howwa.

— Bolýar, Iner kaka. Ilki towukda ýola düşerin — diýip, Tarhan öýlerine gaýtdy.

Ol gözüniň awusyny alyp-almanka turdy. Ilki towuk gygyranda, eýýäm ýola düşüpdi. Urşuň şol ilkinji günleri, goşunyň guma çekilýändigini habar bermek üçin Selim bilen giden ýollaryna düşüp sürdi. Aýagynyň aşagyndaky alaşany Dorbedewiň gaýdyp gelmegi bilen oňa Ahal beripdi. Şally baýyň alaşasydy. Uruş gutaransoň Tarhan ony Ahalyň gapysyna getiripdi. Taňryýalkasyny bilen gowşurmakçydy. Ýöne Ahal ony gaýdyp almady.

— Uruş wagty bu alaşa atlanyp, uly işleri bitirdiň. Şonuň üçin alaşa goý, seniňki bolsun — diýipdi. Ýöne alaşanyň öňki eýesi Garamergen bir gezek oňa:

— Alaşa biziňki bolmaly. Sen näme eýemsiräp ýörsüň? — diýipdi. Ine şonda:

— Bu saňa tölenen galyňdan maňa ýeten sowgat— diýip, alpetinden alypdy. Gyz çykarylanda onuň dogan-garyndaşlaryna şol galyňyň ujundan sowgat etmek aňyrdan gelýän däp-dessurlaryň biridi. Ýöne welin Tarhanyň beýle diýmäge. Garamergeniň ýüzüne gödek söz aýtmaga haky ýokdy. Garamergen ondan ep-esli uludy. Öňden gelýän däp-dessura eýerjek bolsaň, Garamergen näme diýse, Tarhan oňa “Lepbeý” diýip, ylgap diýenini edip ýörmeli. Şonuň üçinem: “Türkmeniň kiçisi bolandan itiň güjügi bol” diýen nakyl döräpdir.

Näme üçindir obanyň ýaşlary Garamergene ýaşy uly diýip, şeýle hormat goýanoklar. Ýaşy kiçiler öňden gelýän däp-dessura eýerjek bolsaň, onuň bilen gürleşenlerinde Garamergen kaka ýa-da Gara kaka diýip ýüzlenmeli. Ýaşy kiçileriň arasynda şeýle ýüzlenýäni ýok diýen ýaly. Tarhanyň-a näme, şol tarhanlygy. Ol gatyrak söz diýäýmekdenem çekinip duranok.

“Alaşa biziňki bolmaly” diýen Garamergen Tarhandan almytyny alandan soň dilini dişläpdi. Ýöne giç bolupdy. Adamlar wakyrdaşyp gülşüpdiler. Garamergen oňa dolanyp habar gatmaga-da çekindi. Onuň dili duzly. Öňem bir gezek Tarhana gahary gelen Garamergen gözleriniň agyny köpeldip, dişiniň arasyndan syzdyryp:

— Sen eşegiň kimdigini bilýäňmi? — diýip, ony kemsitmekçi bolanynda, Tarhan oňa sowukganlylyk bilen:

— Bilmän näme, seni tanamaýan barmy? — diýip, tikenekli jogap gaýtarypdy. Ýene şonuň ýaly bir zadyny oklaryndan heder eden Garamergen oňa alaşa hakda dolanyp zat diýmedi.

Şally baýyň şol suw ýaly gitgir, üsti rahat diýlip mahabat berilýän alaşasy Tarhany göterip, Daň ýyldyzy öküziň gözi ýaly tegelenip galyp ugranda, Ýandaklydan çykypdy. Agşam il ýatyp, it uklanda Ahal dagy bilen dolanyp ýene Ýandakla geldi. Bir günüň içinde şeýle uzak ýoly geçen alaşa beýlekilerden artykmaç ýadamandy, Tarhanam ýadatmandy. Şeýle uzakçyllygy ýorga alaşalaryň beýleki atlardan artykmaçlygynyň bir görnüşidi. Beýleki atlar bilen bir günüň içinde Ýandaklydan Duruna gidip geläýjek bolsaň halys sütüniňi süýndürer, endamyňy soka salnan ýaly owum-döwüm eder.

Gapa gelip atdan agan Ahaly Halbike-de, Aksona-da uly ses bilen aglap garşyladylar. Diňe ikisem däl, beýleki aýallaryňam uwlaýany haýsy, sojap aglaýany haýsy, garaz, olaryňam gözi çygsyzy ýokdy.

Ahal öz ýanyndan "Belki Salyr tapylandyr, ol häzir öýde oturandyr. Barsak öňümizden çykar. Adamlar bizi agyr güne goýup, uzak ýola çakylykçy iberenligi üçin, toýy taşlap gaýtmaly edendikleri üçin ötünç sorarlar" diýip, uzak ýoly inçejik tama bilen, umyt bilen geçipdi. Şol umyt oňa gurbat beripdi, alybam gelipdi. Oba golaýlaşdygyça nämesindedigini bilenok welin, şol umyt barha azalyp, inçelip barýardy. Onuň ýüregi aýylganç betbagtlygy barha beter syzýardy. Onuň ýüregine sanjylan iňňäniň awysy barha

güýjeýärdi, ýüreginden asylan daş barha agralyp barýardy. Ony alyp gelen şol inçejik umyt Ahal gapa gelip atdan agansoň kesilen dokmanyň erşi ýaly gyrylyp gitdi. Aýallaryň agysy onuň ýüregini lerzana saldy. Bu ýagdaý Ahala Salyryň patasy alynýan ýaly agyr degdi.

— Halbike, Aksona gelin, hany sesiňizi goýuň. “Çykmadyk janda umyt bar” diýipdirler. Alla diýiň, Alla keremdir — diýip, Iner golak aýallary köşeşdirjek bolýardy.

Ahal iki gün mundan öň Durundan gelen çakylykçy bilen toýa ugranynda, şu oturan adamlar ony ýola salypdylar. Ol mahal özüne seredýän gözlerde ýüregiňi ýakyp barýan hasratyň çygy däl-de, şatlygyň, guwanjyň yşnagy bardy. Ýogsa-da ol näme üçin Salyry alyp gitmedi. Onuňam sebäbi bar. Dorbedew indi çapylýan at däl. Salyram çapyksuwary däl. Ozallar toý bolýanda kakasynyň ýanyndan galmadyk Salyr bu gezek obada galmaly boldy. Ol:

— Kaka, menem äkidäýsene. Belki Dorbedewi ýene bir gezek ýaryşa salarys. Ol ozar, hökman ozar — diýip özelendi.

— Ýok, Salyr! Beýtmäli. Bu wagt ýaryşa salsak Dorbedewem masgara ederis, özümizem masgara bolarys. Onsoň Dorbedew biziň bu günämizi geçmez. Bedewler has namysjaň bolýandyrlar — diýip, Ahal ogluny köşeşdirdi. Ol:

— Sen öýe, eneňe, ejeňe seret. Olara-da seretmäge adam gerek ahyry — diýip, Salyr bilen hoşlaşanda, ony iň soňky gezek görýändiginden habary ýokdy. Ol Salyry ýany bilen äkidenini kem görenokdy. Ýöne ogly bilen, agtygy bilen tirkeşip ýörmeklik garry

adamlara muwapyk. Ýaş adamlara onda-da serkerde adam jahyl çykyp barýan ogly bilen guýruktutdy oýnaşyp ýörse, ol beýle bir gelşiklem däl. Ahal oňa ejap etdi. Şol sebäplem Salyry obada galdyryp, onuň bilen hoşlaşyp gidipdi.

Ahalyň ýany bilen gidýän ýigitler, Ilaman dagy:

— Salyry äkideli — diýip, oňa ýüzlenenlerinde, Ahal olaryň diýenine "hawa" diýmedi.

— Salyr bu ýerik, öýe gerek — diýip çürt-kesik aýtdy. Ynha indi şol öýe gerek adam öýde ýokdy. Indi onuň haçan dolanyp geljegem, geljekmi, gelmejekmi olam belli däl.

Adamlar öýi dolduryp otursa-da Ahalyň göwnüne öýüň içi boşap galan ýalydy. Ozal öýüň içini dolduryp, ony gelşigine getirip oturanyň Salyr ekendigini, heý bolman, özi üçin şeýledigini Ahal şu gün bilip galdy.

Günortanyň garaňkysynda bolup geçen şol hasratly wakany Ahala Aksona bilen Halbike biriniň unudan zadyny beýleki ýatladyp, biriniň kemter gaýdan ýerini beýlekisi dolduryp, soň adamlar dargaşyp gidensoň jikme-jik gürrüň berdiler. Ahalyň myhmanlary, nämäniň-nämedigini bilmek üçin ýany bilen gelen Saroglany, ýanyndaky iki ýigidi Ilaman alyp gitdi. Iner golak ony şeýtmegi makul bildi. Ol: "Goý, maşgala arkaýynlykda içlerini döküşsinler" diýen bolsa gerek.

"Itiň, guşuň ýatýan wagty" diýip, gürrüňini eden wagtymyz Halbike uklap ýatyrdy. Şol mahal bu giň obaň içi bilen geçip gelen bäş atly Ahallaryň gapysynda daýandy. Olaryň gelenlerini adamlar-a

beýlede dursun, itlerem duýmadyk bolara çemeli. Ýogsa gelenleri ilki garşylap, diliniň keýpini görýän şermende adamlar ýaly jabjynyp keýpden çykýan, bir nätanşyň oba aralaşandygyny uly ile jar edýän itleriň üýren sesem eşidilmedi. Olar edil samanyň astyndan goýberilen suw ýaly duýdurman, bukulyp gelýän ýarak itler ýaly sessiz-üýnsüz gapyda peýda bolupdylar. Aksonanyň tikin-çatyn bilen güýmenip oturan wagty. Salyram dulda oýaly-ukuly ýatan ekeni.

— Ahalyň ogly Salyr bar bolsa, çykyp biziň habarymyzy alsyn — diýip, gelen atlylaryň biri aýdypdyr. Gapa çykan Salyr:

— Ynha men, habaryňyz bolsa aýdyberiň — diýipdir. Ýene olaryň biri:

— Bärik gel, biz seň kakaň ýanyndan geldik — diýip, golaý gelmegini sorapdyr. “Bularyň aýtmaly zatlary gizlin bolmaga çemeli” diýip, pikir eden Salyr olara golaýlapdyr. Şol pursat atlylaryň dördüsi birden atdan agypdyr. Olaryň sesini eşidip oturan Aksona ylgap gapa çykypdyr. Şol pursat kakasy hakynda erbet habara garaşyp, başga zady göwnüne getirmedik Salyry dört pyýada derrew tutupdyr. Obanyň içini uly gykylyk edip barmaz ýaly agzyna ýaglyk dykypdyrlar. Derrew oňa halta geýdirip, göterip, atly duranyň öňüne basypdyrlar. Rejäniň geň däldigini aňan Aksonanyň ilki dili tutlypdyr. Birdenem ol:

— Bu näme boldugyňyz, ýerçekenler! Waý, ilat ýeteweriň! Waý enesi turaweri! Salyr gitdi, Salyr!!! — diýip, bar güýji bilen gygyran çirkin sesine Halbikäniň zähresi ýarylan ýaly bolup turupdyr. Ol başyna gyňajynam alman, saçlaryny bulam-bujar edip, gapa

çykanynda, atlylar eýýäm köçä düşüp, ilerik haýdap barýardylar. Atlaryň aýagyndan tozan tursa-da kän dükürdi eşidilmeýärdi. Olaryň aýagyna, keçedenmi, goýnuň ýüňli derisindenmi, ýörite köwüş edilipdir. Bu alaman bilen meşgullanýanlaryň ýörite ulanýan usulydy.

At aýagynyň dükürdisi oňly eşidilmese-de, itler örüpdi. Itler uly gykylyk edip, atlylaryň gapdalyndan hasyrdaşyp barýardylar. Halbike şol çykyşyna harabalykdan çykan ýaly bolup, Iner golagyň gapysynda daýanypdy. Ol zähretelek bolup oýanan awça sözüni düşündirýänçä, atlylar Ýalaňaç baýyrdan aşypdylar. Ýazyň gurak gelip, oňly bitmedik, gögerenem gurap, bir eýýäm samana dönen ýalaňaç baýryň gerşinde çaň akjaryp görünýärdi. Şemal bolmansoň ýerden göterilen çaň göterilişi ýaly howada asyl-asyl bolup durdy. Ol obanyň orta gürpünden başlanyp, tä Ýalaňaç baýra çenli açyk gijäniň asmanynda akmaýanyň ýoly ýaly bolup görünýärdi.

Ertesem, birigünem Salyry daglaryň arasyndan gözlän jigitler iki ellerini burunlaryna sokup geldiler. Soňra adamlary ikibir-üçbir Eýrana iberdiler. Kimler Goçanda, kimler Şahruda, kimler Maşada gitdiler. Her gidenlerinde-de ilki bazarlaryna, şol ýurtlaryň gulbazarlaryna aýlanmak, tanyş-biliş duşsa sorag-ideg etmek, bolmasa, şol ýerleriniň çaýhanalaryndan, adamlaryň hemişe ýygnanýan ýerlerinden osmakladyp soramak, habar tutmak tabşyryldy.

Gözlege gidenleriň birnäçesi üç-dört günden dolanyp geldi. Olaryň getiren habary boýunça Salyry Maşadyň Teraýy bazarynda

görenmişler. “Ahalyň ogluny alamançylar Eýrana ekidipdir” diýen habary eşiden Barat pälwan onuň gözlegine ýörite çykypdyr. Ýöne welin bu bulaşdyrylan kelepden onuňam oňly bir tapan ujy bolmandyr. Onuň bilen zady guly getirenem, satanam Hyrady begiň adamlarymyşyn.

— Hyrady beg diýilýän haramzada bir elime düşsedi — diýip, Ilaman penjesini gysyp, ýumrugyny düwdi, dişlerini gazap bilen gysdy.

— Düşse nädersiň? — diýip, Garamergen sorady.

— Düşsemi? Öz etini kesip, özüne iýdirjek.

— Şon, üçinem ol seniň eline düşenok-da.

— Düşer. Bu gün düşmese ertir düşer.

Garamergen ýüzüni aşak salyp “Howaýy gürleýäň” diýen äheňde kellesini ýaýkady.

— Duzak ýerde, durna gökde — diýip, Ilamana seretdi. — Elime düşäýse menem etjegimi bilýän.

— Durna gökdedir. Ýere düşmänem oňmaz — diýip, Ilaman öz diýenini tutdy.

— Garam, indi Salyryň şeýdip gidiberdigi bolarmy? — diýip, aglap-aglap gözleriniň ýaşy halys gutaran Halbikä Garamergene ýüzlendi.

— Hudaý diýiň gelneje, Alla keremdir. “Beterinden saklasyn” diýiň — diýip, Garamergen ony köşeşdirjek boldy. Ol Halbikä ilkinji gezek gelneje diýýärdi. Ýöne onuň bu sözleri Halbikäni köşeşdirmeg-ä beýlede dursun, Salyryň dolanyp gelmejegini

boýnuna goýjak bolýan, ýaly, onuň düşdüşiň sapagy ýalyjak inçejik umydyny üzjek bolýan ýaly göründi.

Salyry Teraýy bazarynda bir geçegçi söwdagär satyn alyp, ony Isfihana äkidenmiş. Ol ýerde başga bir söwdagäre satylypdyr. Ony Hyratdan gelen bir kerwen alypdyr. Alnan maglumatlara görä şeýdibem Salyr Hyrada, Hally galtamanyň ýurduna gidipdir.

Hyrada iberiljek adama Iner golak ilki bilen Hally galtamany tapmagy sargady. Şondan kömek soramagy tabşyrdy.

— Bu salgyňyz bilen Hally galtamanyň öýüni, onda-da Hyrat ýaly uly şäherden tapyp bilermikäm? — diýip, ýola düşjek adam aýtdy.

— Hyrat diýilýän şäheri meniň özüm-ä göremok. Görenleriň aýtmagyna görä, ol gaty uly şähermiş. “Maşat dagy onuň ýanynda oba ýaly, Hyradyň bir böwri ýaly” diýýärler. Ol şäherden näbileýin ýitigiňi tapaýsaň — diýip, Garamergen aýtdy.

— Ýitigimi taparyn diýip söz berip biljek däl. Ýöne Hally galtamany welin şol ýerde bolsa taparyn. Ol oňa-muňa gidýän kerwenleri gaty gowy bilýändir.

— Şeýle uly şäherden Hally galtamany nädip taparsyň?

— Soraryn. Sorana Mekgede tapylypdyr.

— Soranyň bilen bilerler öýdýärmiň?

— Bilerler. Birisi bilmese biri biler. Sorap-ýörsem ilçilikdir, ahyry bilýäniň üstünden bararyn.

— Sen Hyrada ýetersiňem öýdemok. ýol urýan garakçy köp diýýärler — diýip, Garamergen ony gitmekden saklajak bolýan ýaly, gorkuzjak bolýan ýaly edip aýtdy.

— Bir adam uzak ýola ugrajak bolanynda agzyňyzy haýyr açarlar, howwa. Munyň-a yrymyna-da gowy däl — diýip, Iner golak Garamergene gözüni agdaryp seretdi.

Ýolagçy gedaý eşiginde mysapyr adam bolup ýola düşdi. Ol şu ýerden Maşada barar. Şol ýerde-de Hyratdan geljek, Hyrada gitjek kerwene garaşar. Hally galtamanyň kakasy Keraly söwdagäri şol kerwende tanaýan bardyr. Olam köp ýyllap şolar bilen söwda gatnapdyr ahyry.

Ýolagçyny ýola salanlaryndan bir hepde geçip-geçmänkä, “Ony ýol urýan gaçakçylar tutup öldürenmiş” diýen şum habar ýaýrady. Şonuň yzy bilenem: “Ony öldürenler galtamanlar dälmişin. Hyrady begiň adamlarymyş” diýip çykardylar. Iner golak soňky ýaýran myş-myş çyn bolsa gerek diýen karara geldi. Ýol urýan garakçylaryň gedaý bilen näme işleri bar, ony öldürip, nämesini talasynlar, sirkesini alaýmasa.

Şu ýerde Iner golak Garamergeniň garakçylar hakyndaky gürrüňini ýatlady.

— Aslynda şu haramzadanyň Hyrady begiň adamlary bilen arasy bar bolaýmasyn. Şonuň adamlarynyň biri, şonuň jansyzy bolaýmasyn — diýip, ol içki howatyryny daşyna çykardy. Garamergen bolsa:

— Pylanyň ölümine sebäp bolan Iner golagyň özi boldy. Men ýol urýan garakçylaryň bardygyny öňünden aýtdym — diýip, onda-munda gürrüň edipdir.

Ine şeýdip, günortanyň garaňkysyna duwlanyp, halta salynyp äkidilen Salyryň gitdigi, gitdigi boldy. Gaýdyp ondan oba belli bir habar düşmedi.

## HAŞYM DOMULLA

Ölüm agyrmy, aýralyk? Bu sowaly adamzat dünýä ineli bäri öz-özüne berip gelipdir. Gadym danalaryň sözüne gulak asjak bolsaň: "Ölümden ýokarda aýralyk bar" diýipdirler. Ýöne welin "Ölmede ýit" diýen sözem şol danalaryň goýup giden sözi. Ýeri, bularyň haýsyna ynanjak? Ölüm diýilýän zady adam pahyr öňden, dünýä inen gününden boýun alyk. Bu dünýäni garşylykly iki gapyly saraýa meňzedipdirler. Bu gapydan giren adam ol gapydan çykmalydyr. Şol zatlara öňünden boýun edilen adam ölümi aýralyga garanda ýeňil çekýär.

Adama agyrlygy jähtden ölümem, aýralygam bir-birinden peslär ýaly däl. Birini goýup, beýlekisini öňe tutar ýaly däl. Bir-birinden aýylganç, bir-birinden agyr. Rowaýatlaryň gürrüň berşine görä Allatagala: "Şol iki hasraty götermäge iň güýçli gerden" diýip, olary daglaryň-daşlaryň boýnuna dakypdyr. Daglar hasratyň agramyna çydaman goduklapdyr, ýumrulypdyr. Daşlar jarka-jarka döwülipdir. Daglaryň-daşlaryň göterip bilmedik hasratlaryny Ýaradan adamlaryň

boýnuna dakypdyr. Adam pahyr aglapdyr, eňräpdir. “Öleniň yzynda ölmek bolmaýar” diýip, garaz, göteripdir. Şeýdip ol iki hasrat adamlaryň boýnunda galyberipdir.

Bir-birinden agyr, daglaryň-daşlaryň çekip çydamadyk, göterip bilmedik hasratlarynyň ikisem Igdir ussanyň gerşinden indi. Ýalňyz ogly Haşymyň Hywa hanynyň zyndanyna düşüp, şol galyşy. Bireýýäm ýyly dolup geçdi. Ondan habar-hatyr ýok. Çyrçyklyda bolan gyrkylykly söweşde gelni Halyma wepat boldy. Ine şeýdip, şol diýilýän iki, bir-birinden aýylganç iki hasratyň ikisi birden onuň üstüne düşdi.

Diňe şol hasratlaryň derdini çekip oturmaly bolsa näsini aýdýaň. Ýöne şu gözmonjugy ýaly iki çagany ekläp-saklamaly. Olaryň iýjek-geýjegine, kirine-suwuna ýetişmeli. Il-gün bir gowy zat. “Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn” diýip, ýöne ýere aýtman ekenler.

Öýüň kirini-suwuny, ýamag-çatygyny Igdiriň eline ýetirmän, goňşy-golamlar oňaryp gelýärler. Bütin töwerek olara goňşy okara eltýär.

Onsoňam gyzy Güljan indi otur-tur kersen getire ýarap ugrapdyr. Ol gün eldegirmeninde bir okara ýarma ýarypdyr. Elbetde, çepiksi ellere onçakly güýç beren däldir-dä. Ýarma irimçik bolupdyr. Köjäniň öňüni dolan. Ýöne bu öýüň “Ýarma iri bolupdyr, ownuk bolupdyr” diýip dänjiräp oturmaga ýagdaýy ýok. Aňrujy ýagdaýy bolsa bu ýaşdaky çaga degirmen aýlatmagam düzüw däl. Bekişmedik bedene şikes ýetmegi ahmaldyr. Onsoň çaganyň

ömürboýy şikesli bolup galmagy, dertli bolup, maýyp bolup galmagy ähtimaldyr. Dagy ýagdaýyny tapýan bolsa Igdir ussa ony degirmeniň golaýyndanam eltjek däl-le. Ussada dagy alaç ýok. Dänäni ýarara güýç ýok, birki gün bäri dänik edinip oňýarlar. Dänigiň ysy näçe oňat bolsa-da, burnuňa uranyndan işdäňi açýanam bolsa, köp iýseň derrew adamyň ýüregine düşýär.

Şo günleriň birinde "Ölme-de ýit" diýen nakylyň dogrudygyny subut edýän bir waka bolup geçdi. Öýde köne çanagy çeňkläp oturan Igdir ussanyň daşarda oýnap ýören agtyklary:

— Kakam, kakam gelýär, kakam gelýär! — diýip birden gygyrdylar. Gygyrdylar-da ylgaşyp gitdiler. Igdir ussanyň oňa ýüregi sersip gitdi. Ol hasyrdap daş çykanda, obanyň itlerini örüzip gelýän iki atlynyň özlerine tarap gelýänini gördi. Bir atyň üstündäki Hamatdy, öz agtygydy. Onuň çyn ady Halmyratdy. Ony aňsatladyp, gysgaldyp, Hamat diýýärdiler.

Igdir ussa öz ogly Haşymy tanamajak boldy. Haşym Hamady atyna mündürip, özi gapdalyndan ýöräp gelýärdi. Ussa ony gapa gelip aýak çekensoň tanady-da:

— Haşym — diýip, gygyryp, gujagyny giňden gerip, oňa bakan okduryldy. Haşym göni kakasynyň gujagyna doldy.

Ozal Haşymdan, soň Halymadan aýra düşüp, gözlerini çyg almadyk Igdir ussa aglady. Sessiz aglady, ýöne aglady. Şu agyr hasratlaryň derdinden gara ört bolan süýnmek at ýüzüniň ýaňaklaryndan gözýaş düwmeleri yz edip syrygyp akdy. Ussa ony gizlejegem bolmady, süpürjegem.

Ýok ol şatlygyň däl, çekilen hasratlaryň aglanmadyk agysydy, dökmäge ejap edilip, güýç bilen saklanan, adamlara, gözlerini mölerdip oturan iki sany çaga görkezmejek bolup saklanan gözýaşlardy. Haşymyň:

— Kaka! — diýen sesine Igdir ussa başyny galdyrdy, ýaňagyndan syrygyp duran gözýaşlary bilen seretdi.

— Ýok, oglum, ýok, men aglamok — diýip, başyny ýaýkady. Onuň şol aýdan sözlerem agy gatyşykly çykdy. Igdir ussa Halyma öleninde aglap bilmändi. Aglasa-da diňe gijelerine ýatanlarynda, onda-da çagalar ýatanyndan soň sessiz aglapdy. Bir günem çagalaryň eşiklerini çatyp otyrka üstünden Iner golak geldi. Özem duýdansyz geldi.

— Näme edip otyrsyň? — diýip, Iner golak oňa ýüzlendi. Igdir ussa näme diýjegini bilmän aljyrady. Iner golak onuň jogabyna garaşman, hol beýlede oýnap ýören Hamady çagyrdy.

— Hamat, ataň elindäki işleri al-da, Tyllagözel gelnejä eltip ber. Çatsyn, ýamasyn! — diýdi. Iner golaga minnetdarlygyny bildirjek bolanynda onuň sesi ejizläpdi, birhili agy gatyşykly eşidilipdi. Iner golak:

— Taňryýalkasynyňy şol işleri edýänlere aýdarsyň. Ýöne özüňi dürse ussa. Sen beýle ejizlemeli dälsiň — diýip, berk aýtdy. “Güýçli adamynyň ejizlänini görmegem jeza” diýip, ol beýlekilere-de düşündirerdi. Ine, şol diýýän jezasyny onuň özem çekmeli boldy. Iner golagyň “Özüňi dürse” diýip, berk aýtmagy şonuň üçindi. Şol günden soň şol içeriniň tikin-çatyn, kirsuwy bilen Tyllagözel, käte-

de Dursunjemal meşgul boldy. Igdir ussanyň agtygy Güljahan şolaryň ýanyndan aýrylmady. Bir topar gybatkeşler bolsa:

— Tyllagözel bilen Dursunjemal ol ýetim naçary öz çorularyna öwrüpdir — diýip, gürrüň çykardylar. Ýöne Tyllagözel bilen Dursunjemal olara gulak gabardyp durmadylar. Olar “It üýrer, kerwen geçer” etdiler. Gybatkeşleriň dilini ýygybam, kesibem bolmaýandygyny olar gowy bilýärdiler. Şol iki gelin:

— Ony eýt, muny beýt — diýip, ýaşy gyza iş öwredýärdiler. Ýönekeý ýamag-çatyg beýlede dursun, ol ýaka bejermegem, tahýa keşdelemegem, beýleki inçe işlerem öwrendi. Türkmen gyzlary üçin olaram zerur gerek zatlaryň biri. Şeýdip Güljahan öýüň tikin-çatyn işlerini özi oňaryp başlady. Ol atasyna köýnek tikdi. Haşymyň köne balaklarynyň birini kiçeldip, Hamada bolar ýaly etdi.

“Igdir ussanyň ogly Haşym Hywa zyndanyndan boşap gelenmiş” diýen habar şo pursadyň içinde bütin oba ýaýrady. Çigit ýagyna bişen çapadynyň, pişmäniň ysyny alan garynjalar ýaly adamlaryň ýüzi Igdir ussalara tarapdy. Iner golak özüniň baga bakyp oturan goýnunyň biriniň ýüpüni çözüp:

— Ilaman, şu goýny Igdir ussanyň gapysynda soýuň — diýip ogluna aýtdy.

— Lepbeý, kaka! — diýip, Ilaman goýnuň ýüpüne ýapyşdy. Ilaman ýaly jyňňyz jahylyň ýanynda bir goýnuň derisini sypyrmagyň manysy barmy näme? Bu zatlar onuň üçin eşekden palan alança-da ýok.

Eden kömekleri üçin Igdir ussa Iner golaga öňden minnetdardy. Gapysynda bu gün goýun soýulmagy bolsa, ussanyň öňünde Iner golagyň mertebesini has-da beýgeltdi. Bu ýagşylygyň aşagyndan Igdir ussa hiç wagt çykyp bilmejek ýaly boldy. Iner golak onuň gözüne ejizlere goldaw berýän, kömek edýän oňat adam bolup göründi.

Bir ýylyň aýralygyndan soň gelip, öýlerini tapan Haşymyň soragly gözleri mydama töweregindedi. Onuň gözleri Halymany gözleýärdi. Igdir ussa dagy beýlekilerem ony aňdy. Ussa Halymanyň ýokdugyny aýtmagyň tärini tapanokdy. Şol arada Haşymyň özi dillendi:

— Halyma görnenok-la. Ol bir ýaňa gidipmidi? — diýip, kakasyna ýüzlendi.

— Halymanyň ýoklugyna ýedi-sekiz aý bolandyr, ogul — diýip, Igdir ussa zordan gepledi. Bogazy dolup, gözýaşyny zordan saklady. Eger şu daşyndaky adamlar bolmadyk bolsa, şolar seredip oturmadyk bolsalar, ol gözýaşyny saklajak bolubam durmazdy.

Adamlar gidensoň, Igdir ussa Haşym bilen onuň ýanyndaky myhmana, Haşym aýtmyşlaýyn, domulla Senjaba geçen uruş hakynda, Çyrçyklyda bolan gyrkylykly söweş hakynda jikme-jik gürrüň berdi.

Haşym aýalynyň — Halymanyň wepat bolanyna näçe gynansa-da, onuň gaýduwsyzlygyna, gahrymanlygyna buýsandy. Arman, ol şahyr däl. Eger Ferdöwsi, Rudaky, Fizuly, Jamy, Nyzamy ýaly şahyr bolan bolsa ol hökman Halymanyň edermenligini ýazardy. Ony

türkmen zenanlarynyň edermenliginiň nusgasy hökmünde arşa götererdi. Ynha Senjap domullanyň kämahal bir goşgujyk ýazaýmasy bar. Belki, ol Halyma hakynda uly poema ýa-da “Şanamanyň” dessanlary ýaly bir dessan ýazar. Bu waka, Halymanyň edermenligi şeýle dessanyň döredilmegine mynasyp.

Haşym özüniň zyndandan boşadylyşy hakynda adamlara gürrüň beripdi. Ony Gün görünmeýän, uzynly gün sähelçe wagt ýagtylyp, ýene garaňkyrap gidýän ýerzeminde saklapdyrlar. Ol bu dar zyndandan çykaryn öýtmeýärdi. Ýöne Hywa hanynyň köşgünde dildüwşük bolup, hany öldüripdirler. Oňa zäher içiripdirler. Hanyň ornuna bolsa onuň dogany geçipdir. Ol tagta çykandan soň günä geçişlik yglan edipdir. Şol günä geçişlik zerarlam Haşym, onuň tutulan ýoldaşlary zyndandan boşapdyrlar.

— Senjap domulla-da seniň bilen boşanlaryň birimi? — diýip, Igdir ussa sorady,

— Siz meni tanaňyzokmy, ussa aga? — diýip, Haşymyň ýoldaşy dillendi. — Haşym tutulmanka-da size barypdym. Tutulandan soňam bir gezek barypdym. Sizi Hywanyň ol çetinden beýleki çetine göçürişmäge kömek edenleň biri mendim.

— Boldy, boldy. Indi tanadym. Aýtdym-la bir gören ýüzüme meňzeýär diýip. Indi ýadyma düşdi. Biz galadan çykjak bolanymyzda: “Günbatarky derwezäniň derwezebany bilen gürleşdim. Sizi çykaryp goýbererler” diýipdiňiz. Adam pahyr garradykça huşy gider ekeni — diýip, Igdir ussa ähli günäni garrylygyň üstüne atyp zeýrendi.

Senjap Haşymyň adyny hemişe “Haşym domulla” ýa-da ýöne “domulla” diýip tutaýsoň oba arasynda-da şol ady ýaýrady. Çagalaram, garrylaram onuň adyny Haşym domulla diýip tutdular. Aslynda “domulla” diýen sözüň manysyna düşmedik oba adamlary onuň ady şeýledir öýtdüler.

Haşym domulla üç-dört gün bolup oba bilen öwrenişensoň, ilki Iner golagyň ýanyna, soňra Ahalyň ýanyna salama bardy.

Salyryň alnyp gidilenine ep-esli wagt geçipdi. Ondan diňe myş-myşdan başga eşidilýän, bilinýän zat ýokdy. Ahalam, Halbike-de, Aksona-da agyr hasratyň derdinden lagar düşen düýe ýaly çöküpdi. Adamlar üçin çaý-nahar diýip, başyny galdyran Aksona agyr keseliň derdini çekip, ýaňy aýak üstüne galyp ugran adama meňzeýärdi. Onuň ýaňaklary, gabaklary güne ýatan esgi ýaly solgundy. Ol çala gymyldaýardy. Ysgyny ýokdy. Bu ýagdaýy gören Iner golak oýnap ýören çagalaryň birini:

— Bar, Tyllagözel gelnejeň bar bolsa, Aksonalara gelip, çaý-naharyň ugruna çyksyn — diýip, Ilamanlara ugratdy.

— Lepbeý, Iner kaka! — diýip, çaga duran ýerinden diýlen ýumuşa düňk ýasady.

Haşym domulla başardygyndan Ahala göwünlik berdi. Bu öýe gelýänleriň hemmesiniň edýäni şoldy. Bardy-geldi keselleseň, ýa-da başyňa Ahalyňky ýaly iş düşse, Ahal aýtmyşlaýyn hemmeler senden akyllydyr. “Ony eýt, muny beýt” diýip, hemmeler saňa akyl berjekdir. Ýöne welin onuň akyl bermek üçin däl-de, göwnüne teselli

bermek üçin edilýändigini özgeler bilmese-de Ahal bilýärdi. Onuň şeýledigini ozal Iner golak oňa aýdypdy.

— Türkmenleriň “Ölme-de ýit” diýen sözi ýöne ýere aýdylan däldir. Salyry ogurlap äkidipdirler. Meni ogurlaman güýç bilen äkidip, zyndana dykdylar. Hanyň gazabyna duşsaň bu dünýäden tamaňy üzäýmeli. Men gidemsoň “Ölme-de ýit” diýen sözi kakama-da telim gezek aýdandyrlar. Men ony eşitmesemem bilýän. Nesibesi bolsa adam pahyr bir gün bolmasa bir gün gaýdyp geläýjek ekeni. Özümiň-ä şol zyndandan çykaryn diýen umydym ýokdy — diýip, Haşym domulla özüniň okaýan kitaplarynda aýralyk hakda, hijran hakda, uzak ýyllardan soňky wysal hakda gürrüň berdi.

— Türkmenlerde “Är ölse hatyn talak” diýen söz bardyr. Şol söz aýra düşen hakynda aýdylýan däldir. Ärinden aýra düşen aýala äriniň ölenligini gözi bilen görenleriň biri aýtmasa, ölenligine güwä geçmese, şol aýalyň başga birine durmuşa çykmaga haky ýokdur. Ol ärine togsan ýyllap garaşmalydyr. Ölenligini gözi bilen gören şaýat bolmasa, şol aýala togsan ýyllap nika düşýän däldir. Ozal şol möhlet elli ýyl ekeni. Elli beýlede dursun, altmyş, ýetmiş ýyldan soňam öwrülip gelen bolanmyş. Şonuň üçin togsan ýyla uzaldylanmyşyn.

— Hakdyr ol, howwa — diýip, Iner golak Tyllagözeliň demläp uzadan çäýnekleriniň birini öňüne çekdi. Gürrüňçilik maý beren mahaly:

— Men Çyrçykla, şol Kirşenli öwlüýä diýen ýere baryp gaýtsam diýýän. Ýöne men ol ýerlere belet däl — diýip, Haşym domulla

aýtdy. Bu onuň oturanlardan, Iner golakdan, Ahaldan kömek diledigidi.

Kirşenli öwlüýäniň gürrüňini Haşym domulla kakasy Igdir ussa bilenem edipdi. Gürrüňi ussa başlapdy. Ol:

— Sen, iň soňky gezek Halymany görmejekmi? — diýip, ogluna ýüzlendi.

— Ol ýerleri gaty daş. Men ol ýerleri tapjak däl — diýip, Haşym aýtdy.

— Obada ol ýerini gözüni ýumup tapjak ýigitlerem kän. Şol iki adama diýseň, olaryň hiç biri boýun towlamaz — diýip, Igdir ussa Haşyma aýtdy. Ine şonda ol Ahal bilen Iner golak duşaýsa, şol kömegi soramagy ýüregine düwüpdi. Ine, häzir şol kömegi soraýmaly ýeridi. Domullanyň bu ýumşuny Ahalyň özem ýerine ýetirip biljekdi. Eger Iner golak bolmadyk bolsa, ol ýerine ýetirerdem. Ýöne Iner golagyň, obanyň ýaşulusynyň öňünde özüni öňe oklamagy uslyp bilmedi. Şonuň üçinem ol Iner golaga seretdi.

— Onuň pikirini etme Haşym domulla, howwa. Haçan ugramakçy bolsaň aýdaý. Ýanyňa belet oglany goşarys, howwa. Ol sizi azaşdyrman äkiderem, getirerem, howwa — diýip, Iner golak aýtdy.

Haşym şol günüň ertesi ýola düşmegi makul bildi. Ol ýany bilen diňe Hamady alyp gitmekçidi. Senjap domulla-da gidermen boldy.

— Meň howlugym özüm bilen, bahym gaýdyp gelerin. Sen bu ýerde dynjyňy alyber — diýip, Haşym oňa aýtdy.

— Ýok, Haşym, sen nirede bolsaň, menem şo taýda — diýip, Senjap domulla oňa sapalak atara ýol goýmady.

Dört adam üçin bir hepdä ýeter ýaly azyklaryny, iki çelek suwy düýä ýükläp, üstüne Hamady mündürdiler. Beýlekiler at mündüler. Olary ýola belet bolup äkidýän Tarhandy. Onuň aýagynyň astynda suw ýaly ýorgasy bar. Ýolagçylar Siňrenliden geçensoňlar ýol ikä bölündi. Tarhan olaryň çep tarapa sowulýan ýol bilen demirgazyga tarap alyp gitdi. Beýleki ýol göni arka, Çüňňül guýa tarap gidýärdi.

Haşym dagy ýolda üýtgeşik zatlary, geň galdyryjy wakalary görmediler. Olaryň ähli gören zady çöl durmuşy, ulgam-ulgam depeler. Ýalazy depäniň gerşinde garawul esgere çalymdaş ak sözen. “Gazyp alyp taýak edinseň, gazma taýaklaryň naýbaşy bolardy” diýip, Tarhan gözüni çarhlap geçýärdi.

Iňlär siňek ýok, çölüň içi diýjeksiň. Baýyrlar ýaly keserip ýatan ak urpaklaryň, gum depeleriniň arasy durşuna janly durmuş. Haýsy gola inseň alakalar ondan-oňa okkesdirme geçýärler. Hinleriniň agzynda guýruklaryny tarpyldadyp haýbat atýarlar.

— Bu towşanlar garly günler-ä duşaýmaz — diýip, Tarhan ýanyndaky Senjaba aýtdy.

Senjap onuň ýüzüne seretdi. Onuň näme diýjek bolýanyna düşünmedi. Garlyk gün duşan bolsa, belki, Tarhan hol gaçyp barýan towşany sypdyrmazdy. Ony kowalap alardy. Çölüň ýagdaýyna Senjap näbeledem bolsa, Tarhan beletdi. Garly günlerde towşanyň gaçary bolmaz. Towşan gara çümerde bulaşar ýatar. Gaçaýsa-da uzaga gitmez. Bir ýerde aýlaw eder-de, şol aýlawdan çykyp bilmez.

Garly gün öňem şeýdip Tarhan towşan awlap görüpdi. Onuň “Garly gün-ä görnäýmersiň-dä” diýip, ahmyr etmesi şonuň üçindi.

Tarhan dagy Çyrçykla ýetýänçäler ýolda iki gijäni geçirdiler. Birinji gije Goşatal obasynyň çekene mallaryny bakýan çopanlaryňkyda düşlediler. Süriniň çopany Garahal gojanyň agtygy, adyna-da Golça diýýärdiler. Ýöne onuň golça meňzeýän ýeri ýokdy. Daýaw ýigitdi. Oňa Golça adynyň näme üçin dakylandygyny Tarhan eşidipdi. Gumda Golça diýen ýer bardy.

Goşatal obasynyň adamlary bir ýazy şol Golça diýen guýynyň başynda ýazlapdyrlar. Şol ýerde-de Golça dünýä inipdir. Şonuň üçin oňa — adyna Golçamyrat dakypdyrlar. Soň-soňlar onuň myrat sözi galdyrylyp, Golça ady ýöräpdir.

Tarhan dagy şol Golçanyň myhmany boldular. Hywadan gelen, ahunlyga ýeten adamynyň gürrüňini diňlemek Golçanyňam, onuň ýanyndaky çolugyňam, suwçynyňam ýetip bilmeýän arzuwydy, gökdäki dilegidi. Olar bu arzuwlaryna gel-gel Garagumuň orruk ortasynda Gatyguýuda ýetdiler.

Bu guýyny gazdyran baý husyt bolupdyr. Onuň şol husytlygy üçin Bally diýen adynyň yzyna gaty diýen lakamy goşupdyrlar. Oňa ilki batlara Ballynyň guýusy, Bally gatynyň guýusy diýlipdir. Soň-soňlar bolsa Bally sözüni taşlap, “Gatyguýy, Gatyguýy” diýip ýöredipdirler.

Haşym domullanyň ýaranlary ikinji gijäni çölde, çopansyz guýynyň başynda geçirdiler. Ol ýerde çaý gaýnatmak, nahar etmek meselesi Tarhan bilen Hamadyň başyna düşdi.

Ýolagçylar üçünji agşam Çyrçykly obasynyň köne ýurdunda, Igdir ussanyň öýüniň duran ýerinde ýatdylar. Haşym bilen Senjap domulla gezek-gezegine aýat okadylar. Kirşenli öwlüýäde “Gurhan” çykdylar. Haşym Halymanyň guburynyň daşyny süpürdi. Hamada-da şeýdip süpürmegi tabşyrdy. Gaýtjak bolanda onuň guburynyň üstünden bir gysym gumy alyp, goltugyndan çykaran haltajygyna saldy.

Ýolagçylar giden ýollary bilen yzlaryna dolanyp geldiler. Gelen günleri Haşymy Ahal çagyrdy. Olaryň sag-aman gidip-gelişlerini, ýurdy horlanman tapandyklaryny sorady. Haşym domulla gidip-gelişlerinde nägile däldigini, gaty razydygyny aýtdy.

— Razy bolsaňyz gaty gowy zat. Meniň sizden bir soragym bar. Aýdaly, bir adam birinden bir tokly alypdyr. Şony bäş-alty ýyldan soň näçe tokly edip gaýdyp bermeli?

— Näçe alan bolsa, şonam gaýdyp bermeli bolar — diýip, Haşym domulla aýtdy.

— Eger alnan tokly urkaçy bolsa, onda näme?

— Alnan tokly urkaçy bolsa karz beren adam “urkaçy tokly ber” diýse, şonuň diýenini etmeli. Alşyň ýaly gaýdyp bermeli bolar — diýip, Haşym aýtdy.

— Obada bir garyp bar. Ýagyrnişligi görnüp duran ýarlykly garyp. Ol bir wagt birinden tokly alypdyr. Ondan bäri alty ýyl geçipdir. Obanyň kazysy şol garyba “Sen bergiliňe altmyş dört goýun bermeli” diýýär. Bu nähili bolýar? — diýip, Ahal geň galyp sorady.

Bu waka Aman süregçiniň başyndan geçipdi. Bir sebäp bilen ol Şally baýdan bir toklyny alypdyr. Aman süregçini gözünde oky bolsa urjak bolup ýören Garamergen, ine, şol toklyny şu gün ýatlapdyr. Aman süregçiniň gaýtaryp beren toklusyny kabul etmändir-de, kaza arz edipdir. Kazy: "Bäş ýyl saklanan toklyny altmyş dört goýun edip gaýdyp bermeli" diýip höküm çykarypdyr. Saklanan her ýyl üçin mal iki esse köpelýär. Bir ýyl saklasaň iki, iki ýyl saklasaň dört, üç ýyl saklasaň sekiz. Yzam şonuň ýaly dowam edýär.

Algylysy oda atsaňam tütemejek garyp bolansoň Şally baý on dört goýny oňa bagyşlapdyr. Aman süregçi oňa elli goýun beräýmeli. Ol garyp, onça goýny nireden alsyn? Süregçi onça goýny bütin ömrüne baýyň hyzmatyny edeninde-de üzüp biljek gümany ýok. Ol hakda Ahal Garamergen bilen gürleşip gördi. Garamergen oňa:

— Men ondan artyk zady talap edemok. Kanun boýunça, şerigat boýunça talap edýän. Olam Hudaýyň bendesi, menem. Ahunlaryň aýdany, "Gurhanda" ýazylan zat hemmämiz üçin kanun — diýip, algylysyndan el çekmejegini aýtdy. Bolmanda-da Garamergeniň ondan el çekmejekdigini Ahal gowy bilýärdi. Şonda-da Ahal oňa:

— Aman bir öýkeni görnüp duran garyp, onça goýny nireden alsyn? — diýdi.

— Düýesi bar, getirsin. Ýigrimi janlyň deregine alaýyn. Öýi bar. Sataýsyn. Olam bolmanda otuz janla geçer. Üstesine gyzam bar. Dogry, gyzy ýaşrak, onda-da biri bilen guda bolup, bahasynyň ujundan alaýsyn.

Ahal Garamergeniň gürrüňlerini diňläp durmaga çydam etmedi. Düýeden, öýden aýryldygy Aman süregçiniň maşgalasy gyrlar. Şeýle boljakdygyna Garamergenem Ahalça düşünýärdi. Ýöne onuň Aman süregçide-de, Ahalda-da köýüp ýatan ary bardy. Birwagtky düýe ogurlygyndaky masgaraçylygyny ol entek unudanok. Ol özüniň şol aryny Ahalyňam, Aman süregçiniňem burnundan ikli gan getirip alar.

Ahal Aýatylla işan bilenem gürleşip gördi. Işan oňa:

— "Şeýle zat "Gurhanda" bardyr" diýip kakam aýdardy. Men ony pylan sürede diýip biljek däl. Men arap diline oňat düşünemok. Şonuň üçinem Könegalanyň mollasy Mahmyt molladan soradym. Olam medresäni gutaran adam, uly ahunlaryň biri. Kakamyň aýdanyny olam tassyklady. Ol adamlar ýalan sözlemez ahyry — diýip, Aýatylla işan çyny bilen aýtdy.

— "Gurhanda" beýle zat ýokdur. Ol gös-göni talaňçylygyňam baryp ýatany, suýthorluk ahyry. Süýthorlugam, talaňçylygam yslam dini bilen bir ýere sygyşýan zat däldir. Beýle zatlar şerigatyň tersinedir. Şo zatlaryň ýazgarylýanlygy şerigatda bardyr — diýip, Haşym domulla çürt-kesik aýtdy.

— "Gurhanda" ýok bolsa, şerigatda ýok bolsa, şonuň ýoklugyny subut etmeli. Ýogsa olar Aman süregçini halys gabra iterjekler.

— Ýok zat subut edilmeýär. Bar zat subut edilýär. "Ynha bar" diýip görkezilýär.

— Şo zatlaryň şerigatyň kanunynda bar bolsa, hany görkezip subut ediň diýmäge sowatly arap diline düşünýän adam gerek.

— Eger siz aýtsaňyz, şol dawa edýänleriň biri şony maňa ynansa, men ony çözmäge elimden gelen kömegimi ederin.

— Meniň-ä aýtdygym, Aman süregçiniň hem saňa ynandygy. Şonuň ugruna özüň çyk-da, özüň kömek et — diýip, Ahal aýtdy.

— Ýöne ynandygy diýeniň bilen bolmaz. Ony Aman süregçi pesinden üç adamynyň şaýatlyk etmeginde aýtmalydyr. Ýogsa beýleki tarapyň maňa ynam etmezligi ahmaldyr.

Haşym domullanyň talap etmegi boýunça Aman süregçi şaýat bolaýjak adamlaryň ýanynda şu dawany alyp barmagy Haşym domulla ynanýandygyny, şolaryň çykaran kararyna özüniň boýun boljakdygyny aýtdy. Şondan soň Haşym domulla öz ýoldaşy Senjap domullany alyp, Aýatylla işanyň öýüne ugrady.

Aýatylla işana aýat-okatmak üçin ony nahara çagyrypdyrlar. Ol gelen çakylykçy bilen ugrajak bolup durka, Haşym domulla bilen Senjap gapydan salam berip girdiler. Aýatylla işan eline alan hasasyny ýerinde goýdy-da, töre geçip oturdy.

— Aman süregçiniň Şally baýlar bilen dawasy ýüze çykypdyr — diýip, Haşym domulla hatymlara, ahun-mollalara mahsus bolan salam-helikden soň aýtdy. — Şol dawanyň özüne düşýän tarapyny tutmagy Aman süregçi şaýatlaryň barlygynda Allanyň duran sadyk guluna tabşyrandyr.

— Eger şaýatlar ony tassyklaýan bolsalar, biziň oňa garşylygymyz bolup bilmez. Ýöne şu mahal bizi aýat okamaga çagyrdylar. Eger siziň tagsyryňyz yjaza berse, biz bendäniň şol ýumşuny bitirmekçi — diýip, Aýatylla işan aýtdy. Ol Haşym

domulla-da, Senjap domulla-da uly hormat goýýardy. Olaryň sowadyny özüniňkiden ýokary görýärdi. Haşymyň sowady Aýatylla işanyňkydanam, Mahmyt işanyňkydanam ýokarydy. Ol diňe yslam dinine degişli kitaplary däl-de ondan başga zatlaram okan adamdy. Ol Birunynyň, Ibn Sinanyň ylmy kitaplaryny, reýazyýýat, felikaýat, mantyk ylymlaryna degişli gündogaryň meşhur uly alymlarynyň ençeme eserlerini okan adamdy. Ol kitaplaryň köpüsi medresäniň programmasyndan daşgary okalan zatlardy. Aýatylla işanyň bolsa beýle ylymlardanam, kitaplardanam habary ýokdy.

Iki söwdagär kazynyň öňünde ýüzbe-ýüz bolmaly bolanynda Şally baýyň deregine Garamergen geldi.

— Ýüzleşmäge toklyny eli bilen beren adam gelmelidir — diýip, Haşym domulla Garamergeniň badyny aljak boldy.

— Beýle bolsa, toklyny alan adamyňam özi gelmelidir — diýip, Garamergen nadaralyk etdi.

— Ol dogrudyr. Ýöne maňa şu dawany alyp barmaklyk şaýatlaryň barlygynda ynanyldy.

— Kakam maňa-da ynandy. Ine, meniň şaýatlarym — diýip, Garamergen gapdalynda duran adamlaryň birki sanysyny görkezdi.

— Eger şaýadyňyz bolsa, biziň gürrüňimiz bolup bilmez. Onda kazy şaýatlardan sorag etsin-de işine başlabersin.

Kazy öz işine başlandan bir ýagdaý ýüze çykdy. Kazy çynyny aýtjakdyklary hakynda şaýatlara “Gurhandan” ant içirdi-de:

— Şally baý dawanyň bir tarapyny alyp barmagy Garamergene sizeň şaýatlyk etmegiňizde tabşyrdymy? — diýdi.

— Ýok, biziň ýanymyzda beýle zady tabşyrmady. “Biz “Gurhandan” ant içdik. Biz ondan daş düşüp biljek däl — diýip, olar aýtdylar. Kazy Garamergeni goýberip, Şally baýyň özüni çagyrmagy buýurdy.

Şally baý Aman süregçä bir tokly karz berendigini, şonuň urkaçydygyny, ondan bäri bäş ýyl geçendigini, indem şerigatyň kanuny boýunça hasaplaşmakçy bolýandygyny aýtdy. Haşym domulla:

— Şerigat boýunça hasaplaşjak bolsaňyzam bir tokludan artyk talap etmek süýthorlukdyr. Süýthorluk şerigatyň kanunyna sygýan zat däldir, baý aga. Şerigatdan daş düşmäň — diýdi.

Baý näme diýjegini bilmän, Aýatylla işana seretdi.

— Siziň şu aýdýan zatlaryňyz “Gurhanda” barmydyr? — diýip, Aýatylla işan Haşymdan sorady.

— Bular “Gurhanda” däl “Hadysda” bardyr. Şerigat iki sany kitaba daýanýar. Biri “Gurhan”, beýlekisi “Hadys”. “Gurhan” bu dünýäde özüňi alyp barmagyň kanunydyr. “Hadys” Muhammet pygamberiň ömür beýanydyr. “Gurhanda” ýok zatlary “Hadys” dolduryandyr. Kazylar şol kitaplaryň ikisinem gollamalydyrlar — diýip, Haşym domulla aýtdy.

Aýatylla işan dawany özüniň açyp-çözüp bilmejekdigini aňdy. Dawagärler bilen Mahmyt işanyň ýanyna Könegala obasyna gitmegi makul bildi. Mahmyt işany olardan öňürti Atanur gördi.

— Siz tagsyrlaryň garşysyna gelýän adam gaty okumyş diýýärler. Şondan pese düşmejek bolaweriň — diýip, ol öz obasynyň işanyna

tabşyrdy. Mahmyt işan Aýatylla işana ozalky aýdan sözüni tassyklamalydy. Bu ýagdaý Mahmyt işanyň salyny gowşatdy. Ol Haşymyň medresäniň ahunlaryndan pes däldigi hakynda, gaty sowatlydygy hakynda eşidipdi. Ol il arasynda arap diline düşünýän hökmünde ýaýrasa-da arap dilini bilişi ýabygorlydy. Ol “Gurhany” suw ýaly okaýardy. Ýöne arap diline düşünmänsoň, sürelerde näme aýdylýandygyny aňşyrmaýardy. Bu meselede Haşym bilen dikleşmegiň özüne ýeňil düşmejekdigini bilýärdi.

— Tagsyr, Aman süregçi bilen Şally baýyň dawasy çözülende nädürslük gidipdir. “Gurhandan”, Hudaýdan daş düşülipdir.

— Beýle däl bolaýmasyn — diýip Mahmyt işan asudalyk bilen aýtdy.

— Beýle zadyň, şerigat bilen bir ýere sygyşmaýan zadyň “Gurhanda” barlygyna biziň şübhämiz bar.

— Mundan ozalam şol kanun ýöräp gelipdir. “Gurhanda” ýok bolsa ýöremezdi. “Gurhana” müňkür bolmak günädir.

— Biz “Gurhana” müňkür bolýan däldiris. Şol zadyň “Gurhanda” barlygyna müňkürdiris. “Gurhanda” ýok zady bar diýmek bolsa külli günädir. Şerigatyň adyndan çykarylan adalatsyz höküm üçin ahyretde ýalkamazlar. Onuň jaýy jähennemdir. Biziň şübhämizi ýazmak üçin “Gurhanyň” haýsy süresinde şeýle zadyň bardygyny aýdaýsaňyz, biz Allanyň sadyk gullary razy bolardyk.

Mahmyt işan oýa batdy. Beýlesine öwrüldi-de, sandygyň üstünde owadan mata dolangy “Gurhana” elini uzatdy. Şol ümsümligi bilen onuň gatyny agdaryşdyrdy.

— Mundan ozal dawa çözenler “Gurhanyň” elli üçünji süresini açardylar. Şol süräniň adyna “Äl-nijüme” diýilýär — diýip, ol ýuwaş ses bilen, öz aýdýan zadyna ynamy ýok äheňde aýtdy.

— Hawa, elli üçünji süre “Äl-nijümedir”. Bu “Ýyldyz” diýmekdir. Ýöne onda algy-bergi diýilýän zada degişli hiç zat ýokdur. Häzir siz “Gurhandan” şol süräni açyň. Senjap domulla ony ýatdan okar. Oka, domulla — diýip, Haşym Senjaba ümledi.

Atanur öz mollasyndan nägile bolup, ondan göwni geçse-de, Garamergen hyrçyny dişläp sögünse-de, Şally baý içini tutup dymsa-da, Aýatylla işan öňki hökümini ýatyrmaly boldy. Aman süregçi Şally baýa bir tokly bergili boldy. Bu habar süregçiniň öýüne toý habary ýaly bolup ýetdi. Olaryň dünýäsi giňäp gitdi.

Ýaradan Allanyň adalatsyzlyga ýol bermejegine Aman süregçiniň ejesi tüýs ýürekden ynandy.

— Haşym domullanyň obamyza gelmegem Ýaradanyň emridir. Adalatsyzlygyň boljagyny bilip, Ýaradan ony biziň obamyza getirendir — diýip, garry ene goňşularynyň arasynda gürrüň edýärdi.

Bu waka Garamergene Ahaly öňküden-de beter ýigrendirse, Aman süregçiniň maşgalasyna ony has beýgeldip görkezdi.

## AHALYŇ SOŇKY SÖZLERI

— Habarlaş! — diýip, gapyda keserilen iki atlynyň biri öýe tarap gygyrdy. Beýleden ýetip gelen Ilaman:

— Habaryňyzy aýdyberiň — diýip, atlylaryň alkymynda häzir boldy. Birdenem ol atlynyň ýüzüne çiňerilip:

— Bo-how, Çaşgyn kaka, salawmaleýkim! Hoş geldiňiz! Düşüberiň — diýip, bedewiň jylawyna ýapyşdy.

— Ilaman batyr, bu asyl senmidiň? — diýip, Çaşgyn serdar atdan agdy. — Gurgunmyň? Hemme çaga-çugalaram gurgunmydyr? Ilgün aman-esenlikmi? Iner kakamam jany sag gezip ýörenmidir? Oba arasy asudalykmy, mal-garaň başy bitinmidir? — diýip, Çaşgyn serdar onuň üstüne soraglaryň uly toparyny ýagdyrdy.

— Şükür, şükür Hudaýa — diýip, Ilaman Çaşgynyň yzyny üzmän ýagdyran soraglarynyň toplumyna birsydyrgyn jogap gaýtardy.

— Bu näme, Ahalyň özi görnenok-la? Öýde ýokmudy?— diýip, atyň jylawyny Ilamana berip, üstündäki horjuny egnine atan Çaşgyn serdar öýe tarap ýöneldi.

— Ahalam bardyr. Biraz dümewläpmi-nämemi, bardyr. Baryberiň, öýdedir — diýip, Ilaman özüne tabşyrylan atlaryň ugruna çykdy. Salam berip, gapydan giren Çaşgyny törde tirsegini ýassyga berip ýatan Ahal kynlyk bilen gobsunyp garşylady. Bu geleniň Çaşgyndygyny görüp, ol ýerinden turjak bolup dyzady.

— Sen turjak bolma, ýatyber — diýip, daşyndakylaram, Çaşgyn serdaram oňa basalyk boldular. Ahal ýaraman ýatyrdy. Üç-dört gün bäri düşekdedi. Ol Durun etrapyna Ilaman bilen, obanyň başga birnäçe ýigitleri bilen toýa gidip geldi. Gelibem ýykyldy. Şol ýykylyşydy. Endamy käte-käte ot alyp ýanýardy. Tebipler ony oba arasynda häli-şindi duş gelip duran gyzdyrma keseli däl diýdiler.

Olar muny sowuklamanyň ugrudyr diýip hasap etdiler. Bu golaý-goltumdaky tebipleriň etmedik däri-dermanlary galmady. Şonda-da ol bäri bakyp gidiberenokdy.

Çaşgyn serdar muňa syrkaw soramaga gelmändi. Ahalyň syrkawlygyndan habaram ýokdy. Ol Salyryň gidenligini eşidip, bir habar tutaýyn hem Kesearkaçdaky dostunyň — Ahalyň halyny soraýyn diýip gaýdyberipdi. Çaşgyn serdar bu ýerde Şahrudyň uly pälwany Barat pälwanam gördi. Olam Salyryň äkidilendigini eşidip, Ahala öz gynanjyny bildirmäge gelipdi.

Barat pälwan Salyryň äkidilenligini şol bada eşidipdi. Dogrusy oňa-da, Huşnaf pälwana-da ýörite baryp eşitdiripdiler. Barat pälwanam, Huşnaf Koýam gyzgyny bilen ugruna çykypdylar. Salyryň Teraýy bazarynda görlendigini, şondanam, Isfihana alnyp gidilendigini, ol ýerdenem Hyrada gidýän bir kerwene satylandygyny Barat pälwan bilen Huşnaf Koý anyklapdy.

Kürtleriň şol meşhur pälwany Huşnaf Koý öz ogly Ysmaýyl bilen bir hepde mundan ozal şu öýden, Ahalyň ýanyndan gidipdi. Olar depesinden agyr bela inen Ahalyň halyny soramaga gelipdiler. Türkmenlerde “Dertlä “Halyň niçik?” diýmegem däri-dermana ýarpydyr” diýen söz bar. Gaýtmakçy bolanynda Huşnaf Koý:

— Men şu ýerden bardygym Hyrada atlanaryn. Ysmaýylam ýanym bilen alyp giderin. Melek Tawus bizden bolsa Haly begem taparyn, Salyram taparyn. Olar syçan däl ahyry, kürümiň bir burçunda bukulyp galar ýaly — diýip gürläpdi. Haly beg diýilýän adam Huşnaf Koýuň iň gowy görýän adamsy. Haly beg Süleýman

daglarynda bulary goldapdy, uly hossar çykan adamdy. Şonuň üçinem olar Haly begi ýer gazarlar welin taparlar. Hem-ä öz dostlaryna Taňry salamyny bererler, hemem Salyry gözlemäge kömek sorarlar. Ahalyň adyndan oňa salam aýdarlar. Salyry tapmaga Haly beg kömek ederem, taparam. Onuň oňarmajak zady bolmaz. Huşnaf Koý aýtmyşlaýyn, ol bir gurt ýaly adam.

Öňki gezek Garagumdan ýesir düşen ogluny alyp gaýdanynda, Huşnaf Koýy Mäteriň ýigitleri tutupdylar. Ýöne ol wagt Hally galtaman ol ýerde ýokdy. Ol öz ýigitleri bilen Nowruzaly hany kowalap gidipdi. Şonuň üçin Mäteriň ýigitleri nireden gelip, nirä barýandyklaryny soranlarynda, Haly begiň uzakdaky Sabzebaryň ýolunda bir çopanyň çaýyny içip oturanyndan habarlary ýokdy.

Ahalyň syrkawlygy Huşnaf Koýdan soň başlanypdy. Eden zady Goşatal obasynda bolan toýa gatnaşanynda üşäpdi. Ýeňil-ýelpaý geýnip gidipdi. Howa bolsa duýdansyz çigredi. Gylyksyz gyş güni diýilýäni. Onda-da, Iner golak aýtmyşlaýyn, ýylan ýylynyň gyşy. Ondan nämä garaşjak. Ahal özüniň ýagyrnysyndan, edil iki kebzesiniň arasyndan sowugyň geçýändigini duýupdy. Şol geçýän sowugyň ýönekeý sowuk däldigini, dümewledäýmeginiň gaty ahmaldygyny duýupdy. Ony ýüregi syzypdy. Ýöne toýy taşlap gaýtmaga ejap edipdi. Toý edýän Garahal gojanyň obasydy. Ol goja bolsa Kesearkajyň hormatlaýan adamydy.

Ahalyň syýyndan çekip, gaýtmakdan saklaýan ýene bir zat, şu toýda Dorbedewe baýrak berilmegidi. Özem baýragy ýaryşa goşman berdiler. At çapyşygy başlanan dessine jarçy orta çykyp:

— Haý, adamlar eşidiň how! Şu toýda Eýrany, Turany, Horasany, Horezmini baglan Dorbedewem bar haw! Goşatal obasyna hormat goýup, ol toýa gelipdir, haw! Şonuň üçin ilkinji baýrak Dorbedewe berilýär, haw! — diýip, uly sesi bilen gygyrdy. Ýaryşyň diwaly bolup, ozany galany kesgitläp oturan ýaşulularyň biri boýy gulaç ýarym düýp halyny Ilamanyň idekläp orta çykaran Dorbedewiniň üstüne atdy. Ilaman Dorbedewe atlandy-da, ony märekäniň öňünden daradyp geçdi.

Toýuň baýragyny alyp, hasyr-husur toýy taşlap gaýdyberseň, il-gün näme diýer? Bu ýagdaýy her kim bir zada ýorup, her kim bir hili gürrüň etmezmi? “Ahal-a ýöne baýragyny alyp gitmäge geläýipdir” diýjek adamlar tapylar. Gybatkeşlere gybat gerek. Gybat bolup dile düşeniňden on gezek dümewläniň ýeňil düşer. Şonuň üçin Ahal toýy taşlap gaýdyp biljek däldi. Üşese-de, sowuklasa-da başa gelenini görerin etdi. Şol sowuklamanyň ine netijesi. Dümew Ahaly şol gün düşege ýykdy. Onuň kellesi agyrdy, gyzgyny köpeldi.

Oba tebipleriniň oňa etmedik emi galmady. Olaryň biri ýygnap goýan meýdan otlaryndan gaýnadyp, oda azajyk zäk atyp içirse, ýene biri bölejik esgini düýrläp, ujuny köze degrip otlady. Şol ody Ahalyň çekgelerine degrip çitnedi.

— Ot orazdyr. Oduň öňünde durjak bela bolmaz. Hol pylanyň oglam şunuň ýaly ýatyrdy. Baryp çitnedim welin ýüzüniň ugruna turup gidiberdi. Hakyt, Halbike, maňa ýalan, saňa çyn — diýip, kempir tebip özüniň ýalňyşanynam duýman agzyny dolduryp gürläp otyr. Diýjek bolsaň iliň aýdyşy ýaly “Saňa ýalan, maňa çyn” diýmeli.

Tebip bolsa “Maňa ýalan, saňa çyn” diýip, ýylgyrman, zat etmän ýaňrap otyr.

— “Oduň öňünde bela durmaz” diýip, Lukman Hekimiň hut özi aýdanmyş. Ol adamlar aňyrsyna göz ýetirmän, hiç zat aýtmaýarlar. Olara tebiplik Alla tarapyndan berlipdir — diýip, tebip kempir düwme jyňňyrdaýan ýaly çalt-çalt gepledi.

Lukman Hekim “Oduň öňünde bela durmaz” diýip aýdypmy-aýtmanmy, oňa güwä geçip biljegem, aslynda Lukman Hekimiň kimdigini, nähili adamdygyny bularyň arasynda biljegem ýokdy. Ýöne tebipleriň hemmesem Lukman Hekimiň adyndan hereket edýärdi.

Tebipleriň ýene biri düýe ýüňünden işilen uşlyba ýedi düwün salyp, ony Ahalyň goşaryna daňdy.

— Şunuň günde bir düwnüni çözüp, ýene goşaryňa daňaýgyn. Bir hepdede düwnem gutarar, seniň gyzgynyňam aýrylar. Bu Weýis pygamberiň nazary siňen malyň ýüňüdir. Bu köp dertleri dep edendir — diýip, kempir jedirdäp gürledi. Ýöne welin Weýis babanyň nazary siňen malyň ýüňem Ahalyň derdini dep edip bilmedi. Onuň gyzgyny gün-günden köpelmese azalmady. Onda-da, üşedip gyzdyrýardy. Elini elleseňem, maňlaýyny elleseňem, edil ot ýalydy. Özem üşäp, dişleri şakyrdaşyp durdy. Atylan goşa ýorganyň aşagynda-da ýylynyp bilenokdy.

Onuň süňňi hemişe gyzdyryp duranokdy. Gyzgynlyk gün içinde bir gezek ýa iki gezek bolýardy. Gyzgyny ýok wagty kellesem agyryp duranokdy, birneme açylyp ýaýraýardy. Gyzgynyň goýberen

pursatlarynda Nursähediň dutarda tiňňirdedýän heňini, onuň pessaý aýdýan aýdymyny, Tarhanyň dilli tüýdükde çalýan käbir heňlerini diňläýmesi ýok däldi. Dutaryň, tüýdügiň şirin owazlary ony Ýylgynlynyň deňiz ýaly düzlügine, Garagumuň geriş-geriş depelerine, aňňatlaryna, gollaryna aýlaýardy.

Bu günem Nursähediň ýapbyllak aýdýan aýdymyny diňläp ýatyrdy.

— Iki sany atly geldi — diýip, oňa habar berdiler.

— Oglanlar, kimem bolsa geleni garşylaň. Atdan düşsünler — diýip, Ahal bir ýerden ylgap gelen adam ýaly sojap, sözleriň arasyny kesip aýtdy. Soňra gobsundy. Barat pälwan onuň üstüne abanyp, ony gymyldamakdan, tagaşyksyz hereket etmekden saklady. Üstündäki ýorgany düzedişdirdi.

— Gelenleri Ilaman garşylady. Arkaýyn ýatyber sen. Kän gymyldamak saňa bolanok — diýip, oturanlaryň biri aýtdy.

Şol mahal gapy açylyp, öýe egni horjunly Çaşgyn seýis girdi. Ol Ahalyň ýagdaýy ganymat bolansoň Durun etrapyna bir garyndaşyna gidipdi. Ol ýerde iki gün ýatyp şu gelşidi. Çaşgyn dostuny görüp, Ahal ýene turjak bolup dyzady. Gobsunanda onuň gaşlary içi towlaýan ýaly ynjyly çytyldy. Ýöne ony artykmaç hereket etmekden sakladylar. Çaşgyn seýis:

— Ýat, ýat. Sen gymyldama. Men özüm, özüm... — diýip, oňa basalyk bolup üstüne egildi. Ol Ahaly gujaklap salamlaşdy. Soňra beýleki oturanlaryň her haýsy bilen elleşip görüşdi. Barat pälwana çiňňerilip seretdi:

— Be, bu görýänim şol meşhur Barat pälwanmy? — diýip, geň galyjylyk bilen sesini süýndürip aýtdy.

— Eger sen şeýle pälwany tanaýan bolsaň, men şonuň edil özüdirin.

— Barat pälwan diýseň tanamajak barmy? Ony çagalardan sorasaňam tanar.

Çaşgyn seýsiň diýýäni dogrudy. Barat pälwanyň adyny eşitmedik bu jelegaýda uludan – kiçä ýekeje adamam ýokdy. Ýöne Barat pälwan Çaşgyny tananokdy. Ol Çaşgynyň adynam eşitmändi. Barat pälwan Çaşgyn atly meşhur bedewiň bardygynam bilenokdy. Onuň meşhur bedewlerden bilýäni, gulagynyň köp eşideni Rabat bilen Dorbedewdi. Çaşgyn näçe ýyndam bolsa-da, Rabat bilen Dorbedewiň ýanynda aýagy pesdi. Çaşgyn Dorbedew bilenem, Rabat bilenem köp atlaryň arasynda ula gidip, käte ikinji, köplenç üçünji bolup gelýärdi. Şol iki atyň ýok ýerinde Çaşgyn seýis atyny ula goýbermäge gaty bir höwes edip baranokdy. Ol ähli atlaryň ýyndamlygyny şol iki atyň aýagy bilen deňeýärdi.

Öz atynyň aýagynyň pesligini Çaşgyn seýis öz seýisçiliginden görenokdy. Ony Çaşgynyň tohumyndan görýärdi. Onuň bedewiniň zanny meşhur atlardan däldi. Dorbedewiň, Rabatyň aňyrdan gelýän zandy meşhur atlar. “Rabatyň zandy Rüstemiň Rahşyndanmyş. Oňa Rabat diýip at dakylmasam şonuň üçinmiş” diýen söze Çaşgyn seýis çaga ýaly ynanýardy.

Ahalyň şu üç bedew hakynda öz pikiri bardy. Onuň halypasy meşhur seýis, ady alyslara ýaýran Hojaly aga:

— Atyň aňyrdan gelýän zandam gerekdir. Ýöne atyň ýyndamlygy esasan seýse baglydyr — diýip, Ahalyň gulagyna edil gurşun guýan ýaly guýupdy.

— Hemme zat atyň tohumyna bagly bolýan bolsa, onda ullakan seýisçiligem bolmazdy — diýip, şol meşhur seýis aýdypdy. Dorbedew bilen Küýküniň zandy bir. Bir baýtaldan, bir atdan bolan taýlar. Ýaryşa girenlerinde aýaklary ýer bilen gök ýaly. Küýki diňe zandy bilen meşhurdy, Dorbedew aýagy bilen. Küýkinem meşhur eden Dorbedewiň aýagydy. Elbetde, Dorbedew bilen Küýkiniň aňyrsyny yzarlasaň, olaryň taryhynda, ata-babalarynda ýyndam bedewler kän bolupdyr. Ýöne Dorbedewiň derejesine ýeten bolmandyr. Garamergen ýaly käbirleri Ahalyň mertebesiniň belentligini Dorbedewden görýär. Iner golak aýtmyşlaýyn at ýigidi bezäp biler. Ýöne ýigidi ýigit edýän at däldir-de, aty at edýän ýigitdir. Şol zatlary kellesinde aýlap, göz öňüne getirip ýatan Ahal:

— Atdaşyňam getirdiňmi? — diýip, Çaşgyn seýisden sorady.

— Ganatyny goýup gelen guşy görüpmidiň? — diýip, Çaşgyn Ahala ýylgyryp seretdi.

— Getiren bolsaň gowy edipsiň. Basym ynha, şu goňşy obada toý bolýar. Toý edýän adam baý däl, uly baýraga garaşma. Ýöne şol toýda Çaşgynyň çapylmagy toý edýän üçinem, oba üçinem uly baýrak, uly abraý.

— Seni begendirjegimi bilsem, bedew-ä beýlede dursun, özümem orta çykyp ylgaryn — diýip, Çaşgyn seýis şadyýan degşip aýtdy.

Çaşgyn seýis “Özümem ylgardym” diýse diýibersin. Onuň şol toýda at goşmag-a beýlede dursun, asla özüniň şol toýa gatnaşybam bilmejekdiginden habary ýokdy. Şu öýde oturanlary, ýene-de gör kimleri şol toýdan binesip goýjak ajy hasratyň saman astyndan goýberilen suw ýaly bolup, ösgün gök otlaryň arasyndan suwlup gelýän ýylan ýaly bolup süýşüp gelýändigini Çaşgyn seýsem, bu oturanlaram, ýene-ýenelerem bilenokdy. Ony bilýän diňe iki sany adamdy.

Çaý içip, nahar iýlenden soňra, Çaşgyn serdar ýatyp, dynç almakçy boldy. Olar uzak ýoldan ýadap gelipdiler. Iýlen agyr nahar, içeriniň ýylysy, üstesine-de ýörelen ýoluň ýadawlygy olaryň süňňüni halys söküpdi, gözlerine uky gelip, süzülip başlady. Olar Ahalyň:

— Bu ýerde adamlar geler gider durarlar. Ýatasyňyz gelse öýe geçäýiň. Ol ýeri çoladyr. Öýde häzir ot ýakarlar — diýenine-de gulak asman:

— Bize iň gowusy şu ýer. Gözümiziň sähel awysyny alsak, azajyk ymyzgansak ýeterlik — diýip, şol oturan ýerlerinde gyşardylar. Olaryň öýe gitmän, şol ýerde gyşarmagyna sebäp bolan zat olaryň diňe soý-süňk ýadawlygam däldi. Barat pälwanyň Ilamany ýoldaş edinip, oba aýlanmakçy bolup ýerinden turmagy, beýleki adamlaryňam öýli-öýüne işli-işine dargamagy myhmanlaryň şu ýerde gyşarmagyna sebäp bolupdy. Olar Ahalyň töweregini halys boşadaýman, şu ýerde gyşaranlaryny kem görmediler. Giň içeri, ýyly jaý şeýle boşlaňka, öýde ýörite ot ýakdyryljak bolup oturmagyň,

çagalary artykmaç azara goýmagyň nämä geregi bar. Olar üstlerine öz donlaryny, çäkmenlerini çekip gyşardylar.

Ilaman jaýdan çykyp, täze gelen myhmanlaryň atlarynyň kellesine içi arpaly torbany geýdirdi. Olar öňüne atylan bededen naharyny oňly alyp bilmedik bolarly. Ilamanyň gözüne bakyp hokranyp durlar. Şu mallaryň arasynda iň duýgury, iň tangyry itler bilen bedew atlar bolýar. Ilki gelende bu atlaň öňüne bede oklan Ilamandy. Şonuň üçin ony tanap hokrandylar. Ýogsam olaň ýanyndan gelip-geçýän adam gyt däldi. Öýli-öýüne dagan adamlaryň hemmesi şu atlaryň ýanyndan geçip gidipdi. Olaryň hiç birine-de hokranmadylar. Barat pälwan ýaňy daş çykanynda, şu atlaryň duşundan geçipdi. Atlar hokranmag-a beýlede dursun, ony görmeýän ýaly bolup geçiripdiler. Ilamany gören destlerine derrew gulaklaryny keýerdip hokrandylar. Belki, olar ajam däldirler, Ilamany tanaýanlygy üçin şeýdendirler. Atşynaslar aýtmyşlaýyn, atlar diňe aç bolanlarynda däl, gelýän adama tanyşlyk berenlerinde-de gulaklaryny keýerdip hokranýarlar.

Ilaman olaryň owadan endamlaryny söýgi bilen sypalady. Howanyň çigrekligini görüp atlaryň keçelerini üstüne ýapdy. Soňra öz hereketlerine höwes bilen tomaşa edip duran Barat pälwana ata münmäge kömek etdi. Ol atlanansoň atyň jylawyny gysgajyk tutup, öz öýlerine, öz atynyň ýanyna barýança idip gitdi. Olar atlanyp, obanyň ortasyny kesip geçýän gumak köçäni syryp ilerligine ugradylar.

Olar ýöne gidip baranokdylar. Ilaman oba hakda Barat pälwana gürrüň berip barýardy.

— Ine şol Akjuma serwanlaň öýi. Şo taýdaky köneje tamda Aksoltan eje ýaşardy. Onuň ogluny kürt alamançylary äkitdiler. Aksoltan ejäniň özi Çyrçyklyda gyrkylykly söweşde wepat boldy — diýip, şol söweş hakynda eşiden zatlaryny, Aksoltanyň, Halymanyň, Sadabyň gaýduwsyzlygy, şol söweşde gahrymanlarça söweşip wepat boluşlary hakynda gürrüň berdi. Şol wagt gara öýden çykan adam ýalt edip bulara seretdi.

— Ol kim? Ol, ol — diýip, Barat pälwan elini uzatman, ýöne kellesini çala silkip, üm bilen görkezdi.

— Hä, olmy? Ol şo Çyrçyklyda söweşip ölen gelinleriň biriniň gaýyn atasy. Oňa Şally baý diýýärler. Bu howly şolaryňky. Gelniň adamsyna Garamergen diýýärler. Dünýäde bir binamys adam. Ataly-ogluň, aslynda şol maşgalany durşuna satyp, bir şo gelne iýdiräýmeli — diýip, Ilaman ýüreginden syzdyryp gürrüň berdi.

— Men şol adamyny Maşatda Ahmedaly söwdagäriň öýünde görüpdim.

— Gören bolmagyň ahmaldyr. Ahmedaly söwdagäriň ýegre dosty diýýärler muňa. Aý, onsoňam näme, bu adamlaryň geçiniň öň aýagy ýaly ýetmeýän ýeri barmy, sokulmaýan deşigi barmy?

Olar obanyň ileri başyna çykyp, Ýalaňaç baýra tarap sürüp gitdiler.

Häliden bäri gar awusy gelýän howa birneme gowşaşdy. Ýüzüňi-gözüňi ýalap barýan sowuk şemal ýatdy. Bu bolsa Barat pälwanyň gezelenje çykanynda eden arzuwyny çöp döwen ýaly, orta bilinden döwüp taşlady. Gar ýagyp durka atyň üstünde, meýdanda bolmak

Barat pälwanyň iň söýýän zadydy. Ilaman bilen gezelenje çykanda-da gar ýagar umydy bilen çykypdy. Ýöne onuň şol umydy, bäsdeşine seredýän pälwan ýaly, gaşyny çytyp seredýän asman duýmady. Howa ony şol arzuwyna ýetirmedi. Iki-ýeke gar tozgasy kebelekläp gaçdy-da, şonuň bilen bes etdi. Yzy bolmady.

— Gar ýagarmyka diýdik weli, olam-a bolmady. Büýä ýöne gorkuzdy-gorkuzdy-da soňuny pys-pusa beräýdi — diýip, pälwan uly ahmyr edýän ýaly, garyň ýagmanyna gynanjyny gizlemän aýtdy. Ilaman asmana seretdi. Bulut ýagarly däldi. Asman öňküsinden ýagtylypdy. Hol ýokarda bulutlar deryanyň aýlanyp akýan suwy ýaly hereket edip, bölünmek bilendi. Ilaman pälwanyň ýüzüne bakyp ýylgyrdy.

— Gorkuzsa gorkuzar, ýöne gar aňsat ýagaýmaz. Bu ýyl garyň ýagaýjak ýyly däl.

— Ol näme üçin ýagaýmaz? — diýip, Barat pälwan ullakan bir açyşy biljek bolýan ýaly janygyp sorady.

— Sebäbi ýylymyz ýylan — diýip, Ilaman kakasynyň, ýaşulularyň bir gezek däl, telim gezek gaýtalap gulagyna guýan sözlerini pälwana aýdyp berdi. — Gar, ýagyş topraga gerek. Ýylan ýyly bolsa zandy ýaman ýyl. Gerek wagty aňsat ýagmaz. Gerek däl wagtam, Tarhan aýtmyşlaýyn, ýöne depäňden çüwdürer durar. Görersiň ynha, bu ýylam gyş şunuň ýaly maýyl bolup geçer.

Beýleki halklarda bolşy ýaly, türkmenleriňem her ýyl hakynda, her pasyl hakynda ynanýan yrymlary bar. Gyşyňam nähili geljekdigini şol yrymyň üsti bilen çaklaýarlar. Bu ýyl gök otlary,

baglaryň ýapraklaryny sowuk gaty giç urdy. Hazandagda, akrapda-da oňly sowuk bolmady. Sowuk "gök otlary hazanda urmasam akrapda uraryn. Akrapda urmasam, ahyretde-de urmaryn" diýipdir. Üstesine-de bu ýyl güýz aýlary edil öten ýylky ýaly gök gürledi. Adamlaryň arasynda güýz aýlary torgaýyň saýranynam, baýguşuň gygyranynam eşidenler bar.

— Ine, şu zatlaryň hemmesi gyşyň gulun taşlandygynyň, gyşyň oňly gyş bolmajakdygynyň alamatlary — diýip, Ilaman köp eşiden, gulagynyň ganan zatlaryny ýene gürrüň berdi.

Olar meýdanda ep-esli aýlandylar. Köp zat hakynda gürrüň etdiler. Barat pälwan Ilamanyň alçaklygyny, şadyýanlygyny halady. Öz içinden: "Bular ýaly ýigide kyn günüňde-de bil baglasa bolar. Beýle adamlar içi güjükli gürrüňlerden daşda bolýarlar. Içinde kine, kitüw saklamaýarlar. Olaryň ýüregindäki dilinde bolýar. Iň oňat tarapam olaryň adama ynamy uly. Ýalan sözlemäni özlerem başaranoklar, özgelerem ýalan sözlär öýdenoklar" diýip, Ilaman hakynda oýlandy.

Barat pälwan bilen Ilaman Ýalaňaç baýryň üsti bilen aýlanyp, obanyň gündogarsyndan gelip girýän ýol bilen ýene Ýandakly obasyna girdiler. Olaryň atlary öz maýdalyna ýuwaşja ýöräp gelýärdi. Olar obanyň çetinden giren batlaryna duşlaryndan eşigi oda atsaňam tütemejek bir adam gaty ýöräp geçip gitdi. Onuň yzyndan sereden Ilamanam Barat pälwanam ony tanady. Ol il arasynda Çakan derwüş diýilýän adamdy. Oňa adamlar gara derwüşem, çypar derwüşem diýýärdiler. Ol çakan adamdy. Bir gözi şar gara, beýlekisi

sarymtyl mawy reňkdedi. Beýle adamlara türkmenler çakan diýýärler. Oňa Çakan derwüş adynyň galmagy şonuň üçindi. Ýüzüniň çyparlygy üçin Çypar derwüşem diýýärler. Mydama şylha-şylha gara eşik geýip ýörenligi üçin Gara derwüşem diýýärler.

— Maňa ejirli biçäräniň eden ýamanlygy ýok. Tanaýan adamymam däl. Ýöne muny görenimde jynym atlanyberýär — diýip, Çakan derwüşiň yzyndan seredip duran Ilaman aýtdy.

— Bu adam seniň aýdyşyň ýaly ile ýamanlyksyz, ejirli biçäre-de däldir. Ol Ryzaguly hanyň jansyzy, Hasan piriň elinden çykan adamdyr.

Hasan pir Ryzaguly hanyň içalylary, jansyzlary taýýarlaýan uly emeldary. Oňa pir lakamy okumyş, ahun bolanlygy üçin dakylýan lakam däl-de, garrylygy üçin dakylan lakam. “Pir” diýen söz pars dilinde garry diýmekdir. Türkmenleriň Garahal goja diýşi ýaly parslaram oňa Hasan pir diýýärler. Ine, şol Çakan derwüş jansyzlary taýýarlaýan Hasan piriň elinden çykan adamdyr.

— Aý, keşdim alanok diýip aýtdym-la — diýip, Ilaman dişini gyjyrdadyp gürledi. — Ol bu ýerde näme işläp ýörkä?

— Olaryň ýok ýeri barmy? Gyraklanan it ýaly gören ýerde sümsünip ýörler.

Ilaman bilen Barat pälwan Ahallaryň öýlerine golaý gelenlerinde olaryň gözüne üýtgeşik ýagdaý göründi. Oba adamlary Ahallaryň öýüniň töweregine ýygnanyp hümer bolup durlar. Bu ýagdaýa ikisem allaniçiksi bolup, depe saçlary üýşdi. Depesinden guýlan

sowuk suw olaň bütin göwresini sowadyp aşak gaýtdy. Atlaryny gatyrak sürüp, ýygnanan märekäniň ýanyna gelip soradylar.

— Bu üýşmeleň näme? Näme bolupdyr?

— Ahal özünden gidipdir — diýip, duran adamlaryň biri aýtdy.

— Ahala awy beripdirler — diýip, başga biri seslendi. Olar atdan agyp, öýe tarap okduryldylar. Gapyny bulardan öňürti açyp, daşaryk çykan Iner golak:

— Ilaman, gelen bolsaň, howwa, ýanyňa ýigitleri al-da, şu töwereklerde Çaşy derwüş bolmalydyr, ýere girenem bolsa tap. Syçanyň kürümine girenem bolsa, howwa, tap-da gazyp çykaram, şu gapyda-da gazyk et.

— Lepbeý, kaka! Tarhan, Nursähet atlandyk — diýip, ol beýle ýanynda duran ýigitlere elini bulady. Oglanlar duran-duran ýerinden öýlerine ylgadylar. Hasyr-husur ýaraglaryny dakynyp atlandylar.

— Men onuň nirä gidenini bilýän. Ýörüň — diýip, Ilaman Gyýra gamçy çaldy. Üç atly şakyrdaşyp, Ilaman dagynyň gelen ýoly bilen ýagdan gyl sogurlan ýaly bolup obadan çykdylar. Olar ýol bilen sürüp, gündogarlygyna ep-esli gitdiler. Birden Tarhan gamçyly goluny gündogara uzadyp, gyra dyrmaşyp barýan garany görkezdi. Ol gara müňedekläp çala göze ilýärdi.

Atlaryň başyny özüne tarap öwrülendigini Çakan derwüş gören bolsa gerek. Onuň hereketi çaltlandy. Ol aýak aldygyna gaçyp ugrady. Birdenem özüni bir oýrak ýere atyp, ýüzün ýazylyp gitdi. Atlylar ony gözden ýitirdiler. Golaýa gelip, atyň başyny çekdiler.

— Onuň ýere girmäninem, göge uçmanynam bilýän, şu töwereklerdedir. Töwerege pugta serediň — diýip, Nursähet atyny o ýana bu ýana daratmaga başlady.

Ilaman bilen Barat pälwan şu ýerlere aýlanyp, gar hakynda, gyş hakynda gürrüň edýän wagtlary obanyň ol çetinden giren Çaşy derwüş, ýolunyň gysgasyny saýlap, Ahallara barypdy. Ol Ahalyň gyzdyryp, üşedip ýatan wagtyna gabat geldi. Onuň daşynda elewreşip ýören adamlara:

— Munuň keseli ýöne kesel däl. Hol ilerki harabaň duşundan geçeninde, muny jyn kakypdyr. Eger aklygyny ýetirseňiz men muňa bir derman berip biljek. Mende pygamberiň demi düşen derman bar — diýip, goltugyndan bir gapjagazy çykardy. — Şundan ýarty çemçe içersiň emi-ýomy şo bolar.

— Sen ol dermanyňy, aklyk diýip durma-da sataý — diýip adamlaryň biri aýtdy.

— Munuň bahasy gymmatdyr. Men muny özüm on tümene aldym.

— Aý, aýby ýok. Sataý, howwa — diýip, Iner golak onuň eline on tümeni sanap berdi. Çaşy derwüş puluny alyp, ýitirim boldy. Beýle gymmat dermanyň gowulygyna hiç kim şübhelenmeýärdi. Ahalyň gyzgyny birneme azalyp ugransoň derman içirdiler. Ol bir çemçe dermany içibem özünden gitdi.

Syrkawyň özünden gitmeginden öňürti ah çekip, içini tutuşyndan, gaşyny eýmenç çytyşyndan Iner golak nämäniň-nämedigini aňdy. Ol:

— Awy, derman däl bü, awy — diýip eýmenç seslendi. — Gatyk getiriň, gatyk.

Bir çanak gatyk getirip, çaşyp ýatan Ahalyň agzyna çemçeläp guýdular. Şondan soň Ahal ögedi, gaýtardy. Onuň agzyndan guýlan gatyk akdy. Yzyna gaýdyp geleninde, ýap-ýaşyl reňki bardy. Oňa ýene gatyk içirdiler, ýene gaýtardy. Şol mahal içerik kürsäp giren Ilaman:

— Ol haramzadany getirdik — diýip, habar berdi. Iner golak gapa çykyp, eli daňylgy duran Çaşy derwüşe dikanlap seretdi.

— Bu bereniň näme, enesi ganjyk? — diýip azmly gürledi.

Enesi ganjykdan ses çykmady.

— Men bu beren dermanyň näme diýip soraýan, it ogly.

It ogly edil çüýlenen ýaly dymyp durdy. Iner golak:

— Ilaman, şu haramzadanyň gepleýänçä etini kütek pyçak bilen kesiň — diýip, berk aýtdy.

— Lepbeý, kaka, men muny geplederin. Hany ýör! — diýip, Ilaman onuň ýagyrnysyndan penjeledi. — Ýör men seniň etiň bilen obanyň aç itlerini naharlaýyn.

Ilamanyň gaharyny, gazabyny Çaşy derwüş ilki tutulaýanda-da görüpdi. Ýüzi-gözi diýmän, gamçy bilen çawlap, Ilaman ony mazaly özünden gideripdi. Indi ol beýle perman alansoň, nähili gazap ederkä?

Çaşy derwüş Ilamanyň elinden sypyp Iner golagyň aýagyna ýykyldy. Onuň ýüzüne boýurganyp seretdi.

— Bir çemçe ganymy geçiň. Men onuň awydygyny bilemok. Ony maňa Hyrady beg berdi. Meni bu ýerik iberenem, şol, şol — diýip, derwüş ejizledi.

— Kim ol Hyrady beg? Nirede?

— Hol ilerki köne harabada. Meniň bararyma garaşýar.

— Ýigitler!.. — diýip, Iner golak töweregindäkilere ýüzlendi.

— Lepbeý kaka! Ýigitler, meniň bilen gitjegiň atlanyň — diýip, Ilaman atyna tarap ylgady. Bu gezek onuň yzyna düşen on atly dagy bardy.

— Iner aga, seni Ahal çagyrýar — diýip, öýden çykanlaryň biri aýtdy.

Özüne gelen Ahal ysgynsyz elini Iner golaga uzatdy, elini onuň eliniň üstünde goýdy.

— Iner kaka, men giderin. Indi bu meni sypdyrmaz. Ynha Salyr geler. Ol hökman geler. Ol ýekedir. Oňa sizden başga hossar ýokdur. Siz ony kabul ediň, hossar çykyň. Meniň ony gaty göresim gelendigini oňa aýdyň. Ýöne ýeke galdym diýip, aglap-eňräp ýörmesin.

— Bu sözüň näme? Salyr geler, Salyry özüňem görersiň. Toýuny özüň bilen bile tutarys.

— Ýok, Iner kaka, men ony görüp bilmerin. Men öz başymdan inen belanyň nämedigini bilýän, Ýöne şol Çaşy derwüşi tutdularmy?

— Tutdular. Hyrady begiňem yzyndan gitdiler — diýip, Iner golak aýtdy.

— Tutdular?! Hyrady begi gaty göresim gelýär... — diýip, Ahal ýene içinden burulýan ýaly gaşlaryny ynjyly çytdy.

Onuň soňky sözleri şeýle bir ýuwaş, şeýle bir haýal aýdyldy. Iner golagam, onuň daşyndakylaram Ahalyň şol sözlerini zordan eşitdiler. Onuň bogazynda bir harryldy emele geldi. Az mahaldan soň şol harryldy kesildi. Halbike "Waý!!" diýip ýüzin ýykyldy. Kesearkajyň serkerdesi Ahal şeýdip aradan çykdy. Özem armanly gitdi. Ol soňky demini tabşyranda gözi açykdy. Iner golak onuň ýüzüni sypap, gözüni wagty bilen ýumduryp bilmedi. Ol Ahalyň aýdan zatlaryny gylyny gymyldatman, maşgalany goldap saklajakdygyna, Salyr gelse, ony öz ogly ýaly kabul edip, öýerip, şu öýde oturtjakdygyna ant içen ýaly edip, ýalbaryp, zordan onuň gözüni ýumdurdy.

Otuz üç ýyl mundan ozal azan sesi bilen dünýä inen Ahal, bu ýyl Aýatylla işanyň gölegçileriň öňünde durup aýdan azanyndan soň özüniň iň soňky ýoluna ugrady.

## HYRADY BEG

— Gelýärler, gelýärler — diýip, serçeler ýaly toplanan çagalar köçä tarap güsürdeşip eňdiler. Ondanam ilerligine tarap ylgadylar. Birdenem möjekden ürken süri ýaly güpürdeşip yza serpdiler. Ala wagyrdy bolup, ylgaşyp gelýän çagalaryň yzyndan gelýän atlylar Hyrady begiň deregine Garamergeni alyp gelýärdiler.

Hyrady begiň yzyndan giden atlylar haraba öwrülen köne galaň bir çetinden girenlerinde, otlap ýören eýerli aty gördüler. Atyň agzy

ota ýeter ýaly edilip, jylaw eýerden ildirilipdir. Islän wagtyň atyň eýerine böküp gidibermelidi. Ýigitleriň biri:

— Ýüwrük, ol Ýüwrük ýaly-la — diýip, seslendi.

— Edil özi, Ýüwrük — diýip beýlekiler aýtdylar.

Ýüwrük Garamergeniň Küýküden soňky atydy. Alamançylyga gatnaşyp, serbazlara ýesir düşeninde, Küýkini Ryzaguly hanyň atlylary oljalapdy. Şondan soňra ol täze aýagulag edinipdi. Onuň täze ulagy alaşa atdy. Ol münülip ýörülenem bolsa, entek ady ýokdy. Ýüwrük ady oňa Garamergeniň özi dakypdy. Tarhan bälçiklige salyp:

— Muňa ýüwrük diýýäň welin, ula gitse-hä diňe guýrugyndan ozup geläýse gerek — diýip, Garamergene degipdi.

— Muny seýisleseň öňüne at geçirmez. Dorbedewem tozana garar.

— Dorbedewi tozanyna garsa garar, ýöne Garrybaýyň gök bedewinden weli galar.

Garrybaýyň gök bedewi diýýäni, gök eşekdi. Garamergen oňa alarylyp seredip:

— Gümüňi tapsana, sümükli ýetim. Ýakaň gara gäzini oňaraňokda, ile at dakýaň — diýipdi.

Tarhan her näme diýse-de, Ýüwrük hiç bir alaşadan pes däldi. Üsti rahat, gitgir, uzakçyl ýorgady. Tarhanyň şu münüp ýören alaşasy ýaly alaşady. Onsoňam atyň ähli borjy ula gidip ýaryşmak ýa ozup gelmek däl. Ol hemme zatdan öňürti aýak ulagy. Hojaly seýsiň

aýdyşy ýaly, ýaryş diňe atlaryň ýaryşy däl-de, seýisleriň ussatlygynyň ýaryşydy.

Ýüwrügiň bu ýerde bolmagyna geň galyp, garap duran ýigitler bukdaklap, ata tarap ylgap barýan adamy gördüler. Olar duran-duran ýerlerinden Ýüwrüge tarap at goýdular. Onuň bilen bukdaklap gelýän adamynyň arasyna düşdüler. Bukdaklap gelýän adam oýtagrak ýere özüni oklap, guran selmeleriň, haşal otlaryň arasynda gizlendi. Çukuryň gyrasynda küşdüň maly ýaly abanan atlylaryň biri:

— Garamergen çyk! — diýip azmly gürledi.

— Bu asyl sizmidiňiz-aýt! — diýip, Garamergen elindäki ýalaňaç gylyjyna daýanyp, ýerinden galdy.

— Dagy kimdir öýtdüň? — diýip, Ilaman ol çukurdan çykansoň sorady. Gylyjyny gynyna salyp, üst-başyny kakyşdyryp, eşikleriniň bürmeklerini çöpläp duran Garamegen:

— Galtamanlar ýa kürt alamançylarymykaňyz öýtdüm — diýdi.

— Gylyjyňy taşla! — diýip, Nursähet oňa azmly buýruk berdi. — Tarhan, Garamergeniň gylyjyny al.

— Näme üçin gylyjymy alsyn? Näme, meni ogurlykda, galtamançylykda tutduňmy?

— Ony saňa baraňda aýdarlar. Häzir gylyjyňy sypyr diýdilermi, sypyr! — diýip, Ilaman atyny öňe omzadyp, onuň üstüne abandy. Garamergen köp itiň arasyna düşen ýat itiň guýrugyny ýamzyna gysyp, ýaltaklaýşy ýaly ýalt-ýult edip töweregine seretdi. Ol edil dalanýan itiň syrtarylyşy ýaly syrtaryldy. Obadaşlarynyň ýüzünde çigidiň gabygy ýaly rehimiň ýokdugyny olaryň gazaply gözlerinden

aňdy. Birdenem Nursähediň elindäki gamçy şarpyldap, onuň ýüzüni ot ýapyşan ýaly daglap goýberdi.

— Sypyr gylyjyňy, haramzada! Saňa näçe gezek aýtmaly — diýip, ol şo şarpyldynyň arasy bilen aýtdy.

— Gamçyňy hasaplap çalgyn, çöpdüýbünden emele gelen.

Nursähediň gamçysy ikinji gezek galanda, oglanlar ony sakladylar. Aman süregçi bilen bolan wakadan bäri Nursähediň jany ýanyp durdy. Gözünde oky bolsa Garamergeni bir günem gezdirjek däldi. Diňe Nursähet däl, ýigitleriň köpüsi şeýledi.

Ýap boýunyň derekleri ýaly direnip duran ýigitleriň gözünde özüne rehim edäýjek yş görmänsoň, sähel buýtar-suýtar etse-de gamçynyň şarpyldap depesinden injekdigini aňansoň Garamergen gylyjyny sypyryp, Tarhana oklap goýberdi. Ýüwrügiň jylawyny Garamergeniň elinden alyp, ýigitleriň biriniň atyna tirkediler. Olary öňden ýöretdiler. Beýlekiler olaryň yzyna düşdüler.

Bir wagt Hally galtamany şeýdip, oba alyp gelipdiler. Ol mahal Hally galtamanyň aty Garamergeniň atyna tirkelipdi. Ony Garamergen alyp gelýärdi. Häzir onuň özüni alyp barýarlar. Hally galtamandan onuň bir tapawudy bardy. Hally galtaman günäsiniň üstünde tutulypdy. Garamergeni tutan ýokdy. Şonuň üçin onuň elinem daňmadylar. Ol atyň üstünde eli boş, arkaýyn otyrdy. Ynha bararlar. Ol özüniň günäsizdigini aýdar. “Çakan derwüşe ynanmaň, ol öz janyny gutarmak üçin aýdýar” diýer. Adamlar haýsydyr bir melguna ynanmazlar, öz obasynyň adamyna ynanarlar.

Atlylar köçeden sowulyp, Iner golagyň gapysyna geldiler. Ýaşulular bilen gapyda duran Iner golak atdan böküp düşen Garamergene hyýrsyz gözlerini aýlady.

— Iner kaka salowmaleýkim — diýip, Garamergen ýaşy kiçilere mahsus bolan endik bilen oňa salam berdi-de:

— Men goşa çeşmä gidipdim. Şol ýerden gaýdyp gelýärdim. Daňdanky, ilki towuk gygyranyndaky çykyşym. "Atym garbak-gurbak etsin hem dynjyny alsyn" diýip, haraba gala sowulaýypdym. Meniň ol haramzada Çakan derwüş bilen hiç bir galtaşygym ýok — diýdi.

"Çakan derwüş bilen galtaşygyň bolmasa, onuň şu ýerdedigini, asla onuň tutulandygyny sen eýýäm nireden bilýäň?" diýip, hiç kim ondan soramady. Onuň bu goýberen säwligi, bu sypdyran ýalňyşy duýulman geçdi.

Iner golak bu mahal talanan Esen söwdagäriň zatlarynyň şol harabaçylykdan tapylandygyny pikir edip durşuna Garamergeniň ýalan sözleýändigini gözünden aňdy. Ol:

— Hany, Çakan derwüşi getiriň — diýip, gapdalyndakylara aýtdy. Gollary daňylgy derwüşiň zemzeniň hamyna meňzeýän ýüzi Garamergeni görenden hasam üýtgäp, hasam eýmenç sypata girdi.

— Şu adamyny tanaýaňmy? — diýip, ondan soradylar.

Onuň kepän dodaklary çala titredi. Geplejek bolanda dodaklary bir-birine ýelmeşip sesi çykmady. Dili bogazyna dykylan ýaly boldy. Agzyndan çykan ses däl-de birhili wassyldy, boş howa boldy. Soňra özüniň guran dili bilen dodaklarynyölläp:

— Hawa, ol Garamergen Hyrady beg diýilýän adam — diýdi.

— Eý, Taňrynyň ýigreneni, Çakan melgun, näme ýalan sözleýäň?! Men sen haramzadanyň dilini... — diýip, Garamergen onuň dilini kesip nirä sokjakdygyny anyklady. Soňra Iner golaga ýüzlendi.

— Iner kaka, siz oňa ynanmaň! Ol Hasan piriň jansyzy. Ol maňa ýamanlyk edip, töhmet atýar, günä ýükleýär.

— Senem edil meniň ýaly Hasan piriň jansyzy, şonuň taýýarlan içalysy. Ahaly ýok etmek, öldürmek üçin maňa awy berip iberenem sen. Salyry alyp gidenem sen, seniň ýaranlaryň. Esen söwdagäri pyçaklanam, Fahreddin mürze bilen Aly Aşrafyny gaçyranam, Ýolamanyň ölümine sebäp bolanam sen. Sen, Hyrady beg! — diýip, haltanyň ýyrtygyndan jagyrdap dökülen hoz ýaly çalt-çalt gepläp, Çakan derwüş köp zatlaryň bilinmän, syr bolup ýatan zatlaryň üstüni açdy. Bu zatlary eşidip duran Garamergen özüni derwüşiň üstüne zyňdy. Ýerli-ýerden ylgap, ony derwüşden aýyrdylar. Bu waka bary-ýogy göz açyp ýumasy salymda bolup geçdi. Şol pursadam Garamergene derwüşi öldürmäge ýeterlik bolan bolmaga çemeli. Gursagy pyçakly derwüş gygyrmaga-da ýetişmän öldi.

Gylyjy alnanda başga ýaragy bardyr öýdülmän, ýany barlanmadyk Garamergeniň goltugyndaky ak buýnuz saply pyçagy bilinmän galypdy. Ine, şol goýberilen ýalňyşlyk Çakan derwüşiň iň soňky demi bolupdy.

Ýigitler hasyr-husur Garamergeniň elini daňdylar. Ýöne giçdi. Onuň kimdigini aýdyp, günäsini subut edip biljek ýeke-täk şaýat gursagy pyçakly bir gapdala agyp ýykyldy.

— Günäň ýok bolsa, ony näme üçin öldürdiň? — diýip, Iner golak ýaşululara mahsus bolan agraslyk bilen sorady.

— Göreňzokmy, ol haramzadanyň maňa atyp duran agyr töhmedini.

— Ol näme üçin saňa töhmet atsyn?

— Öz janyny gutarmak üçin.

Derwüş öz janyny gutarmak üçin Garamergeniň adyny agzamandygynyň, onuň bilen öz janyny gutaryp bilmejekdigine derwüşiň gözüniň ýetýändigini Iner golak duýýardy. Ýöne seniň duýanyň bilen Garamergeniň günäsiniň subut edildigi däl. Günäsini subut etmänem Garamergene zat edip bilmersiň. Garamergenem bu ýüklenýän günälerden diş-dyrnak bolup goranar. Iň soňky sypaldan ýapyşyp galar.

“Ahalyň ganhory Hyrady begi tutup getiripdirler” diýen sözi eşidip, Barat pälwan bilen Çaşgyn serdaram aňyrdan geldi. Iner golak olara ýagdaýy düşündirdi.

— Görýäňizmi? Garamergen özüniň Hyrady begdigini boýun alanok. “Çakan derwüş maňa ýamanlyk edýär” diýýä.

— Ol nähili boýun alanok? — diýip, Barat pälwan seslendi. — Bu Hyrady beg diýilýäniň edil özi. Men ony Ryzaguly hanyň çadyrynyň töwereginde telim gezek görüpdim.

— Ýalan sözleýäň, kezzap kürt. Çakan derwüşiň ýarany sen. Öz döken pohuňyzy maňa süpürtjek bolýaňyzmy? Onyňyz bolmaz — diýip, Garamergen sesine bat berdi.

Garamergeniň Ahala awy berip, ony öldürmekde aýyplanýandygyny, şonuň üçin tutulyp getirilendigini eşidip, Iner golaklaryň öýüniň töweregine ýygnanan adam köpdi. Bu habar ýörite iberilen bolsa gerek, Könegala obasyndaky Atanuram, Nuradylam gelipdi. Garamergen köpçüligiň arasynda olary gördi. Ine, şolam oňa kiçijik umyt berdi. Garamergeniň birneme ýüregi suwlandy. Iş jygba-jyga geleninde olaryň goldajakdygyna, kömek etjekdigine, ony bu girdapdan alyp çykjakdygyna Garamergen ynanýardy. Şonuň üçinem ýüreginiň jümmüşinde dörän umyt uçguny köräp ugrady. Eger şu mahal kömek etmeseler, Garamergenem olaryň syryny açar. Towşanly oýda guýyny zäherlänem, Iner golagyň pyçagyny ogurlap berenem Atanurdy. Hyrada giden adamlaryň öňünden çykyp, öldürenleriň biri Nuradyldy. Atanuram, Nuradylam Garamergeniň Hyrady begdigini bilenokdylar. Bilmeselerem Garamergeniň Hyrady beg bolup eden ähli etmişlerine şärikdiler. Hemmesi bir kökene kökerilen adamlardy, hemmesi bir gaýygyň üstündäki ýolagçylardy.

— Muny şol köne tama salyp, agzyny pugta baglaň, howwa! Gapysynda ýigitler ikiden, üçden garawul dursunlar. Soň onsoň, howwa, Hally galtamanyňky ýaly bolaýmasyn — diýip, Iner golak ýigitlere buýruk berdi. Iner golagyň aýdyşy ýaly Garamergeni jaýa salyp, Çakan derwuşiň maslygynam ýanyna atdylar.

Ahaldan soň ýigitlere ýolbaşçylyk edip, “Eýdiň-beýdiň” diýip, olaryň öňüne düşýän Nursähetdi. Ahalyň ýakyn dosty Nursähet ýaşy boýunça ýigitleriň hemmesinden “amanmy” diýerlik uludy. Nursähediň buýrugy boýunça Tarhan bilen Selim gapynyň agzynda garawul galdy.

— Üç ýyldyz guşluga galanda sizi çalşyrarlar. Şoňa çenli ýatmajak boluň! Şu töwerekde onuň ýaranlaram ýok däldir. Ahmal bolaýmaň, mydama aýak üstünde boluň!

— Bu wagta bulut syryldy welin, howa ýene bulut geläýse üç ýyldyzam görünmez.

— Bulut gelse ilki towukda sizi çalşarlar. Üç ýyldyz guşluga galanda, ilki towuk gygyrýar. Bulut towuguň sesin-ä ýapyp bilmez. Onsoňam Ilaman häli-şindi aýlanyp durar. Ýadasaňyz şoňa aýdaýyň — diýip, Nursähet olara aýtmaly zatlaryny aýdyp, etmeli sargytlaryny edip gitdi.

Garamergen garaňky jaýda öýden getirilen içmege dolanyp gyşardy. Özüniň soňky ýyl ýarymyň içinde başyndan geçen zatlar, wakalar hakynda oýlandy. Ol özüni Hasan piriň içalylyga, jansyzlyga yrşyndan başlap, ähli etmişlerini göz öňüne getirdi. Hasan pir ony içalylyga yranynda, oňa dünýäniň eşretini wada beripdi. Eger Kesearkajy boýun egdirip bolsa, onuň hany Garamergen bolmalydy. Ine şol berlen wadalar, edilen ähtler Garamergeni içinde syçanlar hars urýan şu darajyk, garaňky jaýa getirdi.

Ol içmege dolanyp ýatyşyna uklajak bolup dyzady. Ýöne gözüni ýumdugy ýa Salyr ýa-da Esen söwdagär gözüniň öňüne gelýärdi. Bir mahal Esen söwdagäri talamaga synananda, söwdagär ony tanapdy. Ol şo mahal has agyr güne düşüpdi. Ony şo gezek halas eden Torbaly yzçydy. Ine, şonda Garamergeniň ýüreginde Esen söwdagäre kitüw galypdy. Esen söwdagär Çaşy derwüşe müňkürlik etse-de, Onuň Çyrçykla nä maksat bilen gelenini bilenokdy. Şonuň üçin Esen söwdagäri öldürmese-de boljakdy. Gara derwüş oňa:

— Şu soky ýaly haramzada meni yzarlaýar — diýip, pyşyrdap aýdanynda:

— Sen bilmedik bolup ilerki gola git. Men şol ýerde garaşaryn — diýip, Garamergen aýdypdy. Ol "Esen söwdagärden şol kitüwini çykarmagyň amatly pursady" diýip hasap edipdi. Şol golda Esen söwdagäriň gapdalyndan gür sazaklaryň aňyrsyndan çykyp, onuň ýagyrnysyndan pyçaklapdy, Esen söwdagär:

— Ahyry maksadyňa ýetdiň-ow, haramzada — diýipdi. Şolam Esen söwdagäriň bu dünýä inip aýdan iň soňky sözi bolupdy. Söwdagäriň içiňden geçip barýan gaharly gözleri henizem onuň gözüne seredip duran ýalydy.

Häli-şindi onuň göz öňüne gelip, ony aldym-berdimli ýagdaýa gitirýän, onuň ýüregini lerzana salýan beýleki bir surat Salyryň suratydy. Salyr Garamergeniň çeken plany boýunça ogurlanyp gidilipdi.

Salyr Gümmezgaýanyň Dagdanly böwür diýen ýerinde bäş adamyň arasynda eli-aýagy daňylgy ýatyrka, Garamergen

başlyklaýyn gözlege çykan ýigitler onuň golaýyndan geçip gidipdiler. Ýigitleriň biri:

— Muňa serediň! Ynha täzeje at tezegi — diýip gygyrdy. Atyň başyny şoňa öwrüp, ýigitler haýdaşyp baranynda Garamergen:

— Ol Ýüwrügiň tezegi. Bu ýerlerini men aýlanyp geçdim, ýaňy — diýip, ýigitleri aňryk alyp gidipdi. Bu waka iňrik garalyp ugranda bolupdy.

Alamançylar şol gijäniň özünde Salyry aňryk, Eýrana tarap äkitdiler. Salyr ýol boýy özüni alyp gaýdan adamlaryň kimdigini tanajak bolup jan etdi. Göräýmäge türkmen eşikli, türkmen adamdylar. Ýöne Salyr olaryň bir sözüne-de düşünenokdy. Olar ertesi ikindinler darajyk jülgede, bir gowakda düşlediler. Şol wagt Garamergen olaryň ýanyna barypdy. Salyr edil kakasyny gören ýaly bolup onuň boýnundan asylypdy.

— Gara kaka, sen meni bulardan halas et. Meni özüň bilen äkit. Menem, kakamam, seniň gadryňy bileris — diýip, Salyr aglap aýdypdy. Garamergen oňa:

— Çekil, itiň güjügi — diýip azgyrylypdy. Salyr hyrçyny dişläp ýumrugyny düwüpdi.

Garamergen Salyryň ýüzüniň erbet üýtgändigini görüpdi. Ol adamyň ýüzi, onda-da çaganyň ýüzi beýle üýtgär öýtmändi. Salyryň üýtgän ýüzüne, dişlenen hyrçyna seredip, onuň depe saçy üýşüp, endamynda garynjalar ýöräpdi. Kimdir biriniň “Hyrady beg” diýip, Garamergene ýüzlenendigini eşiden Salyr:

— Sen asyl bular bilen ekeniň-ow — diýipdi.

Salyryň çagalara mahsus bolmadyk hyrsyzlyk bilen özüne şol seredişi Garamergeniň gözüniň öňünden gidenokdy.

— Men oňa azgyrylmaly däldim. Höre-köşe edip aldamalydym — diýip, Garamergen içmege dolanyp ýatyşyna oýlandy.

Aýaz gündizkisinden berkese berkäpdi welin, gowşamandy. Şonuň üçin Tarhan bilen Selim köneje tamyň gapysynda ot ýakdylar. Töwerege aýlaň-çaýlaň edip, gelip çoýunýardylar.

Birdenem golaýda bir ýerde söm gara göründi. Oda çoýunyp oturan ýigitler syçrap turdular. Elleri gylyçlaryň buýnuz sapyny gysymlady.

— Men, bu gelýän men-le — diýip, aňyrdan gelip, oduň ýagtysyna düşen sem gara seslendi.

— Atanur aga, sizmidiňiz? — diýip, ýigitler arkaýynlaşdylar.

— Bu tamy açyp bolýarmy? Men Garamergen bilen gürleşmekçi.

— Hiç kimi ýanyna goýbermeli däl-ä diýildi. Ýöne siz diýseňiz goýberäýmeli bolar-da — diýip, Selim razy boldy. Tarhan sesini çykarmady.

Atanury Garamergeniň ýanyna goýberdiler. Atanur Garamergen bilen kän gürrüň etmedi. Garamergen özüniň halas edilmegini ýalbaryp haýyş etdi.

— Eger meni halas etmeseňiz, menem siziň syryňyzy açaryn. Guýa zäher döküşiňizi, Iner golagyň pyçagyny ogurlaýşyň hakda-da, suwa giden kerwen hakda-da, Ryzaguly hana habar ýetirişiň hakda-da aýdaryn.

— Ýeri gyzybermesene — diýip, Atanur gapa gözüni aýlady. — Ertir Ahaly jaýlaýarlar. Seni näme etseler birigün ederler. Eger şu gün agşam ýetişmesem, seni erte agşam halas ederis.

Atanur çykyp gitdi. Garamergenleriň öýlerinden iberilen bir döwüm çörek bilen bir tokga gowurdagy goýup gitdi.

Ertesi iýer-içer ýaly bir zat bermek üçim gapyny açanlarynda Garamergeniň düýrlenip, bir gysym bolup ýatanyny gördüler. Adamlar Garamergeniň ölümini Atanurdan gördüler. Iner golak Atanura öz müňkürligini aýdyp igense-de, Nursähet Selim bilen Tarhana ýumrugyny görkezip:

— Ikiňiziňem burnuňyzy döwmeli — diýip, gygyrsa-da “Elinden tutulmadyk ogry däl” diýen ýaly Atanur suwa girip, gury çykdy.

Ahaly şol günüň özünde Garaşir öwlüýäde jaýladylar. Şally baý Garamergenem şol ýerde jaýlajak boldy. Ýandakly obasy oňa garşy çykdy.

— Ol ganhor. Ganhor musulman öwlüýäsinde jaýlanmaly däldir. Ol şerigata sygmaýar — diýip, Aýatylla işan il-günüň tarapyny tutdy. Haşym domulla-da, Senjap domulla-da şony tassykladylar. Garamergen bilen Çakan derwüşi Garaşir öwlüýäden kyrk ädim uzaklykda jaýladylar.

Garamergeniň üçünem geçirmän, Şally baýlar öýüni çözdi. Olar Könegala obasyna, Atanuruň ýanyna göçüp gitdiler. Şeýdibem Ýandakly obasynda luw ýylynyň başynda başlan waka ýylan ýylynyň ahyrlarynda, ýylky ýylynyň başlanmagyna iki aý galanda tamamlandy.

## ÝENE-DE SARMAN ATA

Ine, Sarman atanyň Ahal hakynda beren gürrüňi şeýle pajygaly tamamlanýar. Bu ýerde beýan edilen wakalaryň käbirini Üzümgül ejeden eşiden bolsa, käbirini oňa Çowdur ussa aýdyp beripdir.

— Ýöne şu rowaýatyň iki hili tamamlanylyşy bar — diýip, Sarman ata aýtdy. Ikisiniňem esasy özeni meňzeş. Şol aýdylyşlaryň ikisinde-de bary-ýogy iki ýylyň içinde Ahalyňam, Garamergeniňem öýi boşap galýar. Ahalyň öýünde iki sany aýal gazarylyp galsa, Garamergeniň öýünde iki sany çaga, on ýaşyna-da ýetmedik oglan bilen onuň aşak ýanyndaky gyz ýetim galýarlar.

Şu romanyň ahyrynda beýan edilen wakalar Çowdur ussanyň aýdanlary. Üzümgül ejäniň aýtmagyna görä Ahala awy berip öldürmändirler. Ol pyçak bilen öldürilipdir. Onuň aýdyşyna görä Ahalyň ölümine Çaşy derwüş gatnaşanok. Ahal kesele-de uçranok. Garamergen Ahalyň daş çykaryna garaşyp iki gije dagy öýüniň töweregini garawullaýar. Daňdana çenli bukulyp garawullaýar-da, daň atansoň turup gaýdýar. Bir gezek Ahal köne donuny ýasgynjak atyp, ümüş-tamyşda daşaryk çykýar. Garamergeniň garaşýanam şol. Ol pursady elden bermän, bukulyp ýatan ýerinden çykyp, Ahalyň alkymynda peýda bolýar. Ahal nämäniň-nämedigini saýgarmanka, ony pyçaklaýar. Ahal ýykylýar. Garamergen ökjäni göterýär. Şol mahal gapa çykan adamlar Ahalyň ýykylanyny, bir adamynyň bukdaklap gaçyp gidenini görüpdirler. Adamlar ýerli-ýerden ylgaşyp

gelýärler. Obanyň ýigitleri derrew atlanyp gaçyp giden ganhorlaryň gözlegine çykýarlar. Garamergene gizlenip gaçmak, jezadan sypmak başardanok. Ýigitler ony tutup, iki elini tanapyň bir ujy bilen daňyp, beýleki ujuny ata tirkäp, ony gamçylap alyp gelýärler. Ine, şol adamynyň Hyrady begdigini Barat pälwan tassyklaýar. Garamergeni Ahalyň ýanyna getirenlerinde Ahal oňa:

— Mydama meniň kastymda gezdiň. Aýt, men näme ýamanlyk etdim? Sen zyndana düşeniňde Dorbedewi berip, zyndandan boşatdym. Sen bolsa meniň oglumy kürt alamançylaryna berip goýberdiň — diýdi. Özem sözüniň arasyny bölüp-bölüp, sojap diýen ýaly zordan aýtdy. Garamergen hiç zat diýmedi. Ol diňe ýüzüni aşak saldy. Ahal ondan Salyry nirä ýok edenligi ýalbaryp diýen ýaly sorady. Garamergenden ses çykmady.

Ahal şol ýaradan ölýär. Ertesi ony jaýlaýarlar. Soň Garamergeniň daşyna geçýärler. Iner golak ondan Salyr hakda ürç edip soraýar. Garamergen hiç zat aýdanok. Edil agzy mumlanan ýaly dymýar. Şol mahal kimdir biri:

— Saňsara bir daş — diýip gygyrýar. Gaharyndan ýaňa içini hümledip, dyňzap duran ilat gaçysy ýykylan ýaly güwläp eňýär. Her kim eline ilen zady zyňýar. Garamergen ilki ýüzüni sapajak-supajak edip goranjak bolýar. Ol oňa başartmaýar. Daşdyr-kesek onuň üstüne edil doly ýaly ýagýar. Sähel wagtyň içinde Garamergeniň duran ýerinde üýşmek daş-kesek emele gelýär. Şeýdip dönük öz ömrüni gutarýar.

“Saňsara bir daş” diýip, ilki gygyran, ilki daş zyňyp başlan Atanur bilen Nuradylmyşyn diýýärler. Olar Garamergeni halas etjek bolupdylar. Olaryň bu niýeti başa barmandyr. Garamergen:

— Eger meni halas etmeseňiz, iň soňky pursatda üstüňizi açaryn — diýip, olara howp salypdyr, olary gorkuzypdyr. Halas etmek başartmansoň, halkyň dyňzap duran gaharyndan peýdalanyp, “Saňsara bir daş” diýip yglan edipdirler. Ilki bolup Garamergene daş zyňypdyrlar. Halk diýeniň bir suwa eňen süri ýaly zat. Bir güwläp gaýdanyndan soň öňüni aljak gümanyň ýok. Garamergeniň “Duruň aýtjak zadym” diýip gygyrany hiç kimiň gulagyna-da ilenok. Ony daşlap derrew özünden giderýärler. Ýykylan Garamergeniň duran ýerinde daşdan-kesekden depe döreýär.

Sarman ata rowaýatyň jemleýji bölegininiň iki wariantynam telim gezek aýdyp berdi. Şolaryň haýsynyň dogrudygyny özem bilenok. Ol wagtynda ony Çowdur ussa bilen Üzümgül ejedenem sorapdyr. Olaryň hersi özüniňkini tassyklapdyr. Başgasyny eşitmändirler. Şonuň üçinem men romanda Çowdur ussanyň wariantyny alsam-da Üzümgül ejäniňem wariantynyň bardygyny ýatlamaly boldum.

Ahal ölenden soň Ýandakly obasyna Ahalyň ady galanmyş. Ilki-ilkiler Ahalyň obasy diýip tutupdyrlar. Soňra ýene Ahal diýip aýdypdylar. Ozal “Ahalyň obasyna gitjekmi?”, “Ahal obasyndan geldim” diýen bolsalar, soň “Ahala gitjekmi?”, “Ahaldan geldim” diýip ugrapdyrlar.

— Sarman ata, siz bir oba Ahal diýerler ekeni diýdiňiz welin, Ahal diýip bütin Kesearkaja diýilýär ahyry — diýip men oňa aýtdym.

— Ol diýýäniň dogry — diýip, Sarman ata howlukman gürledi. — Ýöne Ahal uruş wagtynda bütin Kesearkaja serkerde bolup, Kesearkajy goransoň, onuň adyna Ahal diýip at beripdirler.

Sarman atanyň aýdyşyna görä, Kesearkaja Ahal diýen ady goýan şu ýeriniň öz halky däl-de, gelip-geçip duran uly kerwenleriň eýeleri goýupdyrlar. Kesearkaja aýak basan söwdagärler:

— Ahalyň çetinden girdik — diýer ekenler.

Bir gezekki duşuşykda Sarman atadan:

— Salyryň soňky ykbaly nähili bolupdyr? Ol öz iline gaýdyp gelipmi? — diýip soradym. Ol:

— Salyr gaýdyp gelipdir, uzak ýyllardan soň gaýdyp gelipdir. Ýöne ol bu rowaýata girenok. Kesearkaja Ahalyň adynyň galyşy şu waka bilen gutarýar — diýdi.

— Rowaýata girmese-de aýdyp berseňizläň. Gaty bilesim gelýär — diýip, men ondan özelenip diýen ýaly haýyş etdim. Sarman ata bir salym böwrüne diň salyp oturansoň, maňa paýhasly gözlerini aýlap:

— Olam öz başyna uly waka. Ony soň bir ýeri gelende aýdyp beräýerin — diýip, bu günlükçe özüniň ýadanlygyny bahana etdi.

Men şähere gaýtdym. Şondan soň Sarman atanam göremok. Salyryň gaýdyp gelişini näler diňläsim gelýär. Saçlaryny ýaýyp iki dyzlaryna urup, bozlap galan iki zenanyň, Halbike bilen Aksonanyň

bir ýylgyranlaryny göresim gelýär. Bu keç ykbal diýilýän zat olary nä günlere saldy?